Serdar Ataýew

# Şazadanyň şikäri

## I

…Gaplaň öň aýaklaryny ýere diräp gernende onuň alabeder, galyň hamynyň astynda gujurly göwresiniň ýumry-ýumry etleri çykyn-çykyn bolup, derisini dartdy. Gaplaň pallady. Ukuly gözlerini süzdi. Öten gije aw ganly bolupdy. Ol arassa bolsa-da, syh-syh bolup, taýzaryp duran murtuny ýalady. Garnynyň doklugyna we ukusyny alanyna begenýän ýaly, arkanlygyna ýatdy-da, ap-ak, ýumşajyk tüý bilen örtülen garnyny göge tutup, aýaklaryny däbşenekletdi.

Bu onuň güjük gaplaňlygyndan galan endigidi. Ol wagtlar enesi, alabeder, daýaw ene gaplaň gijeki awdan soň gulanyň ýa-da dag maralynyň ganlyja läşinden galanyny öňlerine oklanynda ol öz doganlary hem uýalary bilen täze etden garynjygyny gözäp, ine şeýdip gerşini ýere berip däbşeneklärdi. Olar bilen gemrişerdi. Eger-de beýleki doganlary ikibir-üçbir bolup agyz birikdirip, özüni gabap, alarladyberseler enesiniň ýeňsesine gizlenip, olara hyňranan bolardy…

Gaplaň az salym däbşenekläninden soň birdenkä özüniň indi torsuk ýaly, enesiniň aýagynyň aşagynda tomalanyp ýören güjük gaplaň däl-de, bu daglaryň soltany, şu jelegaýlarda uly-kiçi mahlugyny özünden eýmendirýän babyr arslandygy hakydasyna saldy. Ol birden öz bolşundan uýalan ýaly, hasyrdap dikeldi-de, hyrsyz nazary bilen daş-töweregini eserdeň synlap başlady. Onuň duýdansyz aýaga galmagyndan dowul tapan guşlar gür jeňňeliň toraňňylarynyň, arçalarynyň, söwütleriniň, ýap boýunda egrelişip duran tallaryň üstünden güsürre galdylar. Özüniň güjüksiremesiniň guşlardan özge şaýadynyň ýokdugyna biraz ynjalan ýaly gaplaň garnyny ýere berdi-de, öň aýaklaryna gazan ýaly äpet kellesini goýdy.Ýene-de gözlerini süzgekletdi. Sähel salymdan onuň öňki çep aýagynyň edil penjesiniň ýokary ýanyndaky köne ýaranyň ýeri süýjümtik agyryjyk bilen sodaja sorkuldap, gijäp başlady. Bu agyryjyk oňa şu jelagaýlaryň öňki hojaýyny, äpet, garamtyl-alabeder gaplaň bilen bolan garpyşygy ýatlatdy. Ýere ýazyp, döşüne penje uranda garamtyl gaplaňyň janhowluna hatyladyp, çep penjesine agyz salany hakydasyna gelende gaplaň ýatan ýerinden assaja hyňrandy. Dogrusy, garamtyl gaplaňy ýeňse-de ýeňdi welin, ondan ömrüniň ahyryna çenli ýadyndan çykmaz ýaly ýadygärlik hem alyp galdy. Şol garpyşykdan bäri ençeme gezek asmanyň Aýy ilki gökde dilnen dilijege meňzäp, soňra ulalyp, gijelerine Aý şöhlesi düşende özüni görüp huşlary başyndan uçýan keýikleriň gözleri dek, lowurdap tegelendi. Ondan bäri nijeme ýagyşlar ýagyp, ýagmyrlar siňdi, emma şonda-da çep penjesi sähel agram görse syzlap dur. Meger, süňküni owradan bolara çemeli.

Şondan bäri ol her gün öz mülküniň serhetlerine aýlanyp, daş-töweregi gumalaklap, buşugyp belläp çykýar, öz häkimlik edýän mekanyna saýak-sandyragyň yzy-tozy, ysy düşenini-düşmänini yhlas bilen yzlaýar. Dogrusy, bu töwereklerde, onuň arryldysynyň ýetýän menzilinde, şol garamtyl gaplaňy-da, başga bir gaýratyna bäs gelip bilmän ýören, güýjermen ýyrtyjyny-da görüp-eşidenok. Ýöne şonda-da hüşgärligi elden bermeli däl. Gaplaň halky öte namysjaň bolýar. Asmandaky Aý ine şu üstüne howala bolup duran

kerkawyň gabygynyň jaýryklarynyň sany deýin dilijege çalym edip, şonça gezegem jerenleriň howsalaly gözleri kimin tegelenip biler, emma gaplaň aryny köýdürmez, ýeňlenini unutmaz, amadyny peýläp, şol atymyna getirjek bolar ýörer.

Äý, onsoňam diňe şol garamtyl gaplaňmy onuň mülküne göz gyzdyrýan?! Hol araky goňur aýyny nätjek? Hoz iýip, hoz iýip, derisine hozuň gabygynyň reňňi çykyp giden, pyşbaga ýaly bir zat welin, ýöräp bilmese-de apaň-apaň basan bolup, öň penjelerini galdyryp, arlan bolup, gorkuzjak bolýar… Ýeri bärde beýdip apaň-apaň, paklawsy ýöreýişden gorkýan, gaýalaryň ahmalrak daşjagazlaryny sersdirip, eňaşak gaçyrýan soňy ýok arryldydan elheder alýan barmy diýsene?! Ýa bärde gezip ýörenler, tapan-tupan ony-munysyny iýip ýören şagal beýlekidir öýdýärlermi, nämemi! Şolar ine bir gezek arlasaň, ýa-da has dogrusy arlamak hem zerur däl, gumalagyň ysyny alanlarynda tazygyp, sesiň ýetjek menzilinde durmaýarlar.

Ol goňur gabyk aýy hem bir gezek towsup, mekejine penje bilen çalnandan soň baý akylyna aýlandy-a! Semizliginden ýaňa ylgap bilmese-de, sagrysyny moýmuldadyp, tozan turzup, baý gaçýar-a! Edil ýöne, gaplaň bolub-a däl, sähranyň jereni bolup hem yzyndan ýeter ýaly däl. Aradaky ütülen pişige kybapdaş garry ýolbars hem şonuň ýaly. Äý garrap, sandan galan, öýi ýok, öwzary-awlagy ýok, ykmandadyr-da, bir günki iýjek alakasyny-beýlekisini tutunar-da, ötüp geçer-dä, maňa erişmäge het etmez-le diýsem, gaýta eýemsiräp, ol, diňe garry-gurtusyny, keselbendini awlap, aýap ýören boz jerenlerimiň sürüsini yzlap, atymyna alan bolup ýör, zaluwat! Kimiň-kimdigine göz ýetireninden soň yzyny gözläp bilmän, baý mytdyldap gitdi-ä! Ýeri ýolbars bolsaň bolupsyň-da, näme kişiniň mülküne girip, sende ýok, mende ýok hojaýynlyk satybermeli diýen zat barmy?! Onsoňam adyň “şir” bolanda näme, tüýsüň bilen gujur-gaýratyň şir bolmasa. Ýöne dogrusy yzyndan garap durşuna garry şire birhili dözmedi hem. Ýenjilip, kowlup barýandygyna namys edip, lagşan göwresini süýräp, mytdyldap barşy juda gözgynydy. Göwnüne bolmasa ol özüniň tüýi dökülip, haýbaty gaçan başyny aşak salyp, ýempäp barşy bilen: “Heşelle kakma, Arslan! Birmahallar menem şeýdip, öz garşydaşlarymyň yzynda tozan turzup, olary öz awlagymdan kowýardym. Emma ine garradym. Ine-de bolup ýörşüm.” diýýän ýalydy.

Garry ýolbarsyň gözgyny haly hakydasyna gelen gaplaňyň az-kem keýpi gaçdy, emma ol aňyndan gussaly ýatlamany ýere gaçyryp, tozana bulamaga çalyşýan dek, kellesini silkeledi-de, bir ýanlygyna agdy. Soňra pikir akymyny özi üçin ýakymly ýatlamalara sowmaga çalyşdy. Ýene-de doganjyklary we uýalary bilen enesiniň süýdüň ysy gelip duran garnynyň gapdalynda gemrişişlerini ýatlap, lezzet almaga çytraşdy. Emma aňynda ýakymly ýatlamalara derek doganlarynyň hem uýalarynyň bir mahal dogduk gowaklaryny terk edip, onuň özi ýaly her haýsynyň bir ýerlerde bagtyny gözlemäge gidendikleri, indem eger-de olaryň birden-biri bilen tötänden sataşaýsa, oýun edip däl-de hakykatdan, özem bir bölek et lukmasy üçin däl-de şirin jany üçin söweşe girmeli boljakdygy huşuna geldi. Bu pikirler hasam onuň kejebesini garjaşdyrdy. Onuň öz-özüne gahary geldi. Ol sodaja hyňrandy-da, dik turdy. Dagy näme etjegini bilmän, uzyn, haýbatly guýrugyny bulaýlap, öten agşamky awundan galanyny gömen ýerine ýöneldi…

## II

-Şazadanyň ýeke özi şikäre çykýarmy?-diýip, çagasypat görkezýän mön gözleri murty taban ýüzünde tegelenip duran ýaş atbakar, toýnaklary bilen ýeri gazýan, gyr bedewiň jylawyny saklap durşuna, gapdalynda durup, atyň ýalyny, gerşini sypaýan goja seýise lak atdy.

-Atabeg Kyýaseddin Abu Seýit bilen gitmekçi bolýar, oglum!-diýip goja seýis endik edip giden elleri bilen, ýalyny sypap goýberdi-de, bedewiň şaý-esbaplaryny barlamaga başlady.

-Atam, Şazada ýeke atabegi bilen şikäre çykjak bolsa oňa munça sülsat nämä derkar, diňe ikijigi ok-ýaýyny alyp gidiberse bolmaýarmy?-diýip bilesigeliji jahyl hol allaowarrada duran bäş-alty sany elguşçy bilen on-on ik sany tazyçylara, on-on bäş sany atlylara goluny salgap goýberdi. Onuň çaga gürrüňine goja seýis myssa ýylgyrdy:

-Haý köşek, senem-ä, şujagaz adamlara "sülsat" diýýärmiň? Sen onda Şazadanyň atasy, Ylaýym onuň döwleti yrylmasyn, Beýik soltan Çagry begiň, onuň agasy, Ylaýym onuň çawy dünýäniň ýüzüne baky ýaň salsyn, Beýik serkerde Togrul begiň guraýan şa şikärini göräýseň dagy näme diýerdiňkäň? Hol erkgalanyň derwezesini görýäňmi?-diýip goja seýis agtygyna öz duran ýerlerinden elli-altmyş tanap daşlykda howalanyp duran iki gapdaly minaraly, haýbatly derwezäni görkezdi:-Ine şoňa çenli diňe aw guşlaryny saklaýanlardan ýaňa aýak basara ýer bolmaýar. Şahynmy, bürgütmi, elguşmy, towşançylmy, şuňkarmy… garaz adyny agzan awçy guşlaryň tylla-kümüş başlyklaryny Kuýaşyň çoguna lowurdadyp, guşçylaryň elinde aram-aram ganat kakyşyp durandyrlar. Erkgalanyň daşyndan bolsa tazylaryň sesi dik göge göterilýändir, olaryň seslerine gulak gerseň göwnüňe bolmasa Hak Perwerdigäriň gudraty bilen asmandan, Maru-Şahu-jahanyň Erkgalasynyň öňündäki dabara meýdanyna tazylaryň leşgeri gelip düşen ýalydyr. Pyýada kemançylar, atly kemançylar, haýwanlary kowmak üçin nagaraly, depli, surnaý-karnaýly nökerler, awlanan awlary ýygnamak üçin arabaçylar, gassaplar, şol ýerde şikärgähler üçin tagam taýýarlajak aşpezler, olaryň goş-golamlary, awlanan awlary duzlajak, kakatjak gulamlar… umuman tutuş sülsat bolsa şäheriň baş derwezesinden aňyrda garaşyp durandyr. Hanha, hol aňyrda, köşki-eýwanyň öňündäki uly meýdanda bolsa reňki Nusaýyň ýokarsyndaky daglaryň depesindäki ak gar bilen bäsleşýän jowur ak bedewi lagly-jowahyr şaý-esbaplar bilen bir gyldan bezäp-besläp, jylaw astynda soltanyň janpenalarynyň biri saklap durandyr. Onuň gapdalynda bolsa başga bir janpena edil ekiztaýy ýaly meňzeş bezelen dor bedewiň jylawyndan tutup durandyr. Bu Beýik serkerde-soltanlar, doganlar Dawut Çagry beg bilen Rukneddin Abu Talyp Muhammet Togrul begiň bedewleridir. Aňyrrakda bolsa Beýik doganlaryň serdarlygynda dünýäniň nijeme soltanlaryny, şalaryny dyza çökerip, Yssambyldan Çyn-Maçyna çenli aralykda çawy asyrlarda galjak Beýik soltanlygy bina eden, her biri on müň esgere taý, şöhratly türkmen begleriniň gulamlary olaryň atlarynyň jylawyny saklap durandyrlar. Köşki-eýwanyň basgançaklarynda bolsa Daňdanakanyň gerçekleri türkmen serkerdelerine mahsus sabyr-kanagat bilen hökümdar-doganlara garaşýandyrlar. Ine-de az salymdan ýeňiljek, tylla tuwulgalaryny asman güneşine bäs edip, hökümdarlaryň ikisi

hem köşkden çykarlar. Çagry beg ata atlananda onuň her bir hereketi pähim-parasada ýugrulan ýalydyr. Togrul beg syçrap dor bedewine münende, onuň her bir hereketinden dogumlylyk, garadan gaýtmazlyk, soňuny saýmazlyk çogup çykyp durandyr. Göwnüňe bolmasa Çagry begiň her bir hereketini ölçerip-döküp, çykgynsyz ýagdaýlardan hem iň bir paýhasly çykalgany tapyşy bilen, Togrul begiň bolsa eline bir gysym közi guýsaňam sagynman gysymlamaga taýýarlygy, zemin ýüzünde hiç bir zatdan heder etmän, gypynçsyz garaýan gözleri bilen, bu iki hökmürowanyň öňünde Azazyl-al-lagnatynyň hut özi hem durup bilmejek ýalydyr.

Togrul beg atyna atlanan badyna “Atlanyň!” diýip, ummasyz leşgerlere erk etmäge endik eden haýbatly owazy bilen erkgalanyň diwarlaryny titreder. Çagry beg bolsa eserdeňlik bilen çar ýanyny gözden geçirer-de, hemişeki söze gysyklygy bilen, “Ýerine ýetiriň!” diýen terzde baş atar.

Özlerini sany boýunça ýüz esse agdyk gelýän ýowuň üstüne gözsüz batyrlyk bilen okdurylyp, her näçe güýçli bolsa-da duşmany kül-peýekun etmäge mejbur eden Togrul begiň sesi bilen, şalary dyza çökerip, şalyklary boýun syndyran Çagry begiň parahatlygy edermen türkmen beglerini ilgeziklik bilen buýrugy ýerine ýetirmäge howlukdyrar. Şeýdibem olar ýola düşerler.

Şol günün ertesi bolsa gadymy Badhyzyň düzlüklerinden üsti aw etli araba, düýe kerwenleri, Gadymy Merwe hem-de golaý-goltumdaky şäher-kentleriň hemmesine tarap yzy üzülmez akym deýin akyp başlarlar. Eger-de ýakyndaky şäher-kentleriň ammarlary ýeterlik bolmasa ol akym Baş wezir Aly bin Şadanyň permany bilen kiçijik akymjyklara pytrap, Amula, Zemmä, Bagabada, Sarahsa, Abiwerde tarap ýüzlener. Akym bir aýa golaý wagt dowam edeninden soň bolsa ähli ammarlaryň şatyrdadyp gowrulyp golçalara guýlan, duzlanan hem kakadylan aw etinden dolandygy hakynda habar bilen Baş weziriň ugradan çaparlary şa şikäriniň yzyndan gider.

Şazadanyň bedewiniň esbaplaryny birlaý elläp çykan goja seýis sözüne dyngy berdi-de, gözüni göterdi:

-Günem-ä üç naýza boýy galdy, Şazada ugramajakmyka?-diýip hümürdedi.

Atasynyň aýdanlaryna gulagyny pakgardyp oturan jahyla gürrüňiň başga ýana sowulmagy ýaramady. Ol atasyny ýene-de öňki ugruna gönükdirmäge gyssandy:

-Onsoň näme bolýar, ata?

-Onsoň näme bolar, oglum?! Çapar baranyndan soň şikärgähler dolanarlar-da.

Jahyl atasynyň sözüni soňlanyna gynanýandygyny bildirmejek bolup, gülli tahýasyny maňlaýyna süýşürdi-de, sag eli bilen buýnuzagyny gaşady:

-Ata, şa şikäri öte haýbatly bolýan ekeni-le welin, men düşünmedim-le, onça aw etini soň näme edýärler?

Goja seýis agtygynyň çaga gepine ýene-de jowur ak sakgalyna siňdirip, gülümsiredi:

-Ýak, senem-ä köşek, näme etsinler?! Bu Türkmen aga islendik hereketi etsin, hiç bir zady ýöne ýerden, keýpine edýän däldir, herki zadyň hasap-hesibi bardyr. Şa şikäri hem onça sülsady jemläp, ýönekeý bir işsizlikden, bikärlikden, islendik wagt gurnalmaýar ahbetin. Ol haçan-da türkmen goşuny uly ýörişe ugramaly bolanda gurnalýar, ýeterlik mukdarda azyk jemleneninden soň hem bes edilýär.

-Wiý, asyl, mundan gelip çykdy-ow!-diýip ýaş atbakar eline alan tahýasyny ýeňsesine atdy.

Şol wagtam ýeňseden eşidilen agras ses olaryň ikisini hem yzlaryna öwrülmäge mejbur etdi.

-Gammar aga, essalawmaleýkim! Begdili jan, köşek, senem, tüweleme, saba bilen öräydiňmi?! Berekella, ýagşy seýis bolup ýetişersiň.-diýip aňyrdan gelen, güler ýüzli, egni ýeňiljek şam poladyndan edilen sowutly, kellesi ortasy çüri tuwulga telpekli, aýagy sary gaýyş ädikli, bili hanjarly, ortadan pesräk boýly, orta ýaşan adam seýisdir agtygy bilen elleşdi.

-Waleýkim essalam, hoş gördük, merhemetli Atabeg!-diýip goja seýis onuň bilen elleşdi.

-Salawmaleýkim, merhemetli Atabeg!-diýip Begdili hem iki elini uzadyp, gelen bilen salamlaşdy.

-Gammar aga, senden beýle zatlary sorap hem ýörmeli däl welin, onda-da jan durmazlygy-da, bu şazadamyzyň atynyň ýagdaýy neneňsi?!-diýip Atabeg Kyýaseddin bedewiň tumşugyny sypalady.

-Bedewiň ýagdaýy oňat, Atabeg, uzak ýola rowana bolmaga-da, sähralaryň boz jerenlerini kowup ýetmäge-de ýarar.

-Senden tama-da şeýledir-le, Gammar aga!

Şol pille köşki-eýwanyň çüňkündäki kiçi işikden on iki-on üç ýaşlarynda, gözleri ýanyp duran, görmegeý ýigdekçe göründi. Ol ýol geýmindedi. Egninde edil Kyýaseddin Atabegiňki ýaly şam poladyndan çaraýna bardy, ýöne onuň altyn-zer bezegi has inçe, has sünnälenip edilendigi göz-görteledi. Ýigdekçäniň başynda zer çaýylan, ýeňiljek tuwulga, egninde polan çaraýnanyň üstünden sada matadan gyrmyzy dony bardy. Donuň bagjyklary daňylmandygy zerarly syýlary assa şemala çalaja galgaýardy. Aýagyndaky gaýyş ädigi ýüzüňi görübermeli derejede ýalpyldaýardy. Ýigdekçe bir elinde ok-ýaýly sagdagyny göterip gelşine, beýleki eli bilen bilindäki sapyna göwher gaş oturdylan hanjarynyň, ownuk merjenler bilen bezelip, arap harplary ýazylan gynyny düzedýärdi.

Goja seýis, agtygy hem-de Atabeg üçüsi ýigdekçäni gören batlaryna hormat bilen baş egdiler. Emma olar dil ýarmaga ýetişmänkäler ýidekçäniň özi olardan öňürtdi.

-Salawmaleýkim, Gammar aga, salawmaleýkim, halypam, ýagdaýlaryň oňatmy, Begdili?!

-Sag-aman örüşdiňizmi, Şazada hezretleri!

-Allaha şükür, ýaşulylar, allaha şükür. Halypam, ýola ugramaga ähli zat taýýarmy?

-Bar zat taýyn, Şazada!

-Onda ugrabereliň, men atam bilen hoşlaşdym, Togrul beg dädeme bolsa öten agşam öz elim bilen nama ýazyp, Beýik wezir Aly bin Şadanyň diwanyndaky hatdatlara gowşurdym. Şu gün daň säherde meniň hatym çapar bilen dädemiň ýörişiniň ugruna, günbatar sary rowana bolandyr.

-Onda ugraberdik, Şazada!-diýip Atabeg atlylara goluny salgady. Olaryň biri jylawyndan idip, gyr bedewini getireninden soň bolsa üzeňňä aýagyny goýup, howlukman atlandy. Şazada bolsa sagdagyny eýeriň gapdalyna berkitdi-de, üzeňňä aýagyny degirmän, syçrap eýere gondy.

-Sag boluň, Gammar aga! Alla ýol berse iki-üç günden, aňry gitse bir hepdeden dolanarys.-diýip Şazada atynyň ýüzüni erkgalanyň derwezesine garşy öwürdi. Häsiýetli janawer bykynyna depilmezden derwezä tarap ýorgalap ugrady.

Şazada bilen Atabegiň yzyndan garap duran goja seýis agtygyna:

-Görýäňmi, oglum, şazada Muhammediň atyna atlanyşyny, edil dädesi Togrul beg kimin dogumdan don geýen ýalydyr, gözlerine seredeniňde welin, göwnüňe bolmasa saňa ýaňy on iki-on üç ýaşan ýigdekçäniň gözleri däl-de Çagry begiň kalbyň iň bir çuňuna aralaşyp, iň pynhan pikirleriňi okaýan nazary seredýän ýalydyr. Beýik serkerde doganynyň makullamagy bilen Beýik soltan ýöne ýerden Şazadany özünden soňky hökümdar boljak kişi diýip yglan etmedi ahyry. Beýle wajyp hereketi edeninde paýhasyň ýedi derýasynyň suwuny içen Çagry beg oglunyň atasy hökmünde oýlanman, Beýik Seljuk Türkmenleriniň döwletiniň mizemezligi, geljekde mundan beýläk has-da kuwwatlanmagy nukdaýnazaryndan ugur alýar ahbetin.-diýip, tagt miraşdüşeriniň yzyndan söýündi.

-Ata, goşunbaşylaryň geňeşlerinde geljek ýörişler babatda maslahatlaşanlarynda Şazadanyň tekliplerine köpi gören leşgerbaşylar hem täsin galýarlar diýip halkyň arasynda gürrüň bar. Il-gün: “şazada Muhammetde atasy Dukak Seljugyň sübaşylyk (goşunbaşylyk) ukyby bar” diýip gürrüň edýär.-diýip Begdili hem atasynyň guwanjyna goşuldy.

-“Il agzy keramat” diýipdirler, köşek! Halk gepleýän bolsa bihuda däldir.

Olar gepleşip duryança şazada Muhammet hem-de atabeg Kyýaseddin ýanyndaky gulamlar bilen erkgalanyň derwezesinden çykyp, ukudan oýanyp, assa-ýuwaşdan garynja hinine meňzäp barýan, müňmüň ilatly Merwiň baş köçesi bilen baş derwezä tarap ýüzlendiler. Emma baş köçäniň sol tarapyndaky täze gurulýan metjidiň deňesine ýetenlerinde olar ýene-de at başyny çekmäge mejbur boldular. Seljuklar neberesinden bolan, şazadanyň ýakyn garyndaşy, edermen türkmen serkerdesi Ybraýym Ýynal janpenalary bilen olaryň öňünden pete-pet çykdy. Hiç bir adamyň öňunde baş egmeýän, gözsüz batyrlygy bilen deň derejede tekepbir serkerde kelam agyz geplemän, gedemlik bilen şazadanyň ilki salam bererine garaşdy.

Atasyndan ganyna geçen syzgyrlygy bilen muny duýan şazada az zat üçin boýnyýogunlyk edip, öňem yrsarap ýören kowumdaşyny haş-da kejikdirmezlikden ötri ýaşkiçilik edip ilki taňry salamyny berdi:

-Gaýduwsyz türkmen begine bizden dogaýy salamlar bolsun!

Maksadyna ýeten Ybraýym Ýynal az-kem ýumşady:

-Babamyz Demir ýaýlynyň çowlugyna şan-şarafatlar bolsun! Oglum, Beýik soltanyň hal-ýagdaýy oňatmy, biziň gulagymyza soltan biraz nähoşlajak bolýarmyş diýen habar degdi?!

Tekepbir serkerdäniň özüne “oglum” diýip ýüzlenmegi şazada Muhammede ýaramady. Sebäbi mirasdüşer şazada hökmünde oňa “oglum” diýip ýüzlenmäge diňe Beýik hökümdarlar Çagry beg bilen Togrul begiň haky bardy. Galan Seljuk-türkmen hökümdarlarynyň oňa “oglum” diýip ýüzlenmegi bolsa tagt mirasdüşeriniň mertebesiniň kemsidilýändigini aňladýardy. Çünki Düýp babamyz Oguz handan galan däp-dessura görä hökümdar diňe golastyndaky hökümdara “oglum” diýip ýüzlenip bilýärdi.

Şazadanyň damarlarynda Togrul begiň hiç zada başbermezek gazaby at salyp başlady. Onuň gözleri uçganaklap gitdi. Gedem Ybraýyma ýerini tanatjak ajy sözler diliniň ujuna geldi. Emma bu tolgunmasy ýeke pursat dowam etdi. Dem salymdan soň köňlüniň jümmüşinde atasy Çagry begiň parahat keşbiniň peýda bolmagy onuň gahar-gazabyny agyzdyryklady. Atasy öz asuda garaýşy bilen: "Köşeş oglum, geljekki hökümdara beýle gazap gelişmez, sen entek beýle-beýle zatlara öz ýoluňda juda köp sataşarsyň, Allatagalanyň gerdeniňe goýan beýik ýüküni göterjek bolsaň mundan hem beter göwnedegiji sözleri götermeli bolarsyň. Hökümdar bolmak üçin diňe erk ýeterlik däldir, hökümdar bolmak üçin erk hem paýhas bilelikde zerurdyr." diýýän ýalydy. Şazada özüni ele aldy-da, serkerdäniň sözleriniň çetine degendigini, ony hem ýuwudýandygyny ýanyndakylara äşgär etmezlik üçin gürrüňe dogan-garyndaşlyk hörpüni berdi:

-Sag bol, Ybraýym däde, hatynlaryň, bala-çagalaryň oňatlykmy, il-ýurduň abatlykmy? Inilerime biziň dogaýy salam gönderýändigimizi ýetireweri. Hökümdarlyk ýüki hem az-küje zat däldir welin, şeýdip ystyhanymyzyň hamyrmaýasynyň birdigini biri-birimize wagtal-wagtal ýatladyp duralyň. Siz, Ybraýym däde, köşke baryberiň, ýagty jahany döreden keremli Taňra ýüz-de-müň şükürler bolsun, Beýik soltanyň jany tut ýaly sagat, myş-myşlara gulak gabardyp ýörmek bolsa siziň dek, köpi gören serkerdä ýaraşmaz, Ybraýym däde! Baryberiň, siz! Alla ýol berse, şu günde-ertirde ikimiziň hem dädemiz Togrul beg soltandan hem ýeňiş çapary gelip, ýeter, onsoň ýeňiş dabarasynda görşeris-dä!-diýip şazada atynyň jylawyny gyra burup, Ybraýym Ýynala hem onuň janpenalaryna ýol berdi. Bu onuň "gürrüň gutardy" diýdigidi.

Atan awuly okunyň pys geçendigine düşünen gedem serkerdä "bolýar, onda ýoluňyz ak bolsun, awuňyz ganly bolsun…" diýen terzde hymyrdap, gidibermekden başga alaç galmady. Her kim öz ýoly bilen boldy.

Erkgalanyň öňündäki dabara meýdanyna atynyň toýnagy basan Ybraýym Ýynaly ýene-de öýkeli oýlar basmarlady. "Gör-ä bi Mikaýylyň agtygynyň gepi çepbesine çöwrüberşini. Wah, meniň bulara haýýarlygyň ýedi deryasynyň suwuny ýetmiş ýerde içen diýip ýörenim ýöne ýerden däl ahbetin. Ýeri, Demir ýaýlynyň kowmundan gel-gel indi öýünden çykman, jeň-garpyşygyň nämedigini bilmän ýatan, goýun ýaly ýuwaş Mikaýylyň ogullaryna külli seljugyň, külli oguz-türkmeniň tylla tagty nesip etmelimi diýsene? Eý Haktagala, şümi seniň adalatyň?! Ýa men Gaznalynyň biloňurgasyny ýazdyryp, bu döwletiň binýadynyň berkarar edilmegi üçin az iş etdimmi?! Eýsem Daňdanakanda Masudyň söweşjeň pilleri bilen ýekme-ýeke çykan men hem meniň jigitlerim dälmi näme? Piliň pahnasy çignimi serpeninden soňam Begdili Hajybyň gulamlary bilen sanjyşyp, olary yza tesmäge mejbur eden men däl-de kim eýsem? Ýa men Demir ýaýlynyň tohumyndan dälmi? Ýa meniň Düýp babam Oguz han dälmi? Ýa Ybraýym Ýynal, gadymy ýabgularyň neslinden däl-de şu wagtky iki doganyň ilki atabeg diýip, soňra göterip arşa galdyrýan hebeşimidir, zeňňimidir beýleki gulamlaryndanmy eýse?"

Öz kineli hem Taňrydan nadyl oýlanmalaryna berlip barşyna Ybraýym Ýynal nädip erkgala girip gidendigini hem duýmady…

… Şazada bilen atabegi bolsa oňa çenli şäheriň derwezesinden çykdylar. Emma şäheriň daşyndaky kürenleriň ýaňybir çetinden girenlerinde olaryň öňünde şihnäniň (şäher häkimi) hut özi gulamlary bilen çykdy. Ol şazada baş egdi-de:

-Beýik Soltanyň miraşdüşerine Sahawatly Hudaýdan saglyk we uzak ömür dileýäris.-diýdi.

Şazada edep bilen şihnäniň salamyny aldy. Soňra onuň ýüzüne soragly garady. Şihne şazadanyň howlukmaçdygyny ýüzünden okap, göwnündäkini aýtmaga alňasady:

-Merhemetli şazada, Siz şikäre ugrapsyňyz welin, ýanyňyzdaky atlylar azrak dälmi? Gödekligim üçin bir çemçe ganymy geçiň welin, men Siziň jan saglygyňyzy goramakdan ötri hem-de özüm Sizi alada etmez ýaly, rahatlygym üçin ýene-de az-owlak nöker taýýarlap goýdum. Merhemet ediň-de, şazada, olary öz şikäriňize goşuň!-diýip, hol beýleräk-de atlanyp hatyrjem duran ýüzden gowrak atly ýigide yşarat etdi.

Şazada Muhammet onuň özi hakda aladasyna monça boldy. Ýöne syr bermejek bolup, gaşyny çytyp:

-Şihne aga, biz ol ýere galtamanlara garşy söweşmäge barmaýarys ahbetin. Biz ýöne maral awlamaga, göwün açmaga barýarys ahyry. Häzir munça leşgeri yzyma tirkäp çykyp gitsem Merwiň kürenleriniň ilaty: “Şazada Muhammed-ä was-wasy öýdýän, şikäre çykanynda-da goşuna duwlanyp çykýar welin, ýa özüniň üstüne sähra jerenleridir-towşanlary gylyçly-jyzaly hüjüm ederler öýdüp çekinýärmikä?” diýerler. Beýtmäli, ýaşuly. Esgerleri yzyna gaýtar.-diýdi.

Şazadanyň göwnünden turandygyny syzan synçy şihne göz üçin ýene-de biraz haýyş edip, tyýkyran boldy-da, şazada ýolunyň ak, ýoldaşynyň hak bolmagyny arzuw edip, atyny şähere tarap öwürdi. Şondan soň şazada hem atabegi, ýanlaryndaky atlylary bilen ýola düşdüler. Soňra olary hiç kim ýollaryndan bökdemedi.

Atynyň kadaly seňkildisine sazlaşykly galkyjaklap barşyna Kyýaseddin atabeg: “Kynygyň kowmunyň içinde öz atalary—iki dogan kibi, şü hem tüýs Hakyň nazary düşen, zanny Aby-Köwseriň laýyndan eýlenen kişi öýdýän. Gör-ä munuň gepi-sözi aýlap-dolap urup, özüne atylan oky atanyň özüne gaýtaryşyny!” diýip öz şägirdi hakynda ýakymly oýlandy.

## <u>III</u>

…Şahlary naýzanyň ujy deýin çürelip duran, göwresi daýaw, nazarkerde keýigiň öňbaşçylygynda keýikleriň sürüsi bosgun bolup gündogar raýyşdan eňaşaklygyna güzere indi. Şemal gündogardan günbatara öwüsýändigi zerarly öňbaşçy keýik-de, beýleki keýikler-de gür otlugyň içinde, toprak bilen reňkdeş bolup, pişik busurylyşy bilen busurylyp ýatan alabeder gaplaňyň ysyny almady. Keýikleriň biriniň ony görmegi bolsa asla mümkin zat däldi, sebäbi, awuny peýläp ýatan gaplaň misli ýere siňip giden ýalydy.

Keýikler bir-birinden howlugyp, eňeklerini akar suwa basýardylar. Alabahar bolandygy sebäpli, sähra çemenzarlygynyň gyrtyçlarynyň ilkinji ýüzünden mazaly garynlaryny gözäp, suwsan bolara çemeli, keýikler wagty bilen suwdan ganmaýardylar. Baştutan keýik bolsa hüşgärlik bilen çar ýanyna garanjaklap, ilkinji howpda sürüni howsala salmaga taýýar bolup çeşmäniň belent raýyşynda guýma heýkele çalym edip

durdy. Öňbaşçy keýigi bir gözüniň aýtymyndan sypdyrmaýan gaplaň eýýäm öz pidasyny maýajyna alyp, belläpdi. Çeşmäniň kenarjygynda suw içip durşuna mahal-mahal başyny galdyryp töweregini gözden geçirýän, alma gözli, syratly janawer gür otlugyň içinden, ot başyny gymyldatman, göýä bir tensiz-agramsyz salgym deýin, bukdaklap, özüne tarap ýakynlap gelýän alabeder ajaldan bihabardy. Gaplaň bolsa diňe öň aýaklaryny gymyldadyp, bir garyş süýşýärdi-de, ýene-de doňňar-daşa öwrülýärdi. Sary gözleriniň çeti bilen öňbaşçyny synlaýardy. Onuň özüni görmeýändigine göz ýetireninden soňra suw içip duran keýiklere, öz pidasyna gözüniň gyýtagyny aýlaýardy. Soňra ýene-de ýaňky hereketlerini gaýtalaýardy. Özem her bir hereketini öz läheň göwresine, hyrsyz keşbine gelişmeýän şeýlebir ägirt uly kanagat bilen, şeýlebir inçe seresaplylyk bilen edýärdi.

Birdenem gaplaň göz açyp-ýumasy salymyň içinde yzky aýaklaryny ýygyrdy-da, guýrugyny dim-dik edip, ýarym oturdy. Tutuş mähnet göwresi bilen düýrükdi. Boýnuny berdaşly çiginleriniň içine ýygyrdy. Soňra eşidenleriň wehimden ýaňa damarynda ganyny doňduryp, özlerini ýitirmäge mejbur edýän gazaply sesi bilen arlap, bökdi. Keýikleriň her haýsy bir ýana dyr-pytrak boldy. Ýeke pursatda olar hol allaowarrada, öňbaşçylarynyň daşynda gaýtadan sürä jemlendiler-de, giň sähra tarap ümdüzine tutduryp gitdiler. Alabeder ezraýylyň penjesiniň astynda galyp, ölümlik ýaralanan almagöz keýik janawer bolsa ajalyny boýun almajak bolýan dek janhowluna urunmagyny dowam edýärdi…

…Akar çeşmäniň kenarynda ganlyja etden garnyny doýran gaplaň soňra dişiňi döwüp gelýän, durnagöz çeşme suwundan hem gandy. Soňra awundan galanyny agzy bilen tutup, süýräp, bellije ýere eltip, gömdi. Garnyny doýranyndan soň az-kem ukusynyň tutýandygyna garamazdan öten agşamdan bäri öz mülkünde neneňsi üýtgeşmeleriň bolandygyny bilmek üçin birsalym gezim etmäge ugrady.

Onuň garny dok bolandygy zerarly süňňi agralypdy. Artykmaç hereket edesi gelmeýärdi. Emma şonda-da özüne zor salyp, kä ýerde buşugyp, kä ýerde gumalaklap öz mülküniň serhetlerine aýlanmagyny dowam etdirdi. Öň müňlerçe gezek geçen ýodasy, daş-töwerekdäki her bir çöpjagaz oňa düýnden bäri bolup geçen üýtgeşikleri gürrüň berýärdi. Ine bu ýerden müňzäp geçende semizligi ýaly akylsyz hem porsy ýekegapan ýodany torç edip, kesip geçipdir. Ýodanyň gyrasyndaky gyzgana ilişip galan bujagaz çypar tüý übtügi bolsa meger, bedenäniň ýa-da sülgüniň jüýjesini ogurlap gelýän mekir tilkiniň derisinden ýolnup galandyr. Ýodanyň gyrasynda ýatan keýigiň gemrilen toýnagynyň deňinden gaplaň seňrigini ýygryp ötdi. Ol şagallaryň ysyny halamaýardy. Olaryň maslyk diýmän beýleki diýmän, zat dannaman, her öňýeteniň agzyndan galanyny iýip ýörüşlerine bolsa hiç düşünip bilmeýärdi.

Ol salparan garnyny iki ýana “halkyldadyp” seňkildäp barşyna şagallar hakynda oýlanmazlyga dyrjaşdy. Sebäbi şolar ýadyna düşse onuň gahary gelip ugraýardy. Emma hemişe şeýle bolşy ýaly, edesi gelmeýän oýlary ýene-de onuň aňyna ýüregedüşgünç kejirlik bilen dykyljyrap, girmäge çytraşyp başladylar. Ol özüne gaharlanyp hyňranjak boldy. Emma şol pursat onuň burnuny gijeden bigäne ys bar zady huşundan uçurdy.

“Möjekler! Möjek sürüsi!”

Gaplaň öz burnuna ynanmaýan dek, ýodany gaýta-gaýta ysgady, tumşugyny galdyryp howany uzyn-uzyn sordy. Bada-badam onuň gerşiniň tüýleri syh-syh boldy. Gözleri ganguýma gyzardy. Bogazynda gaýnap ugran hyrryldy, hyňranma bolup daşyna çykdy. Möjek sürüsi! On-on bäş baş çemesi bar. Ýüzleri günorta tarap. Diýmek onuň mülküniň jümmüşine garşy hereket edýärler. Ol doýmaz-dolmaz, açgöz ykmandalar nireden geldilerkä?! Tizden-tiz olardan goranmagyň ugruna çykmasaň, olar bu jelegaýda orun tutmak matlaby bilen gelen bolsalar, soň per bermezler.

Gaplaň barýan ugruny üýtgetdi-de, möjek sürüsiniň giden ugruna tarap yz çalyp ugrady. Ädimme-ädim, hem yz çalyp, hem ys alyp gaplaň möjekleriň yzyndan kowup gidiberdi. Esli ýöräninden soňra garaňky hem gatlyşdy. Oňa çenli gaplaň yzlaryň täzelenip, yslaryň ýitileşýändiginden möjekler bilen arasynyň ýygrylýandygyny hem aňşyryp ugrady. Birdenem ep-esli öňünde düşnüksiz “wagyrdyny” eşitdi. Ol sakga durdy. Ýere ýapyryldy. Edil hälki keýik awlanynda edişi deýin, bukdaklap öňe süýşüp başlady. Biraz öňe süýşeninden soň gür jeňňeliň ortasyndaky açyk meýdançada her ýerde-her ýerde lowurdap ýanýan köz-gözleri gördi.

Möjekler dogrudanam on-on bäş sany bardylar. Meýdançanyň töründe mähnet kelleli çal möjek garysyny ýassanyp, eýemsiräp ýatyrdy. Gapdalynda bolsa oňa görä müçesi kiçiräk ganjyk ýalynjaňlyk bilen onuň böwrüne süýkenýärdi. Beýleki möjekler hem şolaryň töwereginde oýun edişip gemrişýärdiler ýa-da gije garaňkylygynda-da gyzaryp bildirýän, uzyn gyzyl dilleri bilen tumşuklaryny ýalaşyp ýatyrdylar.

Olaryň bolup ýatyşlaryna gaplaňyň girre gahary geldi. Hasam meýdançanyň töründe eýemsiräp ýatan ordabaşy böri onuň ganyny gaýnatdy. Gurtlaryň boluşlary bu jelegaýlarda özlerinden başga ýyrtyjy ýok deýin, diňe özleri bu giden jeňňeliň hem sähralaryň hany-soltany ýalydy. Ordabaşy böri bilen onuň ganjygy bolsa dünýäde bir zatdan eýmenýäne çalym etmeýärdiler.

“Meniň mülkümiň çägine girendigiňizi syzmadyňyzmy, ýa-da köplügiňize buýsanýarsyňyzmy, Möjekler? ”

Gurtlaryň özüni äsgermezlik edişleri gaplaňyň janyna batdy. Ol gazabyna bäs gelip bilmän, ätiýaçlygy unutdy. Birden ýerinden atylyp turdy-da, gije garaňkylygyny arryldysy bilen para-para edip, meýdançanyň ortarasyna bökdi. Emma boş ýere baryp düşdi. Köpi gören öňbaşçy böri ol arlanyndan özüni ýitirmän bir gapdala towsup ýetişipdi. Ganjygy bolsa onuň özündenem beter çalasyndy. Şonuň üçinem gaplaň aýaklary ýere degen badyna daş-töwereginiň dem salymda söweşe taýyn bolup, hyňranyşyp duran börülerden doludygyny gördi.

Gaplaň özüni ýitirmedi. Ol bu gezek diri galmak üçin ähli gujur-gaýratyny bir ýere çugdamlamaly boljakdygyny duýdy. Gyýak ýaly dişlerini syrtardyp, ölselerem yza tesmejek wagşy gurt ordasyna garşy söweşmek, özi ýaly babyr bilen ýekme-ýek, hatda iki sany arslan bilen deň bolmadyk garpyşyga çykandan hem çökderdi. Söweşlerde bişişen gaplaň bir pursatda özüniň ilkinji hüjüm etmeli ugruny kesgitledi. “Börüleriň barysyna garşy birden söweşmek akmaklygyň baryp ýatany, bir pillede garnyňy silkerler. Ilki bilen bir zarbada ganjygy almaly, şol bolmasa bulara beleň alara zat galmaz. Soňra ordabaşyny penjesiniň astyna alyp bilse bu söweşde diňe bir diri galmag-a däl, eýsem üstün çykmaga-da inçejik umyt bar.”

Şu pikiri eden dessine gaplaň öz arryldysynyň bu ýyrtyjylara hiç-hili täsir etmeýändigine düşünip, sessiz, aýylganç kuwwat bilen, möjek ganjygyna garşy özüni zyňdy. Beýleki gurtlaryň ýeňsesinde durandygy sebäpli gaplaňdan beýle hereketi oslamadyk ganjyk bu sapar hernäçe çakgan hem bolsa gaçmaga ýetişmedi. Alabeder ajal ony bir uranda öz holtumyna düýrläp dykdy. Öz ganjygynyň düşen gününi gören ordabaşy böri birhili ejizlän köpegiňkä kybapdaş, janagyryly çyňsan ýaly etdi-de, towsup, gaplaňyň gerşine hopba boldy. Bada-badam ýagyrnysyndan agyz urdy. Onýança ýene-de bir garadangaýtmaz böri özüni arslanyň aýaklarynyň astyna oklap, onuň garnyny silkmek üçin tumşugyny uzatdy. Bu ýagdaýdan başga çykalga tapmadyk gaplaň aljyraman, dik ýokarylygyna towusdy. Emma garnynyň aşagyna giren möjek onyň artky aýagynyň penjesinden agyz salmaga ýetişdi. Agyrydan ýaňa heýýaty göçen gaplaň näme edýändigine hem aň ýetirmän, janhowluna özüni arkanlygyna oklady-da, beýleki art aýagy bilen aýagyndan ýapyşan möjegiň tumşugyny parçalap, ony hol allaowarra pyzyp goýberdi. Onýança beýleki gurtlar hem ýerli-ýerden topulyp, onuň çem gelen ýerinden agyz urup, asylyp başladylar. Ömrüniň paýawynyň gelip ýetendigini syzan gaplaň, janajygyna tutuş göwresini sandyradyp arlady-da, penjeleri bilen ölüm zarbalaryny saga, çepe, çem gelen ýere paýlap ugrady. Şol wagtam ordabaşy böri özi üçin iň soňky bolan hatany goýberdi. Ol gaplaňyň bogazyndan agyz salmak üçin ýagyrnysyndan agzyny aýyrdy-da, ümzügini öňe atdy.

Gaplaňa şujagaz pursat hem ýeterlik boldy. Ol bir silkinende ordabaşyny aýaklarynyň astyna düşürdi. Garamtyl gaplaňyň bitmez ýara salan penjesi bilen ýeke uranda-da onuň döşüni ýardy. Ordabaşy hatda janhowluna urunmaga-da ýetişmän jan berdi. Gaplaňa hüjüm edýän galan ýedi-sekiz möjek baştutanlarynyň läş bolandygyny görüp, asgynlap, götinjekläp ugradylar. Emma ýyrtyjy namysjaňlygy zerarly barysy birden, bada-bat sypba-sypyrylyp, gaçyp gidibermediler. Ýöne olaryň has gowşagrak biriniň ökje ogurlap, söweş meýdanyny terk etmegi gurtlaryň hemmesi üçin çagyryş bolup hyzmat etdi. Olar özlerine ajal paýlaýan demir penjelere ilmezlige çalşyp, sülgüniň ürken jüýjeleri deýin çar ýana pytradylar. Söweş meýdanynda gaçgaklaryň yzyndan kowmagy namys eden ýeňijiniň ýalňyz özi galdy…

## IV

Ortada gazylan ojagyň içinde ýanýan oduň şatyrdysy kalbyňa aram berýärdi. Sazak alawynyň tüssesi sähra gijesiniň çigreklije arassa howasy bilen garyşyp, her gezek dem alanyňda döşüňi lezzetden doldurýardy. Ýerden, diňe alabaharky türkmen asmanynyň astynda, diňe alabaharky türkmen sähralarynyň gijesine mahsus bolan, ýaňy toprakdan dürterip çykan otlaryň, gije çygyna ezilen topragyň ysyna ýugrulyp eýlenen ter tämizlik göterilýärdi. Hol beýleräkde esbaplary aýrylan atlar horguryşyp durdylar, olardan çeträkde çöküp oturan düýeler gäwüş gaýtaryşyp, gapdallarynda busurylyp ýatan dört-bäş sany gatyra tekepbir garaýardylar. Şazada bilen atabeginiň alawyndan bäş-on ädim daşlykda beyleki gazma ojagyň daşyna egele bolup ýatan, oturan gulamlar şazadany bimaza etmejek bolup ýarym pyşyrdy bilen nämedir bir zadyň gyzykly söhbetini edýärdiler.

Galyň keçäniň üstünde içmek örtünip, tirsegine söýenip ýatyşyna käte ýalnyň gyzyl dilleriniň oýnaýan täsin raksyna, ataşyň zoruna çydaman çar ýana syçraýan uçgunlara, käte gözüni göterip syýa asmanyň ýyldyzlaryna tiňkesini dikýän şazada Muhammediň gözünde uky bar-a meňzemeýärdi.

-Halypam!-diýip şazada arkan ýatdy-da, garaňky asmanyň näçe seretseň-de gözüň nazary bilen yzarlap yzyndan ýetip bolmaýan düýp-teýkarsyz çuňlugyna tarap garady:-Sen ýunanlylaryň gadymy rowaýatlaryny bilýärmiň?!

-Ýok, şazada bilmeýärin! Aslym arap bolansoň, ömrüme-de egnimden sowut, elimden gylyç düşmedik esger bolandygym zerarly meniň rowaýat diňläp, hekaýat öwrenmäge-de wagtym bolmady. Sen onuň ýaly zatlary, Şazadam, mugallymyň, Beýik soltanyň müneçjimi Kowus hajydan soramaly ekeniň.-diýip atabeg elindäki ujy ýanan kesewisi bilen ojagy dörjeledi.

Wepaly atabeginiň müneçjim Kowus hajy bilen kän bir oňuşman, özi babatda ikisiniň arasynda ýaşyryn bäsdeşligiň, basdaşlygyň gidýändigine birmahal belet bolan şazada atabegiň kinaýaly öwdüne içinden gülümsiredi. Şazada mugallymlarynyň ikisiniň hem özüni jan-u-tenden, öz perzentleri deýin oňat görüp, biriniň-ä özünden beýik alym, beýlekisiniň bolsa beýik serkerde ýetişdirjek bolýandygyny ýüregi bilen syzýardy. Halypalarynyň arasynda döreýän çekişmäniň düýp sebäbi-de, köplenç olaryň her haýsynyň şazadanyň beýleki mugallymyň ýanynda sarp edýän wagtyny bihuda geçirilen diýip hasap edýänligindedi.

Öz döwrüniň görnükli adamy, az-kem jahankeşde, az-kem müneçjim, az-kem taryhçy, az-kem şahyr, az-kem diwana, az-kem sazanda, deňsiz-taýsyz dilewar, hyýalbent, öz edýän işine köre-kör ynanýan al-kimýaçy we galtaşan jisimini altyna öwürýän pelsepe daşynyň hemişelik gözlegçisi Hajy Abu Zeýd Kowus ibn Şamat ibn Asir ibn Süleýman ibn Möwlam üçin atyň üstünde çapyksuwarlyk oýunlaryny etmek, jyza sanjyp, keman atyp, syrtmak zyňyp, gylyç parladyp söweş tilsimlerine türgenleşmek ýa-da bir reňkli, ýüzi çyzyklardan doly çal matanyň ýüzünde dürli reňkli daşjagazlary eýläk-beýläk süýşürip, ägirt uly goşun tümenlerine erk edip ýeňiş gazanmagyň inçe serkerdelik syrlaryny öwrenmek Allatagalanyň ynsana bagş eýlän juda az, gyzyldan gymmatly wagtyny ýeliň ugruna paýhassyz sowurmakdy. Has dogrusy onuň pikiriçe, Allatagala Adam atanyň hem-de How enäniň perzentleriniň hemmesini dogan edip ýaradanyndan soň olaryň öz gysga ömürlerini biri-biri bilen garpyşmaga, biri-biriniň agzyndan Taňrynyň beren rysgyny kakyp almak üçin göreşmäge, gan döküşmäge sarp etmekleri diňe, dünýäni tümlüge beslemegiň wysalynda çarp urýan şeýtanyň alyna gitmekden başga zat däldi. Onsoňam ynsanperwer pelesepeçiniň çuňňur ynamyna görä, goluň ýaragly türgenleşip, özüňi özge biriniň başyndan musallat bolup injek döwülmejek-ýeňilmejek, aman bermejek-asgynlamajak ýaraga öwürmek üçin jepa çekmek hem Hudaýdan daş düşmekdi.

Onuň kalbynyň iň ýaşyryn jümmüşinde göterip, söýgüli şägirdi, şazada Muhammetden özge hiç kese aýtmaýan arzuwy bardy. Ol öz arzuwyny “Zeminiň behişdi zamanasy” diýip atlandyrýardy. Onuň şol arzuwyna laýyklykda-da ýeriň ýüzünde ýaşaýan ähli adamlar edil ekiztaý doganlar deýin birek-birege mähriban bolup, birek-birek bilen derdini paýlaşyp, ömürlerini boş jenjellere, harsydünýälige, göriplige,

gahar-gazaba, güwlempaç şöhratparazlyga sarp etmän, adamlara peýda getirýän ylymlary ösdürmäge, edebiýaty kämilleşdirmäge, gözel-gözel şäherleri gurmaga, ajaýyp şäherlerde metjitler-medreseler galdyrmaga, halypa Mamunyň “Ylymlar köşgüne” gaýra dur diýýän, danalaryň öýlerini bina etmäge bagyşlamalydylar. Şol ajaýyplyk eýýamynda-da açlyk, horluk, nadanlyk, bolgusyz sebäplere görä tutaşyp, müňlerçe adamlaryň ykballaryny ýalmap-ýuwudýan uruşlar öz-özünden ýitip gitmelidi. Sebäbi ol eýýamyň şalarynyň, hökümdarlarynyň her biri Anuşirwan adyl dek adalatlylykda ýedi yklymy baglan, danalykda Süleýman aleýhssalamdan ozduran kämil hökümdar bolmalydy. Zeminiň ýüzünde müňlerçe Lukman Hekim lakamly Abu Aly ibn Sinalar döräp, hassalygyň, keselleriň soňuna çykmalydy. Musa al Horezmiler, Abu Reýhan Biruniler, Mäsihiler, Ferdöwsiler, Hysrow Dehlewiler her şäherde, her kentde peýda bolmalydy.

Hajy Kowus bu arzuwyna diňe bir çyny bilen uýmak hem däl, eýsem onuň gazanýan serişdeleriniň hemmesini nähilidir bir düşnüksiz, burum-burum, misden, aýnadan, demirden tokurtgajyklary, gapjagazlary, küýzejikleri, jamjagazlary ýaşatmaga harçlap, şol, diňe ertekilerde ady eşidilýän “pelsepe daşyny” agtarmaklyga, şony bir topar jisimleriň dürli-dümen dürüşdesinden ýasamaga çalyşmaklyga bagyş etmegi hem hut şonuň üçindi. Onuň ynanjyna görä haçan-da ol “pelsepe daşyny” oýlap tapsa, “zeminiň behişdi zamanasynyň” hem geldigidi. Çünki galtaşan zadyny tylla öwrüp bilýän gudratly daşyň bolsa jümle-jahanyň ähli açlaryny doýrup, ýalaňaçlaryny geýindirip, garyplaryny baýadyp, islän ýeriňde şäherler hem köşkler, metjitler hem medreseler gurup boljakdy, her kese isledigiçe hazyna, mal berip boljakdy, onsoň Karun-a däl, Karunyň Karuny bolsa-da, her bir adamyny kanagatlandyranyňdan soň onuň üçin özgäniň rysgalyna el urmaga açgözlük galjak däldi, bahyllyk galjak däldi, ynsan nebsiniň haram dili lal açjakdy.

Ýaş şazadany onuň arzuwynyň ajaýyplygy, päkizeligi özüne maýyl edýärdi. Imrikdirýärdi. Mugallymynyň gijeler düýşünde görüp, samraýan “Zeminiň behişdi zamanasynyň” tizräk gelmegini tüýs ýürekden küýsedýärdi. Ýöne damarynda ýygyn dartyp, duşman bilen döwüş guran serkerde hem esger ata-babalarynyň, “Dukak” lakamyny alan Seljuk serkerdäniň gany at çapýan, doglanyndan beýläk başujunda jöwher pyçak goýulýan türkmen ýigidi bolan şazadany, al-kimýaçynyň asuda bolsa-da dürli garnuwly suwuklyklaryň ajymtyk-turşy ysy burnuňy iýip gelýän barlaghanasy, her äden ädimiňde üstlerinden ýyllaryň kirşeni göterilýän kitaplaryň baslygyp duran, iňlär siňeksiz kitaphanalar beýlebir özüne çekmeýärdi. Dogry ol atasy, Beýik soltanyň talabyny berk berjaý edip yhlas bilen okaýardy, hatda ylym-bilime höwes hem edýärdi. Emma şazada Muhammet al-kimýaçy halypasynyň towlam-towlam tokurtgalarynyň, dürli görnüşli, ululy-kiçili golçajyklarynyň içinde, dünýä ineli bäri öň alyp görmedik yslaryndan ýaňa burnuny tutup, göýä bir ertekilerdäki jadygöý hem onuň ýaşajyk şägirdi deýin aýlanjyrap ýöreninden, seleň sährada bedew atyny ýüzin salyp, ak ýüpekden ezýaka köýnegini çapuw ýelgininiň şemalyna pasyrdadanyny kem görmeýärdi.

Owalbaşda Mahmyt Gaznalynyň ýörişlerinde ýesir alnyp, gaznaly goşunynda söweş tilsimlerine ussatlygy we serkerde başarnygy üçin ýönekeý gulam-esgerlikden müňbaşy derejesine çenli göterilen, soňra Nusaýyň eteginde gaznalylar bilen seljuklaryň

söweşinde Togrul begiň ýigitleriniň syrtmagyna ilip, gaýtadan bendilige düşen atabeg Kyýaseddin bolsa şazadany Kowus hajydan daşlaşdyrmak üçin bu ýagdaýdan peýdalanýardy.

Batyrlygy, mertligi, gaýduwsyzlygy, hakyky urşujy-pälwana mahsus häsiýetleri üçin hökümdar-doganlaryň ikisiniň-de sylag-hormatyna mynasyp bolan atabegiň hem edil Kowus hajyda bolşy ýaly, synmaz ynamy bardy. Onuň uýşuça Taňrynyň adam diýip, aň-düşünje berip, ýaradan jandary, eger-de beýleki gezip ýören mahlukyýetden tapawutly boljak bolsa, ýagty jahanda bürgüt kimin buýsançly ýaşamalydy. Taňrydan özge hiç kimsäniň öňünde ýan bermän, hiç kimseden, ha ol güýçli bolsun, ha ejiz bolsun, ha häkim bolsun, ha geda bolsun, ýersiz-ýere minnet çekmän, kiçelmän-ejizlemän perişde sypan başyny belent tutup, durmuş sürmelidi. Elbetde onuň pikiriçe Alla tarapyn adamlary dolandyrmak paýy maňlaýyna ýazylyp, häkimlik tagtyna münenleri sylamalydy, olara wepaly bolmaga kasam içeniňden soň, iň soňky demiňe çenli wadaňa wepaly bolmaga çalyşmalydy. Ýöne hiç kimiň öňünde özüňi läbikde ýüzüp ýören gurçuk kimin ejiz hem nalajedeýin görmeli däldi. Heniz iki-üç ýaşly çaga döwürlerinde ol Arabystanyň mukaddes topragynda, öz taýpadaş çarwalary bilen göçüp-gonup ýörkä, düşlegleriň birinde, Mukaddes Käbä haja gelen bir danyşmendiň wagzyny diňläpdi. Şonda Arabystanyň hiç bir ülkäniňkä meňzemeýän asmanynyň tes-tegelek bolup dolan mahy-tabanynyň astynda, ot başynda, şol alym: „Hak Taňrynyň öňünde hemmeler deňdir, isle şa bolsun, isle gul bolsun, her bir musulman Hudaýyň bendesidir“ diýipdi. Alymyň şol sözleri hem ýaşajyk Kyýaseddiniň kalbyna hemişelik ýazylyp galypdy. Öz gowgaly ömründe ol ençeme gezek gul hem bolup görüpdi, beglige-de göterilipdi, ýöne ol elmydama öz mertebesini tug kibi parladyp ýaşapdy. Indem ýaşy altmyşa ser uran, öýsüz-öwzarsyz, tenha özünden özge hossary bolmadyk goja serkerde-esger özüniň asylzada şägirdinden edil özi dek ynsan buýsanjyny beýik gününde-de, pes gününde-de baýdak edinip, al-asmanda pasyrdadyp biljek adamy terbiýeläsi gelýärdi. Şazada Muhammediň üsti bilen ol özüni Taňrynyň döreden dünýäsine miras goýmak isleýärdi. Onuň pikiriçe bu göwün küýsegine ýetmek üçinem şazada Muhammede dembermez gylyjyň sapyndan berk gysymlap biler ýaly demir el, giden leşgerleri özlerinden ýüz esse agdyk duşmanyň üstünden ýeňşe eltip biljek sagdyn serkerde aňy zerurdy. Bu zatlary bolsa şazada diňe onuň özi berip biljekdi.

... Şazada atabeginiň teýeneli gepini gulagynyň duşundan geçirdi-de, sözüni dowam etdirdi:

--Ýunanlaryň rowaýatlarynyň birinde Beýik gahryman Tezöý (Teseý) hakynda gürrüň berilýär. Ol öz halkyny ok-ýarag kär etmeýän, äpet deňiz aždaryndan halas etmek üçin ynsan aýagy ýetmeýän alysda ýerleşýän bir ada baryp, bir bakyşda adamlary daşdan heýkele öwürýän ýylan saçly, şamar göwreli hatyny aýnadan galkanyň hem-de uçýan ädigiň kömegi bilen ýeňýär we onuň kellesini kesip, getirip, deňiz aždarynyň gözüne bakdyryp, ony doňňara-daşa öwürýär. Şol ýerde-de deňiz aždaryna gurbanlyk diýlip, dag gaýasyna bentlenip goýlan, Andromeda diýen täsin atly gyzy halas edýär, ol gyz bolsa oňa aşyk bolýar, soňra Hudaý onuň görkezen gahrymanlygy we olaryň biri-birine bolan yşgy üçin asmanda ýyldyzlardan olaryň suratyny çekipmişin...

Atabeg şazadanyň ertekisine tagaşyksyz ýyrşardy-da:

-Şazadam, seniň aýdýan zatlaryň rowaýata däl-de ertekä çalym edýär. Rowaýat diýip ine, seniň dädeň, batyrlaryň batyry Togrul begiň, hälki irdenki tekepbir bolsa-da gaýduwsyzlygyň laýyndan eýlenen Ybraýym Ýynalyň we ýüzlerçe türkmen alplarynyň edermenliklerine aýtsaň...

Halypasynyň şähdiniň açylandygyny, häzir öňem nijeme gezek eşiden wakalaryny atabegiň özüne mahsus azsözlülik bilen gürrüň berip başlajakdygyny syzan şazada ojaga tarap öwrüldi-de, tirsegine söýendi. Şägirdinden gözüniň gyýtagyny aýyrmaýan atabeg bolsa onuň özüni höwes bilen diňlemekçidini görüp, äwmän-alňasaman gep urup başlady.

Beýik serkerde hökmünde şan-şöhrady Ruma-Pereňe baryp ýeten, Gaznaly Mahmydyň ýörişleri hakynda gürrüň berdi. Şazadanyň atasy Çagry beg bilen dädesi Togrul begiň ýeňiş gazanan jeňleri hakynda gürrüň berdi. Rum ýurdunyň serhet galalary barada, Hindistanyň ilki göreniňde sussyňy basyp, aýylganç görünýän, söweşjeň pilli goşunlary, Çynma-Çynyň ýetmiş gün ýöräniňde zordan aňry çetine ýetip bolýan, hiç-hili manjynyk[1] kär etmeýän Beýik diwary hakynda, Mahmyt Gaznalynyň döreden, häzire çenli özüniň gurluşy hem-de tertip-düzgüni boýunça deňi-taýy ýok hasaplaýan gaznaly goşuny, onuň atly goşuna, pyýada goşuna, aňtawçylara, artky bölege, başky bölege, sag we çep ganatlara, kemançylara, jyzaçylara bölünişi barada, gaznaly goşunynyň taryhda galan nagaraly ýörişleri barada, pereňli esgerleriň boýdan-başa demir-polada basyrynyp söweşýändikleri hakda, Çynma-Çyn ýurdunyň aňyrsyndaky Soňky deňziň bir ýerinde, uzyn-uzyn adalarda ýaşaýan uzyn-uzyn gylyçly, gylyçly söweşmekde ýeriň ýüzünde ussatlyklaryna taý tapylmaýan gyýykgöz urşujylar hakda gören-eşiden zatlaryny birin-birin gürrüň berdi.

Onuň endigan sesine meýmirän şazada bolsa assa-ýuwaşdan irkilip, uklap galdy. Şazada uklanyndan soň atabeg sesini tapba kesdi-de, emaý bilen turup, şazadanyň üstüne içmegini atdy. Gulamlaryň odunyň başyna baryp, gije kimiň şöwür çekmelidigini tabşyrdy. Soňra gelip, bir gujak oduny oda atdy-da, öz ýerine geçdi. Içmegine çolandy. Şol pille niredendir bir ýerden jeňnelleriň hany, gaplaňyň janagyryly arlaýan sesi eşidildi. Hol beýle-de horguryşyp duran atlar gozgalaň tapdylar, hatda äwmezlik bilen gäwüş gaýtaryp, çöküp ýatan düýeleriň hem içinde iki-ýeke ýerinden gobsunany boldy. Züwwetdin gatyrlar bolsa gaplaň sesi gelenden laňňa galyp, garaňkylyga tarap üşerilişdiler.

„Jeňňeliň hojaýyny özünden rüsteme sataşypdyr ýaly-la, juda janhowully arlaýar welin, ölümini boýnuna aldygy öýdýän.“ diýip oýlanan atabeg gözüni ýumdy. Emma näme üçindir, uzakly gün at üstünde ýadan hem bolsa ukusy tutmady. Gabaklaryny göterdi-de ýyldyzlardan ýaňa hindi zenanlarynyň hünji sepilen zerli köýnegine çalym edýän asmana seretdi.

„Gahrymançylygy üçin ýyldyzlardan keşbini çekipdir“ diýdimi?! Hymh! Belki Haktagala şeýle gowgaly ömür sürendigim üçin Arabystanyň asmanynda ýyldyzlardan meniňem keşbimi ýasar...“

[1] Manjynyk-daş atýan katapulta.

Öz pikirine köpi gören atabeg içinden ajy gülümsiredi. „Äý hawa-da, Tanrynyň özge wajyp işi ýok-da!“

Soňra atabeg näme üçindir ýene-de biynjalyk bolup, asuda uklap ýatan şazada tarap ýüzüni öwürdi. Onuň ýetginjek keşbinde diňe parahat ukunyň alamatlaryny görüp ol: „Menem ymyzganaýyn-la!“ diýip oýlandy. Emma aňynda hyň berýän oýlar ony ýatmaga goýmadylar.

„Gaznalynyň goşunynda Isgender Ikbuýnuzly atly dünýäni özüne tabyn eden serkerde patyşa hakynda rowaýatlar aýdardylar, şol hem ýaňky şazadanyň aýdýan Ýunanystan ýurdundan öýdýän. Aýtmyşlaryna görä, Hudaý oňa ölmez-ýitmez, synmaz Ruh berenmiş, şol ruhunyň gudraty bilenem ol bütin dünýäni öz erkine boýun egdirenmiş. Şonda onuň duşmanlary melguna mynajat edip, Isgender Rumynyň ölmez-ýitmez ruhuny syndyrmagy haýyş edenmişler, melgun bolsa Perwerdigäriň döreden keramatyny syndyryp bilmejegine gözi ýetip, Isgender Zülkarnaýnyň ganymlaryna mekirlige ýüz urmagy maslahat berenmiş. Olar hem melgunyň nesihatyna uýup, Isgendere gözelligi gözüňi gapýan bir haýýar näzenini peşgeş berenmişler, şol hem Beýik serkerdäni azdyryp, şerap diýen nägehana ulaşdyranmyş, soňra Isgender meý içip, meý içip, onuň synmaz ruhy tenini terk eden pursadynda bolsa oňa zäher berip, ony öldürenmiş. Şeýle Beýik eýesiniň aldawa düşüp, wepat bolandygyna perişan bolan ölmez-ýitmez, synmaz Ruh bolsa hasratdan ýaňa para-para bolup, jahanyň ýüzünde çar tarapa seçilenmiş. Şol zamanlardan bäri hem Isgenderiň ruhunyň bölejikleriniň her haýsy zeminiň bir künjeginde, adamlarda öz Beýik eýesi—Isgenderi gözläp, ser-sepil bolup, sergezdan gezip ýörmüşler. Isgenderiň ruhunyň jinnek ýaly bölejigi kalbyna aralaşan adam hem Isgenderiň yhlasy bilen keselläp, jahanyň eýesi, jahangir bolmagyň kül-külüne düşýärmiş...“

Atabeg uludan dem aldy. „Görýän welin, Demir ýaýlynyň nesli-de Isgenderiň arzuwy bilen ymykly hassalapdyr öýdýärin. Ýöne näme, menem köp patyşalary, serkerdeleri gördüm, hökümdarlaryň tagtlaryndan taýýşynam, ýönekeý esgerleriň hökümdarlyga göterilişini hem ençe gezek synladym, emma welin şolaryň içinde Isgender Rumynyň tylla tagtyna şu nebereden mynasybyny men-ä bilmeýärin...Çünki türkmeniň bu gerçek neberesi at-awaza, şalyk-soltanlyk üçin däl-de, öz mertebeleriniň belent tutulmagy üçin, il-ýurtlarynyň abatlygy üçin, öz ynsanparaz dininiň dabaralanmagy üçin göreşýär...“

Şeýdip öz oýlaryna gümra bolup ýatyşyna Kyýaseddin atabeg nädip uklanyny hem duýmady...

## V

...Gaplaň daň atanyndan soňra düýnki, çeşmäniň boýunda awlan awundan galanyny gömen ýerine gitdi. Baryp ýeri peşäp oljasyny çykardy. Howlukman iýdi. Öte doýmasa-da keýikden galanjasy oňa ýürekselik boldy. Ol çeşmäniň raýýşyndan aşak indi-de, az-owlak suw içdi. Soňra, dagy näme etjegini bilmän, ýene-de öten agşamky böri ordasy bilen döwüş kylan meýdançasyna ýöneldi. Ol kän ýöremeli boldy. Çünki haýaljakdan gadam urup barýardy. Artky aýagyna biraz ýempeýärdi hem. Öten agşamky garpyşykda

ordabaşy böriniň agyz urup çeýnän gerşi-de sanjap agyrýardy. Emma beýle-beýle ýaralara öwrenişen peleň öz bedeniniň yzalaryna biperwaý garaýardy. Ýöne dogrusy şu mahal bir seleňräk kölegä geçip, uzyn süýnüp ýatyberse kem ýarajak däldi.

Mytdyldap barşyna ol ahbetin şol meýdança ýetdi. Öten agşamdan bäri gyzyl-ýaýyrt bolup ýatan läşleriň üstünde dürli mör-möjekler siňekleriň beýemçilik etmeklerinde şagal mesligini guraýardylar. Ýöne geň galaýmaly zat, şagallar hem-de dazzarkeller ýokdy. Megerem hol allaowarradan onuň ysyny syzyp, bu ýerden ýeňselerini el ýaly edendirler, ýa-da olary heniz doly porsamaga ýetişmedik gurtlaryň ysy gorkuzýandyr.

Gaplaň duşmanlarynyň jesetlerine gedem nazaryny aýlady. Özüniň deň bolmadyk garpyşykda üstün çykandygy hakyndaky pikir onuň buýsanç damaryny tisgindirdi. Ol hondanbärsi bolup, käte bir apaň-apaň basyp, meýdançada terslin-oňlyn ädim urup ugrady. Her gezek deňesinden öteninde iç-goşy çöwrülip, gözgyny bolup ýatan äpet çal möjegiň yslanyp ugran läşini seňrigini ýygryp, tumşugy bilen itekledi, penjeleri bilen pat-pat kakdy. Her pursatsaýyn hem onuň badyhowalygy çişip, zergäriň elindäki göweçde erän tylla deýin lasyrdap gaýnap, atylmagyň bäri ýanyna barýardy. Birdenem ol öz-özüne bolan buýsanjyna bäs gelip bilmän, hiç bir sebäpsiz ýerden, sesinde baryny edip, arlap goýberdi. Ol öz arryldysy bilen göýä: „Görüň meni ümmülmez dünýäniň mahluklary! Bipeýan dünýäde ine şeýdip, hemmelere, olar senden hernäçe kän bolsalar-da, seniň ýalňyz özüňiň olaryň ählisine taýdygyňy gözlerine görkezip, ýeňiş gazanyp, höküm sürüp ýaşamaly! Ine şeýtmeli! Serediň maňa janly-jandarlar, ýagty ýalançyda menden güýçli, menden rüstem, menden hökmürowan jandar barmy, serediň maňa!“ diýip öwünýän ýalydy.

Şol wagt gaplaňyň ýeňiş lezzetini golaýdan eşidilen düşnüksiz galmagal bozdy. Jeňňeliň gyrak-bujagyndan täsin goh gelýärdi. Entegem badyhowalygyň täsirinden açylmadyk gaplaň ätiýaçlygy unutdy. Tumşugyny goh gelýän tarapa uzatdy-da, seňkildäp şol ugra ýüzlendi. Onuň bolup barşy: „Kim meniň mülkümde meniň rahatlygymy bozmaga het edýär“ diýýäne meňzeýärdi. Şeýdip haýdap barşyna ol ýaňy bir jeňňeliň agaçlarynyň astyndan saýlanany hem şoldy welin, bir owadan, daýaw saýgak misli gözi ýok ýaly, onuň bäs-on ädim öňunden ala-hasyrdy bolup, urdurylyp geçip gitdi. Saýgagyň bolşy gaplaňda biraz howsala döretdi. Eger-de saýgak öz allajysy – gaplaňdan eýmenmän, gözleri gapylan dek, göni tumşugynyň öňünden urdurylyp geçýän bolsa, onda ol janhowluna gaçyp barýandyr we ony kowalaýan jandar bolsa gaplaňdan has elhenç jandar bolmaly.

Eger-de birki gün mundan ozal babyr beýle hadysa gabat gelen bolanlygynda ol “namartja olam sagja bolam“ diýen ýaly, haýwan seresaplylygyny elden bermän, eýýäm bu ýerden garasyny saýlardy. Emma gurt ordasyna garşy bir özüniň söweşip gazanan öten agşamky ýeňişi onuň özüne bolan ynamyny we gedemligini başy garly daglaryň derejesindenem belende göteripdi. Tekepbir arslan saýgagy hatda ganymynyň üstunden basyp geçmäge kaýyl eden näbelli howpuň ýolundan sowulmagy özüne kiçilik bildi. Ol beýdip oýlanyp durýança onuň öňünde ak köpük bolup derlän gyr bedewini ýüzin salyp saýgagyň yzyndan kowýan atly peýda boldy. Gaplaňy görenden bedew at badyny saklap bilmän çarpaýa galdy-da, duýdansyzlykdan ýaňa ompa oturdy. Awa kellesi gyzyp ýeke

özi ýanpenalaryndan saýlanyp gaýdan şazada Muhammet saýgagyň yzyndan kowup gelşine beýle eýmenç ýyrtyja sataşaryn öýdüp oslamaýardy. Şonuň üçinem ol eýerde ykjam otursa-da at çarpaýa galyp, ompa oturanynda, aýaklary üzeňňiden sypyp, bir gapdala zyňyldy. Ok-ýaýy hem elinden sypdy.

Olardan gözüni aýyrman duran alabeder ajal bada-bat aňyny işletdi. Has dogrusy ýyrtyjy endigi onuň aňyndan öňürti herekete girdi. Ol ilki bilen howpuň özüne haýsy tarapdan abanýandygyna haýwan duýgurlygy bilen düşünip, uýanyna çolaşyp, aýagüstüne galyp bilmeýän bedewe gözüniň gyýtagyny hem aýlaman, şazada tarap topuldy. Galan zatlar göz-açyp ýumasy salymda bolup geçdi. Özüni nazarlap gelýän mähnet allajyny gören ýaş şazada aljyramady. Haýdan-haý hanjaryny gynyndan sogrup alyp, ýatan ýerinden arslanyň towsaryna garaşdy. Arslan yzky aýaklaryny ýygranyndan hem tutuş göwresi bilen düýrügip, özüni ýyrtyja tarap oklady. Arlap böken gaplaň ýere düşende tasdanam şazada Muhammediň aýaklary girisine ilýärdi. Ölüm böküşi pys geçen arslan ala-hasyrdy bolup yzyna öwrülende şazada Muhammet arkan ýatan ýerinden hanjaryny sapyna çenli onuň kükregine sokdy, çykaryp ýene-de bir nobat sançdy. Emma üçünji gezek sogurmaga ýetişmedi. Öz kellesini gysaja düşen hoza döndermek üçin hatap ýaly açylan agzy görüp, hanjary sypdyrdy-da, mäkäm dymyşk poladyndan ýasalan bileklik bilen goragly elini arslanyň agzyna tutdurdy.

Döşüni ýaryp gelýän gyzgyn agyrydan ýaňa dessine gözi garaňkyrap giden arslan daýaw saýgaklaryň boýun süňklerini bir gysanda kül-owram edýän äňiniň gyýaklary nähilidir bir, biçak gaty zada „şaňk“ edip degip, uçanda, öz emelsizligine gahar edýän dek, kuwwatly öň penjeleri bilen aşagynda ýatanyň döşüni peşedi. Emma onuň ýiti dyrnaklary şazadanyň ýüpek donuny jyrym-jyrym etseler-de, sowudyň şam poladyna kär edip bilmediler. Paltasy daşa degen arslan, bu astynda ýatanam bolsa penje hem gyýak täsir etmeýän içýakgyç geň awuny dagy näme etjegini bilmän, onuň agzyndaky elini äňleri bilen berk gysyp, başyndan aşyryp, bulap, zyňjak boldy. Emma geň galaýmaly zat, bu oljasyndan iki esse agyr göwreli ýekegapany bir silkende hol alysa atyp bilýän arslan astyndaky awuny ýerinden hem mizedip bilmedi. Bada-badam onuň gözüniň öňüni gos-goýy tümlük tutdy. Özüniň duçar bolan düşnüksiz ýagdaýyna haýran galan arslan, agzyndaky eli goýberdi-de, bu ýagdaýdan närazylygyny duýdurmak üçin arlamaga synanyşdy. Emma bu hem başa barmady. Gaýta agzyndan güýçli gan akyp ugrady. Ol awunyň üstünden aýrylmaga çalyşdy. Ýöne aýaklaryny gymyldadanyndan dyzlary öz-özünden epildi-de, agzy gum garbady. „Şujagaz ejizje jandar meni—daglaryň rüstemini şeýle hala düsürip biläýdimikä?“ diýen pikir hem arslanyň aňynda dörän iň soňky ýylpyldy boldy.

...Agyr zeper ýetmedigem bolsa, arslanyň astynda endamy mazalyja owulan şazada Muhammet aýaklaryny kynlyk bilen agyr jesediň astyndan sogurdy-da örboýuna galdy. Hanjaryny arslanyň döşünden sogurdy. Arslanyň ýarasyndan zogdurylyp çykýan gyrmyzy gana seretmezlige çalşyp, hanjaryny arslanyň derisine syrdy-da, gynyna saldy. Zordan dähedem-dessemläp bardy-da, henizem urnup ýatan bedewini uýandan azat etdi. Atynyň üstündäki horjunyndan mytarasyny alyp, tolgunýandygy zerarly titräp duran dodaklary bilen suw owurtlamak isledi. Dökän-saçan edip, zordan birki owurt etdi. Soň bogazyndan geçmedi. Saňňyl-saňňyl edýän aýaklarynyň özüni saklamaýandygy sebäpli,

aşak çökdi. Wepaly bedewi ýaňky garpyşykda özüniň hiç-hili ýardamynyň bolmandygyna müýnli deýin, öljümek tumşugyny şazadanyň egnine süýkedi.

Onýança niredendir bir ýerden howsaladan ýaňa ýüzlerini ak-tam edip, şazadanyň ýanpenalary gelip ýetdiler. Gele-gelmäne atdan özüni oklan atabeg Kyýaseddin, topulyp gelşine şazadany bagryna basdy:

--Ýalňyz umydym, dirimisiň!

Adam oglunyň başyna düşüp biljek külpetleriň ählisini bolmasa-da, köpüsini mertlerçe çekip görüp, hiç haçan, hiç bir ýagdaýda aljyramadyk goja serkerde-esger, elini-aýagyny ýitirip, sesini çykarman, doňan ýaly bolup oturan şazadany bir pursatda tutuşlygyna sypaň-sermeň edip çykdy.

--Gözümiň röwşeni, ýaralandyňmy, agyrýan-ynjaýan ýeriň barmy?!

Ölümiň iki barmak bäri ýanyndan gaýdyp, nepesini durlap bilmän oturan şazadanyň kelam agyz geplemän oturyşyna ol gorkudan ýaňa lal açandyr öýdüp heýýaty göçen goja atabeg özüniň näme edýändigine düşünmän:

--Eý gullar, näme aklyňyzy çaşdymy?! Bejit boluň, şazada suw getiriň, bolmasa baryňyzy gylyçdan geçirerin!-diýip jynssyz sesini edip haýkyrdy. Agras hem paýhasly atabegiň beýle gazaba münenini ilkinji gezek görýän gulamlar biri-birinden öňürtiläp, etek alty ýeň ýedi bolup ylgadylar. Emma az-owlak özüni dürsän şazada uzadylan suwly, şerbetli pyýalalary kabul etmedi. Atabegiň gujagyndan sypdy-da ýerinden turdy. Bogazyny arçap, gyryljak ses bilen dil ýardy.

--Alla-ha şükür, halypam, maňa hiç zat bolmady. Ata-babalarymy penasynda saklan Haktagala meni hem öz penasynda aman saklady. Häzir bolsa beýdip aljyrap durmalyň-da, atlanalyň. Goşumyza gideliň. Bu günlükçe aw besdir. Halypam, arslanyň hamyny hem oňatja edip alsynlar. Ony eýleneninden soňra dädem Togrul soltana peşgeş hökmünde göndereris.

Şazadanyň merdemsi buýruklaryny eşidip, atabeg Kyýaseddin hem çuslandy. Özüniň ýaňky bolşundan uýalyp, ýerinden turdy-da, şazadadan gözlerini gizläp, gulamlara tarap ýöneldi. Emma gulamlara atabegiň şazadanyň buýruklaryny gaýtalamagynyň zerurlygy ýokdy. Olaryň birki sanysy eýýäm arslanyň derisini sypyrmaga girişipdiler. Galanlary bolsa şazadanyň ýarag-esbaplaryny jemläp, bedewini täzeden eýerleýärdiler. Atabeg gulamlara golaýlanynda olaryň „Alp-Arslan. Şazada Muhammet alp-arslan“ diýip pyşyrdaşýandyklaryny eşitdi. Bu sözler atabegiň ýüregine jüňk boldy. Yzyna assyrynlyk bilen gaňryldy. Gabak astyndan öz şägirdini söýünç hem guwanç bilen synlady. „Arslandan üstün çykan, arslandan rüstem, Alp-Arslan! Ine meniň iki jahanymyň ýalňyz umydy, Hak Perwerdigär seniň asyrlardan-asyrlara ähli merdi-merdanalaryň nusgalyk edinjek, batyrlygyň hem mertligiň baýdagy boljak adyňy hem berdi. Adyňa mynasyp bol, ömrümiň manysy!“

Özüni erkek kişi duýaly bäri bütin ömrüne ýeke saparam gözlerinden nem syzmadyk goja serkerde göz owalaryndan togalanyp gaýdan goşa damjany gulamlardan gizlemäge çalşyp ber-başagaý boldy...

Goja atabeg ýalňyşmady. Şazada Muhammediň ýetginjek ýaşynda mähnet arslany ýeňip gazanan Alp-Arslan adyny asyrlaryň dowamynda ähli merdi-merdanalar tug edinip göterip gelýärler. On üç-on dört ýaşynda ýyldyrym çaltlygyndaky ýöriş bilen

Balha hem Toharystana hüjüm eden Mewdud Gaznalyny ýeňen, dädesi Togrul soltan bilen Ybraýym Ýynalyň topalaňyny basyp ýatyryp, Beýik Seljuk-Türkmen döwletini içki howpdan halas eden, Malazgirtde on müň sany edermen türkmen ýigitleri bilen Rumuň şalar-şasy Roman Diogeniň iki ýüz müň adamlyk leşgerini kül-peýekun edip, onuň özüni ýesir alan, soňra bolsa ýesir düşen rum şasyny erkinlige goýberip, adamkärçiligiň belent nusgasyny görkezen Soltan Abudeddin Abu Şuja Muhammet ibn Dawut Çagry beg Alp-Arslanyň ady Gadymy hem Müdimi Türkmen halkymyzyň şöhratly taryhynyň altyn sahypalarynda beýleki türkmen gerçekleriniň adynyň gapdalynda öçmejek zerli harplar bilen sünnälenip ýazylgy dur.

2006-njy ýylyň 07-nji oktýabrynda çap edilmäge rugsat edilen we Türkmen döwlet neşirýat gullugy tarapyndan çap edilen „Alp-Arslan Türkmen hakynda edebi eserler çemeni“ atly kitapda neşir edildi.

## Lebiz

…Ilki bilen hinden syçanyň tumşugy göründi. Murtlary taýzaryp duran, ujunda kinniwanja, gyzylja nokatjyk bolan çal tumşuk, “tys-tys” edip, öwran-öwran ysyrgandy. Soňra tüýlüje tumşuk öňe süýşdi-de, hiniň deşiginden iki sany ýeser garaýan, gara nokat bilen, ikiýana hereket edýän çal gulak çykdy. Ýeser jandarjyk, zyndan hökmünde ulanylýan, çuňlugyndan ýaňa, agzyndan asmanyň bölejigi mis teňňe kimin, kiçijik bolup görünýän, gurruk guýynyň iň garaňky künjünde, gara suduryň küçen deýin, eplik-ýaplyk bolup, gymyldy-hereketsiz ýatandygyny görüp, ekezlendi. Ol çalasyn aýaklary bilen “gybyrdyklap” hinden çykdy-da, birdenem zyndanyň ortasynda sakga durdy. Dessine-de öz batyrlygyndan özi elheder alan ýaly, hiç bir sebäpsiz ýerden, uzyn guýrugyny jaýtartdy-da, hinine garşy zymdyrylyp, ökjäni göterdi. Emma sähel salym geçip-geçmänkä hiniň deşiginden ýene-de çal tumşuk görünip, tyssyklap başlady. Soňra syçan ýene-de ýaňky hereketlerini gaýtalady. Şeýdip syçan ençeme gezek özüniň “gorkakbatyr” oýnuny oýnanyndan soňra, ahbetin gara suduryň içinde jan bara çalym etmeýändigine halys ekabyrlanyp, oňa golaý bardy. Şol pille-de hälden bäri syçanyň her bir hereketini ýarym ýumuk gözüniň gyýtagy bilen synlap ýatan sudura birden jan girdi. Ol syçany penjesine gysmak üçin, duýdansyz elini uzatdy. Emma ýeser jandar ol çala herekete giren badyna, çalasynlyk bilen, ýyldyrym çaltlygynda hinine garşy okduryldy. Sudur hatda elini uzatmaga-da ýetişmän, diňe hinine girip barýan syçanyň guýrugyny görüp galdy. Şondan soň syçan görünmedi.

Sudur bolsa özüniň çakgan jandarjygy tutmak üçin eden synanyşygynyň şowsuz tamamlanandygyna ahmyr edýän ýaly, ganjaryşyp duran ýaralardan ýaňa ýaryk-ýaryk dodagyny dili bilen ýalady-da, “Heý Nejep, Nejep!” diýip sussypes pyşyrdady. Sag böwrüniň üstüne köp ýatandygy sebäpli doňup gidendigini syzan Nejep, beýleki böwrüne dönmek üçin, çala gymyldanda öz işine ezber rum jelladynyň öten agşamky

çekdiren jebir-jepalaryndan ýaňa kül-owram bolup gelýän bedeni, tutuş agyry-ynjydan dolup, saňňyldap gitdi. Dişini gysyp, näçe çydajak bolsa-da ol: “ymm-m-m” edip, iňlänini duýman galdy. Ol niresiniň has öte agyrýandygyna düşünip bilmedi. Köz ýaly gyzardylyp, endamyna basylan demir myhyň yzlarymy ýa-da agaç çekiç bilen urlup, mynjyradylan aýagynyň barmaklary…Öz hökmürowanlarynyň üzeňňisinden üç geçäýjek bolup, ýallaklap, ilgeziklik bilen özüniň goragsyz tenini tüýtmeleýän jelladyň, porsan maslyga sülekeýini akdyryp garaýan şagalyň bakyşyna çalymdaş nazary hakydasyna gelende, Nejebiň ini tikenekläp gitdi. Ol tutuş süňňi bilen sandyrady. Şol pille onuň göwnüne bolmasa, türkmen dilinde çalgyrtlap, her bir sözüni hetjikläp-hetjikläp gaýtalaýan gypjak dilmajynyň ýigrenji owazy gulagyna gelen ýaly boldy.

--Sen, türkiman balasy, çoh ezýetler görmüş olup, hunabalar ýuwduplar, jan berersen, iň ýahşysy, seljuk soltanynyň jansyzynyň ismini bizlere mälim kyl sen, ýah iýip, ýüpeh geýer sen, rum kaýsarynyň baş geňeşdary Tibon saňa şäherleriň şasy Konstantinopolda köp ýahşy dühan açyp beredi, maldan-puldan, emlähden hor bolmaz sen! Söýle türkiman beçesi! Kim ol içaly? Kim ol, älem-jahany gazaby bilen sandyrama kylýan Beýik hem Hökmürowan Kaýsar, Roman Diogeniň ümmülmez asman deýin, ymgyr leşgeriniň arasyna mar kibi suwlup giredi we ähli pynhanlyklary seljuk soltanyna çawuş çakyp, aýan kylyp, toprak astyndan işläp durupdy?!

Nejep süňňi bilen galpyldap gitdi-de, göýä, jellat, dilmaç we ýüzünden gar ýagdyryp, bolup geçýän zatlara dahylsyz ýaly, käte bir gapdalyndaky, orta ýaşan, hyzmata gaýym hatdatynyň özüne uzadýan kagyzyna göz gezdiren bolup oturan rum kaýsarynyň baş geňeşdary Tibon Grahus ýanynda duran dek, tisginip, kellesini galdyrdy. Çar ýanyna ýaltaklady. Dessine hem bir gije-gündizläp, ezýet sekisiniň üstünde özüne edilen sütemlerden bez bolan aňynyň albaýyna aldanandygyna düşünip köşeşdi-de, ýene-de mejalsyz başyny gaty, çyg topraga goýdy.

“Taňrym, herniçe mertsireseň-de çydamlysyrasaň-da, yzygiderli güzap berlip dursa, adam pahyr her bir howsalaly pikirine tebil tapyp, gaçmaga taýyn bolýan, gorkak haýwanjyga öwrüläýýän ekeni-ow!”

Nejep öz pikirine ajy ýylgyrdy. Emma şol bada onuň gözüniň aşagyna basylan gyzgyn myhyň ýanan yzy dartylyp, sanjyp gitdi. Ol ýüzüni ejirli çytdy. “Neneň edip züwwetdinje towşanjyga öwrülmejek? Uzak gije-gündiziň dowamynda eliň-aýagyň gaýym daňylgy, üstünde ýatyrylyp gynalan bendileriň ganyndan ýaňa gatap, darka-darka ýarylan ezýet sekisiniň üstünde alaçsyz ýatyp, saňa edýän süteminden lezzet alýan jellat ejiz bedeniňi parçalap, çekeläp, ýakyp durar-da, haýwana öwrülmersiňmi, onsoň? Öwrülmän gitjek ýeriň nire? Jellatdan hem elhenç dilmaç bolsa her gezek aýdanda beýniňe gyzgyn iňňe kimin sanjylýan, nejis sowalyny şol gaýtalap dur, şol gaýtalap dur… “Kim jansyz? Kim ol?” Ilki bir dişiňi gysyp çydaýarsyň, “Rehim ediň, men Taňrynyň bendesiniň ejiz tenine! Çekelemäň meni, tüýtmäň meni! Heniz diri ahyry men, diri ahyry! Ine ol jansyz, ýanyňda dur, ine, dilmajyň her bir sözüni yhlas bilen kagyza geçirip, özüni duşmana ýal etmejek bolup, ejir çekýän men pahyryň her bir iňňildisini göwnübir ýaly ak kagyza nagyşlap duran, hyzmata gaýym hatdat! Şol seljuk soltanynyň tapylgysyz jansyzy! Serediň ahyry oňa, görüň ahyry ony! Görüň-de, men pahyry bir öz günüme goýuň ahyry! Iýmäň meni, gemirmäň meni! Çydamok! Taňrym! Çydamok!

Gözleriňi göter ahyry, hatdat! Men seniň syryňy gorap, gör nämelere sezewar bolup ýatyryn, delalatyň ýetsin ahbetin maňa!” diýip, bogazyna sygdygyndan gygyrmaga çalyşýan nalajedeýin göwräniň bokurdaga dykylyp gelýän dönük nalyşyny kalbyň dogumly penjesi bilen bogup taşlamaga çalyşýarsyň. Oňa çenli köz dek gyzaran myh endamyňa galtaşanda ýanýan etiň ysy tütäp gidýär. Seniň etiň ysy! Bada-badam aňyňy deşip gelýän agyry, gatap demre dönen erkiňi kül-uşak edýär-de, diliňi dişläp jebis gysylan dişleriňi gaňryp, açýar. Kalbyňdan dyňzap çykan agyryly gykylyk, tutuş durkuňy elendirýär. Emma tekepbir rum begzadasynyň isleýän sözleri diliňden çykmaýar. Onsoň başlaýar. Jellat öz arwahy ussatlygynyň serlip ýatan bedende düwlen ýumruga dönen polat ruhy dyza çökerip, aman diletmekden ejiz gelýändigine içi ýanýan dek, ähli ukybyny-yhlasyny jemläp, ynsan bedenini parçalap ugraýar. Dilmaç bolsa şol bir sowalyny hetjikläp gaýtalap dur. Tibonyň hem şol bir bolşy, göwnübir ýaly, hatdatyň uzadýan kagyzlaryna käte bir gözüniň gyýtagyny aýlan bolup, agaç kürsüsinde mizemän otyr. Hyzmata gaýym hatdat hem, ezýet sekisiniň üstünde tike-tike edilse-de, soňsuz süteme döz gelmän gygyryp-bagyryp ýatsa-da, syr barada söz sypdyrman, janyny gurban edip ýatan bendä parhsyz halda, haty bilen güýmenmesini kesmeýär. Iň bärkisi gözlerini bir göterip: “Ýan berme, dogan! Ata Watan üçin, Ene Topragyň azatlygyny, Mukaddes Türkmen halkymyzyň mertebesini tug edinip ýüreginde göterýän Beýik soltan üçin, Watan üçin sanýetmez jeňlerde baş goýan ata-babalarymyzyň hatyrasyna, çyda inim! Çyda inim, Alla seniň iki dünýäňi ýagşylykdan we ýagtylykdan doldursyn, mert pederleriň mynasyp zürýady, çyda! Sadagaň bolaýyn, çyda!” diýip gözleri bilen pyşyrdap, ezýetden ýaňa gapylyp barýan gözleriňi ýeke gezek mährem garaýşy bilen sypaýsady! Ýok, ol ýeke saparam seretmeýär!

Jellat bolsa ýadamaýar, armaýar, irmeýär. Sütemini hötjetlik bilen dowam edýär. Soňabaka bolsa wagt hem doňýar, daş-töwerekdäki ähli zat hem ýitýär. Diňe jelladyň elindäki tenine tarap ýakynlap gelýän gyzgyn myh hem, tüm-garaňky, gos-goýy boşlugyň içinde dilmajyň şepbeşik, nejislik bilen ýaňlanýan: “Kim ol, söýle, türkiman beçesi!” diýýän sesi galýar. Gyzgyn demir her gezek galtaşanda ýa-da agaç çekiç her gezek bir barmagy owradanda titräp gidýän nalajedeýin beden bolsa, hunabadan ýaňa bimar bolan ruhuň pursatsaýyn gowşaýandygyndan peýdalanyp, dönüklik etmäge, bady-baran bagyryp, rum begzadasynyň hatdatyny paş etmäge dyrjaşýar. Emma her gezek hem üstünden basylan ýagyş gurçugyna dönen ruh, galanja gaýratyny jemleýär-de, namart bedeniň bogazyndan çaňňalyny urup: “Öl sen, sütemden öl, ýöne geplemersiň, dil ýarmarsyň! Pederlerimiň Watan üçin pida eden janlaryndan kasam edýän, dil ýarman, tümlüge gapgarylarsyň!” diýip, soňky deminde pyşyrdaýar…

Çep böwri hem gurşup ugran Nejep arkan ýatmaga çalyşdy. Emma bili çat açyp gelýändigi sebäpli, ýatyp bilmän, ýene-de sag böwrüne gyşardy. Gözlerini ýumdy. Onuň içi eljuk diýýärdi. Dodaklary hem kepäp durdy. Ony öňňin daňdanlar rum saklawy gapyl basypdy. Şondan bäri iň bärkisi bir döwüm tötek onuň dişine degmändi, bir owurt suw bilen bogazyny öllemändi. Onuň “Hatdat” lakamly jansyz bilen görüşmezinden öň ýanyndaky gije şamlyk edinişidi. “Hatdat” bilen duşuşyp, zerur maglumatlary alanyndan soň bolsa ol iýip-içmäge ýetişmändi. Düşleg ýerine ýetip barýarka, tötänden, duzakda ýatan rum saklawynyň girisine düşüpdi. Rum esgerleri ony Kaýsaryň baş geňeşdarynyň

huzuryna getirenlerinden soň bolsa ony “örän oňat tagamlar bilen hezzetläpdiler”, ol tagamlaryň “aşpezi” hem Tibon Grahusyň nirä gitse ýanyndan goýmaýan kärine ussat jelladydy.

Gyşaryp ýatyşyna Nejep özüniň nädip rumlularyň eline düşendigi hakynda oýlanyp başlady. Beýik Soltanyň baş weziri parasatly Nyzam-al-mülküň hut özüniň buýrugy bilen Nejep, Anadoly ülkesine tarap ýola düşüp, rum kaýsary, Roman Diogeniň baş geňeşdary Tibon Grahusyň guly we şahsy hatdaty, gypjakly Ahmetýar, hakykatda bolsa, sahip-bariý Ymameddin Al Merwezi bilen duşuşyp, onuň rum leşgeri barada toplan gymmatly maglumatlaryny ýat bekläp alyp gaýtmalydy. Beýle ýumuş Nejebiň ýerine ýetirýän ýumuşlarynyň ilkinjisi däldi. Ol eýýäm üç ýyl bäri Nyzam-al-mülküň döreden gizlin işler diwanynda gulluk edýärdi. Özüne buýrulan iň kyn tabşyryklary kemsiz-kössüz ýerine ýetirýändigi üçin hem Nejep soltan fiskallarynyň[1] içinde iň ynamdary we ussady hasaplanýardy. Gizlin işler diwanynyň begi, Beýik soltanyň Sahyphabary we Baş weziriň sag eli, Şaraf-al-mülk hem hut şonuň üçin Nejebi sylap, sarpa goýýardy. Bu gezek hem Nejep hiç-hili başdan geçirmesiz “Hatdat” bilen duşuşmaly ýerine bardy. Olar duşuşdylar. “Hatdat” habar bermeli maglumatlaryny Nejebe ýetirdi. Nejep hem ol maglumatlary ýat bekläp, yzyna döndi. Emma düşleg ýerine ýetip barýarka dumly-duşdan “Ur-ha-ur!” diýen gykylyk ýaňlanyp, onuň üstüne rumlularyň hakyna tutmalary bolan uzlaryň atlylary döküldiler. Ol hatda atynyň jylawyny başga ugra burmaga-da ýetişmedi. Yzly-yzyna oklanan iki sany kement onuň boýnundan ilip, ony gürpbasdy etdiler. Nejep birbada özüni ýörite yzarlap duzaga düşürendirler öýdüp, juda gorkdy. Sebäbi eger-de ony yzarlan bolsalar, onda “Hatdatyň” hem peýmanasynyň doldugydy. Bu bolsa türkmenler üçin örän agyr, hatda öwezini dolup bolmajak ýitgidi, sebäbi rum leşgeri barada “Hatdatyň” habar berýän maglumatlarynyň belli bahasy ýokdy. Üstesine-de “Hatdat” “baryndaşlarynyň” ynamyndan peýdalanyp, rum kaýsarynyň mähnet leşgeriniň esasy atly güýjüni emele getirýän, hakyna tutma gypjak, uz, hazar, peçeneg atlylarynyň serdarlary bilen, olary Beýik Soltanyň tarapyna çekmek üçin şowly gepleşikleri alyp barýardy. “Hatdatyň” kimdigi aýan bolan badyna Beýik soltanyň rum leşgeriniň arasyndaky görgür gözi gapylyp, parasatly dili lal açana dönjekdi. Elbetde Nyzam-al-mülküň hemişeki öňdengörüjiligine mahsuslykda “Hatdat” onuň rum leşgerindäki ýeke-täk içalysy däldi. Dürli taýpalardan bolan hakyna tutma atlylaryň arasynda enteşip ýören galandarlar, telbe-diwanalar, aýdyjy ozanlar, rum leşgeriniň yzyna düşüp gelýän ownuk söwdagärler kändi. Olaryň arasynda bolsa parasatly weziriň “gözleri we gulaklary” goşun içiniň her bir hereketini sypdyrman synlap ýördüler. Ýöne olaryň ählisiniň jemläp berýän ownuk maglumatlaryndan “Hatdatyň” ýeke jümlesi müň esse gymmatlydy.

Emma haçan-da Tibon Grahus ony özüniň gypjak dilmajynyň üsti bilen sorag edip ugranda, Nejep özüniň säwligiň pidasy bolandygyna düşündi. Şondan soň hem gara başyny gurban etmeli bolsa-da “Hatdatyň” syryny paş etmezligi ýüregine düwdi. Häzire çenli hem ol özüniň ýüregine düwen niýetine amal edýärdi. Emma jelladyň berýän tükeniksiz sütemlerine döz gelip, dil ýarman jan bermek oňa başardarmyka?! Ine şuňa

[1] Fiskal-gizlin çapar.

welin, Nejebiň ynamy ýokdy. Dogry, ol bir gije-gündiziň azabyna çydady, ýöne baş geňeşdaryň diňe şonuň bilen çäklenip, ony gününe goýmajakdygy köre hasady. Eger-de ol bir günde döwülmese, ertesi gün ýene-de daşyna geçerler, ertesi gün döwülmese, birigün bar, soňkysy gün bar, umuman Taňrynyň beren güni köp! “Iki-üç günki güzaplara çydasa, teni öler, onsoň neneňsi ejir berseler-de, öli teni ynjyny duýmaz” diýip pikir eder ýaly hem däl, eger-de ol şu günki berilýän jebirleri erte duýman başlasa, oňa her gün üçin täze sütemi oýlap taparlar, tenini kesim-kesim ederler, etiniň her tikesini gulagy ýaly edip dograrlar, ýöne oňa iň soňunda “Hatdatyň” syryny aýtdyrarlar…Onda näme etmeli? Soňsuz süteme ynsan däl, al-arwaham çydap bilmez. Bu çykgynsyzlyk ahyry! Gaçmalymy? Nädip?!

Nejep gözlerini göterip, öz zyndany bolan gurruk guýynyň hol ýokarda görünýän agzyna tarap garady. “Beýik. Bu ysgynsyzlygym bilen çykyp bilmerin, üstesine diwarlary hem ýaldyrap dur, dyrmaşar ýaly däl. Ýüpi bolsa kim saňa oklajak. Guýynyň agzynda hem sak garawul oturandyr.” Nejep ahmyr bilen hyrçyny dişläp gözlerini ýumdy. “Onda näme etmeli? Her günki berilýän güzaplara boýunalyk çydap, döwülip, owranyp, “Hatdaty” bu şagallara şam edýänçäň ýatybermelimi?! Hudaýyň beren güni-hä ymgyr kändir, ezýet sekisinde takga janyň çykaýmasa, ahyr bir gün dil açmaga mejbur ederler. Takga janyň çykmagyna hem ýol beräýmezler, gyssanman-howlukman, ugruňa seredip, tä dönüklik edýänçäň diri saklamak üçin sünnäläp, gynarlar. Eý Taňrym, onda näme etmeli? Näme etmeli ahyry, Haktagalam?! Ugur-ýol görkez, medet ber, goldaw ber, Päk Perwerdigär! Men pahyr bendäňe, ine şeýdip, göbek ganym daman ýeri, gadymy hem müdimi Merwiň ajap ülkesinden alysda, allajy ýagyň zeýli zyndanynda, ölüp-ýitip gitmäge ýol berme, Hudaýym!”

Nejep içinden Hak Perwerdigäre mynajat edip ugranda, birhili öz gözgyny halyna özüniň haýpy gelip, hamsygyp goýberdi. Ol tasdanam: “Meniň ölesim gelmeýär, Taňrym, ýaşasym gelýär, ýaşasym gelýär!” diýip bady-baran aglap başlaýardy. Ýöne şol pille tutuş durkuny dolduran ejizlige gany gaýnan dek, kalby: “Naçarlama, naçarlama!” diýip, assalyk bilen ýylan ýaly haşşyldady. “Näme naçarlaýarsyň? Eger ejizlejek bolsaň kim saňa: “bu pişä başyňy goş” diýdi, ýatmaly ekeniň, Hudaý diýip, kakaň pahyryň Dargandaky üzüm bagynda! Synaga çydamajak bolsaň, ölümiňi boýun almak islemeýän bolsaň, Merwiň rustanynda ömrüni daýhançylyk-bagbançylyk bilen ötüren kakaň, kakaň kesbinden kemal tapýan agalaryň ýoluny dowam etmeli ekeniň! Kim saňa biliňe hanjar gysdyryp, bedew ata atlan diýdi, kim seniň goluňdan çekip, zor bilen gizlin işler diwanyna getirdi. Özüň aýagyň bilen bardyň. Saňa ýeňil şöhrat, tiz baýlaşmak höwesi itergi berdi. Seniň ömrüne depelerinden gum sowrup ýören kakaňdan, agalaryňdan tapawutlanasyň geldi. Ulus-iliň gözüne öz görkezen edermenlikleriň göz gamaşdyryjy lowurdysyna beslenip, şan-şarafat bilen ýalpyldap görnesiň geldi…Has dogrusy…”

Şu ýerde aňynda dörän täze pikir Nejebiň gabaklaryny terpenmäge mejbur etdi. “Has dogrusy, ulus-iliň gözüni däl-de, şöhrat donuna beslenip, baýlyk lybasyna çolanyp, Beýik Soltanyň synmaz häkimligine daýanyp, Merwde senetçileriň kürenlerinde, neçjarlaryň hatarynda ýaşaýan, Ysmaýyl neçjaryň gyzy Halymanyň balkyldap duran owadan gözlerini gapasyň geldi…”

Halymanyň tün gijede dogan Zöhre ýyldyzy deýin, lowurdap duran gözleri, gül jemaly hakydasyna gelende Nejep tolgunyp gitdi. Jelladyň şepagatsyz goly bilen para-para edilen bedeniniň yzasy, özüniň zeýli zyndanda ýatandygy, ýene-de sähel pursatdan gaýtadan başyna injek ezýet sekisiniň külpeti, gutulgysyz, jebirli ölüm… bu zatlaryň bary onuň huşundan gaýyp boldy. Hyýalynda diňe goşa ýyldyz deýin lowurdap duran garamyk gözler galdy. Ol jadyly bakyşdan doýup bilmän şol goşa garamygy synlady. Öpdi. Öpdi, ol gözlerden, öpdi, öpdi, doýup bilmedi. Gyrmyzy keteniň içinde tyrsyldap duran näzik bedeni, mymyk bedeni, pamyk bedeni, bigäne el degmedik, keseki göz görmedik bedeni bagryna basyp, gujaklap, sypalap-sermeläp, mähriden ganyp bilmedi. Şol mahal aşa tolgunyp, aýagyny gymyldadanda bolsa ýenjilip, mynjyran barmagy gaty topraga degip, agyrydan ýaňa beýnisi gyzyp gitdi. Nejep ukudan açylan ýaly, tisginip, başyny göterdi.

--Wa-a-ah! Gara gözleriňe iki jahanym sadaga, näzli dilber! Seniň üçin sergezdan bolup, şu hala düşmedimmi eýse! Seniň maňa mähirli bakmagyň üçin gara başymy etegime salyp, zalym çarhy pelegiň gerdişine düşdüm ahyry!

Nejep şeýle diýip pyşyrdady-da, ýene-de gola guýlan ýaly agyr gabaklaryny mejalsyzlyk bilen aşak sallady. Onuň argyn köňli gözleriniň öňüni örten tümlügiň içi bilen ýatlamalar ummanyna gaçdy… Her güýzde miweleriň şerbeti bala döneninden soň Nejep körpe ogla berilýän artykmaçlykdan peýdalanyp, kakasy bilen Merwiň “Jubuka bazaryna” öz baglarynda ýetişdiren miwelerini, miwelerden gaýnadylan toşaply golçalaryny satmaga äkiderdi. Sada oba oglany Nejep haýrana galyp “Gök bazaryň” jahan ýüzüniň ähli milletleriniň dürüşdesinden emele gelen tükeniksiz mähellesine aňkarylardy, murtlaryny pişge ýaly edip, aýlanyp ýören hyrsyz muhtasiblerden bolsa çekinip, kakasynyň arkasynda gizlenerdi. Emma muhtasiblerden çekinse-de ol her gezek kakasyndan galman, Merwe gidýärdi. Kakasy bolsa tutuş mizanyň dowamynda Merwe miwedir-toşap satmaga gatnaýardy.

Günlerde bir günem Nejep uly agasynyň sargydy boýunça kakasynyň beren üç sany mis dirhemini gysymyna gysyp, ykjam kätmen satyn almak üçin neçjarlaryň hatarynda aýlanyp ýörkä, kakasynyň yzyndan günorta naharyny getiren, şol horaşaja geýimli gyzjagaza gözi kaklyşdy. Göräýmäge ol gyzjagazda üýtgeşik bir özüne çekiji görmegeýlik hem ýokdy. Sary giden, köne köýnekli, aýagy öýde ýasalan çepekli, köýneginiň üstünden tüýjerip ugran, köne, ýama-ýama oýlugy geýen, başyndaky hasa dönen taýlasany assa şemala galgap duran, hor, eginleri gysby, ýüz-keşbi garaýagyz, hortap gyzjagaz Nejebiň beýleki görýän ähli gyzjagazlary ýalydy. Tapawutly zady ýokdy. Ýöne Nejep ataly-gyza üns bermän, deňelerinden geçip ötägitjek bolanda atanlykda onuň egni gyzjagazyň egnine kaklyşdy welin, ol Nejebe tarap, şakäse deýin äpet bolup, kiçijik ýüzünde lowurdaýan gözleri bilen şeýlebir seretdi. Şeýlebir seretdi welin, ömründe beýle ajaýyplygy görmedik oglanjyk, ýaňyja-da üns bereniňe degmeýän, görmeksiz gyzjagazyň aý jemalynyň demiňi tutýan gözelligine aňk bolup galdy. Gyzjagaz bolsa-da kakasyna düwünçegini goýdy-da agzyny öweldip, özüne garaýan oba oglanjygynda nazaryny hem ägindirmän, eli bilen, baýdak deýin pasyrdamaga dalaş edýän taýlasanynyň çetini saklap, gözden gaýyp boldy.

Gyzjagaz gideninden soň hem esli wagt haýrany-serasyma bolup duran, Nejep bolsa birhaýukdan özüne gelip, özüni jadylap taşlan goşa garamykly gyzjagazy agtaryp başlady. Kisesi kesilen ownuk söwdagäre dönüp, "Jubukanyň"[1] hatarlarynyň arasynda terslin-oňlyn ylgady, soňra bazardan çykyp, Merwiň kürenleriniň arasyna tutdurdy. Emma ahramy garamykly gyzjagazy tapyp bilmedi. Azaşmagyň bäri ýanynda, entäp-entäp, halys surnugyp, bazar sowlar uçurlary kakasynyň ýanyna dolananynda bolsa, aýtman-diýmän nirelerdir bir ýerlerde ygyp ýörendigi üçin mazalyja şäkert datdy. Soňra olar iki bolup, eşek arabalaryna münüp, Dargana gaýtdylar. Ýolboýy hem Nejep göýä, şol goşa garamykly gyzjagaz, taýlasanyny tug edip, yzlaryndan gelýän ýaly, şol ýeňsesine garandy bardy. Gije-de şol goşa ýyldyzyň lowurdysy onuň düýşleriniň özeni boldy.

Ertesi gün hem ol kakasy bilen bazara gelen batlaryna özüni dogalanana dönderen gyzjagazy gözlemäge ugrady. Ilkinji nobatda-da şol düýnki gyzjagazyň kakasy bolan neçjaryň söwda-satyk edýän ýeriniň golaýynda jaýlaşdy. Sabyrsyzlyk bilen, her pursatyny ýyllara dönderip hem, günorta bolaryna, neçjaryň yzyndan şol gyzjagazyň nahar getirerine garaşdy. Yhlasa-myrat diýleni, gün günorta ýakynlanda hem gyzjagaz düýnküsi deýin, düwünçegini göterip, assa ýöräp geldi. Kakasy bilen bir zatlar gepleşip, düwünçegini goýanyndan soň bolsa yzyna gitdi. Nejep hem garaba-garaba yzyna düşüp, gyzjagazyň öýüniň nirede ýerleşýändigini, şol öýüň goňşulygyndaky çagalardan soraşdyryp bolsa gyzjagazyň adynyň Halymadygyny, onuň kakasyna hem Ysmaýyl neçjar diýilýändigini bildi. Şol günden başlap hem Ysmaýyl neçjaryň garyp külbesiniň ýerleşýän köçäniň çatrygy, hepde-de iň bolmanda bir gezek Nejebiň meýletin garawulçylyk edýän ornuna öwrüldi.

Şeýde-şeýde aýlar aýlanyp, ýyllar ötdi. Nejep ýaş ýigit bolup ýetişdi, ol goşa ýyldyz-gözli gyzjagaz bolsa näzenin gözele öwrüldi. Emma ol gözel ýeke sapar hem özüniň şunça ýyllaryň dowamynda Nejep tarapyndan her ädiminiň yzarlanýandygyny duýmady, sebäbi Nejep gözel gyzy şeýlebir inçelik bilen, bildirmän yzarlaýardy welin, gadymy aýdymda aýdylyşy ýaly, gyzyň her ädiminiň dyngysyz gözegçilikdedigini "ne bag duýýardy, ne bagban". Ençeme ýylyň içinde Nejep ýeke gezek hem Halyma lak atmaga, onuň bilen söz açmaga synanyşmady. Sebäbi Halyma onuň üçin giden bir Keramatdy. Oňa habar gatmak hem onuň üçin Gudrata tokunmak bilen des-deňdi. Şol sebäpli hem Nejep Halymanyň özi bilen ýeke gezek gepleşip görmän hem, haçan-da öz gezegi gelip ýetende, ejesi assyrynlyk bilen özünden gelin gözleginde kimiň işigini açmalydygyny soranda ol Ysmaýyl neçjaryň adyny tutdy. Ejesi, gelnejesi bilen ýaňy tamdyrdan çykan mele-myssyk nanlary saçagyna dolap, Merwe ugranynda hem onuň gözleri ýolda galdy. Edil janköýer seýsiň çapyşykda bedewiniň ýolunda sadylla bolup galyşy deýin, irikgä bolup sawçylaryň getirjek habaryna garaşdy. Emma her pursatyny asyrlara dönderip garaşylan sawçylar guşlukda dolanyp gelenlerinden soň Nejebiň başyndan kyýamat-magşar indi. Ejesi ikije agyz söz aýtdy: "Ysmaýyl neçjarlar Halyma üçin eýýäm guda bolan ekenler". Ol sözleriň Nejebe edýän täsirini hiç kim duýmady. Sebäbi zandy syr bermezek Nejebiň hiç bir duýgusy ýüzüne çykmaýardy. Neneňsi

[1] Jubuka –orta asyrlarda Merw şäheriniň meşhur Gök bazary.

harasatlar gopsa-da, onuň göwnünde gopýardy, hiç kim hem özleri bilen äwmän-alňasaman gepleşip oturan ýigdiň kalbynda däli ummanyň gaýlaryna bäsleşýän tupanyň turýandygyny syzmaýardy. Şol gezek hem şeýle boldy. Ejesiniň sözlerini ýüzüniň terzini üýtgetmän diňlän, Nejep: “Hä şeýlemi, eje?! Bolýar-la, bähbit bolsun, başga gapyda gelin nesibäň bardyr-da!” diýdi. Özi bolsa birden çensiz-çaksyz rehimsizlik bilen depesinden basyp başlan mähnet asmanyň agramynyň astynda darka-darka ýarylyp, pytrap barýardy. Ejesiniň guýup beren çaýyny käseden käte bir owurtlan bolup, baglarynyň bu ýylky hasylynyň öten ýylkydan pesdigi hakynda söhbet eden bolup otyrdy. Biline depilen ýylan ýaly, agyra çydaman towlanýan göwni bolsa göwresiniň dar galybyna sygman, bulanyp-towlanyp iňleýärdi.

Nejep şonda çaýyny içip boldy-da, baglarynda işlemek bahanasy bilen öýlerinden çykyp gitdi. Ol gideninde hemişekisi ýaly adaty gadam urup, howlukman gitdi. Kalby bolsa yzyndan tazylar kowalaýan boz jeren dek, tasap, ümdüzine tutduryp barýardy. Çydap-çydap, köňlüni gemrip barýan hasrata per bermän, zordan baglarynyň iň pynhan künjüne ýetdi. Şol ýere geçip hem Allatagaladan özge hemme zatdan gizlenip, tenha özi, hamsygyp aglap başlady. Aglady. Gözleriniň gözýaşyny kepedip bilmän, diňe erkekleriň aglap bilşi ýaly, sojaman, horkuldaman, diňe gözlerinden boýur-boýur döküp, tutuş dünýäsi bilen iňläp, hasratdan ýaňa melul bolup, yranyplar aglady. Şol gözýaşlary bilen bilelikde-de onuň ýigit göwnünden ähli zatlar gözlerinden akyp, ýere siňip ýitip gitdi. Geljege bolan ynam, höwes, durmuş şatlygy, bagta ýetmek arzuwy…Nejep boşap galdy. Öz baglarynyň pynhan künjüne guşlukda ýaş ýigit Nejep geldi, ol ýerden peýşinde bolsa düýbünden başga Nejep turup gaýtdy. Şol pilleden başlap oňa hiç zat gerek bolmady. Halyma hem, ýaşlygy hem, geljegi hem, hatda ýaşaýyş hem… Onuň üçin bar zat gutardy. Jahanda ýaşara, umyt edere, begenere hiç zat galmady. Mežnun tüweleýden soň tozap ýatan düzlükdäki ýaly, onuň guran yhlasynyň peşmegi hem göwnüni assaja yraýan hesret şemalyna şol iki-ýana togalandy ýördi. Şol haňlap ýatan boşluk hem Nejepde ençeme günläp dowam etdi. Günlerde bir gün bolsa Nejep irden oýananda ol öz kalbyndaky tep-tekiz boşlugyň deregine Halyma üçin hiç bir zatdan we hiç kimden gaýtmajak, hiç haçan yzyna dönmejek göreşe taýýar bolan aýgydyň dörändigini duýdy. Şondan soň Nejep galan ähli zady kör edip, irdenden agşama çenli, yns-jynsyň gözüne ilmän, Halymanyň yzyna düşüp ugrady.

Ahbetinem günlerde bir gün, ol öz maksadyna ýetdi. Golaýlarynda bolan toýlaryň birinde märeke bolnup, atly bagşylaryň biri diňlenende, Nejep guba gazlaryň içinde ak guw kimin sülmüräp duran Halymanyň ýaş ýigitlere tarap ogrynça oklaýan nazaryny yzarlap, özi üçin jahanyň genji-hazynalaryndan gymmatly bolan bakyşyň kime niýetlenýändigini bildi. Halyma assyryn hazary bilen Hasan külalyň ogly Şadynyň keşbini mähirli sypaýardy. Şady hem näzli dilbere edil şeýle bakyş bilen jogap berýärdi. Olaryň gözleri bilen gepleşip duruşlary Nejebiň bagryna ok bolup sanjyldy. Nejep eýýäm şol günüň ertesi sorap-idäp, Şadynyň soltan goşunyna gulluga ýazylandygyny bildi.

Şondan soň hem Nejep Şadyny özüne bäsdeş edinip, soltanyň gizlin işler diwanynyň işiginden bardy. Halypasyndan pähim sapagyny alan Şaraf-al-mülk, öňünde duran türkmen ýigdiniň gönüläp, fiskal hökmünde gulluk etmekçidigini aýdyp gelmegini

juda geň görse-de, syr bermedi. Gizlin işler diwanyna beýdip hyzmatyny hödürläp ýa-da totänden gelýän adam ýokdy, bu diwana soltana nijeme ýyllap wepaly hyzmat edip, başarnygyny, ukybyny görkezen, taplanan adamlar alynýardylar. Çünki gizlin işler diwanynyň her bir tabşyrygynyň astynda şol ýumşy ýerine ýetirýän adamyň gara başy üçin ägirt uly howp-hatar ýatýardy. Iň bir ýönekeýje ýumuşlary bitirmek üçin hem köp ýylyň tejribesi bilen juda uly başarnyk zerurdy. Onsoňam gizlin işler diwanynyň ýekeje gullukçysynyň bitirýän birje ýumşunyň köp halatda müňläp leşgeriň hötdesinden gelmejek döwlet bähbitli işini amala aşyrýan ýagdaýlary hem seýrek bolmaýardy. Edil şonuň ýaly gizlin işler diwanynyň gullukçylaryna tölenýän hak hem olaryň üstüne abanýan howp we bitirýän hyzmatlary bilen barabardy.

Ýöne näme üçindir Şaraf-al-mülküň öz ýanyna hyzmatyny hödürläp gelen ýigide syny oturdy. “Göni gelen keýigiň iki gözünden özge aýby ýok” diýen nakyly içinden gaýtalan Şaraf-al-mülk, ertesi gün hem Nejebi soltanyň gizlin işler diwanyna gulluga aldy. Nejebe bada-bat ýumuş buýurmadylar. Bir ýarym ýyldan gowrak wagtlap oňa beýleki ýaş gullukçylar bilen bilelikde tälim berdiler. Dürli dilleri, däp-dessurlary, gizlin çapar-fiskallyk sungatynyň inçe syrlaryny öwretdiler. Türgenleşikler gurap, olaryň yzyna aňtawçylary saldylar, olardan sap atyp gaçmagy, gizlenmegi, aňtawçylaryň arasyndan ýylan kibi suwlup geçip, gözlerinden gaýyp bolmagy, okamagy-ýazmagy, ençeme sahypalyk maglumaty ýat beklemegi, gerek ýerinde san taýdan agdyk duşmandan goranmagy…umuman gizlin işler diwanynyň gullukçysynyň her ädimi bela-beterden doly ýolunda ähli zada taýýar bolmak üçin zerur bolan ähli zady aňyna guýdular, bedenine endik etdirdiler. Ilkinji tabşyrylan ýeňiljek ýumuşlary kemsiz-kössüz bitirip gelmegi bolsa Nejebiň bu ugurdan guýmagursak zehininiň bardygyny ýüze çykardy. Assa-ýuwaşdan oňa kyndan-kyn tabşyryklary berip ugradylar. Kähalatda ol sahyp-bariýleriň bitirýän ýumuşlaryny hem ýerine ýetirip ugrady. Şeýde-şeýde hem Nejep soltanyň gizlin işler diwanynyň iň başarjaň gizlin çaparyna öwrüldi. Juda köp ýagdaýlarda döwletiň ykbaly onuň başarjaňlygyna hem bedewiniň ýyndamlygyna ynanyldy. Bitiren hyzmatlary üçin serpaýy hem ýetdi. Emma ady-abraýy näçe ýokary galsa-da Nejep üçin az ýalydy. Sebäbi şol bir mahalky toýda Halymanyň Şadynyň keşbini mähir bilen sypaýan näzli nazary onuň hakydasyndan gitmeýärdi. Ol şol nazaryň özüne bagyş edilýändigini gijeler düýşünde görýärdi, gündizler gursagynda göterýärdi. Aýazlarda üşese şol nazar hakynda arzuw bilen ýylynýardy, epgeklerde suwsasa, şol nazaryň arzuwy bilen teşneligini unudýardy. Onuň pikiriçe-de arzuwyna ýetmek üçin diňe ýekeje ýol bardy. Şöhratyň we baýlygyň zerli ýapynjasyna çolanyp, külli Merw iline özüni göz edip, Halymanyň gözlerini gapyp, kalbyny aňk edip, onuň göwnüni Şadydan dändermekdi.

Elbetde Nejep garaýürekli, özgäniň betbagtlygynyň harabasynda öz bagtynyň binýadyny tutmak üçin ähli nejisliklere taýýar bolan näkes däldi. Ol aşykdy. Halymasyz hem onuň üçin ýaşaýyş ýokdy. Ýeke özi galan pursatlary Nejep içinden boşlukdan dolup gezen günleri göwnünde öz-özünden dörän jümläni gaýtalap ýörýärdi.

“Sensiz maňa ýok, bu jahanyň gymmaty,
Seniň bilen bolmaly diýseler eger,
Sagynman dowzaha çalşardym jenneti.”

Şunuň bilen hem gep gutarýardy. Nejep Halyma bilen dowzahda ýaşamaly bolsa-da razydy.

--Eý Türkiman beçesi, gözle bu ýana!

Süýr depesinden eşidilen hazar şiwesinde aýdylan, çalgyrt pyşyrdy zyndanyň çuňlugyna düşüp güňleç ýaňlananda Nejep tisginip gitdi-de, ýarym ukuly ýatlamalaryndan açyldy. Ol başyny göterdi welin, onuň öňüne ýüp merdiwanyň asty patylap gaçdy.

"Ýene-de gynalmaga çykmalymyka?" diýip, Nejep umytsyz oýlandy. Onuň ýerinden galyp, ýüp merdiwana aýagyny goýasy gelmedi. "Ýene-de ezýet sekisine eltilip ýatyrylanyňdan soň "Hatdat" hem dadyňa ýetişmez, hiç kim hem! Men görgüsi ýaman, dazzarkel deýin bedenimi tüýtmelejek jellatdan özge hiç kimsä gerek däl!" Bu tukat pikirine onuň kalbyny çensiz-çaksyz umytsyzlyk doldurdy. Emma Nejep ýerinden turman hem bilmedi. Sebäbi zyndandan çykanda haýal-ýagallyga ýol berse hyrsyz rumlularyň ýa-da hazarlaryň aşak düşüp, özüni suwasalma etjekdiklerine hem-de bilinden ýüp daňyp, ýokaryk dartjakdyklaryna akyly ýetýärdi. Şonuň üçin Nejep bihuda ýere süteme sezewar bolmazlyk üçin aýaga galdy-da, merdiwana aýagyny goýdy. Onýança ýene-de ýokardan çalgyrt pyşyrdy güňleç ýaňlandy:

--Bejit bolaýt, türkiman beçesi, zaňňar!

"Näme göçüň geçip barýarmy diýsene?" diýip içinden janagyryly pikir öwren Nejep, sesini çykarman ýokarylygyna dyrmaşyp ugrady.

xxxxx

Roman Diogeniň leşgerindäki hakyna tutma gypjak atlylarynyň serdary Beçene han, özüniň zer-zerbap bilen bezelen kaşaň han öýüniň töründe, daş-töweregine zerli nagyşlar gaýalan güdri-güpjekleri çar-para taşlap, üç-dört gat edip astyna ýazylan ýumşak körpeçäniň üstünde, atan-satan bolup, her aýagyny bir ýaňa taşlap, çäşerilip, ýatyrdy. Onuň hytaý ýüpeginden dony, ortadaky ojakda ýanýan alawyň ýalkymyna lowurdap, tolkunyp, älemgoşar reňkleri bilen öwşün atýardy. Gymyzdyr-aýrandan mes bolan, gyrçuw sakgally, gazakpisint, ýaşy ýaňy otuzdan agan hanyň bolup ýatyşy esgere hem-de serkerdä çalym etmese-de, guýlan kenege kybapdaş beden gurluşy, onuň oýnagynyň at-ýaragdygyna şaýatlyk edýärdi. Eline maňyz bilen nohut garylan kişmişli mejimäni alyp, işikden giren gyrnaga gözüniň gyýtagyny aýlan han, öňünde oturan, orta ýaşlaryndaky, mürzesypat adam bilen edýän gürrüňini şarpa kesdi-de, närazy äheňde çora, ýeke agyz:

--Çyk!-diýdi, soňam höküm etmäge endikli adamyň äheňinde:--Menden bidin, indi şu çadyra bir adamyň hem aýagy sekmesin!-diýip üstüni ýetirdi.

Çorynyň çykyp giderine mähetdel, ol ýene-de arasy bölünen gepini dowam etdi:

--Hawa, onsoň Ahmetýar, sen aýt bizlere, türkiman soltany bizlerden ne isleýor?

Parasaty bilen külli Rum ilinde şöhrat gazanan Tibon Grahusyň şahsy hatdaty Ahmetýar, ýüz-keşbiniň şol bir bolşuny üýtgetmän, özüniň hemişeki parahatlygy bilen gepläp başlady:

--Hormatly hem sarpaly serkerde, Beýik Soltan Alp-Arslan, öňki aýdyşym ýaly, Size, türkmenleriň doganlary hem-de ganybir garyndaşlary, edermen gypjak halkynyň görnükli Serdaryna, köp dogaýy salamlary göndermek bilen, Siziň başyňyzyň dik we janyňyz sag bolmagyny, Siziň we türkmenleriň, galyberse-de külli Muhammet Alaýyhssalamyň ymmatynyň goragçysy we penakäri, ýagty jahany ýaradan we döreden Haktagaladan dileýär!

Ahmetýar hatdatyň şüwlümli sözleri gulagyna hoş ýakan, gaýduwsyz böriniň we haýýar tilkiniň häsiýetlerini özünde jemleýän Beçene han: “dowam ediber” diýen terzde baş atdy.

--Bitiren beýik işleriniň we edermenlikleriniň şöhraty hazarlaryň, urusutlaryň ülkelerini aýlanyp, Pereňe, Ruma, Turana we Eýrana, ondan hem Hindi ýurtlaryna dolan, merhemetli han! Soltan Alp-Arslan şu kyn we jygba-jyg pursatda, türkmenleriň hem gypjaklaryň aslyny bir kökden, ýagny Oguz han Türkmenden alyp gaýdýandygyny, türkmenleriň we gypjaklaryň birek-birege dogandygyny, ganybirdigini, men Taňrynyň günäkär gulunyň üsti bilen Siziň alyhezretleriňize ýatlatmagy makul bilýär! Merhemetli serdar, külli türkmen iliniň hökümdary, doganlyk borjuny ýadyna salyp, rum leşgeri bilen boljak söweşde iki garyndaşyň, gypjak bilen türkmeniň, biri-biriniň ganyny dökmezligini isleýär. Elbetde sany iki ýüz müňden geçýän rum leşgeri Beýik soltanyň leşgerinden ýigrimi müň adam çemesi köp, ýöne bu wagt rum leşgerine gaplaň kimin okdurylyp gelýän Soltan Alp-Arslanyň ýanynda diňe onuň Müsüre ýöriş etmek üçin taýýarlan saýlama türkmen atlylary bar, ol bolsa ýene-de ogly Şazada Mäligi hem beýik wezir Nyzam-al-mülki, heniz Şam ilinde rum kaýsarynyň türkmen ülkelerine tarap ýygyn dartyp ugranyny eşiden badyna, paýtagt şäherine ugratdy we olaryň Merw-şahu-jahandan Anadola tarap dört ýüz müň atlydan ybarat goşun bilen ýola düşenlerine bir hepde boldy. Allatagala türkmenleriň tarapynda! Nesip bolsa rum leşgeri bilen darkaş gurmaly pursadyň öň ýanynda ýa-da yzysüre, ol leşger hem Beýik soltanyň golastyna gelip ýetişer. Onsoň Beýik soltan Alp-Arslanyň garşysyna gylyç göterip, naýza parlatmaga het eden ýagynyň dat gününe! Rum kaýsarynyň leşgeri Türkmen soltanynyň ymgyr goşunynyň öňünde şemalyň demine düşen kirşen üýşmegi deýin pytrap, dagap gider. Ýöne Beýik soltanyň howatyr edýän zady, şol leşger, türkmen goşuny bilen rum goşunynyň darkaş gurmaly müddetinde gelip ýetişmezligi mümkin, bu ýagdaý bolsa Beýik soltanyň ikuçsyz gazanjak ýeňşini biraz yza tesdirer hem-de türkmenler tarapyndan beriljek pidany köpelder. Beýik soltan bolsa öz wepadar nökerleriniň gymmatly ganyny bihuda ýere dökmek islemeýär, şonuň üçin hem öz dogany hem garyndaşy bolan Size, salamlar gönderip, birek-biregiň öňündäki garyndaşlyk borçlarynyň berjaý edilip, rumlularyň hatyrasyna ganybirleriň birek-birege gylyç götermezligini isleýär we Size hem, Han hezretleri, şony ündeýär we Sizden haýyş edýär.

Ahmetýar sözüne dyngy berdi-de, öz sözleriniň gypjak serdaryna neneňsi täsir edendigini bilmekden ötri, gabak astyndan oňa tarap gözüniň gyýtagyny aýlady. Beçene han gözlerini mekirlik bilen süzüp, gymyzly şakäsesinden owurtlan bolup, ýassyga ýaplanyp ýatyrdy.

--Merhemetli han hezretleri, Beýik soltan Sizden, rum leşgerleri bilen türkmen goşuny söweşe başlanda söweşe goşulmazlygy towakga edýär!-diýip, Ahmetýar ýene-de sözüni kesdi. Ol: “Ýeri bu teklibe näme jogap berersiň?” diýen terzde, Beçene hanyň ýüzüne soragly bakdy.

Mekir gypjak hany Ahmetýaryň garaýşyna düşünip aňyrsyna geçse-de, mönsüräp, geplemäge howlukmady. Ol daşyndan äwmezlige salsa-da, içinden ýetişibildiginden pikir öwürýärdi: “Häzir ýüz segsen müňlük goşuny bar, soň hem ýene-de dört ýüz müňlük leşgeriň Merwden bu ýana ýola düşenine ýedi gün bolupdyr, bu aýýar hatdatyň üstüne goşup, köpeldip aýdýanyny hasaba alanyňda-da, bar, soltanyň ýüz müňlük goşuny bar bolup, Merwden hem bar iki ýüz-üç ýüz müň adamlyk goşun ýola düşmäge taýýar duran bolsun! Owf!” Beçene han uludan bir demini aldy. “Şonda-da juda kän! Rum kaýsarynda bolsa islendik pursatda wada berleninden has köp tylla teňňeleri görkezilen tarapa dönmäge taýýar hakyna tutma taýpalaryň atlylaryny hasaplanyňda iki ýüz müňden gowrak esger bar. Emma bu leşger rum kaýsarlygynyň orta çykaryp biljek barça güýji bolup durýar, şundan başga tutuş kaýsarlygy elek edip, dürre gamçynyň astyna alanyňda-da ýekeje esger hem çykmaz, şu goşun paýhyn edildigi, rum kaýsarlygy türkmen bedewleriniň toýnagynyň astyna düşýär. Türkmen soltany ýeňiläýen ýagdaýynda bolsa, ol yza çekiler-de, täze, has güýçli, has köp goşun toplap, Ruma dökülerler, rum leşgerini kül-peýekun edip hem, asyrlaryň dowamynda çar ýanyny hökmürowanlygy hem diýdimzorlugy bilen endireden kaýsarlygy bedew atlarynyň toýnagynyň astyna salar. Soňra bolsa rum kaýsaryna özlerine garşy göreşmäge ýardam beren hakyna tutma taýpalaryň garşysyna hereket edip başlarlar. Uzlary, hazarlary we bizleri bolsa ymgyr türkmen soltanlygy ýeke-ýekeden hem, bütewilikde hem, tapawudy ýok, emgenmän boýun egdirip, golastyna düşürer, şeýdip hem urusut ülkelerinden Dagystana çenli ýaýylyp ýatan düzlükde, gypjaklaryň-a häkimligi, Beçene hanyň hem Baş hanlygy tamam bolar. Uly boýuny kiçeldip, Beçene handan towakga eden Türkmen soltany, öz sözüniň ýykylandygyny hiç kime bagyşlamaz, unutmaz, asmana uçsaň aýagyňdan çeker, ýere girseň gulagyňdan, emma ahbetin soltan sarpasyny saklamandygyň üçin agtaryp tapyp, mynasyp jezaňy berer. Onda näme etmeli?”

Beçene han, şakäsesini ýerde goýdy-da, takyr kellesini sypalady. Hemişe köp oýlananda bolşy ýaly onuň kellesi agyryp ugrapdy. Ol gijäniň bir wagty, çagyrylmanka gelip, kellesini agyrtmaga het eden Ahmetýara tarap närazy nazaryny aýlady. Soňra dagy näme etjegini bilmän, ýene-de gymyzly şakäsäni eline alyp, owurtlady. Hemişe agzyna ýarap gidýän gymyz bu gezek dury suw ýaly, hiç-hili tagamsyz bokurdagyndan geçip gitdi. “Gör, munuň jikjeriläýşini! “Garyndaş, garyndaş” diýen bolup, baý jöwlan urýar-a! Eger sözüňizi ýyksam, rum leşgeri hem birden ýeňiläýse, onsoňam men penjäňize düşäýsem, asyl garyndaşlygym ýadyňyza düşmez, bada-bat tary-mar edip, her tikämi gulagyma dönderersiňiz!” Birdenkä oslagsyz ýerden, Ahmetýaryň ýüzüne dikanlap ýatan Beçene hanyň pikir akymy başga ugra gönükdi. “Aslynda şu ýedi deryýanyň suwuny içen, aýýar hatdat, “garyndaş” sözüni köp gaýtalaýar welin, onuň öz milleti nämekä? Gypjakmyka? Biziň dilimizd-ä ol menden gowy gepleýär, keşbi hem bizleriňkä çalym edýär, ýa özünden soraýsammykam?” Emma Beçene han näme üçindir

Ahmetýardan onuň milletiniň nämedigini soramak üçin agzyny açandygyna garamazdan, hilegär gözlerini süzüp, düýbünden başga zatlary gepläp ugrady:

--Sen-how, taýpadaş, Türkiman Soltanynyň goşunyny çoh artdyryp aýdyp oturyp sen, bizleriň eşitmişimize görä, türkimanlaryň sany ýetmiş-segsen müňden kän däl ýaly-la, Merwde hem ýaňy bir altmyş-ýetmiş müň adamlyk goşuny toplapdyrlarmyş, a sen bolsa munda ýüz segsen müň diýdiň, onda dört ýüz müň diýdiň, munça ýüzler küje, müňler küje, ýa sen çoh petde lap urup oturypmy sen?!

Beçene hanyň bu sadaja pirimini ol gepläp ugran badyna ýoran Ahmetýar keşbiniň şol bir üýtgewsizligi bilen:

--Han hezretleri, kim Siziň hezretleriňize beýle ýalan habary getirip berýän bolsa, şol adam Size ýagşylyk islemeýär hem-de türkmenleriň we gypjaklaryň birek-biregiň ganyny dökmeklerini gurnaýar-diýdi.

Ahmetýaryň her bir hereketini sypdyrman synlap oturan Beçene han atan okunyň boş geçendigine düşündi, ol ýene-de äwmezlik bilen gymyz owurtlap, oýlanyp ugrady. “Dogrusyny aýdýar, eşekataly! Türkmenler onuň aýdyşy çenräk bar bolmaly! Onda näme etmeli?! Etmelisimi?!” Birden Beçene han dikelip oturdy-da, dyzmaç çarwa adamlaryna mahsus ganygyzgyn aýgytlylyk bilen: “Etmelisi, ertiriň özünde gidip, Tibon Grahusdan özümiň otuz müň gypjak atlymyň töleg hakyny alaýyn, birdenkä türkmenlere dönmeli bolsa-da, goý köýmesin, almak-almakdyr-da! Bu aýýar gypjakla bolsa özümiň rumlulardan söweş başlanan güni dänjekdigime söz bereýin, söweş güni bolsa üstümizde Hudaý bar, türkmenler asgynlasa rum leşgeri bilen olary kül-peýekun etmäge gatnaşaryn, eger-de rumlular asgynlasa, onda, Taňrynyň türkmenleriňkini oňladygy, rumlularyň gününe it aglar! Men öz gypjak atlylarym bilen rum leşgeriniň gap bilinden uraryn!”

Hilegär gypjak serdarynyň oýlaryny ýüzünden okap oturan Ahmetýar amatly pursadyň gelendigini aňdy. Ol goltugyna elini urdy-da, ondan iki sany ep-esli agramly haltajygy çykaryp, Beçene hanyň öňünde goýdy. Haltajyklara nazar aýlan Beçene hanyň gözleri açgözlülik bilen ýyldyrap gitdi. Ol ýene-de mönlüge saldy:

--Bu näme Ahmetýar?

--Han hezretleri, bu Size Beýik Soltan Alp-Arslanyň doganlyk sowgady. Ol Size özüniň genji-hazynalaryndan elli müň altyn akja bahasy bolan göwher daşlaryny serpaý hökmünde ugradýar we Siziň öz garyndaşlaryňyzy kyn günde goýman goldajakdygyňyza, rumlular bilen söweş gününde rum leşgeriniň çep ganatyny ýalaňaçlap, olaryň böwründen zarba urjakdygyňyza ynanýandygyny aýdýar.

“Elli müň teňňelik göwher daşlar!” Beçene han gulagynyň eşidenine ynanman, içinden ol sany gaýtalap gördi, aň ýetireninden soň bolsa, gymmatbaha daşly haltajyklara topulmazlyk üçin özüne zordan basalyk berip, Ahmetýara baş atdy:

--Hoş bolgaý, babadaş! Bizler öz aslymyzyň, kökümiziň türkimanlar bilen birdigini, Düýp babamyzyň Oguz handygyny hiç haçan, hiç bir ýagdaýda unutmaýarys, rumlular bilen bolsa bizler bala-çagalarymyzyň eklenji üçin gaýtdyk, özi hem diňe ýörişde rum kaýsarynyň garyndaşlarymyz bolan türkimanlaryň üstüne ýygyn dartyp barýandygyny eşitdik, onsoň şol sebäpli hem rum kaýsarynyň leşgerinden saýlanmagyň tärini agtaryp ýördük, indi bolsa köp ýahşy bolady, biz öz doganymyz soltan Alp-Arslanyň bizlerden

haýyş kylyşy ýaly, söweş güni rum leşgeriniň çep ganatyny açyp, olaryň böwründen hanjarymyzy sokarys. Şol mynasybetli hem sen, babadaş, bizlerden hem doganymyz soltan Alp-Arslana köp dogaýy salamlary ýetirip iber we biziň öz doganlarymyzy müşgil ýagdaýda goýmajakdygymyzy aýdyp ýetir!

Beçene han sözüni gutardy-da, gepleşigiň tamamlanandygyny, özüniň hem ýadandygyny düşündirmek isleýän ýaly, şakäsesini desterhanda goýdy. Ýüpek desmal bilen agzyny süpürip, tersine döndi. Ahmetýar Beçene hana baş egdi-de, çadyrdan çykyp gitdi. Ol çykyşyna hazarlaryň düşlegine tarap ýöneldi. Ýolda barýarka-da: “Nätjek, Watan bähbidi üçin doňza daýy diýip, sözläp bilen ýalanyňy sözlemeli bolýar-da! Watan bähbidi üçin her bir hile-pirim ýagşylykdyr!” diýip oýlandy.

Tüm-garaňky gije rum goşunynyň ägirt uly meýdany tutup ýatan düşlegini tutuşlygyna gabsapdy, her ýerde, her ýerde ot ýakynyp aýlanyşyp ýören sak garawullardan galan goşun ýarygijeden agandygy sebäpli, agyr ukuda ýatyrdy. Göniburçluk görnüşinde gurlan çadyrlaryň arasyndan sap atyp barýan Ahmetýary garawullaryň käbiri saklasalar-da Tibon Grahusyň ady agzalan dessine onuň ýoluny azat edýärdiler. Şonuň üçin hem Ahmetýar kynçylyk görmän, hazar atlylarynyň düşlegine ýetdi. Tibonyň ady bilen ol hazar sakçylarynyň hem deňesinden säginmän geçdi. Ýöne ol bada-bat atlylaryň serdarynyň çadyryna ýönelmedi. Ol düşlegiň gyrak-çetinde söner-sönmez bolup ýylpyldaýan, assa alawyň ýakynynda, şemala yrgyldaýan gamyş kimin, iki-ýana yranyp duran, hazarlaryň sülsadyndan galmaýan diwana ozanyň ýanyna bardy. Onuň gapdalynda aşak çökdi-de, gözüniň kesişiçe daş-töweregine seretdi. Çar ýanlarynda yns-jynsyň ýokdugyny görübem, diwana tarap egildi. Özüni diňleýäniň hazar ozanydygyna garamazdan Ahmetýar arassa türkmen dilinde gepläp ugrady:

--Tibon Grahusyň çadyryndan otuz tanap günbatar tarapda gurruk guýy bar. Ol gurruk guýyny baş geňeşdaryň jellady zyndan hökmünde ulanýar, şol zyndanda hem gizlin çapar ýatyr. Ony iki günläp gynadylar, merdi-merdana ekeni, ýeke söz hem alyp bilmediler, ýöne ony ertire goýup bolmaz, ertir jellat onuň janyny alar. Beýle goç ýigidi ýitirsek, biziň ähli işimiziň bahasy bir jinnek bolar! Şonuň üçin hem häziriň özünde ony azat etmegiň gamyny iýiň, zyndandan çykaranyňyzda ýagdan gyl sogran ýaly ediň, soňra bolsa onuň bilen bilelikde maňa düşlegiň günortasyndaky sümme tokaýlykda, hemişeki buljum oýda garaşyň, çapary boş ugradyp bolmaz, ondan beýik wezir hezretlerine ugratmaly maglumatymyz bar! Düşnüklimi?

Hazar ozany baş egdi-de:

--Gulak asýan we boýun synýan, tagsyr!-diýip pyşyrdap, gysgajyk jogap gaýtardy. Ahmetýar hem oňa baş atdy-da, ýerinden turup, hazarlaryň serdarynyň çadyryna tarap ýöneldi. Ol gideninden soň biraz wagt geçirip, hazar ozany hem telbelere mahsus hereketde iki ýana hallan atyp, nirädir bir ýerlere tarap ýöräp gitdi. Gije-gündiz ýatman entäp ýören, nirelerde näme işleýändigi näbelli, däli hazar ozanyna sakçylaryň hiç biri üns bermedi.

xxxxx

…Nejep zyndanyň erňegine ýetdi-de, elini uzadyp ýapyşmakçy boldy welin, iki sany rehimsiz penje onuň ysgynsyz golundan göýä kasasy köýen ýaly, şatyrdadyp tutdy.

Hyk-çokuna pitiwa etmän, zyndanyň daşyna dartdy. Soňam onuň gowşak bedenini bir bogdak arpa deýin, ýere zyňyp goýberdiler. Daşly ýere gütüläp düşende Nejebiň her nokady azar bilen sorkuldaýan bedeni agyrydan ýaňa dartylyp gitdi. Nejep nädip naýynjar iňlänini hem duýman galdy. Şol pille-de onuň garaşmadyk ahwalaty bolup geçdi. Gollaryndan penjeläp ýere zyňan rum esgeriniň oňa tarap ädim ädeni hem şoldy welin, birhili ýagyrnysyny tagaşyksyz tutmaga synanyşdy-da, janhowully hykylap, ýüzinligine gaýtdy. Onuň ýeňsesinde duran ýüzi nikaply iki sany pyýadanyň biri bolsa hanjaryny garawulyň ýagyrnysyndan sogrup, onuň gyrmyzy ýapynjasyna süpürdi. Soňam arassa türkmen dilinde:

--Näme muny penjeläberip, ýere zyňyp iberiberer ýaly, eneň dogurdymy, bu bendäni, köpeý ogly zaňňar, diýmäýin diýsem?!-diýip pyşyrdady. Onýança beýleki ýüzi nikaply pyýada howlukmaç parahatlyk bilen Nejebiň ýakynyna bardy. Wawwasy bar ýaly, emaýly seresaplylyk bilen goltugyndan galdyrdy:

--Inim! Bir ýeriňi döwäýen-ä däldir-dä, bu itiň ogly?!

Ýüzi nikaply daýaw pyýadanyň sowalynda jemlenen mähirden ýaňa Nejebiň bogazy dolup gitdi, ol gepläp bilmän başyny ýaýkady. Oňa ýerinden turmaga kömek eden pyýada garawulyň ýanynda duran ýoldaşyna närazy garady:

--Mydama sen howlugýarsyň! Hemişe sen gyssanýarsyň! Men ýaňy aýtdym saňa: “Garawula degmeli däl, diňe: “Ýesiri jelladyň ýanyna eltmeli” diýip, aldap, bendini alyp gitmeli. “Diwananyň” buýrugy, bendini ýagdan gyl sogran ýaly alyp gitmeli” diýip! Sen bolsa nätdiň? Häzir, ýene-de az salymdan düşlegiň saklawy bu ýere aýlanmaga geler we jesedi tapar, onsoň bir pursatda ägirt uly düşlegiň her bir ykmanda itine çenli örüzerler, alysdaky gorag saklawlarynyň ähliisini aýaga galdyrarlar, çar ýana kowgy toparlaryny ugradarlar, ikimiz-ä näme, bu ildeşi “Diwananyň” aýdan buljum ýerine elteris-de, hazar düşlegine dolanarys, hiç kim hem iki sany hakyna tutma hazar atlysynyň türkmen ýesirini azat edendiklerini güman etmez, ýöne bu bedibagtyň başyna nä günleriň düşjekdigini bilýärsiňmi? Ony müňläp adam agtaryp başlar, ol bolsa iki günläp gynalandan soň, zordan aýaküstünde dur. Şeýle halda uzaga gaçyp biler öýdýärsiňmi? Wah diýdimem-le, “Diwana”, “Inimi alyp gitmäýin, ýeke özüm baraýyn” diýsem ol gaýta: “Ýeke barsaň şübhe döreder, äkit” diýdi-dä! Bilýärin-le, senden peýdadan köp zyýanyň geljekdigini…

Beýleki pyýada Nejebiň söýenip duran pyýadasynyň jibrinmeli käýinmesini boýunalyk diňläp durşuna, müýnli hymyrdady:

--Bagyşla agam, it oglunyň bu doganjygymyzy misli bir halta saman deýin şalkyldadyp, ýere zyňyp iberibermesi halys degnama degäýdi-dä!

Agasy Nejep bilen hol allaowarrada äpet garaňkylyk üýşmegi bolup, çala saýgardýan tokaýlyga tarap mytdyldap barşyna, ýene-de inisine hüňürdemän durup bilmedi:

--Hemişe sen şeýle! Beýik soltan Ahlada ýöriş edeninde hem, Ahlatda, şäheri goraýjylaryň arasyna girip, zabt edilýän galanyň derwezesini daňa ýakyn açanymyzda, seniň gyzmalygyň sebäpli, haýal-ýagallyga ýol berip, soňra men Şaraf-al-mülkden käýinç eşitdim. Şonda-da seniň türkmenlere hapa-paýyş sögünen derwezebanlara gaharyň gelip, derwezäniň asma köprüsiniň urganyny çapmagyň deregine, olaryň bir-iki

sanysyny gylyçdan geçiripdiň. Seniň aljyraňňy gyzmalygyň zerarly biziň ikimiz entek hem soltanyň gizlin işler diwanynda üçünji derejeli işlerde, fiskallardan sähel tapawutly orunlarda güýmenip ýörüs! Atamyz pahyr saňa herniçe jowranyplar aýdardy: “Gyzmalyk etme, gyzmalyk etme, oglum, gyzmalyk oňatlykdan başga ähli zadyň üstünden elter” Indem kakamyz görgüli pany dünýeden öteli bäri, men saňa onuň sözlerini nijeme ýyl bäri gaýtalap-gaýtalap lenjini çykardym, şonda-da sen öňküňden tapawut etmeýärsiň! “Küýkini gabyr düzeder” diýenleri, senem görýän welin aýatda düzeljek däl ýaly!

Birdenem Nejep bilen barýan pyýada hemdeminiň ýeňselerinden müýnli halda mytdyldap gelýändigini gördi. Onuň içi ýandy:

--Ýeri indi muňa näme diýjek diýsene?! Sen-how ilkinji gezek “öýlenýän” ýaly-la?! Näme iýmden doýan öküz dek ýüzüňi sortduryp gelýärsiň, yzyňy bir ýygna ahyry! Dolan-da ýaňky rumlynyň jesedini naýzasyna söýäp, zyndanyň edil ýanjagazynda dikip goý! Iň bolmanda düşlegiň saklawlary biziň maňlaýymyza alysrakdan geçäýse, garawul dynç alyp duran ýaly bolup görünsin!

Ikinji pyýada buýruk berlerine mähetdel, dessine yzyna dolandy-da, aýdylanyny berjaý etdi. Soňam derrew olaryň yzlaryndan ýetdi. Olar düşlegiň daşyndaky seňňeriň howul-hara gurnalan derwezesine ýetenlerinde derwezebanyň haýbatly sesi tümlügi böwüsdi.

--Dur! Kim gelýär?

Nejebe gop berip gelýän pyýada gözeilmez çatlykda sag elini onuň satanynyň arasyndan geçirdi-de, ony keseligine egnine aldy. “Gymyldama, doganjyk, jesede dön!” diýip pyşyrdady, soň hem çalgyrt rum dilinde rum goşunynyň şol gijelik syrly sözüni gygyrdy:

--Ikinji Rime şöhrat!

--Kaýsara şöhrat!—diýip, garawul oňa jogap berdi-de, üstüni ýetirdi:--Geliberiň!

Olar derwezebanyň ýakynyna bardylar. Seňňeriň üstünden dikilen agaç diwaryň üstünde uklaşyp ýatan beýleki derweze garawullary biynjalyk gymyldaşdylar. Derwezeban doganlardan:

--Bu näme?--diýip sorady.

--Beýik hem Gazaply Kaýsaryň Parasatly geňeşdary Tibon Grahusyň jelladynyň ezýet sekisinde jan beren ýesir! Jesedi jellat tokaý börülerine şam etmegi buýurdy.—diýip, Nejebi egninde göterip barýan pyýada jogap gaýtardy.

--Jellad-a halys edere işini gutarypdyr öýdýän, jesedi gijäniň içinde şondan şuňa süýredip, adamlary kösäp ýörmän, maslyk arabanyň içine oklaýmaly ekeni-dä! Ýönekeý esgerleri adam hem hasap etmeýärler, bu hökmürowanlaryň ýalýagylary!

Şeýle diýip, burnuna salyp, eşidiler-eşidilmez hüňürdän derwezeban, olardan başga hiç zat soramady. Şondan soň iki doganlar gezekli-gezegine Nejebi göterip, belleşilen ýere tiz ýetdiler. Ol ýerde eýerlenen atyň irişmesinden tutup, diwana hazar ozany garaşyp durdy. Doganlar onuň ýanyna bardylar-da, Nejebi ýerde ýatyrdylar. Onuň halys haly teňdi. Aýaga galmaga mejaly ýokdy. Doganlar diwana ozanyň öňünde gol gowşuryp, baş egdiler:

--Tagsyr, fiskaly getirdik, ýöne zyndanyň garawulynyň janyny jähenneme ýollamaly boldy!-diýip, doganlaryň ulusy ozana habar berdi, ýöne inisini goraglap, kimiň we näme sebäpden garawuly ýoklandygy hakynda dil ýarmady. Ozan hem ondan sorap durmady, emma özüniň tabşyrygyň ýerine ýetirilişinden närazydygyny duýdurdy:

--Seresap bolmaly ekeni, indi ýesiriň alnyp gaçylandygyny bahym aňarlar we onuň özüni, oňa kimiň hemaýat berendigini agtaryp başlarlar. Biziň häzir wagtymyz juda az! Derwezebanlar hem elbetde sizi görendirler, şeýlemi?!

--Hawa, tagsyr, gördüler, ýöne biziň ýüzümiz nikaplydy.

--Şonda-da siziň janyňyza töwekgellik edip bilmeris. Häziriň özünde gidiň-de assyrynlyk bilen atyňyzy-ýaragyňyzy alyp geliň! Siz hem fiskal bilen bilelikde gidersiňiz!

Doganlar oýurgandylar. Olaryň arasyna dym-dyrslyk aralaşdy. Iki doganyň buýrugy amal etmek üçin gyssanybermeýändiklerini gören ozan:

--Näme duruberdiňiz-le? Bejit boluň-da!

Doganlaryň ulusy ilki dil ýardy:

--Tagsyr, bu näme, bizi “iş oňarmaýarlar” diýip, yzymyza ugratdygyňyzmy? Bize abraý-a bolmaz!

Bada-bat hem kiçisi ozanyň öňünde baş egdi:

--Tagsyr, bu ýerde agamyň günäsi ýok, garawuly men hanjar bilen urdum, şonuň üçin hem yzymyza, merhemetli Şaraf-al-mülküň huzuryna diňe meni ugradyň! Towakgam sizden, tagsyr!

Ozan garaňkylyk zerarly özünden başga hiç kimiň saýgarmadyk mylaýym ýylgyryşy bilen doganlaryň sadalygyna ýylgyrdy.

--Garawul üçin däl, ýigitler! Alada edip durmaň. Garawula degmäýen ýagdaýyňyzda hem siz barybir fiskal bilen bilelikde Beýik soltanyň goşunyna tarap ýola düşmeli bolardyňyz. Sebäbi hakyna tutma hazarlaryň arasynda hem rum kaýsarynyň baş geňeşdarynyň “gulaklary we gözleri” juda kän, olaryň biri bolmasa-da beýlekisi ir-u-giç iki sany hazar atlysynyň ýesiriň alnyp gaçylan gijesi öz düşleglerinden çykyp gidendiginiň anygyna ýeterler hem anygyna ýeten zatlaryny degişli ýerine ýetirerler. Onsoň siziň dat günüňize! Onsoňam fiskal hem iki günki ezýetlerden soň içinde çala demi bara çalym edýär, ony hem soltan goşunyna ýetirmeli. Siziň ikiňizi ugratmak maňa hem aňsat düşýändir öýtmäň! Siz gitseňiz meniň hem elim-aýagym kesilen ýaly boljak.

Doganlar “Diwananyň” sözlerine monça boldular. Olar ozanyň buýrugyny ikilenç gaýtalatman, at-ýaraglarynyň yzyndan ýöneldiler. Ozan olary ugradyp, ýerde gymyldy-hereketsiz ýatan Nejebe tarap egildi:

--Ýeri-how goç ýigit, özüňe gelýärsiňmi?

--Biraz serim bulaşjak bolýar, tagsyr!-diýip Nejep ysgynsyz jogap gaýtardy.

--Al, hany, şundan owurtla! Bu dürli otlardan gaýnadylyp taýýarlanan melhem! Seni biraz gurplandyrar!

Ozan özüniň şalha-şalha galandar ýapynjasynyň syýyny çekdi-de, agzy gaýym dykylan, nakysja suw kädini çykardy. Dykysyny aýryp, Nejebiň agzyna tutdy. Emma oňa iki owurtdan kän bermedi.

--Besdir, ýüregiňi bulaýmasyn!-diýip, ozan ätiýaçly gepledi-de, suw kädini aýyrdy.

--Goç ýigit, sen at üstünde soltan goşunyna çenli uzak ýoly geçmäge ýararsyňmy?

--Ýararyn, tagsyr!-diýip Nejep, özüne zor salyp, dişini gysdy-da, dik oturdy.

--Bu doganjygymyz, ýarar!

Edil gulaklarynyň agzynda diýen ýaly eşidilen pessaý pyşyrda ozanam, Nejebem duýdansyzlykdan ýaňa tisginip gitdiler. Olar pyşyrdy eşidilen tarapa seredenlerinde ýerden çykan ýaly bolup, garaňkylykdan peýda bolan Ahmetýar hatdaty gördüler. Ol üsti-başyny hapalamajak bolýan dek, gypjak donunyň syýyny tutup durdy.

--Tagsyr!-diýip ozan baş egdi-de, hormat bilen Nejebiň ýanyndan çekilip, "Hatdata" ýol berdi. Nejep hem zoraýakdan gol gowşuryp, baş egdi. Soltan goşunynyň tertip-düzgüni barada "demirden" diýip gürrüň etseler, gizlin işler diwanynyň düzgün-nyzamy barada "polatdan" diýip aýdýardylar. Şonuň üçin hem beýleki bäş diwanyň gullukçylaryndan tapawutlylykda bu diwanyň gullukçylary islendik ýagdaýda özlerine endik etdirilen tertip-düzgüni unutmaýardylar.

"Hatdat" Nejebe ýakynlady.

--Doganjyk, nähili sag-aman alyp çykdylarmy?

--Hawa, tagsyr! Alla siziň ähliňizi öz penasynda saklasyn! Ýigitler zeýli zyndanda ölüp-ýitip gidibermäge ýol bermediler.

Tümlük zerarly "Hatdatyňam", özlerinden hormat bilen iki-üç ädim daşlykda duran "Diwananyňam" ýüz-keşbi görünmeýärdi. Ýöne Nejep welin zyndanda ýatyrka "Hatdat" barada eden umytsyz oýlanmalaryna utanyp, ýüzi gyzarýardy. Nejebiň ýüzüni görmese-de onuň ýagdaýyny özüne mahsus duýgurlygy bilen syzan "Hatdat", ýaňy ölümden başy gutarylan ýaş ýigidi utandyryp durmazlyk üçin bada-bat esasy gürrüňe geçdi:

--Bolýar, inim, aman-esen jelladyň holtumyndan sypdyran bolsalar bolýar! Indi esasy zat, öňki gepleşenimizde sen merhemetli tagsyrymyz Şaraf-al-mülke, rum kaýsarynyň goşunyndaky hakyna tutma gypjaklar we hazarlar bilen olary türkmenleriň tarapyna çekmek üçin gepleşikleriň alnyp barylýandygyny ýetirmelidiň, emma indi ýagdaýlar üýtgedi. Sen inim berk belle, öňki rum kaýsarynyň leşgeriniň düzümi, ýarym tümenleriň ýa-da rum dilinde aýtsak legionlaryň serkerdeleri, olaryň söweş güni neneňsi hereket etjekdikleri hakyndaky maglumatdan başga, tagsyrymyz Şaraf-al-mülke aýt, onuň seniň bilen ugradan gymmatbaha daşlarynyň ählisi ýetirilmeli ýerine ýetirildi. Söweş güni gypjaklaryň hany Beçene han özüniň otuz müň atlysy bilen jygba-jyg pursatda rum leşgeriniň sag böwründen zarba urar, hazarlaryň hany Altegin bolsa özüniň ýigrimi bäş müňlük goşuny bilen türkmenlere dänip, rumlularyň ýeňsesine aýlanar, uzlaryň hanyny rumlulara garşy hereket etmeklige yryp bolmady, ýöne ol söweş başlananda söweşe goşulmazlygy wada berdi, emma welin, tagsyrymyza duýdur, goý, ol onuň alyhezretleri, beýik wezir Nyzam-al-mülküň üsti bilen musulmanlaryň howandary, hökümdarlaryň-hökümdary, Beýik soltan Alp-Arslana ýetirsin, eger-de türkmen goşuny iň bolmanda söweşiň ilkinji pursatlarynda rumlulary ýeňýändigini, ýeňip biljekdigini görkezmese agzalanlaryň hiç birisi hem öz wadasyna wepaly bolmaz. Olaryň ählisi hem hakyna tutmalar, kim köp tölese we kimiň tarapynda üstünlik bolsa şonuň tarapyny tutarlar.

--Tagsyr!—diýip, olara golaýlan ozan “Hatdatyň” sözüni bölmäge het etdi:--Tagsyr, ýigitlerimiziň yzlaryna dolanar çeni boldy! Olaryň sizi görmekleri mümkin.

--Düşnükli!—diýip, “Hatdat” ol ýerden gitmek üçin yzyna aýlandy, birdenem sägindi-de, gaýtadan Nejebe ýakynlap, ony mäkäm bagryna basdy:

--Bar, doganjygym, allaýaryňyz! Aman-esen ýetjek boluň! Öz gara başymyz gaýgymyz bolmasa-da, biz Ata Watan üçin, Türkmen halkymyz üçin diri galmaly we öz borjumyzy ahyryna çenli berjaý etmeli! Türkmen topragyna barmak miýesser etse, biz Taňrynyň günäkär bendeleriniň adyndan hem mukaddes topragymyza tagzym et!

“Hatdat” şeýle diýdi-de, gelşi ýaly duýdansyz, garaňkylyga siňip, sumat boldy. Iki doganlar geleninden soň bolsa “Diwana” hem olar bilen hoşlaşdy. Iki doganlar Nejebiň bedewiniň jylawyndan tutup, ony aralaryna alyp, ýola düşdüler.

xxxxx

...Nejebiň halys aňkasy aşypdy. Onuň gözi garaňkyraýardy. Agzy kepäp, dili pakga-pakga bolupdy. Bu suwsuzlykdan hem däl-de, endamynda ganjaryşyp duran ýara yzlarynyň azary zerarlydy. Ýöne ol ýarym bihuş halda eýeriň üstünde iki-ýana çaýkanyp barsa-da, iki ýoldaşynyň “Doganjyk, saklanyp, ýaralaryňa em edeli, demiňi alaýsaň nädýär!” diýip, aladaçyl ýüzlenmelerine geplemäge ýaraman başyny ýaýkaýardy. Ol bihuda mertsiremeýärdi. Nejebiň näler tenindäki  azarly ýaralaryny gizlin işler diwanynyň atabegleriniň öwredişi ýaly, peşewi bilen ýuwup, sarasy, suwdan, çaý-çörekden keýpini kökläp, ýatyp, mazaly dynjyny alasy gelýärdi. Emma özüne seretmäge onuň wagty ýokdy. Onuň her pursaty gyzyldan gymmatlydy. Aňynda ýat beklän maglumatlaryny näçe çalt soltan goşunyna ýetirip bilse, şonça-da köp peýda boljakdy. Sebäbi Nejep Beýik Soltanyň goşunynyň günsaýyn rum leşgerine ýakynlaşýandygyny bilýärdi. Türkmen goşunynyň ykbaly köp derejede Nejebiň eltmeli maglumatlatyna baglydy. Şol maglumatlara görä on bäş müň adamdan ybarat türkmen goşuny özünden on alty esse  köp duşmana garşy hereket etmegiň, ony ýeňmegiň söweş tilsimini düzmelidi. Şonuň üçinem Nejep özüne dynç bermäge milt etmän atynyň gorgunyna çaýkanjyrap barýardy.

Ýanyndaky ýoldaşlary hem ilkibada onuň gözgyny halyna dözmän birnäçe gezek, at başyny çekip dynç almagy teklip etdiler. Emma Nejebiň her gezek kes-kelläm garşy çykýandygy sebäpli, soň dynç almak baradaky tekliplerini ýanjap, gaýtalap durmadylar. Nejep gizlin çapardy. Olaryň gönüden-göni baştutanlary, “Diwananyň” buýrugyna görä olaryň kiçijik toparçasynyň serkerdesi hem şoldy. Täze gullukçy gizlin işler diwanynyň bosagasyndan ätlän pursadyndan başlap, onuň gulagyna guýulýan ilkinji zat: “Serkerdäňe, baştutanyňa doly we gutarnykly boýun syn hem-de tabşyrygyny ýerine ýetir” diýen kadady. Gizlin işler diwanynyň gullukçylarynyň uýýan iň esasy kadasy bolsa: “Janyňy pida et, ýöne Ata Watanyň bähbidine gönükdirilen tabşyrygy berjaý et” diýen kadady. Bu kada amal etmezlik diwanyň gullukçylary üçin namartlyga barabardy. Olaryň özaralarynda ady-abraýy, namysy-mertebesi şu kada amal edişleri bilen ölçenýärdi. “Ölümden aňyrda namartlyk ýatyr” diýýän türkmeniň wepaly ogullary, ölümden çekinmeýärdiler, olary haýykdyrýan zat masgaraçylykdy. Hut şu zatlar üçin

hem Nejep özüne hatda huşundan gidip, süýji tümlüge gapgarylmaga-da ýol bermän, at başyny çekmän, şol gidip barýardy.

Emma, näme, adamyň jany hem demirden däl, olaryň rum leşgeriniň düşlegini terk edenleriniň ertesi gününiň giç öýläni, Nejep halys ysgyndan gidip, gürpüldäp, eýerden gaçdy. Bada-bat hem essi aýylyp, huşundan gitdi. Ol birsellemden soň özüne gelende bolsa, eýýäm iki hemdeminiň biri onuň ýaralaryny ýuwup, sarap, oňa içirmek üçin tüňçede dürli ot-çöplerden melhem gaýnadyp otyrdy. Nejep gözüni açan badyna “Hatdatyň” aýdan zatlary ýadyna düşdi. Ol ýerinden galmaga synanyşdy. Emma barmaklary mynjyradylan aýaklary diýen etmedi. Tasdanam ol ýene-de huşundan gidýärdi.

--Ýat, ýat, doganjygym!--diýip doganlaryň ulusy emaý bilen onuň egninden basdy:--Häzir tüňçe gaýnasyn, saňa melhemden bir-iki owurt içireris, az-maz garbanarsyň, onsoň ýola düşeris!

--Ýok, agasy, wagt az! Biz soltan goşunyna näçe tiz barsak şonça-da oňat bolar!—diýip, Nejep garşy çykmaga synanyşdy. Emma doganlaryň ulusy oňa gulak asmady:

--Azajyk tagapyl et, dogan, häzir ýolda jan berseň bu-ça hem bolmaz. Seniň eltmeli habaryňy özüňden özge bilýän ýok. Biziň bolsa bilmäge hakymyz hem ýok. Seniň bilen bir bolmasy iş bolsa kim ol habary degişli ýerine ýetirer?!

Nejep bu sözlerden soňra biraz köşeşdi. Ol gözlerini ýumup, irkilmäge synanyşdy. Oýaly-ukuly ymyzgandy. Sähel salym geçip-geçmänkä, ony doganlaryň ulusynyň sesi ýarym ukuly haldan açdy.

--Doganjygym, ine şundan bir-iki owurt et, bu hazar töteginden hem garbak-gurbak edin!

Nejep onuň özüne uzadan käsesinden owurtlady. Ajymtyk-turşy melhem onuň gaňşyrawugyny tütetdi. Ol düwünip, üsgürinjiredi.

--Bäý, ýakymsyzdygyny!

--Ýakymsyz hem bolsa, iç dogan! Seni gurplandyrar. Bu “Diwananyň” çöplän otlaryndan taýýarlanan melhem, öte ýaramlydyr!

Nejep doganlaryň ulusy şeýle diýenden soň, içesi gelmese-de ýene-de bir-iki owurt etdi. Soňra onuň uzadan tötegine işdämen ýapyşdy. Eýýäm üçülenji gün dişiniň kiri açylmaýandygy sebäpli, ol gaty hazar çöregini heziller edip gemirdi. Biraz açlygyny hem suwsuzlygyny gandyrandan soňra onuň nepesi durlandy. Nejep daş-töweregine göz aýlady-da, ikinji ýoldaşyny görmän:

--Agasy, iniňi bir ýere ugratdyňmy? Görünmeýär-le!-diýdi.

--Hä, inimmi? Ol bu wagt, hol jeňňelligiň gyrasynda sakçylyk edýändir. Rumlular ýa-da olaryň enteşip ýören hakyna tutmalary üstümizi gapyl basyp, bar eden azabymyzy reýgan edäýmesinler.

--Beýle bolsa, iniňe-de gel diýäý, agasy! Biz indi ýola düşeliň, eglenmäliň!

Nejebiň bu sözleri aýdaryna garaşyp duran ýaly, olaryň oturan, çar-töweregi tokaýlyk bilen gurşalan açyk meýdançasynyň günbatar çetinden doganlaryň kiçisi yzyndan ýagy kowalaýan ýaly, tasap göründi. Onuň bolup gelşinden bir ýakymsyzlygyň bolandygyny aňan doganlaryň ulusy çuslandy-da, onuň gelerine garaşman, tüňçedäki suwy sönüp barýan alawyň üstünden eňterdi. Haýdan-haý goşlaryny ýygnaşdyryp,

eýerlengi duran atlarynyň syrtyna bökderdi. Oňa çenli doganlaryň kiçisi hem gelip ýetişdi. Ol gele-gelmäne:

--Rumlular! Sanlary dört-bäş ýüz atlydan agdyk. Olaryň arasynda hazar yzçylary hem bar! Hakyna tutma ýalýagylary öz atlarynyň toýnaklaryna kakylan nalyň yzyndan bizi tanap, yzarlap gelýändirler. Olar häzir gabaw awundaky ýaly bäş bölege bölünip, tokaýyň daşyny gabaýarlar. Meger alysdan biziň ýakan odumyzyň tüssesini saýgarandyrlar.—diýip habar berdi.

“Häk! Içigary galan! Ine saklansaň boljak zat!” diýip Nejep öz-özüne gaharlanyp, hyrçyny dişledi. Ol: “Üçümiz birden, gaçanymyzda hem gabaw halkasyndan sypyp bilmeris. Ondi näme etmeli?!” diýen terzde, doganlaryň ulusyna garady. Ol hem Nejebe seretdi. Olar sözsüz düşünişdiler. Doganlaryň ulusy:

--Tur, doganjygym!—diýdi-de Nejebi ýerinden turzup ata atardy. Soňra inisine garap:

--Atlan!—diýdi:--Biz günorta tarap gaçarys! Doganjygymyz, sen bolsa, şu ýerde tüňçe gaýnar salym garaş-da, soňra assa-ýuwaşdan gündogara sary gymyldaber! Rumlulary aldawa salyp yzymyza düşürip alyp gitmesek, olardan hemmämize birden sypma ýok. Ýeke özüm gitsem bolsa olaryň göwnüne güman gider.

Doganlar atlandylar. Kiçisi Nejebe ok-ýaýly sagdagyny uzatdy:

--Doganjygym, al, ýaragsyz galma! Bilip bolmaz pelek işidir! Goranmaly bolsa derdiňe ýarar!

Nejep onuň sagdagyny yzyna itdi:

--Ýok, inisi, maňa diňe gylyjyňy ber, ok-ýaý maňa görä size has zerurrak bolar!

Doganlaryň kiçisi sesini çykarman gylyjyny uzatdy. Olar “kowgyny men aldawa salaýyn-da sen gal” bolşan bolup, biri-biriniň öňünde sypaýyçylyk edip, wagt ýitirip durmadylar. Sebäbi Nejebiň aňyndaky maglumatyň olaryň üçüsiniň hem janyndan gymmatlydygyna olar düşünip durdular. Watan öňündäki mukaddes borjy ýerine ýetirmeli ýerde mertsirän bolmaga orun ýokdy. Beýle hereket bu pursatda suwjuklyk bolup görünjekdi.

Doganlar, horjunlaryny, galkanlaryny, naýzalaryny, umuman ok ýaýlaryndan hem-de hanjarlaryndan özge ýakyn garpyşykda derkary bolmajak ähli ýaraglaryny we atlaryna agram saljak barça goşlaryny ýere zyňdylar. Doganlaryň taýýarlygyny synlap duran Nejebiň bogazy doldy. Olar ikujunam deňläp, Watan üçin gurban bolmaga barýardylar. Nejep bozulandygyny bildirmejek bolup gözlerini ýumdy-da, tersine bakdy. Emma doganlar atlarynyň jylawyny günorta öwrenlerinde saklanyp bilmedi.

--Saklanyň doganlar!

Ol agyrysyna üns bermän atyndan düşdi-de, doganlary gezekli-gezegine bagryna basdy.

--Ismiňizi, ataňyzyň adyny bir mälim edip gidiň ahyry, mähribanlar! Kyýamat-magşarda bir Taňrynyň adyl kazylygynda eden işlerimiz seljerilende “Hak-Hudaýa, ýagty jahanda bir ýagşylyk edip, uçmaha düşmeli bolsam, meniň ornuma hem şu iki bendäňi ibereweri! Eger-de dirilikde nirededir bir ýerde säwlik goýberip, jähenneme ugratmaly bolaýsa-da, olaryň ornuna ataş jaýynda men ýanaýyn-la!” diýip, dilegçilik eder ýaly, adyňyzy bir bilip galaýyn, doganlarym!

--Päheý-de welinim, muny-aý!-diýip, doganlaryň kiçisi ýasama henek etmäge çalyşdy:--Sen dogan, bizi gonamçylyga ugradýan ýaly-la! Bujagaz dört-bäş ýüz rumla bizi ýoklamak öte müşgil bolaýmasyn-how! Sen bar-a, iň oňady, tokaýdan çykdajyk, atyňy biraz säginibräk sür, biz bu rumlulara tilki sapalagyny atyp, olary it edip aldarys-da, yzyňdan ýeteris!

Doganlaryň ulusy inisine närazy garady. Emma gatyrganýandygy ýüzünden bildirip dursa-da, oňa käýinmedi. Diňe, Nejebiň balkyldap duran gözlerine mähir bilen garap:

--Gidiber, doganjyk, arkaýyn, säginme-de, garaşma-da gidiber! Meniň adym-a Rüstem diýýärler, bu berebekgeý inimiň ismine hem Turan diýip aýdýarlar. Kakamyzy bolsa Nusaý ilinde Ryza Muhammet mergen diýseň tanamaýan bolmaz. Maşgalalarymyz hem Nusaýyň eteginde ýaşaýandyrlar. Birden Nusaý illerine duz nesibäň çekse, öýden düşüp durgun! Taňry myhman alarlar. Körpe inimiziň adyna Sytdyh diýýändirler! Köp dogaýy salamlar aýtgyn! Bala-çagalarymyz bilen didarlaşsaň…

Rüstem bozuldymy nämemi ýüzüni kese sowdy-da, dymdy. Soňam maňlaýynyň derini sylýan ýaly hereket etdi-de:

--Hoş onda! Aman-esen bar!-diýip atyna jüp gamçyny çaldy. Inisi Turan hem onuň yzyndan atynyň jylawyny ýazdyrdy. Gözüni balkyldadyp duran Nejep bolsa olar sümme tokaýlyga siňip, gözünden ýitýänçälär yzlaryndan garap galdy.

Soňra ol Rüstemiň aýdyşy ýaly pessaý otda bir tüňçe gaýnar salym tagapyl edip garaşdy-da, atyna atlanyp, gündogara tarap ýola düşdi. Ol atyny juda haýal ýorgaladyp barýardy. Sebäbi göwnüne bolmasa sähel salymdan, tokaýyň içinden bir ýerden zompuldap, iki dogan çykaýjak ýaly boldy durdy. Emma ol atyny näçe haýal ýöretse-de doganlar dolanmadylar.

Ýeňsesine, çar-töweregine garap-garap, gözleri doganlaryň ýolunda galan Nejep, küýi-köçesi başga ýerde bolandygy sebäpli hem tokaýdan çykanda özüne tarap atlaryny ýüzin salyp gaýdan bir oýnam rum atlysyny diňe olar iki-üç ýüz ädim golaýyna gelende görüp galdy. Olary görenden hem atyna gamçy yzyna gamçy çalyp, ümdüzine tutdurdy. Gaçgagyň özlerini görendigine düşünen rumlularyň atlarynyň toýnagynyň sesine olaryň gykuwy we Nejepden atýan peýkamlarynyň “şuwwuldysy” hem goşulyp başlady.

Emma Nejep atyna hernäçe gamçy çalsa-da rumlular onuň bilen arany barha ýygyrýardylar. Sebäbi onuň aty ýadawdy. Şol barmana hem argyn bedewiň gözi ýer görmän aýagy çukura gitdi-de, Nejep atynyň kellesiniň üstaşyry öňlügine tarap zyňlyp gitdi. Ol ýere düşende agzy bilen gum garbap, az-kem seňseledi, emma janhowluna aýaga galdy-da, elli-altmyş ädim öňünde hellewläp duran gür jeňňellige tarap ökjäni göterdi. Şol jeňňellige özüni urup ýetişse birsellem on-on iki sany rumly bilen “gizlenpeçek” oýnamaga, eger Hudaý bolsun etse şol oýunda utaýmaga hem umyt bardy. Emma ol ýaňy bir bäş-on ädim ylgany hem şoldy welin, ýeňsesinden iňläp gelen peýkam, pilçesiniň arasyndan girdi-de, tenini parran böwsüp, kükreginden çykdy. Badabat Nejep badak atylan ýaly ýüzinligine tüwdürilip gitdi. Ol ýere ýykylan badyna gyzgynyna agyryny duýman ellerini ýere diredi-de turmaga synanyşdy. Emma başy aýlanyp, gözüniň öňi ümezläp gitdi. Birden ot baldajygy ýaly ysgynsyz bolan boýnuny aşak sallamazlyk üçin bolanja güýjüni jemläp dikelmäge synanyşdy. Şol pille-de

arkasyndan rum atlarynyň toýnagynyň güpürdisi we olaryň keýpihon gykylygy eşidildi. “Häk, bihuda ýerden peýmanam doldy öýdýän!” diýip janyýangynly oýlanan Nejep gözlerini ýumdy.

Şol mahalam yzly-yzyna ses goşup ýaňlanan onlarça peýkam “şuwwuldylary” ony gabaklaryny zor bilen açmaga mejbur etdi. Nejep huşundan gidip barýarka, ýakynjagyna ýetmäge az galan rum atlylarynyň gursaklaryndan iňläp giren peýkamlaryň zarbyna eýerden tüwdürilip-tüwdürilip gidendiklerini, şol ýetip bilmedik jeňňelliginden çykyp, özüne tarap gaýdan bir topbak atlyny görüp galdy. Ümezlän gözleri bilen atlylaryň geýimlerini saýgaryp bilmese-de türkmen ýigitleriniň keýmir ýaýynyň gulagyna siňen sesini “şuwwuldysyndan” tanan Nejep:

--Mähribanlarym!—diýip, ysgynsyz pyşyrdady-da, gos-goýy, şepbeşik tümlüge gapgaryldy.

…Nejep näçe wagt huşsuz ýatandygyn-a aňşyryp bilmedi welin, özüne gelende alagaraňky çadyrdadygyny gördi. Ol zordan gözlerini açdy. Onuň gursagy agyrydan ýaňa ýarylyp gelýärdi. Nejep gözlerini göterdi-de, gapdalynda ýüzüne sadylla bolup seredip oturan tebibe garady. Ol ýüzüni ynjyly çytdy. Nejebe häzir tebib gerek däldi. Ol özüniň sanalgysynyň dolandygyny tutuş durky bilen syzýardy. Ýöne ol özüniň iň soňkuja erkini-gaýratyny jemläp, özüne jan bermäge ýol bermän diýen ýaly, garaşyp ýatyrdy. Ol sada esger çadyrynyň içinde gözlerini alakjadyp, kimdir birini gözleýärdi. Hekim görgüli ölüm ýassygynda ýatan ýaradaryň: “Çagyryň, çagyryň, Allanyň hakyna, çagyryň! Başyňyza başym sadaga, çagyryňsana-a!” diýip zarynlaýan haýyşyna, nalyşyna düşünmän, ol öz gara başy üçin delminýändir öýdüp, onuň dodaklaryny öl pamyk bilen süpürýärdi. Agyrysyny köşeşdirmek üçin, tiryek ezilen suwdan azajyk owurtlatmaga çytraşýardy. Emma ömrüniň iň soňky pursatynda ajal perişdesi bilen aldym-berdimli söweşe girip, zordan dem alyp ýatan Nejep, onuň öl pamygyndan, melhemli pyýalasyndan ýüzüni kese sowýardy. Dodaklaryny titredip, gözlerindäki nalyşyny dili bilen aýtmaga dyrjaşýardy. Emma onuň gögerip ugran dodaklary diňe ses-selemsiz gymyldaýardylar, ýöne söz çykmaýardy.

Belki Nejep görgüli şeýdip, daşynda perwaz urýan hekimiň düşünmeýändigi sebäpli ahmyrly ölüp hem giderdi. Hernä, çadyryň çetinde tebibe päsgel bermän, ýetişibildiginden Mukaddes Kurhany-Kerimiň sürelerini sanaýan ýaşuly molla ýaradaryň garaýşyna aňy ýetdimi nämemi, assajadan Nejebiň ýakynyna süýşdi. Onuň jan deri gelip ugran elini eline aldy. Gözlerine garady.

--Balam!

Goja molla Nejebiň elini biraz berkräk gysdy:

--Balam, kimi çagyrmaly, saňa?! Emirimi?!

Nejebiň ýüzi ýagtylyp gitdi. Onuň gözlerinde makullama alamatlary göründi. Goja molla hekime tarapa çala gaňryldy-da:

--Tagsyrymyz, emir Sandygyň yzyndan adam ugradyň, tebip aga! Bejit ýetip: “Ölüm ýassygynda ýatan bende sizi çagyrýar” diýsinler.

Hekim ýerinden turup çadyrdan çykdy. Az salymdan çadyryň serpigini galdyryp:

--Essalawmaleýkim!-diýip türkmenlere mahsuslykda öýe taňry salamyny berip, içerik öň goşunyň serdary, emir Sandyk girdi. Ony göreninden Nejebiň gözlerinde

birhili rahatlyk göründi. Haçan-da emir Sandyk onuň başujunda çök düşüp, oňa tarap eglende Nejep özüne zor salyp, bolanja güýç-kuwwatyny jemledi-de, gyryk pyşyrdady:

--Söz!!! Emirleriň pynhan sözüni… Sözi aýt!

Emir Sandyk geň galyp öz öňünde demini sanap ýatan görgülä garady. Elbetde oňa düýn öýleden soň öň goşunyň alysdaky aňtawçy topary bolan Muhammet-Mansur Mehneliniň onlugyndaky ýigitleriň bir türkmençe samraýan ýaradary hazar atlylaryndan halas edip, wagtlaýyn düşlege getirendiklerini habar beripdiler. Ýöne ol ýaradary ýesirlikden gaçan türkmenleriň biridir öýdüp, bu habara kän bir ähmiýet bermändi. Emma ýaňy öň goşunyň hekimi ýanyna gelip, özüni şol ýaradaryň çagyrýandygyny aýdanynda emir Sandyk birhili iňkise gidip, bada-bat ýaradaryň ýanyna gaýdypdy. Perişan ýagdaýda ýatan bendäniň diňe Beýik soltanyň emirlerine mälim edilen pynhan sözi aýtmagy talap etmegi bolsa emir Sandygy serpmeden gaýdan ýaly etdi. Elbetde ol soltanyň gizlin işler diwany hakynda eşidýärdi. Ýöne, kimler ol diwanda işleýär, olar neneňsi işler bilen meşgullanýarlar, bu zatlar barada Soltan Alp-Arslanyň sarpaly emiri juda ýüzleý bilýärdi. Şeýle bolmalydy hem. Sebäbi gizlin işler diwanynyň syrlary Beýik soltandan, Baş wezirden we diwanyň begi Şaraf-al-mülkden özge sanlyja adama aýan edilýärdi. Başgalar üçin, olaryň soltan köşgünde eýeleýän wezipelerine we derejelerine garamazdan, bu diwanyň pynhanlyklary ýedi gulpuň aňyrsyndaky, şol tarapa garamak hem gadagan bolan hazynalygyna galýardy.

Emir Sandyk aljyrady-da, Nejebiň üstüne eglip oturyşyna, nädip:

--Demir ýaýly!—diýip pyşyrdanyny hem duýman galdy. Birhili ynjalan ýaly bolan Nejep ýuwdundy-da, diňe emire eşidiler ýaly, “Hatdatyň” dilinden sypan badyna doga deýin aňyna kebşirlän maglumatlaryny pyşyrdap başlady. Aýtdy, aýtdy, demi tükenýänçä aýtdy. “Hatdatyň” ugradan ähli maglumatlaryny aýdyp gutarandan soň bolsa birhili bütin süňňi bilen dartylyp, gerinýän ýaly titredi-de:

--Etdim!—diýip, pyşyrdap, gözlerini ýumdy. Bada-bat hem onuň demi sogruldy. Gözlerini ýuman dessine-de Nejebiň gözleriniň öňi garagyny gapyp gelýän ýiti ýagtylyk bilen ýalpyldap gitdi. Ýalpyldy emele gelen pursady hem Nejep özüniň kükregini ýaryp gelýän peýkam ýarasynyň yzasynyň, mynjyradylan barmaklarynyň, tenindäki ýanyk ýaralarynyň agyrysynyň zym-zyýat bolandygyna haýran galdy. Ol uludan bir demini aldy welin, birhili ýeňläp gitdi-de, öz-özünden al-asmana göterildi. Şol müddetem Nejep özüniň barha we barha ýokaryk göterilip, uçup barýandygyny syzdy. Ol çar ýanyndan çogup çykyp duran röwşen enweriň ummanynda, öňüni saýgaryp bilmän, ganat ýaýyp uçup barýardy. Uçdy, uçdy, wagt duýgusyny, aralyk duýgusyny, umuman ähli duýgularyny ýitirip, uçdy. Şol uçup barşyna-da, ahbetin lagly-jowahyrdan ýüzlerçe müň esse zyýat, gymmatbaha daşlardan bina edilen, çür başy al-asmanda ýitip gidýän, mähnet derwezäniň öňünde gondy. Onuň gonaryna mähetdel, äpet derweze giňden açyldy. Onuň aňyrsynda görünýän, daş-töweregini gurşap duran röwşen enwerden hem ýüz müň esse ýiti ýagtylyk äleminiň içinden, bir daýaw, güler ýüzli, görmegeýligi aklyňy aňk edýän ýaş ýigit çykdy. Ol Nejep bilen ikelläp, gadyrly salamlaşdy-da, onuň öňünden sowlup, ýagtylyk älemine tarap ýöremäge ýol berdi:

--Hoş gördük, merdana Nejep! Giriber!

Öz görýän ahwalatlaryna haýrany-serasyma bolan Nejep:

--Ýagşy ýigit, sen kim? Men nirä gelip düşdüm?!-diýip aljyraňňy sowal berdi.

Görmegeý ýigit mähirli ýylgyrdy:

--Merdana Nejep, maňa Ryzwan diýýärler! Men Beýik hem Synmaz Allatagalanyň ýaradan uçmahynyň sakçysy! Bu ýagtylyk älemi bolsa behiştdir. Geçiber, geçiber! On sekiz müň älemleri ýaradan Gudraty güýçli, Ata Watanyň hatyrasyna şehit bolandygyň üçin, sen bendesini jennete mynasyp saýdy.

Nejebi dünýäsygmaz şatlyk doldurdy. Ol tüýs ýürekden ýylgyrdy-da, derwezeden girip ugrady. Birdenem sakga durdy. Onuň ýüzüne kölege indi. Onuň oýurganandygyny gören Ryzwan oňa ýakynlady:

--Merdana Nejep, näme togtaýdyň-la?

Nejep ýaýdanyp durman ýüregindäkini diline aldy:

--Eý jenneti Ryzwan, indi men galan ebedilikde Halymasyz bu uçmahda galybermeli bolarynmy?

Ryzwan syrly ýylgyrdy-da, Nejebiň arkasyndan itekläp goýberdi:

--Ýöräber, merdana Nejep, Hak-Hudaý seni ýalkar!

Onuň gümürtik jogabyna düşünmedik Nejep her näme-de bolsa öňe tarap ýöremän bilmedi. Ol assajadan ýöräp, ýagtylyk älemine çümdügiçe-de, hol garagörnümdäki gyzyl gülälekden ýapynja basyrynan baýyrlyklardan, özüne tarap bir garanyň ýakynlap gelýändigini saýgardy. Nejep özüni birden gaplap alan düşnüksiz bilesigelijilikden dolup, şol salgyma tarap ymtylyp ugrady. Ýakynladygysaýy hem salgym oňa tanyş ýaly bolup göründi. Birdenem ol düşündi. Gyzyl güläleklere beslenen läleýi-reýhan baýyrlygyň üstünden oňa garşy, şemala galgap, uçmaga dalaş edýän taýlasanynyň çetinden eda bilen tutup, Halyma sülmüräp gelýärdi. Nejep dünýäni undup, Halyma tarap ylgady…

Gazaply emir Nejebiň dodagyndan demi bilen bilelikde sogrulan soňky pyşyrdysyna tisginip gitdi. Ol özüniň gowgaly ömründe sansyz söweşlere gatnaşyp görüpdi. Gözsüz batyrlyk bilen onlarça duşmana garşy okdurylyp, olary gaçmaga mejbur edýän edermenlik hem onda bardy. Watan üçin jeň gününde serden geçip, endam-janlary besse-besse ýara bolup durka, soňky demine çenli garpyşýan gahrymanlar bilen, merdi-merdanalar bilen hem hemdem bolupdy. Ýöne ine şeýdip, öz borjuny berjaý etmek üçin Ezraýyl perişde bilen darkaş gurup, jan berýän adamy ilkinji gezek görýärdi.

Öz eşiden, gören zatlaryna tolgunan emir, Nejebiň soňky sözlerine düşünmän ýanyndaky goja molla dikanlady:

--Molla aga, bu ýigidiň soňky sözi, onuň näme diýdigi bolduka?

Gözüniň alnynda mert ýigidiň jan berşine gözlerine ýaş aýlanan goja molla:

--Tagsyr, “Etdim! Watanyň öňünde borjumy berjaý etdim! Indi arkaýyn jan bersem hem bolýar!” diýdigi, bu görgüliniň!

Gazaply hem gedem emiriň bogazy “lyk” doldy. Emma ol emir sarpasyny saklap, hiç kime syryny bildirmedi. Üsgürinjiräp bokurdagyny arçan boldy. Soňam:

--Molla aga, bu är ýigide “görgüli” diýmäň! Goç ýigit bu, är ýigit bu! Hakyky Watan ogly! Beýle ýigidiň ady ýitmesin! Asyl ýitmesin! Gulam!

Emir çadyryň daşynda duran attutaryna gygyrdy. Ol serpigi galdyrdy-da, içerik ätledi.

--Gulak asýan we boýun synýan, emir hezretleri!-diýip gol gowşurdy.

--Bu merdana ýigidi, han keçesine salyň-da, Beýik Soltanyň düşlegine tarap alyp ugraň! Ony alyp ugranyňyzda hem ýolboýy nagaralaryň sesi ýaňlansyn! Beýik Soltanyň düşlegine matam çaparyny ugradyň! Goý, ol Beýik Soltana tagzym etsin we Watan üçin türkmeniň merdana oglunyň başyny gurban edendigini habar bersin! Ony nirede topraga duwlamalydygyny Beýik Soltan çözer!

--Lepbeý, tagsyr!

Attutary baş egip çykyp gideninden soňra emir Sandyk Nejebe tarap egildi-de, onuň ýüzüniň üstünden elini ýöredip durşuna:

--Razy bol, merdana doganym! Seniň beren pidaň bihuda bolmaz! Ganym duşmana türkmen topragyny depgiletmeris!—diýip pyşyrdady.

“Edebiýat we sungat” gazetiniň 2007-nji ýylyň 9-njy, 16-njy noýabryndaky sanlary

**Beýik Kagan bilen hoşlaşyk**

“…Kakamyzyň, agamyzyň ýetişdiren halkynyň ady-sory ýok bolmasyn diýip, türkmen halky üçin tün (gije) uklamadym, gündiz oturmadym. Inim Kültegin bilen, iki şad (häkim) bilen, ölüp-ýitip gazandym. Şunça gazanyp (azap çekilip), birleşdirilen halky ot-suw ýaly biri-birine garşy etmedim…Ýalaňaç halky donly, ýoksul halky baý kyldym, az halky köp kyldym. Güýçli il-ýurdy, güýçli kagany bolanlardan hem ýokary etdim…”

*“Kültegin hormatyna ýadygärlik”*

…--Begim, matam çaparlary ähli uluslara gönderildi! Tagt begleri tagapyl edip, daş işikde size garaşýarlar!-diýip, Beýik Kaganyň şahsy janpenasy Barserkli, beglerbegi Ulug Gürgeniň hasratly ýalňyzlygyny bozmaga het etdi. Beglerbegi sesini çykarman baş atdy. Bu onuň “eşitdim, ötägit!” diýdigidi. Barserkli başyndaky silkme telpeginiň gözüne düşüp duran tüýlerini kellesini assaja silkip, seçeledi-de, gylyjyny gysymlap, Beýik Kaganyň ak öýünden çykdy.

Dokuz ganat ak öýüň töründe, nepis dokalan halylaryň üstünde, Keramatly Ötüken dagynyň halkynyň agzyny birikdirip, Beýik agasy Kültegin bilen bilelikde, bütin ömrüni Gök Deňriniň[1] dinine uýýan, Göktürkmenleriň Mukaddes döwletini berkarar etmäge, ony içki we daşky howplardan aman saklap, mäkämligiň hem abadanlygyň mekanyna öwürmäge bagyşlan, Beýik Kagan Bilge han, edil dirilikdäki ýaly, daş bölegi deýin sarsman ýatyrdy. Göwnüňe bolmasa ol sähel salymdan gözlerini açyp, hemişekisi ýaly:

[1] Deňri-Gadymy oguz türkmenleriniň Taňryny atlandyryşy.

“Alplar-alpy, ne beýle muňalyp otyrsyň, ondan-a gowusy, git-de, garawulbaşa Baş Gorganyň diwarlaryna aýlanyp, sakçylary barlamaga ygtybarly çemeleşmegi tabşyr!” diýäýjek ýaly bolup durdy.

Ulug Gürgen emaý bilen, aýalaryny degräýmän, Beýik Kaganyň ýüzüniň üstünden elini ýöretdi. Şol wagtam onuň eli biygtyýar titredi-de, aýasy Beýik Kaganyň giň maňlaýyna çalaja galtaşdy. Gowgaly ömrüniň bütin dowamynda hiç bir zatdan üýşenmän, heder etmän, wehim diýilýän ynsanyň ebedilik ýanýoldasynyň bogazyndan tutmaga endik eden beglerbegi, tutuş süňňi bilen gagşap, sandyrap gitdi. Köz degen dek, elini dessine çekip aldy-da, Beýik Kaganyň ukusyny bimaza edendigine ökünýändigini görkezmek üçin döşüne eltdi. Birdenem öňünde haýbatly sarsmazlygy bilen sop-sowuk bolup ýatan Beýik Kaganyň indi galtaşmany-beýlekini duýmaýandygy, onuň gaýdyp gözüni açmajakdygy hakyndaky ajy pikir onuň kalbyny daglap gitdi. Beglerbeginiň bogazy “lyk” doldy.

--Wah, Älemi sandyradan hökümdarym, indi şeýdip ýatmaly bolduňmy?! Sensiz Deňriniň döreden jahanynyň ähli apatlarynyň öňünde ýalňyz galyp biz näderis ahyry?!- diýip pyşyrdanda onuň gözünden togalanyp gaýdan bir damja gözýaş, ýaňagyndaky gylyç ýarasynyň yzynyň gapdaly bilen syrygyp, murtuna siňdi. Şondan soň hälden bäri, Beýik Kaganyň demi sogrulanyndan soňra ähli derwaýyş işleri ugrukdyryp, ejizligiň öňunde ýan bermedik beglerbegi, birhili gowşap gitdi. Ol hökümdarynyň aýaklaryny gujaklap, sessiz-sessiz, hamsygyp başlady. Öz hasratyna berlen wepadar beglerbeginiň gursagyna sygdyryp bilmän pyşyrdaýan sözleri bolsa, onuň gözlerinden yzy üzülmän syrygýan damjalara gatylyp-garylyp, han öýüniň alagaraňkylygynda eräp, ýitip gidýärdiler.

--Wah, hökümdarym, Kaganlyga göterilip, Kültegin adyny alan Bars beg, hökümdarymyzy Keramatly Deňri huzuryna çagyranynda ikimiziň hasratymyza döz gelmän asman ýere inip, ýagty jahany ýer hoparmyka öýdüpdik. Hökümdarym, seniň hasratyň gursagyňa sygmasa-da, Kültegin hormatyna bina kylan mukaddes daşlaryň ýazgylaryna sygdy. “Görer gözüm görmez boldy” diýip, hökümdarym, kalbyňy ýaryp çykan ýalynly sözleri tabgaç[1] nakgaşlaryny getirip, daşa gyýdyrdyň. Seniň daşa nagyş eden ahy-nalaňy okap, külli Ötüken halky zarynlady. Beýik Kagan Bilge han, inisi Bars begiň agysyny aglanda, onuň ahy-nalasynyň daşyň ýüzüne nagyş bolandygy hakyndaky rowaýat Altyn dagyndan aşyp, Yrtyş derýasyna baryp ýetdi, ilerde Ýaşyl ügüz derýasyna, gaýrada Demirgapa baryp ýetdi. “Işini-güýjüni berip, munça kanun döredip, inim Kültegin şeýdip Taňra gerek boldy! Inim Kültegin Taňra gerek boldy! Özüm gynandym! Görer gözüm görmez dek, biler biligim (kesgir aňym) bilmez dek boldy. Özüm gynandym! Tükeniksiz döwürleri Taňry ýasapdyr, kişi ogullarynyň (adamzadyň) baryny bolsa başy ölümli döredipdir. Şunça gynandym! Gözden ýaş gelse sylyp, köňülden gaýgy gelse, ýanyp gynandym. Gaty gynandym! Iki şadyň[2] başda durmagynda inilerimiň, oglanlarymyň, beglerimiň, halkymyň aglamakdan ýaňa gözi-gaşy ýaman bolar diýip gynandym.” Beýik hökümdarym, indi seniň öz agyňy aglap, şol sözleriňi gaýtalamaly boldy…

---

[1] Tabgaç-gadymy oguz-türkmenleriniň hytaýlylary atlandyryşy;

[2] Şad-gadymy oguz-türkmenleriň dilinde “häkim” diýmegi aňladypdyr.

Beglerbegi şeýdip, merhum hökümdaryň dyzlaryna bagryny berip kän oturdy. Şol oturşyna-da özüniň Beýik Kagan hem-de onuň şöhratly inisi Bars beg bilen ilkinji gezek duşuşyşy, edil şu pursatda bolup geçýän ýaly gözleriniň öňünde janlandy.

…Onuň kakasy Ýüwe Ilteriş beg pahyr Enesaýyň kenaryndaky belent depäniň üstünde orun tutan, çaklaňja gorganyň kethudasydy. Görgüli zanny ýuwaş adam bolandygy sebäpli daş-töweregindäki gowgaly dünýäniň hiç bir zadyna gatyşmaýardy. Onuň durmuşy özüniň gorganynyň gündelik hysyrdylary, owunjak aladalary bilen doludy. Enesaýyň suwlarynyň ýüzi tomus aýlary rahatlyk hem endiganlyk bilen gaýmaklap durýardy. Ýüwe Ilteriş begiň bolsa özüniň-de, gorganynyň-da durmuşy ýylyň dört paslynyň dowamynda hem Enesaýyň suwlarynyň tomus aýlaryndaky bolşuna meňzeşdi. Ol wagtlar kiçijik Ulug hem ýagty jahanda öz gorganlarynyň parahat hem adaty durmuşyndan özge durmuşyň bardygyny bilmezdi. Ol ejesi-kakasynyň, alty agasy bilen bäş siňlisiniň arasynda, körpe perzent hökmünde, ýeke öýliniň horazy deýin eljiredilip saklanýardy. Ulug biçak bagtlydy. Emma günlerde bir gün…

Şol pajygaly günler hakydasyna gelende Ulug Gürgeniň ini tikenekläp gitdi. Onuň çaga döwründe başyndan geçiren eýmenç wakalary ýadyna salasy gelmedi. Emma welin, çöp sokulyp gorjalan ary köwegine dönen hakydasy oňa baş bermän, ony mähribanlaryndan aýra salan şol aýylganç günleri, ähli jikme-jikliginde dikeltmegini kesir özdiýenlilik bilen dowam etdirdi.

Enesaý ülkesine mahsus bolan sowuk güýz günleriniň birinde, ençeme menzil daşlykda ýerleşýän, serhetýaka gorganlaryň birinden Ýüwe Ilteriş begiň gorganyna: "Kytaňlar[1] çozdy!" diýen gorkunç habar gelip ýetdi. Emma beýle-beýle howsalaly habarlara öwrendikli begem, gorganyň ýaşaýjylary hem üýtgeşik bir howsala düşmediler. "Gymyzdyr-aýrandan mes bolan, garakçy kytaňlaryň däli alamanydyr-da, sähralardan birdir ýarymdyr gylýal sürüsini oljalap, öz ýurtlaryna garşy garalaryny saýlarlar-la!" diýip arkaýynlyga saldylar. Sebäbi soňky otuz ýylyň dowamynda bu jelegaýlara äwüp-säwüp hem gollary ýaragly bigäneleriň atlarynyň toýnagy düşmändi. Şonuň üçin hem Ýüwe Ilteriş beg gorgandan menzil ýarym daşlykdaky garawuldepedäki günde çalşyp durýan saklawlaryna arkaýyn bolup, goňşy gorganlara habar ibermeg-ä beýle-de dursun, hatda öz gorganynyň diwarlarynda garawullary köpeltmegiň hem aladasyny etmedi. Şu arkaýynlyk hem Ýüwe Ilteriş begiň gorganynyň başyna ýetdi.

Birnäçe aty çalşyp münüp, düşlemezden-gonmazdan, at üstünde nahar edinip hem uklap, ummasyz aralyklary sanlyja günde geçip, özlerine garaşylmaýan ýerlerde duýdansyz peýda bolmagyň ussady bolan, maýmyn ýaly çalasyn kytaň atlylary daňa ýakyn garawuldepedäki bigam sakçylary assyrynlyk bilen ýoklap, Ýüwe Ilteriş begiň gorganynyň alkymynda at başyny çekdiler. Gele-gelmäne-de olaryň uzyn-uzyn peýkamlary öz gözleriniň görýän zatlaryna düýşüdir öýdüp, alasarmyk ukudan oýanyp bilmän, sermisal bolan, gorganyň garawullarynyň bir-iki sanysynyň gursagyndan sümdi. Gorganyň agaç diwarlarynyň haçjasynyň aňyrsynda gizlenmäge ýetişen garawullaryň biri gürzisi bilen galkanyna "gümpüldedip", gorganyň ilatyny örüzýänçä bolsa, çalasyn kytaňlar, kementlerini oklap, gorganyň diwarlaryna dyrmaşyp başladylar. Gorganyň

[1] Kytaňlar-gadymy oguz-türkmenleriniň mongollary atlandyryşy.

ilaty ýaraga ýapyşýança kytaňlardan bir-iki sanysy garawullar bilen çapyşyp, gorganyň derwezesini açmaga ýetişdi. Kirden ýaňa keşpleri jähennemden dahyl bolan iblislere çalym edýän kytaň atlylary, gapyl basylan gorganyň içine kürsäp gireninden soň bolsa aýylganç gyrgynçylyk başlandy.

Gorganyň goly ýarag tutýan erkek göbeklisi şol gyrgynçylygyň ilkinji pursatynda san taýdan juda agdyk, rehim-şepagatsyz ýagynyň pidasy boldy. Ilkinjileriň hatarynda kiçijik Ulugyň kakasydyr-agalary hem öz ojaklaryny, ezizlerini gorap baş goýdular. Siňlileri bilen bilelikde elleri uzyn-uzyn naýzaly, erkek kişiler bilen deň hatarda allajy ýaga ejesi hem  gaýtawul berýärdi. Ejesiniň arkasynda gizlenýän, Ulugyň gözüniň alnynda kakasynyň kükreginden kytaň peýkamy “şuwwuldap” sümdi. Onuň gözüniň öňünde mähnet kytaň serdary, özüniň, sapyndan möjek guýrugy sallanyp duran, äpet gylyjy bilen uly agasyny çapdy. Galan doganlaryna-ha näme bolandygyny hem görmedi. Ejesine, dört uýasyna hem näme bolandygyny görmedi. Diňe olaryň gana bulaşyp, demsiz-düýtsüz ýatandyklaryny gördi. Şol pursatda-da, eger Keramatly Deňri oňa tükeniksiz ömür berse, ýene-de müň ýyldan hem unutmajak wakasy boldy. Uly agasyny çapan, gap-gara döw ýaly, tüýlek kytaň serdary, körpe siňlisi Altynaýa ýapyşyp, ony bir çete tarap süýräp ugranda, gülüň baldajygy deýin näzik Altynaý, towlanjyrap onuň elinden agzyny saldy. Mähnet kytaň serdary agyra çydaman ony goýberip, ýüzüne uranynda-da, Altynaý bir gapdala towusdy. Soňra hem birjikde ýaýdanman, wepat bolan urşujylaryň biriniň ýerde ýatan gylyjyny alyp,  kükreginden sokdy…

…Şol pursaty täzeden başdan geçirýän Ulug Gürgen beglerbegi, merhum Kaganyň öňünde baş egip oturyşyna, “haşlap” dem aldy.Oňa pajygaly gijäni ýadyna salmak juda kyn düşýärdi. Her gezek ar-namys üçin şirin janyndan geçen mähriban siňlisi Altynaýyň soňky pursady hakydasyna gelende ol ölüp-direlýärdi. Emma ýatlaman hem bilmeýärdi…

…Mähnet kytaň serdary bolsa al ganyny çar ýana seçip, bir gapdallygyna agyp giden Altynaýa tarap seretmedi hem. Göýä hiç zat bolmadyk ýaly, seňrigini ýygryp, talaňçylygyň şady-horramlygyna goşulmak üçin, deňesinden geçip ötägitdi. Körpe siňlisiniň ýanyna topulyp baran Ulugjyk, bägül baldajygy deýin näzenin gyzyň, açyklygyna doňup galan maral gözlerine seredende dünýäsi gapyşdy. Dili tutulyp, gözleri gapyldy. Şol ýerde-de huşundan gitdi.

…Ertesi gün bolsa özüni gul hökmünde oljalap barýan kytaň atlysynyň horjunynda huşuna geldi. Gözlerini açan badyna hem özüniň öňki çaga agaýanalygynyň deregine gözlerinde aglap-aglap soňuna çykyp bolmajak, tükeniksiz hasratyň orun tutandygyny syzdy. Haçan-da özüniň Deňriniň döreden dünýäsinde mundan beýläk enesiz-atasyz, dogansyz-uýasyz, öýsüz-öwzarsyz, hatda erkinliksiz hem, ýalňyz gul bolup galandygy hakyndaky pikir çaga ýüregini dilim-dilim edende bolsa, Ulugjygyň özi hem duýman, horjunyň içinde üç eplem bolup, kytaň atynyň ýorgalaýşyna görä “şalkyldap” barşyna, içigip-içigip, sessiz-sessiz aglap başlady. Durman, diňmän aglady. Durup bilmän, diňip bilmän aglady. Iýmän-içmän, ukunyň nämedigini bilmän, sojaman, horkuldaman, bagryna ganlar öýdürip aglady. Haçan-da onuň aglaýandygyny duýan hyrsyz kytaň atlysy, ony horjundan çykaryp, agysyny goýdurmak ücin, gamçy bilen ýagyrnysyna saýgylanda hem, agysyny goýman aglady. Aglap-aglap, ölmek üçin aglady.

Gorganlarynyň ýer bilen ýegsan edilenine dördülenji gün diýlende bolsa kytaňlaryň iki ýüzden gowrak atlysynyň ýoluna, kyrka golaý türkmen atlysy böwet boldy. Olar özleriniň serkerdesi, egnine barsyň derisini ýapynja edinen ýaş ýigdiň baştutanlygynda, depäniň aňyrsyndan zompa çykdylar-da, bada-badam gaýduwsyzlyk bilen kytaň atlylarynyň üstüne, gyrgy kimin eňdiler. Olaryň bolşy göýä, kytaňlaryň özlerinden bäs esse köpdügini görmeýän ýalydy ýa-da olar ajallaryna howlugýana meňzeýärdi. Emma olaryň bars ýapynjaly begi söweşe ussat serkerde ekeni. Türkmen atlylary ýyldyrym deýin süýnüp gelişlerine, oslagsyz hüjümden ýaňa aňk-taňk bolup, heniz nämäniň nämedigine düşünmän duran kytaňlaryň saplaryna kürsäp giräýmäge az galanda, ählisi bir adam ýaly, gözeilmez çaltlykda, birisi hem sowa geçmeýän peýkam ýagşyny ýagdyryp başladylar. Göz açyp-ýumasy salymyň içinde kytaňlaryň saplaryny paýhyn eden "ölüm ýagşyny" ýagdyryp hem, türkmen atlylary kytaňlaryň özlerini dürsäp, ok-ýaýlaryna ýapyşyp ugrandyklaryny gören batlaryna jylawlaryny yza burup, giň sähra tarap ümdüzine tutdurdylar.

Özlerine hüjüm eden duşmanyň "züwwetdinligine" köhi gelen kytaňlar bolsa ätiýaçlygy unudyp, köplenç özleriniň ulanýan duzagyna düşdüler. Olar duran-duran ýerlerinde atlarynyň jylawyny ýazdyrdylar-da, az sanly türkmenleriň yzlaryndan eňdiler. Sähel salym geçmänkä-de, kytaňlaryň saplary bulaşdy. Ýyndamrak atlylary öňe saýlandy, asgynraklary yza galdy. Şol pille-de edil ýeňselerinde gözleri bar ýaly türkmenler, bu garma-gürmelikden peýdalanyp, birden yzlaryna döndüler-de, yzlaryndan kowup gelýän kytaňlaryň üstüne at goýdular. Olara ýakyn gelip, ýene-de "ölüm ýagşyny" ýagdyryp başladylar. Emma bu gezek kytaňlar hem aljyramadylar. Ilkinji ýitgileri sapak bolandygy sebäpli, olar bada-bat at başyny çekdiler-de, ok-ýaýlaryna ýapyşdylar. Olar şeýdip türkmen atlylarynyň ýene-de ýeňse berip gaçmagyna garaşdylar. Emma türkmenler bu sapar hem garaşylmadyk hereketi etdiler. Ok-ýaýlaryny ýygnadylar-da, egri gylyçlaryny syryp, at başyny çekmän, kytaňlaryň bulam-bujar bolan hatarlaryna kürsäp urdylar. Kyrk sany türkmen atlysy bir nyşana çenelen polatdan naýza ýaly bolup, kytaňlaryň toparyny ortarasyndan, paýhynlap, ikä bölüp, geçip gitdiler-de, batlaryna-da yzlaryna dönmän, sähra sary, laçyn guş dek ýyndam atlaryny ýüzin salyp, ötägitdiler. Türkmenleriň beýle mekir söweş tilsimleri bilen ilkinji gezek iş salşyp görýän, mähnet kytaň serdary bu gezek seresaplygy elden bermedi. Ol öz atlylaryna türkmenleriň yzyndan kowmagy gadagan etdi, assa ýöräp, olaryň giden tarapyna hereket etmegi buýruk berdi. Ol şeýtmek bilen eýýäm hiç bir ýitgisiz, ýekeje atlysyny hem ýitirmän, kytaňlaryň ýüze golaý atlysyny ýok eden hilegär kyrk atlynyň indiki gurjak duzagyndan hatyrjem bolmak isleýärdi. Emma bu gezek hem türkmenler onuň garaşmadyk hokgasyny gopardylar. Sähel salym geçip-geçmänkä onuň atlylarynyň sagyndan türkmenleriň "Çoz türkmen! Ur-ha-ur!" diýen söweş çakylyklary ýaňlandy. Söweş çakylygynyň yzysüre hem kytaň atlylarynyň üstüne "ölüm ýagşy" ýagyp başlady. Kytaňlar atlarynyň başyny şol tarapa öwürdiler-de, söweşe okduryldylar. Emma olary geň galdyran zat, türkmenleriň sany azalan ýalydy. Asla azalan ýaly hem däl-de, olara garşy hälki kyrk atlynyň deregine, bir oýnam türkmen atlysy hüjüm edýärdi. Kytaň serdary oýurgandy: "Bular näme akmakmyka? Ýüz atla garşy on bäş sany atly bolup çozuş edýärler, bularyň galany niredekä?"

Onuň bu soragyna ýeňsesinden ýaňlanan türkmenleriň söweş çakylygy jogap berdi. Kytaň serdary atlylarynyň ýarysyny ýeňsesinden hüjüm edýän türkmenlere tarap öwürmäge ýetişmänkä kytaň atlylarynyň çep böwründen hem türkmenleriň söweş çakylygy ýaňlandy. Onýança dördünji tarapdan hem olaryň üstüne ölüm oklary ýagyp başlady. Kytaň serdary aljyrady. Türkmenlere kömek gelendir hasaplap, özüniň ähli hudaýlaryna birden ýalbaryp, atynyň başyny maňlaýyndaky türkmen atlylaryna tarap öwürdi-de, öňe okduryldy. Serdarlarynyň söweşe okdurylandygyny gören kytaň atlylary hem özlerini çar tarapdan oka tutup paýhynlaýan, beýleki türkmen atlylaryna üns bermän, serdarlarynyň yzyndan at goýdular.

Howsaladan hem gazapdan ýaňa heýýaty göçen mähnet kytaň serdary bolsa pikirlenmek ukybyny ýitirip, öňe okdurylyp barýardy. Onuň çat maňlaýynda egni bars derisinden ýapynjaly ýaş ýigit, elinde ok-ýaýyny saklap, mizemän durdy. Onuň özüniň hem atynyň doňup duruşlary, misli üstlerine bir giden duşman atlylary däl-de, sugun sürüsi topulyp gelýän ýalydy. Ýaş serkerdäniň ýaýynda bir peýkamy bardy, bir peýkamy hem elinde saklap durdy. Kytaňlar ýakynraga gelende ýaş serkerde dem salymda yzly-yzyna iki okuny hem keýmir ýaýa salyp, sypdyryp goýberdi. Peýkamlar kytaň serdarynyň iki gapdalyndaky atlylary urdy. Şondan soň serkerde ýigit gylyjyny sogrup alyp, kytaň serdaryna tarap gaýtdy. Aňyrdan gelşine hem kytaň serdarynyň gylyjynyň zarbasynyň öňünden çalasynlyk bilen sowuldy-da, egri gylyjyny onuň egninden inderdi. Onuň atdan agandygyny görübem, säginmän nobatdaky garşydaşyna tarap topuldy. Onýança kytaňlary oka tutup duran beýleki türkmen atlylary hem çar ýandan ýagynyň üstüne at goýdular. Türkmeniň Oguz han Türkmenden bäri “Gurt oýny” diýlip atlandyrylýan söweş tilsimi zerarly serdarsyz galyp, aljyran ýagy, az salym sanjyşan, gylyç urşan bolup güýmendi-de, birdenem “assa gaçan namart” diýip, giň sähra tarap güpürdini berdi.  Emma türkmenleriň dembermez oklaryndan sypmak olaryň diňe az sanlysyna başartdy.

Şondan soňra türkmen atlylary kytaňlaryň alyp barýan ýesirlerini azat etdiler. Söweşiň soňky pursatlarynda özüni alyp barýan kytaň atlysy, gursagyndan peýkam girip atdan aganyndan soň, horjundan çykan Ulugjyk, çete çekilip, kytaňlaryň gaçyşyny synlap durdy. Gan duşmany-mähnet kytaň serdarynyň ylla bir emelsiz ülhit deýin, ýeke zarbada atdan agdarylandygyny gören Ulugjygyň ýüregi jigläp gidipdi. Ol söweş gutaran dessine läş bolup ýatan kytaň serdarynyň ýanyna ylgap bardy-da, birnäçe gün bäri horjunda eplem-büklem bolup, gurşup giden ysgynsyz aýaklary bilen onuň läşini depgiläp ugrady. Şonda-da onuň gözüniň ýaşy kepedi. Her gezek ýigrenji maslygy depgiläninde-de, onuň çaga gözlerindäki uç-gyraksyz hasrat azalyp, onuň ýerini duşmanyny parçalan ýekemen möjegiň garaýşy eýeläp ugrady. Şol wagtam jesedi depgileýän geň çagajyk egni bars derisinden ýapynjaly türkmen serkerdesiniň gözüne ildi. Ol Ulugjygyň ýanyna golaýlady-da, atdan düşüp, ony saklady:

--Köşeş, oglan! Jeset depgilemek oguz-türkmene gelişmez, gan duşmanyň bolanda-da, ýanyny ýere berenden soňra ony depgilemek bizlere hebesdir!—diýip, ýaş serkerde Ulugjygy ýanyna çekdi:--Sen kim bolarsyň, bu kytaň saňa näme etdi?

Geçen dört günüň içinde geplemegi unudan Ulug serkerdä jogap bermedi. Oňa derek azat edilen ýesirleriň biri jogap gaýtardy:

--Begim, bu Ýüwe Ilteriş begiň körpe ogly. Üç gün mundan ozal biziň gorganymyz şu kytaň atlylary tarapyndan çapylanda, onuň kakasy, ejesi, doganlary, uýalary kytaňlaryň elinden gurban boldular. Körpe siňlisi Altynaý gyz bolsa ine şu kytaň serdary namysyna degmekçi bolanda kükreginden gylyç urup wepat boldy. Şondan soň bu üç gün bäri yzyny üzmän kytaň atlysynyň horjunynda iýmän-içmän, uklaman, ýeke pursadam diňmän, aglap gelýär. Munuň ady Ulug. Muňa agysyny goýdurjak bolup, kytaň atlysy gamçy bilen öldir ýaly saýgylady hem, emma şonda-da diňmedi. Biz-ä aglap-aglap öler öýtdük, hernä dadyna siz ýetişäýdiňiz.

Ýaş serkerde bu sözleri eşidende, gözleri otlukly lowurdap gitdi. Ol ýanynda duran, özüne ekiztaýy ýaly meňzeş, ýöne ýaşy özünden biraz ulurak, serkerdesypat ýigide garady-da:

--Agam, oglanlara aýdaly, şu kytaň serdarynyň başyny alsynlar-da, türkmen naýzasynyň ujuna dürtüp, ýesir alnan kytaňlaryň biriniň eline tutdursynlar. Ony şeýdip öz ýurtlaryna ugradaly. Goý bilsinler! Türkmenleriň ýurduna zulum bilen gelen zalymlaryň nä güne salynjakdygyny! Maslahatmy, agam?! Biz şeýtsek, agamyz hem hökümdarymyz Kapagan Kagan hem bize: “Şü işi-hä telek edipsiňiz!” diýmese gerek.

--Maslahat, inim!-diýip ýaş ýigit jogap gaýtardy. Onsoň ýaş serkerde Ulugy ýerden göterip, ony öz atynyň eýerinde oturdypdy. Şonda-da ilkinji gezek olaryň nazarlary kaklyşypdy.

--Agam, munuň bir gözlerine garasana, edil ýaradar möjegiň gözi ýaly-la!-diýip, Ulugyň bakyşyna haýran galan ýaş serkerde agasyna habar gatdy. Soňam:

--Oglum, seniň adyň mundan beýläk oguz-türkmen ilinde Ulug Gürgen (Uly Möjek) diýlip tutular, Keramatly Deňriniň adyndan kasam edýärin, şu günden şeýle sen meniň, Bars begiň ogly hökmünde bolarsyň, seniň agyň meniň agym bolar, seniň şatlygyň meniň şatlygym bolar…-diýip pyşyrdapdy. Şol wagt:

--Sen, oglum, diňe Bars begiň däl, Bilge hanyň hem ogly hasaplanarsyň!-diýip Bars begiň sözüne onuň agasy Bilge han hem goşulypdy.

Şondan bäri hem Ulug Gürgen iki doganlar, Beýik Kaganlaryň gapdalynda önüp-ösüp, olar bilen deň ýatyp-turupdy, iýip-içipdi, doganlar tarapyndan olaryň öz çagalaryndan zyýada söýlüp-sylanyp gezipdi. Kaganlaryň çagalary üçin hem Ulug Gürgen edil iň uly agalary ýalydy. Ulug Gürgeniň beglerbegi derejesine çenli göterilmegi bolsa onuň Beýik Kaganlaryň ogullygy bolany üçin däldi-de, özüniň gözsüz batyrlygy, ile-güne berlenligi, pähim-parasady üçindi.

Ýöne neneňsi belent derejelere göterilse-de, häzirki wagtda özüniň çagalary bolsa-da Ulug Gürgen beglerbegi özi üçin ýeke-täk daýanara direg, söýenere söýeg diýip, iň mähriban adamlar hökmünde doganlar—Beýik Kaganlary hasaplaýardy. Doganlar-Kaganlaryň ähli beýik işleriniň bir gyrasynda hem Ulug Gürgen bardy.

Doganlardan ilki Bars beg Kültegin adyny alyp, Beýik Kagan bolanyndan soňra ol ilkinji nobatda çar tarapdan yzyny üzmän hüjüm edýän uruşparaz goňşularyny amana getirmegiň gamyny iýip başlapdy. Kültegin tagta geçende Beýik Kaganlyk ylla bir boz meýdanda serlip ýatan, gaplaňyň jansyz jesedine çalym edýärdi. Agzala halkyň tenini ýaltanmadyk ýagy çem gelen ýerinden çekeläp, özüne gerek lukmany goparyp alyp gidýärdi. Aýylganç zamana göýä birmahal Bimun han döwründe döredilip, şondan bäri

äleme ýaň salyp gelýän beýik döwletden köýüp ýatan aryny almaklygyň kül-külüne düşen dek, Göktürkmen döwletiniň ykbalynyň üstüne garry göhert deýin çöküp, ony ýere sokmaga çytraşýana meňzeýärdi. Bilge hanyň sözleri bilen aýdanyňda ol mahallar türkmen halkynyň "gany suwça ýüwürýärdi (suw ýaly akýardy), süňki dag ýaly bolup ýatýardy, beg bolmaly ogly gul bolýardy, hanym bolmaly gyzy güň (gyrnak) bolýardy." Şol mahallar göktürkmenlere gyrgyz, kurugan, otuz tatar, kytaň, tataby, tabgaç, umuman ähli goňşy halklar ýagydy. Emma Keramatly Deňri halkyň alnyndan Ak Gün dogdurmak islese oňa Kültegin ýaly, Bilge kagan ýaly ogullary bagyş edýär ahyry.

Az wagtyň içinde oguz-türkmen halkynyň agzyny birikdirmegiň hötdesinden gelen iki dogan, agzalalyk-pytraňňylyk zerarly dagap, çagşap barýan döwleti düwülen polat ýumruga dönderdiler. Polat ýumrugyň düwülendigini öňünden duýup ýetişmedik badyhowa ýagy ýene-de öňküsi ýaly, garawsyz lukma üçin tumşugyny türkmen topragyna garşy uzatdy. Tabgaçlaryň Oň häkimi, özüniň elli müňlük goşuny bilen türkmen ýurduna geldi. Kaganlygyň günorta ülkelerini ot bilen ýalyn gabsady. Dul galyp, gyrnak edilen hatynlaryň, ýetim galyp gul edilen bala-çagalaryň ahy-nalasy dik asmana göterildi. Onsoň Kültegin bilen Bilge kagan derhal, goşunyň şaýyny üpjün edip, on iki müň atly bilen Oň häkimiň elli müň sany atlysynyň garşysyna çykdy. Öňden ugradylan aňtawçylardan, tabgaç goşunynyň içindäki jansyzlardan Oň häkimiň goşuny babatda ähli zerur maglumatlary alan Kültegin, birbada atlaryň jylawyny guşaga ildirip pyýadalap, gaça söweşip, türkmeniň "it urşuny" etmegi, duşman atlary mazaly ýadanyndan soň bolsa dynç duran atlara atlanyp, köplügine buýsanyp, gözi gapylan ýagynyň başyna "gurt oýnuny" salmagy müwessa bildi. Hiç haçan Hakdan içen serkerde inisi bilen pikiri çapraz gelmeýän Bilge han hem onuňkyny unady. Şeýle hem etdiler. Bars beg merkezde öz oglanlary bilen paýu-pyýada, Bilge han çep ganatda, sag ganatda-da Kapagan kaganyň şöhratly egindeşi, goja Kadyrgan beg, üç bolup ýagynyň üstüne hüjüm etdiler. Şonda ýaş başyna Ulug Gürgen hem, söweşe girende däli-mežnun bolup, arkasyny unudýan Bars begiň ýeňsesini gorap söweşipdi. Bars beg pyýada halyna serdesse bilen urup, bir zarbada Oň häkimiň atly-ýaragly, gaýyn inisini atdan agdaryp, ony ýesir alanda-da Ulug Gürgen onuň ýanyndady. Söweşiň ikilenji güni, dynç duran atlaryna atlanyp, bürgüde dönen türkmenlerden elli müňlük tabgaç goşuny ýeňse berip gaçanda hem ol ilkinjileriň hatarynda söweşýän Bars begiň ýeňsesinde hatyrjem durdy.

Soňra türkmen topragyna ýene-de howp abandy. Olar ýene-de gyssagarada sürnüp gelen ýagynyň öňünden çykmaly boldular. Şonda Çaça Seňüniň serkerdelik edýän duşman goşunyna garşy söweşilende, Bars begiň astynda iki at ölüpdi. Üçünji at bolsa Ulug Gürgeniň atydy. Şol söweşden soň sananlarynda, Külteginiň sowudyna, egin-eşigine ýüzden artyk ok çümen ekeni. Ony gorap, sansyz gezek özüni peýkamlardyr-gylyçlaryň, jyzalaryň öňüne tutan Ulug Gürgeniň tenine bolsa ýüze golaý ownuk ýara düşen ekeni. Şol ýaralar zerarly ol söweşden soňra iki aýlap tebipleriň idisinde ýatdy. Şonda hem goşun begleri doganlar-kaganlardan towakga edip, Ulug Gürgeni ýönekeý oglanlykdan beglige götertdiler.

Ondan soňra Ulug Gürgen doganlar-kaganlar bilen bilelikde Ýir Baýyrkularyň Ulug Irkini bilen Türgi Ýargun kölüniň ýanynda bolan gandöküşikli söweşe gatnaşdy. Ol söweşde-de Bars begiň serkerde ussatlygy, gaýduwsyzlygy, Bilge hanyň türkmen

halkyna berlenligi, türkmen ýigitleriniň merdanalygy allajy ýagynyň watan topragyny at toýnagynyň astynda tozdurmagyna ýol bermedi. Soňra ençeme ýyl bäri gyrgyzlaryň kaganlygyň özleri bilen serhetdeş ülkelerine gan çaýkaýandyklary sebäpli, Kögmen dagyndan aşyp, olaryň üsti gapyl basylanda hem Ulug Gürgen beg Bars begiň gapdalyndady. Soňra sogdaklara, ondan soň türgişlere garşy hem ýöriş edildi. Ulug Gürgen ol ýörişlere hem gatnaşyp, müňbegi derejesine çenli göterildi. Şondan soňra iki-üç ýylyň dowamynda Kaganlygyň ähli goňşulary amana geldiler. Bars begiň döreden polat ýumrugynyň zarbasyny dadanlaryndan soňra çar tarapdan Göktürkmen döwletiniň dostlugyny isläp, ilçiler gelip ugrady. Maksadyna ýeten Bars beg rahatlandy-da, unwany[1] “Kagan” bolsa-da çete çekilip, diňe goşun bilen meşgullanmaga başlady. Döwletiň jylawyny bolsa başbitin agasy Bilge hanyň eline berdi.

Ine şonda-da, Bars begiň gapdalynda gylyç gemirmäge endik eden Ulug Gürgen bege, hilegärlikde gyzan bazarda söwda edýän mekir dellallara gaýra dur diýýän, özge ýurtly ilçileriň öz hökümdarlarynyň bähbidini arap gurýan çylşyrymly oýunlaryna tomaşaçy bolmak miýesser etdi. Ine Beýik Kaganyň ak öýüniň töründe çyzykgöz tabgaç ilçisi dilinden bal akdyryp, sözünden dür saçyp, özüniň hökümdarynyň Göktürkmen döwleti bilen baky dostlugyna ynandyrýandyr. Şol bir wagtda-da kagan tagtynda tabgaç ilçisiniň her bir sözüne mähirli ýylgyryp, baş atyp oturan Bilge hany kytaňlaryň garşysyna bilelikde ýöriş etmäge yrjak bolup çytraşýandyr. Özem urşy ilki Göktürkmen döwletiniň başlap, kytaňlary gyran-jyran etmeginiň, kytaňlar doly paýhyn edileninden soňra tabgaçlaryň hem urşa goşulmagynyň, kytaňlaryň ülkesi olja hökmünde paýlaşylanda bolsa tabgaçlara türkmenler bilen deň paýyň bölünmeginiň diňe Kaganlygyň bähbidinedigini çyna berimsiz edip ynandyryp oturandyr. Bilge han bolsa gözlerini güldürip, şol baş atyp oturandyr. Olaryň boluşlaryny görüp, Bilge hanyň tagtynyň sol ýüzünde aýbogdaşyny gurup oturan Ulug Gürgen beg hiç zada düşünmän agzyny öweldip, aňalyp galýardy. Tabgaç ilçisi şol geplär durar, geplär durar. Kagan tagtynda aýbogdaşyny gurup oturan Bilge han bolsa ýaltanmazam, ýadamazam, şol baş atar oturar. Kagan tagtynda özüniň her bir gürrüňine baş atyp oturan adamy oýnatgy hasaplaýan hilegär ilçi bolsa sözüniň tassyklanyp durlanyna kellesi göçer-de aýtmasyz zatlary hem aýdyp başlar. Kytaňlaryň öz ülkelerine çozup özlerine gün bermeýändikleri barada, olaryň garşysyna ýeke özi çykmaga tabgaç hökümdarynyň ýeterlik güýjüniň ýokdugy barada, tabgaç hökümdarynyň hazynasynyň hem gowzandygy barada dilinden sypdyrar. Bilge han bolsa syr bermän, şol baş atar oturar. Iň soňunda-da, tagtda ymyzganyp uklap galar. Şonda-da onuň uklap galandygyna tabgaç ilçisi-hä beýlede dursun, hökümdarlyklarynyň ilkinji jygba-jyg pursatlarynda, Bars beg bilen Bilge hanyň ýedi gije-gündizläp kirpiklerini çalman, ukusyz geçirendiklerini gözi bilen gören Ulug Gürgen hem ynanar-da, ilçilere: “çykyň!” diýip yşarat eder. Ilçi çykyp giderem welin, Bilge han assyrynlyk bilen gözüni açar-da, öýden çykmak üçin işige ýönelen Ulug Gürgeni ýanyna çagyrar. Soňra bolsa tabgaç ilçisiniň türkmen döwletine gurýan aýylganç duzaklaryny çigit çigitlän ýaly edip, birme-bir düşündirip başlar. Şonda-da Ulug Gürgen beg ýekeje ähtiýalan gurrumsagyň pirimine aldanaýsaň, onuň ýüzlerçe

[1] Unwan-titul, at, dereje.

ýyllaryň dowamynda azap edip gurlan döwlete, ýüz müňlük goşunyň, ýetmiş ýedi ýyllap üznüksiz çozup, ýetirip bilmejek zelelini ýetirjekdigine haýran galar. Haýran galardy we howpurgardy. Bilge hanyň gerşinde göterýän, beýik ynsan paýhasyndan özge hiç bir zadyň göterip, çekip-çydap bilmejek ýüki hakda oýlananda, aldym-berdimli söweşlerde onlarça duşmana garşy ölümini boýun alyp, sagynman okdurylýan Ulug Gürgen begi der basýardy. Şeýle pursatlar ol ejizläp, Bilge hanyň aýagyna ýykylýardy-da: "Hökümdarym-babam, men Bars beg-babamyň hem aýagyna ýykylaýyn welin, maňa Bars begiň ýanynda, goşunyň arasynda bolmaga idin beriň! Keramatly Deňriniň adyndan ant içýän, men bu albassy-ilçileriň guryan duzaklaryndan şeýlebir elheder alýaryn welin, zadyň çeni däl! Bularyň ýeke biriniň alyna düşäýseň giden halky gyrgyna berdirjek ahyry!" diýip ýalbarardy.

Bilge han-a onuň aýdanlaryna ýylgyryp oňaýardy. Kültegin bolsa dergazap bolup, käýinerdi-de, oňa Bilge hanyň ýanyndan turup, goşunyň arasyna barmagy gadagan ederdi. Şeýde-şeýde Ulug Gürgen beg Bilge hanyň ýanynda oturyp, döwleti edara etmegiň, ony syýasat bilen, içki we daşky howplardan goramagyň inçe tärlerini hem özleşdirdi.

Doganlar-kaganlaryň dolandyran ýyllarynda Göktürkmen döwleti ösüşiň iň belent derejesine galdy. Sebitde ägirt uly güýje öwrüldi. Bars beg tutuş döwletiň serhediniň ýakasyny täze gurlan serhet gorganlarynyň zynjyry bilen berkitse, Bilge han, Oguz han Türkmeniň köne elipbiýini dikeldip, hat-ýazuwy döretdi. Bars begiň ýolbaşçylygynda goşunda tertip-düzgüni ykjamlap, ägirt uly meýdany tutup ýatan döwletiň esasy ýollarynda garawul diňlerini gurdy. Ol diňleriň gapdalynda hem ýörite çaparlar goýlup, döwletiň iň çet künjeklerinden ugradylan habaryň iki-üç günüň dowamynda Baş gorgana gelip ýetmegi üpjün edildi. Bilge han bolsa kerwenleriň gatnaýan ýollarynda rabatlar saldyrdy. Söwda ýollarynda kerwen talan her bir adamyň kimligine garamazdan başynyň ölümli, malynyň talaňlydygyny yglan etdi. Bars beg bolsa Bilge hanyň döwletiň çäginde söwdanyň pajarlap ösmegini göz öňünde tutýan bu permanynyň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek üçin, gatnawly ýollarda ýaragly saklawlaryň gözegçilik etmegini gurnady. Şeýdip hem doganlar-kaganlaryň ýadawsyz tagallasy bilen Göktürkmen döwleti sarsmajak-synmajak kuwwata, depseň yranmaz baýlyga eýe boldy.

Beýik doganlar özleriniň amala aşyrýan her bir işinde Ulug Gürgen begiň eliniň bardygyny halkyň hem görmegini gazanmaga çalyşdylar. Ulug Gürgen bege iň kyn harby ýumuşlar tabşyryldy. Iň çylşyrymly gepleşikleri geçirmek üçin ol ilçi hökmünde özge ýurtlara ugradyldy. Serhetde gorganlaryň ulgamy döredilip, bir wagtyň özünde onlarça serhet gorganlary gurlanda hem beýik gurluşygyň üstünde Kültegin kagan bilen Ulug Gürgen beg dik durupdylar. Kerwen ýollarynda rabatlar salynýarka hem, Bilge hanyň ýolbaşçylygynda külli göktürkmen iliniň gurluştoýlary[1] geçirilip, ähli halkyň bähbidini araýan töreler gazanylýarka[2] hem Ulug Gürgen beg Beýik doganlaryň ukusyz gijeleriniň ýeke-täk ýoldaşy bolýardy.

...Geçen günleriň ýatlamalaryna berlip, agyr oýa batan beglerbegi Barserkliniň nädip içeri girendigini hem aňşyrmady. Merhum hökümdaryň başujunda agyr hasrata

---

[1] Gurluştoýy-gurultaý.

[2] Töre gazanmak-gadymy oguz-türkmen dilinde "kanun çykarmak" diýen manyny aňladýar.

gark bolan beglerbeginiň özüne tarap baş galdyrmandygyny gören Barserkli birbada kelam agyz geplemän yzyna çykjagyny hem bilmedi, beglerbegä gep gatjagyny hem. Ol sesini çykarman iç işikde, giren ýerinde doňňara-daşa öwrüldi.

Azsalymdan Ulug Gürgen beglerbegi ýeňsesinde Barserkliniň durandygyny syzdy. Assajadan başyny göterip, ýaralardan ýaňa besse-besse ýüzüni oňa tarap öwürdi. Barserkli dil ýardy:

--Begim, bimaza edendigim üçin günämi ötüň, ýöne, daň atdy. Beýik Kagany Keramatly Deňriniň öz huzuryna çagyrandygyny Baş Gorganyň halky daş gulakdan eşidipdir we şu mahal tutuş ilat Içgorganyň derwezeleriniň öňüne ýygnandy. Halk tolgunýar. Hemmeleriň ýüzünde aljyraňňylyk höküm sürýär. Merhemet edip, özüňiz diwara galmasaňyz, howsala düşen halk goýun sürüsi kimin hiç kime gulak asmaýar!

Barserkliniň sözleri Ulug Gürgen beglerbeginiň aňynda mundan beýläk gerdeninde götermeli boljak ýüki hakyndaky pikiri ýyldyrym çaltlygynda ýalpyldap gitmäge mejbur etdi. Köpi gören beglerbegi biygtyýar ýegşerildi-de: “Eý-ho, Mukaddes, Keramatly Hudaýym, men ýeke-ýalňyz galan, ejiz-günäkär bendäňe, beýiklerden galan bu ýüki masgara bolman, mynasyp götermäge gaýrat ber! Kuwwat ber! Ýol görkez, Taňrym!” diýip pyşyrdady. Soňam Bars begiň serdarlygynda, ölümini ikuçsyz boýnuna alyp, özlerinden ençeme esse güýçli duşmana garşy okdurylanda edişi ýaly, uludan bir “öwhüldäp” demini aldy-da, birden ýüregini dolduran rahatlyk bilen, Içgorganyň derwezesine garşy ýöneldi.

Içgorganyň derwezesiniň üstüne çykanda ol yrňyldap duran, sähel ýalňyş söze görlüp-eşidilmedik harasady gopdurjak adam deňzine gözi düşüp, biraz sussy basyljak boldy. Emma ol dessine nepesini durlady-da, söze başlady:

--Doganlar!!!

Beglerbeginiň serkerde owazyny eşiden mähelle birden dymdy-da, dym-dyrslyga beslendi.

--Doganlar! Agyr günler başymyza düşdi! Daşymyzyň goragy, gözümiziň göreji, Beýik Hökümdarymyzy Keramatly Deňri öz dergähine çagyrdy! Eý Beýik iller! Synmajak, epilmejek, agzy alarmajak, Mähriban Türkmenim, Gahryman Türkmenim! Başymyza düşen şu ajy günlerde mert duralyň! Bars begiň tagallasy bilen bir ýere jemlenip, düwlen polat ýumrugyň kuwwadyny egismäliň! Çaýkanmalyň, mähribanlarym! Bilerleriň Biligi, Bilge Kaganyň ömrüni siňdirip, azap edip guran, ajap döwletini tolgunyp, aljyrap, weýran kylmalyň! Beýik Kaganlaryň gazanan Törelerine boýun sunalyň! Hanmy, begmi, aksakgal ýa-da çopan, atbakar, oglan… tapawudy ýok, Kanunyň öňünde hemmeler deňdir! Kanuny unudyp, sähel salymlaýyn duýga berlip, çaýkansak, galynyp bilmeris! Ýurt dagar! Adamlar, häzir öýli-öýüňize dargaň, gün öýle bolanda Merhumy, Bars begiň Mazar depesiniň sol ýüzünde öten agşamdan bäri taýýarlanyp ýörülen belent Mazar depesine eltip, jaýlarys! Beýik hökümdarymyzyň Taňra gerek bolanyna üçülenji gün diýlende bolsa, ähli uluslardan ulus beglerini jemläp, Uly geňeş kylarys! Şonda-da Düýp babamyz, Il Beýgi[1] han nesli Oguz han atamyzyň sargyt eýlän dessuryna-ýoluna laýykatlykda, Merhum Kaganyň uly ogluny, ak keçede

[1] Il Beýgi – Dib Ýabgu.

Beýik Kaganlyga götereris! Oňa çenli welin, Mähribanlarym, tünlükden dörän iblisleriň alyna gitmäliň! Asudalygy saklalyň, tertip-düzgün berjaý kylynsyn! Bu mahal Baş Gorgana ähli uluslar garaçygyny dikip, gözläp durandyrlar! Baş gorgan elendigi, tutuş uluslar tolkun atyp, däli umman deýin güwwüldäp başlar! Beýle tupan tursa-da, atalarymyzyň şirin janlaryny pida edip döreden, Beýik Göktürkmen döwletini ýer hopar! Kanun! Kanuna baş egiň we gulak asyň! Men!!!

Şu ýerde Ulug Gürgen demini dürsemek üçin sözüne dyngy berdi-de, başyndaky telpegini eline aldy:

--Men, henize bu güne çenli ynsan balasyndan yza tesmedik, il içinde “alplar-alpy” adyny alan, duşmanlaryň “Uly Böri” diýip lakam goýan, beglerbegi Ulug Gürgen, asmany hem zemini, ody hem suwy, topragy hem kişi ogullaryny Ýaradanyň Mukaddes adyndan ant içýän! Ant içýän, Beýik Kagan tagtynda Beýik Kagan oturyp perman berip başlaýança tutuş ýurduň çäginde jinnek ýaly tolgunyşyk döretmekçi bolan bendäniň başyny alyp, läşini tokaý börilerine şam ederin! Dargaň, Mähribanlarym! Öýleden soňra, Beýik Kagan bilen hoşlaşmaga hemmelere mümkinçilik berler!

Ulug Gürgen hakynda ýarym çyn ýarym toslama rowaýatlary agyzdan-agza geçirip ýören halk, ony juda sylaýardy. Il içinde onuň abraýy doganlar-kaganlaryňky bilen deňeçer bolmasa-da şolardan özge her kesiňkiden uludy. Onuň her bir sözüni bihuda ýere aýtmaýandygyna-da hemmeler beletdi. Şonuň üçinem, Ulug Gürgen beglerbegi sözüni tamamlandan soňra Içgorganyň öňüniň adamsy azalyp başlady. Azsalymdan soň bolsa dabara meýdanynda, diňe iki ýaňa aýlanjyrap ýören iki-ýeke eli naýzaly ýasawullardan özge jemende galmady.

Soňra Ulug Gürgen beglerbegi, tagt begleri bilen hem Beýik Merhumy jaýlamaklyk bilen baglanyşykly wajyp meseleleri maslahatlaşdy. Maslahatdan soň Ulug Gürgen beglerbegi ýene-de Beýik Kaganyň ýanyna dolandy. Ýöne bu gezek onuň ýeke özi barmady. Kaganyň ähli ilen-çalanlary, ýakyn adamlary, onuň başujuna üýşdüler. Gün öýleden aganyndan soň bolsa tämiz edilip, ýuwlup, söweş geýimi geýdirilen Beýik Kagany gadymy oguz däbine görä naýzalaryň üstünde goýlan galkanlarda ýatyryp, ýas aýdymy bilen Içgorganyň öňündäki dabara meýdanyna alyp çykdylar. Şondan soň hem Beýik Kaganyň tabydy aýallaryň yzan-da-çuwan bolup aglaşmaklarynyň astynda, dabara meýdanyna ýygnanan agyr mähelläniň üstünde, elden-ele geçip, ýüzüp ugrady. Her kim soňky sapar iliň-günüň arkadagynyň didaryna garap, onuň mundan beýläk mukaddes saýyljak tabydyna elini degrip görmegiň höwesinde bolandygy sebäpli hem Beýik Kaganyň tabydy gün ýaşýança halkyň elinde gezdi. Entegem halk söýgüli howandaryny soňky ýoluna goýbererli däldi, hernä mubatlar[1] ýerli-ýerden Merhum ýolundan saklanylsa Gök Deňriniň gazaba münjekdigini aýdyp, adamlary gyssap başladylar. Soňra Ulug Gürgen beglerbeginiň baştutanlygynda, tagt begleri Beýik Kaganyň tabydyny göterdiler-de, Oguz han döwründen bäri üýtgemän gelýän ýas aýdymyny aýdyp, Baş gorgandan bir menzil daşlykda lummurdap akyp ýatan derýanyň kenaryndaky, Külteginiň baky rahatlyk tapan Mazar depesine tarap ýola rowana boldular. Olar tozanly ýoldan gezekli-gezegine tabydy göterip, gidip barýardylar.

[1] Mubat-molla diýmegi aňladýar.

Hasratdan doly owaza ýugrulan ýas aýdymy bolsa gölegçileriň mähellesiniň üstünde, ýüreklerden gaýnap çykýan ahy-nala çydamaýan ýaly, pyrlanyp-towlanyp, jowranyp, aýlanyp jöwlan urýardy.

Ulus-iliň halasgäri,
asly ary[1], nesli ary,
Külli türkmeniň howandary,
alp-ärleriň serdary,
Dost aglady, duşman güldi,
uçup gitdi asman sary!

Ýürekleriň öçmez ody,
ebedilik galdy ady,
Awazasyn dünýä eşder,
dünýä ýaň salar şöhrady.
Ajal aldy, ýer gizledi,
arş aglady, kürs bozlady,
Jiger-bagrymyzy daglap,
kör boldy, gözlermiz aglap!
Agyr hasrat başa düşdi,
Kuýaş öçüp, Mahym ýaşdy.

Ulus-iliň halasgäri,
asly ary, nesli ary,
Külli türkmeniň howandary,
alp-ärleriň serdary,
Dost aglady, duşman güldi,
uçup gitdi asman sary!
uçdy gitdi asman sary!

Beýik Kaganyň müň atlydan agdyk şahsy goragynyň ýigitleri uzakly gije gezekli-gezegine çalşyp işläp, Kültegininiň Mazar depesiniň demirgazyk tarapynda, şol depä ekiztaýy ýaly meňzeş ýene-de bir Mazar depäni taýýarlapdylar. Gölegçiler şol depäniň öňüne bardylar-da togtadylar. Depaniň demirgazyk tarapynda Kültegininiň Mazar depesiniň ýakynynda, tegelek görnüşde äpet çukur gazylgydy. Şol çukuryň diwarlary hem iň berk agaçlar bilen berkidilendi. Çukur öý görnüşinde taýýarlanylandy. Töründe bolsa gyralary bedew atlaryň şekilleri görnüşinde göller bilen dörtburç edilen, nepis haly ýazylgy durdy. Bu çukur merhumyň iň soňky jaýydy, haly bolsa mundan buýana onuň hemişelik düşegidi.

[1] Ary-arassa diýmegi aňladýar.

Begler ýas aýdymyny kesdiler-de Beýik Kaganyň uly ogly bilen bilelikde gabryň içine girip, merhumyň ýatan tabydyny halynyň üstünde goýdular. Soňra mubatlar Keramatly Taňrydan Beýik Kagan Bilge han üçin ýagşy dilegler etdiler. Soň bolsa merhumyň ýakynlary "baky jaýdan" daşyna çykdylar-da öňden taýýarlanyp goýlan galkanlar bilen susup alyp, çukuryň içine üç mertebe gum serpdiler. Soňra gum atmak nobatyny beýleki gölegçilere berdiler. Olar hem merhumyň ýakynlarynyň hereketini gaýtaladylar. Şondan soň sähel salymyň içinde Beýik Kaganyň "soňky jaýynyň" üstünde belent Mazar depesi döredi. Soň ulus-il Mazar depäniň ýanynda säginip, begleriň diýjek sözüne garaşdy. Begler Kaganyň uly oglunyň ýüzüne garadylar. Ol delminip Ulug Gürgeniň ýüzüne seretdi.

Ulug Gürgen bu pursatda halkyň ejizläp, hossarsyz çaga deýin nalajedeýin halda, bir parasatly söze, mundan beýläk ugur-ýol görkezjek ynamly nesihada garaşýandygyny tutuş durky bilen duýdy. Ol göwnüne geňeşdi. Emma deryanyň kenarynda ýaýylyp ýatan halkyň teşne sözüni köňlünden tapmady. Ulug Gürgen aljyrady. "Taňrym, senden medet!" diýip, içinden pyşyrdady-da, ol töweregini gallap duran egindeşlerinden haraý isleýän dek, olara birlaý göz gezdirdi. Şol pille-de birdenkä Kültegininiň Mazar depesiniň erňeginde dikilgi duran ýazgyly daşa gözi düşdi. Ol uludan bir demini aldy-da: "Parasatly hökümdarym, sen gaýypda bolsaň hem men guluňa ýol salgy berýärsiň!" diýip oýlandy. Soňam:

--Doganlar! Beýik Hökümdarymyzy ýere duwladyk! Keramatly Gök Deňri oňa özüniň tükeniksiz asman şalygyndan ymgyr kaganlygy bagyş etsin! Indi bize bolsa diňe Parasatlylaryň Parasatlysy bolan Beýik Kaganyň iň möhüm sargydyna eýerip, şonuň görkezen ýoly bilen ýöremek galýar! Serediň, doganlar!

Ulug Gürgen beglerbegi elini uzadyp, Kültegin hormatyna dikilen ýadygärlik daşyny görkezdi:

--Ine, bize Beýik Kagan, bakyýetden nämäni nesihat berýär! "Türkmen-oguz begleri, halk eşidiň! Üstüňden asman basmasa, astyňda ýer dilinmese, türkmen halky, iliňi-ýurduňy, töräňi (kanunyňy) kim bozup biler?!" Kanunymyzy hiç kim bozup bilmez, Türkmenler! Şuny bilip goýuň, öz içimizden ýagymyz döremese, agzymyz alarmasa, düýp babamyz Oguz handan galan kanunymyzy hiç bir nägehan bozup bilmez! Ýaraglylar gelse-de, Naýzalylar gelse-de, Keramatly Ötüken dagynyň halky, agzymyz bir bolsa, döwletimiz yrylmaz! Doganlar, ine şu ýerde, ömrüni bize bagyşlap, soňky pursatynda "watanym, halkym" diýip demi sogrulan iki dogan-merdiň baky jaýlarynyň öňünde, kasam edeliň, atalarymyzyň kanunyna wepaly boljakdygymyza, ata watany, ene topragy ähli zatdan eý görjekdigimize, kasam edeliň! Goý, ümmülmez dünýäniň ähli halklary hem eşitsinler! Türkmen-oguz halkynyň kanunyny hiç kes bozup bilmez!...

Ulug Gürgen beglerbegi, ähli hyjuwyny siňdirip, ýüreginden syzdyryp, joşup gepleýärdi. Tutuş türkmen-oguz halky bolsa gulaga öwrülip ony diňleýärdi. Çünki ony diňläp duran her bir adam üçin göwnüne bolmasa bu gepleýän Ulug Gürgen beglerbegi däl-de onuň öz kalby ýalydy. Goşa Mazar depäniň gapdalynda duran her bir adam hem Bilge Kaganyň daşa nagyş etdiren sözlerini içinden öwran-öwran gaýtalaýardy: "Türkmen-oguz begleri, halk eşidiň! Üstüňden asman basmasa, astyňda ýer dilinmese, türkmen halky, iliňi-ýurduňy, töräňi (kanunyňy) kim bozup biler?!"

“Edebiýat we sungat” gazetiniň 2007-nji ýylyň 26-njy ýanwardaky sany

## Gaýym gala

…Asmandaky mahy-taban, tüm-garaňky gijede awuny aňtaýan gum pişiginiň sap-sary görejine meňzäp, äpet bolup, lowurdap durdy. Täze awlanan saýgagyň ganlyja etinden garnyny gözän läheň, çal böri, gazan ýaly kellesini öň aýaklarynyň üstünde goýup, gözüni süzüp ýatyrdy. Ýekemen gurduň hemişekisi ýaly ýüregi gysýardy. Elmydama dolan aýa gözi düşende ony tukatlyk basmarlaýardy. Ol munuň näme üçin beýle bolýandygyna düşünip bilmeýärdi. Dogrusy beýle zatlary seljerip, böwrüne diň salyp ýörer ýaly onda aň-paýhas hem ýokdy. Ol adamdan özge ähli janly-jandarlara mahsuslykda diňe duýgy hem-de üşük bilen ýaşaýardy.

Ýöne düşünse-de düşünmese-de, asman kamary mahy-tabana dönende bagryny myňçgalap, owmaç edip gelýän ýürekgysmanyň onuň tutuş durkuny düýrmegi bilen düýrläp holtumyna alýandygy hakdy. Şeýle pursatlar ol edil şu wagtkysy dek, garysyny ýassanýardy-da, gazan ýaly mähnet çalbaşyny öň penjeleriniň üstüne taşlap, gözüni süzüp ýatýardy. Şol bolup ýatyşyna-da ol kimdir birini şeýlebir göresi gelip, şeýlebir küýsäp ugraýardy. Has takygy, “kimdir birini” hem däl-de, zemin ýüzünde ýeke-täk ýürekdeşiniň ýanyna gelmegini, çalbaşyny sypalap, özüniň gödeksi, emma welin, şeýlebir yssy, şeýlebir mähriban sesi bilen “Çalbaşym, diýýän-ä!” diýip pyşyrdamagyny isläp başlaýardy. Onsoň eger şeýle pursatlar ýekemen böriniň yhlasy gowşup, bir ýerden ýürekdeşi çykyp, gelip, ýanjagazynda otursa, çalbaşyna elini goýup, gödeksi mähirli sözleri hümürdäp başlasa, ony gemirýän tukatlyk hem bir ýerlere sumat bolýan ýalydy.

Ýekemen böriniň uzak beýdip ýatmaga takaty ýetmedi. Dikeldi-de, hol alysda yşyklary görünýän küren oba tarap seňkildäp ugrady. Onuň bahymrak durkuny doldurýan tukatlykdan saplanasy gelýärdi. Birsellem seňkildäp ýöräninden soňra möjek, obanyň bäri çetindäki çäge alaňynyň üstüne çykdy. Şemalyň oba tarapdan öwüsýändigi sebäpli, küren obanyň itleri onuň ysyny almadylar. Ýöne assaja şemalyň akymlary bilen gelen, obanyň dürli-dümen dürüşde yslary onuň juda syzgyr tumşugyna hapylap urdy. Şol garym-gatym yslaryň arasyndan hem onuň duýgur burny ýürekdeşiniň ysyny saýlap tapdy. Şol yslar bilen bir wagtda-da onuň gulagyna şadyýana goh eşidildi. Ol ýyrtyjy seresaplylygy bilen, awuny atymyna alanda edişi ýaly, bukdaklap, alaňyň üstüne çykdy-da, köz deýin ýanyp duran gözlerini oba dikdi. Gören zatlary ony geň galdyrdy. Oba bu gün hemişekisi ýaly däldi.

Dogrusy, düňderilen, äpet gazanlara çalym edýän, daşyna ak keçe tutulan, gümmez öýler öňküsi dek, obanyň ortarasyndaky uly meýdançanyň daşyna, gurluş toýuna üýşen oguz begleri deýin, egele bolup durdylar. Öňküsi ýaly meýdançanyň ortarasynda hem hiç wagt sönmeýän, keramatly Kün Hudaýy, Ýagşylygyň we Ýagtylygyň Ýaradyjysy-Mahur Hudaýyň, Ahura-Mazdanyň mukaddes ody ýanyp durdy. Emma Mukaddes Alawyň ýanyşy has üýtgeşik, belentdendi.

Oduň daşynda-da gyrmyzy geýimli, lowurdap ýanyp duran gaýyş ädikli, silkme telpekli syrdam-syrdam ýaş ýigitler biri-biri bilen sazlaşykly pyrlanyp, böküşip täsin-täsin hereketler edýärdiler. Olar jemi kyrk sanydylar. Ählisi hem deň sazlaşykly hereketler bilen, ýarym ýapyrylyp, çep ellerini döşleriniň üstünde goýup, sag ellerini gyra, yzlygyna tutup, dähedem-dessemläp oduň daşynda aýlanýardylar. Olar her gezek aýaklaryny ýere "patladyp" uranlarynda hem "küşt-küşt" diýşip gygyryşýardylar. Ýigitler her sapar aýaklaryny ýere uranlarynda-da, ortada ýanýan alaw sandyrap, ondan göterilýän uçgunlar çar ýana syçraýardy. Onsoň göwnüňe bolmasa, ortada ýanýan otdan däl-de, ýigitleriň dabanynyň astyndan uçgun sowrulýan ýaly bolýardy. Ýigitler iki gezek "küşt-küşt" diýşip, biri-birine gop berip, ýer depenlerinden soňra, üçünji gezek, hemmesi birden, deň hereket bilen, ýokarlygyna bökýärdiler-de, howada öz daşlaryndan aýlanyp, "küşt depdi" diýip, batly gygyryp, aýaklaryny ýere urýardylar. Şonda hem kyrk sany gujurly aýagyň bir pursatda ýere urulmagyndan ýaňa ýer goduklap, Mukaddes Alaw az-kem ýokarlygyna towsup gidýän ýaly bolýardy. Onsoň ýene-de ähli hereket täzeden başlanýardy. Daşlaryna üýşen mähelle bolsa çapak çarpyp, olaryň "hähini" ýetirýärdi.

Kyrk ýigdiň her bir hereketini sypdyrman yzarlap başlan çal böri sähel salymdan olaryň arasyndan öz ýürekdeşini tanady. Ol hem kyrk ýigit bilen deň hereket edip, Mukaddes Alawyň daşynda raks oýnaýardy. Ýürekdeşini tananyndan soňra möjek galan ähli adamlara üns bermegini bes etdi-de, gözüni aýyrman diňe şoňa seredip başlady. Kyrk ýigdiň söweş raksy esli wagt dowam etdi. Hatda näçe çydamly, sabyrly bolsa-da olary yzarlap ýatan ýekemen gurt hem ýadap gitdi. Emma kyrk ýigit welin, göwnüňe bolmasa demirden ýasalan ýalydylar. Söweş raksy uzaga çekdigiçe olar gaýta has beter bat alyp, hereketleri has hem ýygjamlaşýardy. Ýadap togtamakdan geçen, Mukaddes Alawyň daşyndan her gezek aýlananlaryndan soň ol kyrk ýigit, göwnüňe bolmasa has belende bökýäne meňzeýärdiler. Olaryň raksy ýene-de bir sellem dowam etse olar, böküşlerini güýçlendirip, ýyldyzlardan doly garaňky syýalyga tarap, uçup gidäýjek ýalydylar.

Çal ýekemen ýadanyndan soň hem esli salym kyrk ýigdi synlady. Emma olar togtar ýerde togtamandyklary sebäpli, bu ýagdaý möjegiň ýüregine düşüp başlady.Ýürekdeşiniň özüni ýene-de tukatlyk basmarlaýandygyny duýmagyň deregine, oduň daşynda üznüksiz towsup, pyrlanyp ýörmegine gahary gelen böri, haçan-da ukuda ýatan wagty büre dişlände edişi dek, bogazyndan gaýnadyp, assaja hyňrandy. Birdenem özüniň näme üçin beýle edýändigine hem düşünmän, tumşugyny mahy-tabana tarap öwürdi-de, närazy äheňde uzyn-uzyn uwlap goýberdi. Bada-badam onuň sesine ses goşup, niredir bir alyslardanam-alyslarda, edil onuň özüniňki deýin, närazy "uwwuldylar" eşidildi. "Bu jelegaýlarda menden başga-da ýalňyzlyk basmarlaýan böri bar ýaly-la!" diýip geňirgenýän dek, möjek sesini tapba kesip, "uwwuldylaryň" gelen tarapyna tiňkesini dikdi. Ol bu hereketini ölügsi süýtreňk tümlükde nämedir bir zady saýgarmak üçin hem etmedi-de, ýöne, endigine görä edäýdi. Şol pille-de ylla, uly bir hezillikden galyp barýan ýaly, obanyň itleri çöl-beýewanyň möjekleriniň "uwwuldysyna" iniňi tikenekledijі ýogyn sesleri bilen üýrüp, jogap berip ugradylar. Möjek itleriň üýrmesini halamady. Ýankysy ýaly, ýöne janagyryly hyňranyp, oba garşy

garady. Itleriň özüni görmeýändiklarini bilse-de, olardan özüniň jinnek ýalyjak hem çekinmeýändigini görkezmekçi bolýan dek, ýene-de dolan aýa garşy tumşugyny uzatdy-da uzyn-uzyn uwlady. Möjek “uwwuldysynyň” obanyň ýakynjagyndan çykandygyny eşiden itler, özleriniň äsgerilmeýändigine bolmajysyny boldular. Ala-zenzele bolşup, üýrüşip, kowçum tutup, çal ýekemeniň duran alaňyna tarap gaýtdylar.

Möjek gorkmady. Gaýta gerşiniň tüýleri syh-syh bolup dikeldiler-de, ol ençeme mynasyp garşydasynyň bogazyny çeýnän gyýaklaryny syrtardyp, hyňrandy. Soňam misli özüne tarap topulyp gaýdan köpek sürüsi däl-de, wehimden ýaňa aňkasy aşan keýikler ýaly, äwmän-alňasaman, ýeňsesini tüňňertdi-de, aý şöhlesi zerarly sarymtyl bolan garaňkylygyň jümmüşine garşy seňkildäp gitdi. Aňyrdan ala-hasyrdy bolşup gelen köpekler bolsa alaňyň üstünden diňe çal ýekemeniň ysyny tapdylar. Emma hiç haçan bir zada kelle gyzdyryp, goraýan zatlaryny taşlap gitmeýän häsiýetli janawerler möjegiň yzyndan kowmadylar. “Çal, gelmäge het edäýmegin! Özüňden heder edýändir öýtme, aýawlymy taşlap bilmeýärin, ýogsa seniň bilen ýekme-ýeke hem taýýar!” diýýän dek, gijäniň içinde ap-ak bolup, akjaryp görünýän, daýaw türkmen köpekleriniň her haýsy, çal ýekemeniň yzyndan haýbatly üýrüşdiler-de, oba döndiler.

Göwni galan möjek bolsa şol gidişine esli ýöräp, öz sürenine ýetdi. Süreniň agzyna geçip närazy süýndi. Garny dokdy. Emma ukusy welin, tutmaýardy. Şol ilkibaşdakysy ýaly, gözlerini ýumjukladyp, esli wagt ýatdy. Onýança hol allaowarrada galan oba tarapdan tasap gaýdan şemal, ýarygije bolandygyny aýdyp gygyryşýan horazlaryň sesiniň ysgynyny alyp, onuň gulagyna ýetirdi. Şol wagtam möjek özem düşünmän nämedir bir zady syzyp, laňňa ýerinden galdy-da, howany uzyn-uzyn ysgady. Nämäniň ysyny alandygyna düşünjek bolýan ýaly, ýeke pursat doňňara-daşa öwrülip durdy. Birdenem tumşugyny öňe tarap uzatdy-da, ses-selemsiz öňe okduryldy. Badyna süreniniň öňüni gabsaýan sazaklykdan çykany hem şoldy welin, onuň süreni ýerleşýän sazakly oýuň üstüne howala bolup duran, beýik bolmasa-da pes hem däl, gum depesiniň aňyrsyndan bir düşnüksiz gara towsup ýokarlygyna bökdi-de, çal ýekemeniň üstüne özüni zyňdy. Bat bilen ýokardan düşüşine-de, garbap ony çägä basdy. Emma çal ýekemeniň güýji ýöne-möne güýç däldi. Ol bogazyna agyz salyp, bir silkende daýaw saýgagy gerşine zyňýardy. Şol ýüki bilen hem eger gerek bolsa, onlarça menzili säginmän, saklanman, ylgawuny üýtgetmän, bozman geçip bilýärdi. Şoňa görä-de çal böri, gerşine hopba bolup, özüni ýer bagyrtladan garany bir silkinende arkasyndan aýyrdy-da, almaz ýaly kesgir dişlerini syrtardyp, özüne hüjüm etmäge het eden düşnüksiz suduryň bogazyna tarap äňini hatap ýaly açdy. Onuň bolşy bir demde düşnüksiz suduryň bogazyny çeýnärli göründi. Emma möjek iň bärkisi ony dişlemedi hem. Gerek bolsa guş ýumurtgasyny ynjytman, göterip bilýän, emaýly äňi bilen düşnüksiz suduryň çigninden, wawwasy bar ýaly assaja gysdy-da, mähnet çal kellesini suduryň boýnuna, äňiniň aşagyna süýkeşdirdi.

--Çal başym, diýýän-ä! Wagty bilen ýanyňa gelmändigim üçin, menden gaty görüp gaýdaýdyň öýdýän?! Şeýlemi, çal başym!-diýip, çal ýekemeniň güjükliginden bäri gulagyna siňip giden, gödeksi ýöne mähriban owazy bilen düşnüksiz sudur dillendi. Arzyly maksadyna ýeten möjek, boýnundan gujaklaýan ellerden sypmakçy bolýan dek, goçak kellesi bilen bir-iki sapar suduryň kükregine ýuwaşja hütületdi. Çym-gyzyl dilini

çykaryp, suduryň ýüzüni ýalaşdyrdy. Tumşugyny uzadyp, ellerini ysgaşdyrdy. Şonda-da çal böriniň göwnüne bolmasa, güjüklikde özüne geçi derisinden tikilen ýanlykdan, geçi süýdüni berip, emdiren ellerden henizem süýdüň süýjümtik-ýagjymak ysy gelýän ýaly boldy. Sudur bolsa neneňsi kuwwatly bolsa-da, islendik garşydaşa sagynman topulyp bilýän, garadangaýtmaz, äpet ýekemeniň göwresine hem-de hyrsyz keşbine gelişmeýän ýalynjaň güjüksiremesine ähmiýet bermän oňa bir zatlar gürrüň berýärdi.

--Çal başym, sen bilýäňmi, biz ýigitler bilen şeýle bir raks oýnadyk, şeýlebir raks oýnadyk welin, hiý goýaýgyn! Megerem, entek Keramatly Kün Hudaýy, Ahura Mazda asmany hem zemini, topragy hem suwy, ynsany hem möjegi ýaradaly bäri, biziň däbimize-dessurymyza düşünmän, "DÄH!"diýen söweş çakylygymyzdan ugur alyp, kese ýurtlularyň "Dähler" diýip atlandyrýan, külli Oguz ilini döredeli bäri, Mukaddes Alawyň dasynda, Düýp babamyz Oguz han döwründe döredilen, gözbaşyny Kök babamyz Dib Ýabgudan alyp gaýdýan söweş raksyny, galyň oguz ýigitleriniň hiç haýsy beýdip, şeýlekin oňaryp, oýnan däl bolsa gerek! Sen bir sered-ä, sen bir gören bolsadyň!

Sudur öz gürrüň berýän zadyna joşup, ýerinden tarsa turdy-da, möjege görkezmekçi bolýan ýaly, garaňkylykda tozan turzup, birki sapar "küştdepdi" depdi, Soň ýene-de çal ýekemeniň gapdalyna geçip oturdy:

-Gyzlarymyzyň bize bakyşlaryny dagy gören bolsadyň! Huşuň başyňdan uçardy. Bu gün, Now Ruz—Täze Gün ahyry! Ýagtylygyň hem Ýagşylygyň Ýaradyjysy Ahura Mazda bu gün äleme dirilik paýlaýan Mukaddes Küni täzeden ýaradýar, gyş gutaryp ýaz gelýär, ähli janly-jandarlar, ösümlikler diriligiň ýeňip bolmajak hyjuwy bilen joşa gelýär. Galyň oguz ilinde-de Köneden Täzäni ýaradýan Mähir Hudaýyň şanyna toý-baýramlar guralýar, hiç haçan öçmeýän Mukaddes Alawy belentden ýakyp, onuň daşynda raks oýnalyp, aýdymlar aýdylýar. Toý lybasyny geýnen oguz ýigitleri uçganaklap, syçrap duran bedewe dönýärler, bu gün! Ýaz lybasyny geýen oguz gözelleri bolsa, süýnüp-sarkyp, suwa inýän sähra jerenlerine kybapdaş, bu gün!...Obamyzyň kyrk ýigdi bolup, birek-birek bilen bäsleşip, şeýlebir raks oýnadyk, şeýlebir raks oýnadyk, çal başym! Gyzlar dagy sülmüräp, syr bermedik bolan bolup dursalar-da, her gaýra ýer depenimizde, ýürekleriniň ortada ýanýan Mukaddes Alaw deýin towsup gidýändigi duruşlaryndan bildirip durdy! Temmuz seýsiň gyzy Gülnäziň bolsa gabak astyndan gözi mende! Wa-a-ah, çal başym, Gülnäziň gözlerini diýsene! Ol gözler şeýlebir göz welin, göz dagam däl-de, gözleriň gözi olar! Göwnüňe bolmasa Gülnäziň gül jemalynda şol "göz" diýip atlandyrylýan, goşa ýyldyzyň deregine Mahur Hudaýyň hut özi, özüniň ähli keramaty bilen ornaşan ýaly!...

Sudur içine sygdyryp bilmeýän duýgularyny gürläp-gürläp egismekçi bolýan dek, ýetişibildiginden gepläp otyrdy. Onuň sözlerine düşünmeýän mähnet böri bolsa, suduryň dyzyna ýassanyp, onuň şeýle mähriban ysyna, elleriniň eziz ýylysyna meýmiräp gözüni ýumjukladyp ýatyrdy. Çal ýekemen üçin şundan özge lezzetli zat ýokdy. Möjek ne özüniň enesini bilýärdi, ne dogduk sürenini. Özüni dünýä inderen jandar barada onuň aňynda galan birje zat, ol hem özlerini dogranynda jan beren enesiniň gapdalynda, beýleki üç dogany bilen gözleri hem açylman, çalajan bolup ýatyşlarydy. Soňra bolsa olaryň naýynjar çyňsamasyny eşidipmi ýa-da başga bir gudrat onuň yzsyz-tozsuz ölüp-ýitip gidibermegine ýol bermedimi nämemi, şu gapdalynda oturan sudur—malyny

bakyp ýören çopanjyk Syrak gelip, olaryň ýatan sürenlerine giripdi. Olaryň dördüsini hem özüniň bir döwüm çorek salnan torbasyna salyp öýüne alyp gelipdi. Emma Syragyň yhlas bilen idi-yssywat etmegine garamazdan çal ýekemeniň gowşajyk bolup dünýä inen doganjyklary iki-üç günüň içinde yzly-yzyna jan beripdiler. Ol bolsa adamlaryň aýdyşy ýaly "itjanlylyk" bilen, ýaşaýşa çyr-çytyr ýapyşyp, diri galypdy. Şondan soň hem çal ýekemeniň ene hökmünde-de, dogan-uýa hökmünde-de bar bilýän jandary, şu gapdalynda yzyny üzmän gepläp oturan Syrakdy. Syrak möjegiň ýeriň ýüzünde ýeke-täk hossary hem iň küýsegli ýürekdeşidi.

Birnäçe ýyllap ekläp, seredip, ese-boýa galdyranyndan soňra Syrak çal ýekemeni obanyň itleri bilen oňuşmaýandygy sebäpli çöl-beýewanyň içine eltip, goýup hem gaýdypdy. Emma çal ýekemeniň ýüregi gysyp, ol ençeme menzil ýoly söküp, ertesi gün ýene-de Syraklaryň işiginde peýda bolupdy. Şonda eýýäm jahyl çykyp, murty taban Syrak çal ýekemeni bagryna basyp garşy alypdy. Emma eýýäm şol günüň öýlesi çal ýekemen ýene-de özüne pitjiň atmaga het eden obanyň daýaw köpekleriniň biri bilen salşyp, tasdan onuň bogazyny çeýnäpdi. Şonda-da obanyň beýleki itleri hem ol köpege kömege gelip, çal ýekemeni alarladyp başlapdylar. Eger-de Syragyň garry atasy ýetişip, itleriň üstüne suw sepmedik bolsa onda çal ýekemen şol söweşden aman sypmaly däldi. Ony tüýt-müýt etmelidiler.

Şondan soň indiden beýläk çal ýekemen üçin ynsanlaryň arasynda orun ýokdugyna onuň özi hem düşündi, Syrak hem. Onsoň olar hoşlaşdylar. Çal ýekemen Syraklaryň obasyny terk etdi. Emma çal ýekemen özüniň ebedilik duşmanlary—itlerden doly obadan gaty uzaklaşyp hem bilmedi. Küren oba golaý sazakly oýda mesgen tutundy. Şondan bäri hem Syrak ikisi günde bolmasa-da günaşadan duşuşýardylar. Çal ýekemeni gören batlaryna tanaýan küren obanyň awçylarydyr, çopanlary bolsa oňa asla batyrynmaýardylar. Hemmeler üçin çal ýekemen "Syragyň börisidi". Şunuň bilen hem gep gutarýardy. Elbetde "süri agsaksyz bolmaz" diýleni, ýöne zanny halal oguzlaryň içinde özgäniň, onda-da taýpadaşynyň zadyna el gatmaga ynsaby çatjak kişini tapaýmak juda cetin işdi. Möjek hem öz gezeginde ynsanlary ynjytmaýardy. Obanyň, çopanlaryň mal-garasy bilen onuň işi ýokdy. Daýaw, güýjermen böri minneti aýaklaryndan we awçylyk ukybyndan çekýärdi. Her gije esli menzil aşyp, ýa dag jülgelerinde otlap-suwlaýan jerenleri awlamaga ugraýardy, ýa-da türkmen sährasynyň tükeniksiz awlaglarynda agyp-dönüp ýören saýgak sürüleriniň yzyny çalyp gidýärdi.

Göwnünde joşup duran şatlygyny gepläp egsip, soňuna çykyp bilmeýän, Syrak çal ýekemeniň ýanynda kän oturdy. Lezzet bilen gözüni süzüp, dyzyny ýassanyp ýatan mähnet möjege Gülnäziň gözleri hakynda, gündizlerine kölden çykan guba gaz deýin sagrysyny çaýkap, suwa gidişi hakynda, müňlerçe ýyllar bäri topragyň gaýmagyny şeýle owadan gyzyň ýöräp bozmandygy hakynda gürrüň berdi. Gijelerine ýatanynda Gülnäziň güljemalynyň aý deýin, ähli düýşleriniň asmanynda dogýandygy hakynda-da gürrüň berdi. Eger gerek bolsa Gülnäz üçin elini Ahura-Mazdanyň Mukaddes Alawynyň gursagyna sokup, onuň köz-jigerini gysymlamaga taýýardygyny hem aýdyp berdi. Ýürekdeş hemdeminiň bir sözüne düşünmese-de onuň sesini diňlemekden lezzet alýan çal ýekemen bolsa meýmiräp ýatyrdy.

Gepläp-gepläp ýadanyndan soňra Syrak ahbetin, möjegiň gazan kellesini elleri bilen owkalaşdyryp, hoşlaşdy-da oba tarap gaýtdy. Onuň yzy bilen seňkildäp ugran çal ýekemen bolsa birsellem ýöräninden soňra niýetinden dändimi ýa-da ýene-de esli ýol söküp obanyň çetine baryp gaýtmaga ýaltandymy nämemi, biraz ýöräninden soň yzyna döndi. Syrak bolsa oba baranyndan soň, assyrynlyk bilen işigiň eňsisini galdyryp, öýlerine girdi-de, düşegine geçen badyna süýji uka gitdi.

Üstüne neneňsi aýylganç howpuň abanýandygyny duýmaýan tutuş küren oba hem edil Syrak deýin agyr ukuda ýatyrdy…

**xxxxx**

…Möjek giç ýatandygyna garamazdan hemişekisi ýaly saba bilen oýandy. Süreninden çykdy. Öň penjelerini ýere diredi-de, gerindi. Heniz ýagtylmadyk alagaraňky asmana tumşugyny göterdi-de, howany uzyn-uzyn ysgady. Howadan ýakymsyz bir zadyň ysyny alan böri, seňrigini ýygyrdy. Ol bu ýakymsyz ysyň nämäniň ysydygyna düşünip bilmedi. Ýene-de howany ysgady. Howadan birtopar ýanyk zatlaryň dürüşde bolan ysy gelýärdi. Möjek bir erbetligi syzyp, tisginip gitdi. Ol näme üçindir howsala düşüp, küren oba garşy güýjünde baryny edip, ylgap gaýtdy. Ala-hasyrdy bolup obanyň çetinden inen möjek görýän zatlaryna has hem howsala düşdi. Ol badyny saklaman, ýanyp, kül bolan öýleriň tegelenip, garalyp duran üýşmekleriniň deňesindenden ylgap geçip barşyna Syraklaryň öýlerine ýetmäge howlukdy. Dem salymda garry söwüt agajyndan on-on bäş ädim daşlykda, ep-esli bolup ýatan kül üýşmeginiň ýanyna ýetip, saklandy.

Sowuk gijelerde töründäki ojagynyň gapdalyna atylan köne keçäniň üstünde ýylnyp ýatan öýüniň kül üýşmegi bolup ýatyşyna äm-säm bolan böri, näme üçin beýdýändigine hem düşünmän, bogazynda gaýnadyp hyňrandy. Ýeke pursat sermisal bolup duranyndan soň hem tumşugyny ýere degräýjek-degräýjek bolup, çar-töwerekde alakjap başlady. Möjegiň bolşy nämedir bir zady, has takygy kimdir biriniň yzyny-ysyny agtarýana çalym edýärdi. Birdenem çal ýekemen obanyň ortasyndaky, öten gije Syrak dagynyň yhlas bilen küst depen Mukaddes Alawynyň sowan külüniň ýanynda togtady. Tumşugy bilen ýer gazaýjak bolup, şol ýerini ysgaşdyrdy. Soňra tumşugyny göterip howany hem uzyn-uzyn ysgady. Bada-badam ýangyndan soň haraba dönen obanyň günbatar çetine tarap seňkildäp ugrady. Indi onuň seňkildisinde we hereketlerinde hiç-hili howsala, aljyraňňylyk ýa-da howlukmaçlyk ýokdy. Onuň bolup barşy arzyly awunyň yzyny çalýan hakyky awçy ýyrtyjynyň hereketleridi. Çal ýekemen hiç bir zadyň ýanynda äginmän, hiç bir zada ünsüni sowman, gönügen ugruna atylan peýkam ýaly bolup, ýyrtyjynyň tebigy äwmezek-irmezek-ýadamazak çaltlygy bilen seňkildäp barýardy. Ol obanyň çetine çykanda harabanyň içinde gözgyny halda çaşyşyp ýatan haýwan-u-ynsanlaryň yslanyp ugran jesetleriniň porsysyna gelen şagallaryň sürüsi oňa gabat geldi. Şagal ordasy on-on bäş baş bardy. Aç şagallaryň hümer bolup syrtaryşyp durmaklary daşyndan göreni eýmendirjekdi. Emma çal böri göýä öz ýolunda açlykdan ýaňa aňkasy aşan, wagşy-maslykçylaryň sürüsi däl-de, bir oýnam goýun üýşüp duran ýaly, gyýaklaryny syrtardyp, göni olaryň üstünden gaýtdy. Köplükkäler herniçe

ekabyrsyrasalar-da, şagallar üstlerine garşy gözsüz batyrlyk bilen okdurylyp gelýän, döw ýaly mähnet, çal ajalyň ýoluny kesmäge milt etmediler. Çal ýekemen olara ýakynlaşanda onuň ýolundan sülgüniň ürken jüýjeleri deýin, çar tarapa pytradylar. Böri olaryň deňesinden hem säginmän geçip ötägitdi. Indi ýürekdeşinden nyşan tapan çal ýekemeni diňe ajal bu barýan ýolundan saklap biljekdi.

**xxxxx**

… Öten agşam çalnan sansyz gamçylardan ýaňa ýagyrnysy awy-zerzaw bolup, syzlap duran Syrak, suwsuzlykdan tebsirän dodaklaryny, gurap, çişen dili bilen ýalady. Ukusyz gözlerini süzüp, ýadaw ädimler bilen her ýerden bir gadam basyp barşyna ogrynça yzyna garady. Dabanyny südürdip gelýän iki sany atlynyň yzyndan görünýän müňden agdyk atlydan ybarat, ymgyr alamançy-leşgere gözi düşende Syragyň ýene-de erbet ýüregi gysyp gitdi. “Nejisler! Kakam görgüli bilen ejem pahyr, jigilerim bu allajylaryň haýsysynyň jyzasynyň pidasy bolduka?”

Bu pikir aňyna gelende Syragyň kalbynda öten agşamdan bäri guduzlan köpek deýin ulukjyn açýan matlap ýene-de möwç alyp göterildi. “Wah, ýeňsäme öwrülip, iki bökenimde yzymdan gelýän nökeriň atyna atlanaryn! Boýnundan dolap, ýeke gaňranymda hem onuň boýny oňrulýar. Onsoň onuň gylyjy elime ileninden soň olar aýňalyp, gursagymdan peýkamy sançýançalar, ýa-da jyzalaryny göneldip, üstüme at goýýançalar, iň bolmanda üç-dört sanysynyň janyny Ebedi Tümlügiň Hökümdar-Hudaýy, Ahura-Manyň şalygyna iberip ýetişmenmikäm?! Ýetişmäýenimde-de ýitirjegim näme?! Bolmanda ýagynyň sülsadynyň hol aýagujunda, gyrnak edilip, ýat illere, binamyslykdan we wejeralykdan doly ykbaly peşgeş bermek üçin, sürlüp barýan beýleki naçarlaryň arasyndaky Gülnäziň “binamys sen, dönük sen” diýip, iýip barýan nazaryna-ha görmersiň.” Emma bu küýsegli matlap köňlünde örç alyp ugran badyna, parasadynyň sowukganly owazy onuň gaýnaýan ar-namysyna basalyk berdi. “Ýeri şeýle etdiňem-dä, onsoň gazanjagyň näme? Iki-üç sany duşmanyň janyny alanyň bilen näme, bu ymgyr allajy leşger ýolundan däner öýdýärmiň? Beýdeniň bilen iň bärkisi, öten agşam gapyl basan ýaga gaýtawul berip, gurban bolan mähribanlaryň, obadaşlaryň aryny hem alyp bilmersiň. Gaýta bu allajylar seni öz naýzalarynyň ujuna kebap ederler-de, türkmen iliniň dünýeden bihabar ýene-de bir obasynyň üstüne ajal hem weýrançylyk tupany bolup inerler. Ýene-de seniň aksakgally kyblaň deýin gojalaryň, ak saçly käbäň deýin ejeleriň, gara galpak inileriň deýin oglanjyklaryň, mele gulpak uýajygyň deýin gyzjagazlaryň al gany bilen Hudaýlaryň nazar salan türkmen topragyny suwararlar, önüp-ösen öýüň deýin öýleri talap, oduň ýalmawuz demine bererler, ýene-de bir parahat türkmen obasynyň töründe şugla saçyp ýanýan Mähir Hudaýyň Mukaddes Alawyny söndürip, Ahura-Manyň zulumynyň dabaraly şagalaňynda ajal raksyny oýnarlar. Ondan-a gowusy, goý yzyma düşsünler! Goý, näletsiňen ýagy ynansyn! Goý ynansyn, türkmen-oguz ilinde men dek dönügiň tapylyp, özleriniň indiki türkmen obasynyň üstüni gapyl basmaklary üçin buljum ýodalar bilen eltjekdigime, goý ynansynlar! Men bolsa bulary yzyma düşürer gider bararyn! Kök babam Dib ýabgu hanyň, Düýp babam Oguz hanyň babadaşy-Garagum hanyň şalygy juda giňdir, ejize ganym nägehanlar! Hemmäňiziň

maslygyňyz ýerleşer! Garagum hanyň gursagynda siz deýin gana suwsanlaryň jesetlerini gemirmäge aç şagallar juda kändir! Parahatçylygyň ynlasy bilen ýaşaýan oguz-türkmenleriň üstüne goluňyz ýaragly gelendigiňiz üçin şagallara şam bolarsyňyz şagallar!”

Bu pikirler kellesinde aýlanyp ugranyndan soň Syrak birhili köşeşdi-de, ýene-de assyrynlyk bilen ýeňsesine garanjaklady. Soňam gözlerini göterip, süýr depesini deşip gelýän güne tarap, ellerini kölegeledip seretdi. Agyr leşgeriň dik depesinde lowurdap duran gün, ýaz başynda nowruz ertesiniň mylaýym gününe meňzemän, öten agşamky döken bigünä ganlary üçin gazaplanýandygyny duşman leşgerine aýan etmek isleýän ýaly, ýakyp-ýandyryp gelýärdi. Öten agşamdan bäri agzyna nem degmedik Syrak teşnelikden ýaňa aňkasy aşyp gelse-de:

-Keramatly Kün Hudaýy, Ahura-Mazda! Goý seniň älem-jahandan Ahura-Manyň zulmat tünlügini kowmak üçin döreden, Gudratly Oduň—Kün, has-da beter tutaşyp, lowurdap, bu çöl-beýewany ýanyp duran dowzaha öwürsin! Ýagty dünýä binýat eden Adalatyň hatyrasyna, Taňrym, bizi epgegiň bilen gowur, jöwzaň bilen ýandyr! Goý, bu allajylar pällerinden tapyp, şu akyp duran çägeligiň içinde hemişelik galsynlar!-diýip, pyşyrdady. Şondan soň onuň ädim urşy hasam merdemsilendi.

Şeýdip duşman leşgerini yzyna düşürip barşyna Syrak ýakyp-ýandyryp barýan gün öýleden agýança ýöredi. Duşman leşgeriniň Syraklaryň obasyny gapyl basanyndan soň aňsatjak olja agzy tagam tapyp, nebsi otugan leşgerbaşysy hem, bahymrak indiki bihabar obany duýdansyz basyp, oljalamak maksady bilen, öz atlylaryna dem-dynç almaga-da idin bermän, şol onuň yzyna düşdi bardy. Emma gün öýleden agandan soňra öten gijeden bäri kirpikleri kaklyşmadyk, argyn atlylaryň arasynda närazy hyşy-wyşy köpelip ugrady. Leşgerbaşy aýak çekip, az salym hem bolsa leşgere dynç bermese bolmajakdygyny duýdy. Ol çaklaňja sazak jeňňeljiginiň ýanynda at başyny çekmegi buýurdy. Ýygyn saklandy. Öý ýaly tegelenip duran sazagyň kölegesinde oňa keçe atdylar. Ot ýakylyp, tüňçe goýuldy. Düşlegiň az wagtlykdygy yglan edilendigi sebäpli ýygynyň atlylary nahar atarynmakdan, elli bizar geçip, horjunlarynda bolan gaty-guty azyk-suwluklary bilen garbak-gurbak edindiler-de, atlarynyň eýerini hem aýyrman, tapan-tupan ýerlerinde naýzalaryny ýere dikdiler. Üstüne ýapynjalaryny, halatlaryny atyp saýa etdiler-de, süýndiler. Syragyň eline hem “ýolbeletligi” üçin günüň gyzgynyna yslanan mytarany hem-de şapbatdan sähel uly zagara bölegini tutduryp suwdan ganmaga we gurplanmaga mümkinçilik berdiler. Emma Syrak içmedem-iýmedem. Argyn sakçylarynyň özüni ünsden düşürendiklerinden peýdalanyp, ýesir naçarlaryň ýanyna howlukdy. Olar dört sanydylar. Dördüsi hem ýaş gyzlardy. Şolaryň biri hem Gülnäzdi. Ýaşaýjysynyň sany bäş ýüzden geçýän küren obadan Syragyň özi bilen goşup sananyňda, diňe şu bäş adam diri galypdy. Galanlary rehim-şepagatyň nämedigini bilmeýän ýagynyň pidasy bolupdy.

Syrak assyrynlyk bilen ählisi bir ýüpe kökerilgi, ýüzlerini sallaşyp oturan gyzlaryň ýanyna ýakynlady. Elindäki mytarany ilkinji nobatda Gülnäze zatdy.

-Al, iç Gülnäz, soňra gyzlara-da geçir!-diýip pyşyrdady. Şol wagt hem Gülnäz onuň garaşmadyk hereketini etdi. Ol gazapdan we ýigrençden ýaňa lowurdap, öňkülerinden

hem owadan, özüneçekiji bolan gözleri bilen Syragy ýakyp-ýandyraýjak bolup dikanlady-da, onuň uzadan mytarasyny pyzyp goýberdi:

-Gümüňi çek, haram dönük! Seniň deýin näletkärde-namarda yhlas edip ukusyz geçiren gijelerim başyňy iýsin, Hudaýym! Owalbaşda Keramatly Ahura-Mazda döredende mertligiň hem wepadarlygyň laýyndan eýlenen, zanny arassa oguz-türkmende seniň deýin watanyny satan haramy dörär diýseler, şu hyzmatyny edýän ýagyň gyljyndan pahyr bolan görgüli eneň-ataň hem ynanmazdy. Haramylygyňy duýan bolsa, syzan bolsa ejeň pahyr sen nejisi sallançagyňda bogup öldürerdi. Ýok bol ýanymyzdan, üflis! Ar-namys üçin, watan üçin ulus-il başyny goýdy, sen haramy bolsa kowum-hyşyňy gyrgyna beren duşmana tarap dänip, öz haram janyňdan gorkyňa, onuň gullugynda loňkuldap ýörsüň!-diýip Gülnäz jabjyndy-da, tersine döndi. Beýleki ýesir gyzlar hem Syraga barmysyň hem diýmediler.

Gülnäziň sözleri Syragyň kalbyna ot bolup ýapyşdy. Adalatsyz kemsidilmegine hatda onuň gözüne ýaş aýlanyp gitdi. Ol dodaklaryny müňküldedip, bu öňünde oturan, özi üçin iki jahanyň hem bagty, begenji-guwanjy, şatlygy hem genji bolan näzenine öz “dönükliginiň” asyl manysyny düşündirjek boldy. Emma daş-töwereklerinde çäşerişip ýatan duşman esgerleriniň özlerini ýalta ünslülik bilen synlaýandyklaryny göreninde ol dilini dişledi-de, ýuwdunyp oňdy. Soňam ýerinden turdy-da, Gülnäz dagynyň ýanyndan çete çekildi. Aşak çöküp, gara başyny gujaklady. Şol pursadam onuň hakydasy ynsan hakydasyna mahsuslykda öten agşamky pajygaly wakalary janlandyryp başlady.

Syrak daňa ýakyn: ”Haý, ýow basandyrla-how, Türkmen!” diýen jynssyz çakylyga allaniçigsi bolup oýandy. Turan badyna hem duldan asylgy gylyjyny alyp daşaryk topuldy. Emma goly naýzaly kakasy ondan öňürti işikden çykmaga ýetişdi. Çykan badyna-da iňläp gelen peýkam gursagyndan çümüp, bosagada gürpüldäp gaýtdy. Ikinji peýkam bolsa kyblasyna tarap çäk ýyrtyp okdurylan käbesine nesip etdi. Ýeke pillede başynda ahyrzaman gopan Syrak bolsa mähribanlarynyň üstünden ätläp geçdi-de, söweşe okduryldy. Öňünden çykan ilkinji duşman atlysy onuň gylyjynyň gurbany boldy. Şondan soňra onuň atyna atlanan Syrak ikinji garşydaşyna tarap okduryldy. Şol wagtam duşman kemançylarynyň obanyň çetinde durup atýan, otly peýkamlaryna öýleriniň lowlap tutaşyp, gyzyl-ot bolup ýanýandygy gözüniň gyýtagyna ildi. Jigileri ýadyna düsen Syrak galan ähli zady unudyp, ala-burugsy bolup ýanýan öýlerine tarap topuldy. Emma “şuwlap” boýnundan ilen kement ony öýlerine ýetirmän, aýaklaryny üzeňňiden goparyp alyp, ýere zyňdy. Ýere düşen badyna hem gylyjyň sapy bilen ýeňsesine urlan urgy ony seňseletdi. Haçan-da özüne gelende bolsa ol eýýäm özi ýaly duşman kemendine ilen Gülnäz bilen beýleki üç gyzyň ýanynda ýüpe kökerilgi, guma bulaşyp ýatyrdy.

Şonda Syrak öz gapdallarynda ýüzbaşylary bilen gepleşip duran duşman serkerdesiniň gepinden, onuň özüni gylyçdan geçirmegi, soňra bolsa golaýdaky, indiki türkmen obasyna tarap atlanmagy buýurýandygyny, öňatlylaryň[1] ýüzbaşysynyň bolsa türkmenleriň söweşiň arasynda özleriniň ýolbeletlerini öldürendiklerini aýdýandygyny eşitdi. Syragyň aňy örän çalt işledi. Ol bolşundanam beter dyzanaklap, şirin jany üçin

[1] Öňatlylar—awangard.

kalbyna wehim düşen namartlaryň namardy deýin, duşman serkerdesiniň atynyň aýaklarynyň astynda togalanyp, özüniň janyny almazlygy diläp, ýalbaryp başlady, sesini titredip, sakawlap, eger janyna degmeseler olar üçin islendik zady etjekdigini, ähli türkmen oba-kentleriniň üstüni oslagsyz basar ýaly, iň bir saklawsyz-garawsyz ýollary görkezjekdigini, diňe şirin janyna degmeseler bolýandygyny aýdyp, aglamjyrap başlady. Syragyň sözlerine, onuň bolşuna seňrigini ýygryp duran duşman serkerdesi-hä däl, hatda ony ýigrenç bilen synlaýan Gülnäz dagy hem ynandylar. Şeýdibem obalarynyň söndürilen Mukaddes Alawynyň ýanyndan Syragyň "dönükliginiň" ýoly başlandy.

Gara başyny dyzlarynyň arasyna salyp oturan Syrak Gülnäziň duzlap-dograp, iýip barýan, ýigrençden doly sözlerini içinden onlarça sapar gaýtalaýardy. Her gezek gaýtalanda hem onuň atylyp ýerinden turup, çar töwereginde çäşerişip ýatan ganalgylylarynyň gabat gelenini kerçeşdirip başlaberesi gelýärdi. Ýöne dişini gysyp, zordan saklanýardy.

"Gümüňi çek, haram dönük! Seniň deýin näletkärde-namarda yhlas edip ukusyz geçiren gijelerim başyňy iýsin, Hudaýym!... Gümüňi çek, haram dönük! Seniň deýin näletkärde-namarda yhlas edip ukusyz geçiren gijelerim başyňy iýsin, Hudaýym!... Gümüňi çek, haram dönük! Seniň deýin näletkärde-namarda yhlas edip ukusyz geçiren gijelerim başyňy iýsin, Hudaýym!... Wah, janyňa-gözüňe-başyňa döneýin! Döneýin saňa, mähribanym! Sen bir ine şeýdip, ýagynyň bogazyny çeýnäp ölmezlik üçin özüme güzap berip, olaryň öňüne düşüp barmagymyň maňa neneňsi kyn düşýändigini bir bilsediň!"

-Atlanyň!-diýen ses ýaňlanyp gitdi-de, Syragyň pikirleriniň arasyny böldi. Agyr leşger az salymda jemlenip, çuslandy-da, ýene-de ýola düşdi.

**xxxxx**

…Çal ýekemen eýýäm dördülenji gün irginsizlik bilen, leşgeriň yzyny çalyp seňkildäp barýardy. Ol obadan çykyp gaýdan şol gününiň öýläni Syragyň öňüne düşüp, gumuň jümmüsine tarap, hiç kimiň dolanmajak ýoly bilen alyp barýan leşgeriniň yzyndan ýetipdi. Ýöne daşy garawully ýürekdeşiniň ýanyna ýakynlaşyp bilmän, garaba-garaba olarynyň yzyna düşüp gelýärdi. Diňe kämahal ajyksa az wagtlyk ýolundan sowulýardy-da, tapan-tupan awy bilen ýürekselik edinýärdi. Öte suwsasa bir sazagyň kölegesine geçýärdi-de, ýakyp barýan çägäniň ýüzüni peşeläp, öl çägä bagryny berip ýatýardy, soň hem ep-esli aralyga giden leşgeriň yzyndan kowup ýetýärdi.

Syrak bolsa özüni gamçy bilen saýgylap gyssaýan serkerdä "Ine, ýene-de azsalymdan obanyň üstünden barýarys, hol hellewläp görünýän depäniň aňyrsynda oba bar!" diýip ýalan sözläp barşyna, indi halys entäp başlapdy. Ol yranyp zordan ýöräp barýardy. Indiki oba çalt ýeteris diýen pikir bilen, ilkinji üstünlikden başy aýlanan atlylar, azyk-suwlugy artykmaç ýük hasaplap, ýanlary bilen sähelçe göteripdiler. Şonuň üçin hem eýýäm şu gün irden duşman atlylarynyň iki-ýekesiniňkide bolaýmasa, galanlarynyň meşikleridir-mytaralary taňkyrapdy. Atlary hem suwsuz halys çöküp ugrapdylar. Atlylaryň arasynda eýýäm iki-ýeke ökje ogurlap, yzyna dolanmagyň gamyny iýýäni hem bardy. Emma yzlaryna dolanaýyn diýenlerinde-de leşger indi yzyny

tapjak däldi. Duşman serkerdesiniň bolsa öňlerine düşüp: “Şu gün guşlukda çöl-beýewanlykdan çykarys, günortan çykarys, öýlän çykarys” diýip barýan Syraga gahary gelýärdi. Onuň bu näletsiňen züwwetdin hem ildeşlerini satan dönügi näler çapyp taşlasy gelýärdi. Ýöne beýtse yza-da öňe-de ýol tapman, bu ymgyr çöl-beýewanyň içinde iki jahan owarrasy bolup galaryn öýdüp gorkýardy. Ýeňil oljanyň yzynda tükeniksiz ýörişiň dördülenji güni diýlende, öýlän, duşman serkerdesi öňatlylaryň ýüzbaşysyny ýanyna çagyrdy-da, Syragy ýanyna getirmegi buýurdy. Düýnden bäri Syragyň özlerine hile salandygyny aňyp, öz serkerdeleriniň akmaklygyna içi tütäp gelýän ýüzbaşy bu buýrugy höwes bilen ýerine ýetirdi. Ol göz açyp-ýumasy salymda Syragy idenekledip alyp geldi.

Oňa bolan ýigrenjini saklap bilmedik serkerde gamçysyny bulaýlap, ony ýüzükessir urup goýberdi:

-Sen, gurçuk!  Bizi nirä getirdiň?!

Gamçynyň urgusyna ýokarky dodagy çapylan Syrak, dodagynyň ganyny ýalady-da, ýere tüýkürdi. Soňam umytsyz gözlerini daş-töweregine aýlady. Daş-töwerekde Garagumuň ýanyp duran ürgün çägesi deňiz kimin tolkun atyp, howurly salgym ummany bilen hemme zada albaý salyp, gözýetimden gözýetime çenli ýaýylyp ýatyrdy. Bu dowzahdan çykmagyň ýoluny indi duşmanlar-a däl, hatda Syragyň özi hem tapjak däldi. Syrak maksadyna ýetipdi. Onuň kalby kanagatlanmakdan doldy. Gözleri şöhlelenip gitdiler. Syrak buýsançly başyny dik tutup, duşman serkerdesiniň göni garaçygyna dikildi-de, gyjytly äheňde:

-Hökümdar, janyma degme! Hol salgym atýan depäniň aňyrsynda siziň hemmäňizi tütjar baý etjek, aňsatja oljalary siziň üçin saklap oturan, dünýeden bihabar türkmen obasy küren tutup ýatyr!-diýdi.

Syragyň bolşuna duşman serkerdesiniň aňy, at depen ýaly, sersip gitdi. Iki-üç gün mundan ozal aýagynyň astynda togalanyp ýalbaryp, rehim dileýän gurçugyň deregine ajalyny boýnuna alyp, garaçygyna dikilip duran, epilmejek-döwülmejek, nazarkerde bürgüdi görýändigine serkerde ynanmady. Oslagsyz öwrülişikden ýaňa aljyran serkerde Syragyň jogabyny bermek üçin kimdir birinden haraý gözleýän dek çar ýanyna gözlerini alakjatdy. Şol pillede ol özüniň tutuş goşuny bilen ýolsuz-ýodasyz çöl-beýewanyň içinde durandyklary hakyndaky ajy pikir onuň bagryna ot bolup ýapyşdy. Duşman serkerdesi diňe şu pursat bu öňünde başyny dik tutup duran merdana ýigdiň özlerini duzaga düşürip, gutulgysyz hem ejirli ajalyň holtumyna getirendigine düşündi. Alaçsyzlykdan ýaňa janyýangynlyga ýüz uran serkerde birden özi üçin hem ýakymsyz eşidilen şerraý sesi bilen:

-Saýgylaň, haramzadany! Saýyp-saýyp öldüriň, ähtiýalany!-diýip jynssyz haýkyrdy. Onuň gygyraryna mähetdel daş-töweregini gallap duran atlylar Syragyň üstüne ýerli-ýerden topuldylar-da, ony gamçynyň astyna aldylar. Dumly-duşdan depesine ýagýan gamçy urgularyndan ýaňa Syrak ýegşerilip, aşak çöküp başlady. Yzly-yzyna degýän zarbalara, birnäçe gün bäri aç-suwsuz, epgegiň astynda ýol söküp gelýän Syragyň essi aýyldy. Ol tasdanam huşundan gidip ýykylýardy. Şol müddetde birdenkä göze öwrülip, Syragyň başynda gopýan tomaşany synlaýan leşgeriň depesinde iniňi tikeneklediji “uwwuldy” ýaňlanyp gitdi. “Uwwuldy” ýaňlanan badyna, atlar tazygyp, gozgalaň tapdylar. Bada-badam leşgeriň sol ýüzündäki çäge alaňynyň aňyrsyndan atylyp

çykan äpet çal ýumak, özüni ýokaryk zyňdy-da, heniz nämäniň-nämedigine düşünmäge ýetişmän, Syragy saýgylamaklaryny bes edip, aňalyp galan atlylaryň biriniň gerşine hopba boldy. Beýleki atlylar özlerini dürsemäge ýetişmänkä-de bokurdagy çeýnelen atly agyp eýerden düşdi. Dessine-de çal ýekemen topulyp, atlylaryň ortasyna, ýere çöken Syragyň gapdalyna özüni oklady. Gyýaklaryny syrtartdy-da, hyňranyp, ýürekdeşini saýgylamaga het eden atlylara haýbat atdy. Möjege gözleri düşen atlaryň gorkudan ýaňa heýýaty başlaryndan uçup, çar ýana dagadylar. Üstlerindäki atlylaryň:

-Albassy-da, albassy!-diýen gykylyklary bolsa tutuş leşgeri dowla saldy. Onýança Syrak hem aýaga galdy-da, ýesir gyzlara tarap okduryldy. Çal ýekemen hem onuň yzyndan galmady. Elbetde Syrakda özüni ýa-da gyzlary bu giden duşman leşgeriniň içinden aman alyp çykaryn diýen tama ýokdy. Emma ol dowla düşen duşmanyň az salymlyk başagaýlygyndan peýdalanyp, iň bolmanda gyzlaryň bir-iki sanysyna ürgün çägelige tarap gaçmaga mümkinçilik bermek isleýärdi. Ýöne Syragyň bu niýeti paşmady. Aýňalyp ýetişen duşman serkerdesi bada-bat azmly buýruklar bilen atlylaryny tertibe salyp başlady. Muny gören Syrak türkmen söweşijilerine mahsuslykda, dessine hereketini üýtgetdi. Golaýdaky atlylaryň birine garşy topuldy-da, möjekden gorkusyna baş bermeýän atyna erk etmek bilen ber-başagaý bolup, Syragyň özüne hüjüm edýändigini görmedik atlyny atdan agdardy. Göz açyp ýumasy salymda hem onuň arkasyndan sagdagyny hem ýaýyny sypyryp, alyp, ýakyndaky alaňyň çür başyna dyrmaşyp ugrady. Demini dürsemänem alaňa çykdy-da, keýmir ýaýa okuny doldurdy. Bir peýkamy hem eline aldy-da, ýaýyň kirşini dartyp, peýkamyň ujuny duşman serkerdesine tarap gönüledi.

Sähel pursadyň içinde bolup geçen bu ýagdaýlara haýrany-serasyma bolan duşman serkerdesi leşgerini tertibe salmak üçin buýruk yzyna buýruk suňşuryp durşuna, birdenkä depäniň üstünde özüne garşy peýkam gezäp duran Syraga gözi düşdi. Ony bada-bat şagga der basdy. Öz duran ýeri bilen Syragyň arasy ep-esli bolsa-da serkerde onuň peýkamynyň ujuna özüniň gutulgysyz ajalynyň münendigini ikuçsyz duýdy. Sebäbi ol türkmenleriň mergenligine juda beletdi. “Kirşi sypdyrdygy gutarýar!” diýip, içinden ähli hudaýlaryna birden ýalbaryp başlan serkerde gymyldamaga gorkup, doňňara-daşa öwrüldi.

Şol wagtam onuň janyny halas eden säwlik bolup geçdi. Eýýäm düýn Syragyň hilesini ýoran Gülnäz, hälden bäri Syragyň goparýan oýnuna seredip, lam-jim bolup durşuna  şu pursatda tolgunjyny saklap bilmän, gygyryp goýberdi:

-Gaçsana, mähribanym! Möjegiň bilen başyňy gutar ahyry!

Arzylysynyň dilinden sypan “mähribanym” sözüne Syragyň birhili süňňi gowşap gitdi. Ol özüni ýitirip, ýaýyň kirşini sypdyryp goýberdi. Howlukmaç atandygy sebäpli hem peýkamy sowa geçdi. Ikinji peýkamy ýaýa salyp atýança bolsa duşmanlaryň atan sansyz oklary onuň hem çal ýekemeniň endamyna sanjyldylar. Syrak şonda-da ýaýyndaky peýkamyny duşman atlylarynyň birinden çenäp atdy-da, diňe şol atlynyň bogazyndan peýkam sümüp, eýerden ýykylandygyny göreninden soňra, bir ýanlygyna agdy. Onuň agzyndan gan geldi. Ol çal ýekemeniň öz gapdaljygynda janhowluna titräp-titräp jan berendigini görüp, gözlerini ýumdy. Syragyň bada-bat demi sogruldy.

Olaryň ýatan depesine ýerli-ýerden topulyşyp gelen duşmanlar möjek bilen Syragyň daşyny galladylar. Aňyrdan dergazap bolup gelen duşman serkerdesi möjegiň deňesinde aýak çekdi-de, ýere tüýkürdi.

-Bu möjek bilen möjek çagasynyň kellesini alyň-da, şol ýesir gyzlaryň öňüne oklaň! Bu näletsiňen biziň barymyzyň başymyza musallat inderdi!-diýip buýruk berdi. Hyzmata gaýym, ilgezik nökerleriň biri serkerdäniň buýrugyny bejit ýerine ýetirmäge howlukdy. Emma ol nöker gylyjyny çykarmaga ýetişmedi. Ony öňatlylaryň ýüzbaşysynyň gazaply nazary togtatdy. Ýüzi eňsäp duran ýüzbaşy:

-Ähli Taňrylaryň Mukaddes atlaryndan kasam edýärin! Eger-de kim-de kim öz watany üçin serinden geçen şu gerçek türkmeniň jesedini masgaralap, külli älemiň mertligini wejera etmek islese, şu ýeriň özünde onuň başyny alyp, eýerimiň ganjygasyndan asaryn! Eger-de kim-de kim gerçek bilen gerçegiň arasyndaky dostlugyň ölmez-ýitmez nusgasyny görkezip wepat bolan, şu böriniň jesedine garşy gylyjynyň ujuny uzadaýsa onuň meýdi şu çöl-beýewanyň şagallaryna şam bolar!-diýip, gazaply pyşyrdady. Hyrsyz ýüzbaşynyň pyşyrdysy öte assa bolsa-da, ony hemmeler eşitdi. Ýüzbaşynyň aýdanyny edip biljekdigine şek-şübhe ýokdugyna düşünen serkerde bolsa onuň sözlerini eşitmezlige saldy-da, depeden garasyny saýlamak bilen boldy. Serkerde gideninden soňra ýüzbaşy ýanyndaky nökerlere Syrak bilen çal ýekemeni jaýlamaklygy buýrup, depeden düşüp ötägitdi.

Şondan soňra kän wagt geçmänkä-de, watan üçin janyny gurban edip, tenha özi ymgyr duşman leşgerinden üstün çykan gerçek Syragyň agysyny zaryn-zaryn aglap, perýat edýän dört sany ýesir naçary hem özleri bilen süýräp, duşman leşgeri soňy ölüm bilen gutarjak iň soňky ýoluna rowana boldy…

…Ondan bäri müňlerçe ýyllar geçdi. Döwürler aýlanyp, zamanalar dolandy. Eýýamlar üýtgäp, heňňamlar çalyşdy. Patyşalyklar döredi. Patyşalyklar ýykyldy. Türkmen topragynyň üstünde ençeme apy-tupanlar gopdy. Şol apy-tupanlar hem watan üçin baş goýan, atlary halkyň hakydasyndan hiç mahal öçmejek-ýitmejek gerçekleri orta çykardy. Syragyň edermenliginden müň ýyl soňra merwli ussa Buka ýolbelet hem onuň edermenligini gaýtalady. Asyrlaryň dowamynda Syragyň gahrymançylygy türkmeniň iň bir netijeli hem-de şowly söweş pirimine öwrülip, taryhyň jygba-jyg gerdişlerinde türkmen halkyna öz üstüne sürnüp gelen san taýdan ýüz esse agdyk ýagyny ýeňmäge ýardam berdi. Sebäbi zanny mertlik laýyndan eýlenen halkymyzyň gursagyndan Syrak deýin merdanalar çykdylar durdular, çykdylar durdular. Ol Merdanalaryň wepat bolmaklary hem türkmen topragynda gahrymançylygyň köküni gyrmady. Gaýta gadym döwürde öz halkyny nägehan ýagydan halas edip, janyny pida beren, çopan ýigit Syrak we beýleki gerçekler hakyndaky eneleriň agzyndan eşidilen rowaýatlar indiki gerçekleriň kalbyna ganat bekledip, olary il-ýurt üçin serden geçilýän täze-täze gahrymançylyklara galkyndyrmagyny dowam etdi.

“Edebiýat we sungat” gazetiniň 2007-nji ýylyň
9-njy martyndaky sany

## Namys

…Sowukdy. Garagumyň gurak, şatylama aýazy içiňden geçip gelýärdi. Gije gyrawy ýüzünde doňan çäge Dorbedewiň toýnaklarynyň astynda “hüpürt-hüpürt” edip, döwlüp akyp gidýärdi. Aýy-güni dolup, bu gün-erte halda bolan Hallygözel düýnden bäri at üstünden düşmeýändigi zerarly halys ysgyndan gaçypdy. Ýaňgalylaryň arasynda çydamlylygyň, azaphonlugyň, gara zähmete gaýym çulumlygyň, jepakeşligiň, şatyrlygyň nusgasy hökmünde “Taňryberdi baýyň tohumy” diýip mysal getirilýän maşgalanyň körpesi bolan Hallygözele hiç kim lälijek ösen ýa-da süňňi gowşak diýip biljek däldi.

Ynsanlaryň ykballaryny mynjyradyp aňsat baýlyk gazanmagyň kül-külüne düşen kese ýerli garakçylaryň däli alamynynyň penjesine ilip, ýetim galan, ençe ýyllap gulçulykda bolanyndan soň, gandarynyň kellesini alyp, Kesearkajyň Ýaňgalasyna dolanyp gelen, Taňryberdi baýy, ýa-da ilçilikde iki-ýeke ýüreklerinden gurum dökülip duran bahyllaryň atlandyryşy ýaly, “Taňryberdi ýetimegi” diňe bir Kesearkaçda däl, Mary ilinde-de, Hywa ulkelerinde-de, Lebap ýakalarynda-da, Owganda, Eýranda, Buharada-da tanamaýan az-azdy. Onuň nädip tütjar baýlygyň, depseň yranmaz döwletiň eýesi bolandygyny hem uly il bilýärdi. Käbir agzyboşlaryň aýdyşy ýaly Taňryberdi gulçulykdan gaçyp gaýdanda, ene-atasynyň başyna ýeten gandarynyň kellesi bilen bilelikde onuň alamançylyk bilen toplan altynly humuny alyp gaýtmandy. Taňryberdiniň baýlyk gazanyşynyň taryhyny Ýaňgalalylardan soramalydy. Onuň tarypyny hem şolardan soramalydy. Gara başyny orta goýup, alys ýollara rowana bolýan rysgally-döwletli ildeşleriniň kerwenlerini galtamanlardan gorap, ilkinji maýasyny toplan, soňra çopançylyk diýmän, täjirçilik diýmän, daýhançylyk diýmän, kesp-kär dannaman, halal baýlygyň eýesi bolan sahawatly kişi babatda ýaman söz aýtmaga onuň obadaşlarynyň hiç biriniň dili barmaz!

Üstüni çaga basdyryp güzeranyny zordan aýlap ýören görgülimi, Taňryberdi baýyň tärimine söýelgi bugdaýly çuwallarynyň bogusy ol bende üçin hemişe açykdyr. Öýlenmäge gurby ýetmän kösenip ýören ýetim ýigitmi, keremli baýyň sahawaty bilen edil jadyly ertekilerdäki dek, onuň toýy tutular, çog-gyzyl kürtäniň astynda sülmüräp gelen gelniň üstüne bolsa alty ganat ak öý dikiler, işiklerine dünýe maly, döwlet maly-düýe daňlar. “Türkmen iliniň pylan ýerine ýagy çozupdyr!  Haý, türkmen bolanyň atlanyň-haw!” diýip zowladýan jarçynyň zowwam owazy ýaňlananda aty-ýaragy bolman, ýere bakyp oturan ýigitmi, Taňryberdi baý onuň goltugyndan gop berer-de: “Ýagşy ýigide il başyna bela gelende ýer dyrmap, muňalyp, oturmak ýaraşmaz!” diýýän terzde, goluna dembermez, nerkesen gylyç tutdurar, ýarag-şaýyny üpjün edip, kalbyna ganat bekledibem, saýlama bedewi serpaý ýapar, üstesine hem “Bar inim, Alla ýaryň! Soňky demiňde soňky sözüň “Ilim günüm bolmasa aýym-günüm dogmasyn” bolawersin Ylaýym!” diýip ak patasyny berip goýberer.

Umuman obanyň kethudasy, ýaşy ýetmişden agyp segsene ýeteňkirlänem bolsa her günde täret-namazynyň yzysüre obanyň çetindäki bag-bakjaly haýatyna gidip, ýer agdaranda ogullary bilen bäsleşip bilýän ýaşuly baýyň göwnüniň sagdyn hem päk bolşy ýaly süňňi-de sagatdy. Ol zähmete we kynçylyga bişişendi. Özüniň dört ogly bilen körpe

gyzy Hallygözeli hem kiçilikden gara zähmetiň içinde eýlenip, gündelik çöreklerini gazanyp iýmeklige endik etdiripdi.

Ýöne ilkinji gezek hamyla bolup, dokuz-dokuzdan dokuzy doluberen ýaş gelniň herniçe zanny çydamly bolsa-da düýnden bäri tutuş türkmen halky bilen bilelikde başlaryndan inen külpetleriň hele-müçük däl agramy oňa bildiräýmelidi. Türkmen aganyň azatlyga bolan öçmejek, ýitmejek, ýanmajak-köýmejek, sönmejek yhlasy bilen parlaýan buýsançly baýdagy deýin, Kesearkajyň edil jigerinde howalanyp, Türkmen diýarynyň dört künjünden göz dikilip garalanda hellewläp görünýän mert galanyň daşyndan seredene "ömralla synmajak" diýdirýän diwarlary tilsimi kän duşmanyň emeli bilen al-asmana sowrulanyndan soň başlanan yzan-da-çuwanlyk, baş-başa-da jan-janalyk, soňky gaç-ha-kowluk…bu zatlar ömründe ilkinji gezek öz göwresinde janly dowamat-dowamynyň gymyldaýandygyny duýýan, beýnisi bekemedik nowjuwan gelin üçin juda çökder zatlardy. Şonuň üçin hem ol halys surnugypdy. Ustesine-de garry ene-atasynyň, doganlarynyň, gelnejeleriniň, kiçijek jigileriniň ykballaryndan bihabarlyk hem onuň halys aňkasyny aşyryp barýardy.

Hallygözeliň açlykdan ýaňa eňki agypdy. Essi aýylyp barsa-da, Dorbedew janaweriň ýalyndan hem eýeriň gaşyndan mäkäm ýapyşyp, atdan agmajak bolup otyrdy. Onuň öten agşam adamsy hem gaýny görgüli bilen çola oýda, ot ýaksalar çar ýanda goragsyz bosgunlary oljalamagyň höwesinde aç möjek ýaly kaňkaşyp ýören kazaklaryň ünsüni çekmekden heder edip, ot ýakynman gury-gurakdan howul-hara garbak-gurbak edinip, ýene-de gumuň jümmüşine tarap ýola düşenlerinde duz dadyşydy. Şol wagt howsaladan, gorkudan, aladadan ýaňa bogazyndan düzüwli zat geçmändi. Ýene-de gaýny görgüli: "iý, iý, özüňden özge göwräňdäki hem bardyr" diýip zorlap diýen ýaly bir döwüm çörek bilen az-owlak gurt iýdiripdi. Emma häzir welin biraz ýüregi düşüşdimi nämemi aňyrsy ýalmanyp durdy. Özünem endamyňy kesip gelýän sowukdygyna garamazdan, birden-birden der basýardy. Göwresindäki hem birhili öňküsi ýaly däldi. Has-da biynjalyklyk tapyp, ýöne depirjikläp durdy. Özem ýöne bir gymyldap goýaýmak hem däl-de edil ýöne kasty bar ýalydy. Gaýny görgüli näme diýýärdi-ä: "Bimaza bolsa bezzat oglanjykdyr. Gyzjagaz ejesi bilen ýürekdeş bolup, göwredäke-de, soňam kän ejesine azar bermejek bolýandyr"

"Kakasy ýaly bimaza hem özdiýenliden gelen bir kejir boljak öýdýän!" diýip, Hallygözel ýakymly oýlandy-da, atyň irişmesinden tutup idip barýan, daýaw adamsynyň "çelpek ýaýybermeli" diýilýän ýaýbaň ýagyrnysyny mähirli nazary bilen sypalady. Nazaryň pälwan sypaty gözüni dokundyrdy. Soňky iki-üç aý üznüksiz söweşlerde bolup, aç-suwsuz, ukusyz horlanan hem bolsa, çapyp barýan ýelbedewiň üstünde, uçup barýan guşuň gözünden urup bilýän mergen hökmünde ady-awazasy daglardan aşyp, Eýran illerine çenli baryp ýeten Nazar mergeniň göwresi häzirem daýawlykda birentek pälwanlara "gaýra dur" diýdirýärdi. Hallygözel gara başyny aşak salyp, agyr oýa batyp barýan adamsyny birlaý boýdan-başa synlady. Bilinde egri gylyjy, guşagyna kakasy pahyrdan galan, iki sany köne sapançasy gysdyrylgy. Arkasynda hem soňky söweşleriň birinde ýagydan oljalan oksuz bäşataryny keseligine asypdyr. Soňkuja oklaryny galadan çykyp, guma tarap gyýalap ugranlarynda, özlerine tarap, gyrgy bolup eňen duşmanyň iki atlysynyň maňlaýyndan çüýländen soň tamdyr gorjalýan kesewiden tapawudy bolmasa-

da Nazar ýaragyny taşlamady. Mergen adam-da. Ýaragy yrýa etmek onuň hiç kellesine geljek zat däldi. Hallygözel Nazaryň ýaragyndan ünsüni sowdy.

Däri tüssesi, partladylan gala diwarlarynyň tozany siňip hapalanan silkme telpegi gara bolsa-da, onuň her ýerinde gatan gan tegmilleri goňrumsy reňki bilen saýlanyp, bildirip durdy. Kimiň gany ol?! Nazaryň golunda jan beren söweşdeş ýoldaşlarynyňkymy ýa-da onuň gylyjyndan pida bolan basybalyjylaryňky…Bir Alla bilýär! Onuň özünden-ä hemişekisi ýaly söz almak hyllalla. Ädigi hem ýyrtylypdyr. Jalbarynyň hem uçgun syçran ýerleri bar. Goňrumsy tegmiller bolsa besse-besse bolup dur.

Şol pille-de Nazaryň syýlary guşagyna gysdyrylan donuna seredende, onuň sag çigninde gyrmyzy gana boýalan ak hasa Hallygözeliň gözi düşdi. "Ýene-de ganap ugrapdyr. Täzeden hasany çalşyp daňaýyn diýäýsemmikäm?" Hallygözel Nazara nädip ýüzlenmegiň ebeteýini tapman, ýaşmak astyndan üsgürinjiredi. Gelniniň balkyldap duran gara gözlerine sereden dessine näme işleýändigine düşünen Ogulbaýram eje gelnini utandyrmazlyk üçin syr bildirmän, assa-ýuwaşdan ökje ogurlady-da, olardan esli yza galdy. Bir-iki sapar yzyna gaňrylyp, minnetdarlyk bilen hol yzlaryndan aýagyny süýräp gelýän gaýnyny gözlän Hallygözel, "Görgüli! Ejeň bolsa-da şeýdip ýeke bakanda ýüregiňi okap durmaz. Wah-wah-eý, gara başymyzyň sadagasy! Aýaklary hem agyrýandyr. Öňem-ä zordandy welin görgüli, başymyza düşen külpet zerarly allajy aýazda süýegini süýräp, doň çägä bulaşyp ýörmeli boldy-da! Ýa ýene-de mähribanyma: "Dorbedewe ejeňi mündüräýeli" diýäýsemmikäm?"

Bu pikiri eden badyna Hallygözel gaýny görgüliniň Nazar şeýle diýmäge het edäýse alpetlerinden aljagyna düşündi. "Ýok-la! Etmez. Gaýta käýinip başlar. Gowusy gozgamaýyn-da Nazara: "eliňi gaýtadan daňaýyn" diýeýin"

Hallygözel gaýnynyň özlerini eşitmejekdigine magat gözi ýetip dursa-da ýaşmak astyndan, pessaý ses bilen:

--Nazar! Eliň ýene-de ganap ugrapdyr welin, täzeden daňaýaly?!-diýdi.

Aladaly ädimler bilen demirgazyga, türkmeniň gaýym galasynyň jümmüşine tarap gadam urup barýan Nazar yzyna hem gaňrylmady.

--Şu wagt gerek däl!

Hallygözel onuň gysgajyk, kesgin jogabyny göwnüne aldy. "Iň bärkisi yzyna hem gaňrylmady. Kejeňek diýsäni!"

Nazar gelniniň hiç zat geplemän dymyşyndan onuň öz ýarym yzgytsyz jogabyna öýkeländigini duýdy. Emma hemişekisi dek gelniniň öýkesini ýeke garaýşy bilen ýazmak üçin, Hallygözel aýtmyşlaýyn, diňe "mergenleriň başaryşy deýin" gözlerini güldürip, yzyna bakmady. Bu mahal onuň ýadyna oýun, näz-kereşme düşmeýärdi. Düýnki pajygaly wakalar henizem ähli jikme-jikliginde onuň kalbyny lerzana getirmegini dowam edýärdiler.

…Galanyň diwary gümmürdäp al-asmana göterilende edil ýöne Esrafylyň sury ýaňlanan dek zemin bir silkindi-de, kürs arşa tarap towusmak isleýän ýaly titräp, elenip gitdi. Diwaryň partladylan ýerine ýakyn bolandygy sebäpli Nazaryň hem gulagy gapylan ýaly boldy. Ol çala seňseläp, partlamanyň zarbyna zyňlan ýerinden galany hem şoldy

welin, iblisler bilen garpyşýan herruby kimin ýüzi eňşäp duran mergenleriň serdary Muhammetnazar awçy, galanyň oýulan ýerinden, gurum-tozanyň arasyndan çykyşyna:

--Mergenler! Toplanyň-haw! Bejit gädigi ýapmasak, bala-çagalary gyrgyna berer, bi nägehan!-diýip sesinde baryny edip gygyrdy. Onuň ýanyna ilkinji bolup ylgap baran hem Nazar boldy. Onuň yz ýany köne hyrlysyny süýräp, Nazaryň goňşusy ýaşy altmyşdan agan awçy Haýytmyrat aga geldi. Soňra ondan-mundan ýene-de mergenler iki-ýekeden toplandylar. Şol ýerde-de olar esli wagt gädigi gorap, galanyň içine tarap omzaýan ýagyny serpikdirip durdylar. Onýança çar-ýandan: "Ýagy galanyň içinde!" diýen howsalaly gykylyklar ýaňlanyp ugrady. Haýytmyrat aga şonda ýarasyny daňmaga kömekleşip oturyşyna, yzyny üzmän garawsyz bosgunlaryň üstüne gülle seçýän top-tüpeňleriň sesini basjak bolup, Nazaryň gulagyna:

--Sen han ogul, git-de ejeň bilen gelniňi galadan alyp çyk! Sen barmasaň olaryň garamatyna garajak ýok. Biziňkiler-ä näme ogul bar agtyk bar, günlerini görerler! Il-günem bu mahal özüniňki bilen başagaýdyr!—diýip gygyrdy. Diňe şondan soň göwreli gelni bilen ejesi görgüliniň ýeke özleridigi Nazaryň ýadyna düşdi. Ol howsala düşüp, serdarynyň ýüzüne garady. Muhammetnazar awçy mön çaga kimin özüne delminip garaýan gara döw ýaly äpet pyýada mylaýymlyk bilen garady-da:

--Ötäýt, inim! Ýagy indi barybir saklatmaz! Dowamat-dowamymyz bir galsyn! Yzymyz ýitmese, hernä günlerde bir gün olar biziň başarmadygymyzy başaryp, erkinlikleriniň eýesi bolmagyň hötdesinden gelerler-dä!—diýdi.

Öýlerine tarap ylgan Nazar iki ýaşulynyň ýanyndan daşlaşany hem şoldy welin, niredendir bir ýerden iňläp "şuwwuldy" eşidildi-de, soňam bir zat gümpüldäp gitdi. Nazar yzyna garanda iki ýaşulynyň ýatan ýerinden garalyp asmana göterilen tüssäni gördi. Ýaňyja-da gepleşip oturan adamlarynyň dem salymda ýom-ýok boluşlaryna birhili ýüregi endiräp giden Nazar, hiç ýerde säginmän, öýlerine tarap has-da batly ylgap başlady.

Bärden has-haslap baranynda ejesi bilen hamyla gelni ikisiniň näme etjeklerini bilmän elewräp durandyklaryny gördi. Dogrusy Ogulbaýram eje şaty görmedik, gowşak adamlaryň hilinden däldi. Ol "görmedigi görde galan" diýilýän görgülilerdendi. Ýöne golaýda ýanýoldaşy Keýmir aga aradan çykandan soň birhili erkini elden aldyryp, sähel jygba-jyg ýagdaýa hem kelebiniň ujuny ýitirip, aljyrap oturandan bolupdy. Onsoňam Nazardan özge alty çagasy hem durmadyk görgüli ömürboýy perzentlerini dünýä inenlerinden soň gara ýere duwlap-duwlabam halys aňkasy aşypdy. Zanny-ýugrumy dogumly bolsa-da Hallygözel hem bu mahal toýly bolanyndanmy nämemi, elini-aýagyny ýitirip durdy.

Olaryň mähnet gonamçylyga öwrülen galanyň orruk-ortarasynda hossaryny ýitiren neresse çagalar ýaly bolup duruşlary Nazaryň ýüregini gyýym-gyýym etdi. Ol ilki bilen tebil tapyp, gazygynyň daşyndan pyrlanyp, ýer gazaýan Dorbedewiniň ýanyna atylyp bardy-da, onuň jylawyny eline aldy.

-Eje, Hally! Dessine iň zerur zatlaryňyzy alyň-da, geliň bäri! Ýagy galanyň içinde!

Ejesi bilen gelniniň öýüň içine ýumlugandyklaryny görübem, Nazar hasyr-husur atyny eýerledi. Ylgap öýe girdi-de tärime söýelgi suwly meşigi eline aldy. Horjunyň gözüne saçaklarynda bolanja gaty-guty çöregi we egsik gowurdak golçany dykdy. Girişi

ýaly ylgaşlap daşaryk çykdy-da, horjuny we meşigi atynyň syrtyna bökderdi. Badabadam bilindäki kakasyndan galan sapançalaryna ok saldy. Gaýyş okdanyndan soňkuja iki okuny çykaryp, olja ýaragyny gurdy.

-Bolaweriň, käbäm!-diýip ejesi bilen gelnini gyssady. Olar çaklaňja düwünçekleri bilen öýden çykanlaryna mähetdel, Dorbedewi idip, olaryň ýakynyna eltdi-de:

-Mün, Hally!-diýdi.

Ýaşmagyň astyndan ýüzi gyzaran, Hallygözel: “Nädip, müneýin?” diýýän terzde gäberen synasyna ümledi. Nazar haýal-ýagallyga ýol bermän, gelnini emaý bilen göterdi-de, bedewiň üstünde oturtdy. Soňra ejesini hem şeýdip, atynyň syrtyna mündürdi. Nazar tüpeňini gysymyna gysdy-da, atynyň jylawyndan çekip, gündogarlygyna ylgap ugrady. Demini kadaly almaga çalşyp, gorgunlap barýan Dorbedewi bilen aýakdaş gopup barşyna Nazar, çar ýanynda ýarylýan top oklaryna, ýanýan öýleriň tüssesine, daş-töwerekde çaşyşyp ýatan ildeşleriniň jesetlerine baş galdyrman, eýýäm onda-munda wagşyýana talaňçylygyň heýjanly täsirine düşen duşman esgerlerinden sap atyp, gizlenip, sähel salymdan galanyň gündogar derwezesinden çykdy. Şol ýerde-de ýeke pursat säginenlerinde, giden düzlügiň üstünden gündogar sary gözýetime çenli ýaýylyp gaçyp barýan, bosgun aýal-ebtatlaryň, garry-gurtularyň, çagalaryň yzyndan at salyp kowup barýan duşman atlylarynyň olary rehimsiz birsyhlylyk bilen gylyçdan geçirip baryşlaryna gözi düşdi. Gözleriniň görýän elhençliklerine ýaňy ýigrimi üç ýaşandygyna garamazdan eýýäm iki-üç sany uly uruş bilen, ençeme ownuk uruşlara gatnaşyp gören Nazaryň ini tikenekläp gitdi.

-Eý Taňrym, bu nägehanlaryň Hudaýy bir barmyka? Çagalary çapýarlar ahyry, Hudaý jan!-diýip, süňňi bilen gagşaýan Ogulbaýram eje gelniniň mazaly ýognan bilinden gujaklap, nädip pyşyrdandygyny özem duýman galdy. Hallygözel bolsa gözleriniň görýänine tap getirip bilmän, gözlerini ýumaýdy. Şol pille-de iki sapar yzly-yzyna “tark, tark” boldy. Hallygözel gözlerini açanda, özlerine tarap gyrgy kimin topulyp gaýdan iki sany duşman atlysynyň eýerden tüwdürilip gidendiklerini gördi. Nazar bolsa nili assaja tüsseleýän oksuz tüpeňini arkasyndan asdy-da:

-Berk oturyň!-diýip ejesi bilen gelnine tabşyrdy-da, jylawy Hallygözeliň eline tutdurdy. Soňam Dorbedewiň sagrysyna şapbady bilen bir çaldy:

-Ylga, başdaşym, syrdaşym! Demirgazyga ylga!

Özem gumuň jümmüşine tarap ümdüzine tutduran bedewiniň yzyndan eňdi. Onuň pikiri dürsdi. Ol janyna dowul aralaşyp, basga düşüp, gorkudan ýaňa aňyny ýitiren jandar ýaly däl-de, köpi gören urşujy dek pikir edýärdi. Häzir däli sil ýaly gündogara tarap ýňan bosgunyň yzyndan gaçsa ikuçsyz duşmanyň gykuwly, haýwany kowgunyň heýjanyna düşen atlylarynyň girisine düşjekdi. Gyýalap gitse bolsa äwüp-säwüp ýa-da bagty küle çöküp ýaga sataşaýmasa olary ýöriteläp kowjak ýokdy.

Şeýdip demi-demine ýetmän ylgap barşyna Nazar daljyksa-da, doňýürek ýagy tarapyndan gana çaýkalýan galadan mazaly daşlaşýança togtamady. Diňe iki-üç depe aşanyndan soň demini dürsemek üçin aýak çekdi. Taýlygyndan bäri Nazaryň eliniň ekdisi bolup önüp-ösen Dorbedew janawer ýürekdeşiniň saklanandygyny syzdymy nämemi, edil ýeňsesinde gözi bar ýaly, ol togtan dessine sakga durdy-da, horguryp yzyna aýlanyberdi. Şol ýerde birsellem durup, nepeslerini durlanlaryndan soň hem olar

assa-ýuwaşdan Taňryberdi baýyň hemişe ýazlaga çykýan ýeri bolan Kepele guýusyna tarap ýola düşdüler. Şondan bäri hem ýöräp gelişleridi.

Elbetde Nazaryň ýeke özi bolan bolsa, özem gatnawly ýollardan sowa çekilip, ýolsuz-ýodasyz çöl-beýewanyňam buljum oýlary bilen ýöremeli bolmadyk bolsalar olar düýn ýarygijä Kepeläniň guýusyna ýeterdiler. Emma Nazar hamyla gelnidir ýarawsyz ejesi zerarly türkmeniň "gyrmyldan gyr aşary" bilen ýol külterlemäge mejburdy. Üstesine-de aram-aram onuň mergen gözüne alysda bir ýerde duşman atlylaryna çalymdaş şübheli gara görünse, belent çäge alaňlarynyň arasyna siňip, başlaryndan musallat bolup inmekleri gaty ahmal bolan salgymlar gözden gaýyp bolýançalar garaşmaly bolýardylar. Dogrusy Alyň ala meýdanynda her öňýeten salgymdan, ol howply bolsun bolmasyn gizlenip ýörmek onuň zannynd-a ýokdy welin, arman ýanynda mähribanlary bardy-da! Garaw gaýtmajygyny bilse sürä topulyberýän şagallar kimin, türkmen topragynyň üstünde eýemseklik bilen iki-ýana at salýan basybalyjylaryň yzyndan olaryň gözýetime garylyp ýitip gidişlerini her gezek synlanynda Nazar ýaragynyň gundagyndan barmaklaryny geçiräýjek bolup gysymlap, hyrçyny dişläp galýardy.

Nazaryň hiç zada baş galdyrman ýüzüni sallap her ýerden bir gadam urup barşyndan onuň indi özüne lak atmajakdygyna magat göz ýetiren Hallygözeliň ysgynsyz kinesi az salymdan soň soluşdy. Onuň pikirleri ýene-de kakasyna syrykdy.

Çagalaryny gögelelikden zähmete werziş edip terbiýelemegi, diňe Garagumuň döwsünde agyp-dönüp ýören sürüleriniň sany kyrka ýakynlaýan Taňryberdi baýyň harsydünýäliginden däldi. Sözüň hakyky manysynda durmuşyň ajysyny hem süýjüsini gören parasatly gojanyň pikiriçe baýlyk bu jöwzaly tomusda teşne çägäniň üstüne gaçan ýagyş damjajygynyň dessin gurap gidişi pisint bir zatdy. Şu wagt bar, sähel salymdan bolsa ýok. Şonuň üçin hem oňa çyr-çytyr ýapyşyp, dyrjaşyp, şondan galan ähli zady kör edip, gara nebsiň guly bolup ýörmek, akmaklygyň aňrybaşydy. Onuň özüniň ömürboýy baýlyk toplap ýörmegi bolsa agzy ýellileriň aýdyşy ýaly "Karunyň keseli" sebäpli däldi. Kanagatsyz kalbynyň ebedilik bendisi Taňryberdiniň owalybeletde dogup-döreýşi şeýledi. Ol özüni rahat duýmak üçin hemişe bir zatlara gümra bolup ýörmelidi. Kasasyny kyýamata goýman, aman-esen iline dolanyp gelen pusatyndan başlap, Taňryberdi özünden ili yzyna düşürip, gerek ýerinde her kellesinde bir hyýal, kel kellesinde müň hyýal bolan, dünýäde şirin janyndan beter erkinligi söýýän türkmeni bir çukura tüýkürdip, daşky bela-beterlerden goramagyň hötdesinden gelip bilmejekdigine, özünden serdar çykmajakdygyna gözi ýetipdi.

Elbetde Taňryberdi gözsüz batyrlaryň hilindendi. Ol ugurtapyjydy hem. Daş-töwereginde bäş oýnam ýigit üýşürip, san taýdan özlerinden ençeme esse agdyk ýaga hüjüm etmegiň we ony ýeňmegiň hötdesinden hem gelip bilýärdi. Zerur ýerinde, dagy adam tapylmasa gahar-gazaba atlanyp, şol bäş oýnam ýigide özüni diňletmegi hem başarýardy. Onuň gara başyny orta goýup, ýoldaşyny halas eden gezekleri hem sanardan kändi. Emma serdar bolmak üçin diňe bu zatlar ýeterlik däldi.

Munuň üçin Däli batyr ýaly söweş güni jeňiň hyjuw meýinden mes bolup, zyrrajym dälä öwrülen Görogla dönmelidi. Çopan kir ýaly, külli türkmende iň şöhratly serkerde bolsaň-da, ulus-il seni han keçesine salyp, hangöter etmekçi bolup duran pursady, il-

halkyň bähbidi üçin şöhratparazlyk we häkimiýetsöýerlik nebsiň sesini gapdyrmalydy. “Menden han çykmaz! Nurberdini hanlyga götereliň, adamlar!” diýip, watansöýerligiň belent göreldesini görkezip, has mynasybyň ile-güne ýagşylyk getirjek ýolundan sowulmagyň hötdesinden gelmelidi. Nurberdi han ýaly, türkmen iliniň ähli han-beglerine ownuk öýke-kineleri unutdyryp, olary bir ojagyň başyna jemlemegi başarmalydy. Gowşut han dek san taýdan ençe esse agdyk duşmany parasadyň bilen kül-peýekun edip, türkmeniň erkinlik baýdagynyň öňünde goňşy ýurtlaryň açgöz han-beglerini baş egdirmelidi. Baş egmediginiň başyny bolsa “seniňkilere hem sapak bolsun” diýýän terzde beýleki bir basybalyja peşgeş etmelidi.[1] Dykma serdar deýin, Ata Watanyň hatyrasyna ýaga gulluk edýän kişiden bolup, masgaraçylykdan hem gorkman, kuwwatly duşmana al salmagy oňarmalydy. Berdimyrat han bolup naýzalaryň üstüne özüňi zyňmalydy. Gara batyr kimin ejiz bedeniň duşman naýzalarynyň ujuna mündürileninde-de, soňky demiňde: “Çoz, Türkmen! Ur, Teke!” diýip haýkyryp jan bermelidi. Ondan bärdäki gaýrat bilen bolsa serdarlyga milt hem etmeli däldi. Umuman olaryň ählisi kimin, özüň üçinem, maşgalaň üçinem däl-de diňe iliň-günüň, Ata Watanyň, Ene Topragyň üçin ýaşamalydy.

-Hally, ýadaýan-a dälsiň-dä?!

Nazaryň jümlesi Hallygözeliň pikir akymynyň arasyny böldi. Ol gözlerini göterende Nazaryň mylakatly lowurdaýan gözleri bilen nazar sataşdy. Hallygözeliň özi aýtmyşlaýyn Nazar bu wagt oňa: “diňe mergenleriň seredip bilişi ýaly” bakýardy.

-Ýok-la!-diýip hälkije näzli kinesinden nam-nyşan galmadyk Hallygözel Dorbedewiň boýnuna ýap-ýasy aýasyny goýup, aýakdaş gopup barýan Nazara ýumşak jogap gaýtardy. Emma bada-badam zenan mahsuslygyna eýermän bilmedi.

-Ýöne şu göwrämdäki birhili: “kakam bize näme üçin üns bermeýär” diýýän ýaly, depirjikläp, halys eňkimi agdyryp barýar.-diýip näzli halymsyrady.

Nazar ýylgyrdy. Onuň ýylgyryşy diýseň üýtgeşikdi. Tebigaty-ýasawy boýunça agras Nazaryň ýylgyrýan wagty juda seýrekdi. Ýöne ýylgyranda welin ol özgeleriňki dek diňe dodaklary, ýüz-keşbi bilen däl-de tutuş durky-dünýäsi bilen, tüýs ýürekden, ähli özünden ýylgyrýardy. Şeýle pursatlar hem diňe onuň ýanynda duran adamlar däl, eýsem daş-töweregini gurşaýan ýagty jahan hem: “Bäh, bu gara döw ýaly mähnet-hyrsyz pyýadany-da ýylgyrtmagyň hötdesinden geläýdikmi?!” diýip, öz eden işine hem geň galyp, hem monça bolup, lezzetden dolýan ýaly bolýardy. Ýyl ýarym mundan ozal küren obanyň kethudasynyň körpe gyzyny jadylap, tora düşen tylla balyjaga dönderen, gijeler ukusynyň mazasyny alyp, gündizler her gezek atyny suwa ýakmaga geçende oba mergeniniň yzyndan ogrynça tärimden garap, synlamaga mejbur eden gudrat hem Nazaryň gözleriniň bakyşy bilen hemmeleriňkiden üýtgeşik ýylgyryşydy. Ýöne bagt guşy başyna gonsa adamyň zanny-ýugrumy hem üýtgäberjek ekeni. Deň-duşlarynyň henek edişi ýaly öň “ýylda bir gezek, onda-da hiç kimiň görmeýän wagty, onda-da daň saz berende, onda-da düýşünde ýylgyrýan” Nazar öýlenenden soň her günde beýle-de dursun, her pursatda-da ýylgyrýardy. Sebäbi diňe bir Ýaňgalanyň däl, eýsem Gökdepe jelegaýynda özüne bir gaýra gözi düşen ýigdiň kalbynyň soltanyna öwrülýän Hallygözel

[1] 1855-nji ýyldaky Saragt söweşinde Gowşut hanyň serkerdelik etmeginde türkmenler Hywa hany Mädemin hanyň goşunyny ýeňip, onuň özüniň bolsa kellesini alyp, ony Eýran şasyna “peşgeş” edipdirler.

onuň ýylgyryşyndan lezzet alýardy. Gelni Nazary ýylgyrtmagyň hötdesinden hem gelýärdi.

-Size bir üns bereweräli! Ýogsa Haktagala nesip edip oglumyz bolsa: "Kyrk düýe bahaly ejeme kän üns bermänsiň" diýip gaty göräýmesin birden!-diýip dünýäni undan Nazar assyrynlyk bilen gelniniň özüniň döwüň penjesi ýaly mähnet eliniň astynda çaganyňky dek kinniwanja görünýän elini gysymyna gysdy. Hallygözel bada-bat yzyna gaňryldy. Yzlaryndan gelýän gaýnynyň Nazar ikisine seretmediksiräp ýere bakýandygyny gören Hallygözel ogurlykda tutulan ýaly gyzardy.

-Aýrylsana, oglan! Derrew ýöne ýapyşyberýärsiň! Ejeň seredip dur ahbetin!

-Seredende näme? Biz näme ejem halamaz ýaly ýaramaz iş edýärismi?-diýse-de Nazar Hallygözeliň elini gysymyndan sypdyryp, az-kem gapdala süýşdi. Hälden bäri hemdemleriniň näz-kereşmesini süňňi bilen syzyp, olara päsgel bermejek bolýan ýaly, süýnüp-sarkyp dähedem-dessemläp barýan Dorbedew çatynjalaryň biri-birinden daşlaşanlaryna halamandygyny duýdurmak isleýän dek, närazy hokrandy. Syrdaşynyň her bir hereketini okamaga endikli Nazar bedewine düşünip:

-Haý-haý saňa göwündeşim-ä!-diýip, monça bolup, Dorbedewiň ýalyny sypap goýberdi. Şol pille-de onuň ýaraly egni ýiti yza bilen sanjyp gitdi. Nazaryň ýüzünden bada-bat ýylgyryş uçdy. Ýap-ýaňyja-da älemgösaryň ähli reňkleri bilen öwşün atyp duran ýagty dünýäniň dem salymda reňki solup, çar-tôwerek sary boşluga beslendi. Kalbyndan lezzet ýitip, onuň ýerine rehimsiz ýagynyň at toýnagynyň astyna paýandaz edip düşelene dönen mähriban ýurt hakyndaky pikir geldi. "Indi nätmeli bolarka?" Nazaryň ýüregi gysyp gitdi. Ol ýüzüni sallady-da, Dorbedewiň öňüne düşüp, demirgazyk-gündogara sary mytdyldap barmasyny dowam etdi.

Ýanýoldaşynyň birden ýüzüne kölege inendigini gören Hallygözeliň hem keýpi gaçdy. Nazaryň göwnüni gysaja gysan çykgynsyzlyk duýgusyny kalby bilen syzan Hallygözeliň oňa göwünlik beresi, özüniň göwresindäki janly dowamat-dowamynyň köňlüni doldurýan kuwwatyny mähribany bilen paýlaşasy geldi. "Nätmekden Hudaý saklasyn, dünýämiň diregi! Muňalma ahyry, gara gözlerimiň röwşeni! Ýüregimiň astynda dowamat-dowamymyzyň eýýämden "Azatlyk, Watan, Toprak, Ar-Namys" diýen sözleri diliňe alanyňda öňküsinden üýtgeşik gürsüldäp başlaýan ýürejigi urup dur ahyry! Nesip bolsa biziňki ýaly heniz dünýä inip dem alyp başlamankalar Watan erkinliginiň höwesinde jigerleri üýtgeşik gürsüldeýän dowamat-dowamlaryň ençemesi dünýä inerler, onsoň olar öz mertlikleri, watansöýerlikleri, namysjaňlyklary, pähim-parasatlary bilen baknalygyň zynjyryny gyrym-gyrym edip taşlarlar! Olar hötdesinden gelip bilmeseler, olardan soňkular başararlar! Biz bir ruhdan düşmäli iki jahanymyň manysy, biz bir ruhdan düşmäli!"

Emma göwnünde döreýän bu duýgulary diliňe getirip, olary söze gaplap, Nazaryň kalbyna ýeter ýaly gelişdirmek üçin, şahyryň zybany zerurdy. Hallygözel bolsa göwnündäkini söz gözelligine gaplap bilmejekdigini duýdy. Şonuň üçinem ýaş gelin diňe dymyp oňaýdy.

Olar şol gidip baryşlaryna hol allaowarrada Owadandepäniň öý ýaly sazaklary hellewläp görünýänçä ýörediler. Nazar "gözeilginç beýiklige ýagynyň kaňkaşyp ýören saklawlarynyň biri azaşyp-tozaşyp sowulaýmasyn" diýen gorky bilen Owadandepä

sowulman, Jelaleddin Meňliburnynyň gözel gyz esgeriniň mazarlyk depesiniň[1] deňesinden aýlanyp geçdi-de, ondan esli daşlaşyp, buljum oýda düşledi. Nazar derrew jagrama çöpläp, ot ýakdy. Bolanja suwlarynyň ýarysyny tüňçä guýup, oduň ýelesine goýdy. Tüňçe gaýnanyndan soňra atym çaýlarynyň ýokdugy zerarly gury suwa gowurdak atynyp, bolanja gaty-guty çörekleri bilen ýürekselik edindiler. Kiçijik oduň ygyna geçip, azsalymlyk gyşaran Nazara tarap gözüniň gyýtagyny aýlan Hallygözeliň böwrüne şeýtan dürtdümi nämemi onuň hälki, “kyrk düýe bahaly” diýen gürrüňi ýadyna düşdi.

“Taňryberdi baýyň kyrk düýe bahaly gyzy” diýen lakamyň Hallygözeliň adynyň yzyna tirkelmegi kakasynyň günäsidi. Hallygözel ýaňy göze görnüp ugran mahaly goňşy obadan bir baýsyrap ýören jalataýyň özüne mynasyp ogly üçin Hallygözele gudaçylyga gelipdiler. Şonda Türkmen aganyň “gyzly öýe item gyýa garap geçer” diýip döreden tymsalyna belet bolsa-da, Taňryberdi baý il içinde asly-ýugrumyna göwni ýetilmän ýörülen bir jalataýyň özüne özüni deň saýmagyny öte ýokuş gördi. Emma şonda-da türkmen salyhatlylygyny elden bermedi. “Käşgä eşek bir öz deňini gaşaýsady.” diýen hüňürdini gür sakgal-murtuna siňdirip pyşyrdady-da sawçylara:

-A-haw, adamlar, biziň baýlygymyz-a bilýänsiňiz! Il-günem “baýam baýa berer Hudaýam baýa berer” diýip ýöne ýerden nakyl döreden däldir. Harsydünýälikdenem däl, beýlekidenem däl, ýöne her kes öz deňini gaşasa ýagşy! Gyz bir atasy öýünde önüp-össe-de iliň halaly bolýar. Bizem özümizi öz deňimiziň gaşaýandygyna göz ýetirmekden ötri, habar gatýan kişilere: “gyzyň bahasyna kyrk düýäni töläň-de, daşyny dolap, alyp ötägidiň” diýýäris. Kyrk düýäni işigime örkläň-de, alyp gidäýiň gyzy!-diýdi.

Taňryberdi baýyň şertini eşiden sawçylar ýumşak ýerlerine sapan degen ýaly bolup, onuň işiginden zym-zyýat boldular. Sawçylary ugradan jalataýyň öýüniň bir depik gumy bilen mizan terezä salyp satanyňda-da, ol-ha kyrk düýe ekeni, bäş sany kel tokla geçjek däldi. Dogrusy il-gün birbada Taňryberdi baýyň bu şertini geňledi. Göwünleri pessaý otda köp goýlan tüňçeden zerre tapawut etmeýän kişiler bada-bat: “Sahawatly kişi, sahawatly kişi” diýen bolup, jomartlyk asmanynyň güneşine dönderdiňiz, han-ha siziň Hatam-Taýyňyzyň bolşy, ýeke gyzyna dagy nyrh kesişini görýärsiňizmi?! Edil ýöne Buharanyň juma bazarynda arzan alyp üç esse bahasyna haryt satýan dellalyňa “gaýra durup iber” diýdirýärmi?” diýip, il içine myjabat ýaýratmaga başladylar. Emma iliň-günüň agyna-garasyna düşünip ýören, Hydyrguly molla deýin ýaşulylar: “Häýt, ýaz ahyrynda düýe gumalagyna gonan siňekden tapawudy bolmadyk bikärler, kesiň-aýt gybatyňyzy! Taňryberdi kethuda bir zat geplese onuň hökman hikmeti bardyr. Garaşyberiň bakaly! Mazaly magadyna ýetibereris” diýip gybatkeşleriň alpetinden alypdylar.

Emma esli wagt geçse-de Taňryberdi baýyň näme üçin gyzyna kyrk düýe baha kesendigine hiç kim akyl ýetirip bilmedi. Ýöne “kyrk düýe bahaly gyz” hakynda myş-myş çişip-örňäp ilki Kesearkaja, ondan soň hem türkmen ülkesiniň ähli künjüne ýaýrady. Hatda Eýranyň serhetýaka galalarynda, öten-geçen täjirlerden hem “kyrk düýe

[1] Owadandepe hakynda rowaýata görä Jelaleddin Meňliburnynyň goşunlarynyň arasynda esger geýmini geýen gyz bolanmyş, şol gyz hem mongol basybalyjylary bilen söweşleriň birinde gurban bolandan soň onuň gyzdygy Jelaleddine aýan bolanmyş we şöhratly serkerde şol gyzy jaýlan ýerlerinde Mazarlyk depe galdyrmagy buýranmyş.

bahaly gyz” hakynda birlän-ikilän söz açýany tapyldy. Sebäbi gyzyň galyňy üçin kyrk düýe diýilýän zat ol döwürler sada halkyň arasynda görlüp-eşidilmeýän hadysady. Elbetde han-begler, tütjar baýlar gyz galyňy hökmünde, sürüläp goýun hem geçirýärdiler, goşawuçlap tümen hem seçýärdiler, ýöne arassa, sap “kyrk düýe” diýýän welin ýokdy.

Şol barmana-da Taňryberdi baýyň “kyrk düýe bahaly gyzy” Nazar mergeniň ýüpsüz-zynjyrsyz bendiwanyna öwrüldi. Ogryn-dogryn gepleşip, juwan ýürekleriniň diňe biri-biri üçin urýandygyna göz ýetirip, “ölmesem seniňki, ölsem ýeriňki” diýşip äht edişenlerinden soň bolsa, Hallygözel bilen Nazar üçin jahanyň ähli manysy-yşnagy diňe birek-birekde jemlendi. Ýöne şu ýerde-de bir kynçylyk döredi. Taňryberdi baýyň sözüniň sözdügine uludan-kiçä hemmeler beletdi. Dyrnak ýalylykdan atasyz ýetim ösüp, aw bilen, daýhançylyk bilen ejesi görgüli ikisi eklenip ýören Nazar mergende bolsa Hallygözel üçin “kyrk düýe” galyň töläre ýagdaý ýokdy.

Şondan soň kän wagt geçmänkä Nazar obadan gürüm-jürüm boldy. Hatda ejesi görgüli hem onuň nirä sumat bolandygyny düşündirip bilmedi. Ähli sowallara “Aw diýip çykyp gidişi” diýip egnini gysyp oňaýdy. Özi welin görgüli, oslagsyz ýitirim bolan jigerbendiniň gaýgysynda gijeler ýatman, gözýaşdan ýaňa ýassygyny öl-myžžyk edip, daňyny atyrýardy. Bir syrgyn beýle ýanynda-da Hallygözel bir ýerde iliň-günüň ýykylýan öwlüýäsi bar bolsa sanaşdyryp, Nazar üçin Haka mynajat edip, gijelerini çirim etmän geçirýärdi. Nazar geler ýerde gelmänden soň kowumdaşlary hem howsala düşüp ugradylar. Bu gün-erte onuň gözlegine adam ugratmakçy bolup duran wagtlary hem ötegçi söwdagärleriň biri: “Nazar mergen Eýran hanynyň toýunda mergenleriň ýaryşynda ýeňip, baş baýragy alypdyr. Indem Ýaňgaladan bir ýatymlyk gün ýolda” diýen şatlykly sozanguýruk habary getirdi. Ol habaryň ertesi gün bolsa Nazar yzyna on sany düýäni tirkäp, ýüzüni sallap obalarynyň çetinden indi.

Obadaşlary türkmen topragynyň öň hem belent şöhratyny ýene-de bir gez beýgelden Nazaryň şanyna toý tutdular. Olaryň horaşaja öýleriniň daş-töwereginde bagşy diňlemek üçin ýygnanan mähelleden ýaňa aýak basara ýer galmady. Aýdym aýdyldy, saz çalyndy, şatlyk-şagalaň dik asmana göterildi. Ömrüne beýle dabara gözi düşmedik Ogulbaýram eje görgüliniň depesi göge diredi. Törde daşyna adam baryny üýşürip oturan ýalňyz perzendiniň didaryna öwran-öwran garap, onuň keşbinden doýup-ganyp bilmedi. Emma Nazaryň gamgyn keşbi enäni ynjalykdan gaçyrdy. Säher şapagynyň düýbi çyzylyp görneninden soň märeke dargady welinem ejesi Nazardan oňa näme bolýandygyny sorady. Şonda hem Nazar ejesine “kyrk düýe bahaly gyz” bolmasa ömrüniň küldügini, özüniň bolsa şunça urnup, iň soňunda bary-ýogy on düýäni tapmaga gaýratynyň çatandygyny, indi bolsa bahasynyň yzyndan ýetip bolmajak gyzy alyp gaçaýmasa başga alajynyň ýokdugyny pyşyrdap, gürrüň berdi. Balasynyň bolşy garabagyr görgülini üýşendirdi. “Ol diýeniň-ä bolmaz, alyp gaçyp, Taňryberdi kethuda ýaly il-günüň göz guwanjy bolan päkize ynsany masgaraçylyga ulaşdyraýsaň halk seni näletlär! Halkyň näletinden bolsa Hakyň özi seni gorasyn! Bir alajy bolar! Alyp gaçmaga bolsa het edäýme!” diýip, ogluny raýyndan gaýtarmak üçin jibrine-jibrine Ogulbaýram eje görgüli, ertesi gün kowumlarynyň aksakgaly Hydyrguly mollanyň ýanyna geňeşe bardy. Ýagdaýyny aýdanyndan soň bolsa Hydyrguly molla: “Päheý gelin,

şonuň ýaly kiçijek zady şunuň ýaly alada edinerlermi?” diýdi. Yzyndanam jowur ak sakgalyna siňdirip henekli ýylgyrdy-da, juda keýpi kök bolanda edişi ýaly, ak matadan sellesini maňlaýyna süýşüräge-de: “Öýüköýen, diýmäýin diýsem, atasy pahyryň kejirligi bar munda-da! Gör-ä munuň tapýan zadyny, “Taňryberdi kethudanyň gyzyny alyp gaçaýyn!” diýip. Asyl şu ýaşlar sähel ugrundan gopmasaň, tutuş obanyň abraýyny hem ýaşlygynyň ýelgininiň ugruna tozadyp goýberiberjek-haw!” diýip, mylaýym käýindi. Soňam: “Saçagyňy düw-de Ogulbaýram gelin, gün öýle bolanda Taňryberdi kethudanyň işigini habar bilen aç! Hiç zady alada etme! Bizem ynhalykga öýdäkiler bilen jemlenişip, yzyňdan baryberýäris! Nazar ýaly iliň-günüň abraýynyň jogapkärçiligini boýnuna alyp, ony mizana salyp, soňam ol abraýyň bahasyny sansyz esse galdyryp bilýän goç ýigit üçin biz Taňryberdi kethudanyň gapysyny kakman näme?! Baý, kakarys-a!” diýdi.

Gün öýle bolanda, ýeke ynsanyň öňünde ýer ýaly ýuwaşlygyndan özge müýni bolmasa-da Ogulbaýram eje Taňryberdi baýyň işiginiň eňsisini çekine-çekine galdyrdy. Saçagyny Taňryberdi baýyň gelinleriniň birine gowşuryp, ýa Alla habar gatyp-gatmanka hem Taňryberdi baýyň işigi ýöne ala-zenzele bolaýdy. “Allajanlarym ahyrzaman gopdy gerek!” diýşip, Taňryberdi baýyň gol doly maşgalasy, onuň özi başlyklaýyn uludan-kiçä bosuşyp daşaryk çykanlarynda, öz gözleriniň görýänine ynanmadylar. Taňryberdi baýyň alty ganat ak öýüniň öňüniň at gaýtarym meýdany ýöne düýe bolup durdy. Ol düýeleriň sany kyrka däl, ýüzdenem agdykdy. Ýaňgalalylar bolsa entegem düýelerini idip, getirip durdular, şol getirip durdular…

Äwmän-alňasaman köşeklerini yzlaryna tirkäp gelýän arwanalaryň, hatarda ýük goýmaýan inerleriň, jyrtlap bir ýerde durup bilmeýän bugurçylaryň bozlamasy hem Hywa hanynyň kyrk karnaýynyň zoguldysyna bäsleşip, daş-töweregi ala-zenzeleden doldurýardy. Hemmeleriň öňünde-de Hydyrguly molla jowur ak sakgalyna siňdirip gülümsiräp, özüniň köşekli maýasynyň owsaryndan tutup durdy. Ol Taňryberdi baýyň ýaşkiçilik edip beren salamyny edep bilen aldy. Onuň gülümsiräp durşuna özi hem nädip ýylgyrandygyny duýman galan Taňryberdi baý Hydyrguly molla soragly garady:

-Mollam, bu nä boluş?! Bu nä meniň gapymy mal bazaryna dönderäýpsiňiz-le?

-Haý, Taňryberdi kethuda, biz-ä ýöne, ötüki bir sallah gulumyz bardy welin, şony öýli-işikli edäýeli diýen niýet bilen gapyňa ýitigimizi gözläp geläýdik. Haýyr işi yza tesdirip ýörmez ýaly, gyzyň üçin sowgat-salamymyzy hem ýanymyz bilen getiräýendiris.

Hydyrguly mollanyň sözlerini eşiden Taňryberdi baý, bolýan zatlara begenjeginem-gynanjagynam bilmän, işikde haýrany-serasyma bolup duran Ogulbaýram ejä tarap gözüniň gyýtagyny aýlady-da, ýene-de bildirer-bildirmez ýylgyrdy.

-Mollam, Nazar ýaly ile abraý getirýän ýigide “gul” diýmäli! Onuň ýaly gerçegiň ýitigini tapyp bermän näme!-diýdi. Soňam Hydyrguly molla ýakyn süýşüp, pyşyrdady:

-Haý Mollam, sen meni ýeňdiň! Men “gyz bahasy kyrk düýe” diýenimde il içinde sylag-hormatyna, mertebesine kyrk düýe baha kesilýän ýigidi köreken edinjek diýenime bir sen düşündiň!

Soňam Taňryberdi baý elini salgady-da, özüniň haýbatly sesi bilen:

-A-haw Tekäniň ýaňgalalysy! Sen meni ýorduň-la-haw! Düýeli düýäňi, mally malyňy al-da, öýüňe dolan-haw! Besdir, Teke! Goýuň, meniň gapyma düýe itmäni! Ýigidiň mertebesiniň kyrk-a beýle-de dursun, ýüz düýeden hem galadygyna gözüm ýetendir-le-haw! Indiki hepde hem erkek diýmän, aýal-ebtat diýmän, oglan-uşak diýmän Taňryberdi baýyň toýuna geliň-haw! Taňryberdi baý ogul öýerip, gyz çykarýandyr-la-haw! Toýuň ilkinji güni hem indiki jumadyr-la-haw!-diýip zowladyp goýberdi.

-Ine munyň bolýar, Taňryberdi kethuda!-diýip maýasynyň owsaryny agtygynyň eline tutduryp goýberen Hydyrguly molla makullaýjy terzde baş atdy.

-Ýör, mollam, öýe girip bir gök çaý içeli!-diýip öňüne düşüp ugran Taňryberdi baýyň yzyna eýerip barşyna Hydyrguly molla ýene-de oňa kakdyrman bilmedi.

- Taňryberdi kethuda, hälem biziň galyňymyzdan göwnüň suw içmedik bolsa aýdyp otur, Nazar ýaly ýigit üçin biz aýdan nyrhyň-a däl, eýsem kyrk-kyrkdan kyrk gezek kyrk düýäni tölemäge-de gaýrat taparys!

-Haý mollam, goýup otur, “oýunçy utulanyny bilse ýagşy”, indi nyrh beýleki diýip gep açmaga hetdimiz bolmaz! Hudaýym, şunuň ýaly, merdiniň gadyryny, ýeke pursat säginmän, göz ýumup kesgitläp bilýän ilimiň bardygyna şükür!

-Hä şeýle diý, kethuda, şeýle diý!”

-Hany, ýola düşeliň, biz horazlaryň ilkinji sesine çen Kepeläniň guýusyna ýetmäge çalyşmalydyrys!

Nazaryň sesi Hallygözeliň ýakymly ýatlamalarynyň zynjyryny şarpa ýoldy. Ol agralan süňňüni zordan göterip ýerinden turdy. Bolanja goşlaryny horjunyň gözüne dykmaga gaýynenesine kömek etdi. Dorbedewiň az-owlak dynjyny alandygy sebäpli Nazar Hallygözeliň gapdalyna ejesini hem mündürdi. Olar ýola rowana boldular. Bosgunlaryň kiçijik göçi esli ýöräninden soň iňrik garalyp başlady. Şol pille-de Nazaryň özleriniň sag tarapyndaky gum depesiniň aňyrsyndan düşnüksiz gowurdyny eşidip, togtady. Ol çaltlyk bilen ejesini atdan düşürdi-de, eli bilen: “Ýuwaş duruň” diýip sessiz yşarat etdi. Soňra endigine eýerip, oksuzam bolsa bäşataryny egninden sypyrdy. Ýaragyny gysymyna gysyp, bukdaklap, çäge alaňyna dyrmaşyp ugrady. Alaňyň depesine çykan badyna hem duýdansyzlykdan ýaňa tisginip gitdi-de, aşak ýapyryldy. Assyrynlyk bilen oýuň içini synlap ugrady.

Oýuň içinde ýedi sany dagystanlylaryň gara geýimindäki atlylar, wagşyýana gygyryşyp, gujagyna tokarja, garaja galpakly oglanjygy gysyp, tutuş süňňi bilen galpyldaýan ýaş gyzyň daşyndan at salyp aýlanýardylar. Özleriniň düşnüksiz dillerinde haýwany çakylyklaryna gygyryp, gylyçlaryny bulaýlaşýardylar. “Ha-ha-haýlap” gülüşýärdiler. Oglanjygy darajyk, köne keteni donuna büremäge çalyşýan naçary atlarynyň bykyny bilen çala kakyp geçýärdiler. Hol beýle-de bolsa şol atlylar ýaly geýimli iki sany jeset gymyldysyz ýatyrdy. Olaryň atlary hem gapdallarynda horguryşyp durdylar.Oýuň günorta künjünde-de bir türkmen ýigidi gyrmyzy ganyna bulaşyp, iňläp ýatyrdy. Gyz görgüli her gezek atyň bykyny özüne galtaşanda: “Alla jan, janymy al, namysa goýma!” diýip, naýynjar nalyş edýärdi-de, duzaga düşen möjek çagasyna çalym edip, ýumrujaklaryny berk düwüp, garageýim atlylary hyruçly gözleri bilen iýäýjek bolup seredýän oglanjygy has berk gujagyna gysýardy.

Nazaryň gany gaýnady. Ol bada-bat sapançalaryna ýapyşdy. Olaryň her haýsynda bir ok bardy. Emma sapançalaryny eline almanka onuň gözüniň öňünde ejesi bilen hamyla gelni peýda boldy. Nazaryň egni sallandy. Ol başyny aşak saldy-da, yzyna, wagşyýana pajyga gopýan oýa garşy seretmezlige çalşyp, bukdaklap depeden düşdi. “Wah men nädeýin, men nädeýin, jan doganym! Günämi öt! Okdanymda iň bolmanda bäş sanyjak ok bolanlygynda bu ejizeganymlaryň müň janyndan birisi hem gutulmazdy. Eger-de tenha özüm bolan bolsam, bolmanda seni halas etmesem-de, bilelikde ölmäge gaýratym çatardy! Bu mahal bolsa, men nädeýin! Ejem pahyr bar! Gelnim bar! Onuň göwresinde-de meniň dowamat-dowamym bar! Nädeýin men, günämi öt, mähribanym!”

Nazar ejesi bilen gelniniň ýanyna dolanyp gelende onuň ýüz-keşbinde adam ruhy galmandy. Eňşäp durdy. Hallygözel oňa sorag bermäge milt etmedi. Ejesi görgüli welin saklanyp bilmedi.

-Oglum, näme boldy? Ol oýda näme bar ekeni?

-Hiç zat eje!-diýende Nazaryň sesi gyryljak çykdy. Ol göýä delalat dileýän ýaly asmana seretdi. Asmanyň çytyk meňzini tün gijedenem garaňky bulutlar tutupdylar. Ol ýeke pursat aşak bakdy-da, birdenem gözlerini göterip, Hallygözeliň, özüniň ýeke-täk Hallygözeliniň ahramy[1] gözlerine dikanlady. Ýaşmak üstünde Zöhre ýyldyzy deýin lowurdap duran goşa garamyk bada-bat onuň ähli syryny ýordy. Muňa düşünen Nazaryň birhili göwrümi giňäp gitdi. Ol Hallygözeliň gözlerine garap durşuna, näme üçindir:

-Başararsyňmy?!-diýip, mähir bilen pyşyrdady.

“Hawa” diýýän terzde baş atanda Hallygözeliň owadan gözlerinden goşa damja paýrap gaýtdy. “Wah, saňa döneýin, jananym!” diýip içinden pikir öwren Nazar wagt ýitirip durman, Hallygözeli emaý bilen atdan düşürdi. Galyň donuny egninden sypyrdy. Silkme telpegini çykaryp, Hallygözeliň özüne uzadan gyraly ýaglygyny kellesine daňdy. Ogly bilen gelniniň arasynda bolup geçýän zatlara düşünmedik Ogulbaýram eje Nazaryň bolşundan elheder aldy.

-A-ýuw, oglum-a, saňa näme bolýar? Nämäni “Başararsyňmy?”? Nirä barýarsyň?

Gylyjynyň gynyndan çykyşyny barlan Nazar atyna atlandy-da, oksuz ýaragyny ýere taşlap:

-Eje!-diýip ýuwdundy. Bogazy doldumy nämemi ýeke pursat dymdy-da, birdenem ilk-ä ejesini, soňam Hallygözeli garsa gujaklady:

-Eje jan, ýekäňem bolsam, ýalňyzyňam bolsam, bagyşla! Jan käbäm, berýänem Hudaý, alýanam Hudaý! Ölsem, oglum bolar! Namysymdan geçip, namyssyz ýaşasam bolsa, hiç zadym hem galmaz! Senem günämi öt, Hallym! Käbäm gynanma, üstümizden Haktagala garap durandyr, şeýtmesem bolmaýar! Agtygyň bolsa adymy dakaýarsyň-da! Kepeläniň guýusyna tarap ýola düşüň, il-gün sizi hor-har etmez!-diýdi-de, ömrüne etmedik işini edip, Dorbedewe jüp gamçy çaldy.

Tozan turzup depä dyrmaşyp barýan oglunyň yzyndan aňk-taňk bolan Ogulbaýram eje birden ýalňyz dikrarynyň ajalyna tarap gidendigine akyl ýetirdi. Ol bady-baran möňňürip goýberdi-de:

[1] Ahramy-jadyly

-Wah, nirä barýarsyň ahyry?! Beýtme ahyry, bizi kime goýup gidýärsiň sen, ýalňyz guwanjym, beýtme!-diýip, ýarym-ýaş bolup, oglunyň yzyndan ylgamaga çalyşdy. Emma tutuş süňňi bilen silkinip aglaýan Hallygözel gaýynenesiniň elinden berk ýapyşyp goýbermedi. Hasratdan ýaňa urunýan gaýny görgülini dagy nädip köşeşdirjegini bilmän, ýaşmak astyndan:

-Goý enesi, Nazar jan: "başararsyňmy, biziň dowamat-dowamymyzy mynasyp ýigit edip ýetişdirmegi başararsyňmy?" diýdi, menem "başararyn" diýdim, enesi! Ýör gideli enesi, mähribanymyz şeýtmese bolmaýar! Men onuň kimiň üstüne näme üçin ölümini boýnuna alyp barýandygyny bilmeýärin, ýöne şol depäniň aňyrsynda türkmeniň namysy bar bolmaly, külli türkmeniň namysy üçinem ölmäge barýar mähribanymyz! Men onuň gözlerinden okadym enesi, "namyssyz ilden il bolmaz" diýdi Nazar janyň gözleri enesi, "Bir mert ölse-de, on merdana ölse-de, halk ýaşasa, türkmen dowam eder, ýöne türkmeniň namysyny öldüren pursatlary türkmen gutarar" diýdi Nazar janyň gözleri, enesi! Goý enesi, bir öz mähribanymyzy aýap saklajak bolup, külli türkmeniň namysyna kast etmäli! Ýör, enesi, ýör, Nazar jan indi dolanmaz, Kepeläniň guýusyna tarap gideli! Onuň dowamat-dowamyny halas edeli!-diýip, sojap-sojap gözýaş dökýän Ogulbaýram ejäniň agysyna goşulyp aglap, ony demirgazyk-gündogar sary çekip, mytdyldap başlady…Şol gün gije ýarymdan aganda Hallygözel bilen Ogulbaýram eje Kepeläniň guýusyna ýetdiler. Ol ýerde-de olary Taňryberdi kethudanyň we onuň ogullarynyň baştutanlygynda jemlenişip, küren oba tutan ildeşleri garşyladylar. Olaryň Nazar hakda gürrüňlerini eşiden Taňryberdi baýyň özi ogullaryny ýanyna alyp, şol oýa tarap atlandy.

Olar daňa ýakyn Hallygözeliň salgy beren oýuna bardylar. Oýy ýagtyltmak üçin ot ýakanlarynda ýedi sany gara geýimli jesediň gyzyl-ýaýyrt bolup ýatandygyny, oýuň günbatar künjünde bolsa mähnet gara döw ýaly bir göwräniň nämedir bir zady aşagyna düýrläp ýatandygyny gördüler. Taňryberdi baýyň ogullary mähnet göwräni galdyranlarynda, onuň jan bereninde-de bir duşmanyny astyna alyp, onuň bogazyndan penjeläp, doňup galan Nazar neressedigini tanadylar. Olar hamsygyşyp, hernäçe jan etseler-de gara geýimli duşman atlysynyň jesedini Nazar neressäniň penjesinden sypdyryp bilmediler. Diňe Taňryberdi baý özüniň gartaşan hem bolsa gujurly elleri bilen Nazar neressäniň barmaklaryny ýeke-ýekeden açyp, ony bir gyrada ýatyrmagyň hötdesinden geldi. Oduň ýagtysyna Nazaryň döşündäki iki sany çalaja gan syzýan, gülle giren deşikler ezýaka köýneginde gan gatyşykly gyrmyzy reňk bilen garalyp bildirýärdi.

Soňra olar ýene-de garaňky oýy oduň ýagtysyna agtaryp ugradylar. Sähel salymdan oýuň gündogar çetinde ýapynyň üstünde gujaklaşyp ýatyşlaryna jan beren oglanjyk bilen gyzyň jesedini tapdylar. Meger ýagydan gaçanlarynda ikisi hem yzlaryndan atylan gülläniň pidasy bolan bolara çemeli. Onýança olar oýuň iň garaňky burçunda endam-jany çapylyp, zordan demi gelip-gidýän ýaradaryň üstünden bardylar. Haýdan-haý ýaradar ýigidi oduň ýakynyna getirip, ýaralaryny arassaladylar. Ellerine ilen mata bölekleri bilen onuň ýaralaryny saradylar. Agzyna suw damdyryp, ýüzüne suw sepdiler. Şol müddet ýaradar ýaralarynyň agyrysy zerarly huşuna gelip, düşnüksiz samyrdap ugrady:

-Gaçdylar! Namartlar! Meslekdeşleriniň läşini hem ýere duwlaman, gaçdylar… Çoz, teke! Çoz, türkmen!… Ur doganym, olary, ýene-de ikije sanysy galdy… Ursana

doganym, olary! Hanha, gaçdylar!.. Namartlar! Gaçdylar!... Wah tursana, ar-namysly doganym!...Saňa näme boldy ahyry?!... Tursana doganym! Ýeňdiň ahyry olary doganym!... Turaýsana, başyňa başym sadaga, Namyslym! Gaçdylar! Meslekdeşleriniň läşini hem ýere duwlaman, gaçdylar… Çoz, teke! Çoz, türkmen!… Ymm!

Ýaradar ýene-de huşundan gitdi. Taňryberdi baý oturan ýerinden uly ogly bilen ortanjy ogluna garady.

-Atymyň syrtyna keçe bökderilgidir. Bu ýaradar bendäni keçä salyň! Soňra her haýsyň keçäniň bir çetinden tutup, atyňyza atlanyň-da, depiň, oba garşy! Bärsinden aňyrsy ýakyn welin, onda-da peýmanasy dolmadyk bolsa diri galar umydy bardyr. Bejit boluň! Oba baranyňyzdan soň aýdyň, bärik adam ugratsynlar. Bu itogullaryny hem şu ýerde guma süsdürsinler. Her näme-de bolsa adam ysy bar, läşleri şagallara şam bolmasyn.-diýdi. Soňam ogullarynyň öz buýrugyny ýerine ýetirişlerine üns bermän, kiçi iki ogly bilen Nazar neressäniň we neresse oglanjyk bilen görgüli gyzyň jesetlerini ata ýüklediler. Şeýdip hem Kepeläniň guýusyna gaýtdylar.

Şondan üç gün geçeninden soň bolsa Hallygözel Nazar mergeniň özüne çalym edip duran, daýaw oglanjygy dünýä inderdi. Onuň adyna hem Nazar goýdular. Ýöne hiç kim Nazarjyk hakynda setanda-seýranda kimdir biri “kimiň ogly?” diýip soranda “Nazar mergeniň ogly” diýip jogap bermedi. Her kim bu soraga başgaça jogap gaýtardy. Nazar Namyslynyň ogly Nazar.

Nazar Namyslynyň oýy bolsa häli-häzirem bar. Özem bir ýa-da iki däl-de, müňlerçe sany! Çünki namysjaňlygy halklaryň dilinde mysala öwrülen türkmeniň namysyny gorap şehit bolan her bir gerçek oglunyň wepat bolan oýy—Nazar Namyslynyň oýy! Şol Ata Watan üçin, ar-namys üçin başyny goýan mertleriň ählisiniň ýoly hem Nazar Namyslynyň ýoly—Ar-Namysyň ýoly!

“Edebiýat we sungat” gazetiniň 2008-nji ýylyň
21-nji, 28-nji martyndaky we 4-nji aprelindäki sanlary

## Mämmet yrza

…Tarhanyň oýunyň orruk-ortarasyndaky guýynyň töweregine egele bolup oturan bäş oýnam öýli, çaklaňja gum obasynyň üstünde mazaly garaňky gatlyşypdy. Towşan guỳrujaklaryny saklaýan köne düwünçegini öňüne alyp, ütelgisine[1] berjek iỳmiti mazaly siňenden soň ýuwutdyrar ýaly gaýaw[2] taýýarlaýan goja mürüşgär[3] edip oturan işini gözleri kesmejek bolýandygy üçin, gapdalyndaky nebit çyranyň peltesini azajyk galdyrdy. Işini boldum eden Amanmämmet aga düwünçegini gaỳtadan düwdi-de, gaýawyny bir gyrada goỳdy. Daşary sowuk bolandygy zerarly gara öýüň tärimine golaýda dikilen tuguň[4] üstünde gözlerini ýumjukladyp oturan hemrasynyň ýanyna bardy. Ysgynsyz elleri bilen soňky bäş-alty ýylyň dowamynda bile aw eden elguşynyň

[1] Ütelgi-laçynlar maşgalasyndan bolan elguş;
[2] Gaýaw-guşlaryň içegesi iýmit galyndylaryndan arassalanar ýaly, guşa iýmit berlenden soň oňa ýuwutdyrylýan tüýden ýa-da ýüňden ýumşajyk logalajyk;
[3] Mürüşgär-elguşçy;
[4] Tug-gara öýde elguşlary oturtmak üçin dikilỳän ỳörite agaç.

arkasyny sypady. Goja mürüşgär hemrasynyň gerşiniň ysgynsyzlyk bilen ýeňiljek sandyraýandygyny aýasy bilen syzdy. Dözmedi. Gyýyldy.

-Äý, hawa-da! Meỳdanda guran toruma düşeniňde-de sen eỳỳäm esli ỳaşan guşduň-da! Onsoň näme, sen haýwan bol, ynsan bol, guş bol, ahbetin Biribaryň dünýäsinde bir ýerden şully gözlerini nemlendirip, üç aýakly, itenek-çomanak garrylyk hem geläýýär-dä! Birmahal inişine awuny kakyp geçýän, oljasyna dalaş etseler, bürgüt diýmän, böri diýmän, sagynman üstüne topulyp bilýän, ütelgim, bu gün, ine, öz göwräň agramyna tap getirip bilmän, saňňyldap otyrsyň!-diýip goja mürüşgär pyşyrdady. Soňra köne edähetine eýerip, elguşynyň aýagyndaky salar bagyny barlaşdyrdy.

-Häzir janawerim, men saňa gaýraky goňşy, Atamyrat çopanyň agtyjagynyň getirip giden goýun etindenem dograşdyryp, bereýin! Awdan galanymyza birküç ýyl bolanam bolsa, il-gün seniň bilen uruş ýyllarynda awjagaz awlan bolup, oba ölmez-ödi getirip duranymyzy, biziň şojagaz teperrigimiziň hem köpleri açlykdan halas edendigini unutmaýar. Goýun soýanam, aw edenem jylkaja ýerinden saňa niýetläp getirip durlar.-diýip Amanmämmet aga jowur ak sakgalyna siňdirip hümürdedi-de, tärime söýelgi çuwalyň ýanyna ýöneldi. Çuwalyň üstündäki agzy gapakly çanagy aldy. Içindäki ep-esli bölek jylka etden şapbat ýalysyny kesip aldy-da, “hyk-çoklap” aşak oturdy. Etini dogramak üçin gapagyň üstünde goýdy. Şol pille-de göýä onuň guşuna aýdan ýaňky gürrüňlerini göwnüne alyp, indem özüniň-de juda garrandygyny duýdurmakçy bolýan ýaly, ýüregi gursagynda ynjyly alas-gopaslyk döretdi. Amanmämmet aga pyçak ýöretmesini goýdy-da, böwrüne diň saldy. Kükreginde dörän ýiti agyra gahary gelen ýaly, ynjyly gaşyny çytdy-da, ýene-de pyçagyny ýöredip başlaýşyna içini hümledip ugrady.

“Näme, ýürek! “Jahanyň ýüzünde gaty kän ýaşadym, öte köp işledim, indi bahymrak dynç alasym gelýär” diýmek isleýärsiňmi? Heý ýürek, ýürek! Togtajak bolsaň, durjak bolsaň, öň näme işlediň, sen?! Ýumruk ýaly oglanlykda, ýaňy on üç-on dördümde nägehan ýagy galamyzy başymyza ýumrup, enem-atamdan, dag ýaly iki erkek doganymdan jyda düşürip, ýurdumy daban astyna alanda, näme üçin sen, elheder alyp togtamadyň?! Soňam-a jahan urşy diýdi, ynkylap diýdi, gyrgynçylyk diýdi, açlyk-keselçilik diýdi, ýene-de bir gör-lähet diýdi, görmedigim görde galdy. Şonda-da sanjyp-sanjyp darka ýarylaýman, özbaşyňa urduň ýördüň, ýaşatdyň ýördüň meni! Ýogsa şol wagtam-a bir pille ekeni. Soňky öý-öwzaryňy, halalja mal-halyňy gözüňe basyp, eliňden gaňryp alyşlaryny, iliň öňüne düşen adamlaryň tut-ha-tutlugyny, wa-ah milletiň gülüni gyryşlaryny dagy diýsene, ondan soňky aýylganç urşy görmezlik üçin şonda-da bir ölüp gidäýmek Hudaýyň berdigi ekeni…Heý ýüregim, heýhatly zamananyň apy-tupanlaryna iki sany, ner kimin, her biri ýüze taý oglumy aldyrdym, körpämden nyşan galdy diýip ýörenjäm, keşbinden nur dökülip duran körpe agtygym aýylganç urşuň odunda ýanyp, kül boldy. Didary gözüme gün bolup görünýän balamyň balasynyň derek boýunyň, guwanyp-söýünip, doýup bolmaýan kaddy-kamatynyň öwezine: “gahrymanlarça…” diýen sygryň dili ýaly kagyz gelende, asman üstüme inip, günäkär tenimi zemin hopdumyka diýipdirin. Aldy şol kagyzjyk, elli ýyllap ajyny-süýjüni bölüşen ýassykdaşymy, ahbetin alyp ýatdy! “Basmaçy” diýip, ata-babalarymyzyň dessuryna eýerip, watan üçin, erkinlik üçin ata çykan uly oglumy ýuwdan ynkylap alyp bilmedi,

“halk duşmany” diýip körpämi dereksiz ýitiren tut-ha-tutluk alyp bilmedi, emma körpämden ýadygär galanja ýalňyz uçgunjygymyzy söndüren sygryň dili ýaly kagyz welin, ahyry aldy, ony!... Indi senem, şol zatlardan soň, men, daş göwüniň näzini segsen ýyllap çeke-çeke, bu günki gün, ykbalyma kaýyl bolup, agtyk-çowluklaryň arasynda birsellem şolaryň ösüp-örňeýişlerine guwanaýyn diýsem, maňa öz şikaýat kagyzyňy somlaýarsyňmy?! Munyň-a bolmaýar, bolmaýar-ow, bolmaýar!”

Azsalymdan soňra goja mürüşgär eti dograp boldy-da, şakäsä saldy. Ýene-de kuwwaty giden dyzlaryna agram salyp, ýerinden galdy. Guşuna tarap ýöneldi. Onuň şakäseden owunjak et böleklerini çokalap alyp, iýşine sabyrlylyk bilen tomaşa edip ugrady. Şol wagtam üç-dört ýaşlaryndaky tokarja çowlugy ala-güpürdi bolup, içerik kürsäp girdi:

-Ata, ata-how!-diýdi-de, dogumlyja bezzatjyk elguşa gözi düşen badyna özüniň näme üçin garry atasynyň ýanyna gelendigini huşundan uçurdy. Amanmämmet aga:

-Näme, ballym?!-diýende, pelteli çyranyň ýagtysyna gözjagazlary türkmen köpeginiň güjüjeginiň gözleri ýaly garagol batyrlyk bilen ýyldyraýan bezzat, düýbünden başga zat peltekledi:

-Ata-how, şu geýek algyýýguşa men etjik beýäýsemmikäm?!

Bezzatlygy zerarly agtyk-çowluklarynyň içinde iň ezizleýäni bolandygy zerarly garagoluň bazzyk-buzzugyna Amanmämmet aga monça boldy. Jowur ak sakgalyna siňdirip, mys-mys güldi-de, şakäsäni çowlugyna uzatdy:

-Aý köşek, bize maslahat salýan bolsaň-a, beräýseňem bolman durmaz! Häý ataňa, kakaňa çeken diljagazyňa döneýin seniň, batyrjam!

Garry atasynyň elinden şakäsäni alan bezzat dünýäni undup, daraklygyna galdy-da, özüne uzadylýan şakäseden göwnübir ýaly et çokýan ütelgä daňyldy.

Birhaýukdan soň gara öýüň işiginde ýaşy durugşan zenanyň başy başatgyçly sudury göründi. Uly oglunyň gelnine nazary kaklyşan Amanmämmet aga ardynjyrady-da, çowlugynyň tahýalyja başyny sypady:

-Oglum-a, bu eneň yzyňdan gelipdir-le, bar garry ataňa näme aýtmakçy bolýar, bil derrew!

Gyzykly işine kellesi gyzan oglanjyk nädip:

-Duýsana-how, atam senem-ä?! Bu etjigini gutaýmasa, algyýguş düwüneý-ä!-diýenini duýman galdy. Ýeser bezzadyň bu gürrüňine garry mürüşgär hezil edip güldi:

-Ýak garagolum, senem-ä, bir zatlar tapaýýarsyň! Bar hany, eneňi işikde garaşdyryp goýma, näme diýýändigini bil-de, onsoň ýene-de algyrguşuň höregini beriber.

Alňasaýan oglanjyk ylgap enesiniň ýanyna bardy-da:

-Näme-how, ene! Aýtsana bahymýak, atam hemme wagt algyýguşa etjik beýdiýenog-a, senem ene, şu wagt geýýäň-de, bimaza edýäň! Häziý atam, getiý käsäni diýäýse näme?-diýip, jedirdedi.

Enesi oglanjygyň gulagyna garşy egildi-de, ýaşmagynyň aňyrsyndan pyşyrdap ugrady. Bar ünsi elguşuň ýanynda galan oglanjygam enesiniň näme diýýändigine-de düşünmän sözme-söz gaýtalap ugrady:

-Aý ogýan, “gaýýy gaýynym ezizýeýäý” diýip saňa zat diýiýmeýäý (diýilmeýär) weýin, haýys başyna gidipsiň-ýe…Wiý, ata muny enem maňa käýýeýäý-ýaý (käýýeýär-laý)!-diýip ýalňyşanyny bilen oglanjyk dilini dişledi. Bezzadyň gürrüňine Amanmämmet aga arkan-ýüzin gaýşyp, gülmäge durdy. Oglanjygyň enesi hem gözlerini güldürenini duýman galdy. Emma salyhatly zenan bada-bat çynlakaý keşbe girdi-de, oglanjygyň oýlukçasyndan çekiberip goýberdi:

-Aý oglan, kilçerme-de, akyllyja bolup, garry ataňa aýt! Ilerki Orazmämmet aganyň ogly hem dolanypdyr. Ýaňy tebärek çykardýandyklaryny aýdyp gitdiler. Garadaşaýak obadan bagşy hem getiripdirler. Birsellem oturyp gaýtsa… “Kiçi atamam gitdi” diýip aýt!

Uly gelniniň pyşyrdysyny eşiden Amanmämmet aga gülküsini kesdi:

-Haý-haý, gyzym, syýyndan-beýlekisinden çekiberip, bujagaza beýle dözümli darabermäň häli! Körpämiziň ady dakylanjadyr bi, tarhandyr bi! Orazmämmetlere bolsa hökmän görneris, bagşam diňläris elbetde! Özümem giç öýlän onuň otuz dokuzda harby gulluga alnan oglunyň ýedi ýyldan soň sag-aman dolanandygyny eşitdim. Gidermen bolup otyrdym, ýöne şu algyryma agşam höregini berjek bolup eglenäýdim. “Ortanjym gitdi” diýdiňmi, gelin?

Oglanjygyň enesi: “hawa” diýen terzde baş atdy.

-Hä onda menem häzir barýaryn, käsäni-beýlekini ýygnaň, gyzym!-diýdi-de Amanmämmet aga donuny düzedip, daş çykdy. Bäş sany öý gala ýaly bolup, Amanmämmet aganyň öýüniň daşyna egele bolup otyrdylar. Bu onuň ortanjy oglunyň hem-de agtyklarynyň öýleridi. Goja mürüşgär ortanjy oglunyň öýüniň deňesinden geçip barýarka, gyzlaryň läle kakýan owazyny eşitdi.

Lä-le-lä-le, lä-le ja-na,
Gyzlar kaksyn, läle jana!
Sary ýüpek sozula-ra.
Sary ýüpek sozulsa-la,
Gyzyň göwni bozula-ra.
Läle-läle, läle jana,
Gynanma sen, Gökdepä-mä,
Ýagyň jaýy bozula-ra.
Duşman jaýy bozulsa-la,
Türkmen ýurdy düzele-rä.
Lä-le-lä-le, lä-le ja-na,
Gyzlar kaksyn, läle jana!

Läläniň Gökdepe galasy hakynda tanyş sözleri gulagyna ilende, ýene-de Amanmämmet aganyň ýüregi sanjyp-sanjyp gitdi. Kalbynyň jümmüşinde, ýedi gat gulpuň aňyrsynda temmelenip saklanýan ýatlama, towlanyp-jowranyp, erkinlige çykmak üçin urnup ugrady. Omürboýy unutmaga çalyşsa-da undup bilmeýän wakasyny özüniň demir erk-ygtyýarynyň zynjyryndan sypdyrmajak bolup, goja müruşgär bolanja güýç-gaýratyny bir ýere jemledi. Sähel salym säginip durdy-da, özüne basalyk berdi. “Gerek däl, gerek däl, oýansa ýene-de köşeşýänçäň müň bir gezek ölüp-direlmeli bolar. Öňem saly suw üstündäki bala-çagalarymy gorkuzaryn. Gerek däl, gozganma, gerek däl!”

diýip Amanmämmet aga öwrendikli oýlar bilen özüni köşeşdirdi. Göz açyp-ýumasy salym şeýle halda doňňara-daş bolup durandan soň, ýaşuly rahatlandy. Ortanjy oglunyňka ümä üýşen gyzlaryň lälesine üns bermezlige çalşyp, Amanmämmet aga küren obanyň ileri çetindäki Orazmämmet agalaryň öýlerine ýöneldi. Olara ýakynlanda gapdalky öýden dutaryň owazyny we bagşynyň aýdymyň soňky setirlerine gygyrýan sesini eşitdi. “Eýýäm saz-söhbete başlapdyrlar-ow! Birsellem menem aýdym-saz diňläýsem-ä kem ýaramajak ýaly. Göwnüm açylardy.” diýip oýlanan ýaşuly ädimini ýygjamlatdy. Emma saz-söhbet edilýän öýe bäş-alty ädim galanda bagşynyň aýdymyny tamamlap, gepläp başlamagy näme üçindir Amanmämmet agany gadam urşuny haýallatmaga mejbur etdi. Ol bagşynyň:

-Şu aýdym…1881-nji ýylda Gökdepe urşunda…-diýen sözlerini eşidip, sakga durdy. Durşy bilen gulaga öwrülip, içerden gelýän bagşynyň agrasdan ýakymly owazyny diňlemäge ugrady:

-…Gala ýarylanda…adamlar bosgun bolup gaýralygyna gaçypdyrlar…

Meger öz aýdýan wakasyna bagşynyň özi-de tolgunýan bolara çemeli, ol sözüniň arasyny bölüp-bölüp gepleýärdi:

-Şonda Mämmet atly bir ýigit hem öz ýekeje uýasyny atynyň arkasyna alyp…gaýralygyna gaçypdyr…şonda Ar hojam jan öwlüýäsiniň ýanynda olaryň daşyny gara geýimli dag atlylary alypdyr…şonda uýasy wagşy ýagynyň penjesine diri düşüp, namys astynda galmazlyk üçin…umuman Mämmet ak saplysyny uýasynyň haýyşy boýunça onuň gursagyndan…umuman Mämmediň uýasynyň ady-ha belli däl welin, halk “Mämmet yrza” atly namysjaň ýigit bilen onuň uýasy hakynda aýdym döredipdir… Oňlasaňyz…şony aýdyp bereýin, adamlar!

Amanmämmet aga doňňara-daşa öwrülip durşuna, nädip:

-Altynjemal jan, uýasynyň ady!-diýip, biygtyýar pyşyrdanyny hem duýman galdy. Şol pille-de hälki ýatlamazlyga çalşylýan waka, özüniň temmelengi ýedi gulpyny-da çym-pytrak edip, bentlengi ähli zynjyrlaryny-da gyrym-gyrym gyryşdyryp, görmedigi görde galan gojanyň göwnüni harasatdan doldurdy. Onuň göwnüne bolmasa, niredendir bir ýerden ýalňyz siňlisiniň: “Mämmet jan yrzadyryn!” diýip soňky deminde gygyrýan sesi gelen ýaly boldy. Gojanyň kalby lerzana geldi. Şol pursadam öýden eşidilip ugran aýdymyň sesi ony agyr ukudan açylan ýaly etdi.

Gökdepe gowgasy dünýä ýaň salar,
Biperwaý namyssyz namarda ýazar,
Gazaply-gowgaly geçmişi bilen,
Jigermi para-para, paralan gyz!

Amanmämmet aga bu aýdymy-da, rowaýaty-da ömründe ilkinji gezek eşidýärdi. Ol geň galdy. “Ol ýerde ýagynyň atlylaryndan we Altynjemal ikimizden özge yns-jyns ýokdy ahyry. Men ömrüme şol waka barada ýeke ynsanyň ýanynda-da dil ýarmadym. Ilgün meniň ömrümiň pajygasy barada nireden bilip ýörkä?!” Şol müddet ýaňlanan aýdymyň indiki bendi Amanmämmet aganyň kalbyny agdar-düňder edip, onuň oýlanmak ukybyny ýom-ýok etdi:

Ur pyçagy dogan, göwsümden meniň,
Mämmet yrza dogan, edenňe seniň.

Tyg girip, jan çykdy, boş galdy teniň,
Duşmanlardan namysyny goran gyz!

Goja mürüşgär misli bir sarsmaz gaýa bölegine dönen dek, doňňara-daşa öwrülip durdy. Gözlerinden biygtyýar çogup çykýan ajy gözýaşlar hem zire-zire bolup, ýaňaklarynyň gasyn-gasyn hamynyň üstünden togalanyp, ak sakgalyna siňýärdiler. Hakydasynda bolsa tilsimi köp duşmanyň hilesi bilen bir ganaty asmana sowrulandan soňra, möjekden azan gelegurtlaryň ordasyndan goranýan ýaraly gaplaňa dönen galanyň ýeňşe umytsyz darkaşa girip, soňky deminde ýaga gaýtawul berşi janlanýardy. Uly agasynyň atynyň ýalyny al ganyna boýap işiklerine gelşi, “Mämmet janym, neberämiziň erkek göbeklisinden bir sen aman galdyň, Altyn jany hem al-da, meniň atyma atlanyp, guma garşy gaçyň! Hernä Hak sizi penasynda saklasyn-da!” diýip, atyndan agyp, jan berşi, gözi giryan, bagry giryan ýalňyz uýasynyň golundan çekip, gana boýalan, ýadaw bedewe mündürmäge çalyşýan, on üç-on dört ýaşly oglanjyk – onuň özi, baş-başa-da jan-jana bolup barýan bosgunlaryň arasy bilen gaýralygyna garşy gaçyşlary, yzlaryndan gyrgy kimin gaýyşyp, garawsyz aýal-ebtatlary, oglan-uşaklary, garry-gurtylary bir ujundan gylyçdan geçirip barýan ýagynyň atlylary, esasanam gana suwsan, wagşy gara geýimliler, soňra ýagydan arany açdyk hasaplap, haýsydyr bir çaklaňja gonamçylygyň ýanynda demlerini dürsemek üçin säginişleri…Bu zatlaryň bary aýdym-saz ýaňlanýan öýden bäş-alty ädim daşlykda, garaňkynyň içinde, hiç kimiň gözüne ilmän, iki dünýäniň arasynda hallan atýan seňňi-mugallak deýin, ysgynsyz, garry göwresi gyş gijesiniň assaja şemalyna-da yraň atyp duran gojanyň gözüniň öňünden hakydasynyň göze görünmeýän iňçejik sapagyna düzülip birme-bir geçip durdy, geçip durdy…

…Gabawda bolan döwürleriniň horlugy-hunabasy ýaňy on alty ýaşan gyzyň näzik ýüzüni hazan ýeli uran bägül güle dönderipdi. Ol howlukmaçlyk bilen körpe jigisiniň uzadan mytarasyndan suw içýärdi. Altynjemal suwy içip boldy-da, Mämmede uzatdy.

-Jigim indi näderis? Hossarymyzym-a galmady.-diýip galadan çykyp, gaçyp gaýdanlary bäri mertsiräp gelýän gyz hamsykdy. Agasynyň atynyň boýnuna ýaplanyp, bar gazabyny gözlerine üýşürip duran ýetginjek, uýasy aglap başlasa özüniňem saklanyp bilmän, ejizlejekdigini duýup:

-Aglama!-diýip gaharly pyşyrdady:-Ýyglama diýýän, saňa! Bäş-üç gün ýagy Gökdepe galany taşlap gidýänçä, çölde bolarys. Özümiziňkileri taparys-da, şolary penalaýarys. Soňra yzymyza baryp, agalarymyzy, goňşy-golamlarymyzy ýere duwlarys. Soň bolsa…

Oglanjygyň bogazy doldy. Ol gepläp bilmän dymdy. Şol pille-de:

-Gara geýimliler!-diýdi-de, Altynjemal gorkuly pyşyrdady.

-Hany? Nirede?-diýip uýasy üçin gorkudan ýaňa heýýaty başyndan uçan Mämmet daş-töweregine ýaltaklanda, hol allaowarradan gelýän, bir kowçum duşman atlysyna gözi düşdi. Ol syçrap atyna atlandy-da, Altynjemala elini uzatdy.

-Bol, uýajygym, gaçaly, hanha, olar bölünişip, öňümizi gyýalap ugradylar. Bol çaltrak, gabamaga çalyşýarlar.

Şol wagt Altynjemal jigisiniň garaşmadyk hereketini etdi. Onuň bilindäki ak saplyny sogrup aldy-da, kükregine diredi:

-Mämmet jan, jigim, atyň ýadaw! Ikimizi alyp çykmaz! Ýeke gitseň gutular umydyň bar. Bile gitsek ikimiz hem ýagynyň oljasy bolarys-diýip Altynjemal pyşyrdady. Mämmediň huşy başyndan uçdy. Ýalňyz uýasynyň hereketinden hem gorkdy, hem oňa gahary geldi.

-Bol ahyry, Altynjemal, ýetip gelýärler ahyry, mün bejit, atyň syrtyna!

-Mämmet jan, çekeleşige pursat ýok! Çal ata, jüp gamçyny! Sen diri galsaň, tohumymyz dowam eder! Türkmeniň tohumy tükenmese, türkmen dowam etse, ony hiç bir ýagy ýeňip bilmez, ahyry bir gün kasasyny kyýamata goýman, erkinligini tug edip depesinde parladar. Git, bahymrak! Ýöne men naçaryňy, ýabany gara geýimliniň eline diri berme! Olaryň girisine naçar bolup ilseň nätjeklerine beletsiň.

Aljyran Mämmet düşünmedi. Ol çapyksuwarynyň tolgunjyny süňňi bilen syzyp agyzdyrygyny çeýneýän bedewiniň jylawyny uýasyna garşy towlady-da:

-Näme diýip dursuň, uýam? Mün ahyry!-diýdi. Şol pille-de ýalňyz siňlisiniň nazaryna nazary kaklyşdy. Mämmet bada-bat ähli zada düşündi. Düşünmeginden ýaňa-da onuň depesinden sowuk suw guýlan ýaly boldy. Ol atyndan böküp düşdi-de, uýasynyň elindäki pyçaga ýapyşdy:

-Ýok, ýok, men başarmaryn, gowusy ber, pyçagy! Eger-de ikimiz-de sypyp bilmejek bolsak, men iň bolmanda agalarym ýaly olaryň üstüne at goýup bir öleýin!

-Sen düşünmediň, Mämmet jan! Sen biziň neberämiziň soňky erkek göbeklisi! Sen ýaşamaly, jigim!

Mämmet sakga durdy. Ýüzüni sallady. Birdenem daşdan çapylana dönen ýüzüni göterdi-de, Altynjemalyň gözlerine dikildi:

-Näme edeýin, uýam?!-diýende oglanjygyň aýgytly sesi onuň özi üçin güňleç eşidildi.

-Namys astynda galmaly, jigim! It şunuň sapyndan, özümiň bognum ysmaz!-diýip, Altynjemal ak saplyny kükregine diredi…

…Çagalygynyň pajygaly wakasy hyýalynda gaýtalanýan Amanmämmet aga tutuş süňňi bilen elenýärdi. Ýaşy segsene ýeten goja şol çykalgasyz hasratly wakany özüniň uzak ömründe gör eýýäm näçenji gezek başyndan geçirýärdi. Ol ýene-de on üç-on dört ýaşly oglanjyga öwrülip, kükreginden ak saply dikilgi halyna gana bulaşyp ýatan ýalňyz uýasyny yzynda galdyryp, bedew atynyň üstünde gyrmyzy donuny şemala galgadyp:

-Wa-aý dogan! Waý dogan-eý, aý dogan-eý! Aýa-güne taý dogan-eý! Yrza bol, menden! Eger, sähel uly bolan bolsam, agalarym ýaly pälwan bolsam, iň bolmanda elimde ýaragym bolan bolsa, gara geýimliniň müň janyny seniň dabanyň ýekeje yzyna gurban ederdim! Waý dogan-eý! Yrza bol, ýalňyz siňlim, yrza bol! Yrza bol, menden-n-n-n!!!-diýip yzyna garaman, bagyryp barýardy. Duşman atlylarynyň ýeňsesinden atýan gülleleri bolsa “şuwlaşyp” onuň gulagynyň duşundan geçýärdi. Üstündäkiniň janyna howp düşenini syzyp, bolanja güýç-kuwwatyny jemläp, guş deýin uçmaga dalaş edýän bedew bolsa her näçe çalt çapsa-da, gana bulaşyp ýatan gyzyň soňky demi bilen bilelikde kükreginden sogrulan gykylyk olaryň yzyndan galmaýardy.

-Mämmet jan, ýalňyz arkadagym, o dünýe bu dünýe yrzadyryn-n-n-n! Mämmet, yrza-a-a-a!!!

…Öýden başga aýdymyň sözleri eşidilip ugrandan soňra Amanmämmet aga tisginip gitdi-de, hasratly ýatlamalaryň ummanyndan sogruldy. Ol gözýaşa ýuwlan ýüzüni süpürişdirdi-de, bolanja ysgyny-da gaçan aýaklaryny zordan süýräp, öýüne dolandy. Öýe girende törde ojagyň ojar ody bilen ýanyp durandygyna, emma içerde hiç kimiň ýokdugyna üns bermän, donuny, galyň ýüň jorabyny çykardy-da, ýazylgy düşegine geçdi. Başyny ýassyga goýdy. Emma her näçe uklamaga çytraşsa-da, hiç köşeşip bilmedi. Ýalňyz naçarynyň soňky owazy kalbynda şol ýaňlandy durdy. Ahbetin ymyzganyp bilmejekdigine göz ýetirip, Amanmämmet aga täzeden geýindi-de, daş çykdy. Tarhanyň oýunyň gaýra çetinde ýerleşen belent gum depesine garşy ýöneldi. Depäniň üstüne çykdy-da, çäge öte sowuk bolsa-da, aşak çökdi. Hiç-hili oýsuz-pikirsiz galan köňlüni dym-dyrs edip, ýumşak jada beslenen türkmen çölüniň oý-pikirlerdendir, duýgulardan ýaňa yrňyldap duran gijesini diňläp ugrady. Birsellem şeýdip oturandan soň bolsa goja mürüşgär, özi hem duýman kalbynda üznüksiz gaýtalanýan sözleri pyşyrdap başlady:

-Türkmen namysynyň hatyrasyna, ýalňyz uýam, men günäkär doganyňdan yrza bol! Siziň üçin şirin janlaryny pida eden enem-atamyň, doganlarymyň, il-günümiň, ýalňyz uýam Altynjemal janyň hatyrasyna, ata Watan, ene toprak, yrza bol! Türkmeniň dowam etmegi üçin gurban bolan ýalňyz siňlimiň hatyrasyna, il-gün, men ejiz bendeden yrza bol! Türkmen dowam edýär, hemmäňiz yrza boluň!

Asman-zemin, garaňky gijelik, dym-dyrslyga beslenen çöl-beýewanyň sazaklary, ojarlary, ýeňsesindäki oýda tümlüge beslenip ýatan oba, henizem ýaňlanyp duran bagşynyň owazy… umuman Hak Perwerdigäriň döreden dünýäsiniň ähli zatlary goja mürüşgäriň pyşyrdysyna tutuş durky-düýrmekleri bilen dymyp, diň salýan ýalydy. Şol dymmaklygy bilenem Mämmet yrzanyň çar ýanyny gallaýan tükeniksiz türkmen diýary, özüniň ähli zady bilen:

-Türkmen dowam edýär! Yrzadyrys!-diýip, pyşyrdap jogap berýäne çalym edýärdi.

“Edebiýat we sungat” gazetiniň 2009-njy ýylyň
9-njy ýanwaryndaky sany

## Ak at

…Aýaklary bilen tutuşlygyna ak keçä basyrylyp saralan, gunduz kimin ak at gözüňi gamaşdyryp, teblede horguryp durdy. Beýleräkde ak gümmez kibi güberip oturan sekiz ganat ak öýüň aklygy bolsa töwerek-daşa güpüläp düşen gar örtüginiň aklygy bilen bäsleşýärdi.

Gyş gününiň gyzgyny ýok şöhleleri şady-horramlyk bilen garyň ýüzünde oýnap çar ýany älemgoşar öwüşginli ýylpyldylardan dolduryardy. Öýüň keçesindäki gar gyrawy bolsa kuýaş nuruna hünji owuntygy deýin öwşün atýardy. Säheriň tämiz çigreginde iýmtorbasy bilen gümra bedewiň ýyly demi bugarýardy-da, birenaýy bolup, howada eräp, ýitip gidýärdi.

Işigiň deregine ötügine asylan kendir çuwaldan serpigiň ýyrtyklaryndan garaňky töri hoňkaryp, gorkunç bolup görünýän buz ýaly sowuk ýerkümäniň agyzjygynda duran

üç-dört ýaşlaryndaky oglanjyk bolsa göýä sowugy-beýlekini duýmaýan ýalydy. Ýogsa ol ýarym-ýalaňaçdy. Eşik ugrundan diňe dyzjagazynyň aşak ýanyna ýetip duran, ýakasynyň kiri damagyny çalaýyn diýýän esgä öwrülip giden şalha köýnegi bardy. “Bit düşmesin” diýip golaýda syrylan ýumruk ýaly kellejigi bolsa kütek päkini çalmaga ýaltanylandygy zerarly kesim-kesimdi. Diňe şol ganjaryp duran ýaralar gyş ertiriniň aýazyna awuşaýan bolara çemeli. Oglanjyk aňkaryp aty synlap durşuna aram-aram ýyrtyk ýeňi bilen depesini sürtenini duýman galýardy. Onsoňam käte bir çorluja. Ýalaňaç aýaklaryny gezekli-gezegune injigine oýkaýardy.

Onuň bu mahal bar küýi-köçesi iki ädim beýle ýanynda bentlenen ýaz ahyrynyň ak asmanyna reňkdeş bedewdedi. Gözlerini şaküse ýaly tegeläp, agzyny açyp aty synlaýardy. Ýöne bir synlamagam däl, öňünde duran uçmahy gudratyň her bir hereketinden, bedeniniň her bir dynnym ýalyjak nokatjygyndan görüp, doýup, ganyp bilmän, doňňara-daşa öwrülip dünýäni undup durdy.  Kämahalam özüne nahar deregine berilýän ýuwundynyň öten agşamdan bäri dodajygynyň çetlerinde doňup galan çyrşaklaryny ýalaýardy.

“Owadandygyny-y-y!” diýip oglanjyk süýkdirip oýlandy. Şol pille-de oglanjygyň bu pikiri daş-töwerekde garry adamyň gurak pyşyrdysy bolup, ýaňlanyp gitdi. Oglanjyk allaniçigsi boldy. Tisgindi. Çar-ýanyna ýaltaklady. Şonda-da niredendir bir ýerden peýda bolup, ýeňsesinde abanyp duran hyrsyz garasakgaly gördi. Onuň ýüzi eňşäp durdy. Oglanjygyň durkuny hiç zat bilen deňeşdirip bolmajak wehim gaplap aldy. Ol simap kimin sandyrap, gamyş kimin galdyrady:

-Halmyrat akga?!!

-Näme, doňduryp öldüripdirler diýip ile gybat etdirjek bolýarmyň?! Gir, sümelgäňe, ýetimek!-diýip ol ýylan ýaly haşşyldady-da, oglanjygy depip goýberdi.

Oglanjyk çamalagy çaşan köne telpek deýin zyňlyp, ömralla içinde ot ýanyp görmedik, sogan saklanýan ýerkümä düşdi…

…Eli “patylap” gapdalynda duran çäýnege degen goja çopan der basyp oýandy. “Owf! Ýene-de gara basdy-ow!” diýip oýlandy-da, ol düşeginde dik oturdy. Takyr kellesindäki ýatanda daňynýan gyraly ýaglygyny sypyryp, gara der bolan ýüzüni süpürdi. Birküç ýola uludan demini aldy. Emma ýaňky düýşüniň gorkusyndan saplanyp bilmedi. Süňňi sandyrap durdy. “Öte gorkuzypdyr-ow, Ezraýyl almyş, Halmyrat!” diýip oýlandy-da, ol:

-Suw bir owurtlaýyn-la!-diýip pyşyrdady. Tamyň çüňkünde ýazylyp-ýaýrap ýatan jahyl agtygyny oýarmajak bolup, assyrynlyk bilen çäýnekden çaý guýundy. Buz ýaly çaýy owurtlasa-da owurtlady welin, dadanyna puşman etdi.

-Päheý “demini alan çaýyň men gurbany, çäýnegi çüýreder sowan çaý” diýip çaýkeşler ýöne ýere aýtmaýarlar ekeni…

Ol käsesini ýerde goýdy. Biraz wagt geçenindenmi, ýa-da ünsi başga zada sowlanyndanmy nämemi, az-owlak kalby köşeşdi.

-Päheý-de welinim, diýmäýin, diýsem! Halmyrada “Ezraýyl almyş” diýäýdimmi?! Adamyň-a nemesidi welin,… onda-da näme, gulagy göründen bendäniň! Ýumruk ýaly ýetimkäm eden zulumy üçin o dünýäde hasaplaşar-da! Men bir ölen bendä gargap, günägaby bolmaýyn.

Goja çopan şeýle diýip pyşyrdaşdyrdy-da, aýagyna ýüň jorabyny sokdy. Oýlugyny geýdi. Üstündenem içmegini ýelbegeý atyndy. Ädigini sokdy.

-Gowaldaň geýäýmeli ekeni! Sowuga az-maz ýygrylypdyr, gysjak bolýar.- diýip ol ädigi hakynda murtuna siňdirip, hümürdedi.Telpegini kellesine atybam, köne çopan tamynyň gapysyny seresaplylyk bilen, jygyldatman açdy-da daş çykdy. Ädenindenem dyzyna çenli gara çomdy.

-Mazalyja ýagypdyr-ow, gurbany gitdigim! Peýşinde latga-latga bolup gaçyp ýaňy kiparlan bolara çemeli.

Ol "gütürt-gütürt" edip, üsti bassyrmaly, müň goýun sygar çemesi agyla tarap ýöneldi. "Birneme çökderräk çykdaýjy hem boldy welin, geçen tomus oglanlar bilen şuny gurup oňarypdyrys. Dowar janawerler hezil edýändirler. Guryja ýer, böwürlerinden hazan ýeli hazylap duranok… Geçen ýylyň doňaklygynda burnumdan gelen soň şu ýyl öňünden gaçdym-da…Wah!"

Goja çopan hyrçyny dişledi:

-Diňe geçen ýyldan awunyp tejribe toplamaly däl-le, biz! Öňden okuwly-la biz! Bi Garagumuň özümi bilelim bäri aňzagy arkamda doňup, epgegi egnimde gowruldy-la welin, näme öň pylan edeýin diýeniň bilen ýol berýärlermi diýsene?!…"Galhoz, bar zat halkyňky, köpçüligiňki…" diýip mähelleli ýygnaklaryň münberlerinde tozan peşediler…Özlerem diýmäýin diýsem, bärde atasynyň maly bar ýaly, hepde-de gelip: "kolhoz başlygynyň aýalynyň çebiş iýesi gelýär, raýkomyň ýegenniniň öweç iýesi gelýär" diýip daşadylar durdylar. "Eýle-beýle" diýjek bolsaň, gaýta saňa-da "men alyp gitdi diýip, aýyr bäş-alty kelläni, näme goňşyň zadymy, bu!? Gitse bagdan gidýär, saňa nä?" diýip haramlyk hödürleýärler… Toba estagpyrylla! Ýene-de müň kerem toba! Kişi malyna-da bir el urup bolarmy? Eliň-gözüň şel açmazmy, eýsem?… Çoluk döwürlerim Gurban aga pahyr—ýatan ýeri ýagty bolsun, imany hemra bolsun, Hudaý jan, Alla jan! Eden ýagşylyklaryny neberelerim hem ata-baba unutmazlar—şol görgüli baş çopanym, şeýle diýerdi: "Köşegim, haramy gazanmak ýeňildir! Edil egilibildigiň alybermelidir. Ýöne näçe bassaň basyber, kyrk gezek Karunyň kyrk şäheriçe toplasaň-da haram baýlyk bir adam ömrüne, aňry gitse, iki arka gider. Onsoň ol zomap bir ýeriňden çykar. Özüň görmeseň çagalaryň görer. Soňky süpükdenem on esse beter süpürgä dönerler. Bu gägirip gözi gyzaranlaryň gününe bolsa guwanmagyn… Allatagalanyň berenje yrsgaly bilen oňňut edibergin. Şonda özüňem, çagalaryňam "ýamanlyk ýüzüni görmäweriň" diýleni bolarsyňyz, oglum!" diýerdi, pahyr. Öwran-öwranam gaýtalardy.

Hak sözünem aýdypdyr, görgüli! Hudaýa şükür, il-gün zulmatdan çykdy. Ine saňa ýer! Ine saňa mal! Mülk! Mümkinçilik! Işle, der dök, gazan, baýa! Gazananyňa dawa etjek, işleseň "elleme" diýjek ýok. Harama ýanaşmasaň, halallykdan kemal tapsaň towugyňa tok diýjek ýok. Birhili ýarak itiň agzyndan sypan ýaly bolaýdyk. Çagalary hem Gurban aganyň aýdyşy dek : "halallygyň hamyrmaýasyna ýugrup" terbiýeländigimiz zerarly, Allaha müň-de bir alkyş, pak çykany ýok. Çüýrük çykany ýok. Bir şü: "ogullarymyň hiç haýsy kesbime eýermedi, garaşsyzlygyň soňky bäş ýylynda azap edip ýygnanja sürim amanadymy tabşyrsam eýesiz galjak" diýip gynanyp ýördüm. Onda-da päk Perwerdigär alnymdan diredi. Nowbaharymyň ortanjy ogly-agtygym: "atam, çöl, mal" diýip ýapyşyp ýatyr. Kowubam gidirip bolmaýar. Elbetde bu

düňle çöle, giň sähralara teşneligi, menden geçendir-dä… Äý, onsoňam bu sadagasy boldugyma nädip aşyk bolmajak ahyry!”

Goja çopan agyla golaýlap ugranda synyny silkip, garyny kakdy. Sagynyp, töweregine göz aýlady. Daş-töwerekde garyň aklygy bilen gije garaňkylygy garyşyp birgeňsi ümsümlikden dolup, ýaýylyp ýatyrdy. Ol gaňşyrawugyňy tütedip gelýän aýazly, arassa howadan öýkenini dolduryp dem aldy.

-Jana derman ahyry, gurbany boldugym!-diýip pyşyrdady-da kellesini göterdi. Syýareňk gökde ýekeje übtük bulut ýokdy. Ak patrak bolup dogan ýyldyzlar bolsa oraksypat aýyň ýagtysyna, göýä Allatagalanyň ojagyndan syçran uçgunjyklar dek ýylpyldaşyp görünýärdiler.

“Asman açyk welin, şatylap doňar-ow!” diýip çopan içini hümletdi. Şol mahalam aňyrdan selkildäp gelýän daýaw, gara kelle goýun itinde öz söýgüli Garabaşyny tanady. Hemişe bolşy ýaly, ony görende söýündi.

-Wah, boýuňa döneýin, janawerim!

Gartaşyp ugran köpek suwjarmady. “Arslan garnuwly’ diýilýän türkmen goýun itleriniň asyllylygy bilen eýesine birki ädim ýetmän saklandy. ”Näme hojaýyn, ukyň tutmaýarmy? Goýun üçin-ä bimaza bolma, özüm bar!” diýýän ýaly, akylly gözleri bilen dikanlap seretdi. Çopan golaýlap, itiniň başyna aýasyny goýdy. Sypalady.

-Hä, janawerim, “Men oýa, hatyrjem bol!” diýýärmiň? Seniňem görmedigiň görde galandyr-la, janawerim! Möjek sürüsi bilen döwüşdiň, ogry-jümri bilenem garpyşdyň, harasat-syrgynlardan hem bile çykdyk. Azaşybam gördük… Garaz ähli hunabalary bile çekişdiň. Oba, oglanlaryň ýanyna ugradaýyn diýsemem, sensiz galmaga ýüregim edenok. Äý, asla ugradaýanymda-da ol taýda durasyň hem ýok-la. Iki günden yzyňa gelersiň.

Çopan hümürdäp durşuna, köpegiň kesik gulagyny ýeňsesini gaşady-da, agylyň işigine tarap ýöneldi. Baryp söýendi. Aýyň ýagtysyna gözleri bilen goýunlaryny tükelledi. Ol müňe ýeter-ýetmez janlysynyň her birini diýen ýaly tanaýardy. Ählisiniň diýen ýaly ene-atasyna çenli belet bolandygy sebäpli goýunlar onuň üçin adamlar ýalydy. Hersiniň özüne mahsus alamaty bardy.

-Ertir-ä sürä ýatakda ýandak beräýsek öýdýän. Hudaýa şükür, ýandagym, bede-samanym-a ýetik, gyssansak iýmimiz hem ýeterlik bar. Onsoňam sürini çykarsak, ol kelek geçiniň yzyna düşýän topar goýunlar bilen bogaz ene goýunlar galan süriniň yzyna eýgermez. Äý, galyberse-de garam galyň düşüpdir, çöp başy görünmeýär.-diýip goja çopan daşyndan oýlandy.

Soň ýene-de ýataga göz aýlady. Mallar bolsa ony ysyndanmy, sypatyndanmy tanap, göwnübir ýaly ýatyrdylar. Öreýin-ürkeýin diýmeýärdiler. Goja çopan elini aşak sallanda Garabaşyň öl tumşugyna degdi. Ol biygtyýar, köpegi ýene-de sypady. Näme üçindir ýene-de kakasynyň inisi Halmyrat ýadyna düşdi.

-Doganoglan agaň, kakaň ornuna bolmaly adam diýjeksiň welin, ine, şu haýwança bolup bilmedi.-diýip hüňürdedi. Emma bada-bat dilinden sypan sözlere ökündi:

-Wah-eý! Ýaňyja-da ýatlamaýyn diýip durdum welin, ýene-de aýatda ýok bendeden närazy boldum-da…

Ýöne şonda-da ökünenine-beýlekisine garaman, ýyldyrym çaltlygynda onuň aňyndan çagalyk ýatlamalary zymdyrylyp geçip gitdiler.

…Otuz ýedide kakasy bilen ejesiniň gürüm-jürüm bolmagy. Kakasynyň inisi Halmyratnyň elinde galyşy. Agasy bilen ýeňňesiniň zulumy…

Horja eginlerini gysyp, ýalňyz ýyrtyk jindesini şemala galgadyp duran arryk oglanjyk göz öňüne gelende gojanyň ýüregi gyýym-gyýym boldy. Bokurdagy doldy... Şonda daşkyrak garyndaşlary bolan Gurban aga gelip ýany bilen çöle äkitmedik bolsa, meger şol doňýürekleriň elinde ölüp giderdi… Pahyr, eşeginde, öňüne alyp barýarka gujagyna gysyp-gysyp, onuň gyzyletene guşuň göwrejigi ýaly, galpyldaýan bedenjigini bagryna basyp-oýkap baý, hamsygypdy, görgüli!

-Eý Biribar, hiý beýle-de bir doňbagyrlyk bolarmy?! Neresse çagany nädäýpdirler-ä, bu gpu-lar!-diýip gözlerinden boýur-boýur togalap samyrdapdy.-Ýeri işleseň işläpsiň-dä “gpu” diýilýän jellathanada. Mollum agaňa, bigünä ýeňňeňe “halk duşmany” diýip, şyltak atyp başlaryny iýenleri üçin, Allanyň ak guşy ýaly çaga munça sütem edäýmek bolarmy? Dözmän: “Çölde el-aýak gerek, alyp gidäýeýin-le!” diýsem, gaýta: “äkit çopan, käte bir işek taşlap dursaň bolar” diýip, gul söwdasyny eden ýaly, bujagaz neressä nyrh kesýär ahyry… Hudaý göz görkezer, Halmyrat! Haktagala seniň gözüňde ot ýakar! Küpür gepleýän-de bolsam, bujagaz neressäniň gargyşy seni tutmasa, Taňryňam Taňry bolmadygy. Yzyň dagar, Halmyrat! Bu wagtky demiň degirmen aýlaýandygyna, gumda agyp-dönýän, haramdan toplan akly-garaly goýunlaryňa, tebläňe iltelgi ak bedewiňe guwanma. Wagt geler, bir gysym külçe-de bolmarsyň!

…Ajy ýatlamalary hakydasyndan syryp aýyrjak bolýan dek, goja çopan maňlaýyny owkalady. “Gurban aganyň soňky sözleri hakyýt welilik bolup çykdy. Halmyradyň özündenem, neberesindenem derek-didiwat galmady. Ogullaram, agtyklaram iliň gözünden düşdüler. Goýun-da galmady, ak öý-de, ak at hem…

“Ak at” diýende ýene-de şol aýaklaryna çenli tutuş endamyna ak keçe saralan jowur ak bedew göz öňünde janlandy.

“Eý Allam, adam pahyr näçe ýaşasa-da, näçe görse-de çagalykda küýsäp, ýetmedik, kemsinen zady ömürbaky ýüreginden çykmajak ekeni. Şunça ýyl geçdi welin, henizem şol ak at kalbymdan gidenok. Entegem wagtal-wagtal düýşüme girýär… Şol mahallar çagakam, sogan saklanýan, tüm-garaňky, sowuk ýerkümede ýarym-ýalaňaç bolup ýaşaýarkam, Halmyradyň ak atyna şeýlebir höwes ederdim. Ony elläp görmek, ýalyndan sypalamak, maňlaýyndan, tumşugyndan öpmek, gije-gündiz arzuwymdy. Gijeler düýşümde görerdim. Gündizler bolsa çuwal serpigiň yşlaryndan ogrynça ak aty doýup bilmän synlardym. Oňa gözüm düşende açlygy-horlugy, sowugy-sütemi unudardym. Göwnüme bolmasa atyň alnyna alnymy ýaplap, hamsygyp, enem-atamyň gaýdyp gelmegini, Halmyrat akgamdan halas etmeklerini diläýsem kabul bolaýjak ýalydy. Ak at meniň gözüme hut Haktagalanyň özi bolup görnerdi. Allany agzasalar aňymda ak atyň şekili peýda bolýardy… Ýöne Halmyrat bendede, gulagy göründen-le welin, öte ýowuzdy, atyny elletmeg-ä beýlede dursun, seredenimi hem gysganardy. Göýä men atyna göz degräýjek ýaly, gabanardy. Soňra eşidip otursam ol atyny şol öz “gpu-jellathanasynda” has ulurak wezipä geçmek üçin ulurak başlyklarynyň birine sowgat beren ekeni. Edil beýdäýmeli däl ekeni, ol! Iň bolmanda öz kolhozymyzyň athanasyna

tabşyranam bolsa, eden günäleriniň ýarsyna-ha ýuwardy! Wah, ýöne beýtse Halmyrat hem adam bolardy-da…

-Wah, diýmäýin diýsem, ol bendäni ýene-de ýamanlykda ýatladym-ow!-diýip ol içki pikirini daşyna çykaranyny duýman galdy.

Şondan soň ol ýene-de birsellem oýurganyp durdy. Ahbetinem köpegine:

-Garabaşym, göz-gulak bolaweri! Ýöne üşeme, goşuň töwereginde bolaýgyn!-diýip jaýa garşy ýöredi. Içerik giribem, eşiklerini çykardy-da, düşegine geçdi. Birdenem bir zat huşuna gelip, täzeden turdy. Çaklaýşy ýaly agtygynyň üsti açykdy. Ýogsa üşäp bir gysym bolup ýatyrdy.

-Munuň edähetini diýsene!-diýip goja göwnaçyk käýindi-de, agtygyny ýorgany bilen örtdi. Soňra ýerine geçdi. Içinden:

“Alla jan, özüň gora! Özüň rahatlyk berewer, Allam!” diýip dileg edibem, gözlerini ýumdy…

…Asmanyň ak buludyna çalymdaş bedew, teblede daňylgy duran ýerinden kämahal toýnagyny ýumşak gara urup bir tokga gary hol allaowarra atyp goýberýärdi. Mes at arpadan doýanyndan soň, öz sarçlygyny, keýpihon ýagdaýyny äleme aýan etjek bolýan ýalydy. Birdenkä atyň bäş-on ädim daşlygyndaky ýerkümäniň serpigi serpildi-de, ondan horja, kirlije oglanjyk emedekläp çykdy. Tazylaryň penjesine düşüp, dalanýan möjek çagasy ýaly, howatyrly gözleri bilen çar-töweregi dörüp çykdy. Birdenem ýürejigine bire baglandyr-da, ör boýjagazyna galdy. Güýjünde baryny edip ata garşy ylgady. Geň galaýmaly zat, bedew ondan ürkmedi. Gaýta oňa garşy tumşugyny uzatdy. Oglanjyk bärden guş bolup uçup barşyna, bedewiň tumşugyny garsa gujaklady. Göýä zeminiň ýüzünde şu janawerden eziz, şundan mähriban jandary ýok ýaly, ýüzjagazyny atyň öl tumşugyna ýelmäp, doňup galdy.

Atyň tumşugy onuň gujagyna zordan sygýardy. Ýaňyja gar peşäp, gazygyny goparaýjak bolup dyzaýan sarç bedew bolsa misli, öz ýürekdeşine sataşan dek, käte bir hokranyp parahat durdy.

Oglanjygyň ysgynsyz pyşyrdysy bolsa kirlije ýaňaklaryndan syrygyp gaýdýan begenç gözýaşlaryna gatylyp-garylyp, bedewiň tumşugyna gaçýardy.

-Alla jan, Hudaý jan, adamlara biri-birine mähir ber! Ýurdumyza asudalyk, agzybirlik ber!-diýip goja çopan düýşünde samrap ýatandygyny duýman pyşyrdaýardy:-Monjukgöz çagalar ýetim galmasyn, Halmyrada meňzeşler bolmasyn! Ulus-iliň bagty bilen meniň çagajyklarymyň hem bagty gülläp-gül açsyn, Allam! Ylaýym, halk üçin, ýurt üçin, il-gün üçin ýaşaýan, köňülleri köşkli, kalplary güneşleri ilogullarynyň işleri rowaç bolsun! Ömürleri uzak bolsun, ol gerçekleriň! Gurban aga ýaly perişdesypat, pygamber göwünli adamlaryň hem jaýlaryny jennet edewer, Ýaradan Hudaýym!

Arzyly maksadyna ýeten oglanjyk goja sesi bilen pyşyrdap ak bedewi gujaklap durşuna eşretden ýaňa şol yranyp durdy, şol yranyp durdy…

“Edebiýat we sungat” gazetiniň 2005-nji ýylyň
22-nji aprelindäki sany

## Ýaşaýyş yşky

…--Siz özüňizi haçan erbet duýup başladyňyz?!-diýip haýpygelmeden doly gözlerinden äýnegini aýyrdy-da lukman öňünde oturan Berdiden sorady.

--Kän wagt-a bolmady… Dört-bäş gün mundan ozal aşgazanym agyryp, iýenim siňmän başlady.-diýip Berdi ýuwdundy-da, näme üçindir diňe lukman ikisi oturan ýarym garaňky otagy ýene-de birlaý gözden geçirdi.

Ak ýektaýly lukman orta ýaşdan agan, saçlaýnda iki-ýeke ak gyl görünýän, hortapdan çepiksije bir adamdy. Onuň ýüz-keşbinde haýran galaýmaly ululykdaky gözleri bolmadyk bolsa hiç zat göreniň ýadynda-da galjak däldi. Onuň gözleri diýseň uludylar. Özlerem şakäse ýaly tegelenip durdy. Göwnüňe bolmasa onuň gözleri hatda dakynýan äýnegindenem uly ýalydy. Onsoňam olar seretdigiňçe birhili ulalýana çalym edýärdi. Edil her bir täze kelliniň halyna dözmän, onuň derdinem özlerine ýygnamak üçin giňeýän ýaly…

Lukmanyň Berdä seredýän şol uly gözlerem onuň halyna düşünmekden, oňa gynanmakdan, şeýlebir yssy hem çuňňur dözmezçilikden doludylar welin, beýle çepiksi göwrede urýan kiçijik ýürek şeýle giň gözleri dolduryp bilýän munça rehimi nireden tapýarka diýdirýärdi…

Lukmanyň öňünde ýüzüni sapajak-supajak etdirip outran bu on alty-on ýedi ýaşlaryndaky ýigdekçä, onuň öz başyndan inen betbagtçylyga düşünmeýän, entek şeýle mana düşmez, ýöntem gözlerine, aljyraňňylykdan ýaňa bisereşgen hem gowuşgynsyz bolan hereketlerine seredip, möňňüripler aglaberesi gelýärdi. Emma ol aglamaýardy… Diňe ýuwdunyp oňaýýardy. Sebäbi şu wagtky duýgularyny günde onlarça gezek, ine şu iş otagyna gelip, şu stoluň başynda oturyp, gapydan ilkinji hassanyň girmeginden tä iň soňky syrkaw işikden çykyp gidýänçä duýmaly bolýardy… Ýok, asla diňe işinde-de däl, öýünde hem, çagalaryny gujagyna gysýarka-da, aýaly bilen mesawy söhbet edip, çaý içýärkä-de ine şu duýgularyn dan saplanyp bilmeýär… Asla bu duýgulardan sypar ýalymy bir?! Heý olary unutmak onuň başarjak zadymy diýsene?!... Gözler, gözler… Köp ýaşan, ajyny-süýjüni gören adamlaryň gözleri, nämädir bir zady küýsemekden, isleg-arzuwdyr etsem-petsemlerden doly juwan gözleri, mönlükden we sadalykdan doly çaga gözleri… Heỳ olary unutmak ynsana başartjak zatmy?! Bar birini ỳadyndan çykardy, ikisini hakydasyndan bozdy, emma hemmesini welin, unutmak mümkin däl ahyry. Esasanam entek hiç zat hakda çyndan pikir edip görmedik çaga gözlerini… Onuň özünde-de şojagaz garamyklardan bäş jübüti bar. Onsoň neneň edip ol uçgunjyklary unutsyn, nädip olaryň garaỳşyny ỳadyndan çykarsyn?!... Wah şu ady ỳitmiş kesel bir göze görünỳän mahluk, ỳa-da bir eỳmenç ỳyrtyjy bolsady, Hudaỳyň berenje güỳç-gaỳratyny jemläp bir bogazyndan penjäni ursaňdyň! Iň bolmanda ỳeňläỳeniňde-de beỳdip göze görünmeỳän, nejis bir öỳjüjekden ejizläp, iki jahan owarrasy bolub-a ỳörülmezdi…

…Hassalar bolsa ilk-ä gelip barlaglaryny tabşyryp gidỳärler. Birküç günden soň bolsa olaryň her biri onuň ỳanyna, ine şu otaga gelỳär-de häzir şu ỳigdekçäniň oturan kürsisinde oturỳar. Oňa özüniň umytly, ölügsije umytdan doly gözlerini soragly dikỳär. Ine şonda-da onuň üçin iň jebirli pursat gelỳär. Onuň gözleri özüne bakỳan göreçleriň

jümmüşindäki duỳgulardan ỳaňa ỳene-de azajyk giňeỳär. Sebäbi beỳle nazarlar öňem onuň gözlerinde şeỳlebir kän welin, indiki täze nazar gözlerine sygmajak bolỳar. Onsoň ol özüni dürseỳär-de, parahat ses bilen:

--Siz keselli. Düwnük bilen keselläpsiňiz.--diỳỳär. Şol bada-da gözlerini öňünde mejalsyz ỳatan ellerine dikỳär. Çünki ol indi adamlaryň bu habary kabul edişlerine seredip bilmeỳär. Çydanok… Soňra azajyk köşeşip, adaty lukman sesi bilen sowukganly we medeniỳetli sorag edip başlaỳar. Hädip kesellidigiňizi çakladyňyz, haçan, nirede, agyrỳan ỳeriňiz barmy, özüňizi duỳşuňyz neneňsi?... Arasynda bolsa olaryň howsalaly sowallaryna biperwaỳ äheňde, gysgajyk jogaplary berỳär, öwrendikli, gaỳtalanyp-gaỳtalanyp lenji çykan sözler bilen olary tagaşyksyz, ỳerliksiz köşeşdirmäge synanyşỳar. Umytlandyrỳar. Içindenem syrkawyň özüne ak ỳektaỳy üçin Allatagala ynanan ỳaly ynanyşyna özüni daga-daşa urup gidiberesi gelỳär. Olaryň gark bolup barỳanyň sypala ỳapyşyşy dek öz sözlerine uỳmaklaryna ỳuregi gan öỳỳär. Özüniň diỳip oturan ynamsyz, biparh, aňyrsy boş sözleri üçin, şol sözleri diỳỳändigi üçin özüni itden beter ỳigrenỳär. Hassanyň gara başyny bagryna basyp, göỳä onuň mähriban ejesi deỳin iň mähirli, iň yssy sözleri diỳesi gelỳär. Iň bolmanda diỳere söz tapmasa-da gözlerinden monjuk gözỳaşlary togalap, eneleriň aglaỳşy kimin gyỳylyp, sessiz-sessiz onuň halyna aglasy gelỳär. Emma barybir şol bir parhsyz äheňini saklap gepläp otyr, gepläp otyr… Onsoň hassa ỳerinden turỳar-da gysgajyk hoşlaşyp ỳa-da hoşlaşman çykyp gidỳär.

Bu gapydan girenlerinde olaryň her haỳsy birhili, özüçe girỳär. Biri ine şu ỳigdekçäniňki ỳaly çekinjeň, beỳlekisi dogumly, ỳene biri sowukganly, dördünjisi ähli zada taỳyn bolup, kaỳyl bolup, bäşinjisi özüniň bu otagdan begenip çykjakdygyna ynamly, başgalary göwnüçökgün, arkaỳyn, medeniỳetli, öwrendikli…garaz her haỳsy birhili… Emma çykyp gidenlerinde welin, olaryň barysy birmeňzeş çykyp gidỳärler. Sessiz, özlerine diỳilỳän zatlary diňleseler-de düşünmän, hiç-hili duỳgusyz we ümsüm…

Ol hem keselleriň hemmesine şol bir diỳỳän zatlaryny diỳỳär. Hiç zat üỳtgemeỳär. Diňe onuň öňem ullakan gözleri öňküsinden azajyk, ỳene-de birazajyk ulalỳarlar…

--Aşgazanyň öte gaty agyrỳarmy?--diỳip lukman soragyny dowam etdi. Berdi sakynyp jogap gaỳtardy:

--Äỳ hawa, käte gijelerine çydatmajagam bolỳar.

--Düşnükli. Hossarlaryňyza habar etmelimi ỳa-da özüňiz habar edermisiňiz?-diỳip lukman äỳneginiň üstaşyry Berdä dikanlady.

--Ỳok… Azara galmaň. Özüm aỳdaryn.

Gözlerini gizlemäge çytraşỳan Berdi pessaỳ, gyryljak jogap gaỳtardy.

“Özi aỳtmaz. Aỳdanynda-da oňa Biribardan özge hiç kimiň delalaty degmezem-le welin, onda-da bilseler gowy-da.” diỳip oỳlanan lukman:

--Bolỳar gidiberiň. Birigün hossarlaryňyz bilen gelersiňiz.-diỳdi-de ondan ỳüzüni sowdy.

--Sag boluň.-diỳip ol çykyp gideninden soň bolsa öňündäki kagyza seredip Berdiniň kakasynyň adyny, familiỳasyny, işleỳän edarasynyň telefon nomerini tapdy-da, telefona elini ỳetirdi… Bu onuň üçin ỳalançynyň ikinji bir kyn zadydy…

Nähilidir bir alasarmyk düỳşde gaỳyp ỳören ỳaly bolup Berdi sermisal halda saglyk öỳünden çykdy-da gür baglygyň içi bilen ỳöräp ugrady. Birsalym ỳöräninden soň

aỳaklaryndan ysgynyň gidỳändigini syzyp, öňünden çykan ilkinji oturgyçda çökdi. “ Men keselli. Düwnük bilen… Oňa garşy hiç hili dermanam ỳok. Diỳmek men… Düwnük uzak köseỳär diỳỳärler. Gynap-gynap bellisini edỳärmiş. Bu nädip beỳle bolỳar ahyry?!.. Bu zatlar, ölüm, kesel, gaỳgy-alada… bu zatlar menden şeỳle daşdady ahyry. Bu zatlar bilen kimdir özge biriniň çaknyşmagy mümkindi. Emma men, men welin, beỳle zatlara ỳanaşygam barmaly däldim ahyry… Men heniz ỳaş ahbetin… Ỳöne häzir welin, ine ol, ölüm! Haỳal hem içỳäkgyç gynap öldürjek ölüm. Ine ol şeỳlebir golaỳ… Ol eỳỳäm mende. Mende. Men eỳỳäm ölüleriň hasabynda…

--Jigi!

Berdi tisginip gitdi-de, üstüne abanyp duran görmegeỳ zenana aljyraňňy garady.

--Jigi,--diỳip, ol zenan haỳyş ediji äheňde dowam etdi:--Şu oglumy ỳanynda oturdaỳyn welin, entek şu ỳerde oturjak bolsaň lukmanyň ỳanyna girip-çykỳançam gaỳrat edip, esewan bolup bilmersiňmi?!

Berdi bu zenana hem ejesiniň elinden tutup duran akyllyja gözli alty-ỳedi ỳaşlaryndaky oglanjyga äňetdi. “Ỳok” diỳjek boldy. Emma zenanyň özelenmeli nazaryna yrlyp:

--Bolỳar.-diỳenini hem duỳman galdy.

--Sag bol, jigi.-diỳdi-de zenan oglanjygy Berdiniň ỳanynda oturdyp:--Oglum garaşgyn. Ine şu oglan bilen otur-da birsalym gürleş. Men bolsa häzirjek lukmanyň ỳanyna girip-çykaỳyn, hiç ỳere gidäỳmegin. Jigi, göz-gulak bolaweri.-diỳişdirdi-de, zenan gitdi.

--Çaltrak çykarsyňyz-da, gelneje. Meniň işimem bardy.--diỳip, Berdi yzyndan gygyranynda bolsa zenan yzyna-da gaňrylman jogap gaỳtardy:

--Gyssagym özüm bilen, jigim.

Berdi zenanyň aljyraňňylygyna düşünmän başyny ỳaỳkap, ỳene-de öz pikirlerine gümra boldy. Emma ỳanynda oturan oglanjyk dil açdy:

--Seniň adyň näme?

--Berdi. Seniňki näme?

--Baỳram-la welin, sen bu ỳerde näme işleỳärsiň?

--Saglyk öỳüne geldim.

--Ỳeke özüňmi?--diỳip Baỳram geň galyp seslendi.

--Hawa. Dagy näme?

--Gorkmaỳarsyňmy?

--Nämeden gorkaỳyn?

--Lukmanlardan. Men-ä olardan elmydam gorkỳaryn. Ine ỳaňam ejem bilen gaỳtmajak bolup, goňşymyz Wellek “har gulaklara” gaçdym welin, “har gulagyň” agasy Üşşim “tüsse çekmeỳän” tutup öỳümize eltdi-dä. Onsoň bärik gelmeli boldy.

Baỳramyň bu sadadan gönümel gürrüňine Berdi tas pyňkyrỳardy. Oglanjygyň göwnüne degerin öỳdüp zordan saklandy:

--Näme? “Üşşim tüsse çekmeỳän” diỳdiňmi? Näme üçin beỳ diỳỳärsiň?

--Aỳ, onuň cyn ady Bäşim welin, kakasy gowy görüp “Üşşim” diỳen soň bizem diỳäỳỳäris. “Tüsse çekmeỳän” diỳip bolsa oňa motorynyň hemişe ala-tütün bolup burugsap durandygy üçin diỳỳäs… Aỳ, ol samsyk-laỳ!

--Kim?

--Şol. Üşşim.

--Hä, näme üçin?

--Äỳ, öňräk, bize daỳzamyň kiçi gyzy myhmançylyga geldi welin, Üşşim oňa bir gezek gije: “Söỳşelimi?” diỳen bolỳar-laỳ… “Aỳryl” diỳse-de elinden tutan bolỳar. Ỳaňagyna şapbat çalyp: “Samsyk!” diỳip goỳberdi-dä, daỳzamyň gyzy…

Bu gezek Berdi saklanyp bilmedi. Heziller edip güldi. Baỳram onuň bolşuna düşünmän ỳüzüne siňe-siňe seretdi.

--Nämä gülỳärsiň-aỳ?

--Aỳ, hiç-le. Ỳöne. Sen oňat oglan, Baỳram.

--Hymm… Senem onda oňat oglan, Berdi!

Berdi Baỳramyň sözlerine ỳylgyrdy.

--Bärik haỳsy lukmanyň ỳanyna geldiňiz?

--Hanha hol penjiräniň aňyrsynda oturỳan ullakan gözüne äỳnek dakynan, kiçijek boỳly, horja lukmanyň ỳanyna.

Berdiniň ỳüzünden şatlygyň alamatlary zym-zyỳat boldy. Ol: “Birhili ol lukman, gözüne seretseň gözi ulalyp barỳar-laỳ.” diỳişdirip, gepläp oturan Baỳramyň sözüni böldi:

--Ejeň geldimi?

--Ỳok, ejem meni getirdi. Öňräk erbet bolup ine şu taỳym…--Baỳram çep gursagyny görkezdi:-- agyrdy. Onsoň obamyzdaky lukman barlan bolup gördi-de, bizi şu saglyk öỳüne ugratdy. Indem ỳöne şu gözi ulalỳan lukmanyň ỳanyna gatnadyp ỳörler. Ejem hem aglaỳar…

Berdiniň bokurdagy doldy. “Alla jan, bu oglanjygyň günäsi näme? Ony näme üçin beỳle nägehana sezewar etdiň?”

--Eỳ Berdi, saňa näme bolỳar-ow?

Baỳram geplemesini goỳdy-da, doňan ỳaly bolan Berdiniň tirsegine kakyp goỳberdi.

--Häh?! Aỳ, ỳok, hiç-le.--diỳip ukudan oỳanan ỳaly tisginip giden Berdi keselhananyň işigine seretdi. Onuň nämedir bir zat bilen bujagaz dertdeşjiginiň göwnüni awlasy geldi. Ol kellesini silkip, ỳerinden turdy:

--Baỳram, seniň buz gaỳmak iỳesiň gelỳärmi?

--Hawa-la welin, ỳone häzir ejem geler-dä.

--Häzir derrewjik bararys-da, gaỳdarys, onỳança ejeň lukmanyň ỳanyndan çykmazam-la.

--Ỳör.-diỳip öňem su meỳilli gurbaga bolan Baỳram böküp aỳaga galdy. Olar gitdiler.

Saglyk öỳüniň howlusyndan çykyp, çüňkde buz gaỳmak satỳanyň ỳanyna bardylar. Olar içi buz gaỳmakly kökelerden her haỳsy üc sanysyny aldylar-da, uly arça agajynyň kölegesine geçip iỳip ugradylar. Baỳram çagalara mahsus howlukmaçlyk bilen, garabaşynagaỳ bolup elindäki buz gaỳmaklary iỳỳärdi. Berdi bolsa sowuk buz gaỳmaga käte bir dilini degren bolup otyrdy.

--Bäỳ süỳjüdigini!-diỳip, birinji buz gaỳmagyny iỳen Baỳram ikinjisine başlady.

--Hawa, edil ỳaşaỳyş ỳaly süỳji.-diỳip pyşyrdan Berdi nädip içki pikirini daşyna çykaranyny duỳman galdy. Onuň pyşyrdysyny eşiden Baỳram şol bada buz gaỳmak iỳmesini goỳup Berdä seretdi. Oglanjygyň ỳüzünde bir topar pikirleriň alamaty peỳda boldy. Ol: “jykk” edip, başyny ỳaỳkady.

--Ỳok, buz gaỳmak ỳaşaỳyş ỳaly süỳji däl, ỳaşaỳyş has süỳji. Seniň ỳaşaỳyş diỳỳäniň Berdi, sen, men ejem,şu baglar, köçe, Üşşim, dostum Wellegiň har gulaklygy dälmi?! Hawa şolar. Onda olaryň hemmesi buz gaỳmakdan million esse süỳji. Belki hasam süỳjidir. Ỳöne men entek milliondan uly sanyň bardygyny bilemok. Ony soň bilerin. Onsoň ỳaşaỳyş milliondanam köp esse süỳji bolar. Sebäbi ejem ỳylgyrsa, ỳatmankam saçymy sypasa, kakam işden gelende maňa we jigime nämedir bir zatjagaz getirip berse şeỳlebir süỳji bolỳar, şeỳlebir süỳji bolỳar…

Baỳram şeỳle diỳdi-de, ỳene buz gaỳmak ỳalamaga başlady. Berdiniň haỳran galmakdan ỳaňa agzy öweldi. Ol gulaklarynyň eşidenlerine ynanmady. Ỳedi ỳaşly oglanjyk beỳle zatlary şeỳle sadalyk bilen aỳdar diỳseň kim ynanar?! Baỳramyň welin azaryna-da däldi. Hiç zada üns bermän buz gaỳmagy bilen gümra bolup otyrdy. Berdi bolsa oňa ỳene-de bir zatlar diỳjek bolup dodagyny müňküldetdi. Emma näme üçindir geplemän, ötegçileri synlamaga durdy.

Ỳaşlar, garrylar, çagalar, zenanlar, gyzlar, kimsiniň eli ỳükli, kimsi ỳüksüz, her haỳsy öz işi, aladasy bilen, biri eỳläk, biri beỳläk, hiç kime üns bermän geçip barỳardylar. Olaryň hiç haỳsynyňam kölegede buz gaỳmak iỳip oturan ỳetginjek we oglanjyk bilen işi ỳokdy. Ỳetginjek welin, olary üns bilen synlaỳardy. Her biriniň gözlerini, ỳüzlerini, ỳöreỳşini… Ine birdenem… Öňje ỳanyndan geçip giden eli sebetli, asman reňk köỳnekli gyzda Berdiniň gözleri örklenip galdy. Ol gyz şeỳlebir owadandy. Edil daş-töweregi gaplap alan dirilik deỳin özüneçekijidi… Berdi aňalyp galdy.

Gyz bolsa oňa üns bermän geçip gitdi.

Ol barha daşlaşỳardy. Bu kämil ajaỳyplygyň ädỳän her ädimi bilenem Berdiniň ỳuregine düşen nämedir bir zat barha agralyp başlady. Ỳeňiljek ädimler bilen, nepis aỳajyklar gara köwşüň ökjesini gezekli-gezegine tyrkyldadyp, giden bir gujak gözelligi Berdiden barha uzaga alyp gidỳärdiler. Berdi bolsa ol gyzyň yzyndan ylgamaga het etmän, doňup durdy. Ol diňe durdy. Beỳdip nalajedeỳin halda durmasyndan ỳaňa-da onuň ỳüregi gysyp gitdi. Onuň özüne şeỳlebir rehimi indi welin, edil ỳöne möňňürip aglaberesi geldi.

Oňa bu mahal gürlemek gerekdi. Ol gepläp, gepläp, gepläp kimedir birine içini dökmelidi. Ỳanynda bolsa bu wagt Baỳramdan özge hiç kim ỳokdy. Berdiniň aỳdasy gelỳän zatlara bolsa ỳedi ỳaşly oglanjygyň düşünmegi mümkin däldi… Emma… Goỳ, düşünmese düşünmesin, diňlese bolỳar. Ol kimedir birine özüni dolduryp duran bu zatlary aỳtmaly, ỳogsa,… Ỳogsa bu samsyklyk bolar. Bu samsyklyk ahyry, eger-de adam adama içini dökmese.

--Ynanamok!

Üçünji buz gaỳmagyny iỳip bolan Baỳram oňa garady.

--Özümiň öljekdigime ynanamok. Sebäbi men bolmasam bu zatlaryň bary bolmaz ahbetin. Meniň söỳüp, begenip, group ỳörenim üçin bu zatlar bar-a! Diňe şonuň üçin olar şeỳle özüneçekiji, gözel, söỳgüli… Men ỳitsem bularyň baryna näme bolar? Onsoň

nädip beỳle zat bolsun? Hanha hol, ỳaňky geçip giden gyz gözel bolman betnyşan bir zada öwrülse, guşlar ine şeỳdip şahadan-şaha böküp saỳramasa bu nähili bolar? Bularyň bary meniňem özleri bilen ỳaşaỳanym üçin şeỳle gözel bolaslary gelỳär, goh turuzỳarlar, şatlanỳarlar ahyry. Men ỳaşamagymy goỳsam bolsa diňe sowuklyk hem garaňkylyk galar-da! Onsoň men nädip öljegime, onda-da haỳsydyr bir biderejik keseliň zyỳanly öỳjügi zerarly öljekdigime ynanaỳyn?! Bu bolup bilmejek zat.

--Näme üçin bolup bilmez-aỳ?! Gaty hem bolar şol-a.

Hälden bäri ony diňläp oturan Baỳram birden onuň söžüni böldi:

--Seniň ol: "ölüm" diỳỳäniň uklamak dälmi? Sebäbi Wellegiň atasynyň ỳogalanyny men gördüm. Hemmeler-ä oňa: "öldi" diỳdiler, men bolsa onuň uklap ỳatandygyny gördüm. Onsoň ňame üçin uklamak, ỳa seniň aỳdyşyň ỳaly: "ölmek" bolup bilmejek zatmyş? Bolup biler gatam! Wagty geler, biz-ä uklarys hemme zadam öňküligine galar. Muny nireden bilỳärin diỳsene, Berdi, men-ä berk uklap ỳatyryn, ỳyldyzlar welin, dogỳarlar, aỳ hem dogỳar, şemalam öwüsỳär, itlerem üỳrỳärler, kimiňdir biriniň jigisem dünỳä inỳär, gijäniň bir cagy Üşşim hem bir ỳerden sümsünip gelỳär-de, motoryny "tarryldadyp" goňşularyň baryny örüzỳär. Käwagtlar bolsa ỳagşam ỳagaỳỳar… Diỳmek ikimiziň uklanymyz bilen hiç zadam üỳtgemez, hiç zadam ỳitmez. Bilỳäňmi, menem bahym uklamaly, ejem muny menden gizleỳärem welin, men barybir bilỳärin-ä, menem beỳle gaty, Üşşim ỳaly samsyk däl-ä. Senem bahym uklamak hakda kelläňi agyrdỳan bolsaň, diỳmek onda senem keselli-dä, şeỳlemi Berdi?! Men-ä ynha uklajagymy bilsem-de kän bir kellämi agyrdamok. Sebäbi hemme kişi ahyrsoňy uklamaly, onsoň ir boldy, giç boldy, tapawudy näme? Onsoňam neneňsi berk uklasam-da, gün dogan badyna ejem gelip meni oỳarar. Eger ejemiň ỳadyndan çyksa-da, özüm ỳatyp-ỳatyp ỳadanymdan soň oỳanaryn. Onsoň goỳ, irden bolmasa günortan oỳanan ekenim-dä. Maňa hiç. Bu zatlar düỳş däl ahyry, oỳanan badyňa ỳitäỳer ỳaly…Eger meniň aỳdanyma ynanmaỳan bolsaň, gel jedel edeli, eliňdäki buz gaỳmaklarynyň birine…

Baỳram şeỳle diỳdi-de jedel etmek üçin kiçijek elini Berdä uzatdy. Bu gezek Berdi onuň diỳenlerine haỳran galmady. Diňe onuň soňky teklibine ỳylgyrdy-da, eljagazyny gysdy:

--Ỳok, jedel etmäli, Baỳram, men saňa ynanỳan. Buz gaỳmagy bolsa isledigňçe alarys. Ỳöne gel ikimiz dost bolaly!

--Gel, ỳöne sen ullakan ahyry?!

--Bolanymda näme?

--Hiç-le welin, ỳöne har gulaga: "Seniň doganyň Üşşim ỳaly oglan bilen dost boldum" diỳsem ynanmaz.

--Sen oňa aỳtma-da.

--Bolmaz. Jykk. Wellek dostum ahyry. Dostlar bolsa hemme zady biri-birine aỳdỳarlar.

--Sen onda aỳt. Eger ynanmasa, özüm size baraỳaryn. Bolỳarmy?

--Bolỳar.

--Onda gitdikmi?

--Gitdik.-diỳdi-de, Baỳram onuň öňüne düşüp ugrady. Olar saglyk öỳüne tarap ỳöräp barỳardylar. Daşyndan seretseň olar aga-inä çalym edỳärdiler. On alty ỳaşly

ỳetginjek we ỳedi ỳaşly oglanjyk… Olaryň çar ỳanyny gurşaỳan dünỳäde şeỳlebir hakykydy, şol hakykylygy üçinem giň jahan düỳşdäki kimin bulaşyk, alasarmyk däldi-de, ỳerbe-ỳer, owadan, ỳagtydy…

… Gözel şäher—Parižiň daş düşelen meỳdançalrynyň birine her ỳyl bahar Zemin ỳüžüniň ähli künjeklerinden adamlar ỳygnanỳarlar. Şonda-da ol adamlaryň ählisi daşlaryň üstünde arkan ỳatỳarlar-da, tämiz gözlerini gözlerindenem tämiz asmana dikip, ellerindäki rezin şarjagazlary ỳokarlygyna sypdyrỳarlar. Şarjagazlar bolsa assalyk bilen, agyr gussa batan Günjagazlar ỳaly barha we barha ỳokary galyp, mawy göklükde ỳitip gidỳärler. Olaryň belende göterilişini synlap ỳatan adamlar bolsa ỳatan ỳerlerinden sessiz gözỳaş edỳärler. Sebäbi ol gök, ala, mämişi, ỳaşyl… şarjagazlar ỳönekeỳ şarjagazlar däl-de, olaryň düwnük keselinden gurban bolan ezizleri, doganlary, jigileri, söỳgülileri hem-de ỳönekeỳ tanşu-nätanyş ynsanlary… Ol şarjagazlar belende göterilip, bileleşip buluda öwrülỳärler-de ỳeliň erki bilen bütin dünỳäni aỳlanyp çykỳarlar. Ähli asmanlaryň astynda-da olaryň hasratdan doly çagyryşlary ỳaňlanỳar:

--Adamlar! Ynsanlar! Doganlar! Dirileri goraň! Goỳ, olar ynsan bolsunlar, şarjagazlara öwrülmesinler! Doganlar, biri-biriňizi goraň, biri-biriňize pena boluň! Adamyň adama rehimi inmese bolmaz, Doganlar!

“Edebiýat we sungat” gazetiniň 2006-njy ýylyň
28-nji iýulyndaky sany

## Garagöz

Bu it şol “arslan garnuwly” diýilýän, läheň goýun itleriniň tohumyndandy. Özem juda garrydy. Garrylygyndan ýaňa onuň dişler-ä birwagt dökülip gutarypdylar welin, indi onuň haçan kesilendigi hem huşundan çykyp giden gulaklarynyň ýeňsesindäki tüýleri-de düşüp ugrapdy. Ýyllar onuň hemme zadyny üýtgedipdiler. Öň ol galdawdy. Çala bir zat bolsa ýerinden laňňa galyp, özüniň ýogyn, haýbatly sesi bilen üýrüp başlaýardy. Iki ýaňa at salýardy. Bu mahal bolsa ýaltalygyň hut özüne dönüpdi. Şu öýüň hem goňşularyň çagalary ony üýrdürjek bolup şunça jan edýärdiler. Gaharyny getirmek üçin üstüne çöp-çalam, kesek zyňýardylar. Ol bolsa halys degnasyna degiberseler, äwmezlik bilen çalaja “wöwh-wöwh” eden bolýardy-da, “äý halys bizar etdiňiz-aý” diýýän ýaly edip, göwünli-göwünli yzyna öwrülýärdi-de, özi bilen oýnajak bolýan çagalaryň ýanyndan tüýlek ýagyrnysyny tüňňerdip gidiberýärdi. Onuň öňki çalasynlygy hem bilesigelijiligi-de ýokdy. Aýaklarynyň kuwwaty hem gidipdi. Öňler heziller edip gemirýän süňkleriniň indi ýüzüne-de seredesi gelmeýärdi. Sebäbi dişleri tükenipdi. Ýöne şonda-da it endigi-dä, olaryň özüne gerek bolmajagyny bilse-de öňküsi ýaly penjesine ilen süňki gara güni üçin gömüp goýmagyny dowam edýärdi.

Onuň ýaş döwürlerinden galan zatlar diňe läheň, semiz göwresi hem gazan ýaly goçak kellesinde ýerleşýän uly, şakäse ýaly tegelenip duran gözleridi. Onuň juda enaýy hem geň gözleri bardylar. Geňligem olar adatdan daşary uludy. Özem uzak wagtlap, gaty uzak wagtlap seredip dursaň göz bolmaklaryny hem goýýardylar-da, üýtgeşik bir, juda gozgaýan täsinlige öwrülýärdiler. Onsoňam ýene-de onuň ýaşlygyndan galan bir

zat, ol öňküsi dek gijäni, onuň ümsümligini hem hemme zadyň görnüşini bulaşdyryp bilýän, hiç zatdan çekinmeýän we hiç kime hiç kimiň syryny aýtmaýan garaňkylygyn oňat görýärdi…

…Hawa-da. Kyn gijeler bolýar. Ýeňil gijeler bolýar. Adaty gijeler bolsa olaryň ikisindenem köp bolýar. Ählisi-de birleşip ýyllary döredýärler. Adamyň, haýwanyň ömrüni emele getirýän ýyllary… "Garry-garry" diýilýär welin, onuň bujagaz ýaşan ömürjigi dagy nämejik…Bolsa 12-13 ýyldyr. Sebäbi hanha, ýaňky hajathanadan gelip, elini-de ýuwman öýe girip giden ýaş hojaýyny, ol güjük bolup şu öýe düşeninde kakasynyň—onuň pahyr bolan ýürekdeşiniň—aýagyna çolaşyp, her gapdalyndan geçene ýumşak ýerine kakdyryp ýören horja oglanjykdy. Häzirem ol beýlebir uly zat däl-le. Heniz mekdebini hem gutaranok ahyry. Ýöne eýýäm özüniň uly adam bolandygyny görkezjek bolup, ýetginjeklere mahsus döwük sesini bolşundanam beter ýognadan bolýar. Biderek zatlar üçin jigilerine yrsarap, agalary bir zat diýse-de gaýtargy berýär. Hanha, düýnüň özünde-de ejesi bilen tersleşdi. Wah, ulularyň onuň ýagdaýyna düşünip, göwnüne degmejek bolýandyklary, meniň pahyr bolan hojaýynym—olaryň kakalarynyň, aradan çykmagy zerarly öňem egsik göwni agyrtmajak bolýandyklary onuň gögele kellesine girmeýär-dä… Äý bularyň barysy şeýle-le! Öňkülerem şunuň ýaşynda şeýlediler. Ine ulalar. Onsoň bar zada düşüner. Düýnküje diýen sözlerini huşuna getirip, baý, içini tutuplar öküner-ä! Wah, bi şu wagtam düşünip-ökünip ýörendir-le, ýöne şu bolgusyz gopbamlygy bar-da!… Äý, ýone düşünýändir diýilýärem welin, düşünýän däldir-le. Düşünse heý, şeýdip ejesiniň üştüne gygyrarmydy?! Öňem-ä bikäm pahyr syrkaw. Bilini öte gypjyndyrandygy sebäpli, hasasyna daýanyp, ýöräninde zordan ýöreýär. Her gije-de hojaýynym pahyr ýadyna düşüp, ýüregini gysdyrýarmy nämemi, "hyklap-çoklap" daşaryk çykýar-da, daňyň düýbi çyzylýança içini hümledip otyr. Hernä, bikämiň uly ogly bularyň iň rehimlisi, gaty kän zada akly ýetýär. "Ertir ir bilen turup işe gitmelidir" diýip durmaýar-da, gijelerine ejesine ýoldaş bolup oturýar…

Äý, men-ä şü adamlara düşünýän däldirin. Olaryň birler-ä ine, şu uly ogul ýaly ähli zady ýüregine ýygnap, hemme kişiniň agyrysyna agyryp ýör welin, hatda öz agyrysy hakydasyna-da gelmeýär. Beýlekileri bolsa ýaňky gögele gopbamjyk deýin hiç zady azar edinmän ýörler…Ýogsa-da ýaňky gögelä-de pylan zat diýip bolmaz, onuň hem içini açyp gören ýok. Äý, ýöne aňy-düşünjesi ýerinde bolsa beýdip ejesiniň üstüne heňkirmezdi… Soň göz ýetirer-dä. Akyly goýalyşar, onsoň düzeler-le. Hernä düzelewersin! Şu doňýürek alasmasyk bolup ýetişse juda gynanjak-da… Çünki hojaýynym pahyr muny biçak oňat görýärdi.

Ýöne diýseň diýmeseň şu "adam" diýilýän mahluga düşer ýaly däl. Bir görseň ol gowy. Yene-de bir pursatdan görýärsiňem welin, şondan erbet jandary tapmak mümkin däl… Äý, ýöne erbet bolsunlar, gowy bolsunlar, maňa tapawudy ýok-la! Men olaryň hemmesini ýagşy görýärin. Sebäbi şükür, hojaýynym pahyr kimin adamlaryň bardygyny entegem görýärin. Ýamanlyk bilen ýagşylyk bolsa ady adamda bola-bola gelýän zat-la! Bularyň edip ýören işlerine-de düşünjek bolmagyň peýdasy hem ýok. Barybir penjäňe hiç zat ilmeýär. Men-ä şu jandarlary döredeniň özi hem bulara akyl ýetirip bilmän haýrany-serasyma bolup ýörmükän diýýärin!… Äý, onsoňam, näme bolsalar şol bolsunlar-la! Men bulary ähli ýetmez-artygy bilen halaýaryn… Diňe nejis bolmasalar

bolýar… Ejeň göwnüne degmegi bolsa men nejislik hasap edýärin, hasam sähelçe zadyň üstünde… Ulalar, aklyna aýlanar-da! Ýüzüni ýuwmaýaryn welin, ýekeje günäden ol-ha adam ekeni, men dek it hem ölmeýär ahyry…

Köpek äwmezlik bilen ýerinden turdy-da, pallap, derwezäniň gapdalyndaky haýatyň agajy gopuk ýerine ýöneldi. Bu agajy öňräk bir gezek giç geleninde derwezäni takyrdatsa öýlerindäkileriň oýanaýmagyndan çekinip ýaňky gögele goparypdy. “Hasylap”, zordan ýaňky açyk ýerden geçip durka köpegiň ýadyna birden bir zat düşüp, ol içinden ýýlgyrdy. “Adamlaram özlerine “akylly-akylly” diýen bolup ýörler welin, hakyýt akmak-how, şular. Bularyň özlerine dakyp ýören atlaryny özüni hormatlaýan bir jandar bir dakynar ýalymy diýsene?!… Azat, Merdan, Didar… Birhili gülkünç-le! Ýeri, Alabaý diý, Garagöz diý, meniňki ýaly, gowy at gytmy diýsene? Halys goýara at tapmasaň, goý, daýaw-daýaw atlaryň atlaryny, Garaguş diýdi, Meleguş diýdi… Bular bolsa Azat… Päheý, tüýs akmak-how, şular. Özlerem tüýsüz-zatsyz birhili öte betgelşik görünýärler. Owadan gözlerinde görünýän owadan ýürekleri dagy bolmasa bularyň söýüp-sylara zady hem boljak däl ekeni. Emma bulary döredeniňem pikiri gaty aňyrdan ekeni. Sebäbi gözlerindäki ýürekleri bularyň barja ýetmeziniň üstüni basyrýar. Diňe basyrmagam däl, olary şu ýalançynyň iň owadan bir zady edip goýýar.

Ol zordan köçä çykdy-da, birki ädim ädip, çykan ýeri—derwezäniň öňünde süýndi. Kellesini öňki aýaklarynyň üstüne goýdy. Üns bilen gijäni diňläp ugrady… Köpek näme üçindir ýene-de bir zada gaty ynanýardy. Şu ýogalýan adamlaryň asmana göterilip, şol ýokarda gyrpyldaşýan ýyldyzlara öwrülýändiklerine ähli it yhlasy bilen ynanýardy. Ýöne bu hem hemişe däl-de diňe käteler. Emma şonuň ýaly ynanyp başlan pursatlary welin, ol öz hojaýynynyň ýyldyz bolmagyny we günlerde bir günem asmandan süýnüp gaçyp, şu öýde kiçijek çaga bolup ýene-de dünýä inmegini küýsäp ugraýardy. Ol ýyldyz süýnse bir ýerde çaga dünýä inýändigini bilýärdi. Şonuň şeýledigine hem ynanýardy.

Ol özüniň juda garrandygyna-da düşünýärdi. Günlerde bir gün ukusyndan oýanyp bilmän, gatap galjakdygyny-da bilýärdi. Ol muňa kän bir ähmiýetem berip durmaýardy. Ol diňe gatap galmagyndan öňürti ýene-de iň bolmanda bäş-alty gezek dagy öz hojaýynyny görüp galasy gelýärdi. Halys bolmasa-da ýyldyza öwrülen hojaýynynyň gapdalynda ýyldyzjyk bolsa onuň göwün arzuwy wysal boljakdy. Ýöne näme üçindir onuň pikiriçe itler ýyldyza öwrülmeli däldiler. Bu nähili bolar ahyry, adamlar bilen bir hatarda “itlerem” ýyldyza öwrüliberseler?!… Ýöne belki, şol ýogalan ynsanlary ýyldyz edýän jandar bir gezeklikçe, onuň öz ýürekdeşine bolan yhlasy üçin ony hem ýyldyza öwrüp goýberer?! Kim bilýär, belki şeýder. Halys bolmasa dergähine baranyndan soň haýyş edip görer-dä…

Elbetde ol ýatlajak bolsa ejesini hem hakydasyna getirip bilýärdi. Gum depeleri, çäge tozadýan şemal, goýunlar, guzularyň mäleşýän sesleri, doganlary hem uýalary—özüne çalymdaş, torsuk ýalyjak güjüjekleri daşyna üýşürip ýatan, juda ýakymly ysly alabeder ganjyk güjükliginden bäri onuň aňynda galypdy. Kämahal-kämahal ol alabeder ganjygyň ýakymly ysyny gaty küýseýärdi. Ýöne beýle pursatlar diňe öte ejizlände bolýardy. Az wagtlyk dowam edibem, aňynda ýitip gidýärdiler. Onuň galan ýatlamalary bolsa diňe hojaýyny pahyr bilen baglanyşyklydy. Hojaýyny ony alabeder ganjygyň gujagyndan sogrup, alyp gaýdaly bäri ol diňe şu obany, şu öýi bilýärdi.

Böwründe birhili giji döredi. Häk, şu sakyrtgalar! Haram ölmüşler, şolaram onuň garrandygyny bilýärler-dä. Halys basaýpdyrlar. Wah, indi onuň öňki ýaly hatyladyp dişläp, sakyrtgany zyňyp goýberer ýaly dişlerem ýok-da!... Onsoňam öňler onda sakyrtga-da ýokdy-la... Hymh... Yogsa-da "ýokdy" diýen bolup kimi aldajak bolýaryn-a?! Öňem bardylar. Ýöne hojaýynym pahyr ýadyna düşen wagty suwa düşürerdi. Gaty yssy düşeninde bolsa birhili porsy, siňek deýin "byzzyldaýan", öl zady sepýärdi. Şony sependen soň onuň ýanyna siňegem, sakyrtga-da golaýlamazdy. Indi welin, hiç kim oňa beýdip üns bermeýär. Äý, hawa-da, näme üçin seretsinler?! Kime gerek, lagar düşen köpek? Hojaýyny pahyr-a amanadyny tabşyrdy. Menden bolsa hiç hili peýda ýok, iň bärkisi düzüwli üýrübem-ä bilemok. Onsoň kim meni suwa düşurip beýleki edip azar edinsin?

Köpegiň gahary gelip başlady. Ol başyny göterip, çalaja hyňrandy-da, ýerinden galdy. Soň artky aýagy bilen ýaňky gijeýän ýerini gaşap ugrady. Janyna aram girenden soň onuň gahary hem köşeşdi. Derrew gaharlanyberýär. Gaharlanar ýaly näme boldy şu ýerde? Elbetde elleri degýän däldir-dä. Bu pahyrlaryňkam üsti-üstüne bu wagt... Hojaýynym pahyryň aradan çykanyna entek köp wagt bolmady. Emma bikäm hem keselläp, bulary aljyradyp barýar... Men akmak bolsa öz sakyrtgajyklarym bilen bulara gaharlanan bolýaryn. Hawa-da, ite öz sakyrtgalary adamyň janyndan ýakyn bolýar.

Birden köpegiň gulagyna bir düşnüksiz şagyrdy geldi. Ol köne endigine eýerip, duran ýerinden üşerilip-üşerilip, şygyrdy gelen tarapa diň saldy. Emma hiç zat aňyp bilmän, seňkildäp, şol ugra ýüzlendi. Tutluga girenindenem uly tuduň düýbüne üýşen gara gözi ilip, hyňranjak boldy. Emma tanyş ysy alyp köşeşdi. "Äý, bu oglan goňşularynyň gyzyna garaşýandyr-la. Häzir geler. Hemişeki gelýän wagty-ha boluberdi öýdýän."

Ol garanyň ýakynyna bardy. Bärsine bakanynda birdenkä özüne golaýlap gelýän läheň bir zada gözi düşen oglan allaniçigsi bolup tisginip gitdi. Ol tasdanam turup gaçýardy. Hernä iti tanaýdy.

-Hä, Garagöz, senmi? Ýüregim-ä ýardyň, haram ölen köpek... Eşitmändirinem-dä gelýäniňi... Hany gel, gel...-diýeninde onuň sesi titräp çykdy.

"Özüň haram ölen, özüň samsyk. Kim saňa bimahal çagy kesekiniň tudunda sümsünip ýör diýýär. Sümsünseňem öz ýabyňda sümsün, meniňki ýaly..." diýip içinden gatyrgansa-da, köpek barybir onuň ýanyna baryp, süýndi.

-Bäý, bu näme üçin çykmadyka?-diýip oglan eli bilen onuň ýeňsesini gaşap ugrady. Bu oňa hoş ýakýardy. Bedeninde köne ýatlamalaryň ýakymyny oýarýardy...

Hol ilerki köçede bir owadanja, akja ganjyk bardy. Her ýyl ýaz geleninde-de ol gidip şol ganjygy yzyna tirkäp, alyp gelýärdi. Onsoň olar mellekde, ýumşajyk gök ekinleriň üstünde agnap, oýnaşyp keýpden çykýardylar. Hojaýyny pahyr hem ähli azabynyň reýgan edilendigine gaharlanyp ony öldir ýaly ýençýärdi. Soňam zynjyra baglaýardy. Emma ýene-de dözmän boşadýardy. Onsoň indiki baharda ýene-de şol waka gaýtalanýardy. Köpek urlanyny, daňlanyny gaty görübem durmaýardy. Ol asla ömründe hiç zady hojaýynyndan gaty görmändi. Diňe ýekeje gezek yzyna ganjygyny düşürip geleninde hojaýyny diňe onuň özüni urmak bilen çäklenmän, ganjygyna-da taýak salgapdy. Şonda-da ol ömür etmedik zadyny edip, hojaýynyna topulypdy. Itiniň özüne

topulandygyna gahary gelen hojaýyny bolsa ilk-ä ony usurgaýança saýgylapdy. Soňam zynjyra daňyp, birnäçe günläp boşatmandy. Şonda-da ol hojaýynyndan çyny bilen öýkeläp, oňa ähli it ýüreginden gargapdy…

Emma soň şol gargynjy üçin ökünipdi. Diňe ökünmegem däl, şol gargynjynyň günäsini geçmegini adamlary ýyldyz edýän, ýyldyzlardanam çaga ýasaýan güýçli jandara aglaplar ýalbarypdy. Henizem ýalbaryp ýör, henizem gynanyp, ökünip ýör… Sebäbi şondan birnäçe gün geçeninden soň hojaýynynyň ikinji ogluny bir agaç zada salyp, eginlerine göterip, nirädir bir ýere äkidipdiler. Soňam ol görünmändi. Diňe bikesiniň ýaka ýyrtyp zarynlaýşyny göreninde ol ýigdekçäniňem ýyldyza öwrülendigine akyl ýetiripdi.

Elbetde oňa bikesiniň dady-perýady täsir edipdi. Ýöne hojaýynynyň bolşy welin, ömür-ömür onuň hakydasyndan gitmez. Eger onda adamlaryňky ýaly dil bolan bolsady, onda şol gün belki, şol adamlardan ýyldyz ýasaýan jandara agzyndan gelenini diýerdi. Ýa-da belki: “Näme beýdýärsiň? Beýtme ahyry! Näme bulary ilki döredip, olaryň gözlerine owadan ýüreklerini salanyňda beýle zatlary götermegiň olara neneňsi kyn düsjekdigini bilmediňmi? Eger bilmeýän bolsaň, şolaryň gözlerindäki ýürekden özüňe-de birjigini ýasanyp, gözleriňe salyp gör ahyry! Olara men it halyma gynanýaryn, heý, sen öz ýasan jandarlaryň bolup ýörşüne gynanmaýarsyňmy?” diýipler özelenerdi.

Şol gün hojaýyny uzakly gün hiç kime hiç zat bildirmän, ikiýana ylgapdy. Gijaralar bolsa hemme adamlar dagaşanyndan soň ýeke özi bir çete çekilip oturypdy. Ol seňkildäp ýörşüne hojaýynyna gözi düşüp, oňa garşy ýönelipdi. Hojaýyny hiç zat görmeýän gözlerini hiç zada dikip, doňňara-daşa öwrülip otyrdy. Ol aglamaýardy hem. Ýöne oňa ýakynlaşyp, gözlerine seredeninde welin, köpek şol iňňildini eşidip, ol ýerden gaty çalt gidipdi hem soň-soňlaram özüniň şol ýere baranyna puşman edip gezipdi… Sebäbi ýeke galsa şol iňňildi onuň gulagyna eşidilip şol gözleriň döz geler ýaly däl garaýyşy göz öňüne gelip başlaýardy we it ýüregini gyýym-gyýym edýärdi…

Agzy ýumuk hem bolsa-da hojaýynynyň hiresindendir şol iňňildi gelýärdi. “Ymm-m-m-m” Gözlerindäki ýüregem iki bölünip, pytrap barýardy…

Şondan bäri köpegiň gözleri hem adamlaryňka gaty çalym edýärdi. Kän seredip-seredip dursaň bolsa göz bolmaklaryny hem goýýardylar-da, nähilidir bir täsin, juda gozgaýan zada öwürilýärdiler…

Oglan garry köpegiň gözlerinden syrygýan ýyly damjalary duýmady. Ol öz pikirlerine gümrady.

Birdenem özüne golaýlap gelýän gara onuň gözi düşdi. Oglan garany şol bada tanady. Ol ýerinden turup garany gujaklajak boldy welin, gara birdenkä iti görüp kürtdürdi-de, özüni gujaklatman, gyz sesi bilen:

-Wa-eý, ýok etsene şu porsy haýrany. Haçan görseň ýanyňda. Özem gözleri garry enemiňki ýaly, seretse içiňi deşip gelýär- diýdi. Oglan ikirjiňlenip durmady:

-Jüt ýok bol,- diýip aýagyny salgap goýberdi. It gaty görmedi. Ol äwmezlik bilen turdy-da, ýabyň içi bilen seňkildäp ugrady. Adamyň ýanyna adam geleninden soň olaryň ýanynda itiň işi ýokdy. Ýöne biraz zalymrak bolan bolsa bu oglan oňa beýdip aýagyny salgamazdy. Äý şol-da, gorkmasalar sylamazlar!

Şol gidişine ol aýaguçdaky ýataklaryň ýanyna bardy. Ony duýup, ukusyna sak

goýun janawerler güsürre galdylar-da, ýatagyň bir burçuna üýşdüler.

Köpek goýunlary halamaýardy. Olar gaty ýuwaşdylar, gaty gorkakdylar, hiç zada düşünjek bolmaýardylar, hiç zada gynanmaýardylar, begenmeýärdiler, hemme zady bolaýmaly zat ýaly kabul edýärdiler, gözleri hem owadan bolsa-da boşdy. Belki şonuň üçin olaryň eti şeýle süýjidir, belki şonuň üçin adamlar olary şeýle az ýaşadýandyrlar…

Bäh şü adamyň it etini iýmeýäni hem gowy zat, ýogsa, ony hem beýle uzak ýaşatmazdylar.

Köpek goýunlara göwniýetmezçilik bilen seňrigini ýygyrdy-da, olaryň gorkuşlaryny synlamak üçin bilgeşleýin hyňrady. Goýunlar hasam gysylyşdylar.

“Päheý, samsyk mallar”

Ol arkaýynlyk bilen ýatagyň agaçlaryna süýkendi-de, agaçda ilişip galan tüýlerine üns bermän jaýlara tarap ýöneldi.

Ol jaýyň agzyna baranynda hyk-çoklap hasasyna daýanyp keçe ýazynyp duran bikesini gördi.

“Hä ýene-de daşarda oturjak bolýar-ow. Ýüregi gysýandyr, pahyryň”

Ol barýança bikesi keçäni ýazyp otyrdy. Köpegi görübem ýanyna cagyrdy:

-Gel Garagözüm, gel.

Köpek bikesiniň ýanyna baryp ýatdy. Bikesi bolsa ony sypalap durşuna oňa bir zatlar gürrüň berip başlady:

- Şol öňki endigiň-ow, Garagözüm. Aýlanyp ýörmüň. Äý hawa-da “är garrar heňňam garramaz”diýileni-dä.

Bikesi uludan demini alyp, ýene-de dowam etdi: - Senem indi ýekesireýänsiň. Pahyr gidiberdi-dä…-diýip bikesi hamsykjak boldy, emma derrew özüni dürsedi: -Öňem demgysmalydy welin, şol sowuklamasy hasam ýagdaýyny erbetleşdirdi-dä… Hawa-da şeýdip giden-ä dünýäniň ähli azabyndan dynyp gidiberýär, yzynda galanam bar gowgany ýeke özi şeýdip gezip ýör-dä…Ýöne meniňem köpüm galmady öýdýän, bu kesel gaty aljyradýar…

Birdenkä bikesi dymdy. Soň ýene-de kellesine bir zat aýlandyr-da, dowam edip başlady:

-Wa-eý pälimi-niýetimi bir gowy tutawereýin. Entek bir hudaý jan, meni ýygnamawer. Çagalarymyň baryny bir öýli-işikli edip ugrukdyraýyn, onsoň ýygnawer, ýygnasaňam. Bulary menem taşlap gidäýsem nähili bolar, öňki kakasyzlyklaram üstesine…

Bikesi ýene-de dymdy. Gepläp başlanynda bolsa sesi gaty aladaly çykdy:

-Häk şü Serdarymy nätsemkäm? Bir zat edip öýkesini ýazsam-a haçan görseň ýüzüni torsardyp ýör. Indi meniň bilen ylalaşarmyka beri? Häk özümden-le, şunuň göwnüne degmejegem bolýan welin, ýene-de birden agzymdan sypaýýar-da, gaharly söz- beýleki…Muňa çala bir zat diýseňem öler ýaly gaty görýär ahyry…

Şol wagt açylan gapynyň jygyldysy bikesiniň sözüni böldi. Köpek gapa tarap seredeninde, ukuly gözlerini owkalap öýden çykan hojaýynyň uly ogluna gördi.

Köpek özüni kowdurmajak bolup, ilki turdy-da derwezä tarap seňkildäp ugrady. Adamyň ýanyna adam gelensoň ol ýerde itiň işi ýokdy. Ol diňe gidip barýarka ejesine:

-Eje, daşarda üşäýme birden – diýýändigini bikesiniň bolsa oňa jogap berşini

eşitdi:

-Ýok-la oglum, üşemerin. Birhili gaýta ýüregim açylýar. Öýde otursam bolsa howlap barýan, edil ýöne janym çykjak ýaly…

-Äý eje, näme beý diýýäň, men-ä seni bolsa ýaşatjak bolup şeýdip ýörün, sen bolsa beý diýýäň, giňräk bolsana…

-Wah oglum, men göwnümi giň tutýän-la …

Derwezäniň agzyna baranyndan soňam eneli-ogluň hümürdisi köpegiň gulagyna geldi durdy. Şol hümürdä meýmiräp barýarka-da ol birden täsin gözlerini ýalpa açyp, şol ýyldyzlary ýasaýan güýçli jandary görjek bolýan ýaly, siňe-siňe seretdi. Emma hiç zat görüp bilmän ýene-de gazan ýaly kellesini öňki aýaklarynyň üstünde goýdy-da, gözlerini ýumdy:

Uklap barýarka-da bikesiniň tizräk sagalmagyny, gögeläniň bolsa ejesi bilen ýaraşmagyny hem hojaýynynyň-da şu öýde çagajyk bolup täzeden dünýä inmegini şol ýyldyz ýasaýan güýçli jandardan haýyş etdi. “Halys bolmasa-da ýanyna baranymda bu zatlary ýüzbe-ýüz durup haýyş ederin-dä” diýen ýagşy niýet bilenem gowy adamlaryň bardygy üçin hemme adamlary söýýän Garagöz atly garry köpek uklap galdy…

„Güneş“ žurnalynyň 1999-njy ýylyň IX sany

## Söýüniň söýgüsi

…Gurbanlyk gijesidi.

Allatagalanyň süýt käsesinden seçelenen damjalara meňzeýän ýyldyzlar garaňky asmanyň ýüzünde akjaryp durdular.

Hiňňildikden gaýdan gyzlaryň yzyna düşen Söýün içini hümledip barýardy:

“Häzir yzlaryndan ýeterin-de: “Maral, ýekeje pursat aýak çeksene! Seniň bilen iki agyz gürrüňim bar.” diýerin. Togtaram welin, elini gysymyma gysaryn-da gözleriniň görejine seredip: “ Maral, men seni janym-tenim bilen, tutuş durkum bilen söýýärin. Gije-gündiz diňe seniň pikiriňi edip, däliräp barýaryn. Sensiz mundan beýläk nädip ýaşajakdygymy bilemok. Asla sensiz maňa ýaşaýyş ýok. Maral jan, meni bu soňsuz jebir-jepalardan halas et! Iki jahanyň owarrasy bolup ýörmäýin.” diýerin.”

Birdenem aňynda dörän sowuk pikir onuň depesinden buz ýaly suw eňterilene dönderdi.

“A birden ol: “Ýok bolsan-a! Seniň bilen köçäniň ugrunda görene göz bolup gürleşip durarynmy?” diýäýse näme?”

Söýüniň ini tikenekläp gitdi. Onuň üçin şondan aýylganç zady göz öňüne-de getirmek kyndy. Söýüniň kalbyna lapykeçlik aralaşdy. Öz-özünden elleri sallandy. Gadam urşy haýallady. Köňlündäki aýgytlylygyň ýerini ýöwsellik doldurdy.

“Elindenem tutup bilmerin. Dilim äňime ýelmeşen ýaly bolup, diýjegimi diýmäge-de bognum ysmaz.”

Özünden göwni geçen Söýün hasam gowşady. Göwni boşap galdy. Tutuş dünýäsini dolduran boşlukdan ýaňa ol özüni hakyky, çyn durmuşda ýaşaýan däl-de, alasarmyk düýşde gezip ýören ýaly duýdy. Haýdap barýan gyzlar bolsa barha daşlaşýardylar.

Özüniň bolup barşy Söýüni gysyp-gowrup başlady. Gyzlar çatryga sowulmadyk bolsa özüne gahary gelýän Söýün tasdanam yzyna gaýdýardy. Gyzlar gözüniň öňünden ýiten dessine Söýüniň ýüregi jigläp gitdi. Birhili Maral ömürlik elinden gidip barýan dek atygsaýan ýüregi agzyna geldi. Gyzlaryň yzyndan haýdap ugrady. Köçe bilen barýan adamlar bolmadyk bolsa güýjünde baryny edip ylgajakdy hem. Ylgamagyň bäri ýanynda, giň-giň ädimläp barşyna Söýün hem çatrykdan öwrüldi.

"Men näme erkek kişi dälmi? Men lellim, nalajedeýin, esgi däl ahyry! Häzir yzyndan ýeten badyma ähli zady bolşy-bolşy deýin aýdaryn. Çöp döwen ýaly etmesem bolmaz, haçana çenli beýdip kösenip ýörmeli?!"

Birdenem ýigrimi-otuz ädim daşlykda, köçäniň gyrasynda, uly garagajy penalap gyzlaryň durandyklary Söýüniň gözüne ildi. Ol sakga durmagyň ebeteýini tapman, ädim urşuny az-kem gowşatdy-da, ýoluny dowam etdirdi. Gyzlara biraz ýakynlaşanynda ol gyzlaryň biriniň nätanyş oglan bilen gepleşip durandygyny, beýlekisiniň bolsa aňyrrakda garaşýandygyny saýgardy.

Söýüniň endamy gyzyp gitdi. Aýaklaryna ýeňiljek sandyrama indi. Içine bir gysym köz guýlana döndi. "Maral däldir-le!" diýip ol gark bolup barýanyň sypala ýapyşyşy dek, körumyt pikir bilen özüni aldamaga çalyşdy. Emma gepleşip duranlaryň deňine ýetende onuň bujagaz umydy hem köýdi.

"Maral eken!" diýen pyşyrdy iň soňky deminde urunýanyň jany sogrulyşy deýin, onuň agzyndan "öwhüldäp" çykdy…

Ol doňdy. Beýnisine kimdir biri hapa penjelerini sokup iki tarapa ýyrtýana döndi. Ýüregi bolsa allajy aýazda doňup barýan guşjagaz kimin assajdan titräp başlady. Ol nädip Maral dagynyň deňesinden ötendigini-de aňşyrmady. Asla ol gurşundan guýlana çalym edýän aýaklarynyň henizem ädilip barýandygyna haýran galdy.

Garagaçdan ep-esli daşlaşandan soňra kalbynyň iň pynhan, iň ýaşyryn künjünde döräp, degen ýerini awy-zerzaw edip gelýän "Maral!" diýen ýekeje söz towlanyp-towlanyp göterildi. Bu söz bogazyna ýapyşanda bolsa gözlerinden damja yzyna damja togalanyp ugrady. Söýüniň göwnüne bolmasa ýaňagyny ýakyp gelýän damjalar hem "Maralsyz galdyk-la!" diýip tükeniksiz zarynlaýan ýalydy…

… Allatagalanyň süýt käsesinden seçelenen damjalara meňzeýän ýyldyzlar bolsa göýä hiç zat bolmadyk ýaly, garaňky asmanyň ýüzünde akjaryp durdular…

"Nesil" gazetiniň 2005-nji ýylyň 10-njy martyndaky sany

## Enweriň bagty

Gurbanlyk gijesidi…

Syýareňk asmanyň uýaljaň mahymy kyrkgünlük gelniň gülgüne ýylgyryşy deýin ýumşak nuruny garaňkylyk ýapynjasyny basyrynan Zeminiň üstüne gysganman seçýärdi.

Jemalyň: "Birdenkä ejem gözläbermesin." diýen howatyr bilen gidenine esli wagt bolan-da bolsa Enweriň gaýdasy gelmeýärdi. Jemalyň ölje, gyzgyn hem ýumşajyk, pökgüje dodaklarynyň basylan ýeriniň ýakymyny ýitirmän, has uzaga çekdirjek bolýan

dek sypalap otyrdy. Şeýdip oturşyna-da Jemal bilen eden gürrüňlerini içinden ýeke-ýeke gaýtalaýardy. Durmuş gurmak, geljekki toýlaryny guramak, jaý salynmak, geljekki çagalary hakynda süýji-süýji sözleri, şirin-şeker söhbetleri, ezeli-nabat arzuwlary onlarça gezek hetjikläp pikirlenmekden doýmaýardy. Ýadamaýardy. Özem göýä ýaňyja tamamlanan duşuşyklary täzeden başyndan geçýän ýaly, gözleriniň öňünde ähli jikme-jikliginde peýda bolýardy.

“Iki oglumyz bilen, iki gyzymyz bolsa men Allatagaladan razy.” diýip Enwer Jemalyň gulagyna pyşyrdaýardy. Jemal bolsa diýjek sözlerini Mahy-tabanyň nurundan, älem alyslygynda sowuk gyrpyldaşýan ýyldyzlardan, hatda gije garaňkylygyndan-da gabanýan dek, Enwere has hem gysmyljyrap, eşidiler-eşidilmez: “Oglanlarymyz saňa meňzär!” diýip jogap berýärdi. “Gyzlarymyz bolsa saňa!” diýip Enwer Jemaldanam beter assa gepläp, üstüni ýetirýärdi.

…-Üý-ýü-ü! Üý-ýü-ü-ü!

Golaýdan eşidilen horazlaryň sesine Enwer ukudan açylan ýaly tisginip gitdi.

-Eý-ho! Eýýäm ýarygijeden agaýpdyr-ow! Bahymrak gaýdaýyn!-diýip ol içki pikirini daşyndan hümürdänini duýman galdy. Ol ýerinden turdy-da mekdebiň gür baglygyndan çykyp, öýlerine garşy ýola düşdi. Emma Jemallardan bir çatryk daşlaşyp-daşlaşmanka, öýlerine tarap aýagynyň ädilmeýändigini syzdy. Hiç gidesi gelmeýärdi.. Onuň özüne içi ýandy.

“Näme-aý, bolşum dagy nähili diýsene! Edil enesinden galasy gelmeýän ýaşajyk çaga ýaly-la! Az-owlak merdemsilenmesem-ä, bolmaz! Eýýämden beýdip eräp-akyp ýörsem, soň Jemala öýlenenimden soň dagy neneň-niçik bolarka?! “Heleýguly” adyny alaýmasam hem ýagşydyr… Günde-günaşa görmesem ýüregim üzülip barýany-ha barýany welin, asyl indi ýanyndan gaýdyp hem bilemok ahbetin. Şunuň özi hem eýýämden jylawymy aldyrandygymyň alamaty dälmi?…”

Enwer şeýdip öz-özüne meçew berip barşyna, birden gyzanyny duýman galdy.

“ Hany indem bir göreýin, günde duşuşyga gidişimi! Köp bolsa hepdede bir gezek duşuşaryn. “Gel” diýip jaň etse-de barmaryn. Hany göreli bakaly, kim kimiň jylawuny eline alýandygyny. Edil ýöne butnadaýmasam nädersiň!”

Tow berlene dönüp, haýdap barýan Enwer öz köçelerine sowlanyna hem üns bermedi. Diňe goňşularynyň itiniň tanyş sudury tutlukdan çykyp, gapdaly bilen mytdyldap ugranda ol öýlerine ýetendigine düşündi. Ol näme üçindir derwezelerinden ätläýmän saklandy. Näme edýändigine aň salman gapdalyndaky daýaw türkmen köpeginiň gazan kellesini sypalap goýberdi. Dem salym oýurganyp durşuna içinden bir zatlary öwrüp-çöwürdi. Birdenem yzyna öwrüldi-de, Jemallara tarap ylgaşlap gaýtdy.

“Özüni görüp bilmesem-de, iň bolmanda Jemalyň bägül ysy siňen köçeleriniň howasyndan bir dem alyp gaýdaýyn, ýogsa uklap bilmerin.” diýip Enwer ylgaşlap barşyna pikir etdi.

… Syýareňk asmanyň uýaljaň mahymy bolsa misli ýaş ýigdiň bolşuna kinaýaly gülümsireýän dek, kyrkgünlük gelniň gülgüne ýylgyryşy deýin ýumşak nuruny garaňkylyk ýapynjasyny basyrynan Zeminiň üstüne gysganman seçýärdi…

“Nesil” gazetiniň 2005-nji ýylyň 3-nji martyndaky sany

## Körekeniň ýalňyşlygy

…Gurbanlyk gijesidi..

Ýüpekden syýa şala sepelenen zer däneleri deýin ýyldyraşýan sanýetmez ýyldyzly asmanyň ýüzünden guba gazlara kybapdaş bulutlar endigan ýüzüp barýardy. Wagtal-wagtal bulutlaryň aňyrsyndan garagol gyzjagazyň enaýyja bezzatlygy bilen Aý jemaly jyklaýardy-da, ýene-de guba gaz-bulutlara gizlenýärdi.

Ýarygijeden agyberipdi. Şoňa görä-de iki gyrasy gür tutluk bilen heşerlenişip ýatan oba köçelerinde gatnaw kesilipdi. Emma şonda-da tötänden kimdir biriniň özüni göräýmeginden çekinýän Garýagdy töweregine howatyrly garanjaklap, derwezä ýakynlaşdy. Assyrynlyk bilen derwezäniň yşyndan howlyny synlady. Howluda çyranyň ýagtysyna üç-dört sany adam şaý-sepleri çalam-çaş edilip, bagryny ýere berip ýatan ulagyň daşynda gaýmalaşyp ýördi.

“Kakasy bilen jigileri! Eý, şu adamlary-aý! Näme entek bolup ýatmaýarlarka?! “Agşamyň haýryndan ertiriň şeri” diýipdirler ahyry! Ýatybermeli-dä! Ertir gündizlikde bejereniňizde näme ulagyňyzy ýer ýuwudýarmy diýsene? Bärde bir adam gelnini gaýtaranyna dört gün boldy welin, henize çenli bir gezegem görüp bilenok. Bular bolsa bilgeşleýin edýän ýaly, ýarygijeden soň ulag bejeren bolýarlar.”

Garýagdynyň içi ýandy. Gelni Gyzylgülüň ýumşak dodaklary, pamykdan mymyk tenini gujagyna gysanda ýüzüne çabraýan, ýakyp barýan gyzgyn demi, beýhuş ediji müşk-anbar ysy hakydasyna gelende bolsa göwni şeýlebir ummasyz takatsyzlykdan doldy. Edil ýöne aýaklarynyň ysgyny giden ýaly boldy.

“ Boluşlary nähili-laý! Özüňkini özüňden gabanyp-gysganyp, garawullaşan bolup ýörüşlerini, bularyň! Ulag bejeren kişi bolup, göze çöp atýandyrys hem öýdýärler. Bilýän däldiris-ow ýarygijeden soň siziň näme işleýäniňizi!”

Garýagdy kineli oýlandy-da, ýeňsesini tüňňerdip köçä çykdy.

-Äý bular indi wagty bilen ýatmazlar, gowusy öýe gaýdaýyn. Ertir hiňňildikde sataşyp: “Gije sagat on birlere köçä çykmasaň bolmaz” diýip çürt-kesik aýdaryn-da, buýtar-suýtara ýer goýmaryn.-diýip öz-özüni köşeşdirýän ýaly nesihat beriji äheňde hümürdedi-de, öýlerine tarap öýkeli mytdyldap ugrady. Emma biraz dähedem-dessemläninden soň onuň göwnünde ýene-de, gelnini görmek hyjuwy möwç urup başlady.

“Görmän gitseňem-ä, bu gije gözüňe çiş kakylan ýaly bolar.”

Onuň aýaklary öz-özünden yzyna aýlandy. “Aýaguçlaryndan baryp, malýataklaryndan aşaýyn. Penjiresini tyrkyldatsam düşüşdir. Atylyp çykar.” diýip ol göwnüni bire baglady. Niýetine düwşi ýaly hem etdi. Ogry hereketleri bilen gaýynlarynyň melleginiň aýagujundan bardy-da malýatagyň adam boýundan beýigräk diwaryndan ýapyşdy. “Hyklap-çoklap” özüni çekdi-de, diwara mündi. “Iller-ä Gurban baýramy bilen başagaý, men bolsa nämeler işläp ýörün!” diýen pikiri edibem özüni diwardan aşak sallady. Aýagy nähilidir bir ýumşak zadyň üstüne düşdi. Ol uludan bir demini aldy. “Hudaýa şükür, diwara ýakyn teker-beýleki , saman-sepir üýşürip goýupdyrlar öýdýän.” Ol diwardan aşmagyň ap-aňsat bolandygyna begendi. Emma

birdenkä onuň aýagynyň astyndaky ýumşak zat sojap, myşlady-da bir tarapa süýşüp gitdi.

“Sygyr!” diýen çaklama onuň aňyny ýyldyrym çakan ýaly etdi.

-Haýp begendim-ow!-diýen pyşyrdy bilen ol: “Ýa Alla, suw ýa saman, güjüm ýa garaman!” diýip arkanlygyna güwläp gaýtdy. Heniz “gütläp”ýere düşmänkä-de, ürken daýaw sygyr ony şahy bilen gapyp aldy-da, honda oklap goýberdi.

-Eý wäk-eý!-diýen boguk hüňürdi bilen Garýagdy üýşürilgi duran ýandak harmanyna gaçdy. Soňra otyrýerini sypalap ýerineden turdy-da, üsti-başyny kakyşdyrdy. Onuň gaty erbet gahary gelýärdi. Öz bolup ýörşüne jany dagy ýanypdy. Şonuň üçinem ýandak harmanyndan düşen badyna ähli gazabyny sygyrdan çykarjak boldy.

-Häk, şahy döwülmiş!-diýip sygra aýagyny salgady. Emma süsek sygyr götin tesdi-de, kellesini eýmendiriji talawlatdy.

-Beh, bu ýene-de şahyny bulan hem bolýar-a!-diýip Garýagdy gaharlansa-da, indi sygry urmaga meýil etmedi. Özüniň nirededegi ýadyna düşüp durdy. Soňra ol ýuwaşjadan, garaňkylyga duwlanyp, howluda ýatan ulagyň töweregini gözden geçirdi. Ulagyň töweregindäkiler açarlaryny ýygnaşdyrmak bilen meşguldylar.

“Bolaýdy, şü-ýä! Güpür-tapyrymy eşitmändirler. Özlerem ahbetin öýlerine ýygnanjaklar öýdýän!” diýip içini hümleden Garýagdy biygtyýar söbügini sypanyny duýman galdy. ”Şeýdiň-dä! Rehimiňiz insin ahyry! Ýogsa bu adamlar nä günlere düşüp ýör. Dört gün bäri görmedim ahyry! Däp-dessur hem oňat zat-la welin, däp-dessur diýip beýdip sygyr üçin süsük ýassygy bolup ýörmeli diýlen zat hem ýokdur-la!”

Onýançа howludakylar erew-berew bolup ýörmeklerini bes edip, öýe girdiler. Syçany yzarlaýan pişik dek olary gözünden sypdyrman duran Garýagdy girerlerine mähetdel, pişik basyşyny edip öýe garşy ýumlukdy. Baryp emaý bilen penjireden içerik gözüni aýlady. Oglanlaryň biri telewizory açýardy.

Garýagdy duranja ýerinde tütedi.

“Äý, ýok-la! Bu adamlar halys meniň degnama degjek bolýar-la! Ýeri-how şu wagt telewizor nämäňize gerek, ýadaňyzdan soň ýatyň-da, hezil ediň-de !”

Garýagdy lapykeçlik bilen aşak çökdi. “ Görýän welin, ind-ä çyndanam gaýdybermesem boljak däl öýdýän.” Emma birdenem onuň kellesine täze bir pikir geldi. “ Gowusy men häzir hammamyň burçunda bukulyp duraýyn, Gyzylgül hökman jigileriniň hapalanan egin-başlaryny hammama getirmäge geler. Şonda-da awumy girime salaryn.”

Garýagdy pikirini dessine amala aşyrmaga girişdi. Hemme zat onuň çaklaýşy ýaly hem boldy. Ara kän wagt düşmänkä işigiň açylyp-ýapylýan sesi eşidildi. Soňra kimdir biri aýagyndaky şypbygyny şypbyldadyp, hammama garşy gaýtdy. Hammamyň öňi tüm-garaňkydy. Şonuň üçinem jaýyň künjünden öwrülen garanyň elindäki geýim-gejimleri gören badyna, garaşmakdan ýaňa saly suwa gaçan Garýagdy:

-Gyzylgülüm, gelýäňmi?!-diýip pyşyrdady-da ony garsa gujaklady. Näme üçindir onuň elleri garanyň biliniň daşyndan dolamaga ýetmedi. Garýagdynyň aňynda ýyldyrym çaltlygynda yzly-yzyna iki sany pikir döredi. Ilki: “Eýýäm şunuň ýaly derejede semräýdimikä?!”, soňra bolsa “Gyzylgül däl öýdýän?!”

Ikinji pikir kellesine gelen dessine-de onuň depesinden gaýnag suw guýlan ýaly boldy. “Eger bu Gyzylgül bolmasa onda kimkä?” diýen pikiri welin, Garýagdy oýlanmaga ýetişmedi. Birbada aljyran hem bolsa Gyzylgülüň ejesi dem salymda özüni dürsäp, onuň döşünden itiberip goýberdi.

-Häý, ýeksurun, diýmäýin diýsem!

Şondan soňra Garýagdy haýatdan dagy nädip aşanyny-da duýmady. Köçä çykanyndan soň bolsa ümdüzüne tutdurdy. Utançdan ýaňa dym-gyzyl bolup ylgaşlap barşyna-da “Gör-ä muny! Beýle-de bir ýalňyşaýmak bolar eken-ow!” diýip oýlandy.

… Ýüpekden syýa şala sepelenen zer däneleri deýin ýyldyraşýan sanýetmez ýyldyzly asmanyň ýüzünden guba gazlara kybapdaş bulutlar endigan ýüzüp barýardy. Wagtal-wagtal bolsa bulutlaryň aňyrsyndan garagol gyzjagazyň enaýyja bezzatlygy bilen Aý jemaly jyklaýardy-da, köçe bilen ylgaşlap barýan ýigdi hasam utandyrmaýyn diýýän ýaly, ýene-de guba gaz-bulutlara gizlenýärdi.

“Nesil” gazetiniň 2005-nji ýylyň 20-nji martyndaky sany

## Gelin kinesi

…Gurbanlyk gijesidi.

Gülçyranyň ýagtysy otagyň içini gyzgylt alagaraňkylyga besleýärdi. Penjiräniň tutusy ýarym syrylgydy. Mahy-tabanyň süýtreňk şöhlesi penjireden içerik düşýärdi-de, otagyň alagaraňkylygyna gatyşyp-garyşyp, eräp, ýitip gidýärdi. Jümle-jahan yrňyldap duran rahatlykdan dolup, öz rahatlygyndan lezzet alýan deýin dymyp ýatyrdy.

Otagda Sary bilen gelni Gülbahar bardy. Sary törde ýazylan düşegiň üstünde ýanyn ýatyp, ölügsi ýagta kitap okaýardy. Gülbahar bolsa jorap örýärdi. Gelniň endikli elleri öz-özünden işleýäne çalym edýärdi. Göwnüňe bolmasa gelin ol-a alagaraňkylyk ekeni, gözüni daňsaňam arkaýyn işläbiljek ýalydy. Elleri şeýle çalasyn hem türgen işleýärdiler.

Olar daşyndan biri-birine näçe biparhsyrap, öz işlerine gümrasyran bolsalar-da, assyrynlyk bilen gabak astyndan biri-birini synlaýandyklary bildirýärdi. Sary şunça özüne zor salyp kitabynda ünsüni jemlemäge çalyşsa-da, kellesine zat girmeýärdi. Ýöne nazary bilen setirleriň üstünden tyrpyp barýardy. Pikirleri düýbünden başga ýerdedi.

“Dogry-da walla! Näme öýkelän bolup. Erkek kişi erkek kişi bolar-da. Arasynda käýemeli hembolar, gaharlanmaly hem bolar.” diýip oýlanýan Sary ýene-de kitabyna üns bermäge çytraşdy.

Gülbahar hem adamsyna gözüniň gyýtagyny aýlap goýberdi. Ol şol bir bolşuny saklap.aňyrsyna bakyp ýatyrdy. Gelniň köşeşip ugran öýkesi ýaňadan örç aldy. “Bolan bolaýşyny! Günä özünde däl ýaly. Köpçülikde üstüme herrelip masgara etdi. Indem azaryna-da däl.”

Gülbahar kine bilen gabaklaryny aşak sallady-da, elindäki çişleriniň hereketini hasam ýygjamlatdy. Öýkeli oýlar biygtyýar ýaş gelniň aňyna dökülip ugrady. “Gurbanlyk günde bolup durmaýar ahyry. Aýda-ýylda bir gezek gelýär. Ilk-ä zordan ýalbaryp-ýakaryp ulagy bilen baldyzym ikimizi hiňňildiklere aýlamaga yrdyk. Birki sany hiňňildige eltdem, bulanyp başlady. Birinde uçmaga nobata durduk. Adam köp

bolandygy zerarly wagty bilen nobatymyz ýetmedi. Munuň hem ganygyzmalygy galjak däl. Tüsseledi. Birküç sapar: “Howa sowuk, gaýdalyň.” diýdi, soňam birdenkä sesini zaňňyrdadyp: ”Ýörüň, boluň, Asla şu halyňa hiňňildik uçjak bolmak nämäňe gerek?!” diýip herreldi.”

Gelin näme üçindir uýaljaň gyzardy-da, elini göbeginiň üstünde goýdy. “ “Şu halyňa” diýen bolup, heniz Ýaňy iki ýarym aý boldy ahyry! Entek gaty bildirmeýär. Onsoňam hiç zat bolmaz ahbetin!… Bu bolsa zat ýokýerinden azgyrylan bolýar. Indem hiç zat azaryna däl ýaly.”

Gelin adamsyna ýene-de bir ýola kineli nazar oklady. “saňa gerek bolmasa, maňa-da derkar däl.” Gelin elini tasanjyradyp, işine gümra boldy.

Şol pille beýdip ýatmak ýüregine düşdümi nämemi Sary kitabyny ýapdy-da, arkan ýatdy. Ýüzünden daş asylan ýaly edip:

-Tutuny çyranyň öňüne syr. Men ýatjak.-diýdi.

Gülbahar sesini çykarman turdy-da, tutyny syrdy. Soňra ýene-de öňki ýerine geçip oturdy. Çişlerini eline aldy. Sarynyň gulagynyň ýeňsesi gyzyp ugrady.

-Näme, ýatmakçy dälmi?

-Häzir şujagazymy örüp dynsam ýatjak.

“Garaňkyda örüp bilersiňmi?” diýjek bolan Sary dilini dişledi. “Bolýar-la her gezek näzirgäninde näzini çekjek bolsaň başga işem gerek däl.”

Sary tersine döndi. Birsellem uklamaga dyrjaşyp, gözlerini berk ýumup ýatdy. Emma gapdalynda mähriban ynsanyň teniniň tüýs endik bolup ýylysyny duýmaýanlygy oňa uklamaga päsgel berdi. Nämedir bir zat ýetmeýän ýalydy.

“Ýa, bolmasa örüp bilmeseň çyrany ýak-aý!” diýäýsemmikäm?!” diýip pikir öwürdi. Emma bada-bat bu pikirini ret etdi. “Hiç zadam diýmerin! Men erkek kişi ahyry!”

Soňam ol ep-esli wagt uklapbilmän kösendi. Ýöne assa-ýuwaşdan gündizki ýadawlygy onuň dartylyp duran beýni damarlaryny gowşatdy. Ony uky bürdi. Birhaýukdan soň oýnawaç üçin kakasyndan öýkelän çaga ýaly düňderilip ýatan Sarynyň asuda dem almasy eşidilip başlady.

Onuň uklandygyna düşünen Gülbaharyň hem işläp weji bolmady. Gelniň içi gysyp başlady. Göwnüne nähilidir birhili tukatlyk aralaşdy. Gözlerini götereninde bolsa aňyrsyna dönüp ýatan ýanýoldaşyna dözmedi. Kalbynda gozganan haýpygelmäni basyp ýatyrmakçy bolýan dek gelin: “Göwnüme degen özi hem bolsa azaryna-da däl.” diýip pikirlenmäge çalyşdy. Emma bu kineli pikire derek, göwnündäki dözmezçilik has-da örjäp: “Üstüne ýorgany hem çekmändir. Üşäýmesin.” diýen pikir emele geldi.

Gülbahar pişik basyşyny edip turdy-da, emaý bilen Sarynyň üstüne ýorgany örtdi. Sary özüne deglenini duýan ýaly ukunyň arasynda yňranjyrady.

“Ýadapdyr öýdýän, mähribanym!” diýip oýlanan Gülbahar ýanýoldaşynyň maňlaýyna düşen saçyny kiçijek, ýumşajyk elleri bilen yzyna gaňtardy.

-Özümdenem bar-la!-diýip bägül dodaklaryna siňdirip pyşyrdan gelin, saklanyp bilmän adamsynyň gabagyndan öpdi…

Gülçyranyň ýagtysy otagyň içini gyzgylt alagaraňkylyga besleýärdi. Penjiräniň tutusy ýarym syrylgydy. Mahy-tabanyň süýtreňk şöhlesi penjireden içerik düşýärdi-de,

otagyň alagaraňkylygyna gatyşyp-garyşyp, eräp, ýitip gidýärdi. Jümle-jahan bolsa yrňyldap duran rahatlykdan dolup, öz rahatlygyndan hem-de gelniň öýkesiniň ýazylandygyndan lezzet alýan deýin dymyp ýatyrdy.

“Nesil” gazetiniň 2005-nji ýylyň 26-njy martyndaky sany

## Gurbanlyk gijesi

...Gurbanlyk gijesidi.

Aýyň ýüpek şöhlesi zerarly geň-enaýy görünýän asman ummanynyň ýüzünden ýekeje ak bulut gündogardan günbatar sary endigan taýyp barýardy. Wagtal-wagtal şemalyň bady ýatýarmy nämemi, bulut ýüzüşini togtadýardy. Az-kem duranyndan soň bolsa ýene-de ýoluny dowam edýärdi…

Doganoglanlarynyň gurbanlygy sowlanyndan soň Myrat ejesini hem gelnini kakasynyň ulagyna mündirdi-de, öýlerne gaýtdy. Eýýam ýolda gelýärkälerem gelni gozgalaň tapyp ugrady. Göwresinde bolup geçýän, öň duýlup görülmedigi üçin geň hem gorkunç, şol bir wagtda-da ilkinji näbeliligi bilen süýji şatlykdan doly hadysa ýaş gelni ynjalykdan gaçyrdy. Ol utanýandygy zerarly gaýynenesine bildirmän, ogrynlyk bilen garnyny sypady. Çaga jan gireli bäri gorsanýardy, depirjikleýärdi. Şeýdeninden soň bolsa özi üçin dünýäde iň mähriban, iň eziz, iň ýakyn ynsanyň mähremellериniň rahatlygyny syzýan ýaly, köşeşýärdi. Emma bu gezek welin, tersine boldy. Çaga köşeşmekden geçen, gaýta hereketini has ýygjamlatdy.

“Be-e bu bezzadyň bolaýşyny? Lukmanlaryň: “oglanjyk” diýenleri çyn öýdýän. Öte birahat. Kakasyndan beter bimaza boljak öýdýän…Waý…waý!”

Göwresindäki çaga has gatyrak gozgananda duýdansyzlykdan ýaňa içini çeken gelin ýaşmagyny dişläp, zordan sesini çykarman saklandy.

“Muny! Ýa näme dünýä injek bolýarmyka?! Aý-günüm hem dolyberdi öýdýän. Lukmanlaryň aýdan wagty-ha şu gün doldy…” Içinden pikir öwren gelin haraý isleýän ýaly adamsynyň ýeňsesine garady. Emma ähli ünsüni ýolda jemläp barýan Myrat gelniniň galagoplygyndan bihabardy. Öz-özünden dowul tapyp aljyrap ugran gelin: “Ýa çigninden gysyp, gulagyna pyşyrdaýsammykam” diýip göwnüne geňeşdi. Emma utandymy nämemi beýtmedi. Diňe köşeşmek üçin özüne zor saldy-da, ulagyň aýnasyndan, eda bilen ýüzüp geçýän tutlaryň, jaýlaryň garaňky suduryna göz aýlady. Ýöne beýdeni bilen çaga rahatlanmady. Gelin ýene-de ýüzünde goşa ýyldyz deýin lowurdap duran gözlerini adamsynyň ýeňsesini öwürdi. Şol pille-de ulagyň içi alagaraňky bolsa-da gelniniň biynjalyklykdan dolup, çuňalyp-çuňalyp, guýa dönen gözleriniň garaýşyny gaýynenesi saýgardy. Has dogrusy saýgarmady-da, beýle-beýle zatlary ençeme gezek başdan geçirip gören ene ýüreginiň duýgurlygy bilen syzdy. Ene balkyldap duran goýun gözleriň nazarynyň nämäni aňladýandygyna beletdi. Ol emaý bilen gelniniň birden ot bolup gyzyp, birdenem buz ýaly sowaýan elini gysymyna gysdy. Diňe eneleriň seretmegi başarýşy dek mähirden ýaňa püre-pür gözleri bilen gelniniň tutuş göwresini sypalap, gelnini utandyrmazlyk üçin ogluna-da eşidilmez ýaly pessaý pyşyrdady:

-Başladymy, balam?!

Enäniň mähriban gözleri gelniň göwnüne siňip, kalbyndaky galagoplugy eredip, ýom-ýok etdi. Gelin näme üçin beýle bolýandygyna özi hem düşünmän birden rahatlandy-da, uýaljaň baş atdy. Ene gelnine has ýakyn süýşdi.

-Hak Perwerdigär medet bersin, balam! Güýçli gerçekler ýetişewersinler! Aman-esen dünýä inderewersin, Hudaýym!-diýip ene dilegini assaja sanaşdyrdy-da, ogluna:

-Düzräk ýerlerden tizräk süreweri. Öýden gerek-ýaragymyzy alyp gelniňi bäbekhana ýetişdirmeli bolaýmasak.-diýdi.

Bu sözleri eşiden badyna birhili Myradyň ini sowap gitdi. Haçandan bäri garaşyp ýörendigine garamazdan Myrat üçin bu hadysa biçak oslagsyz boldy. Ony şagga der basdy. Özem duýman ulagyň tizligini köpeltdi. Şol mahalam ejesiniň asuda sesi onuň nepesini durlady:

-Oglum, öte gaty sürme, howlukma, aljyrama! Entek wagt bar.

Ejesiniň sözlerinden soň özüni dürsän Myrat sowukganly oýlanyp başlady. Ara kän wagt düşmänkä-de olar öýlerinden gerek zatlaryny alyp bäbekhana bardylar. Nobatçy lukman olaryň habaryny alandan soňra Myradyň gelnini şepagat uýalaryna tabşyrdy.

Myrat ejesi bilen daşarda garaşmaga durdylar. Gyş gijesi bolandygy zerarly howanyň sowujagy bardy. Şonuň üçinem Myrat ejesine:

-Eje, sen birden üşäýme! Ulaga gir-äý! Häzir pejini işledip bereýin.-diýdi.

-Ýok-la, oglum! Bu wagta üşämok. Üşesem giräýerin.-diýip ejesi bagyň astyndaky oturgyja geçdi. Myrat bolsa gije ümsümligini bozýan seslere gulak asyp ugrady. Niredendir bir ýerden çagalaryň sanawajy hem ýaşlaryň şagalaň-şowhuny gelýärdi.

“Golaýda hiňňildik bar öýdýän.” diýip Myrat çen etdi. Onuň pikirleri alysdan gulagyna gelýän çagalaryň sanawajynda büdredi.

Gurban şor-a,  
Bir gözi kör-ä,  
Bir çüýşe atyr,  
Bir çüýşe atyry,  
Gurbanlyga ýetir.

Myrat çagalaryň sanawajyny biygtyýar içinden gaýtalady-da, göwnünde dörän süýji duýga gözlerini süzdi. “ Alla ýol berse, oglum bolsa aňyrsy birküç ýyldan ol hem şunuň ýaly sanawaçlary wüjürdäp ugrar.” Bu pikir şirin lezzet bolup onuň damarlaryna ýaýrady. Ol özüni şeýlebir bagtyýar duýdy, şeýlebir bagtly duýdy welin, söz bilen aýdyp-diýer ýaly bolmady. Ol gerindi-de, iki-baka gezmeläp ugrady. Şol pursat bir iş bilen daşaryk çykan şepagat uýasy ejesine habar gatdy:

-Daýza, daşarda üşäp oturmaň, geliň, içerik giräýiň, däliz ýylydyr. Ýumşak kürsüler bar. Şol ýerde garaşaýyň.

Myrat şepagat uýasynyň aýdanlaryny makullamaga howlukdy:

-Hawa-la, eje! Içerde garaşa-aý!

-Siziň özüňizem, dogan, geläýiň! Entek köpräk garaşmaly bolaýmasaňyz.-diýip şepagat uýasy Myradyň özüne-de teklip etdi.

Ejesiniň yzyna düşen Myrady şepagat uýasynyň sözleri ynjalykdan gaçyrdy. “Köp garaşmaly bolarsyňyz” diýdimi?! Näme üçin beýle diýdikä?! Ýa bolmasy bir zat bolaýdymyka?…Soraýsammykam?!

Myrat bir ejesiniň ýüzüne, bir nobatçy şepagat uýasynyň ýüzüne naýynjar garady. Olaryň ýüzleri rahatlykdan dolup durdy. Bu ýagdaý ony biraz köşeşdirdi. Emma namart ünji köňlünden sypba-sypyrylyp gidibermedi. Şol böwrüne dürtgeledi durdy. Soňa baka bolsa kalbyndaky alada güýjäp ol her gapdalyndan geçýän ak ýektaýla umyt hem sorag bilen seredip başlady. Göwnüne bolmasa olaryň hemmesi onuň gelni hakynda nämedir bir zady bilip, oňa aýtmak islemeýän ýalydy.

Birdenem ol özüniň bäbekhananyň dälizinde aýagy bişen towuk ýaly byzbydyklap, bir ýerde durup bilmän iki ýana gatnaýandygyny aňşyrdy. Ol öz bolşuna utandy. “Ýok-la, bu bolşuma bolmaz, arassa howa çykaýyn. Serim durlanar.”

Myrat ejesine:

-Daş çykjakdyryn!-diýip ol bäbekhananyň howlusyna çykdy. Emma bu ýerde-de ol ynjalmady. Gaýta göwnündäki bükgüldi güýçlenip ýetjek derejesine ýetdi. Ol içini hümledip ýörşüne dagy alaç tapman Biribara mynajat edip ugrady. “Alla jan, Hudaý jan, ogul bolsun, gyz bolsun, tapawudy ýok. Demlerine degilmese bolýar. Taňrym, hudaýoluna iki goýun. Olary aman-esen saklaweri, Allam!”

Birdenem özüne garşy ýöräp gelýän ak ýektaýly ýigide onuň gözi düşdi. Myradyň depe saçy dim-dik boldy.

“Eý Hudaý jan-eý! Näme bolduka? Alla jan, eýgilik üçin bolawersin, ýagşylyk üçin bolawersin, ýoluňa ýene-de iki goýun, Taňrym! Allam, gowulyk üçin bolawersin, ýene-de ikisi, Hak Hudaýym!”

Aňyrdan gelýän ýigit onuň deňesinden säginmän geçip gitdi.

“Meniň ýanyma-da däl ekeni!”

Myradyň göwrümi giňäp gitdi. Ol uludan demini aldy-da, burçak-burçak der gelen maňlaýyny syldy.

-Wah, Weýis was-wasy bol-a!-diýip ol pyşyrdap özüne käýindi. Soňra bäbekhana garşy seretdi. “Täsin zat, hemişe bäbekhana hakynda oýlansam bäbekleriň jägildisinden, çaga dogurýan eneleriň sesinden ýaňa hyň berip duran ala-galmagal ymarat hökmünde göz öňüme gelýärdi. Bärde bolsa gum-gukluk.” diýip ol içinden pikir öwürdi.

Şol müddetde-de onuň bu pikirini inkär edýän deýin, gulagyna kimdir biriniň sesi eşidilen ýaly boldy. Ol iňkise gitdi. “Be, biri gygyrýar öýdýän?!” Ýa göwnümemikä?”

Şol pille ýaňky ses ýene-de gaýtalanan ýaly boldy. Özem göwnüne bolmasa bu ses onuň gelniniň sesine çalym edýän ýalydy. Myrat allaniçigsi boldy.

-Alla jan, senden medet! Ýoluňa ýene-de iki goýun, Taňrym!-diýip pyşyrdady-da, ol bäbekhananyň girelgesine haýdady. Emma işikden girmänkä aňyrdan gül-gül açylyp, ejesi çykdy:

-Oglum, buşluk, oglumyz boldy! Buşluk!-diýende ejesiniň sesi şatlykdan ýaňa sandyrady. Myrat depesinden eňterilen asman gümmezindenem mähnet şatlygyň astynda tas mynjyraýardy.

-Şeýlemi, eje? Hany? Hany,olar?!-diýip ol içerik ylgajak boldy.

-Dur, oglum, dur!-diýip ejesi ony zordan saklady:-Bu wagt saňa olary görkezmezler. Gowusy ýör, öýe gideli-de, kakaňa, jigileriňe buşlap gaýdaly. Gözleri ýoldadyr. Agşam bärde bolarys. Lukmanlar biçak aladaçyl, oňat serederlerem welin, onda-da göwnüm ynjalmaz.

-Bolýar, ýör eje!-diýip Myrat ulagyna ylgady.

Ýolda barýarkalar Myrat birden ýaňky bolşuny ýadyna saldy. Ol az-kem ünjüli:

-Eje, menem ýaňy gyssanjyma goýun baryny hudaýoluna aýtdym welin…-diýdi-de sakyndy. Soň ýene-de üstüne goşdy:-Kakama-da bu barada aýtmak gerekdir. Sekiz goýuna dagy bardym öýdýän…

Ejesi ýylgyrdy:

-Wah, oguljygym, seniňem alada edýän zadyňy! Janyňyz sag bolsa bolýar, goýnuň işi haýyr-la. Kakaň gaharlanar öýdüp çekinme. Nowbahar agtygy, näme diýer öýdýärsiň?! “Ýatakda on goýun bar, onusyny hem soý!” diýer-dä. Onsoňam sen-ä her niçik-de bolsa şu bolçulyk döwürde goýun aýdypsyň. Kakaň sen dünýä ineniňde, gytçylyk döwürde gapymyzda daňylgy duran iki sany öküzimizi hem sadaka aýdypdy…

Myradyň ýüzi ýagtylyp gitdi. Ol ulagyň tizligini has-da artdyrdy…

…Aýyň ýüpek şöhlesi zerarly geň-enaýy görünýän asman ummanynyň ýüzünden bolsa ýekeje ak bulut gündogardan günbatar sary endigan taýyp barýardy. Wagtal-wagtal şemalyň bady ýatýarmy nämemi ýa-da hol aşakda ýol bilen uçup barýan ulagdaky iki ynsanyň bagtyny synlamak üçinmi, bulut ýüzüşini togtadýardy. Az-kem duranyndan soň bolsa eneli-ogluň bagtyndan guwanyp-guwanyp doýan ýaly, ýene-de ýoluny dowam edýärdi…

“Edebiýat we sungat” gazetiniň 2005-nji ýylyň<br>23-nji dekabryndaky sany

## Bükgüldi

…Gelniniň irden işe gaýtjak bolanda diýen gümürtik gürrüňi Seýranyň kalbyna ünji bolup siňdi. Hemişe işe gelende ol çyny bilen, gyzygyp işleýärdi. Emma bu gün hiç eli işe barmady. Göwünli-göwünsiz dümtünen bolup ýörşüne gelniniň sözlerini aňynda aýlady ýördi.

“Beh, näme diýjek bolduka?

Ýüzi aladaly däldi. Öýdäkiler bilen hiç hili düşünişmezlik ýok. Özleri äbe-de-jüýje. Ýa atasy öýünde bir näsazlyk bolaýdymyka? Äý ýok-la. Öýlerinde bir zat bolan bolsa şol wagt aýdardy. Derwezeden çykanlaryndan soň: “Seýran, men saňa agşam işden geleniňden soňra bir zat aýtjak.” diýende ýaňaklary çym-gyzyl bolup gyzardy. “Näme diýjek, bol aýt!” diýip gyssaýança Anna ulagy bilen gelip: “Ýör, işe!” diýdi. Sorap bilmänem gaýtdy. Indem biynjalyk bolup ýör. Şu bar-a adamyň böwründe ünji döremesin! Ýöne sary-sadylla bolup ýörmeli…Wagtam bahar başynda gyş ukusyndan oýanan garynja dek zordan ýöreýär.”

Seýran demri ýençýän çekijini gapdalyna goýdy-da, sagadyna seretdi. “Ýaňy on bolupdyr. Ýene-de ýedi sagat bar! Owf! Ýeri name diýjek bolduka? Utanar ýaly nämekä?” Seýran çekijini aldy-da, hyruç bilen urdy.

-Wäk-eý!

Eli çekijiň astynda galan Seýranyň gözünden ot çykdy. Çekiji taşlady-da, elini gysymlap, iki büküldi. Şeýdibem esli oturdy. Lorsuldap syzlaýan eliniň agyrysy soňam uzakly gün köşeşmedi.

Böwrüne diň salyp ýörenindenmi nämemi günüň dowamynda soňam birnäçe gezek sebäp ýok ýerinden büdräp-südenekläp, endamyny gök-ala etdi. Zordan günüň ahyryna ýetende bolsa takatsyzlygy, ünjüsi hem ýetjek derejesine ýetdi.

“Häzir öýe baraýyn. Onsoň oňatja edip duzlaryn. Ýeri bir zat aýtjak bolsaň şol bada iki agyz söz bilen aýdyp bilmeýärsiňmi diýsene? Gaýa ýok gopuz ýok ýerinden göwnümi galagoplukdan dolduryp goýberdi.” diýip  Seýran kärhananyň derwezesinden çykyp barşyna gelnine içinden gaýybana käýindi. Ol kärhananyň işgärlerini gatnadýan awtobusyna garaşmaga-da takaty ýetmän öýlerine çenli ulag saklamak maksady bilen uly ýola ýöneldi. Emma on-on bäş ädim ädip-ätmänkä onuň deňesinde kärdeşi Sahynyň sary “žigulisi” sojap saklandy.

-Seýran, ýör-how, öýňüze oklaýyn! Menem şol tarapa gitjek.-diýip Sahy ulagyň gapysyny açdy.

-Şüýä bolaýdy. Men şu gün howlukmaçrakdym hem.

Seýran ulagyň öňki kürsüsinde ornaşdy. Olar ugradylar. Seýranyň kalbyny ýeňillik gaplap aldy. “Ind-ä az galdy. Az salymdan name aýtjak bolandygyny bilerin.” diýip ol pikir öwürdi. Emma name üçindir Sahy ulagyň başyny düýbünden ters tarapa burdy. Seýran kärdeşine soragly garady. Sahy onuň garaýşyna aň salman, özbaşyna gepläp goýberdi.

-Ilki bir bazardan öýe çörek, gök-sök alaly-la. Soň gidibereris.

Seýranyň gulagynyň ýeňsesi gyzyp gitdi. “Ýeri, münmänkäm aýtman näme işlediň?”

Ol gaharly oýlansa-da daşyndan kelam agyz geplemedi. Umytsyzlyk bilen yzyna gaňrylanda bolsa kärhananyň awtobusynyň ýola rowana bolandygyny gördi.

“Şoňa münen bolsam oňat bolardy.”

Seýran tukat oýlandy-da daşlaşyp barýan awtobusy gözleri bilen ugratdy. Onuň özüne içi ýandy. “Ýöne ýere aýtmandyrlar.  “Ajygan ölmez alňasan öler”…Ýa henizem giç däl. Meni düşür-äý, diýäýsemmikäm?!”

Bu pikirine Seýranyň içi ýangynlylygy hasam öjükdi.

Bolup oturşym nähili-äý? Ejesine howlugýan çaga ýaly-la! Uzak gün çydadym. Ýene-de ýarym sagat garaşmaga döz gelerin.

Seýran az-owlak köşeşdi. Ýa-da özüne basalyk berip, köşeşensiredi.

Olar bazara bardylar. Sahy:

-Seýran jan, sen bazarlyk işiň bolmasa ulagda oturyber, işigini gulplajak hem däl. Derrew gelerin. –diýdi-de sebedini alyp ötägitdi.

Emma onuň çydamlylygy uzaga çekmedi. Ulagyň öňünden geçip giden ýaş gelne gözi kaklyşan dessine öz gelni ýadyna düşdi. Bada-badam derdi gozgady. Içini it ýyrtyp başlady.

“Ýeri name diýjek bolduka? Ýa aýtmaga heder eder ýaly düzedip bolmajak erbet zada uçraýdymyka?!”

Seýranyň ini sowap gitdi. Göwnüne aralaşan şum pikir gelniniň irdenki hereketlerini tüm-garaňky röwüşde janlandyryp başlady. Ol öz-özünden dowul tapyp, beleň alyp barýardy. Birdenem ol öz howsalasynyň esassyzdygyna düşünip utanyp gitdi.

“Daş edewersin! Ýersiz-ýere ot-elek boluberdim-le! Hudaý jan, köňül rahatlygyny berewersin! Şu bar-a alty-ýedi ýyllap söýüp, arzuw edip, ölüp ýetip öýlenseň şeýle bolýar ekeni. Sähel bir zat bolsa eliňden gidip barýana dönäýýärsiň. Äý, hawa-da, onsuz ýaşan günleriň, aýlaryň, onsuz geçiren gijeleriň hasratly ýalňyzlygy entegem göz öňüňden gidenok ahyry. Üstesine-de “heleýguly” diýdirmezlik üçin, ökjeasty bolmazlyk üçin bu zatlaryň ählisini ildenem, ondanam, hatda özüňdenem gizläp gezmeli bolsa… ýeri, näme Sahy çöregi bazarda özi bişirýärmikä?”

Ol bazaryň derwezesine tiňkesini dikdi. “Ýa düşüp gididbersemmikäm?” Seýran germewiň gapdalynda duran kireý ulagyna gussa bilen seretdi. Ýeke pursat seredip durup hem: “Birhili bolar-la!” diýip niýetinden dändi. Onýança ýylgyrjaklap Sahy geldi.

-Garaşdyraýdymmy? Öte gyssanmaç dälsiň-le?-diýip ol sebedini yzky oturgyçda goýdy.

Seýran ot bolup ýansa-da “ýok-la” diýip burnuna siňdirip hümürdemegiň hötdesinden geldi. Olar ýola düşdüler. Emma uly ýola çykan badyna Sahynyň ulagy birhili bulanyp gitdi-de, gulaga ýakymsyz “paşşyldy” eşidildi.

-Tekeri ýaryldy öýdýän, içigary galmyş! Haçandan bäri täzelemeli diýip ýördüm welin, ahbetin bellisini etdi-ow!

Sahy hüňürdedi-de, ulagy gyra sowup, togtatdy. Seýran gaharlanmaga-da ýaramady. Sessiz-üýnsüz düşdi-de, ätiýaçlyk tekerini, açar-esbaplaryny çykaryşdyryp duran Saha:

-Sahy, men ýola çykaýyn. Tizräk öýe barmasam howlukmaç işim bardy.-diýdi. Soňam göwünli-göwünsiz, kiçi dilden bärde üstüni ýetirdi:-Ýa meniň kömegim gerekmi?!

Mydama keýpi kök Sahy tekeri çalşyp durşuna:

-Kömegiň-ä derkar däl-le welin, Seýran jan, ýöne howlukma! Häzir gözüňi bir gezek açyp, ýarym gezegem ýumýançaň dakyp dynýan. Onsoň bile gideris.-diýip jogap gaýtardy. Soňra garagolluk bilen gözüni gypdy:

-Ýa näme, ýaş gelniňi göresiň gelip, ýürejigiň üzülip barýarmy?

Seýranyň syry äleme jar edilip barýana döndi. Ol ogurlykda tutulan dek gyzardy:

-Ýok-la,… Bile gidäýeris. Ýöne işim bardy-da…

Seýran myňňyldady.

-Häý, diýseňem-ä!-diýip daşyndan hyrsyz görünse-de, çaga göwünli gara döw ýaly daýaw pyýada köpmanyly ýylgyrdy:- Hiç-le inim, birmahal şeýledik. Şu gelnejeňi dagy “kyrkgünlük gaýtarma” diýip alyp gidendirler welin, hepde dolmanka gaýynlaryň özjükleri: “Alaweriň-eý halalyňyzy! Özüňize nesip edewersin-eý! Gije-girimde bir ine-

gana rahat ýataweräli!” diýip getirip gidendirler…Ýataklaryndan mallaryny boşadyp, penjireleriniň aýnasyny goparyp çuwal gyz saklamagyň hem-de özlemmiz ýaly giýewli bolmagyň ähli “hezilligini” görkezendirin…

Sahy loh-loh gülüp durşuna tekeri dakyp boldy-da, senetlerini ýygnamaga durdy. Dem salymdan olar ýene-de ýola düşdüler. Hiç-hili başdan geçirmesiz hem Sahy Seýrany mellekleriniň gädiginde düşürip gaýtdy.

Seýran ardynjyrap gapylarynyň agzyna barandan gelni Nurjemal atylyp öýden çykdy. Sebedini elinden aldy:

-Geldiňmi?

Gelnini göreninden Seýranyň ähli gahary dyr-pytrak boldy. “Ind-ä anygyna ýeterin-dä!” diýip ol uludan demini aldy.

-Hawa, geldim.

“Irden näme diýjek bolduň?”diýip ol soramaga çemeleşdi. Emma zordan dilini dişläp ýetişdi. “Häzir ýuwnup-ardynaryn, onsoň arkaýynlykda, öýde soraýaryn.” diýen niýet bilenem köwşüni çykardy-da, gelnine ýüzlendi:

-Şol sütükli desmaly alsana. Ýuwnaýyn. Ejem-kakam ýokmy?

-Ýok. Jigileriňi alyp günortanky toýa gidişleri. Häzir gelerler.-diýip gelni öýe girip barşyna jogap gaýtardy. Seýran bolsa hammama garşy ýöneldi. Hammama gireni hem şoldy welin, daşardan tanyş ses geldi.

-Salawmaleýkim, gelneje! Seýran işden geldimi?

-Hawa.

Seýran sesi tanady. “Nazar geldi öýdýän.” diýip daşaryk çykdy.

Dosty Nazaryň ýeke özi däldi. Ýanynda haçandan bäri görüşmedik dostlary Şöhrat bilen Geldi hem bardy.

-O-how, oglanlar, sizmisiňiz?!

Seýran olar gadyrly görüşdi. Hal-ahwal soraşanlaryndan soňra Seýran dostlaryny öýe çagyrdy. Olaryň yzy bilen girip barşyna aňynda dörän: “Ýene-de anygyna ýetip bolmady-how! Ýetip gelen dessine soraý-da diýsene?!” diýen ahmyrdan doly tukat pikiri kalbynyň iň çet jümmüşine kowdy. Ähli üntüşigini bolsa dostlarynda jemledi.

Dost söhbeti hemmä belli. Seýranyň myhmanlary gürrüňe gyzygyp ýarygijä çenli oturdylar. Çagalyk hemdemleri bilen ümmüldeşip oturşyna Seýran hem bükgüldisini unutdy. Diňe dostlaryny ugradyp öýlerine dolananda irdenki gürrüň huşuna geldi. Uzak günki galagopluk onuň köňlünde ýaňadan örç alyp galdy.

-Owf! Şu gün meniňki boljak däl öýdýän! Indi bir anygyna ýetsem. Uzakly gün ýöne içime bir gysym köz guýlan ýaly boldy ýördüm.

Seýran pikirini daşyndan pyşyrdady-da, içerik girdi.

Kakasy, jigileri uka gidipdiler. Ejesi bolsa gülçyranyň ýagtysyna nämedir bir zada dümtüňýärdi.

-Oglum, myhmanlaryňy ugratdyňmy?

-Ugratdym, eje.

-Indi beri ýataweri. Ertirem azanda turup işe gitmelisiň.

-Bolýar, eje.

Seýran öz otaglaryna geçdi. Gelni oňa garaşyp otyrdy. Seýran “indi beri biri päsgel beräýmesin.” diýip howatyr edýän deýin, gire-girmäne gelnine:

-Irden näme diýjek bolduň-a? Uzakly günümi sermi-sal bolup geçdim.-diýdi.

Gelni ýaňaklaryny nar öwüsdirip, hälden bäri bu sowala garaşyp, taýýar oturan ýaly sülmüräp pyşyrdady:

-Men bar-a…

-Hawa sen?!-diýip içi byjyklap, sabyr-kanagaty galmadyk Seýran gatyrganjak boldy.

-Men bar-a…

Gelin ýene-de sakyndy.

Şol pille-de daşardan ejesiniň howsalaly sesi geldi.

-Seýran jan, çykaweri daşaryk!

Seýranyň ýeňse damary gatady.

“Bilgeşleýin edilýän ýaly-la, bu zatlar! Şu gezeg-ä dünýäni sil alsa-da magadyna ýetmän çykmaryn.”

-Aýt-how, bahymrak!-diýip Seýran gelnini gyssady. Emma gelni dil ýarmaga ýetişmänkä ejesiniň gykylygy has howsalaly çykdy.

-Ýetişeweri, oglum! Bu şahy döwülmiş öküzçe gazygyndan boşanypdyr ahyry. Ýetişeweri, süsüp-süsüp tamdyry ýumrup barýar-la, bu boşaman geçmiş!…Wa-eý! Kerseni nirä alyp barýarsyň! Goý kerseni, burnuna burunnyk salynmyş! Kerseni kellesine geýdi-le, ýetiş ahyry, Seýran jan!

Seýran owfuldady-da daşaryk ylgady. Ylgap baryp göläniň şahyndan ýapyşmaga synanyşdy. Emma göle oňa baş bermedi. Kellesini bir silkende elinden sypdy-da, guýrugyny jaýtardyp ümdüzüne tutdurdy. Seýranam etek alty ýeň ýedi bolup onuň yzyndan eňdi. Garaz boldy bir elpe-şelpelik. Beýle erkinlik dünýä ineli bäri miýesser etmedik göle jyrtlap ýörşüne, tutdurman, buduna süsdümi, aýagyndan basdymy, garaz haý, azar ýamanyny berdi. Seýran ahbetin awunyp-çürkenip göläni zordan tutdy. Ony ýatagyna eltip daňanyndan soň Seýran hammama girdi-de ýuwundy. Üsti-başyny kakyşdyrdy. Hum ýaly çişibem gelniniň ýanyna bardy. Gelnine ýüzlenende-de sesi gaharly çykdy:

-Ýeri, irden näme aýtmakçydyň?!

Gelni onuň çişip ýarylmaga taýyn bolup durandygyny syzyp, jogap bermäge howlukdy.

-Seýran, men… Meniň aýagym agyr.

Gelniniň uýaljaň pyşyrdysynyň manysy birbada Seýranyň aňyna ýetmedi. Haçan-da aýdylan täzelige düşünende bolsa göwnüni gabsap alan şatlyk duýgusy ony ýekedaban bilen urlan ýaly etdi. Ol aşak çökdi-de gelniniň ýüzüni aýalarynyň arasyna gysdy. Ýokaryk galdyryp, göreçlerine dikanlady:

-Şeýlemi?!

Gelni sesini çykarman baş atdy. Gelniň şu ýekeje hereketi hem uzak günki kösenjini Seýranyň huşundan sypba-sypyrdy. Ol:

-Alla ýol berse oglumyz bolar.-diýip pyşyrdady-da, gelniniň dyzyna ýassandy.

“Edebiýat we sungat” gazetiniň 2006-njy ýylyň 25-nji martyndaky sany

**Basdaş**

…Gündiz oýnap, mazaly ýadandygy zerarly başyny ýassyga goýan badyna uklandygyna garamazdan Didarjyk gijäniň birmahaly näme üçindir allaniçiksi bolup, oýandy. Ol birbada özüne näme bolandygyna düşünmän gözüni tegeläp, dik oturdy. Birsellem hem şol oturşyndan gozganmady.

Birdenem ejesiniň düşeginiň boşdugyny görüp, howsalaly gorky bilen tisginip gitdi. Gözlerine-de ynanmaýan ýaly, ejesiniň düşegini eli bilen sermeleşdirdi.

Düşek buz ýalydy.

Töwerekde gyz uýalary, goňşy otagda bolsa erkek doganlary ýatan hem bolsalar Didarjygy, ysgynyny alyp barýan, şeýlebir güýçli howsala, wehim gaplap aldy. Otag tüm-garaňkydy. Aýyň pejireden düşýän ölügsi ýagtysy bolsa, içeriniň garaňkylygyna hiç hili üýtgeşiklik berip bilmeýärdi.

Göwnüne bolmasa şol garaňkylygyň içinde-de Didarjygyň ýekeje özi oturan ýalydy. Ol gymyldamaga-da, yzyna gaňrylmaga-da gorkýardy. Çüňki bu garaňkylyk, otagyň burçlary, tekjäniň aşagy her dürli, betnyşan, göze görünmeýän mahluklardan dolup durdy. Eger Didar gozganaýsa, gaňrylaýsa dumly-duşdan onuň üstüne topulmaga olaryň hemmesem taýýar bolup duran ýalydylar…

Didarjyk bu pursat özüni şeýle bir ýalňyz hem goragsyz duýdy welin, onuň ulili bilen gygyryp bu otagdan gaçyp gidiberesi geldi. Emma ol gygyrmaga-da, uýalarynyň biriniň adyny tutmaga-da öz sesinden gorkdy. Çünki ol hatda demini gatyrak alaýsa-da şol göze görünmeýän mahluklar ýerli-ýerden oňa garşy okdyryljakdylar.

Şeýdip ol doňan deýin, ýene-de esli oturdy. Alla bilsin, ol ýene-de näçe wagtlap şeýle halda oturjakdy, birden güýz gijesiniň agras mahymy bu titräp oturan çagajyga dözmedimi nämemi, onuň öňünden ýukajyk bulut örtügi syrylyp aýryldy-da ölügsi şöhleler şugla saçyp başladylar.

Şol bada garaňkylyk öňküsinden az-kem ýagtyldy. Onuň ýagtylmagy bilen hem otagyň içini doldurýan göze görünmezek mahluklar gysylyp-gysylyp iň garaňky burça ýygnandylar. Didarjygyň hem ýüregi gürsüldäp-gürsüldäp urmasyny goýdy. Ol rahatlandy.

Ýöne şonda-da ol ejesini gözlemäge turmakçy bolanynda, ähli erkini toplap özüne zor salmaly boldy. Çünki onuň göwnüne bolmasa şol mahluklar gizlenen burçlaryndan çykyp ýene-de onuň daşyny alaýjaklar ýaly bolup durdy.

Her name-de bolsa ol aýaga galanyndan soň ejesini gözlemäge ugrady. Ilki otaglara aýlandy. Soňra ýekelikden we garaňkylykdan hernäçe gorksa-da hammamy görmäge ugrady. Ol ýerde-de ejesiniň ýokdugyny görüp, howlynyň bar ýerini agtaryp çykdy.

Agtardygysaýy hem Didarjygyň kükrejigini nähilidir bir üýtgeşik ajy, ýöne öňem ençeme gezek duýlup görlen howsala hem ýekesiremek dolduryp başlady. Onuň aglasy gelip ugrady. Şol bir wagtda-da aglabermäge-de utandy.

Sebäbi öňräk bir gezek şeýdip bir biderejik zat üçin kemşereninde kakasynyň

“öküz ýalaky bolup jögüläp ýörmüň?!” diýip öte kemsindireni heniz onuň hakydasyndan çykmandy. Birdenem kakasy hakynda pikir edeninde Didarjygyň ýadyna ýaňy aýlanyp ýörkä kakasynyň düşeginiň hem boşdugyny görendigi düşdi. Ony hasam howsalaly ýalňyzlyk basmarlady…

Ýaňky “göze görünmezek mahluklardan doly tümlük” indi onuň ýadyna-oýuna-da düşmedi. Birdenem ol ejesini tapmaga iň soňky umydy bolan, mellegiň aýagujyndaky hajathana garşy ylgady. Demi demine ýetmän “has-has” edip barşyna-da, hajathananyň bäri ýanynda durup:

-Eje! Eje!—diýip inçejik çaga sesi bilen gygyrdy. Hiç kim jogap bermänden soň gorka-gorka baryp, gapysyny çekdi. Hiç kimiň ýokdugyny görübem hyrra yzyna öwrüldi-de, yzyndan ýagy kowalaýan ýaly, ylgap öýlerine gaýtdy. Ýöne ol girip gidibermän, bosagada oturdy-da, iki eljagazyny dyzyna diräp, uludan demini aldy.

Onuň döşünde nähilidir bir kinniwanja zatjagaz howsala bilen gorjanýardy. Şonuň gorjanmasyndan ýaňa-da Didaryň goňurja gözleri ýaşdan püre-pür dolýardylar. Dodajyklary hem öz-özlerinden kemşermezlige, gözýaşlara-da syrykmaga ýol bermezlige çalyşýardy.

Emma aglamazlygyň hötdesinden gelmek oňa uzak başartmady. Özem duýman ol ilkä assajadan, soňam ýetişibildiginden goşary bilen gözlerinden akýan ýaşlary süpürişdirip, pessaý aglamjyrap başlady:

-Nirä gitdilerkä-raý?! Aýdaýmaly-da! Näme meni turzup bilmedilermikä? Ertir gelsinler hany, meniňem edişime seret? Hiç haýsyna aýtman mamamlara giderin. Onsoň yzymdan meni gözlärler…Aýtman giden bolýarlar dälmi? Meniň hem edişim bardyr…

Kiçijik ýüregiň kinesi onuň kükrejigine sygmaýardy. Şonuň üçinem Didarjyk agladygyça beter aglaýardy.Birdenem şol aglamjyrap oturşyna ol :

-Wiý jigim, näme bärde beýdip otyrsyň?!-diýip iň uly uýasynyň ýeňsesinden eşidilen sesine tarap öwrüldi. Emma doganyny görüp ol aglap oturandygyna utanmady. Aglaýandygyny ýaşyrjagam bolmady. Gaýta howandar ýüzi görüp hasam aglamjyrady.

-Ejem, nirede? Kakam hany? Näme meni turuzmadyňyz?

Garadaňdanyň süýji ukusynyň bozulýandygyna uýasynyň gahary gelse-de özüne basalyk berip, Didary köşeşdirmäge dyrjaşdy:

-Wiý muny ullakan oglan bolup “ejem-kakam” diýip ezzerlip-müzzerilip dur, uýalmadyň nätdiň, aý oglan?! Ejem-ä saňa jigi getirmäge bäbekhana gitdi…

- Bäbegi näme edeýin? Ejemiň yanyna gitjek.-diýip höre-köşe edilmesine has beter örç alan Didarjyk kejirligine tutdy.

Öňem oýarylandygyna jany ýanyp duran uýasynyň Didaryň hereketine girre gahary geldi:

- Munuň bolan bolaýşyny! – diýip ol Didaryň golundan tutdy-da içki otaga garşy idenekledip goýberdi.- Göle ýaly bolup, utanaňok hem. “Ejem” diýen bolup. Sokul ýeriňe! Ýogsa-da ýenjilýäň häzir…

Muňa Didarjygyň bolmajysy boldy. Ol aýagy bilen däbşenekläp, möňňürip başlady. Birki şarpyk iýeninden soň-a hasam möwç aldy. Soňabaka bolsa gygyrdygysaýy ähli duýgulary, pikirleri öçüp hemme damarlary kiriş deýin dartylyp başlady.

Onuň sesine agalarynyň-uýalarynyň barysy ördüler. Çyra ýakyldy. Ýerli-ýerden

ony köşeşdirip ugradylar. Haýbat atdylar. Käýýediler. Südenekletdiler. Öňüne süýji-köke dökdüler. "Oňa äkideris, muňa äkideris, ony äbereris, muny äbereris" diýip, her dürli wadalar berdiler. Emma ol köşeşmedi.

Näçe köp agladygyça-da onuň duýgulary küteldiler. Kellesem hum ýaly çişdi.

Indi oňa ejesi hem, hiç zat hem gerek däldi. Ol indi saklanyp bilmän, ýöne aglap otyrdy. Ahyrynam ol daň saz bereninde agysyna usurgap, ýaşly gözleri bilen uklap galdy…

Ertesi gün oýananynda eýýäm birhili ejesiniň ýoklugyna boýun alyk bolup oýandy. Özem indi näme üçindir onuň göwnüne bolmasa döşünde hiç haçan egsip bolmajak bir zat hemişelik galan ýaly boldy, ýördi.

Bu duýgy hatda ejesi keselhanadan gelenden soň hem aýrylmady. Dogry ol ilki bir ejesini görende ýumşajak ýaly hem etdi. Ýöne ejesiniň elindäki dym-gyzyl, betnyşan gurjaga meňzeş bäbege gözi düşen dessine şol zat ýene-de gatap, onuň çaga kalbynyň iň jümmüşine çökdi.

Soňky bolup geçen zatlar bolsa şol zadyň has hem gatamagyna ýardam etdi. Ol zatlar hem ululary̆ň oňa bolan garaýşynyň üýtgemegidi. Öň Didarjyk bu öýüň merkezidi. Hemmeler onuň bilen oýnaýardylar, oňa üns berýärdiler, gürrüňlerini gülüp diňleýärdiler. Dogrusy indem her geçen ýumşaklyk bilen onuň söbügini sypaýardy, indem ony ýokaryk bökdürýärdiler, diňleýärdiler, gülüşýärdiler, oňa süýji-köke äberýärdiler. Ýöne ol bu öýüň merkezi däldi. Bu öýüň merkezi indi şol dym-gyzyl, betnyşan gurjakdy…

Ejesem… hatda ejesem ondan daşlaşypdy. Öň olar ýanaşypjyk bileje ýatardylar. Beýdip ýatmak bolsa şeýle rahat hem süýji bolýardy. Indi bolsa ejesi ikisiniň arasynda dym-gyzyl, betnyşan, gijelerine-de arkaýyn ýatmaga goýmaýan, çyrlawuk gurjak ýatýardy. Ilkinji gün ejesi Didarjygyň düşegini bäbegiňkiniň aňyrsynda ýazanda ol göwnüne degilmekden ýaňa kemiş-kemiş edip aglady hem, ejesi käýinenden soň bolsa:

- Seniň ýanyňda ýatjagam däl! – diýip, kakasynyň gapdalyna geçipdi. Ýöne ýene-de ynjalyp bilmän, ýary gijeden aganyndan soň ýorganjygyny süýräp, ejesiniň ýazyp beren ýerine gaýdyp barypdy.

Ol birnäçe gezek ejesi bilen kakasyna ähli öýkesini gürrüň bermäge hem synanyşypdy. Ýöne her gezek onuň bar diýip bilýän zady:

- Şol bäbegi almalam däl eken-dä! Owadanam däl öz-ä! Gözem gazak, burnam myşşyk…-bolýardy. Onuň diline şondan başga söz gelmeýärdi. Ejesi-kakasy bolsa onuň ýöntemje sözleriniň düýbinde ýatan öýkeli duýga düşünmän, hezil edip gülüşýärdiler. Didarjygyň göwnündäki zat bolsa muňa hasam gatap, hasam beter aşak çökýärdi.

Şeýdibem günler geçip durdylar, geçip durdylar. Olaryň geçmegi bilen Didarjyk ýuwaşjadan hiç kime, hatda özüne-de bildirmän bäbeklikden çagalyga garşy ätleýärdi…

"Edebiýat we sungat" gazetiniň 2007-nji ýylyň
8-nji iýunyndaky sany

## Gelin kürtesi

„...Ol meniň elýetmezimdi...emma ol maňa düşünmedi...ýa-da men düşündirip bilmedim...Äý, bu dünýä her kime bir hili açylýar-da... Hernä Hudaýym, oňa ökünmek nesip etmäwersin... Özüm bolsa... hiç...ýürek bolsa söýgi tapylar“.

*( Biriniň gürrüňinden)*

…Hemmesi düýş ýaly bolup galdy. Çagalyk, mekdep ýyllary, on dört-on bäş ýaşynyň gelmegi bilen bedeninde peýda bolan üýtgeşiklikler zerarly dörän täze-täze duýgular, olaryň duýulmadyk lezzeti, näbelliligi, nätanyşdygy, ilkinji söýgüdir öýdülip pikir edilen, pikir edilip-edilibem şol onlarça gezek tutaşan, her gezegem lapykeç bolnan badyna ýatdan çykarylýan höwesleri uly bir zadyň derejesinde eltilen günler…Bary hakykat bolman, alasarmyk düýşde görlen ýaly…

Sawçylaryň öýlerine gelendäki ýüreginiň tolgunmasy, ýigit bilen görüşmegi, onuň sypaýylygyna maýyl bolup, durmuşa çykmaga razy bolmagy, onsoň garaşylyp-garaşylyp ahyrsoňy ýetilen toý… Hatda şol zatlaram Ýyldyz üçin ukudaka görlüp ýatylan düýş ýaly bolup durdy. Hamana nika gyýylyp, guşak çözdürilenden soň ýaşyl gelin kürtesiniň astynda, gapdalyndaky gyz-gelinleriň gürrüňleridir, bir-birine oklaýan degişmelerini eşitmän, aljyraňňy oýlaryna berlip, içki tolgunmasyny basyp ýatyrmaga dyrjaşyp, gyzaryp-galpyldap oturan gelin hem özi däl ýalydy. Edil hiç kimiň gözüne görünmeýän kölege bolup Ýyldyz atly gyzyň durmuşa çykarylyşyny, gelin bolşuny, ýat ýere ilkinji gezek düşüp, ýat adamlary ilkinji gezek görüp ýadyrgaýşyny, özi başyndan geçirýän dek, kesesinden synlaýan ýalydy.

Ýyldyz özüniň gelin bolup oturandygyna, başynda şol bir wagtlar kiçijik, gulpajygyny tasadyp ýören gyzjagaz wagty arzuw edilen, ýetip bolmajak ýaly görnen, şaý-sepleri şaňňyrdaýan gelin kürtesiniň atylandygyna hiç ynanyp bilmeýärdi. Onsoňam näme üçindir şol wagtlar, möngözli gyzjagaza bagtyň aňyrbaşy bolup görnen, başga gelinlerde heziller edilip gözigidijilik bilen hem-de çaganyň günäsiz bahyllygy bilen synlanylan owadan gelin kürtesi Ýyldyza şol garaşýan begenjini bermeýärdi. Bu belki Ýyldyzyň aşa tolgunmagyndandyr ýa-da belki näbelli, täze durmuşyň ýaňy bir bosagasyndan ätläp, entek töre geçip bilmän, aljyraňňy halda, öz duýgularyndan ugur-utga tapman oturandygy ücindir…

Ýyldyz duýgularyna düşünmeýärdi. Ol düşünerden biçak aljyraňňydy, öte tolgunýardy. Ýyldyzyň kalbynda nähilidir bir gussa goşundyly şatlyk duýgusy bardy. Ýöne bu duýgy-begençmi, razylykmy, ahmyrly bagtyýarlykmy… Ýyldyz bilmeýärdi.

Tolgunmadan ýaňa Ýyldyz başyndaky kürtesiniň agramyny hem duýmaýardy. Kürte ýeňiljekdi. Ýogsa daşyndan görseň, agyr bejergili, işliklenen kürtäniň ep-eslije agramy bolaýjak ýalydy…

Ýyldyzyň daşyny gallap oturan gyz-gelinler bir-birine gezek bermän: “a gyz-da–a gyz” bolşup, degşip-gulşüp jaýy göçüräýek bolýardylar. Olaryň hemmesiniň keýpiniň kökdügi seslerinden bildirýärdi. Ýaňyja sowlup märekesi dagan toýuň heýjanly täsiri

entek gyz-gelinleriň süňňünden çykmady. Ine, ýene az salymdan toýuň täsiri ýitişip ugrar, onsoň toýuň abraýly sowulmagy üçin, bir- iki günläp ýarym ukuly halda, rahat oturyp, ine-gana iýlip-içilmän iki ýaňa ylgaşlap edilen hyzmatyň argynlygy bedenleri doldurar-da, heýjaneleklikden ýaňa dartylyp durandygy ücin ýadawlygy duýmaýan göwreleri gowşadar we uky bilen bürüp başlar… Emma häzir welin, neşäniň täsirine barabar toýuň täsiri öz güýjini ýitirmändi, şonuň üçinem gyz-gelinler nagyşlary ýaldyraýan kürtäniň aşagynda sülmüräp oturan Ýyldyzyň gapdalynda çaý başynyň mesawy söhbetini edýärdiler. Olaryň gürrüňlerine üňs bermeýän Ýyldyz gabagyny galdyrmaga-da utanyp, şol bir oturşyny üýtgetmän, ýüzüni aşak salyp, ýygrylyp otyrdy.

Ýyldyz çen bilen wagty biljek bolýardy. Guşak çözdürilende Ýyldyz kimdir biriniň goňras erkeksi ses bilen: “Sagad-a ýaňy iki bolup on minut geçendir” diýip, başga biriniň soragyna jogap berenini eşidipdi. Emma Ýyldyzyň göwnüne bolmasa, ondan bäri tutuş bir bakylyk geçen ýalydy. Birden-birdenem wagt asla gymyldaman, guşak çözdürilip, öýe salnaly bäri, döwlen sagadyň dili ýaly, doňup galana meňzeýärdi. Özüne gysmyljyrap oturan on dört ýaşlaryndaky gyzdan bolsa: “wagt näçe bolduka?” diýip sorabermäge, töweregindäki gelinler eşider öýdüp, ejap edýärdi. Dogrusy diňe şol gyzyň ýeke özi bolsa utanybam durmazdy. Sebäbi Ýyldyz onuň indi öz baldyzy, Saparyň gyz jigisi Aýşatdygyny bilýärdi. Wah, ýöne şu gelinler bar-da, olaryň her haýsam bir zat pikir eder. Biri: “agsama howlugýar-ow, görgüljik” diýer, ýene biri bir zat diýer, üçinjisi bolsa özüçe: “nirä gyssanýaň, asyra. Barybir, şol gujak senden sypmaz” diýen bolup käýiner.

Sapar diýende ýadyna düşdi. Ýyldyz Saparyň ýüz-keşbini ýadyna saljak bolup çytraşdy. Emma basarmady, Saparyň adyndan başga hiç zat Ýyldyzyň ýadyna düşmedi. Diňe Saparyň “Sapar” ady bilen, onuň özüne sypaýy ýigit bolup görnendigi Ýyldyzyň ýadynda galypdyr eken.

Ýyldyz Saparyň suratyny däl-de, özüni ýekeje gezek duşuşanlarynda görüpdi. Onda-da az salymdan soň känbir düzüwli gepleşmän hoşlaşypdylar. Olaryň şol duşuşyklarynyň bar dowamlylygy iki sagada-da çekmändi. Bu gün bolsa gelnaljy maşynda otyrkalaram, oba arçynynyň jaýynda nika şertnamasyna gol çekýärkälerem, Magtymguly atamyzyň ýadygärligine gül goýýarkalaram, soň guşak çözdürilende-de, Ýyldyz ýeke gezegem gabagyny galdyryp Saparyň ýüzüne seredip bilmändi…

Birden gep-gürrüň tapba kesildi. Ýyldyz daşynyň gugaryp galandygyny diňe şu wagt duýdy. Ol gyzlaryň nädip çykandygyny hem, haçan çykanyny hem duýman galypdy. Saparyň ýeňňeleriniň biri egninden çalaja sypalap, göwünlik berenini-de, maslahat bereninni-de eşitmändi. Hatda saçak ýazylyp, saçagyň üstüne dürli-dümen üýşürilenini-de aňşyrmandy…A belki aňşyrandyram, görse-görendirem, ýöne aljyraňňylykdan, howsaladan ýaňa üns beren däldir.

Bu bolup geçýän zatlardan Ýyldyz garaňkynyň düşendigini çaklady. Gyzyň bedenine howsalaly galpyldy aralaşdy. Näme üçindir titräp başlady. Gorkumy, howsalamy, näbelli bir zadyň işiginde duranlygy üçin bilesigejilik duýgysymy… garaz, bir topar üýtgeşik duýgulardan garym-gatym bolan, gyzlaryň ömründe ýeke gezek duýýan duýgusy Ýyldyzy aýaklarynyň dyrnaklaryndan saçlarynyň ujuna çenli doldurdy…

Öňler ýaş gyz döwürleri şol syrly matal bolup görünýän gapynyň aňyrsynda, ýigit bilen gelniň arasynda nämeler bolup geçýändigi Ýyldyzda ägirt uly gyzyklanma döredýärdi. Her gezegem agşam düşüp, kürtäniň aşagynda sülmüräp oturan gelniň ýanyndan gitmeli bolanynda Ýyldyz gapydan çykyp barýarka gelne hem-de ýaş çatynjalaryň otagyna höwesden doly bilesigelijilik bilen seredip galýardy.

Ine, indi bolsa Ýyldyzyň özi şol höwes hem bilesigelijilikden doly nazar oklanýan, tapmaça ýaly otagyň içinde, ýetginjek gyz gözlerini höwes bilen özünde az wagtlyk saklaýan owadan gelin kürtesiniň aşagynda sülmüreýän gelin bolup otyr. Ýöne näme üçindir Ýyldyzyň aňynda bu wagt hiç hili höwes ýokdy… Dogrusy, höwes bardy, ýöne bedeniň, damarynda gaýnap duran ýaş ganyň gyzgyn höwesini aljyraňňy aň duýmaýardy. Entek üýtgeşik bir kynçylygy-da, kynçylykdan soň şeýlebir ajaýyp bolup görünýän şatlygy-da duýup görmedik, gögele gyz aňy öz aljyraňňy tolgunjyna gümrady.

Birdenkä Ýyldyzyň aljyraňňy, ugur-utgasyz, bir-birine gabat gelmeýän pikirleri gaýyp boldular-da, olaryň deregine üstünden üç-dört ýyl geçen wakanyň düýşe öwrülip giden ýatlamasy peýda boldy. Bu kakabaş hakydanyň işidi. Ol ýene-de bir gezek düýbünden gerekmejek ýerinde özüniň bedene we aňa boýun egmeýändigini görkezýärdi. Hakyda müdümilik wepadar, göwre bilen aňa hemişelik dönük gözler bolsa gabaklaryny sallap nepis halynyň göllerinde şol geçip giden gurbanlygy görýärdiler…

Äpet hiňňildik asmana ýetäýjek bolup bat alýardy. Hiňňildigiň üstündäki üç sany gyzyň köýneklerine çolaşýan bezzat şemal öz ýyndamlygyna guwanýan ýaly, gyzlaryň ýuka köýneklerini baýdak edip birsalym pasyrdadýardy-da, öz ugruna geçip gidýärdi. Göz açyp-ýumasy salymdan bolsa ýene-de dolanyp, öňki hereketlerini gaýtalaýardy. Hiňňildigiň üstündäki gyzlar—Ýyldyz bilen iki jorasydy. Olardan başga hiňňildigiň üstünde ýene-de bir oglanam bardy. Ol Ýyldyzyň öňünde durdy.

Ýyldyzyň joralarynyň gorkup ugrandyklary mese-mälim bildirýärdi, hiňňildik her gezek belende galanda olaryň ýüzleri duw-ak bolýardy. Olar eýýäm bat almalaryny goýupdylar. Ýyldyz bilen ol oglan bolsa gyzlaryň "besdir-le" diýişmelerine, hiňňildigiň urganlarynyň halparýandygyna hem-de aşakdakylaryň nägileden gaharly gygyryşmalaryna üns bermän, bat almaklaryny dowam edýärdiler.Ýyldyz her gezek hiňňildik belende galyp, aşak gaýdanda gursagynda süýjümtik sorulma hem-de tutuş durkuny gaplap alan, düşnüksiz şatlygy duýýardy.

Oglanyň düşnüksizlikden doly, birhili agras, dynnym ýalyjagam oýunsyz garaýan gözleri Ýyldyzyň keşbini, bakyşyny, elleri bilen urgany gysymlaýşyny… umuman her bir zadyny nebsewürlik bilen synlaýardylar. Onuň gözleri içiňi deşip gelýän bihaýady. Olar birhili Ýyldyzyň her bir oý-pikirini, duýgusyny bilip duran ýalydy. Ýyldyz oglanyň bakyşyny halamaýardy. Onuň näme üçin beýle seredýändigine düşünmeýärdi. Entek özüni bileli bäri oňa hiç kim beýle seredip görmändi, hiç kim…

Gapynyň aňyrsynda eşidilen gykylyk-gowur, gülki sesleri Ýyldyzy özüne getirdi. Onýança-da otagyň gapysy şarkyldap açyldy. Içgilidikleri bildirip duran ýigitler Sapary "hangöter" edip otaga saldylar-da, Ýyldyzyň ýanynda oturtdylar. Saparyň agzyndan hem aragyň çalaja ysy gelýärdi. Meger batyrlyk üçin azajyk ýelmändir.

Otagyň içini aragyň-çilimiň ýsy tutdy. Bu yslar häli gyzlaryň otaga gaýgyrman sepen atyrlarynyň ysyny-da basdy. Ýoldaşlary kän eglenmediler. Hersi Saparyň egnine

kakyp bir zat diýişdiler-de, otagdan çykyp ugradylar:

-Seret, Sapar jan, asgynlaýmagyn!

-Gelnejemiz Akdaşaýakdandyr. Akdaşaýakly gyzlar bolsa gaty dogumly bolýandyrlar, birden çaý gaýnatmaly bolaýma!

-Biz-ä ýöredik welin, “Sapar jandygyňy” unydaýmagyn-how!

Ýoldaşlary çykyp gidenlerinden soň, Sapar Ýyldyzyň ýanyndan turdy-da, üsti dürli-dümen çüýşeler, gowurlan bagyr-öýken goýulan saçagyň başyna geçdi, aýbogdaşyny gurup, eýemsiräp oturdy:

-Indi näme otyrsyň, geç-dä saçagyň başyna! – diýende Saparyň sesiniň äheniňde hojaýynsyramak eşdildi. Saparyň aňynda: “Aýaly başdan”, “Gamşy gowşak tutsaň el gyýar” diýýän akylly adamlaryň aýdan nakylly sözleri aýlanýardy. Ýaňky içen aragy bolsa oňa hasam beleň berýärdi. Onsoňam ol özüniň ýöwselliginiň, aljyraňňy tolgunmasynyň üstüni gaharly batyrsyramak bilen basyrjak bolýardy…

Arakdyr çilimiň ysyny alan badyna, ertirden bäri duz datmadyk, üstesine-de uzakly günläp kürtä gabalyp oturan Ýyldyzyň ýüregi bulandy. Hälden bedenini dolduryp duran üýtgeşik tolgunma nirädir bir ýere ýitip ugrady, onuň ornuna bolsa lapykeçlik geldi.

Saparyň çagyryşy Ýyldyzyň içine bükgüldi saldy. Turup saçagyň başyna geçmäge utanýardy. Gymyldaman oturmaga-da Sapardan çekinýärdi. Iki oduň arasynda galan Ýyldyz näme etjegini bilmän, bir gozganjyrady-da kürtesini has aşak çümrüp, otyryberdi.

Gelniniň diýenini etmänine Saparyň arakdan we deň-duşlarynyň sözlerinden meçew alan aňy jaslap gitdi:

-Näme-eý; eşideňokmy? – diýip, Sapar azgyrlanda Ýyldyz ziňkildäp gitdi. Titräp oturşyna Ýyldyz nädip turup saçagyň başyna geçenini-de duýmady. Ýyldyz ýerinden turanda-da kalbynda hälki tolgunçly duýgularyň az-owlak düşnügi bardy, emma iki ädim ýöräp, saçagyň başynda aşak oturanda bolsa Ýyldyzyň kalbynda ýaş gelniň şol süýji duýgusyndan hiç zat galmady. Oňa derek haňlap ýatan boşluk peýda boldy…

Şaçagyň başynda-da Ýyldyz öňküsi ýaly bir gysym bolup oturdy. Özi çörek döwnen Sapar bolsa çöregi saçagyň üstünde goýdy-da:

-Başyňdakyny aýyr-da, näme sergä gelendirin öýdýäňmi?-diýdi.

Emma Ýyldyz ony eşitmeýän ýalydy. Muňa bolmajysy bolan Sapar gahar bilen nahar iýilýän çarşagy eline aldy-da, ýatan ýerinden birden dikelip, gaharly pyşyrdady:

-Aýyr diýdim, aýyr. Näme diňlemejek bolýarmyň? Bol çalt özüňem çörege ýapyş, bu ýerde seniň näziňi çekjek adam ýok…

Ýyldyz birden hopukdy. Saparyň bolşuna özüni gark bolup barýan ýaly duýdy. Dünýäsi daralyp, otagyň dört diwary üstüne süýşýän dek bolan Ýyldyz tas möňňüripdi. Zordan özüne basalyk berip, kürtesini aýyrdy-da, epläp gapdalynda goýdy. Soňam şu gün bişirilendigi bildirip duran ýumşak çöregiň gyrasyndan bir azajyk döwündi. Emma çöregi agzyna salsa-da saldy hem welin, ýüregini gaplap alan çykgynsyz güne düşeniň duýgusyndan ýaňa bir dişlem mele-myssyk çörek Ýyldyzyň bokurdagyna tegek boldy, çeýnäp–çeýnäp zordan ýuwutdy.

Hernäçe basalyk berjek bolsa-da, Ýyldyzyň ýüregi howlap alyp barýardy. Onuň ylgap daşary çykasy, soňam bir wagtlar garagolja gyzjagazka edişi ýaly, gollaryny ganat

ýaly ýaýyp, güýjüniň ýetdiginden ylgap, öýlerine, ejesi – kakasynyň, jigileriniň ýanyna gidesi gelýärdi. Bu otag Ýyldyzy gysyp – gowurýardy, mynjyradyp barýardy. Howlaýan ýürek diňe Ýyldyzyň göwresine, bu otaga däl, eýsem garaňkylyga gaplanan giň jahana sygman, daralyp – daralyp oýmaga dönen gursakda iki-baka urnup, pelesaň kakýardy, ýagtylyk gözleýärdi. Ýagtylyga çykmak üçin petige dönen kükregi, urunyplar ýaraýjak bolýardy…

Sapar bolsa howlukman çöregini iýip boldy-da, töwir galdyrdy. Ýerinden turup, Ýyldyza gözüniň gyýtagynam aýlaman, otagdan çykyp gitdi. Ol çykan badyna-da, Ýyldyz kürtesini atyndy-da, burça bakdy.

Kürtäni atynmagy bilen Ýyldyzyň azajyk göwrümi giňän ýaly boldy. Ýüreginiň howlamasy hem galdy. Söýülip, ägirt uly arzuwlar bilen, ýagşy niýetlere beslenip tikilen gelin kürtesiniň ýeňiljek agramy hem-de lowurdap duran nagyşlary Ýyldyza kömek berip, näzik ýürekden lapykeç boşlugy, gorkyny kowýan ýalydy…

Az salymdan otaga Saparyň ýeňňesi girdi. Gülümjireýän gelin otaga girip, ilk-ä, saçagyň üstüni ýygnaşdyrdy, soňam howlukman töre düşek ýazyp, ýorgan bilen iki sany ýassyk atdy. Birdenem bir zat ýadyna düşüp, düşegiň üstüne täzeje, akja prostyny ýazdy. Soňra ýygrylyp oturan Ýyldyzyň egnine kakyp bir zatlar diýişdirdi-de, otagdan çykyp gitdi. Emma Ýyldyz ol gelniň maslahat berendigine-de, göwünlik berendigine-de düşünip bilmedi.

Sapar otaga girip çyrany öçüreninden soň bolsa Ýyldyzy şeýlebir galpyldy gaplap aldy welin, edil ýöne elini – aýagyny ýitirdip barýardy. Ýyldyzyň ähli ysgyn – deramaty gidip, başy aýlanyp ugrady. Haçan-da Sapar ýeňsesinden gelip özüne ýapyşanda bolsa Ýyldyz tas zyňlyp honda düşüpdi. Emma ysgyny bolmansoň ýerinden gymyldap hem bilmedi.

Onuň essi aýylara golaýlady. Otagy dolduryp duran tümlügiň içinde otly halkalar görnüp başlady. Olar barha köpeldiler, sepleşip tutuş otagy gaplap aldylar.

- Eşikleriňi çykar -diýip, Sapar gulagynyň agzynda titreýän sesi bilen pyşyrdanynda dili äňine ýelmeşen Ýyldyz näme üçindir ysgynsyz: “Ýok, ýok!” diýdi-de, sandyraýan elleri bilen kürtesiniň çetlerinden tutdy.

Gany depesine uran Saparyň maslahatçylaryň haýsynyňdyr diýen: “Diýeniňi etmejek bolsa näzini çekmegin-how. Ugruna kowsaň, soň depäňe çykaýar” diýen sözleri kellesine geldi. Ol ajaýyp kürtäni diňe ajaýyplygyna gahar edýän ýaly silkip Ýyldyzyň başyndan sypyrdy-da, eliniň tersi bilen garaňky otagyň bir burçuna zyňdy. Soňam ysgynsyz garşylyk görkezip bilmeýän Ýyldyzyň goşaryndan tutdy-da, gara güýjüne daýanyp, sandyraýan göwräni halynyň üstünden süýräp düşege eltdi. Ýyldyz ýerinden turjak boldam welin, Sapar gelnini arkan basdy…

Hiç zadam bolmady. Ýerem goduklamady, asmanam ýere inmedi, ýyldyrym çakyp, gögem gürlemedi. Hiç zat bolmady. Diňe şunuň ýaly ýagdaýda kimiňdir biriniň öz elýetmezi, hiç zada deňäp bolmajak mukaddesligi hasaplap ýören hazynasy ýyldyz süýnen ýaly şeýle aňsatlyk bilen tüm gijäniň garaňkylygyna siňip gitdi. Nätjek, dünýe her kime birhili açylýar-da. Bu ýerde-de üýtgeşik bir geň galyp oturasy zat hem ýok…

…Az salymdanam öýlenen ýigdiň ukuly myşlamasy eşidilip ugrady…

Öňküsinden üýtgän kalby boşap galan, ýok edilene dönen Ýyldyz eýýäm adamsy

bolan kişiniň oýanaýmagyndan çekinip, esli salym doňan ýaly bolup ýatdy. Aňyrsoňy özüne zor salyp, başyny galdyrdy. Sowuk aýazda galan ýaly saňňyldap, ýerinden turdy-da, garaňkynyň içinde sermeläp, zyňyşdyrylan geýimleriň arasyndan özüniňkileri tapyp geýdi. Otagyň garaňky burçunda köne esgi ýaly bulam – delem bolup ýatan kürtesinem tapyp, başyna atyndy-da, iň garaňky burça geçip, çugutdyryp, bir gysym bolup ýygryldy. Kürtesiniň gyralary bilen ýüzüni ýapdy.

Jümle–jahan edil otagyň içi ýaly garaňkydy. Penjirelere galyň tutular tutulanlygy zerarly garaňky asmanyň ýyldyzlary hem görünmeýärdi. Ýary gijäniň bolandygyny aýdyp gygyrýan horazlaryň sesinden başga hiç zat gijäniň ümsümligini bozmaýardy. Otagyň içinde çuw-ýalaňaç bolup ýatan adamyň teni akjaryp, buldurap görünýärdi. Äpet dünýäniň ýarsy edil Sapar ýaly uklap ýatyrdy, Ýyldyzyň gözlerine welin, uky gelmeýärdi…

…Gyz arzuwlary, arzylanyp ýetilen gelin hökmündde özüňi görmek, süýji durmuş hakdaky süýji umytlar, söýgi hakda, söýlüp–söýüp, bir–biriňi sylap, är–aýal bolmak hakynda edilen lezzetli pikirler… bu zatlaryň bary özüniň aglaýanyny-da duýmaýan Ýyldyzyň gözlerinden hünibirýan dökülýärdi. Şol hiňňildik bolsa barha bat alýardy. Hiňňildigiň üstündäki oglan hem ýuwaşlyk bilen Ýyldyzyň elleriniň üstünden eli bilen gysymlaýardy-da, gözlerine garap:

-Ýyldyz, men seni gowy görýän -diýip pyşyrdaýardy. Ýyldyz bolsa siltenip ellerini oglanyň elinden sypdyrýardy:

-Samsyk, sen kime, näme diýýäniňi bir bilýäňmi?!—diýip, ýüzüni aşak salýardy. Hiňňildikden düşenlerinde ýene-de ikisiniň nazarlary kaklyşýar… Oglan oňa ýene-de şol öňküsi ýaly bihaýa seredýär…

Ýyldyz indi düşündi. Şol bakyşyň bihaýa däl-de, agyrylydygyna, şol bakyşdaky düşnüksiz zadyň agyrydygyna, hut şu pursatda düşündi.

Ýyldyz aglaýardy. Hälki ýeňiljek bolup görnen gelin kürtesi bolsa şeýlebir agyrdy, şeýlebir agyrdy welin, naçaryň ejiz göwresini ýere sokup gelýärdi…

„Garagum“ žurnalynyň 1999-njy ýylyň XI sany

## Kör

**“Bagt näme?”**
(awtordan)

Awtobus saklandy. Olar düşdüler. Awtobusyň içindäki ýolagçylar eli hasaly kör agasynyň golundan tutup, idip barýan ýaş ýigdiň sürüjä ýol hakyny töleýşine seredip başlaryny ýaýkaşýardylar:

-Häý neresse, bolsa ýigrimi dört – ýigrimi bäş ýaşyndadyr. Bu ýaşda görer gözden jyda düşmek…

-Hawa-da. Näme diýdi? “Gözüme garasuw indi” diýäýdi öýdýän.

-Wah neresse! Derek boýly ýigit-dä…

Inisi Şähere garaşyp, agramyny hasasyna atyp duran Derýa ýolagçylaryň bu hyşy-wyşylaryny eşidip, gözleriniň görmeýändigi üçin özüni birhili bolmasy iş eden ýaly

duýýardy…

Şäher bolsa hasaplaşyp boldy-da, Derýanyň elinden tutdy:

-Ýör, agam!

“Bäý, bu sürüjileriň gymmatçyldygynaý: “ýanynda maýyp bar, şundan ýol hakyny almaýyn” hem diýmeýärler” diýip, içinden gaharly pikir öwren Şäher agasynyň elinden tutup, baglaryň aşagy bilen çeşmä tarap ýöneldi. Derýanyň bolsa, göwnüne bolmasa, ýolagçylaryň nebsagyryjylykly garaýyşlary entegem ýeňsesinden seredip duran ýalydy.

”Häý neresse” diýip, Derýa ýaňky ýolagçylaryň biriniň diýen sözüni içinden gaýtalady, “neresse bolaýşymy. Ne gözel adamlaryň ählije keýpin-ä bozandyryn. Olar-a aýda – ýylda bir gezek iş – aladalaryndan sypynyp, dynç almaga gaýdandyrlar, a men bolsa ýollarynda duşup, bolanja şatlyklaryny dyr – pytrak edendirin… Gow-a bolmadow… Wah, şu Şäher gaýtmajagam boldy-la. “Näme işimiz bar?” diýse-de, ýalbaryp – ýakaryp, halys gününe goýmadym-da”.

Olar ýöräp barýardylar. Birdenkä Derýa Gökdere jülgesiniň tämiz, şol birwagtlardan bäri ýatda galan howasynyň öz kükregini dolduryandygyny duýdy. Şol bada ol özüni unudyp ugrady. Birküç gezek uludan – uludan demini alandan soň, onuň gursagy giňäp giden ýaly boldy. Derýa özüniň şeýlebir ýeňleýändigini we on iki süňňüni düşnüksiz şatlygyň gaplap alýandygyny duýdy. Şol bir wagtky ýatlamalar, onuň onunjy synpda okap ýören on ýedi ýaşly ýigdekçekä Gökderä mugallymlary bilen ähli synpdaş oglan – gyzlary bolup gelen gezekleri… Arassa howa bilen bilelikde bularyň bary birden Derýanyň ýüregine döküldi. Şol pursadam Derýa edil öz gözleri bilen görýän ýaly daş – töweregini gurşap alýan ähli ajaplygy anyk gördi. Ýap- ýaşyl baglar, baglaryň şahalarynda saýraýan guşlar, al-ýaşyl öwüsýän baýyrlar, aýaklarynyň astynda aşak egilýan otlar, güller, uzagrakdan sesi gelýän çeşme, şemalyň döşüňi ýalap – ýalap geçmesi, onuň akymlarynyň ýapraklara çolaşyp turuzýan şagyrdysy, onsoňam owazlar, owazlar, owazlar…

Tebigatyň dirilige, ýaşamaga, bagtly bolmaga, çyn ýürekden söýmäge, dostluga, ynama, umyda çagyrýan owazlary… Hanha, hol ýerde bolsa on ýedi ýaşly Derýa öz deň-duşlary bilen top oýnaýar, garagolluk edýär, her dürli degişmeleri aýdyp, assyrynlyk bilen synpdaş gyzlarynyň öz gürrüňlerine gülüşişlerini synlaýar. Olaryň gülküsine özem gülýär, sebäp olaryň jakgyldysy şeýle owadan, şeýle şadyýan hem biygtyýar gülmäge mejbur edýän ýokanç… Aňyrrakda bolsa onuň mähribany, begenji, guwanjy, arzuwy hem baha tapylmajak baýlygy Gülnabat öz jorasy bilen bir zatlar hakda gepleşip otyr. Onuň gözlerem ogrynlyk bilen gabak astyndan ala-gykylyk turzup topuň yzyndan ylgaýan Derýanyň her bir hereketini yzarlaýar. Ine-de kimdir biri badak atýar welin, Derýa ýykylýar, şol bada-da Gülnabat içini çekip, galkyjaklap gidýär. Derýa bärsine bakanda olaryň gözleri sataşýar. Gülnabat gyzaryp beýlesine seredýär, Derýa-da aljyranynyň üstüni basyrjak bolup, kimdir biri bilen bilgeşleýin goh turzup, dawalaşyp başlaýar… Derýa süýjülik bilen gerindi. Onuň tutuş endamyna dirilik suwy ýaýraýan ýaly, ol öz ganynyň damarlaryny yzarlap gidişini duýdy.

Bu guşlaryň owazy oňa öz toýunda bagşynyň aydym aýdyşyny ýatladýardy. Şemalyň ýüzüni – döşüni sypamasy ilkinji gijelerinde Gülnabadyň pamyk ýaly ýumşak elleriniň we bägül ýapragy ýaly mahmal dodaklarynyň özüne galtaşmasyny onuň

hakydasynda oýarýardy…

Birdenkä Derýa tolgunyp gitdi. Onuň bogazy doldy. Duýdansyz ýerden garagynyň gapylmagy, lukmanlaryň hiç hili umydyň ýokdugyny aýdanlaryndaky lapykeç höwessizligi… Gülnabada özüniň ömürlik maýypdygyny aýdyp: -Gülnabat, ak ýürekden saňa rugsat berýärin. Bir batyla daňlyp, bagtyňy ýatyrmagyňa ynsabym çatmaz. Sen ýaş. On iki synasy sagat birine durmuşa çykarsyň, menden saňa rugsatdyr. Seni saklamaga çakym ýok- diýmesi…

Derýa kükreginde bir zatlaryň gaýnaýandygyny we ýaňagyndan syrygýan ýyly damjalary duýdy. Ýene-de, gör, indi näçenji gezek onuň hyýalynda Gülnabadyň şol günki bolşy janlandy.

…Derýanyň diýýänlerini diňläp, Gülnabat birbada kiriş ýaly dartylyp, doňup durupdy. Birdenem Derýanyň aýaklaryny gujaklap, ýarym-ýaş aglap ugrapdy:

-Kowma meni, Derýa jan, kowma! Men sensiz ýaşap bilmerin! Kowma janyňa–gözüňe-başyňa döneýin, kowma, mähribanym! Men sensiz näme edeýin ahyry?! Rehim et maňa, eger talagymy berseň, men özüme kast ederin…

Şonda Derýa titreýän elleri bilen Gülnabadyň gözýaşly ýüzüni ýokary galdyrypdy we tagaşyksyzlyk bilen süpürişdiripdi:

-Düşün Gülnabat, men maýyp ahyry. Kör! Soň ökünersiň.

-Ýok, ýok…

Derýa başyny ýaykady-da, Şähere bildirmejek bolup, ýaňagyny süpürdi. “Päheý, akmak menem-ä. Kelläme gelýän zatlary diýsene” diýibem özüne içinden käýindi, emma ýene-de öýünde Gülnabadyň gyzjagazlaryny suwa düşürmek üçin garabaşynagaý bolup ýörendigi hakynda süýjülik bilen oýlanman bilmedi.

-Şäher, seret, nähili owadan! Gaty köp wagt bäri gelesim gelip ýördüm welin, meni bu ýere getirip gaty oňaraýdyň. Sag bol, inim!

Melleginde iş kändigi hakda pikirlenip, işlerine ýetişmeýändigini kimdir birinden görýän ýaly, gaharly Şäher:

-Hä, hawa -diýip, aljyraňňy jogap gaýtardy-da, ýene öz pikirlerine gümra boldy: “Bazarda hyýaryň bahasy hem pese gaçypdyr.” Şäher içinden paýyş sögündi: “Şu gidişine gitse, hyýardan geçen ýylky ýaly girdejem alyp bolmaz. Häk, şu heleý bir öýe barýançak hyýary bejerip bolsa… Haý, ýöne näbileýin-dä! Baryp gyssap ugrasaňam: “çagalar işlemäge goýmadylar” diýen bolar. Häk seniň bir, şeýtan garnuwly. Beh, ýogsa-da bu ýyl ekinden näçe alarkam… Altmyşa dagy barandyryn-da… Häk şu garamaýagyň güni bar bolsun-la…. Ekinden bir zat alyp günüňi dolaýmasaň, aýlyk bilen-ä hiç zada-da ýetirinip boljak däl… Ýogsa-da, şu başlygam-a: “aýlygyňy köpeldeýin, wezipäňi galdyraýyn” diýen bolýar welin. … Aý ol hem menden bir zat hantamadyr. Ýaglamasaň ýöremez. Goltugyna garpyz gysdyryp bilýän-le… Ýaranjaňlyk eden bolýarsyň welin, çişip ýarylaýjak bolýar, hondan bärisiräp…”

-Şäher, bu guşlary bir diňlesene! Häk şu çagalary hem alyp gaýtmaly ekeni. Olaryň hem göwni göterilerdi…

Derýanyň sesi ýene-de Şäheriň pikirleriniň arasyny böldi. Öňem işini taşlap bu ýere gaýdanyna jany ýanyp duran Şäher gödek jogap gaýtardy:

-Bolýar-laý, agam, diňläbersene, meni bir öz günüme goý-da! Maňa näme azar

berýärsiň?

Şäheriň bu jogabyna Derýa birhili bolup gitdi. Birdenem ol öz ýüreginde Şähere erbet bir zat diýip, onuň göwnüne degmek, hasam beter gaharyny getirmek isleginiň döreýändigini duýdy. Emma ol şol bada öz köşeşdirdi: “ Ýok, ýok, adamda sähelçe göwün bar. Heýem bir adamyň ýüregini sähelçe zat üçin agyrdyp bolarmy?! Ondanam bir gün bolarmy?…” Derýa özüne basalyk berdi-de, uludan dem aldy.

„Garagum“ žurnalynyň 1999-njy ýylyň XI sany

## Garaşmak

…Girdi-çykdy garaşdy. Sekiniň üstünde otyrdy, soň öýe girip, düşegine geçdi, emma ýene-de ynjalyp bilmän, derwezeden çykyp, köçä seredip durdy, ýöne köçäni dolduryan gözedürtme garaňkylykda hiç zat saýgaryp bilmän ýene howla girdi-de, baryp agaç sekiniň üstünde oturdy. Alabaharyň çigreklije howasy ýeňiljek geýnendigi zerarly endamyny tikenekletse-de: “Ynha geler, häzir geler” diýip kän oturdy. Garaşyp oturşyna hiç ynjalyp bilmän ýene öýe girdi .Düşegine geçmänem parahat uklap ýatan çagalaryna birlaý göz gezdirip çykdy.

Kiçijik Gözeljik üstündäki ýorganyny serpipdir, indem ukydaka üşäp, ýygnanypjyk bir gysym bolup ýatyrdy. Ýuwaşlyk bilen pişik basyşyny edip Gözeljigiň ýanyna bardy-da, gyzjagazynyň üstüne ýorgany örtdi.

Wepa-da basyrganýarmy – nämemi, ýassygynda iki ýana urunýar. Wah-eý kyn bolýandyr muňa, elbetde mekdebe gidýän birinji ýyly bolansoň ýadaýandyr, agyrrak düşýändir, şonuň üçinem ýadawlygy zerarly basyrganýandyr. Ol Wepanyň ýanyna süýşdi-de, onuň garaja galpaklaryny sypady. Öz ejesiniň mähriban ellerini duýan Wepa urunmasyny goýup, rahatlandy, birdenem düýşünde bir zada ýylgyrdy welin, onuň kiçijik süýt dişleri akjaryp gitdi.

Çaryýaryň kellesem-ä diwara has golaý barypdyr ýaly-la, häzir çala gymyldasa kellesi düňküldäp diwara deger. Ol welin, dünýäni suw alsa topugyndan däl, gaty arkaýyn ýatyr. Asyl Çaryýar kiçiliginde-de şeýledi-le, ukusyna ejiz, ýatanda-da gaty agyr ýatýardy. Gullukdan gelensoň-a indi hasam beter, ir bilen dagy oýaraýjak bolsaň görgi baryny görkezýär.

Onuň ýüzünden näme üçindir ýylgyryş syrylmaýardy. Belli-le. Bu gün şähere gidip öz gelinligi bilen duşuşyp gelendir. Indiki ýaşlar-a birhili bihaýa-da bolupdyrlar, gyz. Ilk-ä bir gün işden geldi-de: “Eje, meniň ugruma çykypsyňyz diýip eşitdim welin, şol dogrumy?” diýäýdi ýüzüme seredip. Ýüzi dagam gyzaranok, ap-arkaýyn diýjegini diýip dur. Ugruna çykyp ýörenimiz çyn bolansoň: “Hawa” diýdim. Onda diýýär: “Eje, pylanylara baraýyň”. “Göwni giden bolsa…” diýip bizem munuň diýen gyzyna sawçylyga baraýdyk. Bu günem ynha şähere görme – görşe gidendir, hem-ä gyzy görmäge, hemem özüni görkezmäge.Ýöne bularyň bir zatlaryna welin, düşünip bilmeýän. On bir ýyllap biri – birine belet bolmadylarmyka? Özler-ä birinji klasda okap başlanlary bäri bir partada oturypdyrlar, ýene-de bulara görüşmek gerekmiş…

Dogrusy meniň-ä ol gyza kän bir göwnüm ýetmeýär. Ýöne näme özi halan

bolsa…Hudaýym, şularyň ýüzünden ýylgyryş uçandan, müň gezek öz göwnüňi ýykanyň gowydyr. Ýylgyrawersinler, hernä! Ol Bibiniň ejesiniň häsiýeti erbet, şonuň üçin halamok-da…Bular-a näme, görk-görmek bolsa bolýar. Göze öýlenseňem ýürek bilen oňşup ýaşaşmalygyna, gyzlaryň içi nähilidigi näbelli, daşy owadan garpyzdygyna düşünmeýärler-dä, entek…Soň sähel zat üçin gyzyna gep berip, günlerini bulap ýörse, ol hem gowy däl. Hudaý janyň özi gowysyny edewersin, hernä! Ýogsa göz öňünde tutup ýörenjäm, beletje zadym, Jemalyň gyzy Dursun janam, tüweleme gowy gyz-la…Nesip bolsa toýam ederis… Ýöne şu Bibiniň ejesi, aýbygadym heleý, ýükümiz-ä ýetirer… Salyp bilenini salar, onsoň çyk-da ol zatlaryň aşagyndan…Aý bolýar-da, göwnümi bir giň tutaýyn…Janymyz sag bolsa, hudaý ýetirer-dä, bir ýerden.

Iň kiçim Geldi janam, ýene togalanyp-togalanyp kakasynyň gujagyna giripdir. Ol hem şu çagalarymyz diýip, öýüm-maşgalam diýip janserek-dä. Saçlaryna çal sepip ugrapdyr, özem indi ýaşynyň gaýdyşany bildirýärmi nämemi, uklanda ýaman bimaza ýatýar. Wah, görmedik güni ýokdur-la bu Rahymymyň! Menden dagam ýedi-sekiz ýaş uludyr bi…ýaşlygyndan ýetimçiligi, kakasynyň taşlap gitmegi, öweý atasynyň zabunlygy… Gaýnym pahyr süňksüz gowy adamdy welin, näme ýekeligem kyndyr-da… Onsoňam näme, ýaşlyk ýaşlyk bolýar-da, awunsaňam, awunan zadyňa ýene-de bir ýapyşsaň bagta ýetäýjek ýaly bolup duransyň…

Ikilenç äre çyksa çykypdyram welin, güni it görse gözi agarar diýýänleri bolupdyr-da, pahyryň. Soň sudlaşyp-hökümetleşip, aýrylyşypdyram welin, öweý kakalygy Rahymyň kalbyna oglanlykdan bitmez ýara salypdyr-da. Serhoş bolup gelende, kakalygyndan gorkuşy, ejesiniň enjilişi. Hälem bir neresse çaganyň sessiz aglap duranyny göräýse, ýumrugy daş ýaly düwlüberýä. Gaty aglamaga-da gorkup, bir burçda sessiz-üýünsiz aglap gezen günleri ýadyna düşýändir-dä. Gaýynenem pahyr, ýüregagyrylydy hem…Wah, onça zady görüp, ýüregagyryly bolmaz ýalymy?! Pahyr Çaryýaryň aşak ýanyndaky gyz, Sülgün bolanyndan soň, göze ilmän, asuda ýaşaýşy ýaly, hiç kime duýdurman, sessiz-üýnsiz, tarpa-taýyn gidiberdi…ýer ýaly ýuwaş zenandy pahyr. Munymyň saçyndaky aklaryň ilkinjileri hem ejesini gara ýere beren güni peýda bolan bolmaly. Edil ýöne, ýüregi üzülene dönäýdi, mähribanymyň. Emma barybir erkeksiräp, mertlige saldy, syr bildirmän, gelen-gideni sowdy, ejesiniň kyrky geçýänçä çydady, soň bolsa ýanyny ýere beräýendir… Şol keselden saplanyp bilmänem bir-küç aýlap dagy düşekden galman ýatdy. Indem käteler gatyrak gahary gelse ýa öteräk tolgunsa elini kükregine ýetirip, ýüzüni ejirli çytyberýär. Ýene-de maňa syr bermejek bolýar. Wah, Rahym jan, men bilýärin-ä, seniň her dem alşyň näme aýdýanyna çenli bilýärin-ä…A öňräkler gelen adam näme?!

Mellekde ýer depip ýördüň welin, derwezämizden ätledi. Oňa gözüň düşen badyna ýüzüň terzi üýtgedi. Ýogsa öň ýanynda gapdalynda torsuk ýalyjak bolup: “Kakama ýer depişýärin” diýip aýagyň astyna çolaşyp, bulaşyp, ýykylyp sürşüp, tomalanypjyk ýören Geldijik bilen degşip, onuň wüjürdisine ha-ha-haýlap durduň…Şol bada ýüzüňden şatlyk alamatlary yzsyz-tozsuz ýitip gitdiler. Guma bulaşyp ýören oguljygymyzyň soňky sözlerine gulak asman, ol gelene tarap gözüňi alardyp ugradyň. Ýogsa sen hiç wagt iň bir gyssagly wagtyň hem körpämiz bir zat diýse jogapsyz goýmaýardyň, şol gezek welin, oguljygyňy eşitmediň hem…Ol adamyň ýanyna barybam ony salam-heliksiz

zatsyz köçä garşy alyp gitdiň. Hatda öýe girmäge-de çagyrmadyň. Gaty çaltam yzyňa dolandyň. Men : “ol kim?” diýip soranymda bolsa, gaharyňy menden çykarjak bolýan ýaly: “bar-how öz işiň bilen bol!” diýip azgyryldyň…Ýok, ýok Rahym jan men senden gaty görmedim, sebäbi özüm günäkärdim, senden soramaly däldim, hasam şol pursat gelen badyňa! Ýöne aýtmasaň hem ol adamyň ejeň ikiňizi taşlap giden kakaňdygyny men duýdum ahyry!

…Ene ýerinden turup, iki uly gyzynyň ýatan otagyna girip gitdi. Otagda Sülgün bilen Jeren ikisi parahat uklap ýatyrdylar. Az salym gyzlaryna seredip duransoň, ene beýleki otaga geçdi. Otagyň törüne ýazylan düşek boşdy.

“Atajan?! Nirä gitdikä! Näme üçin entek bolup gelmeýärkä?” Ýene-de howsala düşüp ugran ene diwardan asylgy uly sagada seretdi, emma otagyň garaňkylygy zerarly wagtyň näçe bolandygyny gözi kesmedi. Parahatlanyp bilmän ene iki ýana zowzuldap başlady: “Nirä gitdikä? Näme bolduka? Näme üçin gelmeýärkä? Ýa Çaryýary turzup, gözlegine iberäýsemmikäm?!…Ýok-la.ony turzaýsam, ol gaharlanar-da, Atajanyň gözlegine ugrar, ony tapybam, gaharyna, urar. Ol hem gedemjedir, agasynyň sürünmesini çekmez, gaýtargy berer, garaz iki dogan bolup, gijäniň içinde masgara bolarlar…Şu ikisine hiç alaç tapyp bolmaýar-da, mydama basdaş, mydama tersleşip, biri-birinden öýkeleşip ýörler. Bu Çaryýar-a ulusyrap öz diýenini gögertjek bolýar, ol Atajanym hem öte gedemje, kakasyndan başga hiç kime baş bermejek bolýar. Ýogsa entek näme ýaşy bar diýsene, ýaňybir on ýedi ýaşady, heniz mekdebi hem tamamlanok. Özi-de itiň aýagyny iýen ýaly, haçan görseň öýde tapylmaýar, garaňky düşdügi: “Eje pylan ýere gitjekdirin”.Ýa gijäniň bir wagty geip: “Pylan ýerden geldim-laý, eje” diýip durandyr…Bu garagolja doňuzjygyň özi ýaly ýoldaşy hem duşupdyr, asyl bulary diňe ýatanlarynda aýry göräýmeseň biri-birinden aýry hem görüp bolanok ahyry…Häzirem görüp otursaň dosty Kerim bilen bir ýerde entäp ýörendir. Kerimiň ejesi Nurgözel bolsa bu wagt edil meniň ýaly zowzuldap ýörendir. Häk garagollar size çygar çybyk bilen ýumşak ýeriňizi sypalamak gerek-dä…! Arman ýöne indi siz çygar çybyk bilen sypalanýan ýaşdan çykyp barýarsyňyz-da… Nirede olar, näme edýärler—heý biler ýalymy? Nädip biljek? Hernä Allaň özi gowusyny edewersin! Sag-aman gezewersinler, nirede gezselerem Hudaýyň özi olary gorawersin! Şu döwürde dagy gorkmaz ýaly hem däl. Niräni görseň tiryekkeş, niräni görseň neşebent ogry—jümriler…Özem kileň dyrnak ýaly—dyrnak ýaly, ýaşajyk oglanlar… Daş edewersin—eý, Alla jan! Şol bela bir uçramawersinler, özüň bir ýüreklerine rehim-şepagat salaweri!..

Oý-pikirlerine gümra bolup, iki-baka gatnaýan ene ýene-de Çaryýary turzup Atajanyň gözlegine ugratmak pikirine dolandy, emma ýene-de bu niýetinden el çekdi. Sebäbi Çaryýary oýaranda Rahymyň hem oýanmagy ahmaldy. Onsoň Atajanyň dat gününedi.

Ene welin, Atajana garaşyp-garaşyp, ýatyp bilmän alada galsa-da oňa käýelmegini, onuň göwnüne degilmegini islemeýärdi. Sebäbi birinjiden-ä ene Atajan hernäçe entese-de onuň erbetlige ýanaşmajagyna gaty ynanýardy. Onsoňam esasy zat ene Atajany beýleki çagalaryndan gowy görýärdi. Bu gowy görmekligiň sebäbi şudy…

…Atajan çagaka gaty gowşajyk hem keselbentdi. Şol zerarly hem onuň azary beýleki çagalarynyňkydan näçe esse köp bolupdy. Bir gezek bolsa ol tas eldenem

gidýärdi…

Şol gije Rahym öýde ýokdy, ol nirädir bir ýere ýatymlyk gidipdi. Ene bolsa birnäçe gün bäri gyzdyrýan Atajanyň basujuny saklap otyrdy. Öňem birki günläp uklap bilmedik ene arasynda özem duýman ymyzgananda, birden Atajanyň hyrkyldysyny eşitdi-de, zöwwe galdy. Ol gök-dalak bolup, demigip barýardy. Ine şol gyşyň garly gyjesinde-de ene kiçijik Atajanjygy gujagyna gysyp, gyňajyny sowuk ýele ykjadyp, oba keselhanasyna ylgapdy.

Keselhanada ýaş lukman oglan Atajany halas edeinden soň:

“Gelneje, ýene azajyk gijä galan bolsaň…” diýip köpmanyly dymypdy. Ene-de şonda iki eli bilen ýüzüni ýapyp, sessiz-sessiz aglapdy, içinden şol azajyk gijä galmandygy üçin, bäbegini almandygy üçin hudaýa müň alkyş aýdyp, begenjine aglapdy…

Ine, şu wagtam enäniň uly alada galyp garaşýanyny şol gyş gijesi ölümden halas edilen Atajandy…

xxxxxx

--Onda haçan duşuşarys, Jemile?

--Ertir agsam şu wagtlar gel-äý!

Dym-gyzyl bolup gyzarýan gyz Atajanyň golundan goluny sypdyryp, yzyna garaman, haýdap gitdi. Saçlarynyň bir örümini eli bilen tutup barýan gyz gözünden ýitensoň Atajan hem tutlukdan çykdy-da, özüne garaşyp duran Kerimiň ýanyna ugrady…

Köne derwezeleriniň jygyldysy eşidilende, Atajanyň gelendigini aňan ejesi, uludan bir demini aldy-da, uklan kişi bolup gözlerini ýumdy.

“ Alla jan, adyňa ýüz müň şükür, sag-aman dolandy! Ýöne, bäbenegine dikilip durmaýyn-da, uklan bolaýyn, ýogsa birhili bolup gider. Balamyň häzir gezjek-ýaýnajak wagty ahyryn. Menem muny duşaklap saklajak bolýaryn!”

Pişik basyşyny edip öýe giren Atajan bolsa ejesiniňem-kakasynyňam parahat uklap ýatandygyny görüp, ýerine geçdi-de, süýji uka gitdi…

Nirä gitsegem, haçan dolansagam, bize mydama garaşýanlaryň bardygyna şükür!…

„Garagum“ žurnalynyň 1999-njy ýylyň XI sany

## Bibiniň begenji

Bibi begenýärdi…

Onuň işleýän ýeri obanyň aňry çetindäki Hammadyň buz gaýmak satýan hususy dükany bolansoň ol öýlerine ýetýänça ep-esli ýöremelidi, ýöne bu gün ol gaty begenýärdi, şonuň üçinem ýöräp däl-de, göwnüne bolmasa, uçup barýan ýalydy.

Eýsem begenmez ýaly hem däldi. Bibi özüniň on dokuz ýaş ömründe ilkinji gezek öz çeken zähmetiniň hakyny-aýlygyny alypdy, özem az – maz zadam däl-de, tutuşlygyna bir million üç ýüz müň manat… Gör, bu pula nämeler alnyp bolar!… Onsoňam munça puly Bibi haçan görüpdir?!… Elbetde öňler kakasynyň agzy arassaka,

tirýek çekmeýärkä, Bibi mundan on esse köp puly hem öýlerinde görýärdi. Ol wagtlar gaty hezildi, sebäbi ol wagtlar kakasy zähmet çekýärdi, garpyz ekip, garpyz satýardy, üzüme seredýärdi, hyýar – pomidor ekýärdi, düşenje puly hem göni ejesine getirip berýärdi, öýlerinde-de kem zatlary ýokdy, ertirki günleri hem gaýgy däldi, iliňkä meňzeş maşynlary hem bardy… Bibiniň hem öýlerinden çykasy gelmeýärdi, bir ýere gitse-de ýüregi atygsap, öýlerine gaýdasy gelip durdy. Sebäbi ol wagtlar gaty hezildi…

Indi bolsa Bibiniň öýlerinde durasy gelenokdy, bir ýere sypyp bilse hezil edýärdi, entegem Hudaýa şükür, şu işe girmegi maňlaýyndan diräýdi…Indi ol halys bez bolupdyr… Ejesiniň zeýrenjinden, zeýrenmese-de ýüzüni sallap, aladaly muňalyp oturşyndan… kakasy bolsa öýleriniň içini ýumurtga togalabermeli edip barýar, maşynlaryn-a bir wagt satdy… dagy hiç ýerde işlemeseň, üstesine-de ol nejisi tütedip ýatsaň, goşuňy sataýmasaň ýa çagalaň agzyndan gysaýmasaň ol nejisi satyn almaga onça puly nireden tapjak?!…

Dogrusy, ejes-ä: “edýän däldir” diýýär welin, Bibi kakasynyň ogurlyk etmeýändigine-de kän bir ynanyp barmaýar, sebäbi ol nejise agyz uran özüň bolma – ogurlykdanam, hiç zatdanam gaýtmarsyň, Hudaý saklasyn, hatda çagaryň hem gözüňe görünmez… Gör-ä, kakasyny… Öň nähilidi, indi nähili?!… Öň: “çagalarym” diýip Bibi dagynyň üstünde kökenekdi, indi bolsa olar dünýäde bardyram öýtmeýär, haçan görseň, öýüň dulunda iki büküdip otyr… Dogrusy, Bibide kakasyna indi öňki ýaly ýylylyk hem galmady, ýöne onda-da näme, kakaň-da…

Kemsinýärem. Utanýaram. Onda-da ýöne–möne kemsinmek – utanmak hem däl-de, ýer-ä ýarylmaýar, ol hem girmeýär, edil ýöne ölüp barýar… Hasam ejesine dözenok… Göwnüňe bolmasa, uly iliň gözünde-de diňe Bibiler ýaly bolup dur. Egsik göwün-dä… deň-duş gyzlarynyň biri göwne ýakmaz çylkasyzyny diýse-de, kakasynyň şeýledigi üçindir öýdýär, kilçigräk oglanlar süwümsizlik edip lak atsalar-da, şonuň üçindir öýdýär. Garaz, kyn-da…

Ýöne häzir welin, ol begenýärdi hem-de aýlygyna näme aljagyny arzuw edýärdi… Ýogsa-da, dogrudanam 1 million 300 muň manat pula näme alyp bolýar?!…

Köwüş… Hol jorasy Arzygülüňki ýaly…

Ýaglyk… Ilerki köçedäki Ogulşadyňky ýaly… Şol ýaglyg-a oňa gelşerem. Sebäbi Bibiniň saçlary şar-gara… hiç hili sarymtyk öwüşgini ýok, özlerem biline ýetip duran up-uzyn…ýaglyk bolsa ak… gara ak gaty oňat gelişýär ahyry…

Ýa-da iň gowusy, daýzasynyň gyzy Jennediň öňräkki toýa geýnip gelen köýnegi ýaly köýneklik alnaýmaly, üstesine-de şol matadan köýnek tikdirmäge-de pul galjak… Köýnek tikmeg-ä özi öwrenäýmeli öýdýän, ýogsa şonuň üçinem pul bermeli-dä… Ýöne ol köýnek geýeniňe diýseň degýär… Şony geýnip toýa dagy çykaýsa, Bibi köp oglanyň gözüni özünde ägindirerdi.

Birdenem öýlerine gerek-ýarak zatlar, ejesi, jigileri, gullukdaky oglan jigisiniň: “pul iberiň” diýip ýazan haty Bibiniň ýadyna düşdi. Gyzyň ýüzünde lapykeçlik peýda bolup ugrady. Emma ýöredigisaýy ýene-de ýüzi açylyşdy.

“Äý bolýar-la! Şol zatlara ýarasa-da, hudaýa şükür! Özi bolsa entek bolanjasy bilen oňuberer-dä, esasy zat, jigisi gullukdan gelýänçä, öýlerindäkileri hor etmezlik…Köýnek, köwüş bolsa indiki aýlykdada alynyp bilýär-le…”

Şu pikirleri bilenem Bibi öýlerine  nädip ýetenini bilmän galdy.

-Hä geldiňmi, gyzym?!

Ol  öňünde duran kakasynyň eňşäp duran ýüzünden onuň azarlydygyny duýdy.

-Bu gün aýlygyň-a alansyň?!-diýip, kakasy ýylgyrjak boldy welin, onuň sandyraýan dodaklary yşnaksyz bir betgelşik zady emele getirdi. Bibi burçda ýüzüni galdyryp, özüne gözleri bilen bir zatlary düşündirjek bolýan ejesine seretdi-de, nädip:

--Howa –diýip, baş atanyny hem duýman galdy.

Kakasynyň ýüzüne begenç şöhlesi çaýyldy:

--Tüýs bolaýypdyr, gyzym.. Hany getir onyňy maňa ber, men bir ojagazyňa öý üçin oduk-buduk alan bolup geleýin…

Ejesiniň: “berme” diýip başyny ýaýkamasyna, kakasynyň bu pula öýleri üçin zat almajagyna düşünýändigine garamazdan, Bibi şeýle begenip alan ilkinji aýlygyny çykardy-da, kakasyna uzatdy…

„Garagum“ žurnalynyň 1999-njy ýylyň XI sany

## Hünär

…Sagadyna seredende ol sagadyň kiçi diliniň dokuzyň üstünde durandygyny gördi. Diňe şu wagt çagalaryna öten agşam: “Ertir gijara, işden soň sizi birsalym “Ertekiler dünýäsine” aýlaýyn!” diýip söz berendigi Merdanyň ýadyna düsdi. Ol çagalarynyň özüne garaşyp, gözleriniň ýolda galandygy hakynda pikir edende öz-özüne jany ýandy. “Ýeri şu gün bir irräk gaýdaý-da diýsene, iş hiç ýere gaçyp gitmez ahyry! Eýýäm näçenji gezek olary aldaýaryn. Her baýramçylykda: “Sizi gije şähere gezelenje alyp gitjek!” diýip söz berýärin, her gezegem irikgä bolup garaşyp, uklap galýarlar. Birhili her gezek şeýdip, aldananlaryndan soňra, indi göwnüňe bolmasa çagalar sözüme-de kän bir pitiwa etmän başlan ýaly”

Bu oýlanma Merdanyň hasam ýüregini gysdyrdy. Onuň birhili öýüne-de gaýdasy gelmän başlady. “Häzir bararsyň welin, oguljyklarymyň ikisi hem maňa garaşyp-garaşyp, penjiräniň öňünde uklap galandyrlar, diňe gyzjagazym kejirligini edip, uklamazlyga çalşyp, yňňyl-çyňňylyny köpeldip, ejesine azar berýändir. Öýe girersiň welin, olaryň bolup ýatyşyndan utanarsyň…Bäh, şu gün bir irräkden öýe gaýdaýmaly ekenim! Içigary galan, ýadymdan çykaraýşymy diýsene!”

Merdan adatça her gün işini dynyp öýüne gaýdanda borjuny akýürekden ýerine ýetiren adamyň rahatlygy bilen, öz-özünden razy bolup, gulluk otagyndan çykyp gidýärdi. Bu gün welin beýle bolmady. Kalbyny birden öz holtumyna dolap alan lapykeçlik bilen iş stolunyň üstünde çaşyşyp ýatan barlag iş toplumlaryny, jenaýat işleriniň resminamalaryny göwünli-göwünsiz tertipleşdirdi-de, seýfine saldy.  Gapysyny şakyrdadyp, gulplady. Syýagalamlaryny, galamlaryny, garalama kagyzlaryny, ýandepderçelerini rejeli goýuşdyrdy. Kompýuterini öçürdi. Iýmitlendirmek üçin elektrik toguna birikdirilgi rasiýasynyň simini sogurdy-da, guşagyna gysdyrdy. Soňra hem otagyň çyrasyny öçürip, gapysyny temmeledi-de, çykyp gitdi.

Daşary tüm-garaňkydy. Emma gyş gijesiniňkä meňzemeýän howa maýyldy. Ýola çykyp hem ilkinji kireý edýän ulaglaryň birine elini galdyryp, saklady. Barmaly ýerini aýtdy. Sürüji äkitmeklige razy bolandan soň, sesini çykarman mündi. Ýolda barýarka hem kelam agyz geplemän, kölegesinden öýkelän ýaly, dymyp oturdy. Onuň bagtyna ulagyň sürüjisi hem kireýçi-sürüjileriň mahsuslygynyň tersine, dymma bolup çykdy. "Nirede işleýärsiň, her gün şunuň ýaly giç gaýdýarsyňmy, işiňiz agyrmy…" diýen ýaly, sowallaryň onlarçasyny ýagdyryp, oýlanmaga päsgel bermedi.

Ulagyň içinde oturyşyna Merdanyň gözüniň öňünde ýene-de oguljyklarynyň penjiräniň öňünde öýkeli uklap ýatyşlary janlandy. Ony hasam beter lapykeçlik basmarlady. Merdan kalbyny gemrip ugran tukat duýgudan biraz ünsüni sowmak üçin, giň hem ýagty şaýolyň ugry bilen endigan ýüzüp barýan ulagyň penjiresinden seredip başlady. Paýtagt şäheriň köçelerinde hereket köpdi. Dürli ýurtlarda öndürilen, dürli reňkli ulaglar ýoluň ugry bilen iki-ýana ibirt-de zibirt gatnaýan bolsalar, pyýada ýodalary hem adamlardan doludy. Kim çagalary bilen gezim edip ýör, kim dostlary bilen aýlanyp ýör, hol aňyrrakda bolsa ýanyndaky gyzyň gözelliginden ýaňa mežnun bolan aşyk ýigit öz magşugyna türkmen asmanynyň ähli ýyldyzlaryny, mahy-tabany bilen bilelikde peşgeş berip, Hatam Taý deýin jomartlyk saçyp ýör. Pyýadaýodasynyň gyrasynda göýä, şaýolyň pilmahmyt-garawullary deýin, hatara duran jaýlar bolsa penjire gözlerini ýyldyradyp, ulagyň endigan barşyna görä Merdanyň gözleriniň öňünden ýüzüp geçýärdiler. Tutulary syrylgy penjirelerden köçä ölügsi ýagty düşýärdi. Şol penjirelerden hem özgeleriň durmuşynyň bölejik übtüjekleri, ýeke pursatlyk Merdanyň nazarynyň öňünde peýda bolýardylar-da, dessine-de akyp geçip gidýärdiler.

Ölügsi ýagtylyk saçýan penjirelere seredip barşyna birdenkä, ýoluň gyrasyndaky dört gatly jaýyň uly penjiresinden köçä garap duran gyzjagazyň solgun keşbi Merdanyň nazaryna kaklyşdy. Onuň ýüregi jigläp gitdi. "Haý pahyrjyk, bujagazy hem boş wada berip, gözüni ýola daňyp goýupdyrlar öýdýän!" diýip, müýnli Merdan gyzjagazyň bolup durşuny özüne osdy. Ol, hol yzda galan gyzjagazyň garap duran penjireli jaýa garşy gaňrylyp-gaňrylyp seretdi. Emma ol jaý gaty yzda galypdy. Gyzjagazyň bolup durşuna ýüregi gyýylan Merdan: "Ine-dä, işe gaty berilseň hem! Çagalaryňy gynandyryp, olary gynandyranyňa-da özüň gyýylyp ýörmeli bolýar!" diýip ajy oýlandy. Birdenem onuň öz-özüne girre gahary geldi: "Ýeri şu işi näme üçin saýlap aldyň diýsene?! Başga iş gytmydy? Imi-sala hünär bilen meşgul bol-da, çagalaryň arasynda gezip, arkaýyn-agaýana ýaşa-da ýör-dä!"

Gahar üstüne oýlanan bu pikiri onuň kalbyny gorjalap goýberdi. Ol ulagyň penjiresinden ünsüni sowdy-da, agyr oýa batdy: " Dogrudanam, men näme üçin şu hünäri saýlap aldymkam? Düşünip saýladymmy ýa-da düşünmän, ýöne bir il ugruna okap öwrenip, şu hünär bilen meşgullanyberdimmi?" Merdan özüne beren bu sowalynyň jogabyny agtaryp, göwnüni dörjeläp ugrady. Dogrusy düşünib-ä bu käri saýlap alanda beýle bir bu hünäriň kynçylyklaryna oňat düşünmeýärdi. Sebäbi ol çagalykdan bäri şu hünäriň arzuwyny edip-edip, hukukçy hünärini ele almak üçin ýokary okuw mekdebine okuwa girende hem, soňra okuwyny tamamlap, hukuk goraýjy edara işe kabul edilip alnanda-da, bu hünäre çagalykda okan, tomaşa eden, sülçiler, aňtawçylar baradaky gyzyklylykdan ýaňa demiňi tutdurýan kitaplarynyň, kinofilmleriniň owadan, ýöne

hyýaly dünýäsiniň döreden salgymynyň aňyrsyndan seredýärdi. Çagalykda okan şol kitaplaryndadyr-kinofilmlerinde bolsa ähli zat juda aňsatdy we hezildi. Ol hyýaly dünýäde barça zat eliň aýasyndaky ýaly düşnüklidi. Jenaýatçymy—ol hökman erbetligiň gözüni çykarýan, adatdan daşary bir ýaman adam bolýardy. Ol barada okasaň hem, tomaşa etseň hem, oňa rehimiň inmeýärdi. Ol hyýaly dünýäde hemme zat hem aňsatlyk bilen, gysga wagtyň içinde amala aşýardy. Kinofilmlerde filmiň başynda jenaýat eden adamyň jenaýatynyň üsti hökmany suratda filmiň ahyrynda açylýardy we kazyýet oňa aňsatlyk bilen aýyplaýyş hökümini çykarýardy.

Soňra ýokary okuw mekdebinde okap ýörkä-de bu hünärde hiç bir kynçylyk ýok ýalydy. Sebäbi okuw kitaplarynda ähli zat örän düşnükli hem gysga ýazylgydy. Ine şu hereketi şeýle edilse jenaýat bolýar, şeýle edilmese jenaýat bolmaýar, jenaýaty şu güman edilýäniň edendigini subut etmek üçin ine şeýle derňew hereketlerini geçirmeli, onuň şu herekerlerini şeýle maddalaşdyrmaly, bu hereketlerini bolsa beýle maddalaşdyrmaly, şaýady şeýle sorag etmeli, onuň ruhy ýagdaýyny ine, şu usullar bilen, şeýdip öwrenip bolýar, jebir çekeni bolsa ine, şunuň ýaly sorag edip bolýar, güman edilýäniň ýa-da aýyplanýanyň ruhy ýagdaýyny öwrenmekçi bolsaň bolsa, ine, şu usullary ulanmaly, wakanyň bolan ýerine serediş geçireniňde ine, şu hili usullara gollanyp hereket etseň, ol ýerden jenaýatyň yzlaryny tapmak işini has netijeli amala aşyryp bolýar, ol tapylan yzlar babatda ine, şu bilermen seljerişlerini geçirmek bolýar… Umuman okuw kitaplaryny okanyňda ähli zat aý dogan ýaly ýalpyldap durdy.

Emma hakykatda welin… Juda kyndy. Bu hünäriň esasy kynçylygy hem jenaýatyň üstüni açmagyň çagalykda okan çeper eserleriňdäki dek, iki sany adam bilen bäş minut gepleşip, iki sahypa kagyzy hem bir-iki minut öwrenip, açylyşy ýaly aňsat däl-de, ençeme gije-gündiz ukusyz, dynçsyz, müňläp sahypa hasabatlary dörüp, ýüzläp şaýady sorag edip, olaryň görkezmelerini deňeşdirip açmagyň kynçylygynda-da däldi. Bu zatlara Merdan işe girmezinden öň hem boýunalykdy. Bu hünäriň birinji esasy kynçylygy başga zatdady.

Ine, sen sülçi! Seniň iş otagyňda, seniň öňüňde jenaýat etmekde aýyplanýan otyr! Adam otyr! Eýýäm deslapky derňewiň dowamynda sülçiniň borjuna girýän ähli hereketler edilen, şaýatlar hem, aýyplanýanyň özi hem sorag edildi, ýüzleşdirmeler hem geçirildi, bilermen seljerişleriniň netijeleri alnyp, aýyplanýan olar bilen hem tanyşdyryldy, günäsini hem doly boýnuna alyp otyr, eden işlerine hem ökünip, aňyrsyna çykyp bilmeýär. Onuň jenaýat işini kazyýete ugratmaklyk üçin bolsa diňe birje derňew hereketi galandyr. Şonluk bilenem şu öňüňde oturan adam babatda, sülçi hökmünde seniň işiň tamamlanar.

Emma bolmaz. Öz köňlüňe agram salmazlyk maksady bilen diňe aňyňda ornan anyk iş ýörediş hereketlerini tertipli yzygiderlilik bilen amala aşyrýan enjama öwrüljek bolup şunça jan etseň-de, başarmarsyň. Öňüňde müzzerilip, özüniň tutuş ulus-ile garşy eden hyýanatynyň labyrynyň astynda ýegşerip, bir sykym halda, ýere giräýjek bolup oturan daýaw pyýada dözmersiň. Birden özüňem duýman, sülçiligi bir gyra süýşürersiň-de, ýeke pursatlyk özüňe delminip bakan adamyň görejine seredip: “Nädip beýle hala düşdüň ahyry?” diýip, gözleriň bilen, sözsüz sorag berersiň. Onuň gözlerine gözüň düşende hem şu öňüňde oturanyň hem edil özüň ýaly kimdir biriniň ogly, dogany,

kakasy, ýoldaşy, dosty, obadaşy, ildeşidigini, seniň özüň bolsa watandaşyňdygyna şeýlebir aýdyň göz ýetirersiň welin, bu aýanlykdan ýaňa ýüregiň gyýym-gyýym bolup gider.

Onsoň ol ýüregini döküp başlar. Özüniň haram nebsiniň sesini gapdyryp bilmän ynanylan wezipeden hyýanatçylykly peýdalanyp, halkyň emlägine el urmak derejesine çenli pese gaçyşyny, il-günüň gözünden düşüşini aýdyp berer, Beýik Serdarymyzyň ýamanyň ýagysynyň ýanyndadygyny ýöne ýere nygtamandygyny aýdar, öz eli bilen öz düşjek çukuryny gazandygy barada aýdar, sözüniň soňunda-da, uludan bir demini alar-da: “Hälem, Hudaýa şükür, siz yzymdan ýetip, kanunyň dözümli şarpygy bilen men nebsine ejiziň öňüni beklediňiz! Gözenegiň aňyrsyndan garan şu günlerimde özümiň gecen haram ýolumyň her bir ädimi barada oýlanyp-ölçerip gördüm-de, il-güne ýamanlykdan özge peýda getirmedik ýoluma böwet basanyňyza müň şükür etdim. Hernä siziň bardygyňyza-da şükür!” diýer. Şonda-da öňüňde oturanyň halyna has hem haýpyň geler. Şol bir wagtda-da aňyň rehime baý ýüregiňe özüniň hakykatçyl owazy bilen teselli berer: “ Kanun kanun bolar! Kanuny bolmadyk, kanunlaryň ählisi hemmeler tarapyndan deň derejede, takyk we birmeňzeş berjaý edilmeýän jemgyýet jemgyýet bolmaz-da, wagşylaryň sürüsine çalymdaş orda öwrüler.” Ýüregiň paýhasyň aýdýan sözlerini çyny bilen makullar, emma şonda-da öňüňde oturan aýyplanýana gynanmagyny dowam eder. Onuň jenaýat işini kazyýete ugradanyňdan soň hem gynanarsyň, ondan soň hem onuň öz öňüňde müzzerilip oturşy her gezek göz öňüňe gelende gynanar ýörersiň…

Bu hünäriň ikinji esasy kynçylygy bolsa, ol özüňi tutuşlygyňa özüne bagyşlamagyňy, maşgalaňy ikinji nobatda goýmagy talap edýärdi. Hemme kişi hem adam. Sen isle kazy bol, isle prokuror ýa-da sülçi bol, isle gurluşykçy bol, isle daýhan, mugallym, galamgär, lukman bol, tapawudy ýok, adam adam bolýar. Her bir adamyň hem öz maşgalasynyň arasynda bolup, çagalary bilen gözel ýerlere seýle gidesi, dost-ýarlary bilen söhbet gurap oturasy gelýär. Ýöne başga hünärler özüň üçin ýaşamaga mümkinçlik berse-de lukman bilen hukuk goraýjy edaranyň işgäri ilkinji nobatda öz işi bilen ýaşaýar. Onuň işiniň mazmuny bolsa halk üçin ýaşamakdan, özüňi özgeler üçin bagyş etmekden ybarat. Sebäbi lukman adamyň jany hem saglygy üçin özüniň ähli ukybyny-yhlasyny siňdirip, ýadawsyz zähmet çekmeli bolsa, hukuk goraýjy edaranyň işgäri tutuş durky-düýrmegi bilen öz borjuny ýerine ýetirmeklige berlip, adamlaryň asuda gündizlerini, parahat gijelerini, ähli kanuny hukuklaryny goramaga, olary berkarar etmäge ymtylmaly bolýar.

Ine şu iki kynçylyk hem öz işinde Merdanyň kalbyna agram berýän esasy zatlardy. Onuň häzirki lapykeç halda, içini hümmüldedip oturyşy hem onuň üçin täzelik däldi. Ol soňky döwür, öz saýlap alan kesp-kärinden närazy oýlanmalaryň ummanynda ýüzýärdi. Düýn agşam çagalaryna: “Ertir sizi Ertekiler dünýäsine alyp gitjek!” diýip, bu gün bolsa, iş bilen başagaý bolup, ýadyndan çykaryp, lapykeç bolup barmagy hem onuň şol öz-özünden, öz durmuşyndan närazy oýlanmalaryň käsesini püre-pür eden soňky damja bolupdy.

Içini hümledip, dymyp gelýän, Merdan nädip ýetmeli ýerlerine ýetip, ulagyň saklananyny hem duýman galdy. Uly ýoldan ep-esli daşlykda garalyp görünýän

obalarynyň tanyş suduryna gözi düşende ukudan açylan ýaly, tisginip giden Merdan pikirleriniň arasyny böldi-de, başyny göterdi.

--Taňryýalkasyn, ýaşuly!-diýip sürüji bilen hasaplaşdy. Ulagdan düşüp, oba tarap mytdyldap ugrady. Onuň birhili aýaklary ädilmejek bolýardy. "Bäh, häzir bararsyň welin, oglanjyklar-a gözleri ýolda, biri-birine ýanaşyp, uklap galandyrlar, gyzjagazyň hem garaja gözjagazlaryny balkyldadyp, ejesinin gujagynda kemşerip oturandyr…Erbet bolaryn-ow! Söz berenimden soň bir äkidäýmelidim welin,..!" Birdenem ýene-de bir zat güpbe ýadyna düşdi: "Äý, huşuň gursun diýsene! Ýeri muny görsene, günde dükandan çagalara bir süýjijik-beýleki alýardym welin, bu gün howlugan bolup, elim boş gaýdaýpdyryn ahyry!"

Merdanyň ýüzi boz-ýaz boldy. Onuň bolanja keýpine hem sogan dograldy. Howa maýyl bolsa-da, ellerini paltosynyň kisesine sokdy-da, boýnuny içine ýygryp, ýoluň gyrasy bilen öýüne tarap, dähedem-dessemläp ugrady. Ikinji köçäniň çatrygyna ýeteninde onuň ýeňsesinden ulagyň sesi eşidildi. Ol öwrülmän ýoluny dowam etdirdi. Emma onuň yzyndan ýeten ulag näme üçindir deňesinden geçip ötägitmedi-de, ýanyna gelip ýuwaşady. Sürüji düýdüldetdi. Keýpsiz halda ýüzüni sallap barýan Merdan, içinden: "Äý tanyşlaryň biridir-dä, öýe çenli äkideýin diýýändir-dä" diýip, ulaga tarap seretmän, "gidibersene" diýýän äheňde elini salgady. Emma ulag geçip gidibermedi. Gaýta biraz öňe berip, onuň deňesinde saklandy-da, gapdal penjiresi açyldy.

--Dost, näme, ýüzüňi sallap, salam-helige-de ýaraman barýarsyň welin, öte ýadaw öýdýän!

Ulagyň sürüjisiniň tanyş sesine başyny galdyran Merdanyň çagalyk dosty Aýaza gözi düşüp, ýüzi ýagtylyp gitdi. Ol ýylgyryp, ulagyň gapysyny açdy-da, mündi.

--Dost jan, bagyşlaweri, sendirsiňem öýtmändirin, salawmeleýkim!

--Waleýkim essalam! Merdan jan, dostum, nähili ýagdaýlar, öý-içeriler, iş-güýçler gowulykmy?

--Allaha şükür, Aýaz! Özüňkiler nähili, hemme oňatlykmy?

--Hudaýa şükür, hemme zat gülala-güllük. Arma işler bilen, Merdan! Näme dostum, şu gelşiňmi ýa-da işden soň toýa-tomga diýip sowlaýdyňmy?

Dostunyň soragy Merdanyň wawwaly ýarasyna duz basdy. Ol ýüzüni ynjyly çytdy.

--Dostum, toý-tomgy seniň ýadyňa düşýär. Şu işden ir gelşim, meniň!

Dostuna bäş barmagy ýaly belet Aýaz, Merdanyň lapynyň keçdigini sözüniň hörpünden aňdy. Emma aňandygyny duýdurmazlyga çalşyp:

--Äý, dost jan ýadatsa ýadadýandyr welin, oňa derek uly iliň alkyşyny alýarsyňyz!-diýdi. Ýene-de öz lapykeç oýlanmalaryna berlip başlan Merdan onuň sözlerini gulagynyň duşundan geçirip, hiç zat jogap bermedi. Onuň tukat ýagdaýyny syzan Aýaz soraman saklanyp bilmedi:

--Dostum, näme ýüzüň salyk-la?

--Äý hiç-le!-diýen Merdan ilki bir hiç zat geplemejek boldy, emma soňra içki pikirlerini nädip daşyna çykarandygyny özi hem duýman galdy:--Dost jan, düýn çagalary "Ertekiler dünýäsine" äkideýin diýip söz berdim-de, bu gün hem iş bilen başagaý bolup, huşumdan çykaraýpdyryn, öňem bir-iki gezek şeýle boldy, bu günem maňa garaşyp-garaşyp, gözleri ýolda, uklap galandyrlar diýip, gynanyp barýaryn.

Aýaz ýylgyrdy:

--Ýak, senem-ä, Merdan, şunuň yaly ownuk zat üçin hem tukat bolarlarmy? Häzir sagat näçe bolupdyr?—diýip, ol ulagynyň öň aýnasyna berkidilen sagada seretdi:--Dokuz sagat otuz minut! Uklamadyk bolsalar, geýindir-de, mündür ulaga, sagat on bolýança "Ertekiler dünýäsine" barýarys. Aňyrda-da on bire çenli bir sagat güýmenerler. Soňam onsoň gelýän dynç güni ýene-de alyp gidäýeris!-diýdi.

Hiç wagt hiç bir ýagdaýda ýüzüni sallamaýan Aýazyň teklibine Merdan monça boldy. Onuň birhili göwrümi giňäp gitdi. Ol öýleriniň deňesinde saklanan batlaryna, ulagdan düşüp, haýdap öýüne girdi. Hernä çagalary uklamandyrlar ekeni. Ol aýalyna:

--Hany bol bahymrak, men ulag alyp geldim, biraz gijräge-de galdyk welin, ýörüň, äkidip, aýlap geleýin!-diýdi. Hälden bäri irikgä bolup garaşyp oturan çagalar ala-goh bolşup, begenişip, geýnip ugradylar. Olar sähel salymyň içinde geýindiler-de, ulagyň içinde joňkardylar. Merdan oglanlary ulagyň yzyna, ejesiniň ýanyna mündürdi, läliksiredilýän körpe gyzjagazyny bolsa gujagyna aldy. Ýolda barýarkalaram Beýik Ynsanyň ýadawsyz zähmeti, Hakdan içen pähim-paýhasy bilen tutuşlygyna, ertekilerdäki, lagly-jowahyrdan şähristana öwrülen mermer paýtagtyň çyralarynyň we çüwdürimleriniň älemgoşar reňkli şöhlelerine aňk bolup galan çagalarynyň wüjürdisine gulak asyp, dünýäni unutdy. Hälki kalbyny dolduryp duran lapykeçlik hem çagalarynyň şadyýana gürrüňleriniň arasynda gark bolup, ýitip gitdi.

Ertekiler dünýäsine baranlarynda sagat heniz on hem bolmandy. Beýik Ynsanyň öz halkynyň çagalaryna peşgeş beren äpet seýilgähiniň adamsy ýetikdi. Merdan, Aýaz bilen ýanaşyp, patdyk-putduk ýöreýän gyzynyň elinden tutdy-da, "Ertekiler dünýäsiniň" haýrana goýýan hiňňildiklerine tarap ýüzlendi. Aýaly hem biri-biri bilen basdaş oglanjyklaryň elinden tutdy-da, olaryň yzyna eýerdi.

Olar esli wagtlap aýlandylar. Merdan çagalaryny dürli hiňňildiklerde uçurdy, olary ertekiler gowagyna aýlady, kinniwanja otla mündürdi, garaz az wagtyň içinde Ertekiler dünýäsiniň hemme ýerine bolmasa-da, köp künjegine tomaşa edip çykdylar. Köpden bäri öýden çykyp görmedik çagalar agyzlaryny açyp, haýrana galyp, hiňňildikleri, serhowuzlary, ertekiler gowagyndaky döwleriň, adamlaryň, haýwanlaryň, Böwenjigiň gepleýän gurjaklaryny synlaýardylar. El çarpyp gülüşýärdiler. Eýmençräk gurjak bolsa kakalaryny ýa-da ejelerini gujaklap, şatlanýardylar. Olaryň şatlygyna özlerindenem beter şatlanýan Merdan bolsa çagalarynyň gülküsine goşulyp, heziller edip gülýärdi, olar bilen gezekli-gezegine hiňňildik uçýardy, otluda aýlanýardy. Şeýdip aýlanyp ýörüşlerine olar nädip sagadyň on bire golaýlandygyny hem duýmadylar. Diňe Ertekiler dünýäsiniň işgärleri aýlanyşyp, şatlanmakdan doýmaýan çagalara hem-de çagalarynyň şatlygyndan doýmaýan ene-atalara Ertekiler dünýäsiniň şu günlükçe iş wagtynyň tamamlanýandygyny habar berip başlanlarynda Merdan dagynyň gaýtmalydyklary ýatlaryna düşdi. Olar ýadan çagalary ellerine aldylar-da, seýilgähiň derwezesine tarap ýöneldiler. Derwezä ýetiberenlerinde hem garaşylmadyk waka boldy.

--Merdan, inim, birje pursat aýak çeksene!-diýip kimdir biri olaryň yzyndan çagyrdy. Merdan sägindi-de, yzyna öwrüldi. Onuň yzynda ýaşy ellä golaýlan, saçlary çal sepen bir nätanyş adam, iki-üç sany çagany daşyna tegeläp durdy. Onuň ýanynda takmynan Merdanyň özi bilen ýaşytdaşrak ýigit hem bardy. Merdan ol adamy tanamady.

Siňe-siňe seretdi. Ol adamyň ýüz-keşbinde duýular-duýulmaz, kimdir tanyş birini ýatladýan alamatlar bardy. Emma Merdan hakydasyna getirjek bolup şunça çytraşsa-da teý ýadyna salyp bilmedi. Onýança ol adamyň özi dillendi:

--Merdan jan, inim, tanamadyň öýdýän?!

Merdan egnini gysdy:

--Bagyşlaweri ýaşuly, tanamadym.

Ol adamyň Merdanyň öňünde bir müýni bar ýaly ýüzi gyzaryp-bozardy. Ol sakynyp:

--Men neme-le inim, şol Halmyrat Ahmedow…

Ol şeýle diýdi-de, bogazyna bir zat tegek bolan ýaly, ýuwdunyp, dymdy. Ol: "Halmyrat Ahmedow" diýen badyna hem Merdanyň aňynda ýyldyrym çakan ýaly bolup, özüniň işe giräýen wagtlarynda, ilkinji derňän, uly möçberde neşe serişdesiniň bikanun dolanyşygy baradaky jenaýat işi, deslapky derňewiň soňky pursatlarynda, syrylan, arryk petekesini ýygryp, başyny boýnunyň içine siňdiräýjek bolup, "Ýalňyşdym inim, ýalňyşdym, haram pula, iliň-günüň gargyşyna ýugrulan ýeňil eklenje kowalaşdym, şeýtanyň alyna gitdim, inim! Indi Hudaý maňa göz görkezdi, elim bilen edenimi egnim bilen hem çekerin!" diýip hamsygyp oturan Halmyrat Ahmedowyň—ine, şu öňünde, çagalaryň elinden tutup duran adamyň, keşbi ýalpyldap gitdi.

"Bäý üýtgäpdir-ow! Semräpdir, ýüzi-gözi durlanypdyr. Esasy zadam ýüzünden neşe söwdasyny edip ýören haramynyň garaörtlügi ýitipdir, gözlerinde ynsanlyk nury bar! Indi bir dogry ýola düşen bolsun-da hernä!" diýip içinden pikir öwren Merdan, öz borjuny ak ýürekden, halal ýerine ýetiren adamyň parahat nazary bilen köne tanşynyň ýüzüne garady. Onuň çirksiz, dogry garaýşyna ynsaby päklenen adamyň bakyşy bilen jogap beren Halmyrat aga:

--Ýaňy, çagalaryň bilen geçip barýanyňy gördüm-de, "taňryýalkasyn aýdaýaýyn" diýip yzyňdan howlugdym. Merdan jan, men geçen "Gadyr gijesinde" Mähriban Arkadagymyzyň tükeniksiz sahawaty bilen erkinlige çykdym. Gözenegiň aňyrsynda bolan wagtymda hem özümiň ters ýaşan ömrüme täzeden nazar aýlap, eden telek işlerime baha bermäge mümkinçilik boldy. Men gaty oňat aklyma aýlandym. Inim, sag bol taňryýalkasyn, Alladan gaýtsyn! Dogry ýola gönderdiňiz, iblisiň holtumyndan alyp galdyňyz, size sataşmadyk bolsam entegem gözüm gapyklygyna, ýamanlygyň hem-de haramylygyň ýolundan dänjek däl ekenim! Hernä Hudaý diýen ýerim bar ekeni! Çagalarymyň, il-günümiň arasyna adam edip, dolap berdiňiz!—diýip pyşyrdady. Soňam ýanyndaky çagalary özüne tarap çekip, üstüni ýetirdi:--Mähriban Arkadagymyz hem pahyr, Ylaýym Haktagala onuň jaýyny jennet edewersin, aradan çykaýdy. Uly il bilen bilelikde gynandyk. Hernä Allatagala ýüz-de müň şükür, Beýik Serdarymyz halkymyza agzybir, asuda, jebis döwleti miras goýup gitdi. Halkyň agysyna aglap, şatlygyna şatlanjak egindeşlerini taýýarlady. Olaryň halkymyzyň bagty üçin gije-gündiz arman-ýadaman çekýän zähmetlerine siz hem öz goşandyňyzy goşaweriň, inim! Ýene-de bir gezek ak ýürekliligiň, adamkärçiligiň üçin "taňryýalkasyn" inim! Hudaýym, özüňem, çagalaryň hem ýamanlyk ýüzüni görmäň!

Halmyrat aga, şeýle diýdi-de çagalaryny alyp, gitdi. Merdan dagy hem Aýazyň ulagyna münüp öýlerine dolandylar. Ýolda gelýärkäler, ulagyň endigan çaýkanyşyna

üwrelen, ýadaw çagalaryň üçüsi hem süýji uka gitdiler. Ýola seredip barýan Aýaz dymyp oturan dostuna gözüniň gyýtagyna aýlanda, onuň gözleriniň kanagatlylyk bilen şöhleleňýändigini saýgardy. Elmydama çagalyk dostunyň ýaşyryn oýlaryny aýnada gören dek aňşyrmagy başarýan Aýaz bu gezek hem Merdanyň näme hakda pikir edýändigine düşündi. Ol geplemän durup bilmedi:

--Dost jan, hünär-ä saýlap bilipsiň! Ýaňky ýaly, ýamanlygyň agzyndan sogrulyp alnyp, dogry ýola gönükdirilen ýekeje adamyň "taňryýalkasyny" islendik kösenje degýär ahbeti!

"Hünär-ä saýlap bilipdirin! Ak ýürekden aýdylan, ýekeje adamyň "taňryýalkasyny" islendik kösenje degýär!" diýip, Aýaza kelam agyz jogap gaýtarmadyk Merdan hem içinden onuň sözlerini kanagatlanmak bilen gaýtalady.

"Edebiýat we sungat" gazetiniň 2008-nji ýylyň
18-nji ýanwaryndaky sany

## Dolanmak

"Şemala tutular, arryk peteke…" diýip, saçy kirpiniň tikenleri deýin syh-syh bolup, ýaňy dürterip ugran arryk petekesini güýzüň üçünji aýynyň ine ýakymsyz şemaly awulyja galtaşmasy bilen ýalap geçende, Meýlis oýlandy. Emma aňyna niredendir bir ýerden daman Gurbannazar şahyryň setirleriniň soňy bolmady. Asla Meýlis ol setirleriň yzyny ýadyna salmaga dyrjaşmady hem. Irdenki ýagyşdan soň ýuwlan aýna çalym edýän köçeden ädimläp barşyna tebigy ýasawy boýunça üşek Meýlis şujagaz şemala-da tutuş durky bilen düýrükýärdi.

Gözüni göterip ajygan adamyň keýpsiz haldaky keşbine çalymdaş asmanyň çytyk ýüzüne seredende Meýlisiň göwnündäki tukatlyk has hem çuňlaşdy. Obanyň çetinden gireli bäri oňa obadaşlaryndan birisi hem sataşmady. Göýä ençeme müň öýli Akdaşaýak obasynyň ähli ilaty güýz asmanynyň çytyk meňzinden çekinip, ýyly öýlerinden çykman ýatan ýalydy. Asmanda heniz garaňky gatlyşýandygynyň alamatlary bildirmese-de, bahym günüň ahyrlaýandygyny syzsaň bolýardy. Öýleden soň jimirsäp durşuna ýaňy kiparlan ýagyş zerarly öljümek asfaltyň her ýerinden bir gadam urup, ädimleri bilen köçäni ölçap barýan Meýlis içinden çatryklary sanaýardy. "Baýly-şahyr köçesi…Zelili…Ýasman-salyk..." Şeýdip barşyna ol ahyry öz köçelerine ýetdi-de, çatrykdan çepine sowuldy. Öňem-ä islemezlik bilen zordan ädimläp barýardy welin, öýlerine golaýlandan soň-a ol has hem haýallady. Haçan-da: "Nirä ýörän bolup barýarsyň? Ol ýerde kim saňa garaşýar?! Sen kime gerek?! Mytdyldan bolup barýarsyň, käşgä baranyň bilen öňüňden gujak açyp çykjak adam, "geldiňmi?" diýip halyňdan habar aljak bar ýaly…" diýen ajy pikirler aňynda döräninden soňa-ha onuň aýaklary asyl hem ädilmejek boluberdi. Emma onda-da näme, köçede görene göz bolup, söm-saýak bolup durubermek hem aňsat däldir-dä, Meýlis gyrmyldan bolup ýöräp barýardy.

Ine-de Gara agalaryň köçäniň gyrasyny tutup duran tutlugy. Şonuň gyrasy bilen biraz ýörärsiň hem welin, tutlugyň gutaran ýerinde ýarty tarapy günbatarlygyna, ýarty tarapy bolsa öňe-yza ýaýkyldap, gündogarlygyna gyşaryp duran, kakasy pahyryň

agaçdan bejeren derwezesi zompa çykar. Içini hümledip barýan Meýlis derwezeleriniň öňüne bardy welin, gözüniň düşen zadyna ýüregi gyýym-gyýym bolup gitdi. Agaçdan derwezäniň bir tarapy ýerde ýatyrdy, özem ýagyn-ýagmyrdan ýaňa çüýräp ugrapdyr, beýleki tarapy bolsa ýokarky petlesi söýeginden gopup, iň soňky güýç-kuwwatyny jemläp ýykylmazlyk üçin çytraşýan, göreşde ýeňlen, namysjaň pälwan dek, bir çüňküni ýere diräp durdy.

Çagajyk döwürleri goňşy çagalar bilen heziller edip iki ýana hiňňildik edinen derwezeleriniň gözgyny ýagdaýda, weýran bolup ýatandygyna Meýlis gyýyldy. Howlularyna tarap gözüniň gyýtagyny aýlanda, jaýlarynyň daş-töweregi bilen ýandak hem-de haşal ot basandygyny görende bolsa gözüne ýaş aýlandy. Kakasy görgüliniň azap edip, sünnäläp, her kerpijine nagyş çapyp, kerpiçme-kerpiç ussa elleri bilen ören jaýlary bolsa göýä çalamydar çatma ýaly, haşal otlaryň arasynda ýegşerilip, kepberilip durdy. “Birmahal uly il “Gulmyrat ussanyň jaýy” diýip, kakam pahyryň yhlasyny siňdirip guran jaýynyň gürrüňini ederdi. Kakam pahyryň bu jaýyň her kerpijine bir nagyş gyýyp gurandygyny aýdardylar. Indi bolsa ine, Akdaşaýaga meşhur jaý, ekinbaşynda gurulýan gamyş kümä dönüpdir…”

Gussaly oýlanan Meýlisiň birdenkä gahary gelip başlady. “Garyndaşlarymyň gözi nirede bolduka? Näme “Gulmyrat ussanyň özi-aýaly-ha ýogaldy, ýeke ogly hem gitdi” diýip, kakam pahyryň öýüniň baýguşlaryň mesgenine öwrülmegine biparh galaýmalymyka? Häý diýmäýin diýsem, garyndaşsumaklar, haýsynyň ýakasyndan tutsaň tut, haýsynyň jaýyny mysal edinseň edin, ýakyn-u-daşgyn garyndaş tapawudy ýok, neberämizde kakam pahyryň eliniň degmedik jaýy bar diýen tapylmaz. Özem hakyny alyp bolsa ne ýagşy, duzlap-dograýan ýeri, mugt-how-mugt! Ine-dä, kakam görgüliň ömürboýy eli laýdan-palçykdan çykman alan taňryýalkasyny! Öýüniň üçeginde baýguş jakyrdaýar.”

Meýlis entegem içinden öz garyndaşlary barada birneme kineli oýlanjakdy. Hatda soňabaka onuň kineli oýlanmasy hapa-paýyş sögünje hem ýazmagy ahmaldy. Birden kalbynda gozganan wyždan onuň bu namart pikirjiklerini dem salymda dyr-pytrak etdi: “Nämäňe gaharlanan bolýarsyň-eý, Eý sen gurrumsak! Kakaň pahyryň ile-güne eden ýagşylyklaryny gürzi edinen bolup, mazamlap, depäň üsti bulaýlap, binamys şerraýlygyň bilen öz masgaraçylyklaryň üstüni basyrjak bolýarmyň, Şermende?! Kakaň pahyr-a ömriboýy halal ýaşady, kesekiniň zadyna el urmag-a beýlede dursun, gaýta özi öýünden äkidip, özgelere paýlady, iliň öýünden alyp gaýdany alkyş boldy. Pahyryň eliniň hem ýüreginiň mähri siňen öýleriň töründe sallançaklar üwrelip, toýlar tutuldy. At-abraýly ynsanlaryň ömri paýaw tapanda, olaryň yzlaryny tutup, at-abraýa eltýän ýollaryny dowam etjek nesilleri olary Allatagalanyň huzuryna gözýaş edişip ugratdylar, kakaň pahyryň halallyk çeşmesine dönen elleri bilen gurlan öýleriň töründe. Obada zähmetsöýerligiň hem lebzi halallygyň mysalyny getirjek bolsalar, uludan-kiçä kakaň adyny agzardylar. Asyl oba adamlary kakaň pahyryň adyny hem unudyp, diňe “Ussa” diýip tutardylar. Oba, uly oba, onuň içinde ussasy hem köp, emma Akdaşaýagyň ýedi ýaşardan ýetmiş ýaşara ähli ýaşaýjysy “Ussa” diýseň kim barada söz açylýandygyna düşünerdi. Agyr ýüki abraý bilen alkyşdy görgüliniň, bir Hakyň bermedigi, sen gurrumsakdan özge çaga ýüzi düsmedi pahyryň! Sen näletkerdä ýetmek üçin hem ejeň

pahyr ikisiniň ýykylmadyk öwlüýäsi, ýüz tutmadyk tebibi, lukmany galmady ahyry! Häk, şü adam pahyr çig süýt emenligini etmän, Biribaryň bermedigine maýyl bolman, berenine kaýyl bolup ýörse sen deýin gurrumsak, yz ýitiren dünýä inmese-de inmezdi! Berdi, Hudaý sen gurrumsagy, kyrkyň bir çetinden gädip ugran kakaň pahyra! Depesi gök diredi, görgüliniň. ""Ädikçiniň ädigi bitmez" diýleni, toý-baýram, meýlis geldi ömrüme, meýlislerimiň başy bolsun-da hernä, meýlislerim täze jaýda tutulsyn, çig kerpiçden jaýymy ýykjak-da, çagalaryma görülmedik jaý gurjak" diýip görgüli, sünnälep jaý saldy. Taňry beren zehinine daýanyp, bir ýerde başarnygy bolsa hem ine, şu öňüňde sen gurrumsak zerarly çalamydar çatma çalym edip duran jaýa siňdirdi. Sen gurrumsagy dag-a begiň balasy begzada diýils-ä heniz bärräkden gaýtjak, şazada kimin, zähmetden ýaňa, ýonýan kerpiçlerine dönüp, gatap giden elleriniň aýasynda üwräp, "ýerde goýsam pos polýar, gökde goýsam ys bolýar" diýip, huwwalap, söýünip-doýup-ganyp bilmän saklady.

Sen bolsa nätdiň?! Ýigit çykyp, ataň-eneň yhlasyny ýerine gowuşdyrdyňmy?! Beýle zatlar dagy nirede! Adyňa mynasyp bolduň, ysnady! Işekçer jahyllygyňdan gözlegiň meýlisdir-keýp boldy. Kakaň pahyryň, ejeň görgüliň halal zähmetleri bilen gazanan yrsgal-döwletini haram keýpe sowurdyň, meýlis-keýp bilen kanagatlanman neşe öwrendiň, üflis! Saňa öň ejeň-kakaň puly dilemänkäň berýärdiler. Soň olardan diläp alyp ugradyň, soň aldap aldyň. Ejeň-kakaň pak çykanyňy duýdular, onda-da ömürboýy abraýyň ýesiri bolup ýaşan görgüliler, ile-güne syr bermejek bolup, seslerini çykarmadylar, içlerine saldylar. Saňa welin, gurrumsak, neşäň üçin pul gerekdi, sen indi keýp üçin neşe etmeýärdiň, sen indi neşäniň azaryndan gorkujygyňa, özüňi saklamak üçin neşe edýärdiň. Sen şonda çar tarapa urnup, gabat gelen adamdan ýalan-ýaşryk sözläp, karz pul alyp ugradyň, gabat gelen ýerinde ogurlyk etdiň, aldadyň, kezzaplyga ýüz urduň. Il-gün ýene-de giň, kakaň pahyry sylap saňa zat diýmedi, edeniňi öňüňden geçirdi. Ýöne saňa gatybir ynanmady hem. Hatyrjem bolup, Türkmen aga mahsus paýhaslylyk bilen sen barada bir söz diýdi. "Il agzy keramat" diýleni, şol diýlen sözi hem hemmeler alyp göterdi. Iliň gözünden düşeniňden so soň sen gurrumsagyň lakamy "Ebla" boldy. Hiç kim saňa ýüz bermedi. Jemagatda baryp otursaň ýanyňdan turup gitdiler, salamyň "waleýkimi" göwünli-göwünsiz berildi, gabat gelşilende salam bermek islemän, görülmedik bolup geçildi. Haçan-da halys tebähediň göçüp, "pul ber" diýip kakaňa haýbat atanyňda bolsa görgüli göterip bilmän, amanadyny tabşyrdy. Onsoň il-gün hem seni näletledi. Şonda bir aklyňa aýlanan ýaly hem etdiň gurrumsak! Ýyl ýarymlap dagy, öýden çykmadyň, gidýän ýeriň bolmady, keýpbaz meslekdeşleriňden arany üzdüň. "Asly arassa bolsa ahyry dogry ýola düşäýer-le!" diýip, il-gün hem saňa umyt bilen içini hümletdi. Salamyňy alyp ugradylar, toýda-ýasda dyzlaşyp oturmagy kiçilik bilmän başladylar. Ejeň görgüli hem şonda seniň ugruňda köwüş tozduryp, gözläp-gözläp, gelin tapdy, baryny-ýoguny ýygnap seni öýerdi. Öýleneniňde dagy ýadyňa sal, sen-eý, Eý gadyrbilmez gurrumsak, il-gün toýuňy etdi ahyry. Ejeň görgüliň ýanyna goňşularyňyz öýin-öýin gelip, her kim göwnünden çykaranyny düwünçege düwüpjik goýup gitdi. Özem karz diýip bermediler, başbitin berdiler. Il-günüň arkasyndan sen gurrumsagy ejeň görgüli bergisiz-beýlekisiz öýli-işikli etdi. Näme il-gün

sen gurrumsak üçin şol zatlary edendir öýdýärmiň?! Kakaň pahyr mazarynda tersine dönmesin diýip etdi halk ol hyzmatyny!

Gelniň Aýsona bolsa gelin dagy hem däldi, duranja bir aýyň bölegidi. Wa-a-ah, "gawunyň gowusyny şagal iýer" diýip Türkmen aga ýöne ýere jibrinýän däldir-le, obanyň galyň ýigitlerini yzynda ser-sepil edip, gör nijeme, halkyň hormatyna mynasyp bolup ýören il ogullarynyň pynhanlykda söýüp-doýup-ganyp bilmän ýören elýetmezi sen gurrumsaga nesip etdi ahyry! Ony hem kakaň pahyryň adyny öňüne tutup gelen ejeň görgüliň ýüzünden geçip bilmän, Aýsonanyň ejesi-kakasy ikisi aýmeňizli aýgyzlarynyň ykbalyny sen gurrumsaga baglap, öz perzentlerini betbagt etdiler. Hanha, indem goşa garamyk deýin gyzjagazy bilen oguljygyny ýeke özi terbiýeläp, atasynyň dulunda otyr. Wah, ojagyna wepaly gelin, baý sen gurrumsakdan dagy hem umydygär bolup kän çydady, kän çytraşdy. "Häli düzeler, şindi düzeler, ine goýar, erte goýar"… Goýarmyň, gurrumsak?! "Küýkini gabyr düzeder" diýýär, Türkmen aga! Senem küýki, özem gabrynda-da düzelmejek küýki. Ýeri, aýt, nämäň ýetmeýärdi? Gül ýaly gelniň bardy, entek öýleneniňe ýaňy bir ýyl bolanda ekizjeleriň, ogluň hem gyzyň dünýä indi. Ýaşa, ahyry, mahluk! Dünýäde saňa şundan başga näme gerek?! Jahany dört bölüp üçüsini saňa berenlerinde şondan köp paý düşjekmi, eyes?!

Bolmady. Ýene-de köne heňiňe tutdurdyň. Ýene-de gaýtadan şol nägehan neşä ulaşdyň. Özem öňkiň dagy çeni-çaky hem bolmady. Ejeňi gara ýere duwladyň, aklyňa aýlanmadyň, çydajak bolup dişlerini gysyp-gysyp, merjen dişleri dökülen gelniň, goşa balasyny yzyna tirkäp, atasy öýüne gitdi, oýanmadyň, säginmediň… Il-gün senden gezip ýören al-arwah ýaly, toba edip daşlaşdy. Duýmadyň. Ahyryn hem hökümet yzyňdan ýetdi. Eden ogurlyklaryň, kezzaplyklaryň üçin senden jogap sorady. Senden il-güni dyndaryp, gözenegiň aňyrsyndan garatdy. Indem, aýt sen, maňa, eý adama daş sypaty çala çalym edýän mahluk, ömrüň boýy ýeke ýerde ýeke daban ýere pil uran bolsaň, ýeke goşawuç gumy eliň bilen owradan bolsaň aýt, gurrumsak! Ýeke düýp nahal eken bolsaň, öý tutan bolsaň, birinden "taňryýalkasyn" alan bolsaň, aýt, lam-jim açaýyn-da, ebedilik kalbyňdan zym-zyýat bolaýyn! Diýip bilmersiň, diýmäge bihaýalygyň ýetmez, dogrusy ýeterdi welin, sende indi hatda bihaýalyk hem galmady ahyry, sebäbi seniň binamyslygyňdan utanyp bihaýalygyň hem seniň göwnüňi birmahal terk etdi!

Ýene-de men, seniň ýaly gurrumsagyň wyždany, bihaýalykdan hem binamyslygymy edip, seni taşlap gidibermän, "çykmadyk janda umyt bar"-yma tutup, seni dagam oýarjak bolan bolup ýörün. Ýene-de il-günden närazy bolan bolmaga het eden bolýarsyň-a, toprak başyňa, ysnady!"

Çugutdyrylyp, derwezeleriniň söýegine ýaplanyp oturan Meýlis, kalbynyň törüni eýeläp, etini iýip gelýän ynsabynyň owazyny eşitmejek bolýan dek, kellesini elleri bilen gysdy. Ýüzüni sallady. Onuň dünýäsi suwsuz gurap galanyna üstünden asyrlar öten gurruk guýy deýin hüňläp durdy. Boşluk. Boşluk. Boşluk…Onuň kalby boşlukdan doludy. Şol ýaşap, düşünip, soňuna çykyp bolmaýan, tükeniksiz boşlugyň içinde-de dag gaýalaryna düşüp azaşan ýaňyň iň soňky heňleri ýaly, "Indi nätmeli?!" diýen ysgynsyzja owazjyk titräp-sandyrap, pelesaň kakýardy.

"Indi nätmeli? Nädip ýaşamaly? Ejem ýok. Kakam ýok. Abraýym ýok. Maşgalam dolanmaz. Öýüm… Haraba öwrülipdir. Beýdip diri maslyk bolup ýaşap ýörenden-ä…"

Aňynda dörän täze pikir birbada Meýlisi haýykdyrdy. Ol hopukdy. Ýöne sähel salym geçenden soň öwrenişdimi nämemi, ol ýuwaşlyk bilen, gorka-gorka pikirini dowam etdirdi: “Dogry! Beýdip ýöreniňden il-güni özüňden dyndaranyň ýagşy!”

Şu pikirden soňra Meýlis çagalygyndan bäri ilkinji gezek özüni şeýlebir ýeňil duýdy. Edil öz öňünde ýetmesi şeýle aňsat bolan, aýdyň maksat goýan, özüne ynamly adamyň özüni ýeňil duýşy dek rahatlandy. Ol ýerinden turdy-da, agaýana ösüp, bilboýy bolan ýandaklaryň arasy bilen jaýlaryna tarap ýöneldi. Jaýlarynyň gapdalyna baryp sägindi. Önüp-ösen öýüniň nagyşly kerpiçlerini mähirli nazary bilen sypady. Ýüzüni kerpiçlere degirdi. Munuň bilen hem oňman ýaňagyny öljümek tozan bilen örtülen, nagyşlardan ýaňa büdür-südür kerpiçlere oýkady. Kerpiçler buz ýalydy. Onsoňam olar ýüzüniň büdür-südürligi Meýlisiň dulugynda dyrnalýana çalymdaş duýgy döretdi.

”Şularam meniň özlerine galtaşmagyma närazy bolýan ýaly-la!” diýip Meýlis lapykeç oýlandy-da, bir zat agtarýan dek, jaylarynyň çüňküne garady. Bada-badam özüniň gözleýän zadyna onuň nazary sataşdy. Ol göýä ösüp oturan ýandaklary bimaza etmejek bolýan ýaly, emaý bilen jaýyň künjüne tarap süýşdi-de, penjireden jaýyň içine girip gidýän, ujy ýolnan telefon simine ýapyşdy. Bir çekende-de ençeme wagt bäri ýagyn-ýagmyrlaryň, gün şöhleleriniň astynda eýesiz çüýräp ýatan simiň ep-esli bölegini ýolup aldy. Simiň bölegini gysymyna gysdy-da, Meýlis jaýyň işigine ýöneldi. Öwzarsyz öýüň daşyndan demir bölegi direlen çalamydar gapysy göreniň göwnüni agyrdyp, reňki pakga-pakga bolup, gyşaryp durdy. Aýnasyz penjirelerden sygyryp öýüň içine girýän ýel bolsa misli bu gözgyny harabaçylyga göhi gelýän dek, öýüň içini ala-hasyrdy edýärdi-de, ýaňky çalam-çaş gapynyň hoňkaryp duran yşlaryndan tasap, daşaryk çykýardy. Soňra bolsa ýene-de özüniň täze tapan bezzatlygyndan doýup bilmeýän, dikdüşdi garagol ýaly ýaňky oýnuny gaýtalaýardy.

Meýlis wawwasy bar ýaly, assyrynlyk bilen gapynyň diregini aýyrdy-da, içerik ätledi. Öýüň içi haňlap ýatyrdy. Keçe-düşek ugrundan hiç zat ýokdy. Göýä onuň edýän pikirine jogap berýän dek, hiç wagt hiç bir ýagdaýda ýüz görüp gapyrga syrmaýan ynsaby: “Düşek, goş-golam ýok, diýýärmiň, näme goş goýduňmy bu öýde, düşek goýduňmy bu tünekde, ejeň görgüliň köne sandygyna çenli satyp, haram neşä bermediňmi eýsem?”

Hemişe öz wyždanynyň sesini ynjyly kabul edýän Meýlis bu gezek onuň awuly neşderini sokmagyna üns hem bermedi. Göýä, “Näçe çaksaň çakyber, barybir ýene-de ýeke pursatdan sen-ä maňa, menem saňa derkar bolmarys!”diýýän mysaly.

Ol eýwanyň çüňklerinden sallanyşyp duran latga-latga kereplere üns bermän daşky gapynyň çep ýüzündäki penjiräniň eýwanyň astyndan bilboýy ýokardaky erňegine mündi. Telefon siminiň bir ujuny penjireden gaýym daňdy. Simi bar güýji bilen çekip, onuň berkligini barlap gördi. Onuň göwni, pikirleri doňup galypdylar. Ol alasarmyk düýşde gezip ýören ýalydy. Hemme zady göýä özi däl-de, özge biri edýäne meňzeýärdi. Göýä özi üçin däl-de, bir desse ot daňmak üçin edýän ýaly, arkaýynlyk bilen simiň beýleki ujundan syrtmak ýasady-da, Meýlis ony ýere sallady. Soňam “Eý gurrumsak, edebileniňi etdiň, indem şermende namartlyga ýüz urup, aňsatlyk bilen gaçmakçy bolýarsyňmy?!” diýip hemişeki edähetine eýerip, gyjalat bermäge çalşan wyždanynyň ysgynsyz hem galagoply sesini, penjesine düşüp pitirdeýän etene guşjagazy pişigiň edişi

dek, bir gysanda mynjyratdy-da, Meýlis näme üçindir daşaryk garanjaklady. Onuň bu garaýşy misli iňrigini garaldyp, garalyp gelýän ýagty ýalançydan özüni saklamagyny, özüne rehim etmegini dileýäne meňzedi. Emma keşbi gamaşyk arşyň piňine-de däldi. “Meni ýitirersiň…bujagaz ýitgi…” diýip Meýlis, näme üçindir, birmahal, mundan on ýyl ozal, şagalaňly meýlislerde eşidip, gulagynda galan Kerim şahyryň setirini ysgynsyz oýlandy-da, “Ýa Alla, men ýoldan azaşan bendäňe rehimiň insiň!” diýip syrtmagy boýnuna geýdi. Şol wagtam Meýlis çagalygyndan bäri gulagynda galan, goňşysy Gara aganyň derwezäniň ýanyndan gelen sesini eşidip, ziňkildäp gitdi.

--Üh-he, üh-he, ühe! Goňşy! Barmysyňmy-haw!

Ol özüniň näme üçin beýdýändigine hem düşünmän, hasyr-husur boýnundan syrtmagy aýyrdy-da, simi penjireden goparyp, eýwanyň iň garaňky burçuna zyňdy. Soňam sesini endiredip, gyryljak “hä” berdi:

--Bardyryn, geliberiň, Gara aga!-diýdi-de, ol penjiräniň erňeginden düşüp, daşaryk çykdy.

--Häýt, höwürtgesine hapgyrtma girmiş, jähennem bol, şü jelegaýdan!-diýip Meýlisleriň howlusyndaky mähnet garaly agajynyň üstünde gözüni tegeläp oturan hüwini kesekleýän Gara aga birbada Meýlisiň salam üçin uzadan elini almady. Diňe birahat bolan hüwi ganatlaryny pasyrdadyp, uçup gidenden soň salamlaşdy.

--Waleýkim essalam, Meýlis! Geldiňmi, sag-aman! Gözüň aýdyň, esen gelip, ojagyňa gowuşdyň!

Ýeke gepliligi, hemişeki göni gürrüňi üçin “Dogry” lakamyny alan ýaşuly bu sözleri çyny bilen diýse-de, Meýlise olar ýöne bir sypaýyçylyk üçin diýläýen ýaly bolup eşidildi.

--Geldim, öz-ä!-diýip, Meýlis uludan demini aldy-da, dymdy.

Synçy gözlerini oňa diken, köpi gören ýaşulynyň nazary göýä onuň kalbynyň emer-damaryny yzarlap gidene döndi.

--“Öz-ä”-ň näme, Meýlis?! Köpmanyly dymýarsyň welin, sen oglanyň ýagty ýalança aýdylman galan zadyň juda köp ýaly-la?!

Meýlis ajy ýylgyrdy:

--Aýdara ýüzüň bolsa aýdarsyň-da, Gara kaka!

Gara Dogry bu gezek hem hemişekisi ýaly, dogry diline badak atyp bilmedi:

--Şoňa düşünýän bolsaň, hälem, onda sende adam ysynyň galdygy-la!-diýdi.

Dogry sözli ýaşulynyň bu sözleri ok bolup Meýlisiň bagryndan parran geçdi. Ol bokurdagyna dykylyp gelen gaharyny şerebeli sözlere öwrüp, öňünde kinaýaly seredip duran ýaşulynyň üstüne pürkmek isledi. Emma pursatdan peýdalanyp, güýjüne girmäge ýetişen wyždany ataşgir penjeleri bilen onuň bogazyndan bogdy-da, “Het edäýmegin, gurrumsak!” diýip, ýylan ýaly haşşyldady. Meýlis gepläp bilmän ýuwdundy.

Onuň bu hereketi hem Gara aganyň nazaryndan sypmady:

-Hä ýuwdunýarsyňmy? Ýuwdun, ýuwdun, han ogul! Ataň pahyryň, ejeň görgüliň, gelniň görgüliň sen zerarly ýuwdunanlarynyň ýuwdunyp-ýuwdunyp soňuna çykaýjak bolsaň ömrüň ötünçä ýuwdunyp geçmeli bolaýsaň nädersiň!

Meýlis sesini çykarman ýüzüni sowdy. Şol pille Gara Dogry onuň ýagdaýyna düşündi.

--Bu seniň, munyň bolsa çykalga dälmikä diýýärin!-diýip, ol bir eli bilen boýna atylan syrtmagy ýokarlygyna çekýän ýaly hereket etdi:-- Päk Perwerdigäriň beren sanalgysyny müddetiň ýetýänçä ýaşajak bolmaly, şonsuzam ýeter bir gün, hiç ýere-de gaçyp gitmez şol senden!

Ýaşula aýdara-diýere söz tapyp bilmeýän Meýlis diňe:

--Kyn!-diýip ýuwdunmagyň hötdesinden geldi. Bu söz Gara Dogryny azarly ýarasyndan basylana dönderdi:

--Kyn diýýärmiň? Sen han ogul, entek hakyky kynyň nämedigini düýşüňde-de görmänsiň! Päheý-de welinim, diýmäýin diýsem!

Gara Dogry başyny ýaýkady. Soň birsellem oýurganyp durup, haraba dönüp ýatan jaýyň diwarlaryny ilkinji gezek görýän ýaly birlaý gözden geçirdi. Birdenem daýhanlara mahsus äheňde Meýlise buýruk berip başlady:

-Bize gidip ýatsaň hem bolar welin, gelen günüň keseki öýde ýatyp ýörseň öz ojagyň göwni galar! Bejit bol, gapylaryňy aç, häzir men kiçim Nurýagdyny çagyraýyn, sütüne çykyp, öýüň simini toga birikdirsin. Öýde peç bardyr, şony hem alyp gaýdaly. Gelinler bilen gyzlar içeriňi garaňky mazaly gatlyşmanka syryp-süpürerler. Penjireleriňe bolsa häzirlikç-ä kleýenka çüýläris. Erte-birigün bolsa bolanjasyndan aýna jemläris. Özüňem ýör bizden pil alyp gaýt, iki bolup haýdan-haý howlynyň ýandagyny, haşal otuny çapaly. Hä diýmän il-gün “gözüň aýdyň-a” gelip ugrar. Gelenler: “Goňşulara-ha, Ussanyň howlusyny ot-çöpe basdyraýypdyrlar!” diýseler abraýymyz däl.

Meýlis Gara aganyň sözlerine geň galdy. “Munuň aýdyp oturan zatlaryn-aý! Kim gelsin, kime meniň gelenim gelmänim bildirip dur! Iliň-günüň näletlän ysnadysyna “gözüň aýdyň” diýmäge-de adamlar gelermi!” diýip, içinden göwnüçökgün oýlansa-da, Meýlisiň ýaşulynyň diýenine däl diýmäge bogny ysmady. Ol müýnli çaga deýin ýüzüni sallap, Gara aganyň yzyna düşdi. Haçan-da ol goltugynda iki sany pili gysymlap barýan ýaşulynyň gapdaly bilen, gara demirden, köne peji goltuklap, howlularyna dolananda, öz gözlerine ynanmady. Howlularynyň içinde ilerki goňşusy Mele çopan haýdap ýetişibildiginden jaýyň penjirelerine kleýenka kakýardy. Onuň iki sany işekçer jahyl ogly hem gara dere batyp, ýerde ýatan derwezäni bir gyra aýrypdyrlar-da, howlynyň haşal otuny gyrçap ýördüler. Gara Dogrynyň ogly Nury bolsa eýýäm maýmyn ýaly dyrmaşyp toguň sütünine çykyp barýardy. Melleleriniň aýagujundan hem birki sany gelin-gyz elleri sübseli bärligine bakan ýöräp gelýärdiler.

Meýlisiň dünýäsi lerzana geldi. Misli zemin gümmezi ähli labyryny üstüne atan ýaly, ýegşerildi. Hiç kime kelam agyz gep gatman, gujagyndaky pejini ýerde goýdy-da, jaýlarynyň ýeňsesine aýlandy. Olara gözi düşen Mele çopan, Meýlise habar gatjak bolup dodagyny müňküldetdi, ýöne Gara Dogrynyň başyny ýaýkaýandygy gözüne kaklyşyp, dilini dişledi. Soňra edip duran işini goýdy-da, Gara aga ýakynlady:

--Salawmaleýkim, goňşy!

--Waleýkim essalam, goňşy! Senem eşidäýdiňmi, Mele?

--Eşitdimem, gördümem goňşy! Iki bolup tirkeşip gideniňizi gördüm-de, Gara şeýdýän bolsa menem ýalňyşmaryn-la, diýip geliberdim, bäri!-diýdi-de Mele çopan säginip, oýurgandy:--Ýene-de bir gezek hata goýberäýýän-ä däldiris-dä, Gara dogan?

Gara Dogry Mele çopanyň soragyma jogap taparyn diýen umyt bilen, özüne garşy delmuryp garan gözlerine özüniň aýna deýin durulygyny hiç haçan üýtgetmeýän gözleri bilen dikanlap, egnini gysdy:

--Men näbileýin, Mele dogan! Menem özüň ýaly adam, menem Hudaý däl ahyry! Ýöne näme ata-babalarymyz "çykmadyk janda umyt bar" diýipdirler. Haktagala Ussa görgüliniň yzynyň şeýdip biabraýçylyk bilen ýitip gitmegine ýol berer-ä öýdemok.

--Rejesi neneň, özi, dogan? Ýa şol öňki äheňi, öňki heňimi?-diýip, Mele biriniň eşitmeginden çekinýän dek, sesini pyşyrda öwrüp sorady.

--Ýüz-ä, Mele dogan, işalla, bärik ýaly, öz-ä!

--Bolawersin, hernä!

Iki ýaşuly şeýle diýdiler-de, sözlerini kesip her haýsy öz işi bilen boldy. Esli salymdan soň çym-gyzyl bolup çişen gözlerini gizläp, Meýlis tamyň ýeňsesinden geldi. Mele çopan başlyklaýyn her kim oňa "gözüň aýdyň-da gözüň aýdyň" boluşdylar. Soňra hiç kim üýtgeşik geplemän, işli-işi bilen boluberdiler. Adamlar bolsa, aýtmak gerek däl geliberdiler, geliberdiler. Gelenem ýöne gelip, "gözüň aýdyň, geldiňmi?" diýip gidibermedi. Kim pildir-çarşaga ýapyşdy, kim çekiji hem çüýi bilen geldi. Kim keçe süýräp geldi, kim palas getirdi. Adam üýşüberensoň pil gezegini soňky gelenlere berip Mele çopan bile çete çekilen Gara aga bolsa assyrynlyk bilen öýe çyra çekip bolan, körpesi Nuryny ýanyna çagyrdy. Hatda gapdalynda duran Mele çopana-da eşitdirmän:

--Hol ýatakdaky, indiki annada sadaka bereris diýip ýören daýaw baggoýnymyzy, getir-de, gün ýaşmanka soý! Soňra öýden gazan-ojak getiriň-de, nahar ataryň! Şundan gaýym sadaka bolmaz! Ussa görgüliniň ojagyndan halal duz iýlip, töwir okalsa bijaý ýerine düşer. Ulus-iliň alkyşyny alan bendäniň töründe ile nygmat berip bilsek armanymyz näme?-diýip, onuň gulagyna pyşyrdady. Şol wagt Mele çopan hem tamyň öňüne aýlandy-da, ýuwaşjadan gyzyny çagyryp:

--Bar gyzym, öýe bar-da, ejeňe aýt, häli giçlik tamdyr ýapypdy, saçagyny götersin-de, gap-gajy, çäýnek-käsesi, çaýy-süýjüsi bilen bärik gaýtsyn!-diýdi.

Onýança howluda iş hem azalyberdi. "Iliň güýji siliň güýji" diýleni, sähel salymda howlynyň içi gül pürkülene döndi. Hatda daş-töweregi tämizlenip, içinde çyra ýakylan jaý hem silkinip dikelen ýaly bolaýdy. Adamlar assa-ýuwaşdan jaýyň içine ýygnanyp ugradylar. Törde saçak ýazyldy. Öz-özünden döreýän ýaly, saçagyň üstüne dürli-dümen üýşüp ugrady. Çaý geldi. Daşarda atarylan gazanyň bugundan göterilýän ýakymly ys içerik hem aralaşdy. Öýdäkileriň burnuny gyjyklap, işdä damaryny açdy. Her kim bir ýerden söz açyp başlady. Zähmet çeken adamlar alaýaz bolup söhbet edýärdiler. Diňe Meýlis çete çekilip, otagyň bir künjünde kibtini gysyp, ýüzüni ýerden galdyryp bilmän otyrdy. Onuň bolup oturyşy göräýmäge, uklap galana meňzeýärdi. Emma hakykatda welin onuň kalbynda tupan turýardy.

"Wa-a-ah, gara gözleriňize döneýin, doganlarym! Wa-a-ah, gara başyňyza şirin janym sadaga, ilim-günüm! Wa-a-ah, sözleriňizden aýlanaýyn, gözleriňizden aýlanaýyn, mähribanlarym! Men ýerden ýeke çykyp, atasynyň adyna ysnat getiren mahlugy, nä günlere saldyňyz ahyry, sadagaňyz bolaýyn, ähliňiziň! Eger-de şunça wejeralygymdan soň hem ine şeýdip garşylan ilimiň şu günki eden ýagşylygynyň astynda galyp, ine şu gün maňa gaýtadan ömür berip, söýenmäge söýeg, daýanmaga direg bolan

mähribanlaryma hyýanat edäýsem, goý meni ýer hopsun!” diýip onuň kalby daşyna çykaryp bilmeýän sözlerini içinden zarynlaplar gaýtalaýardy. Şunça ýylyň dowamynda hyýanat edilip-edilip, döwülmejek-epilmejek polada dönen wyždany hem Meýlisiň kalbyna ses goşup hamsygýardy: “Wah, owazyňdan aýlanaýyn, seniň! Şunça ýyldyr, zar boldum ahyry, şu owaza! Sadaga men saňa, sadaga!”

Ýagşylygy gyzyl manatlyk deýin, köpükme-köpük sanap bermegi, ýamanlygy gara daş edip goltugyna gysyp göterip ýörmegi bilmeýän adamlar bolsa göýä özleri üýtgeşik bir zat etmedik ýaly, Gara Dogry bilen Mele çopanyň gep uruşdyrmasyna alaýaz bolşup, gülşüp, çaý süzýärdiler. Öwzarsyz öýüň öwzary dolanypdy.

“Edebiýat we sungat” gazetiniň 2007-nji ýylyň
18-nji martyndaky sany

## Ata we ogul

…Öý işini harsal ýerine ýetirendigi sebäpli bu gün soňky sapakda mugallym oňa gaty käýedi. Dogrusy mugallymyň sözlerini gulagynyň duşundan geçiribem goýbererdi welin, onuň: “Saňa gelişmeýär, Annameret! Äý hawa-da, ata käýinji bolmasa ene igenjinden ne peýda…” diýen sözleri Annameretjigiň öňem ýaraly, kiçijik ýürejiginden ok bolup geçdi. Ýerinden atylyp turaga-da: “Sen bar-a, mollum, meni kemsitme! Kakasy neşebent diýip, diýjegiňi diýen bolup durma! Men islemänim ýa-da ýaltananym üçin öý işimde ýalňyş goýbermedim. Ýeke ogul bolsam-da, seniň beýleki synpda okaýan lellim ogluň Lallyk ýaly läliksiredilmeýärin. Men okuwdan soň uýalarym bilen ejemiň ýanyna, meýdana gidip, oňa kömekleşýärin. Gije gelibem ýadaw bolandygym üçin, öý işimi çalt-çalt taýýarladym.” diýip, gaharlanjak boldy. Emma özüniň müýni bolandygy zerarly dilini dişläp oňmaly boldy.

Mekdepden gaýdanda-da deňdeşleri bilen bile gaýtmazlyk üçin, olardan ökje ogurlap galdy-da, uzagrak hem bolsa, başga köçeden gaýtdy. Çola köçäniň ugry bilen ýalňyz özi ýegşerilip barýan, Annamerediň namysjaň ýürejiginde kine gaýnap-joşýardy. Hemişe agzy salamly bolandygy üçin sataşan obadaşlaryna: “Baý, munuň edeplijedigini, şunuň ýalyjak oglanjyk bize-de nesip edewersin” diýdirýän, Annameret garaja galpakly başyny aşak sallap barşyna ýolugra sataşýan birlän-ikilän ýaşy uly obadaşlaryna üns bermeýärdi. Onuň göwnüne bolmasa, olaryň bary: “Muny görüň-ä, süpük neşekeş Haldurdynyň ogly gelýär” diýip, ony ýeňsesinden ýaňsylaýan ýalydylar. Diňe bir adamlaram däl, eýsem köçäniň iki gyrasyndaky ýaplarda ýaşyl ýapraklara basyrynyp oturan tutlar-da, olarda jürküldeşýän guşlar-da, tutlaryň aňyrsynda gizlenýän haýatlaram… olaryň ählisi: “görüň-ä muny, görüň ahyry bu neşekeşiň ogluny” diýip onuň yzyndan gykuw berýäne çalym edýärdiler. Gözlerini ýerden götermäge utanyp barýan Annameret üçin ýer-ä ýarylmaýardy, ol hem girmeýärdi.

Ahbetin ýüzüni sallap barşyna Annameretjik öýlerine ýetdi. Daşyna şifer aýlanan aşhanada özünden dört ýaş uly, altynjy synpda okaýan, ortanjy gyz uýasy nahar bilen başagaýdy. Ol günortandan soň okaýandygy sebäpli eýýäm mekdep geýimindedi. Özem Annamerediň eglenendigi üçin, gaharlydy.

-Näme gelmän geçdiň, saňa nahar berjek bolup mekdepden gijä galýaryn ahyry!

Akyly-huşy başga ýerde bolan Annameretjik uýasynyň gaharly jümlesine kelam agyz jogap bermän, içeri girip gitdi. Iki otagly öýüň içinde derde ýarar ýaly goş-golam ýokdy. Otaglaryň astyna ýazylan düşekler bolsa, göwnüňe bolmasa köneliginden ýaňa aýagyňy bassaň, dabanyň astynda dyr-pytrak bolup, dagap gidäýjege meňzeýärdi. Annameret daşky otaglarynda säginmän, gapdalky otaga geçdi. Bosagadan ätlen dessine-de ýene-de eýýäm iki hepde bäri boş duran telewizoryň ýerine gözi düşdi-de, ýaňy mellekleriniň gädiginden ätlände az-kem köşeşen derdi täzelendi. Kakasy bu telewizory alyp gidende öýde Annamerediň ýeke özüdi. Irdenden bäri awulygyny tapyp bilmändigi üçin ýüzüni eňşidip, ernini̇ň suwuny akdyryp, öňünde: “Oglum, şu wagt gidip ejeňe aýtma, aýtsaň gykylyk turzup gelip, telewizory elimden alar, men bolsa bu mahal ölüp barýan” diýip, sazanaklap duran adamyň bolup durşy ysnady bolsa-da, ol kakasydy. Dözmedi. Ejesiniň yzyndan gitmedi. Onsoň öňem öýleriniň içinde ýumurtga togalabermeli eden kakasy, ýeke-täk güýmenjeleri hem tutuş hojalyklarynda derege ýaraýjak ýeke-täk zady – telewizory gujagyna gysyp alyp gitdi. Ejesi gijara işden gelip, telewizoryň boş duran ýerini görüp ähli zada düşündi. Mön göz ogluna bir zatlar diýip, käýejek bolup dodaklaryny müňküldetse-de, ýuwdundy-da, hiç zat geplemedi. Annameretjige tarap gözlerini alardyşan iki gyzy-da ejeleriniň oňa igenmändigini görüp, körpelerine hiç zat diýmediler. Ýöne Annameretjik ýaşy ýaňy otuz bäşden geçen hem bolsa kakasynyň berýän güzaplary zerarly eýýam garrap ugran ejesiniň gam-gussadan ýaňa püre-pür bolan alma gözlerinden sözsüz igenjini okady: “Oguljygym, öten ýyl hemmämiziň arly ýyllap çeken zähmetimiz üçin berlen sowgatdy-da! Bolmanda: “elleme” diýip bir bildiňmi ahyry?!”

…Telewizor bilen baglanyşykly ýatlama onuň çaga aňy üçin juda ýakymsyzdy. Sebäbi her gezek telewizory ýadyna düşende ejesiniň tükeniksiz gam-gussadan ýaňa püre-pür gözleri özüniň göreçlerine dikanlap garaýan ýaly bolýardy. Ejesiniň bu garaýşy onuň üçin çydar ýaly bolmadyk ezýetdi. Sebäbi ol gözlerde geljege umyt ýokdy, ynam ýokdy. Olar ejesiniň birmahal, özi ýatandyr öýdüp, ýarygijeden soň uly gyz dogany, mekdebiň sekizinji synpynda okaýan Çemen bilen derdinişende: “Hemmeler kakasy süpük diýseler-de: “Kakasy näme bolanda näme, özi arassa bolsa bolýar-da” diýip, hiç kimi diňlemän geldim. Ýigit dagam däldi, ýigidiň gülüdi. Toý-tomgy bolsa öňüne çykyp bilýän pälwan ýokdy…Ýöne näme, tohum yzarlaýan ekeni bi nägehan… Annameret jan dünýä inmänkä başlan ekeni… Soň bildim. Indi häli şu Annameret jandan hem gorkym az däl… Wa-eý Toba! Üç kerem toba” diýip aýdan sözlerini pyşyrdaýan ýalydy. Annamerede uç-gyraksyz mähir-muhabbet, söýgi bilen garaýan ol wagtyndan öň garran gözleriň jümmüşinde nähilidir birhili ysgynsyz müňkürlik bardy. Şol çala saýgaryp bolýan müňkürligiň üstüni-de ejesiniň jigerinden syzylyp çykýan ymgyr güýçli nalyşy basyrýardy. “Balam, bar umydym sensiň! Kakaňdan-a umyt ýokdur. Uruş döwründäki ýaly, nirededir bir alys ýerde “wepat boldy” hatyny alan bolsam döşümizi gaýşardyr gezerdik-le, janym! Ýöne, bagtymyzy küle çökeren maňlaýygara, ne abraý goýdy biz-de, ne hormat… Bar, umydym sensiň, guzym! Öň ýanyp, ýanyp, ýanyp köýüp bilmän ýörenimiz besdir! Diri ýakaýma!”…

…Annameret bu agyryly oýlanmalaryny bahymrak huşundan çykarmak üçin, telewizoryň boş ýeri garalyp duran bir gapysy ýok, döwük tekjeden ünsüni sowdy-da, eşiklerini çalşyp başlady. Şol wagt yzyndan gaharly uýasy girdi.

-Aý oglan, näme süýnüp-sarkan bolup dursuň, çakganrak-çakganrak geýimleriňi çalşyryn-da, naharyňy iý! Onsoň meýdana, ejem dagynyň yzyndan git. Şu mahal ýetişmeýärler.

Öz pikirlerine gümra Annameret ýene-de ýagşydan-ýamandan dil ýarmady. Muňa öňem atylmaga taýýar bolan uýasynyň bolmajysy boldy. Ol tasanjyrap jigisiniň ýakynyna bardy-da, ýeňsesine çalyp goýberdi:

-Aý oglan, näme lal açdyňmy? Men seniň bilen gepleşýän ahyry.

Uýasynyň bu şarpygy kalby kineli oglanjygyň sabyr käsesini dolduran iň soňky damja boldy. Ol:

-Näme urýarsyň-aý?-diýip,gahar bilen uýajygyny itiberip goýberdi. Birdenem onuň dodaklary öz-özünden kemşerdiler-de, garaja gözlerinden ajy damjalar paýrap gaýtdy. Aglaýanyna namys eden oglanjyk, diňe içki jalbarçaly durşuna aşak çökdi-de, ýüzüni dyzjagazlarynyň üstünde goýup, sojap ugrady.

-Munuň bolan bolaýşyny! Birje şarpyk üçin şumjaran bolup! Oglana meňzeş däl.-diýip uýasy hüňürdedi-de, öýüň daşky işigine ýöneldi.

Uýasynyň sözleri oglanjygyň janyna batdy:

-Gürlemän otur-how, sen! Taýak bilen ursaňam aglamazdym şu wagt…

-Birje şapbat üçin gyz ýaly jögüläp otyrsyň, ýene-de “taýak bilen ursaň” diýen bolýarsyň…

-Gürlemän otyr diýdim-how, men saňa!

Uýasy Annameret bilen sanaşyp durmaga wagty bolmandygy üçin, öýden çykdy-da, çalasyn hereket bilen saçak ýazyp, nahar aldy. Gaýmalaklap ýörşüne-de Annamerediň sojamasa-da eşiklerini geýmän, ýerinden gozganman oturandygy gözüne ildi. Nebsi agyrdy. Hasapdan öçürilen kakasyny hasaba almanyňda öýlerinde ýeke erkek kişiniň, ýalňyz arkadaglarynyň ejizläp oturmasyna haýpy geldi. Mekdepden gijä galyp barsa-da gyzjagaz, emaý bilen jigisiniň ýanyna bardy. Oturdy.

-Jigim!

Annameret gozganmady.

-Jigim, naharyňy iýäýsene!

-Jukk!-etdi-de Annameret başyny ýaýkady. Uýasy onuň bu bolup oturyşyny halamady.

-Wiý, bu oglany, indi uýaňdan bir gezek ýeňsäme kakdy diýip gaty gören bolýarsyňmy? Aý oglan, utanmaýarsyňmy?-diýip, uýasy Annamerediň böwrüne dürtüp ony güldürmäge çalyşdy. Emma Annameret oýkanjyrady-da, gülmän zordan saklanýandygy bildirýän hereket bilen gaharlanan boldy:

-Saňa däl-how, saňa däl! Aýtdym-a taýak bilen ursaňam hiç diýip…

-Onda näme boldy, aý oglan?!

Annameret gyzlar bilen gepleşýän oglanjyklaryň ählisine mahsus gopbamsylyk bilen horazsyrady:

-Äý ol zatlar seniň işiň däl…

Birdenem ol özi hem duýman göwnüniň galan ýerini gepläp goýberdi:

-Entek ulalaýyn, onsoň bar-a… Onsoň bar-a, hiç kim maňa: “Neşekeşiň ogly” diýip bilmez.

Uýasynyň ýüzjagazyna kölege indi:

-Kim diýdi?-diýende gyzjagazyň sesi gyryljak çykdy.

Dilinden sypdyrandygyna ökünen Annameret indi uýasynyň aýtdyrmasa oňmajagyna düşünip:

-Lallygyň kakasy.-diýdi.

Uýasy özüne zor salýandygy mese-mälim bildirip dursa-da, ýylgyran boldy:

-Bolýar-la, jigim. Sen bir tur geýin-de naharyňy iý. Ýaňky şarpyk çalanym üçin bolsa öýkeleme, öýlän gelip öý işleriňi edişerin.

Olaryň ikisi hem ýerlerinden turdular. Annameret hasyr-husur geýindi. Derrew iki bolup nahar edindiler. Onsoň uýasy haýdap saçagy ýygnap ugrady. Annameret çekinse-de uýasyna sowal bermän bilmedi:

-Kakam görünmedimi?

Uýasy edip ýören işini ýeke pursatlyk goýdy-da, gaşlaryny çytdy.

-Nämesine görünsin? Öýe gelmäge ýüzi barmy, onuň?!

Annameretjigiň ýüregi jigläp gitdi.

-Näme bolupdyr?

-Näme bolar öýdýärsiň?! Ejemiň sandykda ýygşyranja gelin şaý-seplerini ogurlap alyp gidipdir. Irden sen gideniňden soň ejem: “indi howa sowugrak, geýmäge zadym hem ýok, şol öňki aýap ýören begres haladymy geýäýmesem” diýip sandygy açdy welin, şonda gördi…

Annameret uýalarynyň näme üçin kakasyny halamaýandyklaryny bilýärdi. Uly gyz dogany bir gezek öýlerine köýnek tikdirmäge gelen jorasy bilen gepleşende eşidipdi. Geçen ýyl ejesi gaty agyr syrkawlapdy. Atasy-enesiniň ýokdugy zerarly olara kakasynyň uly dogany Orazdurdy kakalary kömek berýärdi. Şonda-da ol ejesi üçin bir topar gymmatbahaly dermanlary getirip beripdi. Şol dermanlar em edilip ugran ilkinji güni hem ejesi bäri bakyp başlapdy. Emma kakasy… ertesi gün Orazdurdy kakasynyň getirip beren ähli dermanlaryny bermejek bolsalar-da uýalarynyň elinden haram neşesine çalyşmak üçin gaňryp alyp gidipdi. Şondan bäri-de uýalary üçin kakalary ýok ýalydy. Boldy hem bir, bolmady hem. Has takygy bolanyndan bolmany…

Uýasynyň habaryna Annameretjik ýagyrnysyna şarpyk çalnan ýaly düýrükdi:

-Şol, geçen täze ýyl gijesi dakynyp görkezenlerinimi?

-Şolary-la, dagy haýsysyny bolsun?!-diýip uýasy gysgajyk jogap gaýtardy. Annameretjik ýuwdundy.

-Owadanynammy?!

-Hawa, şol owadan gülýakasynam…

Oglanjygyň kalby lerzana geldi. Ol ejesiniň ýeke-täk begenjiniň şol şaý-seplerdigini bilýärdi. Olar käbeleriniň ýeke-täk aýap ýören hazynasydy. Geçen täze ýyl gijesi, bolanja zatlary bilen saçaklaryny bezäp, iýip-içenlerinden soňra, ejesi ýörite olary begendirmek üçin sandygyndan gelin döwri dakynan şaý-seplerini çykaryşdyryp, dakynypdy. Şonda-da Annameret ejesiniň bir pursatda edil jadyly ertekilerdäki ýaly

şeýlebir owadan bolandygyna aňk bolup galypdy. Özüniň haýran galandygyny nädip beýan etjegini bilmänem, demi tutulyp oturşyna çaga sadalygy bilen nädip:

-Eje, menem ulalsam, seniň ýaly owadan gelne öýlenjekdirin.-diýenini-de duýman galypdy. Şonda ejesi, uýalary onuň gürrüňine ala-ýaz bolup gülşüpdiler. Öýleriniň içine baharyň howasy çalana dönüpdi. Niredendir bir ýerden keýpini kökläp gelen kakasy hem olaryň nämä gülüşýändiklerini eşidip, heziller edip olaryň gülküsine goşulypdy. Şeýlebir owadan bolan ejesine üýtgeşik-üýtgeşik garaýyş bilen garap:

-Asyl seniň munuň ýaly owadanlygyň hem ýadymdan çykyp giden ekeni.-diýip pessaýdan-pessaý pyşyrdapdy. Şol pursat gül-gül bolup açylan ejesi bolsa, bigam şatlyk bilenem bolsa biraz gatyrganybrak:

-Äý ähli zat seniň ýadyňdan çykdy ahyry!-diýipdi.

Şol gije olaryň ählisi üýşüp, tä gije ýarymdan agýança süýji-süýji gepleşip oturypdylar. Ejesi-kakasynyň hümürdisine hüwdülenýän ýaly meýmiräp barýan Annameret üçinem şol pursatdan bagtly pursat ýokdy. Şonda onuň göwnüne bolmasa sag-aman ertesi güne çyksalar kakasy neşesini taşlaýjak ýaly, ejesi hem günsaýyn garrap barman, her gün owadan şaý-seplerini dakynyp, elmydama ýaşajyk gelne meňzäp ýörjek ýaly bolup görnüpdi. Emma… Ertesi gün ähli zat öňki-öňküligine galypdy…

…Uýasy hüňürdedi-hüňürdedi-de, okuw sebedini alyp, çykyp gitdi. Gidip barşyna-da:

-Çaýy termosa demläp, sebede salyp goýandyryn. Ejem dagynyň yzyndan gideniňde alyp gitgin. Gapyny gulplanyňdan soň açaryny goňşulara goýaýgyn.-diýip Annamerede tabşyrdy. Tutuş durky-düýmegini ejesiniň owadan şaý-sepleriniň alnyp gidilendigi, indi gaýdyp ejesiniň geçen täze ýyl gijesindäki ýaly şeýlebir owadan bolmajakdygy hakyndaky pikir eýelän Annameretjik bolsa uýasyna jogap bermegi-de unutdy. Uýasy gidenden soňam ol näme etjegini bilmän esli oturdy. Ahbetin ejesi bilen uýasynyň ýanyna gitmelidigi ýadyna düşüp, daş çykdy. Işiklerini gulplady-da, açaryny eline aldy. Goňşulary Anna agalara gitmek üçin köçä çykdy. Şol pille-de, kakasy ýegdekläp çatrykdan öwrüldi. Ony görüp Annameretjigiň ini tikenekläp gitdi. Üpül-sapyl bolup, egniniň şylhasyny aşyryp gelýän bu jandar adama garanyňda albassa has çalym edýärdi. Ol aňyrdan gelşine ogluna üns bermän, derwezesiz gädiklerinden girip gitdi. Girişine-de göni hammama garşy ýüzlendi. Annameret onuň neşesini sanjym etjek bolýandygyny aňdy. Oglanjygyň bar gazaby gözlerine üýşdi. Onuň ylgap baryp kakasynyň öňüni kesäge-de: “Edýäniň näme? Indi ejem janyň, biziň ýekeje begenjimize-de el urduňmy? Seniň üçin mukaddes zat bir barmy?” diýesi geldi. Emma çekindi.

Oglanjygyň eginjagazlary öz-özlerinden sallandylar-da, ol goňşularyna tarap ýöneldi. Ýöne bir-iki ädim ädeni hem şoldy welin, birdenkä ejesiniň geçen täze ýyl gijesindäki owadan keşbi hyýalynda janlandy. Öz gysgajyk ömrüniň iň bagtly pursady hakydasyna geldi. Bada-badam indi galan ömrüne şonuň ýaly bagtly pursadynyň dolanyp gaýtalanmajakdygy, kakasynyň ýöne bir ejesiniň şaý-seplerini hem däl-de, özleriniň iň soňkuja, aýap-gizläp kökenek bolup ýörülen bagtjagazlaryny ogurlap äkidip, özüniň haram neşesine çalşandygy hakyndaky pikir Annameretjigiň aňynda döredi. Ol hyrra yzyna öwrüldi-de, hammamlaryna garşy ylgap gaýtdy. Bärden barşyna-da kakasynyň gyssagarada çala ýapan işigini “jarkyladadyp” açdy. Demi-demine ýetmän

“has-haslap” durşuna, çök düşüp oturan kakasynyň öňündäki açyk kagyz bölejigine we onuň içindäki bir çümmük çalymtyk, un kysymly neşä gözi düşdi. Gahar-gazapdan ýaňa gorkyny-ürküni undan oglanjyk, özüniň näme edýändigine-de düşünmän, şol kagyzy aýajygy bilen pyzdy. Soňam gaharyna näme diýjegini bilmän aglamjyrap goýberdi:

-Sendenem bir kaka bolarmy! Sen bar-a iň owadanynam alyp gidipsiň ahyry! Sen sebäpli ejem öňem-ä ýylda ýekeje gezek, olam diňe täze ýyl gijesinde owadan bolýardy, ind-ä asylam owadan bolup bilmez! Sen bar-a… Sen bar-a ejemiň owadanlygyny hem öz neşäňe çalyşdyň! Ondan-a bolmadyk bolsaň gowy bolardy…

Arzyly neşesi oglunyň aýaklarynyň astynda serpilip, pytrap gidende azarly Haldurdynyň tas gözleri hanasyndan çykypdy. Oslagsyz wakadan ýaňa ol doňup galdy. Emma haçan-da ýalňyz ogly otly ataşgir basan ýaly, çagajygyň sada dili bilen aýdylan ýalynly sözleri ýüzüne bazyladyp, basyp, aglamjyrap çykyp gidenden soňra, ol özüne geldi. Giň jahanda Haldurdyny gerekleýän, ony adam hökmünde görýän hiç zat we hiç kim galmandy. Olaryň ählisini “süpük” lakamyny alan Haldurdy haram neşesine çalşypdy. Diňe ýekeje adamjyk ony ezizleýärdi. Diňe bagryndan önen birje ynsan ony adam hökmünde, öz ezizi hökmünde saýýardy. Näme etse-de ondan ýüz öwürmeýärdi… Emma bu gün welin… Ogly hem ondan ýüz öwürdi. Hemmesine-de özi günäkär… Hemmesine…

Haldurdy birden kalbynda oýanan bu duýgulardyr-pikirleriň agramyna tap getirip bilmän iki eplendi-de, göýä wyždanynyň ezýetli urgularyndan gara başyny halas etjek bolýan dek, elleri bilen kellesini gizledi. Birsellem şeýle ýagdaýda gymyldy-hereketsiz ýatdy. Birdenem ýerinden dikeldi. Gapdalynda ýatan kagyz bölejigini, sanjym etmäge taýýarlanan lukmançylyk iňňesini gysymyna gysdy. Iňňäniň eplenip aýasyna çümýändigine, eliniň ganap ugrandygyna üns bermän, edil öz neşekeşligini elleri bilen gysyp, gysyp mynjyratjak bolýan ýaly, barha mäkäm gysdy. Birdenem:

-Barysyna sen günäkär, nejis!-diýip gyryk pyşyrdady-da, aýasyndaky zibili aýlap, hammamyň diwaryna urdy. Hasyr-husur ýerinden turubam, Annameretjigiň gidendir öýden tarapyna, onuň yzyndan, öz oglunyň yzyndan, özüniň ýitiren ýaşaýşynyň yzyndan ylgady.

“Edebiýat we sungat” gazetiniň 2008-nji ýylyň
31-nji oktýabryndaky sany

## Pälwan

…Sähelçe wagt galypdy. Olimpiỳa oỳunlary başlaly bäri ilkinji göreşine çykmaga taỳỳar bolan Myrat göỳä, äpet türgenleşik jaỳynda tenha özi bar ỳaly, daş-töwereginde türgenleşip ỳören beỳleki ỳurtlaryň pälwanlaryna üns bermän iki-ỳana gezmeläp ỳördi. Ol ellerini-aỳaklaryny silkeläp ỳörşüne, käte bir, tutuş aỳnadan diwaryň öňünde äpet gaỳỳş ellikli ỳumruklaryny düwüp, goranyş ỳagdaỳynda durỳardy-da, aỳnada görünỳän öz şekili bilen çalt-çaltdan ỳumruklaşyp başlaỳardy. Birdenem aỳna diwardan ỳüzüni sowup, hyỳaly garşydaşynyň hyỳaly urgusynyň öňünden sowulỳan dek, görüp ỳetişip bolmaỳan çaltlykda, düwlen ỳumruklarynyň aňyrsynda ỳüzüni gizläp, aşak

ỳapyrylỳardy-da, birdenkä hyỳaly garşydaşynyň goltugynyň astyndan zompa dikelỳärdi-de, onuň eňeginiň aşagyna yzly-yzyna dört-bäş zarbany urỳardy. Bada-badam ỳüzüni ỳumruklary bilen gizläp, hyỳaly garşydaşynyň ỳumruklaryndan gaçyp, üç-dört ädim yza tesỳärdi. Onuň goladan guỳlana çalym edỳän bedeni çykyn-çykyn bolup, derden ỳaňa lowurdap durdy. Pälwan wajyp göreşiň öňisyrasynda çyny bilen gyzyşỳardy.

Ol daşyndan göräỳmäge parahatlylygyň we aỳgytlylygyň hut özünden ỳasalana meňzeỳärdi. Emma ömrüni göreşiň şu görnüşine bagyşlan goja tälimçi Merdan aga öz şägirdiniň öte tolgunỳandygynyň alamatlaryny diňe bir gözleri bilen görmek däl, eỳsem ỳüregi bilen hem syzỳardy. Onuň synçy gözleri Myrat oslagsyz tizlik bilen goranyş ỳagdaỳynda durup, hyỳaly garşydaşyny ỳumruklary bilen ỳepbekläp başlanda, polat sütünlere çalym edỳän aỳaklarynyň tolgunçdan ỳaňa ỳeňiljek sandyraỳandygyny, şol ysgynsyz sandyramanyň hem onuň derden ỳaňa öl-myžžyk bolan baldyrlaryna ỳelmeşip ugran gyzyl reňkli gysga jalbarçasynyň gonçlaryny titredip bildirỳändigini saỳgarỳardy. Hälden bäri şägirdini synlap duran Merdan aga sütükli desmalyny egnine atdy-da ỳerinden turdy. Emma şol bada-da “Päsgel bermäỳin-le” diỳip pikir bilen, aşak oturdy. Sagadyna seretdi. Az galypdyr. Kalbyndaky alas-gopaslygy az-kem basyp ỳatyrmak üçin kükregini dolduryp uludan bir demini aldy. Gapdalyndaky gapdan suw owurtlady. Dessine-de ỳüzüni kürşertdi. “Tagamy erbedem däl welin, ỳat ülkäniňki ỳat bolỳar-da! Ỳanbaşyň çeşmesiniň jana derman bal suwuny küỳsäniňi duỳman galỳarsyň!”

Sowuk suw goja tälimçiniň içki tolgunjyny biraz köşeşdiren hem bolsa, barybir onuň içini it ỳyrtyp gelỳärdi. Ỳerinden turup, Myradyň ỳanyna baraga-da egnindäki desmaly bilen onuň derini süpürişdirip, düỳnden bäri eỳỳäm müňlerçe gezek gaỳtalan nesihatlaryny ỳadaman-ỳaltanman, müň birinji gezek, gerek bolsa müň bir ỳüzünji gezek hem gaỳtalaberesi geldi. Howsalaly hem aladaly tolgunçdan ỳaňa içi byjyklap duran goja özem duỳman ỳene-de Myrada onuň ilkinji garşydaşynyň kimdigi aỳan edileli bäri ỳanjap gelỳän öwütlerini içinden gaỳtalap başlady. “Güỳçli pälwandyr. Ỳaşy seniň bilen ỳaşytdaş. Agramy hem deň. Emma saňa görä kän tejribeli. Sen öz ỳigrimi bir ỳaşyňda otuz göreşi geçirip, olaryň sekizisinde ỳeňlip, on dokuzysynda garşydaşyňy huşundan gidirmek bilen ỳeňen bolsaň, ol eỳỳam kyrk dört göreşi geçirip, otuz bäşisinde garşydaşyny bihuş edip ỳeňipdir, bary-ỳogy üç göreşde hem ỳeňlipdir. Sag eliniň eňekasty urgusyndan ägä bol. Bu urgy onuň iň güỳçli hem iň eỳ görỳän urgusydyr. Şol urga duçar bolan pälwan üçin göreş şol pillede tamamlanỳandyr. Degdigi tamam! Dessine huşuňdan gidersiň. Ỳöne beỳle diỳsem çekinme, köşek! Biziňem zannymyz emelsiz aỳalyň ỳugran hamyrmaỳasy deỳin turşan ỳa-da ajan däldir. Entek biz üçin “tamdyr gyzdyryp, bizden baỳ, çörek ỳaparlar-a! Onda-da nähili çörek diỳsene! Türkmeniň tamdyrdan çykanda ỳalkymly gün bilen bäsleşỳän bugdaỳ nanyny ỳaparlar! Kemçiliksiz pälwan ỳok, köşek! Onuň asgyn ỳeri, saňa görä haỳal hereket edỳär. Sebäbi özüniň urgularynyň kuwwatyna bil baglaỳar. Ỳeke ỳumruk bilen, birje emel bilen, ỳekeje urgy bilen göreşiň ykbalyny kesgitlemeklige dalaş edỳär. Enşalla, Görogly begiň, galyberse-de ähli pälwanlaryň hem mertleriň hemaỳatkär howandary Şiri-Huda pirimiz Hezret Aly bizlik bolsa, näçe kuwwatly bolsa-da bu garşydaşyň kuwwaty öz-özünden dep bolar! Esasy zat aljyrama hem ruhdan düşme! Mähelleden hem göreş meỳdançasynyň kesekiliginden ỳadyrgama! Gowur-galmagaldan howuň basylyberse,

göreş meỳdançasyna çykan badyňa dem salym gözleriňi ỳum-da, özüňi çagalykdan bäri gatnap ỳören türgenleşik jaỳyň orruk-ortarasynda, tükeniksiz hem üznüksiz türgenleşikleriň dowamynda alyn deriň bilen suwarylan endikli göreş meỳdançaňda duran ỳaly, göz öňüňe getir. Bu görnüş seni rahatladyrar. Rahatlyk bolsa seniň eliňe-aỳagyňa güỳç berer, biliňe gaỳrat berer. Soňam gözleriňi aç-da, uludan bir demiňi al! Onsoň garaş! Rahatlanan bedeniň ỳeke pursatda düwlen polat ỳumruga dönỳänçä, garaş! "Boks!" diỳen söz ỳaňlanaram welin, şu göreş ömrüňde iň soňky göreşiň ỳaly, şu göreşden soň dolanyp göreş meỳdançasyna çykmajak ỳaly, şu göreşde gazanjak ỳeňşiň hem öz ömrüňde ỳagty jahana peşgeş berip biljek iň esasy hem iň ahyrky serpaỳyň dek, öňüňde duran garşydaşyňy ỳeňmekden galan ähli zady unut-da, tutuş durkuň-düỳrmegiň bilen gaỳt, onuň üstüne! Edil alabaharda Köpetdagyň çür depesinden gümmürdäp gaỳdỳan sil suwy deỳin, öz garşydaşyň üstüne yňdaryl! Tä depregiň zarňyldysyny eşidỳänçäň hem saklanma, togtama, gowşama!"

Birdenkä öz kömekçileriniň Myradyň göreş meỳdancasyna barỳança deriniň gaỳdyp, sowamazlygy üçin onuň egnine başlykly halat geỳdirỳändiklerine gözi düşen Merdan aga ukudan açylan ỳaly boldy. "Başlady-ow!" diỳip uludan demini aldy-da goja tälimçi ỳerinden turup, olara garşy ỳöneldi. Ol haladynyň başlygyny kellesine atyp başyny aşak sallan Myradyň ỳüzüni galdyrdy-da, desmaly bilen onuň maňlaỳ derini syldy. Onuň gözlerine garady. Şägirdi onuň gözlerine parahat ynam bilen garaỳardy. Diňe şol ummasyz ynamyň, aỳgydyň aňyrsynda, pälwan ỳigidiň gara gözleriniň jümmüşinde nähilidir birhili ysgynsyzja sorag bardy. Jahyllygyndan bäri ömrüniň agramly bölegi türgenleşik jaỳlarynda, göreş meỳdançalarynda geçen goja pälwan ol soragy bada-bat okady. Ol şägirdiniň egninden assaja gysdy-da:

-Başararsyň, köşek! Men seniň ỳaşyňda başardym, sen hem başararsyň!-diỳdi. Emma ömründe ilkinji gezek olimpiỳa oỳunlarynda çykyş edỳän ỳaş ỳigidiň gözüniň jümmüşinde gizlenen ynamsyzlyk ỳitip gidibermedi. Muňa köpi gören goja aljyrady. Bir demde ony der basdy. "Göreş meỳdançasyna çykyp barỳan pälwanyň gözlerinde özüne, öz güỳjüne, öz ukybyna ynansyzlyk orun alan bolsa, diỳmek onuň eỳỳäm göreşe çykmanka ỳeňildigidir." Bu pikiri goja tälimçini hasam howsala düşürdi. Şu pille ol özüni şeỳlebir alaçsyz duỳdy. Ol, sansyz göreşlerde meşhurlyklary bilen dünỳäni sarsdyran garşydaşlaryny ỳeňen, ussat pälwan, türgenleşikleriň kömegi bilen adamyň bedenini düwlen polat ỳumruga döndermegiň hötdesinden gelỳärdi. Adamyň ỳalňyz özüne ençeme garşydaş bilen bir wagtyň özünde göreşip, olary ỳeňmäge mümkinçilik berỳän emelleriň hem ỳüzlerçesini bilỳärdi. Emma onuň bu ussatlygy ynsan kalbynyň ejizligini ỳeňmegi başarmaỳardy. Bu göreşde gara güỳjüň hem, ussat emelleriň hem derkary ỳokdy.

Ol ỳene-de gözlerini göterip göreş meỳdançasyna çykmaga taỳỳarlanỳan pälwanynyň gözlerine dikanlady. Onuň gözlerindäki ynamsyzlyk özüne mynasyp garşydaş tapman bulanjyrap, müňzäp, dyzap, ulalyp barỳardy. Merdan aganyň göwnüne bolmasa öz öňünde ençeme göreşleri başyndan geçiren pälwan däl-de, şol bir mahal, mundan on-on iki ỳyl ozal onuň Aşgabadyň demir ỳol menziliniň ỳanynda ỳerleşỳän türgenleşik jaỳynyň gapysyndan gorka-gorka jyklan, horja, gowşajyk hem ỳygra oglanjyk duran ỳaly boldy. Şonda garaỳagyzja oglanjygyň çekinjeň durşuna mähri gidip,

minara ỳaly, minara ỳaly äpet şägitrleriniň arasyndan saỳlanyp çykyp, onuň ỳanyna barşy hakydasyna gelende ol Myradyň aljyrap durşuna dözmedi. Şonda-da Myrat edil şu wagtkysy ỳaly, sermisal halda mähnet pälwanlara aňk bolup garap durşuna, "menem şeỳle bolmagy başararmykam?" diỳen, ynamsyzlykdan hem umytsyzlykdan doly sözsüz soragyny garaja gözlerine jemläp, töre garşy ätmäge çekinip durdy. Onsoň ỳakynyna baran Merdan aga emaỳ bilen onuň garaja galpaklaryny sypap:

-Köşek, näme birini gözleỳärmiň?-diỳip mylaỳymlyk bilen sorapdy. Myratjyk bolsa çekine-çekine başyny ỳaỳkapdy we üçekden asylgy gaỳyş haltalary ary köỳen dek gazap bilen ỳepbekleỳän pälwanlary barmajygy bilen görkezip:

-Şolar ỳaly boljak!-diỳip pyşyrdapdy. Oglanjygyň sözlerine ỳylgyran Merdan aga bolsa onuň elinden tutup:

-Ỳör, onda köşek, bosagada durma!-diỳip ony töre garşy alyp barşyna:-Köşek, bu zatlar saňa nämä gerek?!-diỳip, oỳun edip sorapdy. Myratjyk bolsa ỳuwdunyp:

-Men hemmelerden kiçi!-diỳipdi. Ỳygra oglanjygyň şol sözlerine goja tälimçi gyỳylypdy. Özi aỳylganç ỳer titremesinden soň ỳetim önüp-ösendigi sebäpli, ol ejizi-ỳalňyzy görse hemişe çyn ỳürekden gyỳylỳardy. Ol özüniň tälim berỳän ähli ỳigitlerini-de öz çagalary hasap edỳärdi. Şonuň üçinem olary mähir bilen "meniňkiler" diỳip atlandyrỳardy. Şonda ol Myratjygyň galpagyny ỳene-de bir gezek sypalap:

-Sen uly bolarsyň köşek, meniňkileriň hemmesinden uly bolarsyň!-diỳip, ony "özüniňkileriň" arasyna goşupdy. Ine indi ençeme ỳyl bärem ol şojagaz ỳygra oglanjyga beren sözünde tapyljak bolup jan edỳärdi…

Myradyň gözlerine seredip durşuna aljyran goja tas elini-aỳagyny ỳitirip başlaỳardy. Birdenem Haktagala onuň diline diỳmeli sözlerini salgy berdi. Ol küdüň ỳaly ỳumrugy bilen Myradyň eňeginden çalaja itiberip goỳberdi-de:

-Sen meniňkileriň içinde iň gowusy ahyry! Ỳeňmän bilmersiň!-diỳip diňe şägirdine eşidiler ỳaly, pessaỳ pyşyrdady. Halypasynyň sözleri Myradyň kalbyna derman bolup damdy. Şunça ỳylyň dowamynda beỳle öwgini halypasynyň dilinden ilkinji gezek eşiden Myrat öz gulaklarynyň eşidenine ynanman ol jümläni içinden täzeden gaỳtalady. "Sen meniňkileriň içinde iň gowusy!" Dogrudanam men ilkinji gezek göreşe çykỳan erni suwly gögele ỳaly, nädip otyryn ahyry-a?! Tutuş ỳurdumyza meni güỳçlileriň içinde iň mynasyby diỳip saỳlap, dünỳäniň ỳüzünde öz abraỳyny belende götermek üçin iberdi. Menem bär-de heniz pälwansyrap ỳören, ỳumruk iỳip görmedik etenä dönüp barỳaryn. Hany çuslan bakaly, türkmen pälwany! Çuslan! Saňa halypaň garap dur, ildeşleriň garap dur! Elbetde ỳeňilseň ỳer göterỳär, ỳöne ỳeňilmeli däl! Men başararyn!"

Myradyň birhili ini tikenekläp gitdi. Ol edil sürä hüjüm edỳän möjek ordasyna gaỳtawul bermäge topulan mähnet türkmen köpegi ỳaly tutuş süňňi bilen titredi-de, bir silkinip, ellikli ellerini biri-birine urdy.

-Gitdik, Merdan aga!

-Gitdik, köşek! Allatagala bizlikdir!

Öňden Merdan aga ỳöräp ugrady. Onuň yzyndan Myrat gadam urdy. Iň soňundan bolsa iki sany kömekçi oglanlar ỳöräp barỳardylar. Köpi gören goja äwmän-alňasaman uzyn ỳagty däliziň ugry bilen barşyna birden äpet çyralaryň şöhlesinden ỳaňa ỳap-ỳagty ägirt uly tomaşa meỳdanyna çykdy. Onuň aỳagynyň ỳeňsesini basyp diỳen ỳaly gelỳän

Myrat görnende sanỳetmez mähelle ony uly güwwüldi bilen garşy aldy. Bu gözüňi deşip gelỳän al-gyzyl ỳagtylyk, adam deňziniň güwwüldisi ỳaş ỳigdiň sussuny basdy. Ol az-owlagam bolsa nepesini durlamak üçin başyny aşak saldy-da, öňünden barỳan göỳä ỳyllaryň täsiri bildirmeỳän dek henizem pälwansypat halypasynyň ỳasy ỳagyrnysyna gözlerini dikdi. Şägirdiniň howunyň basylỳandygy ỳeňsesi bilen duỳan goja ony biraz çuslandyrmakdan ötri agyr göwresine hem ỳaşyna gelişmeỳän ỳeňillik bilen hol allaowarrada ỳap-ỳagty dörtburçluk bolup görünỳän göreş meỳdançasyna garşy ylgaşlap ugrady. Myradam onuň yzyna eỳerdi. Olar dessine göreş meỳdançasyna ỳetdiler. Gözüni göteren Myrat meỳdançanyň gyzyl hem gök burçlaryny, ortada aỳlanyp ỳören eminiň gara jalbaryny saỳgardy. Onỳança Merdan aga meỳdançanyň daşyna aỳlanan galyň ỳüpleriň aşaky üçüsini aỳaklary bilen basdy-da, ỳokarky birini galdyryp Myrada meỳdança girmäge ỳol açdy. Kömekçiler çaltlyk bilen Myradyň haladyny sypyrdylar-da onuň kellesine gaỳyşdan goragy (*şlem*) we dişlerine rezin goragy (*kapa*) geỳdirdiler. Myrat çalasynlyk bilen ỳüpleriň arasyndan geçdi-de, meỳdança girdi.

-Hatyrjem bol, Myrat! Allatagala bizlikdir!-diỳip Merdan aga aşak düşdi-de gyzyl burçuň ỳeňsesinde tälimçileriň we kömekçileriň oturỳan ỳerine bardy. Myrat meỳdança girip-girmänkä hem bäsleşigi alyp baryjy dürli dillerde onuň ismini, ỳurduny, pälwançylyk iştimagy gelip çykyşyny (*iştimagy gelip çykyşy-terjimehaly*) yglan edip ugrady. Myrat bolsa meỳdançanyň içindäki emin ýanyna gelende goşarynyň iç ýüzüni ýokaryk öwürdi-de, ellerini öňe uzatdy. Emin onuň elliklerini we geýimlerini barlaşdyrdy. Soňra Myrat endigine görä tomaşaçylara baş egdi-de, meỳdançanyň gyzyl burçuna baryp, süňňini sowatmazlyk üçin ellerini-aỳaklaryny silkeleşdirip başlady.

Onỳança onuň bäsdeşi, gök geỳimli pereňli pälwan hem gelip göreş meỳdançasyna girdi. Oňa gözi düşen badyna Myrady ỳene-de gowşaklyk basmarlap başlady. Göwnüne bolmasa pereňli pälwanyň müçesi hem iri, boỳy hem uzyn, ỳumruklary hem has mähnet ỳalydy. Emma bir gezek süňňi gowşaklygyny ỳeňen Myrat onuň ỳene-de özüni basmarlamagyna ỳol bermedi. Ol eginlerini-boỳnuny gyşardyp, bilini ỳazdy-da eminiň özlerine yşarat edỳändigine gözi düşüp meỳdançanyň ortasyna bardy. Biygtyỳar ỳene-de onuň endamyna ỳeňiljek sandyrama indi. Ol özüne zor salyp, garşydaşynyň gözlerine dikildi-de, onuň özüne garşy uzadan eliniň ellikleri bilen elligini galtaşdyrdy. “Aỳgytly ekeni!” diỳip pereňli pälwan hakynda pikir edeni hem şoldy welin, emin birdenkä “boks” diỳip, birje sözi, edil gylyç bilen howany kesen dek pert hem çürt-kesik aỳdyp goỳberdi. Şol pille-de ỳyldyrym çaltlygynda Myradyň kellesine sagyndan-çepinden yzly-yzyna iki-üç ỳumruk gütüläp degdi. Ykjam urgular bada-bat onuň serini durlady. Endikli hereketler bilen ỳumruklarynyň aňyrsynda kellesini gizledi-de, yza tesdi. Emma şowly zarbalary nyşana degendigi zerarly beleň alan garşydaşy ondan galmady. Oňa garşylyklaỳyn hüjüm etmäge maỳ bermän, sandaly ỳençỳän demirçiniň ỳekedabany deỳin kütek ses bilen “güt-güt” edip degỳän urgulary onuň üstüne dumly-duşdan ỳagdyryp ugrady. Böwrüne, kellesine, ellerine, egnine degỳän urgular endamyny goparyp gelseler-de Myrat garşydaşy urdygysaỳy özüni dürseỳärdi, gyzyşỳardy. Aňy durlanyp, pereňli pälwanyň garşysyna has täsirli tilsimi ulanmagyň alajyny agtarỳardy. Özem hüjüme geçmeklige synanyşyk hem etmän, düỳrlenip, ỳüzüni gizläp, barha we barha çüňňe gysylỳan Myradyň aňy her degỳän urgydan soň: “Heỳ-waỳ, barymy şu!?

Barysy şumy?! Üýtgeşik zat hem däl ekeni-le” diýýän ýaly, barha arkaýynlaşýardy. Ol özüni juda rahat duýýardy. Sebäbi pälwan ýapyk goranyşa geçenden soň onuň polat ýumruklarynyň goragyny pytratmak üçin pilmahmydyň güýjüne gaýra dur diýýän güýç gerekdi. Ýapyk goranyşa geçip düýrügen pälwan edil öz gapyrjagynyň içine giren pyşbaga dönýärdi. Ýekedaban bilen urlaýmasa onuň “gapyrjagynyň” döwüljek gümanasy ýokdy. Şonuň üçinem düýrügen Myrat amadyny peýläp, diňe ýumruk yzyna ýumruk iýip durdy.

Birdenem Myrat adam deňziniň şowhunynyň arasy bilen halypasynyň sesini eşitdi.

-Açyldy Myrat, açyldy şu wagt!

Ýeke pursatda ilki tälimçileriň arasynda tolgunçdan ýaňa oturyp bilmän, örboýuna galyp, gygyrýan halypasyna gözüniň gyýtagyny aýlan Myrat dessine-de ýumruklarynyň arasyny çala açyp, garşydaşyna seretdi. Şol bada-da Myrat onuň garşylyksyz hüjümiň heýjanly täsirine kellesiniň göçüp elleriniň arasyny açandygyny, hüjümiň hatyrasyna goranyşy unudyp aýagaldygyna özüni ýepbeklemek bilen başagaýdygyny gördi. “Ine! Boldy!” diýip oýlanan Myrat bu pikiri bilen bir pursatda diýen ýaly, birden has aşak ýapyryldy-da, saga ümzügini atdy. Bada-badam zarba urmak üçin ýüzüni açyp, garşydaşynyň göni ýüzüne tarap ýumrugyny aýlady. Şol pille-de onuň garaşmadyk hadysasy bolup geçdi. Onuň ägirt uly güýç bilen uran ýumrugy garşydaşynyň göni ýüzüne degip, ony huşundan gidirmegiň deregine boşluga gitdi. Myrat heniz nämäniň nämedigine, garşydaşynyň öz ýumrugynyň öňünden nirä ýitirim bolandygyna düşünip ýetişmänkä-de pereňli pälwanyň kellesi onuň goltugynyň aşagyndan geçdi-de, ol edil Myradyň alkymynyň astyndan zompuldap çykdy. “Çümdi! Ine saňa “eý görýän zarbasy”!” diýip Myrat oýlanyp-oýlanmaka-da onuň eňeginiň aşagyna ot basylan ýaly boldy. Onuň birhili beýnisi çaýkanyp gözleriniň öňi garaňkyrap gitdi. Nähilidir bir göze görünmeýän aýylganç güýç aýaklaryny ýerden üzýän ýaly boldy. Edil bir halta gury süňküň silkilişi ýaly, özüniň silkilip goýberilendigini duýan Myrat: “Ýa Alla janym, huşumdan gitmäweräýin!” diýip zordan gos-goýy bolup bulamaga dönen pikiri oýlandy. Onuň aňynyň hiç-hili erk-ygtyýary bolmasa-da endikli bedeni öz-özünden gaýyş ellikli elleri bilen onuň ýüzüni ýapdylar-da, düýrügip yza tesdi. Sähel salymyň içinde-de beýnisi bilen bedeniniň her haýsy biri-birinden üzňelikde, özbaşdak durmuşda ýaşap başlan Myrat arkasynyň meýdançanyň ýüpüne ýaplanandygyny duýdy. Ony der basdy. “Häzir ýene-de eňegimiň astyndan birje gezek ýaňkysy ýaly urgy bilen galdyryp goýberse, meýdançanyň ýüpleri meni arkanlygyma tarap agdaryp, zyňyp goýberýärler. Jan Allam, senden medet, aýrylaweräýin, bu ýerden!” diýip oýlanan Myrat meýdançanyň ortasyna çykmak üçin şol tarapa hereket etmek isledi. Emma onuň pagtadan ýasalana dönen aýaklary diýen etmediler. Ol gymyldabam bilmän garşydaşyna tarap garady welin, onuň ýene-de özüne tarap süýşüp, ýetip gelýändigini, eminiň hem özüniň seňseländigini şübhe edip, meýdançanyň ol künjünden özüne tarap ýönelendigini gördi. Haçan-da çepine çala gözüniň gyýtagyny aýlanda bolsa halypasynyň zyňmaga taýynlanýan ýaly, desmalyny gysymynda gysyp, mäjerläp durandygyny gördi. Göwnüne bolmasa onuň müňküldeýän dodaklary: “Köşek, zarba bilen meýdançanyň daşyna zyňsa, masgaraçylyk bolar, iň oňady göreşi bes etdireýin” diýip pyşyrdaýan ýalydylar. Myradyň depesinden gaýnag suw guýlan ýaly boldy.

-Het edäýme, eşidýäňmi, het edäýme!-diýip diýen etmeýän agzy bilen ýňranjyrap pyşyrdady-da, ol birdenkä müňzäp pereňli pälwanyň üstüne okduryldy. Bada-badam ony gujagyna gysdy. Garşydaşy bu ýagdaýda özüniň günäsiniň ýokdugyny aýan etmekçi bolup ellerini eginleriniň deňine göterdi-de, giň açdy.

-Klinç! Brek!-diýip emin keseki dilde gygyrdy. Bir-iki gezek uludan demini alan Myrat garşydaşyny gujagyndan sypdyrdy-da iki ädim yza tesip, goranyş ýagdaýynda ýapyryldy. Şol pille-de depiň zarňyldysy ýaňlandy. Eminiň “Stop!” diýen sesi göreşiň ilkinji tapgyrynyň tamamlanandygyny yglan etdi. Aýaklaryna zordan erk edýän Myrat süýrenip diýen ýaly öz burçuna bardy. Merdan aga göwresine gelişmeýän çalasynlyk bilen ýaş kömekçilerinden öňürdip, meýdança girdi-de onuň agzyndan dişleriniň goragyny aýryp, suw tutdy. Myrat agzyny çaýkady. Kömekçileri hem haýdan-haý ýetişip ony desmallary bilen ýelpäp başladylar. Sähel salymyň içinde şägirdiniň äňini barlan Merdan aga:

-Döwülmändir-de diňe ýerinden sypypdyr öýdýän, göreş tamamlanandan soň ýerine salyp bolar! Dowam etjekmi?-diýdi. “Haş-haş” edip demi-demine ýetmeýän Myrat sesini çykarman baş atdy. Birdenem Merdan aga özüniň şikes alandygyny kimdir birine aýdyp barýan ýaly, howlugyp:

-Hiç kime aýtma, Merdan aga! Alyp çykaryn!-diýdi. Soňam ýene-de üstüni ýetirdi:-Özem indi ýere ýazaýan ýagdaýlarynda-da ýaňky etmekçi bolan zadyňa milt etmegin, ýaşuly!

Oňa düşünen goja tälimçi kelam agyz geplemedi. Şol wagt göreşiň tapgyrlarynyň dowamlylygyna gözegçilik edýän baş emin agaç çekiçjigi iki-üç gezek öňündäki gaty tagta urup, “tarkyldatdy”. Merdan aga we onuň kömekçileri meýdançadan çykdylar. “Owf! Ýene-de başlady-ow!” diýip oýlanan Myrat ýerinden turdy-da, orta bardy. Ol eýýäm mazaly özüni dürsäpdi. Rahat durandyklaryndan peýdalanyp Myrat garşydaşyny boýdan-başa birlaý synlady. “Ussat ekeni! Gör ediberşini! Açylan bolmagy göreş pirimi ekeni ahyry.”

-Boks!-diýen söz depiň zarňyldysy bilen bir wagtda diýen ýaly ýaňlandy. “Körem hasasyny bir gezek aldyrýandyr” diýip oýlanan Myrat şol söz bilen bir wagtda diýen ýaly yza tesdi-de, yza tesip barýarka-da, gapdala sowlup, bada-bat özüne garşy hüjüme geçen pereňli pälwanyň çepinden ýumruk urdy. Soňra göreş başlady. Ýöne göreşiň ikinji tapgyrynda pälwanlaryň ikisi hem birinji tapgyrdaky ýaly töwekgellige ýüz urman, göreşiň bu görnüşiniň sungatyna mälim bolan goranmagyň we hüjüm etmegiň ähli emellerini ýerli-ýerinde ulanyp, meýdançada pyrlanyp geçdiler. Üçünji tapgyr hem şonuň ýaly geçdi. Dördünji tapgyr hem göýä şolaryň adatylygyndan meçew alýan ýaly, adaty başlady. Emma ýadawlykdanmy nämemi, garaz bir saý-sebäp bilen säwlik goýberip Myratdan bir-iki ýumrugy artyk iýen pereňli pälwan birhili gyzmalygyny edip, ýene-de birinji tapgyrdaky ýaly Myradyň üstüne hüjüm edip başlady.

Onuň bu kemçiligini Myradyň synçy gözi bada-bat aňşyrdy. “Äh-ä! Ine saňa gerek bolsa, sen gardaş asyl, öte gyzma ekeniň-ä! Munyň-a gardaş bolmaýar! Biziň halypanyň aýdyşy ýaly, meniňkileriň arasynda kim gyzma bolsa şol hem iň akmak pälwandyr. “Göreşde ataňam bolsa sylama” diýipdir, türkmen! Bagyşla welin, seniň bu kemçiligiňden-ä peýdalanmasam bolmaz gardaş!” Myrat şeýle pikir öwürdi-de assa-

ỳuwaşdan, her bir urgusyny çaltlyk bilen ölçerip, garşydaşynyň iň agyryly ỳerlerine urup ugrady. Iki-üç urgudan soňam öz emeliniň başa barỳandygyny syzdy. Gahary gelen pereňli pälwan çalajadan sowukganly pikirlenmek ukybyny ỳitirip, onuň garşylyklaỳyn urỳan zarbalaryna myzaỳyk etmän, Myradyň üstüne ỳumruk yzyna ỳumruk ỳagdyryp ugrady. Kä gizlenip, kä ỳumruk urup, çalasynlyk bilen meỳdançanyň ol künjünden bu künjüne kebelekläp ỳören Myrat bolsa emeliniň başa barỳanlygy zerarly surnukdyryjy göreşiň ỳadawlygyny undup başlady. Onuň köhi gelỳärdi. Käỳarym halypasyna tarap gözüniň gyỳtagyny aỳlap goỳberende bolsa onuň keşbinden “Berekella, köşek, sen meniňkileriň içinde iň ulusy, iň gowusy!” diỳen sözleri okaỳardy. Bu sözler bolsa oňa hasam ganat bekledip, onuň güỳjüne güỳç goşỳardy. Suwulgan ỳaly sypjyk, ỳumruklary arynyň neşderi ỳaly awuly garşydaşyny ykjam maỳajyna alyp bilmän her gezekki hüjüminde ony seňseletjek zarbany urmagyň deregine awunyp galỳan pereňli pälwan bolsa gaharlanyp, bolmajysyny bolỳardy. Birdenem ol öz ỳalňyşyna düşündimi ỳa-da meỳdançanyň daşyndan ene dilinde gygyrỳan tälimçisiniň nesihaty täsir etdimi nämemi, dyzmaçlygyny bes etdi-de assa-ỳuwaşdan Myradyň üstüne sürnüp ugrady.

Ony doly öwrenip, onuň her bir hereketini okap duran Myrat garşydaşyny bada-bat ỳordy. “Ine, başlady! Indi sak durmaly! Bu hiläni ỳeke gezek edip bolar! Eger pys geçse, soň maỳ bermez. Indi ol göreşiň soňky tapgyryny ỳeke ỳumruk urman tamamlaỳanda-da meni toplan bahalarynyň hasabyna ỳeňỳär, sebäbi ol birinji tapgyrda meni gaty berk ỳepbekledi.”

Myrat ỳüzlerini gizläp ỳapyryldy-da, pereňli pälwana garşy süỳşüp ugrady. Garşydaşy hut şu pursada garaşyp duran ỳaly, edil ilkinji tapgyrdaky ỳaly ony ỳetişibildiginden ỳepbekläp başlady. Birsellem assajadan yza-yza çekilỳän Myratdan galman ony urandan soňra pereňli pälwan ỳene-de söweşe gyzygan kişi bolup goragyny gowşatdy. Galan zat bolsa göz açyp-ỳumasy salymyň içinde bolup geçdi.

-Ine!-diỳip Myrat pessaỳ ses bilen demini daşyna üfledi-de, ỳumrugyny gaty uly güỳç bilen urỳansyrap garşydaşynyň ỳüzüne garşy ỳumrugyny salgady. Bada-badam “Ỳumrugymyň öňünden sowuld-a, çüm indi meniň elimiň aşagyna!” diỳip Myrat içinden oỳlandy. Garşydaşynyň sowulyp özüniň baş emelini edỳändigini görüp hem ol begenip gitdi. Gözeilmez tizlik bilen ỳarym ädim yza tesdi.

-Ỳa Şiri-huda pirim Hezreti Aly! Me saňa!-diỳip pyşyrdady-da, özi babatda göreşiň birinji tapgyryndaky ỳaly eňekasty urguny geçirmek üçin dikelip, elini salganda ỳüzi açylan garşydaşynyň ỳüzüne bar güỳji bilen urdy. Duỳdansyzlykdan ỳaňa aňk-taňk bolan pereňli pälwan gözlerini agdardy-da, dikeljek boldy. Birdenem ellerini sallap diň arkanlygyna gaỳtdy.

-Wan! Tu!...-diỳip onuň ỳanyna ylgap gelen emin sanap başlady. Emma emin ona çenli sanaỳança pereňli pälwan gymyldamady. –Ten! Aut!-diỳip gygyran emin elleri bilen “göreş gutardy” diỳen yşaraty etdi. Soňra çete çekilip uly-uludan dem alyp, demini dürsäp duran Myradyň elinden tutdy-da ony al-asmana galdyrdy. Göreş meỳdançasynyň daşynda desmallaryny baỳdak edip galgadỳan halypasydyr onuň kömekçileri gözüne ilen Myrat birden düşündi. “Ỳeňipdirin öỳdỳän!” Ol özüniň ỳeňendigine geň galdy hem ynanmady. “Bäh, men ỳeňäỳdimmikäm?!” Özi bilen gödek oỳun edỳän bolaỳmasynlar diỳen howatyrlanma bilen Myrat töweregine göz aỳlady. Diňe şol pille eminiň öz elini

galdyryp durandygyny aňşyrdy. “Men ỳeňdim! Ỳeňdim-m-m!!!” Ỳaş pälwany ỳeňşiň heỳjanly täsiri doldurdy. Ol huşuna gelip, kömekçileridir tälimçisiniň kömegi bilen ýerinden dikelen pereňli pälwanyň ýanyna bardy-da oňa elini uzatdy. Ýüzi çişen pälwan tagaşyksyzam bolsa mähirli ýylgyrdy-da, Myrady gujaklady. Soňra pereňli pälwanyň tälimçisi hem onuň arkasyna kakdy. Myradyň göwnüne bolmasa pereňli pälwanyň tälimçisiniň gözleri: “Sen meniňkiden hem gowy, inim!” diýýän ýalydy.

“Edebiýat we sungat” gazetiniň 2008-nji ýylyň 29-njy awgustyndaky sany

**Wäşi**

Özüniň dünýä ýaň salýan at-abraýy, belent mertebesi, dabarasy-şagalaňy bilen Galkynyş eýýamy-da ýetip geldi. Gelşine-de misli kaklyşan zadyny altyna öwürýän pelsepe daşy deýin, galtaşan ynsanynyň kalbyna ruhubelentlik çaýyp, ençeme ýylyň dowamynda endigan haýallyk bilen akmaga endik eden durmuşyň akymyna bat berip, Özgertmeler zamanasy paýtagtyň merkezindäki sirkiň daşyny hem büräp aldy. Onuň zynatyna zynat goşup, täze öwüşgin çaýyp, göýä ençeme ýylky gaflat ukusyndan oýaran ýaly edip, ýüzüne dirilik suwuny-da sepip goýberdi.

Nijeme ýyl bäri sirk wäşisi hünäri hiç kesiň, hatda özüniň-de derkaryna ýaramadyk, şonuň üçinem özüniň köneje hususy ulagynda kireý edip güzeranyny aýlaýan Kadyra-da öz ugry boýunça iş tapyldy. Ol işe yhlas bilen ýapyşdy. Sahnany, köpçüligiň gülki bilen garşy alyp, gülki bilen ugratmagyny küýsäp giden Kadyr durky-düýrmegi bilen söýgüli kärine berlip ýörşüne dünýäni unutdy. Ýöne adam diýeniň diňe işi däl, maşgalasy hem, daş-töweregi hem bar…

Bu gün bolsa irdenden bäri onuňky ugruna däldi.

Düýn gijara işden gelse, gyzjagazy tekjeden ýykylyp, aýagyny döwdüripdir. Hassahana äkitdi. Em etdiler. Seýiklediler. Ýagdaýy oňat bolansoň “öýde serederin” diýip alyp gaýtdy. Ilki bir gowudy hem, agyrysyny undup, gülşüp-degşip ýatyrdy. Emma gije ýarymdan agyberenden soň welin, ýykylanda gorkupdyrmy nämemi, öl-suw bolup gyzdyryp ugrady. Haýdan-haý “Tiz kömegi” çagyrdylar. Lukman tejribeli ekeni. Sanjym-beýleki etdi-de, “gorkuly zat ýok, häzir uklar, ertire çenlem ýatar, ýöne ertir, adamçylyk, hassahana eltip, lukmana görkezäýiň” diýip olary köşeşdirip, çykyp gitdi.

Irden bolsa giç ýatanlygy zerarly gijem oýandy. Turanyndanam işe gijä galyp barýanlygyny görüp, göýä, ol günäkär ýaly, aýalyna nagarasyny döwüp başlady. Ilki bir sesini çykarmasa-da yzly-yzyna suňşurylýan sözler degnasyna degiberenden soň ol hem geplemän durup bilmedi. Är-aýalyň şunuň ýaly sene-menesinde diýläýjek zatlaryň ählisini birnäçe gezek ýanjap-ýanjap gaýtalady.

...Nämäňe gygyrýarsyň? Otuz ýaşap geçen halyňa ile meňzeş hünär edinip bilmediň. Il güldürýän wäşi-masgarabaz! Wah, gara bagtym! Ile çykara ýüzüm ýok. Heý ýüzüň bolarmy, äriň bökejin maýmyn ýaly, aýlawyň içinde bökjekläp, dyrnak ýaly çagalara çenli üstünden güldürip ýörse…

Dawanyň başy özünden bolsa-da ol erkek nadaralygyny edip, aýalyny jenjeliň sebäpkäri edip goýdy-da, öterägem geçip, oňa diýmesiz sözleri bir-iki agyz artygragam aýtdy. Soňam öýden çykyp gitdi. Basgançakdan düşüp gelýärkä-de, dar ýerde, aşaky gatda ýaşaýan, Hudaýyň beren güni serhoş goňşusy bilen süsüşdi. Ol hem, dogup-döräli bäri zährimaryň humaryndan açylman ýören zaňňar, gahar bilen jabjynyp goýberdi. Bu hem gaýtargysyny berdi. Gyzdylar. Birsellem diýilmeli zatlary diýşenlerinden soň, sowadylar. Her haýsy öz ugruna gidip barýarka-da, goňşusy yzyndan: "Indi haýsydyr bir masgarabaz hem şeýdip gomparan bolup ýörse" diýip hüňürdedi. Muny eşidip ol yzyna topulaga-da ýaňkynyň petigulusyny beräýjegem boldy. Emma näme üçindir, sesini çykarman gidiberdi.

Ýollar dürli görnüşlerdäki ulaglardan ýaňa hyryn-dykyn bolandygy sebäpli işine-de mazaly gijä galyp bardy. "Hudaýyň uranyny pygamber hasasy bilen dürter" diýenleri, sirkiň ymaratyna girenindenem döredijilik toparynyň ýolbaşçysy bilen pete-pet geldi. Ol "ýolbaşçy" adyny güne ýatyp almandygyny gaýym subut etdi. Bolanja keýpine sogan dogralan Kadyr iş otagyna girdi-de, eşiklerini çalyşdy. Ýüzüne dürli reňkleri çalyp, çykyş edýän keşbini çekdi. Sirkiň sahnasy tarapdan gelýän goh-galmagal, aýdym-saz tutuş ymarata ýaň salyp, ony göçüräýjek bolýardy. Tomaşa suwsan adamlaryň şowhuny sirki sandyradýardy. Indiki çykyş etmek nobaty onuňkydy. Ýene-de bäş minutdan ol äpet gümmeziň ýap-ýagty astyna ylgap çykyp, gülmelidi, bökjeklemelidi, elinde baryny edip, tomaşaçylary güldürmelidi.

Ýöne özüň şadyýan bolmasaň nädip adamlara şatlyk paýlajak?! Ýüregiňde gahar-gazap, öýke-kine, gaýgy-alada ýaly garaňky duýgular tupan turuzýarka, nädip özgelerde ýagty duýgulary oýarjak?!

Içini hümledip oturşyna ähli zat Kadyryň hakydasyna geldi. Şu käri saýlap alandygyny, şol ugur boýunça-da okamak isleýändigini aýdanynda kakasynyň, agalarynyň gazaply närazylygy, ejesiniň igenmesi, wagtal-wagtal ot alyp galýan aýalynyň iňirdileri… Hemmesi göz öňüne geldi. Dessine-de onuň göwnünde: "şu käre baş goşup ýalňyşan bolaýmaýyn" diýen müňkürlik döredi.

Ýogsa-da, dogrudanam ol bu käri näme üçin saýlap aldyka?! Ýa näme, başga ýerden bir döwüm çörek tapmaryn öýtdümikä?!

-Wäşi! Hany wäşi! Kadyr, sahna!

Alyp baryjynyň özüni çagyrýan sesini eşidende bar zat huşundan uçdy. Ol hüžžerip duran ötürtme saçyny gyssanmaçlyk bilen kellesine geýdi-de, sahna tarap ylgady. Sahna çykaýmanka galyň perdelere gizlenip, jyklady. Tomaşaçylaryň käbiriniň ýüzi aladalydy. Käbiri oňa garaşýar, käbiri bolsa öz pikirleri bilen gümra. Ol bolsa olaryň ählisiniň ünsüni özünde jemlemeli. Aladalaryny, pikirlerini undup, arkan-ýüzin gaýşyp gülmäge mejbur etmeli. Şeýdibem, şatlyk paýlap, gülki ýygyp, olaryň ömrüni uzaltmaly…

Ine näme üçin ol özüne bu käri saýlap aldy! Ine nirde ol özüni tükeniksiz bagt ummanynda ýüzüp ýören ýaly rahat duýýar!

Adamlaryň şatlygyna, olary şatlandyryp bilýändigiňe şatlanmak… Oňa şundan başga bagt nämä gerek ahyry!

Ol özüni unutdy. Birdenem:

-Ine-de men adamlar! Sizi gözläp men asyl azaşaýypdyryn ekenim-ä!-diýip sesinden baryny edip gygyrdy-da, aşyr atyp sahna çykdy.

## Watan goragynda

Säher ukusynyň neneňsi süýji bolýandygyny bilmeýän barmyka?!

Meger ýok bolsa gerek. Emma, uzak gijesini çirim etmän sepgitde gulluk eden serhet saklawynyň esgeriniň saba ukusynyň gadyryny biläýşi welin, edil ýöne hoşuňa geläýsin!

Arly gije bir şahamçadan beýleki şahamça selpäp, yz gözegçilik zolagynyň garynja ýörese daban yzy mese-mälim bildirýän, ürpük, ak gumundan ýaňa gözleri agyryp giden esgeriň daňa ýakyn, näçe endikli bolsa-da gabaklaryna gola guýlan ýaly bolar. Endamy ýumşaşar. Beýnisi ýarym ukuly hala geler. Pikirler göýä gaýnap-gaýnap goýalan üzüm toşaby deýin, aňyň seljeriji merkezine “jomp-jomp” edip, dammar durarlar. Ýöräp barşyna uky bürüp, gözleriniň ýumulýandygyny duýman galar. Birdenem tötänden büdrär-de, ziňkildäp açylar. Allaniçigsi bolup tisginer-de, öz-özüne gaharlanyp, ukunyň agyr labyryny bedeninden zyňmak üçin, hereketini ýygjamladar. Ýassyk hakyndaky hyýallary aňyndan sogrup taşlap, ünsüni yz gözegçilik zolagynda jemlär. Daňdanyň barha ýagtylyp barýan alagaraňkysyna, salkyn çygly howa, düýbi çyzylyp ugran al şapaga begener. Gidip barşyna elçyrasyny öçürip, geriner welin, damarlaryna dirilik suwy ýaýran ýaly bolar. Dünýesi giňär. Süzülip duran gabaklary terpenip ýokary galar. Aram-aram säginip, ýaňy oýanan guşlaryň jürküldisiniň arasyndan bigäne sesleri eşitmäge dyrjaşyp, diňşirgener. Soňam ýene-de ýoluny dowam eder.

“Meger “Aby-Köwser” diýip köneler şu saba-säheri göz öňünde tutandyrlar.” diýip Merdan dogumly gadam urup barşyna oýlandy. Dessine-de bu pikirleri aňyndan kowdy. “Ýok-la, goýaýyn-la! Saýry oýlar kelläme päsgel bermesin. Daňdanlar araçäkde iň hüşgär bolmaly pursat. Çünki betpällerem akmak däl. Bilýärler. Serhetçiniň daňa ýakyn ýadaýandygyny, ony uky bürýändigini, ýoluň gyrasynda ýatan daşyňam, tümmejik depäňem, bir üýşmek gury jagramaň hem gözüne ýorgan-düşek, ýassyk bolup görünýändigini… Olar şony hem peýläp ýatýarlar. Öz bet niýetlerini amala aşyrmaga, mukaddes serhede hyýanat etmäge amatly pillä garaşýarlar.”

Merdan ähli ünsüni bir ýere çugdamlady. Ok gabyna assaja kakyp, saklawyň kiçisini özüne garatdy. Geplemän serhet yşaratlarynyň dilinde: “Eserdeň bol, uklama!” diýip duýdurdy.

Ýöräp baryşlaryna olar 38-nji şahamçanyň gür ýylgynlygyna girip gitdiler. Serhet gorag zolagy süsňäp, ummasyz meýdanda ýaýylyp ýatan, okgeçmez ýylgyn jeňňeline girýärdi-de, gündogara garşy uzalyp gidýärdi. Dogup gelýän Kuýaşyň azak-tenek gyzdyryp ugrandygy sebäpli, ýylgyn tokaýynyň üstünde bgaran säher çygyndan ýeňiljek, ýukajyk duman örtügi emele geldi. Bu ysgynsyz ümür daş-töwerekdäki ähli zadyň keşbini alasarmyk, bulaşyk etdi.

“Serhet galasyna aragatnaşyga çykmagyň wagty hem boluberýär” diýip pikir öwren Merdan aragatnaşyk nokady ýerleşýän til agajyna garşy gyýalady. Bäş-on ädim ätdi-de, birdenem sakga durdy. Özi etjek bolup hem etmän, günde türgenleşip, ganyna siňen

endigine görä, serhet ýodasynyň gyrasyndaky gür otluga towsup girdi-de, aşak çommaldy. Bada-badam ýeňsesine dönüp, saklawyň kiçisiniňem öz hereketine eýerendigini gördi. Esger endigi olaryň aňyndan çalt hereket edýärdi.

Ymykly gizlenenden soňra Merdan özüni beýle tiz hereket etmäge mejbur eden hadysany synlap başlady. Olardan ýüz ädim dagy daşlykda ýylgynlaryň depesi yrgyldap-yrgyldap gidýärdi. Göwnüňe bolmasa biri ýylgynlygyň içinden seresaplylyk bilen ýöräp gelýän ýalydy. Ýöne haýwanmy ol, ynsanmy, düşnüksizdi. Yrgyldynyň ugry bolsa goňşy döwletden Türkmenistan tarapady ýa-da serhetçileriň dilinde aýtsaň "sepgitden arka" hereket edýärdi.

"Ýabany doňuzdyr-la!" diýip Merdan ulalyp barýan howsalasyny basyp ýatyrmaga çytraşdy. Şu pikiri eden badyna-da yz gözegçilik zolagyna ümürlikde sudury aýyl-saýyl görünmeýän kölege çykdy. "Çagyrylmadyk myhman!" diýen pikir çüý bolup Merdanyň beýnisine sanjyldy. Göwnünden howsala zym-zyýat boldy-da, ol atylmaga taýýar peýkam deýin göneldi. Onuň aňy şeýlebir çalt işläp başlady we;in, onuň göwnüne bolmasa ýyldyrym hem beýle tiz çakmaýan ýaly boldy. "Serhet galasyna habar berýänçäň, olar görer! Eger görseler, yzyna dönüp, goňşy döwlete tarap gaçmagy hem, gür ýylgynlyga urup, gözden ýitmegi hem mümkin…Onsoň ony tapjak bolsaň, tutjak bolsa, serhet galasy aýaga galýança, soňra serhet birikmesi "howsala habary" bilen galdyrylyp, tutuş serhetýakasy ýapylýança, bu bigäne saýak-sandyrak gör nirelerden çykyp, Ata Watanyň çäginde neneňsi hokgalar goparar!.. Ýok, diňe öz güýjümiz bilen, diňe özümiz hereket etmeli. Ýöne dur entek! Howlukma! Gyssanma! "Ajygan ölmez, alňasan öler!" Oňatja synla! Nähiliräk adam? Ýüklümi, ýüksüz? Neneňsi ýaragy bar?"

Merdan çapuwa goýberiljek bedewe dönen takatsyzlygynyň jylawyndan çekdi. Ýaňky kölege bolsa üşerilip durdy-da, sähel salym doňuz diňini saldy. Soňam: "howp ýok" diýip arkaýynlaşan bolara çemeli, emaý bilen, pişik basyşyny edip, öňe ätdi. Daňdanyň ümüş-tamşynda ol ümür zerarly däl-de adam sudurly sagyma çalym edýärdi. Onun daş sypatynda Merdanyň ilki bellän zady, gerşindäki goş haltanyň agramyna az-owlak ýegşerilýändigi hem-de göze görünýän ýaragynyň ýokdugy boldy. Kölege ýüzüni demirgazyga tarap tutup, yz gözegçilik zolagyndan heniz çykmanka ýene-de bir kölege ýaltaklap, ýylgynlykdan çykdy.

"Ikinji!" diýip sowukganlylyk bilen bellän Merdanyň göreçleri awuny gören gurduň gözleri deýin lowurdady. Ol misli "wawwasy" bar ýaly, tizataryny, emaý bilen eline aldy. Howpsuzlyk gulagyny gaýtardy. Ýöne ok sürmedi. Şakyrdysy ümsümlikde kölegeleriň gulagyna ilmeginden heder etdi.

Edil birinji ýaly arkasy goşhaltaly ikinji kölege hem azsalym säginip, diňşirgendi-de ýoldaşynyň yzyndan ýoneldi. Onda-da ýarag ýokdy. Onýança üçünji kölege hem peýda boldy. "Üçünji! Ýaragly! Elde ýasalan aw jysmygy. Howply! Ýüki ýok, diýmek janpenalary bolmaly" Merdan göýä serkerdesine habar berýän dek, öz-özüne hetjikledi. Üçünji kölegeden soň yz gözegçilik zolagyna hiç kim çykmady. Merdan olaryň üçüsini hem gözden salman, assajadan öňe emedekläp ugrady. Ol kölegeleriň golaýlygy sebäpli, çöp başyny gymyldatmazlyga çalyşýardy. Ol eýýäm mundan beýläk neneňsi hereket etmelidiklerini kesgitläpdi. Ýakynlaryna baryp, ýokaryk ok atar. Aljyraňňylykdan peýdalanyp, topular. Gundag bilen urup, ýaraglyny seňseledip bilse, beýleki ikisine

güýji ýeter. Ol saklawyň kiçisine pessaý ses bilen: “Ýeňselerinden bar. Ok ataryn welin, okdurylarsyň, ýöne özlerinden ataýma!” diýip, buýruk berdi. Bukdaklap ugrady. Birdenem togtady-da, ýoldaşyna soragly baş atdy. Bu onuň: “Başararsyňmy?” Esger kellesini öýkeli silkeledi.

Olar bölünişdiler. Merdan gapdallap, “kölegeleriň” sol tarapyna gyýalap ugrady. Biraz wagtdan ol “kölegelere” ýakynlady. Indi ol juda tiz hereket etmelidi. Merdan içinden: “Bir, iki, üç!” diýip, sanady-da, birdenem laňňa galdy:

-Dur!!! Ýüzin ýatyň, haramzadalar!-diýip, bogazyna sygdygyndan arlady. Tizataryna ok sürüp, olara garşy topulyp barşyna, “kölegeleriň” üstaşyry ýeke oky “güzledip” goýberdi. Şol pille-de oglagsyz ýagdaý bolup geçdi. “Kölegeleriň” ortadan barýany tapyr-tupur ýere ýazylyp, agzy bilen gum garbady. Emma öňden we yzdan barýan iki bigäneler aljyramadylar. Öňdäki gaçyp ugrady. Yzdan gelýän ýaragly “kölege” bolsa tüpeňiniň nilini Merdan tarap öwrüp, “güwledip” goýberdi. Merdanyň ýüzüne ýalyn çabran ýaly, gözüniň öňi ýalpyldap gitdi, şol bada-da ysyrgalygy köz basylan ýaly awuşap başlady. Emma Merdan gulagynyň gyzgyn yzasyna üns bermän, özüni atan “kölegäniň” alkymyna dykylyp baryp, gundagyny salgady. Ýöne garma-gürmelikde onuň tizatarynyň gundagy gyltyz degip, “kölege” myzaýyk etmedi. Onuň jysmygynyň degäýen bolsa kellesini ýere gaçan garpyzyň paçagyna dönderjek gundagynyň öňünden bolsa Merdan zordan sowlup ýetişdi. “Op-ba! Degen bolsa kelleçanagy kül-uşak edýärdi!” diýip Merdan bu jygba-jyg ýagdaýa gabat gelmeýän alasarmyk pikiri etdi. Şol mahal “kölegäniň” ýeňsesinde gögeren serhet saklawynyň kiçisi tizataryny onuň süýr depesinden goýberdi. “Kölege” çalam-çaş bolup ýatyberdi.

-Ikisinem güýl-de, ýaraglaryny al! Serhet galasyna habar ber!-diýip, Merdan ol gaçan birinji “kölegäniň” yzyndan ylgap barşyna gygyrdy. “Kölege” bolsa yzyndan tazy kowalaýan tilki kimin, sap atyp gaçýardy. Ýöne egnindäki ýük onuň tizligini peseldýärdi. Şonuň üçin hem Merdan bahym arany ýygryp başlady. Sähel salymdan onuň ökjesini sydyrdyp barýan Merdan onuň sojap dem alýandygyny hem eşidip ugrady. “Daljygýar” diýen pikir Merdanyň hasam gujuryny artdyrdy. Şol wagt “kölege” garaşylmadyk hokga gopardy. Ylgap barşyna arkasyndaky goşhaltasyny ýere zyňdy-da, tizligini artdyrdy. Arany açyp bşlady. Merdanyň lapy keç boldy. Sebäbi “kölegeden” asgynlap ugrady.

“Gör muny! Tapýan oýnuny nämesini näme etdigimiň!” diýip içinden paýyş sögündi. Onýança “kölege” has hem mojugyny tapdy. Ol gyýalap, serhetden goňşy döwlete tarap gaçyp başlady. Merdan kowalap onuň yzyndan ýetip bilmejekdigine akyl ýetirdi. Ol: “Dur bakaly senjagaz! Men saňa nähili oýun etmelidigini görkezeýin!” diýip, saklandy-da, tizataryny ykjamlandy. Bir-iki sapar yzly-yzyna demini alyp, dem alşyny sazlady. Mäkäm durup, tizataryň mawut kemerini eline dolady. Gundagyny engine diredi. Çep gözüni ýumup, “kölegäni” didiwana mündürdi.

--Şemal ýok. Ýöne tizatar “depende” gülläniň ýoly az-kem üýtgemegi mümkin. Şonuň üçinem…-diýip pyşyrdady-da Merdan “kölegäniň” duzçanagynyň aşagyny nyşana aldy. “Nil silkinse-de gülle az-maz ýokarrak gidip, dyzçanagy pytradar”

“Kölegäniň” sapalak atyp gaçyşy nyşana almagy kynlaşdyrýardy.

--Dur! Dur… howlukma… hiç howlukma…

Barmagy bilen mäşäni sypalaýan Merdan öz-özüni hüwdüleýän ýaly myrlady-da, birdenem…Ine! “Tark” boldy. “Kölege” badak atylan ýaly tüwdürilip gitdi. Merdan atylyp onuň ýanyna bardy.”Kölege” agyrydan ýaňa iňläp ýatsa-da, bilindäki gamany gynyndan sogurmaga çytraşýardy.

--“Doňzuň hork-horky ýatmaz” Häý mahluk diýsäni!

Merdan onuň goşaryna depip goýberdi.

--Gymyldaman ýat, edil şeýtanyňky ýaly müň janyň bolsa birisem menden aman sypmaz!—diýip öz bitiren işine monça bolan Merdan “kölegä” haýbat atdy. “Kölege” nätanyş dilde, düşnüksiz hümürdedi-de, ýüzüni ýere berdi. Onuň takdyra ten berendigine düşünen Merdan ilki bilen-ä onuň bilinden gamaly kemerini sypyryp, ok degen aýagynyň budundan pugta çykady. Gan akmasynyň göz-görtele gowşandygyny görübem, onuň ýarasyny özüniň goltuk kisesinden çykaran hasasy bilen mäkam sarady. Soňra ätiýaçlykdan ötri, budundan kemeri aýyrdy-da şonuň bilen “kölegäniň” ellerini daňdy.

--Gymyldamaga het edäýme!-diýip ýene-de azm urdy:--Adam ýaly “dur” diýlende, gulak asan bolsaň bu güne duçar bolmazdyň.

Merdan: “Nurýagdyýew näme işledikä?” diýip öz ýoldaşy barada ünjüli oýlandy. ““Kölege” ýöräb-ä bilmez. Taşlap gitseňem, süýrenip, gelen yzyna gümüni çeker, araçäkden geçenden soň hem onuň sypdygy! Onda näme etmeli?”

--Äý näme-aý! Näme etmekden Hudaý saklasyn! Hany, tur how, nermeden doýan öküz ýaly bäbenegime seredip, gölerip ýatma-da! Näme agyrýarmy? Men saňa arkaňy zäher-zakgundan dolduryp biziň Watanymyza gel diýip çagyrmadym. Özüň haram nebsiň üçin geldiň.

Merdan “kölegäni” ýerinden galdyrdy-da, ony arkasyna hopba etdi. Emma ol heniz öz ýoldaşynyň ýanyna ýetmänkä onuň öňünden serhet galasynyň “dessin topary” çykdy. Esger ýoldaşlary gelip ýerli-ýerden oňa kömek edip ugradylar. Iki sany esger haýdan-haý kölegäni” onuň arkasyndan aldylar-da, göterip, ulaglaryna tarap alyp gitdiler. Şondan soňra Merdan az-kem gowşadymy nämemi, ol gulagynyň ysyrgalygynyň erbet sanjyp agyrýandygyny duýup başlady. Elini gulagyna ýetirende bolsa barmaklary gyrmyzy gana boýaldy. “gyltyzragam bolsa degripdir-ow, nejis!” diýip Merdan özüni atan “kölege” babatda içiýangynly oýlandy. Ýöne ýoldaşlarynyň “berekellasy” onuň agyrysyny ýadyndan çykartdy. Haçan-da serkerdeleri gelip elini gysyp, Ata Watanyň adyndan “sag bolsun” aýdanda bolsa, Merdan dünýäni unutdy. Ata Watanyň öňünde belent borjuňy berjaý edip, Ata Watanyň minnetdarlygyna eýe bolmakdan belent bagt ýokdur!!!

“Adalat” gazetiniň 2007-nji ýylyň 30-njy noýabryndaky sany

## Serhet goragynda

…”Bäh, gurbany boldugymyň gözi açylana döndi. Guýaýşyny!” diýip Merdan oýlandy-da, ýygryldy. Baharyň ilkinji günlerinden heniz gyşyň sowugy aýrylmandy. Eginlerinde öllük geçirmeýän ýapynja bolsa-da, üşedýärdi.

Sowuk ýagyş, göýä Burkut atanyň meşigininiň düýbi deşilen ýaly, dünýäni suw-sil edip, dynman guýýardy. Merdan ýapynjasynyň aşagyndaky tizataryny ykjamlady-da, esli yzyndan gelýän, serhet saklawynyň kiçisi, esger Annaöwezowe seretdi. Ol misli ýagşy, sowugy duýmaýan ýaly, ýylgyrjaklap gelýärdi. Onuň edähetidi. Hemişe gülümsiräp ýördi. "alçak oglan! Göwnaçyk." diýip, Merdan ol barada ýakymly pikir etdi. Ýapynjasyndan joralanyp akyp, eteginiň epinine üýşýän ýagyş suwuny silkdi. Dessine-de özleriniň gijeki serhet saklawydyklary hakydasyna geldi. Aşak çommaldy-da, yzyna yşarat etdi. Onuň yşaratyna düşüş Annaöwezow haýdap ýanyna geldi.

--Esger, Annaöwezow, daş-töweregiňe gülki paýlap gelme-de, eserdeň bol! Garaňky gatlyşyp gelýär. Yz Gözegçilik Zolagyny suw basypdyr. Şonuň üçin hem hüşgärligi artdyrmaly!-diýip, Merdan saklawyň ulusy hökmünde bellik etdi.

Annaöwezowyň ýüzünden ýylgyryşyň sumat bolandygyny görübem, birhili oňa dözmedi. Ýüzüni alandygyna ökündi. Emma göwnüniň jümmüşinde talapkär kazy deýin, sak oturan ynsaby onuň dözümli hereketini makullady: "Dogry etdiň. Sepgide biz seýil etmäge, tebigatdan lezzet almaga çykmadyk. Serhede gulluga çykanyňda edil dartylyp duran kemanyň kirşine dönmeli. Çünki jogapkärçilik uly"

Birsellem ýoränlerinden soň, olar goramaly şahamçalaryna ýetdiler. Oňa çenli iňrigem mazaly garaldy. Merdan elçyrasyny ýakdy. Öňleri gündizlik ýaly ýagtylyp gitdi. Ýöne öňe ýörediklerіçe ýöremek çetinleşip barýardy. 36-37-nji serhet şahamçalaryna baranlarynda göwünlerine bolmasa, ýagşyň ähli suwy syrygyp, şu ýere üýşýän ýaly göründi. Suw barha köpelýärdi. Emma şonda-da olar bellenilen nokada baryp, serhet galasyna ýagdaýy habar bermelidiler. 36-njy şahamçadan geçip, 37-nji şahamça girip ugranlarynda, gulaklaryna nähilidir birhili, düşnüksiz ses eşidilip ugrady. Bu ses "şaggyldap" şemalyň akymyna görä aşyrymlaýyn gelýärdi. Özem barha golaýlaýardy. Merdan näme üçindir howsala düşüp başlady.

--Ýoldaş seržant, eşidýärsiňizmi?

Ol Annaöwezowyň sowalyny eşidip, ýeňsesine bakdy. Onuň gözlerinde hem howsala bardy.

--Eşidýärin!

--Serediň, ýoldaş seržant, suwam eýýäm dyzymyza ýetdi.

Merdan sägindi. Çar ýanyna çyrasyny aýlady. Şol pille-de suwuň ýüzi tolkunyp gitdi. "Şaggyldy" has ýakyna geldi. Göz açyp-ýumasy salymyň içinde-de suw olaryň dyzçanagyndan geçdi. Merdan bada-bat düşündi.

--Annaöwezow! Güýjüňden baryny edip, 33-nji şahamçadaky gözegçilik belentligine ylga! Tiz bol! Sil gelýär. Çaltrak 37-36-nyň oýundan çykmasak, ol bizi düýrlär.

Merdanyň howlukmaç buýrugyny tassyklaýan dek, kiçeňräk ýylgyn töňňesi gapdallaryndan akyp geçdi. Olar "pažžyldap" ylgap başladylar. Olaryň öz holtumyndan sypjak bolýandyklaryny aňan dek, sil suwy ýeke demde billerinden geçdi. Suwuň ýüzünden daraklap geçýän tolkunlaryň zarbasy-da güýçlendi. Läbikli suwda ýöremek hupbatdy. Birki gezek dagy ýykylyp, sil suwundan gerk-gäbe hem boldular.

Türgenleşigi ýetik bolandygy sebäpli Merdanyň Annaöwezowdan gaty bahym arany açyp, sil suwundan çaltlyk bilen çykmaga mümkinçiligi köpdi. Ýöne ol

bilgeşleýin yza galyp, ýoldaşyny göz aýtymyndan sypdyrman gelýärdi. Ýykylsa galdyrýardy. Büdrese söýget bolup, pursatsaýyn hem gyssaýardy.

--Annaöwezow, aragatnaşyk serişdesini, tizataryňy bilelikde daşyna kemeriňi ora-da, depäňe göter!

Merdanyň özi hem şeýtdi-de, "ýanaýmasyn" diýen ätiýaçlyk bilen elçyrasyny öçürdi. Çar-töwerek tümlüge beslendi. Garaňkylyk, suw, öl-myžžyk eşikleri bir ýyl mundane ozal Murgapdan geçişlerini Merdanyň ýadyna saldy. Ol öňe garşy okgunly hereket etmäge päsgel berýän bu ýatlamany hyýalyndan kowdy. Şol mahal Merdanyň arkasyndan oslagsyz "pažžyldy" eşidildi. Allaniçigsi bolup, yzyna gaňrylanynda, özüne garşy batly akyp gelýän tagaşyksyz, tokga töňňäni saýgardy. Töňňe gös-göni oňa tarap gelýärdi. Merdan aljyramady. Uzak oýlanman, kükregini dolduryp, uludan dem aldy-da, aşak çümdi. Töňňe suwy bulandyryp, goh turzup depesinden geçip gitdi. Merdan ýerinden turdy welin, ýakynjagyndan agzyna çagajygyny gysan tilki ýüzüp, gecip gitdi. Başagaý bolsa-da Merdan ol janawere gynanyny duýman galdy: "Janawer ir guzlapdyrow! Heläk bolmasalar-da biridir!"

Tilkiniň geçip giden ugruna seredende ol garaňkylygyna garamazdan "36-njy şahamça" diýen ýazgyly sütüni saýgardy. "Ýene-de iki şahamça galdy" diýip, ol içinden belledi. Şol pursatda dört-bäş ädim öňünden barýan Annaöwezow erbet buruldy-da, "ymm" edip, suwuň astyna gitdi. Merdan öňe okduryldy. Gözüni ýumup, çökdi-de, sermeläp, Annaöwezowy tapdy. Ezeneginden ebşitläp, çekip galdyrdy.

--Üh-he, üh-e…

Öýkeni suwdan dolan Annaöwezow üsgürdi. Agyrydan ýaňa ýüzüni çytyp, ynjyly sojady.

--Wah, aýagym gaňryldy öýdýän!

--Ýüzmegiň hötdesinden gelersiňmi?

--Bilmedim-dä, ýoldaş seržant.

Merdan haýal-ýagallyga ýol berip biljek däldi. Suw eýýäm eňeklerine ýetip, aýaklaryny ýerden üzüp ugrady. Ol Annaöwezowyň goltugyna girdi. Goly bilen bilinden tutdy. Beýleki eli bilen ýaragyny saklap, öňe tarap süýşüp başlady.

--Annaöwezow, ýaragyňy…üh-he, üh-he… gaçyraýma!

Suw agzyna gidip Merdany gepletmedi. Daýawdygy zerarly Annaöwezowyň bedeni onuň hortap göwresini aşak basýardy. Beyle ýagdaý uzak dowam edip biljek däldi. Suw burnuna girip ugranyndan soňra, Merdan ýüzmeseler bolmajagyny bildi.

--Annaöwezow!-diýip, Merdan oňa tarap öwrülende, onuň ejirli eňşäp duran ýüzüne gözi düşüp haýykdy. Halyna gyýylyp, sesini ýumşadanyny hem duýmady:

--Ýüzüp bilermiň, inijik?

Merdan özünden bary-ýogy birje ýaş uly bolsa-da, Annaöwezow onuň äheňine hossar tapynan ýaly boldy.

--Ýüzerin, ýoldaş seržant!

--Getir ýaragyňy, enjamlaryňy maňa ber. Bir eliň bilen ýapynjamyň ujundan ýapyş! Birden akyp gidäýme! Gitdik!

Bir haýukdan soň, Merdanyň ýapynjasy dartylyp başlady. "Ýadady!" diýip, Merdan Annaöwezow hakynda tukat oýlandy. Bahym bir çykalga tapmasa Annaöwezowyň

ýüzmäge mejaly galjak däldi. Ol esli wagt bäri gapdallary bilen akyp barýan sütün bölegine ýapyşdy-da, Annaöwezowy hem ýanyna dartdy. Niredediklerini bilmek üçin, üşemekden ýaňa titräp, diýen etmeýän eli bilen elçyrasyny ýakdy. Ýalpyldap çykan şöhle gözüni gapdy. Ol öwrenişmek üçin, azajyk gözüni ýumdy-da, elçyrany öňlerine tutdy. Şol bada hem şatlykdan ýaňa demi tutuldy. Belentlige çenli ýüz ädimden kän galmandy.

--Gideli, inijik! Ýetipdiris ahyry.

Merdan äňi-äňine degmän gagşaýan Annaöwezowy süýräp diýen ýaly, ýüzüp ugrady. Onuň haly teňdi. "Pažžyldap" öňe dyzap barşyna Merdan: "Buýmasa-da ýagşydyr!" diýip, basga galýardy.

Ýöne hernä ýigrimi-otuz ädim çemesi geçenden soň aýagy ýere galtaşdy. Ol ysgynsyzlykdan ýaňa entäp dursa-da, ýoldaşyny hopba edip, belende çykardy. Suwdan saýlanan ýerinde-de, gymyldara gurbaty galman, ýüzin süýndi. Biraz demini dürsäninden soňra ilkinji meýli serhet galasyndan kömek soramak boldy. Emma aragatnaşyk serişdesiniň burmasyny towlap-gaňryp, enter-pelegini çöwürse-de, ondan dem-düýt çykmady. Merdan: "Tamaň tala daňlyp, umydyň otdan towsan ýaly bolaýsyn" diýip, umytsyz oýlandy. Duýduryş sapançasyna garşy bolsa gözüniň gyýtagyny hem aýlamady. Sapançanyň oklarynyň myžžyk bolandygy köre hasady. Diňe könlünde dörän umyt uçgunjygy zerarly: "Serhet galasynyň garawuly görmezmikä?" diýen niýet bilen, elçyrasyny gala tarap öwürdi-de, birküç ýola öçürip-ýakmak isledi. Emma bu niýetinden hem bahym dändi.

"Beýle alysdan ýöne wagt görünmeýär. Bu mahal-a ýagyşdan ýaňa garaňkylygam gözedürtme tümlüge öwrülip, goýaldy."

--...Gara dagdan iner sili türkmeniň…,…Bent tutdurmaz gelse sili türkmeniň…- diýip, ol goýy läbikli suwa seredip oturşyna duýdansyz huşuna gelen setirleri pyşyrdady. Ony lapykeçlik basmarlady. Sütüni süýnüpdi. Argynlykdan ýaňa eginleri sallandy. Kalbynyň törüni eýelän göwnüçökgünlik üşeýändigini hem onuň ýadyndan çykardy. Alla bilsin, ol beýdip müzzerilip ýene-de näçe wagt oturjakdy, birdenkä biri goltugyndan gop beren ýäly boldy.

"A serhet näme?

Näme bärde beýdip, ýüzüňi sallan bolup otyrsyň?! Serhedi kime taşladyň ahyry?! Seniň ýagşa ezileniňe, üşäniňe nebsi agyryp, betpäl bet pälinden dänermi?! Haý, günüňe ýanaýyn!"

Ol syçrap turdy-da, aýagyny daňmak bilen meşgul bolup, sesini çykarman oturan ýoldaşyna ýüzlendi:

--Esger Annaöwezow!

Merdanyň zarňyldap duran sesi ikilenç tümlügi böwsende Annaöwezow esger endigi bilen dim-dik boldy.

--Men ýoldaş seržant!

--Serhet galasyna garşy alňasa! Ýagdaýy aýdarsyň…

Annaöwezow düşünmedi:

--A sen… sen näme, ýoldaş seržant?!

--Esger Annaöwezow, buýruk diýilýän zadyň seljerilmäge däl-de ýerine ýetirilmäge degişlidigini saňa öwretmedilermi?

--Öwretdiler, ýoldaş seržant!

--Onda… Yzyňa dön!

Annaöwezow aýlandy.

--Serhet galasyna tarap, ýöre!

Annaöwezow birküç ädim ätdi-de, birdenem ýüpünden çekilen ýaly, togtady. Dolandy.

--Ýoldaş seržant, men gitjek däl!

--Näme, näme?!!

Gahar-gazapdan ýaňa Merdanyň dili tutuldy. Ol Annaöwezowyň alkymyna dykyldy. Birdenem onuň ýyldyrap duran gözlerine nazary sataşyp, bady gaýtdy. Annaöwezowyň näme etse-de özüni ýeke taşlap gitmejekdigini duýdy.

--Otur, Kerwen!-diýip, Merdan ilkinji gezek Annaöwezowyň adyny tutdy:--Serhedi goragsyz goýup bolmaz, şu ýerden gözegçilik ederis.

Merdanyň sözleri pessaý ýöne, aýgytly çykdy. Ol göz gezdirip çykmak maksady bilen bir-iki sapar elçyrasyny serhet şahamçalaryna garşy ýakyp-öçürip, sil suwunyň ýüzünden şöhlesini tyrpdyryp goýberdi. Şol wagt bir-iki menzil daşlykda, goňşy serhet galasynyň gorag zolagynda hem yşyk ýylpyldap gitdi. Gözlerine ynanmadyk Merdan barlap görmekden ötri, ýene-de elçyrasyny şol ugra gönükdirip, gyrpdyrdy. Ýaňky yşyk oňa jogap berdi. Soňra has aňyrrakda hem bir täze yşyk gyrpyldady. Soň ondanam aňyrda ýanyp-sönýän yşyklaryň bir-iki sanysy göründi. Ýeňselerinden hem birküç sany yşyk olaryň “gepleşigine” goşuldy. Buýsanjyna bäs gelip bilmedik Merdan ýoldaşyny garsa gujaklaýanyny duýman, begençli gepledi:

--Görýäňmi? Kerwen, görýäňmi? Muny bir görsene, ýekeje serhet saklawy hem serhedi terk etmändir! Görsene muny, bütin serhet yşyklary bilen gepleşýär.

Aýagynyň injigini owkalaýan Annaöwezow ýylgyrdy.

--Görýän, ýoldaş seržant! Hiç kim gitmändir.-diýip, ol sägindi-de, buýsanç bilen üstüni ýetirdi:-…Bizem gitmedik!

Serhet zolagynyň tutuş uzynlygynda gyrpyldaýan yşyklar bolsa, göýä: “Doganlar, barmysyňyz?! Ýurt abatmy?! Bizd-ä hemme zat gülala-güllük!” diýip, biri-biriniň halyndan habar alýan ýalydy…

“Adalat” gazetiniň 2007-nji ýylyň 20-nji aprelindäki sany

## Bäsdeşler

...Serhet birikmesiniň täze gurlan sport toplumynyň içi esgerlerden, serkerdelerden hyryn-dykyndy. Hemmeleriň gözi hem sport toplumynyň merkezindäki daşyna dört sany galyň ýüpden germew aýlanan göreş meýdançasyndady. Bu gün serhet birikmesiniň içindäki sportuň dürli ugurlary boýunça ýaryşyň üçünji – esasy günüdi. Sebäbi bu gün deslapky göreşlerde ýeňip, birikmäniň esgerleriniň arasynda kikboksing boýunça ýaryşyň ahyrky tapgyryna gatnaşmak mümkinçiligini gazanan iki esgeriň haýsynyň

ýeňiji hökmünde serhet birikmesiniň abraýyny Döwlet serhet gullugynyň ähli birikmeleriniň we bölümleriniň ýeňijileriniň gatnaşmagynda geçirilýän ýurt möçberindäki ýaryşda goramalydygy kesgitlenýärdi.

Eminiň garşydaşlary göreş meýdançasyna çagyrmagyna juda ujypsyz wagt galypdy. Geýim çalşyrylýan otagda endamyny sowatmazlyk üçin ellerini-aýaklaryny silkeleşdirip ýören Merdan uly-uludan demine alyp, rahatlanmaga dyrjaşýardy. Dogrusy ol juda tolgunýardy. On ýaşyndan bäri ýokary tejribeli halypadan tälim alan Merdan üçin deslapky göreşlerde tejribesiz garşydaşlaryny ýeňmek beýle bir kyn düşmändi. Çünki möhletleýin harby gulluga geleninden bäri sport bölüminde gulluk edýändigi zerarly geçen bir ýylynyň dowamynda-da ol türgenleşiklerini arasyny ýeke gün hem kesmändi. Şonuň üçinem onuň taýýarlygy, çalasynlygy, zarbalarynyň kuwwatlylygy, göreş usullarynyň-tärleriniň gözeilmez tizligi has-da ýokarlanypdy.

Ýöne ol geçen iki günüň dowamynda özüniň häzirki garşydaşy – serhet galalarynyň ätiýaçlygy bölüminiň seržanty, ýene-de dört-bäş aýdan harby gullugynyň möhleti tamamlanýan Annamerediň geçiren deslapky göreşlerini hem görüpdi. Görmäge göz gerekdi. Onda-da tejribeli pälwanyň gözi. Suwulgan ýaly sypjyklyk bilen garşydaşlarynyň ýeke zarbasynyň hem nyşana degmegine mümkinçilik bermeýän pälwan ýigit göreş meýdançasynda kebelek bolup gaýmalaýardy. Iň agyr – 91 kg agramdan ýokarda çykyş edýär diýmersiň. Edil “ýelek agramly” diýilýän pälwanlar ýaly çalasyn hereket edýärdi. Garşydaşyny göreş meýdançasynyň içinde pyrlap-pyrlap, enter-pelegini çöwürýärdi-de, birdenem özüniň tutuş aýy agramy bilen hüjüme geçýärdi. Özünden gaçylýandygyna köhi gelip, kikboksingiň iň esasy ýörelgesi bolan ätiýaçlygy unudan, heniz nijeme göreşlerde bişişip ýetişmedik gögele pälwanyň üstüne üç-dört sany bişen kerpiji birbada pytradýan zarbalaryň tapgyry dumly-duşdan ýagyp başlaýardy. Göz açyp-ýumasy salym geçip-geçmänkä-de ussat pälwanyň sungatynyň pidasy bolan gögele, gullukdaşlaryndan müýnli gözlerini gizlemäge çytraşyp, ýüzüni sallap göreş meýdançasyndan çykyp gidýärdi.

-Ussada ussat diýmeli. Heniz beýle tejribeli pälwan bilen iş salşyp görmändim-diýip Merdan içki tolgunjyny nädip daşyna çykaranyny hem duýman galdy. Bada-badam özi-de duýman pyşyrdysynyň dowamyny içinden oýlandy: “Masgara bolaýmasam ýagşydyr-ow!” Ol gezmeläp ýörşüne otagyň diwaryna ýelmenen adam boýy aýnanyň öňünde togtady. Närazylyk bilen öz şekiline birlaý göz aýlady. Aýnadan oňa gujurly gollary, baldyrlary çykyn-çykyn bolup duran, döşleri gapak ýaly, daýaw pälwansypat, bugdaýreňk ýigit parahatlyk bilen garaýardy. Emma siňe seretseň onuň keşbiniň göýä hiç bir zadyň öňünde sarsmajaga-mizemejege çalym edýän parahatlygynyň aňyrsynda ysgynsyzja howsalanyň, özüne ynamsyzlygyň ýumşak ýere düşen ýagyş gurçugy deýin gowuşgynsyzja gymyldap durandygy bildirýärdi.

Merdanyň öz tolgunjyna, mejalsyz howsalasyna gahary geldi.

“Ýeri güýçli bolsa bolupdyr-da! Gaty gitse ýeňer-dä! Ýaryşyň manysy hem güýçliniň gowşakdan üstün çykmagy ahyry! Näme şu wagta çenli ýanyň ýere degmändigi üçin özüňi Göroglynyň “berekallasyna” begenip, sähel salymda ýetmiş iki pälwany ýanbaşyndan agdaryp goýberýän ýeňilmezek Galandardyryn öýdäýdiňmi?! “Düýeden uly pil bar” diýipdirler. Ahyry bir gün senem ýeňen tapylmaly bolar ahbetin.

Ýykylsaň ýer göterýär. Ýeňilseň mundan beýläk türgenleşiklere has beter durkuň-düýrmegiň bilen berilmeli bolarsyň…” diýip serhetçi ýigit özüne gyjalat gatyşykly göwünlik berip çuslanmaga başlady.

Şol pille-de näme üçindir serhet birikmesiniň maliýe bölüminde işleýän esger gyz Jahanyň mähirli keşbi onuň hyýalynda janlandy. Näzenin gyz her gün irden serhet birikmesiniň derwezesinden girip, esgerleriň maşk edip ýören türgenleşik meýdançasynyň deňesinden işleýän ýeri bolan birikmäniň dolandyryş binasyna geçip gidende Merdan onuň yzyndan garap aňk bolup galýardy. Gardan ak alkymy, hemişe gülgüne öwsüp duran, dähedem-dessemläp barşyna haýsydyr bir pikirine bildirer-bildirmez gülümsirände bir enaýy çukanajyklar emele gelýän ýaňaklary, gyrmyzy reňkiň goýusyna gaýra dur diýdirýän pisse dodaklary, keman gaşlaryň, peýkam kirpikleriň goragynyň astynda garan ýerini eredip barýan, ýürek gopduryjy bakyşly maral gözler… Endamyna şapylaşyp duran harby geýimi bolsa kady-kamatyna has-da gelşik berýär… Ýarym ýyl bäri daşyndan synlap, guwanyp-doýup bilmän ýörse-de, gijeler düýşünde bolaýmasa ýeke saparam kelam agyz gepleşip görmedik näzenininiň gül jemalyny göz öňüne getirende juwan ýigdiň hyjuwly bedenine ýeňiljek, juda süýji galpyldy indi. Birhili süňňi gowşap gitdi.

-Göreş meýdançasyna serhet galalarynyň ätiýaçlyk bölüminiň seržanty Annameret Batyrow we sport bölüminiň esgeri Merdan Agaýew çagyrylýar!

Eminiň ses güýçlendirijilerden çykan çakylygy Merdanyň depesinden ýekedaban bilen urlan ýaly, tutuş süňňüni sarsdyrdy.

-Owf, başlady-ow! Indi Jahanyň gözüniň öňünde ýepbeklenäýsem, tüýs bolaýjak! Owalam-a ondan umydym üzükdi welin, şondan soň-a asyl gören ýerinde seňrigini ýygryp geçer...-diýip Merdan burnuna siňdirip, eşidiler-eşidilmez hümürdedi-de, göreş meýdançasyna tarap ugrady.

Garşydaşlaryň ikisi hem göreş meýdançasyna bir pursatda diýen ýaly bardylar. Kömekçisi bolan gullukdaş esgeri göreş meýdançasynyň daşyndaky ýüpleriň üçüsini aşak basyp, birini ýokaryk galdyryp, Merdana ýol açdy. Ol eglip meýdançanyň içine girmekçi bolanda birdenkä, tomaşaçylaryň öň hatarynda serhet birikmesiniň dolandyryş düzüminde işleýän beýleki zenanlaryň arasyndan özüne garşy dikanlap garaýan goşa garamyk bilen nazary çaknyşdy. Onuň ini tikenekläp gitdi. Ýaňy bir, dem salymdan başlajak göreşe taýýarlanyp gyzyp, gatap ugran bedeni goram-gowşak boldy. “Bolaýdy öýdýän! Häzir bu goşa garamygyň öňünde masgara bolaryn!” diýen pikir aňynda ýylpyldanda pälwan ýigdiň ýüregi gysyp gitdi. Onda-da ol kömekçisine syr bildirmejek bolup, çalasynlyk bilen göreş meýdançasynyň içine girdi-de öz künjüne bardy.

“Boldy! Başlamankam ýeňildim! Hemmesine-de şol goşa ýyldyza çalym edýän garamyklaryň garaýşy günäkär” diýip oýlanan Merdanyň öz-özüne, Jahana, daş-töweregindäki adamlara, Annamerede, umuman ýagty jahanyň ähli zadyna gahary gelip ugrady. “Ýeri näme üçin sen şu birikmä işe geldiň diýsene?! Asla men näme üçin seni gördüm ahyry?!” diýip içinden gahar-gazap gatyşykly umytsyzlyk bilen oýlanan Merdan emin hökmünde çykyş edýän serkerdäniň yşaraty boýunça onuň ýanyna – göreş meýdançasynyň merkezine bardy. Emin ilki Merdanyň, soňra bolsa Annamerediň elliklerini, geýimlerini barlaşdyrdy. Soňra garşydaşlar biri-birine gaýyş elliklerini degrip

salamlaşdylar. Şonda Merdan ilkinji göreşinden bäri tälimçisiniň tabşyrygyna eýerip, endik edinen edäheti bilen garşydaşynyň garaçygyna dikildi. Annamerediň gözlerinde parahat äwmezlik polatdan guýlana kybapdaş aýgytlylyk bilen gatyşyp-garyşyp gidýärdi.

"Ine pälwanyň nazary diýip şuňa diýerler. Onuň kellesinde seniňki ýaly bolar-bolgusyz ham-hyýallar, paşmajak arzuwlar, gorjalan ary öýjügi kimin hyň berip durmaýar. Häzir göreşiň ilkinji tapgyrynda serpmeden gaýdan ýaly edip goýberer welin, ähli pikirjikleriň edil laýyjak barmaly ýerine barar duruberer. Saňa geregi hem şol!"

Merdan pikirlerini tamamlamaga ýetişmedi.

-Boks!-diýen söz bilen birlikde yzly-yzyna özüne salganan iki ýumruk bilen bir wagtda aýaklaryna badak atmak üçin aşakdan galgan aýak Merdany pikir ummanyndan sogrup, göreş meýdançasynyň merkezine taşlady. Ol garşydaşynyň zarbalarynyň tapgyryny hatda görmäge-de ýetişmedi. Ýöne çagalykdan bäri on ýylyň dowamynda türgenleşiklerden türgenleşiklere, göreşlerden-göreşlere endik etdirilen bedeni Merdanyň aňyna dahylsyz hereket etdi. Gündeki surnukdyryjy türgenleşiklerde ýonulyp-sünnälenip gözeilmez çaltlyga garşy gözeilmez çaltlygy goýmaklyk öwredilen gollar we aýaklar Annamerediň zarbalaryny yzyna serpikdirdiler-de, howply ýakynlyga gelen garşydaşdan daşlaşmak üçin  bir-iki ädim yza çekildiler.

Bada-bat özüne gelip, durky-düýrmegi bilen islendik zarba zarba bilen jogap bermäge taýýar bolup, dartylyp duran kirşe dönen Merdan ilki bilen garşydaşynyň ýüzüne garady. Onuň gözleri göýä: "Berekella! Özümiziňkilerden ekeniň-ow!" diýýän ýaly garşydaşyna bolan hormat-sylag bilen gülümsireýärdiler. "A sen nämedir öýtdüň?! Ilkinji pursatda düňderip goýberäýerin diýip pikir etdiňmi?!" diýip öz-özünden kanagatlanma bilen oýlanan Merdan has hem çuslandy.

Şondan soň Merdan göreşden hem garşydaşyndan galan ähli zady unutdy. Jahan hem, Annamerediň özüne garanyňda has çalasyndygy hakynda oýlanmalar hem ýadyndan çykdy. Aňynda diňe göreşiň ähli usullaryny ýerbe-ýer tertipli ulanmak hakynda hasaplamalar galdy.

"Çepbekeý ekeni! Çepiniň urgusy hem juda güýçli. Iň howply ýagdaý. Juda seresap bolmaly. Şol elini oslagsyz ulanýar" diýip garşydaşynyň nobatdaky zarbasy degen böwrüniň agyrysyna diň salan Merdan pikir öwürdi-de, hüjüm etmäge imrigip, hüjümiň hatyrasyna goranmagy sähel wagtlyk ýadyndan çykaran Annamerediň üstüne el we aýak urgularynyň tutuş tapgyryny ýagdyrdy. Emma ýeke pursatda hüjümden goranyşa geçip, zarbalaryň ählisini yzyna serpikdirmegiň hötdesinden gelen Annameret ýene-de hüjüme geçdi. Sagyndan, solundan, endamynyň goranyşdan açyk ýerlerine, aýaklaryna edilýän hüjümden goranmaga zordan ýetişýän Merdanda özüni gaýgyrman ýepbekleýän garşydaşyna bolan hormat, öz gowşaklygyna bolsa içiýangynlylyk barha artýardy.

"Gör-ä muny ediberşini! Ýumruklary dagy degen ýerini goparyp gelýär! Özem edil suwulgan ýaly sypjyk, maýmyn ýaly çalasyn. Eliňi bir salgaýançaň iki salgaýar! Zarbalaryň biri nyşana degse onusy pys geçýär… Ýeri indi munuň bilen näme etmeli? Ýa şeýdip ýeňläýmeli bolarmyka? Ol hem şol goşa garamygyň öňünde…"

Bu pikirden ýaňa Merdanyň ýüregi jigläp gitdi. Annamerediň arasy üzülmeýän hüjümi zerarly ýapyk goranyşa geçip, barha çüňke gysylyp barýan Merdan özüni göreş

meýdançasyndan gözlerini gizläp, ezilen towuk ýaly müzzerlip çykyp barýan halda göz öňüne getirende, haýykdy. Eýýäm şeýle hala düşen dek, içinden ýygryldy.

“Ýok-la, beýle zada ýol berip bolmaz!”

Ol özüni ýepbeklemeklige başagaý bolup biraz seresaplylygy elden beren Annamerede garşy aldaw urgusy bilen aýagyny salgady. Garşydaşynyň duýdansyzlykdan ýaňa pirimine aldanyp, düýrmegi bilen şol urgudan goranmaga çalşandygyndan peýdalanyp hem elleri bilen yzly-yzyna onuň böwrüne suňşurdy. Annameret böwrüni onuň zarbalaryndan goramak üçin elleriniň goragyny biraz aşak düşürende bolsa Merdan ýumrugy bilen onuň äňiniň aşak ýanyndan galdyryp goýberdi. Emma Annameret oslagsyz urgy zerarly yza serpigip gitse-de, Merdanyň taýýarlyksyz urgusy gowşak boldumy nämemi, seňselemedi. Ýöne ol hüjüm etmesini bes edip, mazaly özüni dürsemek üçin goranyşa geçdi. Olar göreş meýdançasynda pyrlanyp başladylar.

“Hawa, gysga wagtlyk onuň hüjümleriniň öňüni aldym. Indi ol has seresaply hereket eder. Men näme etmeli?!” diýip ýetişibildiginden oýlanýan Merdan iň bolmanda göreşi deň hasap bilen tamamlamak üçin çykalga agtarýardy. Tejribeli pälwan bolandygy zerarly ýaňkyja üstünliginden Merdanyň başy aýlanmaýardy. Bu tötänlikdi. Beýle tötänlik hatda añrybaşy ussat pälwanlary-da serpmeden gaýdan ýaly edip bilýärdi. Ol Annamerediň sähel salymdan özüni dürsäp gaýtadan hüjüme geçjegine-de, onuň özüne garanyňda has güýçli, has çakgandygyna-da, eger-de işjeň göreşi dowam etdirse onuň özüni ahyry maýyna salyp, ýekeje esasy urgy bilen huşundan gidirip biljekdigine-de düşünýärdi. “Onda näme etmeli?! Göreşiň dört tapgyry gutarýança meýdançanyň içinde ondan gaçyp gezmelimi? Ol beýle herekete-de ýol bermez! Sebäbi ol iki esse dagy çalasyn. Bir bökýänçäň iki bökýär. Gaçyp goranmak usulyny saýlap alsaň gaýta bahym yzyňdan ýetdiräýmeseň… Onda nätmeli?”

Birdenem Merdanyň aňynda ýyldyrym çakan ýaly bolup gitdi. Halypasynyň öwran-öwran gaýtalaýan sözleri hakydasyna geldi: “Garşydaşyňyzy äsgermezlik etmäň, oňa gaharlanmaň, ony ýigrenmäň. Hatda oňa ýöne bir hormat goýmak bilen hem çäklenmäň! Ony söýüň! Tutuş durkuňyz-düýrmegiňiz bilen, edil özüňizi, iň ýakyn adamyňyzy söýşüňiz ýaly söýüň! Onuň her bir hereketini sypdyrman synlaň! Özüňize siňdiriň. Ekiz taýlar biri-biriniň agyry-ynjysyny hem, pikirlerini hem hatda uzak aralyklardan-da duýýarlar diýilýär. Sizem garşydaşyňyzyň ekiz taýyna öwrüliň! Onuň her bir hereketini, her bir duýgusyny syzyň, pikirlerini okaň, indiki ulanjak göreş usullaryny öňünden kesgitläň…Garşydaş güýçli bolanda ony diňe şeýle edip ýeňip bolar”

Merdanyň göwrümi giňäp gitdi. “Hakykatdan hem men hälden bäri ýalňyş hereket edip gelipdirin. Men Annamerede, onuň hereketlerine düşünmedim, düşünmek hem islemedim. Indi bolsa başgaça hereket etmeli! Ol häzir näme eder? Elbetde demine dürsäp bolar-da hüjüm edip başlar. Onuň nähili ýetmezçiligi bar?! Beden gurluşynda, çalasynlygynda, göreş sungatynda, güýç-kuwwatynda hiç-hili çirk ýok. Ähli zatda ol menden üstün. Ýöne ol häsiýeti boýunça juda gyzma. Hüjüm edip başlasa saklanmagy bilmeýär. Ýaňy hem şonuň üçin ýalňyşdy. Elbetde onuň ýaňky howply urguny goýbermegi ýönekeý bir tötänlik. Ýöne ol ganygyzmalygy zerarly şol tötänligiň emele gelmegine mümkinçilik döredýär. Onda nähili hereket etmeli?! Ony ýene-de hüjüme

imrikdirmeli, seresaplylygy elden bermäge mejbur etmeli. Elbetde ol güýçli pälwan, atyny oka berip, ýeke esasy zarbanyň astyna düşmez, soňky pursatda-da bolsa, ýaňkysy ýaly eýdip-beýdip goranmaga ýetişer. Ýöne iki-üç gezek şonuň ýaly urgulary sypdyrsa ony hasabyň umumy möçberi boýunça ýeňmäge, iň bolmanda ýaryşy deňme-deň tamamlamaga mümkinçilik bar… Ýöne elbetde ony gyzdyrmak üçin onuň kötegini iýip ýörmek kyn-a bolar welin, onda-da nätjek-dä, çydamaly bolar-da… Pyragy atamyzyň aýdyşy ýaly: "Hile hem batyrlykdyr ýerinde, ony başarmaga…"

Merdan pikiriniň soňuna nokat goýmaga ýetişmedi. Ýumruklaryny kelemenledip, ýeldegirmene aýak biten ýaly bolup, üstüne sürnüp gelýän Annamerediň öňünden zordanjyk sowlup ýetişdi-de, endikli hereket bilen onuň sag dulugyna suňşuryp goýberdi. Mazaly gönelip ýetişmänkä-de urga myzaýyk etmedik garşydaşynyň ýene-de üstüne sürnüp gelýändigini gördi. "Eý Allam, bu adamyň ýasalyşy nämedenkä?" diýip göwnaçyk oýlanan Merdan ýapyk goranyşa geçdi.

Şondan soňra biri-birine hormat goýýan garşydaşlaryň arasynda göreşiň sungatynyň surnukdyryjy bäşdeşligi başlandy. Polatdan guýlana çalymdaş, derden ýaňa lowurdap duran bedenleriň, göreşiň türgenleşiklerde taplanan inçe tilsimleriniň, pälwanlaryň her pursatda islendik zarba zarba, tilsime tilsim bilen jogap bermegi oýlap tapýan aňlarynyň bäsdeşligi…

…Göreşiň tamamlanandygyny yglan eden depregiň zaňy ýaňlananda pälwanlaryň ikisi hem özleriniň neneňsi ýadandyklaryny bilip galdylar. Olar zordan aýak üstünde durdylar. Şonuň üçin hem olar demi-demine ýetmän "haş-haşlap" duruşlaryna göreş meýdançasyndaky emin ikisiniň hem elini ýokary göterip:

-Hasap deňme-deň gutardy. Pälwanlaryň ikisi hem ýeňiji diýlip yglan edilýär-diýende lüti süýnen Merdan ýadawlykdan ýaňa bildirer-bildirmez çaýkanyp gitdi.

-Garşydaşlar, biri-biriňiziň eliňizi gysyň!-diýip emin olaryň arasyndan bir ädim yza tesdi. Annameret ýylgyryp Merdanyň elini gysdy-da, birdenem ony garsa gujaklady:

-Göreş üçin sag bol, gardaş! Haçandan bäri beýle lezzet almandym!-diýip Annameret pyşyrdanda, Merdan hem:

-Senem sag bol! Menem şeýle!-diýip jogap berdi.

Ony gujaklap durşuna Annameret ýene-de bir zatlar diýdi. Emma Merdan onuň diýýänlerine düşünmedi. Bu mahal onuň küýi-köçesi tomaşaçylaryň ilkinji hatarynda oturan zenanlaryň arasyndady. Maňlaýyndan syrygan der sebäpli oturanlaryň ýüzlerini düzüwli saýgaryp bilmeýän ýigit olaryň arasyndan ýürek gopduryjy maral gözleri agtarýardy. Birdenem pälwan ýigit ýitigini tapdy. Göz-göze sataşanda onuň kükreginde ýakymly alas-gopaslyk peýda boldy. Merdanyň göwnüne bolmasa näzeniniň mähirden püre-pür gözleri ýumşak gülümsireme bilen oňa geljekde nämedir bir zatlary, nähilidir bir juda-juda ajaýyp hem pynhan zatlary wada berýän ýalydy.

## Razylaşmak

Ogulbossan eje giň howlynyň bir çetindäki uly sekiniň üstünde otyrdy. Ol çuň oýa batyp oturşyna daş-töwereginde oýna gyzygyp, pelesaň kakýan agtyklarynyň jagyl-jugulyna üns bermeýärdi. "Beh, ol, Hallygözel goňşy näme diýdi-ä?! "Işigaýdan Mälik

jalataý iki gün bäri sogrulyp bilmän, kösenip ýatyr” diýäýdimi. Işigaýdany il-günüň öňündäki ýazyklary ol dünýä goýberýän däldir.”

Içini hümledip oturan Ogulbossan ejäniň ýene-de gahary gelip başlady. Özüne her näçe basalyk berjek bolsa-da, kyrk ýyl mundan ozal, günde-günaşa lül-gammar bolup, degene-de degip, degmedigi-de degip göz-gülban halda, ile ot ýakdyrman ýören Mälik jalataýyň gapysyndan gelip, ýoknasyzyny atyşy hakydasyna gelende, ýene-de ot bolup ýandy, uçgun bolup syçrady. Ýetmişi ýeňsesine atan görgüli gaharyny getirse ýene-de gan basyşynyň göterilip başagaý etmeginiň juda ahmaldygy ýadyna düşüp dursa-da, öte sylaýan bir garry görgülisiniň gözýaşlaryna dözmän kasasyny kyýamata goýandygy zerarly kalbynda gemre baglap galan wakany ýatlaman bilmedi. Edil şu pursatda başdan geçirýän ýaly, bu günki gün bäş howly beýle ýanyndaky öýüň içinde ýagty ýalançy bilen algy-bergisini üzlüşip bilmän, ezýet çekip ýatan Mälik jalataýyň şol wagtky bolup oturyşy gözüniň öňünde janlandy…

Alys dag ýollarynyň birinde, gije uklap, ulagy bilen gaýadan uçan ýanýoldaşy neressäniň ýaňy ýylyny sowupdy. Otuz ýaşynda, tüýs “men” diýen wagty höwürsiz-arkadagsyz galyp, “eje, kakama näme boldy?” diýip sözsüz soraýan üç sany oglanjygyň we iki sany garaja gulpakly gyzjagazyň mön gözleriniň garaýyşynyň öňünde müzzerilmejek bolup, soňkuja zenan gaýratyny jemläp, çyr-çytyr dyrjaşýan döwürleridi. Gündiz-ä bäş jübüt garaja, goňurja, mawyja gözleri ruhlandyrjak bolup, başyndaky ýas başatgyjy bilen bilelikde baýdak kimin pasyrdaýardy. Gijelerine-de höwrüniň mähriban ysy kükäp duran ýassygyny bagryna basyp, ony gözýaşyna ezip çirim etmän daňyny atyrýardy… Ýene-de Hudaýa şükür, dogan-garyndaş bar. Il-gün gowy. Ýalňyz goýmaýardylar. Ýanýoldaşy neressäniň dört dogany dagy her gün işden gaýdyşlaryna öz çagalaryny görmän, ilki bilen gelip, bäş sany neressejigi bagyrlaryna basýardylar. Ogulbossan üçinem göwni bir zat küýsese olara diýmek gerek däldi. Gaşyny galdyran badyna düşünýärdiler. Agalarynyň hatyrasyny mukaddesligiňem mukaddesligi saýyp, “gelneje, gelneje” diýşip daşyndan pyrlanýan döw ýaly pyýadalar, gideniň yzynda galanlaryň derdine derman boljak diýseň, ýetmiş ýedi ülkäni söküp, segsen sekiz deryýadan geçip, hatda gara başlaryny hem söwdasyz terezä mündürip, islendik genji-hazynany tapyp getirmäge taýýardylar. Emma ol zatlaryň barysy, jahanyň ýüzünde sopbaş galana dönüp, diňe çagalary üçin jansyz jeset kimin gymyldamagyny dowam edýän gelniň ýaraly göwnüne çala teselli berýärdi. Geçmejege dönen şol günleriň birinde-de gün ýaşyp barýarka, gözlerini çym-gyzyl edip, gädiginden Mälik jalataý göründi. Gele-gelmäne-de agzyny ondak-mundak urup, samahullap başlady. “Aý, ýekeligem hudaýa ýagşydyr” diýdi, “Biziň ýaly gazançly, elli-aýakly ýigit bir-ikini däl, eýsem-de bolsa bäş-onysyny hem ýük görmän, hor etmän saklar” diýdi, “Ilde ýok zat däl, öleniň yzynda ölüp bolmaz, çagalaryň hem aladasy welin, bäş günlük warraý-şarraý ýalançyda öz aladaňy hem etmeli, ötüki” diýip soňabaka has hem mojugyny tapyp ugrady. Ogulbossan şonda ol mysalasy itiň aşagyndan çykana çalym edýän äteňet jalataý zaňňaryň öz öýüniň işiginde pisini aşyryp oturandygyny öz gözleri bilen görýändigine-de, onuň utanç-haýadan ýaňa ýarylyp ölmegiň deregine serhoş dilini bazzyk-buzzuk etdirip, aýdyp duran wejera sözlerini öz gulaklary bilen eşidýändigine-de ynanmady. Haçan-da masgara üflisiň diýýän zatlary aňyna ýetende bolsa tasdanam ýerinden atylyp

turup, saçagyň üstünde duran ýalaw ýaly aş pyçagyny özüniň päkize ojagyny masgaralamaga het edýän näletkerdäniň garnyndan geçirýärdi. Hernä, Hudaý diýen ýeri, saçagyň başynda garagöz çagajyklary nahar edinip otyrdylar. Öz etjek bolýan aýylganç işini perişdeden päk neresseleriň görjekdikleri hakyndaky pikir gazap atyna atlanan namysjaň zenanyň elini-aýagyny ýüpsüz baglady. Şonda bir dymdy-da, ilkä çagalaryň serhoş jalataýyň diýýän sözlerine düşünmeýändiklerine şükür etdi. Soňam ýeke agyz: "Git!" diýdi. Öňüni saýgarmaz derejede serhoşam bolsa gelniň eňşäp duran ýüzünden rejäň geň däldigini aňan jalataý ol ýerden bahym garasyny saýlamak bilen boldy.

Ol gidenden soň sähel salym geçip-geçmänkä-de gursagyna zäher atylana dönen Ogulbossan çagalaryna öýde bolmagy tabşyrdy-da, ýanýoldaşy görgüliniň körpe inisiniň öýüne ýöneldi. Ýüregine zäher sepilen görgüliniň matlaby ýagşy ýigdiň ojagyny wejera etmäge milt edip, türkmençilikden çykan näletkerdäniň tepbedini okatmakdy. Emma göni ýola düşmek üçin çatryga ýeteni hem şoldy welin, öňüni Mälik jalataýyň zordan ýöreýän görgüli ejesi gabalady. Pahyr, kellesini titredip, boýnuna erk edip bilmän durşuna, ony gujaklaplar, özelenipler aglady. Ogulbossanyň daşdan çapylana dönen ýüzünden gasyn-gasyn hamy sallanyp duran ellerini ýöredipler, dyzyna çöküpler ýalbardy. "Balam, guzym, dogman geçen dogman geçmiş saňa näme diýendigini aýtdy. Gelin jan, jan balam, balalaryň başyna başym sadaga! Buýsanjyňa gara başym, şirin janym gurban bolsun! Gitme! Baryp aýtdygyň, iýselerem doýmazlar! Türkmeniň häsiýetine näbelet dälsiň, namysyna deglen ýerinde iki dünýäsini hem tekizlejekdigini bilýänsiň! Beýtme guzym! Janyny alanlaryndan çekinmeýärin! Şeýle hereket edendigini il-gün eşitse ýedi pyşdyna çenli näletlär. Gitme balam, aýtma! Ýeke-de bolsa, ýalňyzam bolsa, ölenine gynanmaryn, dogman geçmişiň, balam! Halk onuň bala-çagasyna çenli lagnatylyk tagmasyny basar! Hudaý ýaly bol-da, neberämize rehim eýle, guzym! Puryja ber, ertire çenli özüm elim bilen zäher berip janyny jähenneme ibereýin! Bu işi gaşymy çytman edeýin, guzym! Bir aglaryn, bir goýaryn! Ýöne gitme, guzym! Rehimiň insin, sadagaň bolaýyn, gitme!"

Garry görgüliniň zarynlaýşy demirem bolsaň eretjekdi, daşam bolsaň pytratjakdy. Ogulbossan bolsa demirem däldi, daşam. Ol adamdy. Özi ýaly garabagyryň gözýaşlarynyň üstünden ätläp bilmedi. "Aglama, enesi! Gitmen! Dogry aýdýarsyň, sende-de, onuň çagalarynda-da günä ýok! Senem degme, enesi! Dünýä inderipsiň, goý ýaşasyn! Päk ojagyma kesek atany üçinem onuň bilen Päk Perwerdigäriň özi haklaşsyn-da hernä!" diýdi-de, Ogulbossan yzyna dolandy. Şol günüň ertesi hem Mälik jalataý obadan yzsyz-tozsuz gürüm-jürüm boldy. Onuň sumat bolmagy barada her kim bir zat diýdi. Birleri: "enesi öýünden kowupmyş, "öljek bolanyňda jesediň musulman gonamçylygynda jaýlanar ýaly yzyňa köwlen, ondan bäri garaňy görkezäýme" diýipmiş" diýdiler. Beýlekiler bolsa: "jenaýat edipmiş, şonuň üçinem ýygnalypmyş" diýdiler. Başga birleri bolsa: "bergi baryny edipmiş, algydarlary gyssanlaryndan soňam, olardan gaçyp, gizlenip ýörmüş" diýip öz çaklamalaryny aýtdylar. Mälik jalataýyň bolsa şol gidişi gidişi boldy. Diňe öňňin, goňşusy Hallygözel – uly gelniniň boýdaşy, gelip, oňa Mälik jalataýy soňky deminde öýüne getirendiklerini, getirenleri bäri-de amanadyny tabşyryp bilmän, kösenip ýatandygyny aýdanda Ogulbossan eje onuň henizem aýatda

bardygyny bildi. Şondan bäri hem Ogulbossan ejäniň iki jahan owarrasy bolup oda-köze düşüp oturyşydy.

Kalbynyň rehimdar ýarysy-a, görgülä: “Bar, bar, ýokluk bilen barlygyň arasynda seňňi-mugallak deýin hallan atyp, jähennemi bolup ýatmasyn. Yrzalaşyp gaýt!” diýip öwüt berýärdi. Kyrk ýyl geçse-de köne kinesini unutmadyk beýleki ýarysy bolsa: “Degme kösensin! Haram dili bilen salan ýarasyny ömralla göwnüňde göterip gezdiň, indi bolsa goý özüniň bimany ýaşan ömrüniň ähli hunaba-serpaýyny ajalynyň alnynda dahyl bolan Azazyl-al-lagnatydan alsyn! Gitme!” diýip köne derdini gorjap, gižželeýärdi.

Näme etjegini bilmän sermisal bolup galan görgüli, ahbetin göwnüni bire baglap, sekiden turdy-da, hasasyny eline aldy:

-Ýör guzym, ol bedibagt işigaýdany, görüp gaýdaly! Pygamber alaýhssalamymyz “musulman musulmandan üç günden artyk kine saklasa günädir” diýenmiş. Bizem, ballym, Alladan daş düşmäli!-diýip Ogulbossan eje, agtyjaklarynyň ekabyrragyny ýanyna çagyrdy-da, Mälik jalataýlaryň öýüne garşy ugrady. Görgüliniň şol tarapa aýagy ädilmeýärdi. Garrylygyndanam, aýaklaryny zordan alýanyndanam, endam-janynyň agyrýanyndanam däldi. Ogulbossan eje günde-günaşa diýen ýaly, ogullarynyň-agtyklarynyň ýelden ýyndam ulaglaryna mündürjek bolmaklaryna per bermän, özdiýenliligini edip, özüniň henizem daýawlygyna buýsanýan ýaly, köçe söküp, toýa-tomga görünmäge gidýärdi. Ýöne bäş howly beýle ýanlarynda ýerleşýän Mälik jalataýlaryň öýüne tarap welin aýagy çekmeýärdi. Bili bükülen garry görgüli, bir eli bilen agtyjagyny söýget edinip, beýlekisi bilen hasasyna söýenip, zordan mytdyldap barýardy. Bärden baranda-da, Mälik jalataýlaryň howlusynda hümer bolup oturan jemagaty görüp, olaryň arasyndan kimdir biri ýerinden turaga-da: “Gelneje, sen näme geläýdiň?! Yrzalaşma ahyry, bu ýeksurun bilen!” diýäýjek ýaly, kürtdürdi. Ýeke özi, her biri ýüze taý ilogullaryny ýetişdirip, ömrüboýy gara zähmeti bilen abraý gazanan Ogulbossan ejäni gören batlaryna oturanlaryň uludan-kiçä ählisi ýerinden turup salam berdiler. Süňňi zenan haýasyndan eýlenen görgüli, haýdan-haý ak gyňajynyň çowuny ýaşmak edindi-de, berlen salamy aldy. Gabaklaryny aşak sallap, öýe ötdi.

Içki otagyň töründe ýazylan düşegiň üstünde kazasy dolan Mälik jalataý demini sanap ýatyrdy. Onuň janyndan üzülip bilmän kösenýändigi “hyýgyldap” dem alşyndan bildirýärdi. Oňa gözi düşen Ogulbossan ejäniň birhili ýüzüniň terzi üýtgäp gitdi. Keşbiniň üýtgäni garry görgüliniň gasyn-gasyn hamynda hem bildirdi. Emma sanalgysy dolan Mälik jalataýyň daşyny gallap oturanlaryň hiç biri Ogulbossan ejäniň ýagdaýyny aňşyrmady. Oturanlar süýşüşip, oňa soňky deminde ýatanyň başujundan orun berdiler. Ogulbossan eje özüne zor salyp, şol ýere geçip oturdy. Bir pursatda onuň kalby gurruk guýa dönüp, boşap galdy. Ömründe ilkinji gezek durmuşyň ajysyny hem, süýjüsini hem dadan görgüliniň ölüm ýassygynda ýatan adama diýere sözi, aýdara gepi ýokdy. Dogrusy… Mälik jalataýa diýere-aýdara zady kändi. Öňünde demi-demine ýetmän sojap ýatan bilen hasaby hem juda aňyrdandy… Ýöne… Ogulbossan eje dymyp otyrdy. Onuň şol göz açyp-ýumasy salym dowam eden sessizligi hem özi üçin asyra döndi. Bir demde gözüniň öňünden al-asmanda akyp barýan bulutlaryň saýasy ýaly salgym atyp, kyrk ýyl mundan ozalky waka geçip gitdi. Ogulbossan eje gözlerini ýumanda onuň göwnüne

bolmasa Mälik jalataýyň ejesi görgüliniň şol gije zarynlap aýdan: “Hudaý ýaly bol-da günäsini geç, guzym!” diýýän sözleri gulagynda ýaňlanyp giden dek boldy. Ogulbossan eje biygtyýar horja elini öňe uzatdy-da, üç gaýra Mäligiň ýüzüniň üstünden ýöredip durşuna:

-Yrza bol, Mälik! Seni Alla bagyşlasyn! Sen, ejiz-günäkär bendesine-de Päk Perwerdigäriň özi ýeňillik bersin-dä, hernä!-diýip pyşyrdady… Şol pille-de Mäligiň ýumuk gözlerinden paýrap gaýdan goşa damjajyk heniz düşegine damyp ýetişmänkä, onuň ýeňillik bilen demi sogruldy… Ogulbossan ejäniň daş-töwereginde oturan adamlar: “Garaşan ekeni-ow, bende!” diýip pyşyrdaşdylar…

## Maşgala

-Daỳza, infarkta däl, çalaja agyrjak bolupdyr, ỳöne onda-da riboksiniň sanjymyny-ha etdim. Adamçylyk, ertir “Gyzyl haça” gidiň-de, kardiologiỳa merkezinde barlagdan geçäỳiň.-diỳip agajet adam – “Tiz kömegiň” lukmany, goşlaryny ỳygnaşdyryp, çykyp barşyna aỳtdy. Içki otagyň günbatar diwaryna ugurdaş goỳlan kürsüniň üstünde ỳarym gyşaryp ỳatan Bibijemal daỳza sesini çykarman baş atdy. Onuň daşynda hümer bolup oturan ogullary-gelinleri, gyzy, ỳanỳoldaşy ỳerli-ỳerden “bolỳar-da-bolỳar” bolşup baş atmaga howlukdylar. Lukmanyň yzyndan gapy ỳapylyp-ỳapylyp ỳapylmanka-da, olaryň ählisi öňki heňlerine tutup ugradylar:

-Eje, biz saňa näçe aỳdỳarys ahbetin?! Gal indi, işiňden, indi besdir ỳigrimi ỳaşyňdan bäri otuz-otuz bäş ỳyllap syryp-süpürip, arassalama keỳpinden çykyp bildiň. Öỳde agtyjaklaryň arasynda demiňi-dynjyňy al. Ekläp-saklap bilmeỳäniň ỳok. Pensiỳaňa ỳetmäge-de sähelçe ỳyl galdy, iş stažyň-a iki essä-de ỳakynlady. Besdir, bizi näme üçin ekläp-sakladyň?! Näme gerek-ỳaragyň bolsa sen gazanç etmäniňde-de biz üç ogul, bir gyz bolup saňa zeruryň aladasyny etdirmejek bolarys. Han-ha gelinleriň birini hem işletmän ỳörüs ahbetin, şonda-da Hudaỳa şükür, hemme zadymyz üpjün, hemme zadymyz bolelin. Üstesine-de kakamyň demir ỳoldan alỳan aỳlygy-da ep-eslije bar.-diỳip uly ogly “öwrendikli eşeginiň gaňňasynda” joňkardy-da, ony ỳetişibildigine “hürsekläp” başlady.

-Ogluň dogry aỳdỳar, geçen sapar ỳüregiň agyranda, men saňa aỳtdym, “gal işiňden” diỳip!- diỳdi-de, häsiỳeti mydam “gümpüldemäge” çalym edỳän därä çalymdaş ỳoldaşy hem nowbaharynyňkyny alyp göterdi. Zanny ỳumry-ỳumşak, adamlar gatyrganyberse özüni oňaỳsyz duỳup ugraỳan, şonuň üçinem hiç kesiň göwnüne degmejek bolup, kim näme diỳse-de sessiz diňlemegi edähet edinen Bibijemal daỳza: “Sen, bulary näme üçin ỳürekỳargynjyňy edip çagyrdyň?! Aỳtmaly hem däl ekeniň-ä” diỳỳän dek, sözsüz igenç bilen adamsyna garady.

-Kakam dagy dogry aỳdỳarlar eje, öỳde bolubermeli welin…Şol tükezzibanyňa tutduryp otyrsyň. Ỳüregiň agyrỳar ahbetin-diỳip ỳaşy otuzdan agyberen gyzy hem dillenip galdy.

Gyzynyň sesine Bibijemal daỳza ỳüzüni ynjyly çytdy. “Wah, gyzym, meniň ỳüregim işe gidỳänim üçin agyrmaỳar ahyry. Birine gaỳky diỳdiň, beỳlekisine küỳki diỳdiň, ondan öňňesine çaỳşyk diỳdiň, gaỳşak diỳdiň, gowşak diỳdiň… Indem hanha,

könelen haryt ỳaly bazaryň sowlup barỳar… Öňler günde-günaşa işigimizi eli saçakly sawçylar açỳardylar. Indi setanda-seỳranda bir telpegi agan üçin ỳa-da halys baran gapysyndan sözi geçmän: "şular-a habarymyzy alarlar" diỳen pikir bilen paltasy daşa degen geläỳmese, derwezäňe garşy garaỳan hem ỳok… Özüňe-de bu zatlary aỳtsaň ỳa gözüňi sykỳarsyň ỳa-da jynyň atlanyp, hüňürdäp başlaỳarsyň… Wah, guzym, berỳän çöregime gysganmaỳaryn, ỳöne bägül baldagy ỳaly näzijek gyzjagazymyň gözümiň alnynda miwesiz agaja dönüp, gurap barşyna gyỳylỳaryn-da…" Emma içinden näçe kineli pikir öwürse-de, Bibijemal daỳza endigine eỳerip, kelam agyz geplemedi.

-Enesi, dogrudanam, çagalaryňa "hä" diỳ-de, galaỳ indi işden! Hudaỳa şükür, güzeranymyz seniň aỳlygyň-a mätäç däl ahyry!-diỳip gelinleriniň içinde iň mähremi hem rakyby – körpe gelni, ỳanynda oturşyna ỳaşmak astyndan diňe oňa eşidiler ỳaly edip, pessaỳ pyşyrdady. "Wah, saňa döneỳin guzym! Wah, "enesi" diỳen diliňden aỳlanaỳyn, jan balam! Maňa, gelen ojagyňa, körpäme yhlasyň üçin, Päk Biribar saňa-da bir posalajyk perzentjik eçiläỳsedi. Bäş ỳyldyr, tördäki sallançagyň boş duranyna… Goşa gumra meňzäp, balam bilen biri-biriňize söỳget bolup, bildirmedigem bolỳarsyňyz welin, körpäm nobatçylyga gidip, ỳeke galỳan gijeleriň sedasyz sojamaň bagrymdan ok bolup geçỳär, guzym! Sen bir bilsediň, seỳle gijeleriň geçmeze dönüşini, guzym! Edil ỳöne bolỳan otagyňyzyň diwarlaryndan syzylyp geçỳän ỳaly çekỳän perzentsizlik zaryň… Hudaỳ jan-eỳ, ynsan hasratynyň hatda assaja owazyny-da daş diwarlar hem saklap bilmejek ekeni… Ỳöne guzym, gynanma-gyỳylma, berỳänem Allatagaladyr, alỳanam şoldur. Şu päkỳürekliligiň öwezine Haktagalam size öwez ogluny berer."

-Eje, hakykatdanam besdir-le indi. Süpürijilik bir ỳapyşyp ỳatar ỳaly kär hem däl-le! Ondan öỳde oturyp agtyklaryňy terbiỳeleseň, biz üçin has abraỳly boljak!-diỳip, geỳnüwli, daỳaw ortanjy ogly buỳruk bermäge endik eden ỳolbaşçynyň kesgin äheňinde gepläp, gürrüňe goşuldy. "Wah, boỳuňdan-syratyňdan aỳlanaỳyn, ballym! Sypatyň-gelşigiň ỳüz ogla taỳ ahyry, balajygym! Adyňa-abraỳyňa başym sadaga, oglum! Ỳöne seniň, doganlaryň şu derejelere ỳetmegine meniň şu kärim-hünärim sebäp bolmadymy?! Şonuň üçinem utanma-uỳalma guzym, ejeň süpüriji hem bolsa, kakaň mydam garaỳaga bulaşyp ỳören demirỳolçy bolsa-da, ỳüzüň gyzarmasyn, çöregimizi gaty halal iỳendiris, size-de aňyrsy arassa duz iỳdirendiris…"

-Enesi, şu gezek bir ogullaryňy diňläỳsene! Halys syr-süpür edesiň gelse, öỳüň hysyrdysy hem ỳetikdir-le, talyplaryň umumy ỳaşaỳyş jaỳynda iliň yzyny ardyp ỳörenden, öz agtyklaryň kirini ỳuwup-ardyber.-diỳip, ỳanyp duran garçgaỳ bakyşly, owadanlygy bilen gözüň ak ỳagyny iỳip gelỳän ortanjy gelni ärini goldap, ỳaşmak edinen bezemen gyňajynyň astyndan töwerekdäki gaỳynatasyna, gaỳynagasyna, ỳüwürjisine, eltileridir-baldyzyna eşitdiribräk, berkräk-berkräk suňşuryp goỳberdi. "Hä, guzym, "syr-süpür" diỳsene, "kesekileriň yzy" diỳsene?! Äỳ bolỳar, guzym! Oňşup, ỳaşaşyp ỳören ỳeriňiz bolỳar! Siziň bagtyňyz meniň bagtym! Birek-birege rakyp bolsaňyz, Ỳaradandan şondan gaỳry bagty-sylanyşygy dilämok, men!" diỳip, aňynyň iň gizlin, iň pynhan, hiç kesiň gözüne görünmejek künji bilen oỳlananam bolsa, Bibijemal daỳza, ortanjysynyň halaşyp öỳlenen görmegeỳden gelen dogumly gelnine garşy gözlerini götermäge uỳaldy. Göỳä, ol öz pikirlerini gözlerinden okaỳjak ỳaly.

Birdenem, näme üçindir özüne mahsus bolmadyk gyzgyn öỳke onuň dilini gijedip goỳberdi. Misli: “Diỳsene, bol birje gezek, ỳekeje sapar, ters geplenilendigini ỳokuş görendigiňi aỳtsana! Kesekiler däl ahyry ol, garagöz oglanjyklar-gyzjagazlar! Okuw diỳip, hünär diỳip eneleriniň ganatynyň astyndan sogrulyp, alyslara uçup gaỳdỳarlar. Onsoň olar barada-da biri ene hökmünde alada etmelidir ahbetin! Bu nähili bolar ahyry – ynsan balasy uzak wagtyň dowamynda ene mähri bolmazdan oňup ỳörse?! Ynsan kalby bir gül ỳaly. Ene mähri hem şol gülüň düỳbüne guỳlan suw deỳin bir zat ahbetin. Suw bolmasa gül guramazmy, eỳsem?! Nesip bolup Alla ỳol berse, ol oglanjyklardyr gyzjagazlar hem ene-atalarynyň, il-günüň bagtyna, meniňkiler ỳaly görseň gözüňi guwandyrỳan epeỳ pyỳadalar bolup ỳetişerler, şonda-da olaryň eziz-mähremleriniň birlän-ikilän özüm ỳalysy, belki: “Zürỳadymyzyň kalbynyň gülüni guratman, aỳap saklan bendeleriň ählisiniň iki dünỳäsinem abat edeweri, Päk Perwerdigär-ä!” diỳip Ỳaradandan ỳagşy dileg ederler… Bir mahal meniň çagajyklarym hem gör nirelerde okadylar, Watan goradylar, zähmet çekdiler. Şonda-da olara köňülleri ỳaňy enesini tanap ugran bäbejigiň gözleri dek päkize adamlar keseki diỳmän, beỳleki diỳmän, mähir-muhabbetlerini bagyşlandyrlar. Şolaryň yhlasy hem meniň balajyklarymyň menden alysda mähirsiz-yssysyz solup gitmeklerine ỳol beren däldir. Ylaỳym, şol perişde-ynsanlaryň hernä kalbynyň nury öçmesin! Sen guzym, şonuň üçin gatyrganma, “keseki” hem diỳme! Beỳle diỳseň agzyň gyşarar! Hiç wagt ynsan ynsan üçin keseki däldir. Bu kada-kowahata sygjak zat däl ahyry, adam adama ynsanlyk yssysyny bermekden gysganyp ỳörse…”

Emma Bibijemal daỳza hiç zat diỳmän dilini dişledi. “Bolỳar-la, guzym, oňşup ỳaşap ỳöreniňiz maňa besdir!” diỳip ỳene-de bir öwran öňki pikirini gaỳtalap, oỳlandy.

-Ene-how, gaỳaỳ-how, işden! Meni çagaỳaỳ bagyndan aỳyp gaỳyp, günde meỳdança äkideỳsiň-how! Ỳogsa, ejem dagy meni çagaỳaỳ bagyna beỳỳäỳỳeỳ-ỳäỳ (berỳärler-läỳ)!-diỳdi-de, ululary ugruna gepläp galan bezzat agtyjagy, aňyrdan ylgap geldi-de, enesiniň gujagyna özüni oklady. Bibijemal daỳza geplemän saklanyp bilmedi:

-Bolỳar, guzujygym, bolỳar! Sen bir zat diỳseň “ỳok” diỳmek günä bolar.-diỳip ysgynsyz pyşyrdady-da, mähir bilen agtyjagynyň pökgüje ỳaňajyklaryndan taỳly gezek öpdi. Şol pille-de, hälden bäri sesini çykarman töweregindäkileri diňläp oturan körpe ogly dillendi:

-Eje, bagyşla bizi!...

“Garagum” žurnalynyň 2010-njy ýylyň VI sany

## Goja

…Ỳagyş edil düỳbi deşilen meşikden akỳan ỳaly, guỳỳardy.

Hasasyna daỳanyp, dükanlaryň, jaỳlaryň, edaralaryň binalarynyň tükeniksiz hatarynyň öňünden mytdyldap barỳan, gaşlary hem saçlary deỳin agaryp giden, ỳaşy segseni seňseledip barỳandygy mese-mälim bildirỳän goja saỳawanyny almagy unudandygy üçin özüne igenip gelỳärdi. Pyỳada ỳodasynyň gyrasyndaky baglardan joralanyp akỳan güỳz başynyň sowugrak ỳagşy gojanyň çal penjegini, penjegi bilen reňkdeş jalbaryny öl-myžžyk edỳärdi. Ỳöne dogrusy, ỳaşulyny saỳawynyny öỳünde

unudandygy zerarly üsti-başynyň ezileni hem gaty birahat etmeýärdi. Ony bimaza edýän ýagdaý, sowukdanmy, ýagyşdanmy, sebäbi belli däl, ýene-de onuň gursagyndaky jandarjyk ynjyly gozganjyrap başlapdy. Onuň ýanynda bolsa ýürek dermanly düwürjikler gaplanan çüýşejigi ýokdy.

"Edeniň bar bolsun! Ýeri saýawany galdyranyň-a garldyranyň, derman çüýşäňi bir öýde geýýän keltekçäniň kisesinden çykar-da alaý-da diýsene! Keýwany hem mydama sähel salym howla, sakgaldaşlarym bilen mesawy söhbete çyksam-da: "çüýşäňi ýanyňa al, onyňy göter, munyňy unutma" diýip, bizar-peteňimi çykarýandyr welin, şu gün-ä şol hem derman çüýşämi ýatlatmagy huşundan çykarypdyr." diýip içinden pikir öwrüp barşyna goja kükregindäki jandarjygy ugruna kowup, köşeşdirmek isleýän dek, öňem dähedem-dessem ädimini has-da haýallatdy.

Ýedi-sekiz ýyl mundan ozal özüniň gursagynda hin edinen bu netikaza, kejir hem lälik jandarjyk bilen gojanyň kän bir mäşi bişişmeýärdi. Sebäbi durmuşda şaty baryny başyndan geçiren ýaşulynyň özi, köpi gören adamlaryň ählisine mahsuslykda häsiýeti boýunça kanagatlydy, giňdi. Islendik zat bilen aňrujy oňşar ýaly bolsa oňuşýardy. Şonuň üçinem ol ynjyk, zeýrenjeň, bitakat adamlary halamaýardy. Ajygsa, urşuň açlygyny ýatlap, dükanlaryň azyk-owkatdan hyryn-dykyndygyna şükür edýärdi. Awunsa, allajy faşistleriň konslager-ajalhanasynda çeken jebir-jepalaryny hakydasyna getirýärdi welin, yzasy zym-zyýat bolýardy. Sene-menesiz maşgala ýok, käte bir maşgalasynda çagalarynyň, aýaly bilen gelinleriniň arasyna tow düşäýse, aýylganç urşy huşuna getirýärdi-de, ýurt parahatçylygy üçin Haktagala alkyş aýdyp, gaharyny köşeşdirýärdi. Emma bihaýalyk bilen onuň gursagyna sokulyp, girip, ol ýer özüniň ata-babasyndan miras galan mülk ýaly, eýemseklik bilen ýaşap başlan jandarjygyň welin, edil ýöne halys başyna giden kejeňek çaganyňky dek häsiýeti bardy. Hiç bir kynçylygyň öňünde ýan bermezlige endik eden goja, agyra-ynja, yssa-sowuga, ýagyşa-ýagmyra myzaýyk etmän, alys-ýakyn aralyklary piňine-de alman, ogullarynyň ulagyna münmekden kes-kelläm ýüz dönderip, nirä gitse-de minneti iki aýagyndan çekýärdi. Gursagyndaky jandarjyk bolsa onuň tersinedi. Ynjyklygyňam gözüni çykarýardy. Sähel sowuk ýa-da biraz yssy boldumy, edil, guýrugynyň astyna ot basylan ýaly, onuň gursagyny ýaryp çykaýjak bolup, dar hin-kükrekde urnup, çapalanyp başlaýardy. Özem peläket, şeýle hokga goparanda ilkiler-ilkiler ýeke düwür dermanjyk bilen rahatlanýan bolsa, indi gün-günden mojugyny tapýardy. Bir gerdek ýürekagyry dermany dagy melhem hem hasap etmän, "Tiz kömegiň" çagyrylmagyny, ak ýektaýly lukmanyň gelip, sanjym etmegini talap edýärdi. Halys başyna gidipdi.

Şu mahal hem ol lälik jandarjyk gojanyň gursagynda guýlunyp ýatmagyň deregine birmahallar janyna şypa beren, astynda aýakýalaň, başaçyk halda, öl-myžžyk bolup keýpihon ylganylan ýagşy bahana edinen bolup, kükreginde ýňranjyrap, başyny-guýrugyny talawladyp başlapdy. Içiňi ýakaýyn diýen ýaly, bir çete sowlup, az-kem oturyp demini dürsäýin, ol içýakgyç, jögi jandarjygy höre-köşe edeýin diýse-de ýagyş hem depesinden guýup, süňňüne çenli ezip barýardy… Birdenem gursagyndaky jandarjyk, oslagsyz ýerden tebil tapdy. Zarp bilen gursagyny ýyrtaýjak bolup dikeldi-de, edil döşüniň ortarasyndan agzyny urdy. "Näme beýdýärsiň, namart?!" diýip, goja içinden pikir öwrüp ýetişmänke-de naýynsap jandarjyk ikilenç hem onuň kükreginiň

merkezinden ỳiti gyỳaklaryny geçirdi-de, gojanyň döşüni iç ỳüzünden persala etdi. Ỳaşulynyň başy aỳlanyp gitdi. Ol huşuny ỳitirmejek bolup hernäçe dyrjaşsa-da, duỳdansyz gözüniň öňi garaňkyrady-da, goja pyỳada ỳodasyna ỳygnanan ỳagyş kölçesiniň içine “pagşyldap” ỳykyldy.

Onuň yzyndan ỳöräp gelỳän iki sany oglan dessine gojanyň ỳanyna ylgap geldiler. Ony göterip, suwdan bir gyra çykardylar. Olaryň biri bada-bat jübüsinden eltelefonyny çykardy-da, jaň edip ugrady:

-Allo! Tiz kömekmi?! Allo, allo tizräk geliň, bu ỳerde bir ỳaşuly ỳöräp barỳarka beỳhuş bolup ỳykyldy. Salgysymy?! Salgysy, Galkynyş köçesiniň ugrunda, “Köpetdag” bazarynyň gabat-garşysynda… “Garaşarsyňyzmy” diỳỳärsiňizmi?! Dagy näme, näme, ỳaşulyny taşlap gidelimi dagy?! Bahymrak geliňsene!

“Tiz kömek” ulagy gelỳänçä kän wagt geçmedik hem bolsa, garaşỳanlaryň her minudy ỳyllara döndi. Böwründäki ỳazgylar ak reňkinde gyzaryp görünỳän ulag gapdallaryna gelip togtan badyna, onuň yzky gapysy açyldy-da, ulagdan ak ỳektaỳly, ỳaşy otuza baraňkyrlan ỳigit bilen edil şonuňky ỳaly ak halatly ỳaş gyz çykdy. Olar dessine gojanyň gapdalynda lukmançylyk zemmerini goỳdular. Ỳaş ỳigitleriň kömegi bilen huşsuz ỳatan ỳaşulyny göterip, “Tiz kömek” ulagyna mündürdiler. Ulag ugrady. Lukman ỳigit haỳal-ỳagallyga ỳol bermän dermanlaryny taỳynlady-da, goja sanjym etdi. Ỳüreginiň üstünden elleri bilen basyp, hassa ilkinji lukmançylyk kömegini berip ugrady. Az-owlak wagt geçenden soňra, derman-däriniň täsiri bilen gojanyň gursagyndaky birehim jandarjyk äňiniň gysajyny gowşatdy. Goja özüne gelip ugrady. Onuň huşuna gelỳändigini gören lukman ỳigit kanagatlanma bilen uludan bir demini aldy-da, hassa hiç zat diỳmän, oňa biraz howa erkinräk barar ỳaly, ulagyň yzky işigine tarap çekildi. Üsti-başy palçyk bolan ỳaşajyk şepagat uỳasy, palçykdan, ỳagyş suwundan ỳaňa weỳran bolan ulagyň içine, zemmeriň garagäz bolan akja örtgüsine gynançly gatyrganma bilen birlaỳ göz aỳlady. Geỳim-gejimi palçyk bolan gojanyň özüne gelỳändigine gözi düşüp, ilki bir gaharyny daşyna çykarman dilini dişlejek ỳaly etse-de, birdenkä biygtyỳar hüňürdäp goỳberdi:

-Wes-weỳran etdi ahyry, ulagyň içini! Zährimardan içip bilenlerini içỳärler-de, soňam ỳürekagyrylary tutup, ỳykylyşyp ỳörler!

Çowluklary bilen ỳaşytdaş şepagat uỳajygynyň gaharly hüňürdisi ỳarym bihuş ỳatan gojanyň gulagyna ildi. Sarymsak bilen gara burç garylyp kesilen ỳara basylandaky ỳaly, ỳiti hem yzaly sözler-awular gojanyň bagryndan parran geçdi. Däri-dermana ỳaňybir köşeşip ugran aỳbygadym jandarjyk özüne urunmaga hem köpi gören gursagy persala etmäge ỳene-de bahana tapylandygyna hezil edip, örç alyp galdy. Emma göwni ynjan goja öz gursagynyň merkezine ỳetişibildiginden agyz urỳan jandaryň hereketleri zerarly kükreginde tutaşan ỳiti agyra jinnek ỳalyjak hem üns bermedi. Ol gözlerini göterip, bu gaharjaň gyzjagazyň heniz ajy gözỳaşa ezilip görmedik garaja gözjagazlaryna dikilägetdin: “Oglum, men özüm ỳaradar halyma, el-aỳagyny top oky parçalan ỳoldaşymy jeň meỳdanyndan süỳräp alyp çykanymda üsti-başymyň gana boỳalỳandygyna üns bermändim. Elhenç ỳer titremesinden soň boỳum bilen guma-palçyga gömülip, dost-ỳarlarymyň, dogan-garyndaşlarymyň, goňşy-golamlarymyň jesetlerini harabalaryň astyndan, daşa-demre urlup gan-gabarçak bolan ellerim bilen

gazyp alanymda, geỳim-gejimimiň hapalanjakdygy ỳadyma düşmändi. Senem, balam, akja ỳektaỳyň hapalanandygyna gynanma-da, gaharlanma-da! Matadyr, ỳuwsaň, öňküdenem beter päklener! Ỳöne, ynsan göwnüni ynjytsaň welin, ỳuwsaňam, çalyşsaňam, öňküsi dek aklykdan hem päklikden ỳaňa lowurdap, ỳalpyldap durmaz. Iň bolmanda, göze görünmeỳän bir ỳerjagazynda, birje tegmil, ỳartyja nokat galar welin galar" diỳesi geldi. Goja hatda ak ỳektaỳlyja gyzjagazyň bägül ỳüzüni demir darak bilen darajak, ajy sözleri yzly-yzyna suňşurmak üçin dodaklaryny hem müňküldetdi. Emma… Aňynda dörän: "Äỳ, gerek däl-le! Wagty geler, ähli zada özem düşüner. Ỳöne hernä, Hudaỳym, biziň ähli düşünmeklige tarap geçen ỳolumyzdan gadam urmak, şujagaz gülgüne ỳüzli, gaharjaňjalara nesip etmäwersin!" diỳen rahatlykdan hem asudalykdan doly pikir kalbyna kine aralaşan ỳaşulyny raỳyndan gaỳtardy. Goja dodaklaryny jebis gysdy-da, "hyk-çoklap" tersine dönüp, ỳatyberdi.

Hassanyň keşbindäki her bir hereketini sypdyrman synlap oturan lukman ỳigit ỳaşulynyň şepagat uỳasyndan gaty görendigini syzdy. Ol şepagat uỳasyna: "Şerebeli diliňe näme gelse seljermän samahyllap dursuň!" diỳỳän dek, alarylyp garady. Soňra: "Bol indi köşeşdir" diỳỳän terzde hassa ümledi. Ỳaşuly huşsuz ỳatandyr öỳdüp gepläp goỳberen şepagat uỳasy öz hatasyna uỳalyp, gyzardy. Boz-ỳaz bolan ỳüzüni sapajak-supajak edip, ỳaşula ỳakyn süỳşdi. Nädip ondan ötünç sorajagynyň ebeteỳini tapman, aljyrady. Birdenem ỳumşajyk, akja, birenaỳy bolup pökgerip duran näzik ellerini, tüňňerilip ỳatan gojanyň arkasyna goỳdy.

-Ata, ata, kelläňiziň astyna keltekçämi goỳaỳaly…-diỳip biraz sakyndy-da, şepagat uỳasy ỳene-de üstüni ỳetirdi:-Gaty bolmaz ỳaly…

Çowluklarynyň mähriban elleri dek ỳakymly eljagazlar arkasyna degen badyna olardan bedenine geçen mähirden ỳaňa gojanyň süňňi gowşap gitdi. Hyňranyp, jynlana dönüp, kükreginiň merkezine agyz yzyna agyz urỳan zalym jandarjyk hem bu ỳylylygy geň görüp, birhili üşerildi. Keỳerilip bir durdy. Birdenem, enesiniň emmesi agzyna ilen güjük ỳaly, çugutdyryp, guỳlundy-da, eplenip ỳatyberdi. Goram-gowşak bolan goja hümürdände onuň sesi gyryljak çykdy:

-Ỳok, gyzym, gerek däl, ỳumşak bu ỳer, örän ỳumşak!...

"Diýar" žurnalynyň 2009-njy ýylyň VI sany

## Ýürekdeşler

… Agşam salkynynyň düşendigine garamazdan howanyň ýakymy ýokdy. Edil petiş, dymyk bolmasa-da, yssydy. Dürsoltan eje hyk-çoklap ýerinden galdy-da, daş çykdy. Çykan ýerinde säginip, kütelişen gözleri bilen alagaraňkylyga tarap siňe-siňe seretdi. Penjireden düşýän çyranyň ýagtysyna ýanýoldaşynyň sekiniň üstünde radiony hem gapdalyna alyp, gyşaryp ýatandygyny saýgardy. Onuň ýanyna bardy.

-A-ýuw, çal! Ýatmajakmy sen, ýarygijä golaýlady?!-diýip Dürsoltan eje Berdi aganyň gaharlydygyny huşundan çykaryp, oňa erkinräk lak atdy. Owalybeletde döredilende girrikligiň suwuna ezilen we ganygyzmalygyň laýyndan eýlenen Berdi aganyň dessine kakyny tutdy.

-Äý, hawa-da, altmyş ýyl mundan ozal mähir-näz bilen ismi tutulýan “aý oglan” bolup gördük, soňra guwanç bilen “kakasy” diýlip ýüzlenilip gördük, ondan soň abraý bilen “atasy” diýip lak atylmak mertebesini-de Hak Biribar men bendesini mynasyp gördi. Alla saklasyn, adam pahyr juda uzak ýaşaberse her dürlüsini görjek ekeni. Ine, indem ýetjek derejäme ýetip, segsen ýaşymy arka atanymda “çal” diýilmeklik hem nesibämde bar ekeni!

Berdi aga eşidiler-eşidilmez hüňürdese-de, sähel gynansa gan basyşy ýokary göterilip, indi kyrk ýyl bäri ýapyşak sakyrtga dönen ýürekagyrysy gozgap, aldym-berdime salyberýän höwrüni gaýgyryp, gaharyny daşyna çykarmazlyga çalyşdy. Emma şonda-da “gan bilen giren jan bilen çykar” diýenleri, gyzmalyk zannyna öwrülen, gazaba münende epilmejek-döwülmejek polada dönýän goja:

-Ötüki, şü türkmeniň “Aýal garrasa erkek bolar, erkek garrasa gorkak bolar” diýenleri, çyn öýdýän, keýwany?! Şeýlemi ýa?!-diýip gatyrganman saklanyp bilmedi.

Dürsoltan eje özüniň ýüzlenmesiniň ýanýoldaşyna ýakmandygyna düşündi. “Häk, aýal kemakyllygym gurasyn, mundan öň muňa şeýdip lak atýardyňmy diýsene? Öň hem ýaňy jana-jany bilen gygyryşyp, ony kowup goýberenine ýarylyp bilmän otyr ahbetin. Unudaýşymy diýsene!” diýip içinden pikir öwürmäge ýetişen Dürsoltan eje ilkinji jümlesini ýuwmarlamakdan ötri, Berdi agany ýumşatmak üçin mylakatlyk bilen jogap gaýtardy:

-Men-ä neme atasy, “wagtam gijikdi, düşegiňi ataýyn welin, ýataýsaň nädýär?” diýmekçi boldum-la.

Başdaşynyň mylaýymlyga ýugrulan müýnli äheňine Berdi aganyň bada-bat doňy çözüldi. Emma ol syr bildirmezlik üçin dommarylyp oturyşyny üýtgetmedi.

-Ýataryn, häzir!

Onuň kesgin jogabyny eşiden Dürsoltan eje altmyş ýyldan gowrak bilelikde ýaşalan ömrüň dowamynda ýanýoldaşynyň kalbyny okamaga endik edendigi sebäpli, bu mahal iň gowusy oňa azar bermezlikdigini aňynda aýlap, yzyna gaýtdy. Emma onuň jaýlarynyň gaýrasynda ýaýylyp ýatan boşluk meýdanyň orruk-ortarasyndaky ýalňyz tut agajyna çalym edip, tenha özüniň sekiniň üstünde dommarylyp oturyşyna dözmän, içeri girmedi-de, aşhanadan eplengi keçäni çykardy. Gatyny açman ony işigiň öňüne oklady. “Hyk-çoklap” aşak çökdi. Birsalym öz pikirlerine berlip oturandan soň Dürsoltan ejäniň süňňi gowşap ukusy tutup başlady. Hemişe ir ýatmaga endik edendigi zerarly, onuň gözleri öz-özünden ýumlup barýardy. Irkiljiräp oturan Dürsoltan eje birden ymyzgandymy nämemi, kellesi bir gyralygyna yrgyp gitdi-de, ol ziňkildäp ukudan açyldy. Zähresi ýarylan görgüli, dessine Berdi aga tarap gözüni aýlady. Onuň şol bolup oturşydy. Dürsoltan eje gatyrganyp ugrady.

“Ýeri, bolgusyz zadyň üstünde jana-janyň bilen gygyryşdyň taň etdiň, indi näme şeýdip uzak gijäňi çirim etmän gynanyp oturmak nämä gerek diýsene! Ertir barybir Eziz ir bilen hemişekisi ýaly, “Öýüköýen, diýmäýin diýsem, gelneje, her gezek öýünden kowanda men gaýdyp şu ýarak it ýaly gyňyr zaňňaryň ýanyna gelmejekdigime öz ýanymdan ant içip awy ýalap gaýdýaryn, emma ýene-de öýkämiň üstüne aý dogup-ýaşýar welin, şunsuz oňup bilmän, şertim şahyma edäýýärin” diýip bir ýerden çykaýar. Wah, Eziz neressäniň ýüregi edil ýöne ýaňy dil bitten çagajygyň gözlerindenem arassa-

la welin, ine, şu kesir damaryny çapym-çapym edip taşlasyň gelýän çal keçjalyň häsiýeti bar bolsun! Ýeri özüňem, Eziz neresse-de ýerden ýeke çykan ýetimler. Gyzyllar bilen aklaryň gohunda enesiz-atasyz galdyňyz, ondan soňky açlyk-keselçilikler sebäpli Kakanyň küren obasyndan diňe ikiňiz aman çykdyňyz. Bir günde dünýäni oda beren aýylganç uruş-gyrgynçylyga gidip, bir günde-de ýara baryny alan bolsaňyz-da, garaz demiňize degilmän dolanyp gelmek hem size miýesser etdi. Gelen günüňiz Eziziň daşgynrak garyndaşynyň öýüne uly il ýygnanyp sizden özüniňkileri sorap-idäp otyrkalar, "Eziz meni ýaradar halyma gabaw odunyň içinden alyp çykdy, kyýamatlyk dogan okaşdyk" diýeniňizde sizi halk oňlady. Ine indi altmyş ýyl bäri hem ogullaryňyzam, ulus-ilem sizi süýtdeş dogandyr öýdüp ýör. Agtyklaryňyz, çowluklaryňyz ikiňize-de "ata" diýýärler. Siziň doganlygyňyz bolsa ine şumy?! Günüňiz bir bolsa dawaňyz iki. Özem bolgusyz zatlaryň üstünde öýkeleşip ýörsüňiz. Nämemiş ikisiniň hem aýdym-sazdan, edebiýatdan oňat başlary çykýarmyşyn…Onsoň haýsydyr bir aýatda ýok bendeleriň goşgy-kyssalary ýa-da aýdym-sazy barada jedelleşip ugraýarlar. Her haýsy hem özüniňkini dogry etjek bolýar. Ol nähili siz sungatçy, edebiýatçy bolýarsyňyz-a?! Eziz-ä lukman, meniň keçjalym bolsa hukukçy, ömrüne ilk-ä sülçi, soňam kazy bolup işlän… Şol dawalaşyp ugranlarynda geplerine goşulyp: "Hany aýdyň bakaly, segsenden ötüp togsana ser uran ýaşyňyzda ýeke aýdym aýdyp, birje sazy bir çaldyňyzmy, ikiňiz bileleşip ýeke goşgy ýazdyňyzmy?" diýäýseň boljak welin, beýtseňem bularyň oduna ýag sepjek-dä…"

Dürsoltan eje hamana Berdi aganyň oslagsyz gapdalyna gelip, kellesindäki oýlanmalaryny eşitmeginden howatyr edýän ýaly, sekä tarap gözüniň gyýtagyny aýlady. Berdi aganyň şol bir oturyşydy.

"Allajanlarym bu hötjet daň atýança şeýdip, doňňara-daş bolup oturjakmyka? Ýa öýe girip ýatybersemmikäm."

Dürsoltan eje ikirjiňlenip başlady. Emma içerik girip ýatybermäge-de bogny ysmady. Ýanýoldaşyny alagaraňkylykda ýeke goýup gidibermäge dözmedi. Dürsoltan eje şeýdip "girsemmikäm-girmesemmikäm" diýip sermisal bolup esli oturdy. Birhaýukdan soň Berdi aganyň düşegine geçip ýatmagyndan umydy üzülip, boýunalyklyk bilen ýene-de ýaňky gatyrganmaly oýlanmalarynyň ýumagyny çözläp ugrady.

"Özlerem bir töwra adamlar. Her gün kelle çakyşdyrmasalar bolmaýar. Eziziň bir jaý aňry ýanlarynda, goňşulykda ýaşaýany hem bir taňlyk, bu hötjet çal sähel gatyrak ardynjyrasa-da eşidýär. Eşiden dessine-de, "Agam, men-ä küýsäp geläýendirin" diýip, ýylgyrjaklap, derrew onuň gaşynda dahyl bolýar. Özem ýogsa küýsär ýaly wagtam geçen däldir-le, görseň! Öň ýany "Gelneje, öýe-de bir baraýyn, ýogsa Mähri hatyn: "Ykmandalygyň çyn bolýan bolsa arasynda äwüp-säwüp öz öýüňe-de bir toýnagyň düşsün" diýip käýinýär" diýip henek edip çykyp gidendir. Tapýan gepini dagy diýsene oýunçy garagoluň! Mähri bilen men görgüli ikimiz sen bilen şu keçjal agaň dogry gözüňize bir garap bilýärismi diýsene, ýaşy uzak bolmuşlar!

Ikiňizem bir jynly…Bir görseň-ä daňyň düýbi çyzylýança kelle çakyşdyryp allanäme ümmüldeşip oturandyrlar. Birdenem "Allajanlarym Ysrafyl suruny çaldy gerek"! Jark-murk gygyryşyp başlarlar. Bir-iki agyz azmly-azmly geplärlerem welin,

meniň hötjedim bahana tapsa gümpüldemäge taýyn däriligini edip, iň soňkusyny diýer goýberer: “Göteril öýümden!” Eziz hem uly diýip sylaýmalydyr, geçiräýmelidir welin, edäýmez. Gaharyna munymyň özünden bir-iki ýaş uludygyny hem, ertesi güne ýetmän ýene-de özüniň ýaraşmaga geljekdigini hem unudar-da: “Äý gelmedigimiz, seniň öýüň bolsun. Şu bar-a dagy-duwara seniň öýüňe aỳagym düşmez, berk belläýgin, dabanym düşmez” diýip, öýkeläp gider. Ilki-ilkiler-ä Mähri görgüli ikimiz bu keçjallary hakykatdan hem gaýdyp biri-biriniň ýüzüni görmezler-ow diýen gorky bilen oda-köze düşüp, uzak gije ýatyp bilmezdik, men olara, Mähri bize gatnap, bu ikisini ýaraşdyrmagyň alajyny agtarardyk… Men dagy bu keçjalyň gynanjyndan ýaňa ýüzüni gara-ört edip oturyşyny görüp, gaýgy-aladadan ýaňa uzak gijämi daşynda hozanak bolup geçirerdim. Mähri hem menden gowy däldi… Ind-ä halys öwrenişipdirisem. Barybir ertir Eziziň säher bilen işigimizi kakjagyna gözümiz ýetip dur-da. Munym onuň gelendigine begenjinden ýarylyp bilmän otursa-da ýüz bermediksirese-de, Eziziň: “Muňa seret-how gelneje, türkmenler “egilen boýny gylyç hem çapmaýar” diýipdirler, munuň bolsa ýallaklanýanyna çişip, bolan bolşuna seretsene” diýen ýeke jümlesi bilen ýazylyp ýaýrap ötägider. Ýeri barybir üstünden gün geçirmän ýaraşjak bolsaňyz öýkeleşen bolup, “gelme-de-gelmen” diýşip, äht edişen bolup nätjek diýsene. Wah, siz erkekleriň hem gepi bolarmy diýsene! Ähliňiziň öwsüp duran çagajykdan tapawudyňyz ýok ahbetin!...”

Dürsoltan ejäniň oýlarynyň arasyny gapdalyna gelip, hantamaçylyk bilen “myr-myrlap” başlan çal pişik bozdy. Dürsoltan eje pişigi kowmady. Şol wagtam Berdi aga uruşda top okunyň bölegi degip ýaralanandygy sebäpli epilmeýän aýagyny bir eli bilen göterdi-de, kynlyk bilen sekiden sallady. Sekiniň erňeginden ýapyşyp dikeldi. Radiony hem ýassygyny almakçy boldy. Onýança Dürsoltan eje onuň ýanynda peýda boldy.

-Atasy, goýaý degme, özüm alyp girerin!

Berdi aga başdaşynyň ýüzüne garanda onuň ukuly gözleriniň öz-özünden ýumlup barýandygyny gördi. Ol müýnürgedi. “Ýeri hälden düşegiňe geç-de, şol ýerde içiňi hümledip oturyber-dä, bu görgülini hem ukusyndan galdyryp ýörşüň, ne bela!” Berdi aganyň özüne içi ýandy. Emma ol synçy Dürsoltan ejä sepini bildirmezlik üçin göwnündäkini diline almady. Diňe:

-Ýatybermeli ekeniň-dä!-diýip hüňürdedi. Onuň bu hüňürdisi Dürsoltan ejäniň göwnüne melhem bolup damdy. “Hä müýnürgeýärmiň, keçjal?! Müýnürgäber häli. Indi beri düşegiňe geç. Ertir başyň aýlanyp, gözüň garaňkyrap ogullaryňa-agtyklaryňa iş bolaýma.” diýip oýlanan Dürsoltan eje daşyndan başgaça gepledi:

-Äý, gaty bir ukym hem tutup barmaýardy. Ýöne sen bir oglan, ýataweri!

Dürsoltan ejäniň özüne “aý oglan” diýmegine Berdi aganyň birhili süňňi ýeňläp gitdi. Hyýalynda özleriniň ilkinji duşuşyklary hakyndaky ýakymly ýatlama lowurdap ýalpyldady. Uruşdan dolanyp gelenleriniň yz ýanyndaky hepde, Eziziň daşgyn garyndaşlarynyň köçesi, nämedir bir zatdan elheder alyp, ürken göläniň köçäniň ugry bilen hyzzyn atyp, jyrtlap barşy, onuň yzyndan eli çygar çybykly, elem-tas bolup kowalap gelýän ýaş gyz, näzeniniň “aý oglan, sakla ahyry, göläni” diýip gygyrýan sesi gulagyna ilende näzli owazyň damarlaryny yzarlap gidip, on iki süňňüni söküm-söküm

söküşi…Bu zatlaryň bary ýyldyrym çaltlygynda Berdi aganyň hakydasyndan zymdyrylyp geçip gitdi.

Öz jümlesiniň mähreminiň kalbynda oýaran duýgularyny aňşyrmadyk Dürsoltan eje bolsa sözüni dowam etdirdi:

-Ertir Ýeňiş günüdigini, häkimligiňkileriň bir hepde mundan ozal baýramçylyk dabarasyna çakylyk hatyny goýup gidendiklerini, sowgatlar gowşurjakdyklaryny hem aýdandyklaryny unutma. Ertir köpräk aýagüstünde bolmaly bolarsyň.

Diňe başdaşynyň soňky sözleri ertir Ýeňiş günüdigini Berdi aganyň güpbe ýadyna saldy. “Häk huşuň gursun” diýip ol özüne içinden käýindi-de:

-Dürsoltan, ertire meniň ol her ýyl dabara geýýän penjegimi hem taýýarlamalydyr ahyry?!-diýip oýurgandy.

-Taýyn-la eýýäm, indi beri ýatyp ukuňy al! Ertir sagat dokuzlarda körpe agtygymyz – ol kakaň pahyryň ady dakylanjamyz, ulagy bilen gelip seni Ýeňiş baýramynyň dabarasyna alyp gider.-diýip Dürsoltan eje nagt etdi.

Şondan soň Berdi aga düşegine geçip gyşardy. Emma wagty bilen gözüne uky gelmedi. Şol kyýamatlygy Eziz bilen öýkeleşendiklerine gynandy ýatdy. “Ertir gelermikä? Öň-ä her gezek ertesi gün geläýýärdi welin… Onuňam-a ahyry bir gün sabyr käsesi dolar. Wah, meni kerçemeli-le! Ýeri bolgusyz zatlary bahana edinen bolup ony öýümden kowan bolmagym näme diýsene?! Başga pikiri bolany bilen kowubermelimi ahyry? Owalybeletd-ä ýeriň ýüzünde ýekeje kyýamatlygym bar, onuň bilen hem indi galan ömrüme ine şeýdip biderek jenjel sebäpli ýüz görüşmän ýörmeli bolsa… Estagpurulla! Hudaý saklasyn! Daş etsin! Alla jan beýle betbagtlygy bir görkezmäweri! Eger-de şu sapar hem ylalaşsak, soňra galan ömrüme kyýamatlygym bilen öýke-kine edişmerin.” Berdi aganyň bu ökünçli oýlanmalarynyň arasyny ynsabynyň kesgir gylyç ýaly ýüz görmezek hem ýeser owazy bozdy. “Öňem-ä ençeme gezek şeýle diýip wada edipdiň!”

Berdi aga ynsabynyň sesine uýalyp: “Eger-de ertir Eziziň özi gelmese “gan basyşymy ölçäp ber” diýen bahana bilen özüm öýüne bararyn” diýip niýetine düwdi. Şol pikiri bilenem Berdi aga rahatlanyp, uka gitdi.

…Çar tarapda aýylganç galmagal bilen ýeri godukladyp top oklary ýarylýardy. Däriniň ysyndan, gara tüsseden ýaňa asman görünmeýärdi. Dumly-duşdan seçelenýän gülleler şuwlaşyp geçip gidýärdiler. Gara basmadan dörän eýmenç nägehanlara çalym edýän, böwürleri gara haçly, läheň tanklar müňzeşip gelýärdiler. Olaryň bolup gelişleri sussuňy basýardy. Berdi top okunyň bölegi degip, dyzçanagy pytran aýagyny, gana boýalan hasanyň daşyndan ynjy bilen gysymlady-da, töweregine gözüni aýlady. Garymyň içinde bäş-alty sany diri esger galypdy. Olaryň hem ählisiniň ýagdaýy Berdiniňkiden öwerlikli däldi. Olaryň daş-töwereginde-de wepat bolan söweşdeş ýoldaşlary gyzyl-ýaýyrt bolup ýatyrdylar. Bendeleri jaýlamaga mümkinçilik ýokdy.

-Nejisleriň altynjy hüjümi, iň soňky hüjüm. Ne serkerde galdy bizde, ne-de ok-däri. Häzir tanklary bilen tepbedimizi okaýarlar. Näme ederis, doganlar?!- diýip, Berdi partlamalaryň goh-galmagalyny basmak üçin gygyryp, ýoldaşlaryna ýüzlendi. Olar seslerini çykarmadylar. Birdenem Eziz egnindäki däriniň gurumyndan we tot-tozandan ýaňa garagäz bolan güpbüsiniň döşüni açdy-da:

-Bir başa bir ölüm, doganlar, barybir bu dünýäde ebedi ýaşamak niýetimiz ýok. Bolanja granatlary çöpläliň-de, iň bolmanda adam başyna bu demir pyşbagalaryň birini almaga çalşalyň!- diýip, şar-gara ýüzünde dişlerini akjardyp ýylgyrdy. Olaryň ählisi, Berdi başlyklaýyn haýdan-haý gurban bolanlaryň ýanlaryndaky granatlary çöpleşdirdiler-de, olary biri-birine daňyp, müňzeşip gelýän duşman tanklaryna garşy bukdaklap ugradylar. Tanklaryň ýakynyna baran Berdi elindäki topbagy zyňmak üçin zarp bilen ýerinden dikeldi. Şol pille-de edil gapdaljygynda dünýäsini gapyşdyran partlama ala-zenzele bolup ýaňlandy-da, nähilidir birhili aýylganç kuwwatly güýç onuň aýaklaryny ýerden üzüp, al-asmana zyňdy…

-Atasy, atasy, basyrgandyň öýdýän, atasy!

Dürsoltan eje yralanda Berdi aga der basyp oýandy. Ol kynlyk bilen gabaklaryny göterdi-de, düşeginde dik oturdy. Dürsoltan eje oňa şakäsede suw uzatdy. Berdi aga suwdan owurtlady-da, daşaryk çykmak üçin ýerinden turdy welin, Dürsoltan eje dessine tekjeden çykaran köýnegini oňa uzatdy.

-Köýnegiňi çalşaý, atasy! Daş çyksaň şemal kakaýmasyn!

"Seniň bardygyňa-dä şükür, Dürsoltanym!" diýip, Berdi aga çalşyrynyp durşuna minnetdarlyk bilen oýlandy. Soňra daşaryk gitdi. Dolanyp gelip, ýerine geçdi-de gyşardy. Azsalymdan otagyň garaňkylygynda onuň parahat dem almasy eşidilip ugrady.

Onuň ýatan burçuna garap ýatan Dürsoltan eje: "Uruş gursun Hudaýym! Ondan bäri altmyş ýyl geçdi welin henizem onuň awusy adamlaryň durmuşyny zäherlemegini dowam etdirýär. Uruş hakynda ýatlasaň munymy hem entegem gara basýar. Hudaýym, indi beri öz bendeleriňe beýle aýylgançlyklary görkezme! Jan Allam, ynsanyýete parahatçylyk bagyş edewer! Hernä bizden soňkularyň bagty üçin, asmanymyz asuda bolawersin, Hudaýym!" diýip içinden Haktagala mynajat etdi.

Şol wagt Berdi aga ýene-de yňranjyrady. Dürsoltan eje tirsegine galyp, garaňkylykda gözleri kesmese-de, onuň ýatan ýerine siňe-siňe seretdi. Onuň ynjalandygyny aňşyrandan soň bolsa başyny ýassyga goýdy. "Rahat ýat, mähribanym! Hudaýym, hernä Eziziňem, seniňem, halklaryň azatlygy ugrunda gan döken ähli gerçekleriň hem, siz-gerçekleriň pidalarynyň netijesinde şunuň ýaly ýagty dünýäde mahluk hökmünde däl-de, ynsan hökmünde ýaşamaga mümkinçilik alan ähli adamlaryň hem iki dünýäsini abat etsin! Hiç haýsyňyz ýamanlyk ýüzüni görmäsiňiz! Biziň görenlerimizi görmek hem hernä, bizden soňkulara nesip etmäwersin, Alla jan!"

Şol ýagşy dilegleri bilen hem Dürsoltan eje uklap galdy.

"Edebiýat we sungat" gazetiniň 2009-njy ýylyň
7-nji maýyndaky sany

**Gidenleriň yzynda…**

Eýmenç Urşuň ilkinji ýylydy.

Gyşyň iň soňky günleri bolandygy sebäpli günüň lowurdap durandygyna garamazdan howa sowukdy. Guşlukdy. Küren obanyň adamlary bu mahal meýdan işlerinden boşdular. Her kim pessejik kepbesiniň öňünde bir zada dümtünip ýördi. Şonuň üçinem kolhozyň oba garanyňda pesde ýerleşýän edara jaýyndan bärligine

gaýdan eşegiň üstünde oturan adam hemmeleriň gözüne ildi. Kolhoz başlygynyň “elek getir soky getiri” Mülliniň gögelelikde elini enesiniň toşap gaýnaýan gazanyna sokup, golak galandygy sebäpli bir eli bilen eşeginiň jylawyndan tutup, elem-tas bolup gelşi hemmeleri haýykdyrdy.

“Siziň…. gahrymanlarça wepat boldy” diýen ýeke jümle ýazylgy, gowşurylan öýünde ahyrzaman gopdurýan üçburçja kagyz böleklerini Akdasaýak obasynda eýýäm birlän-ikilän alyp görenler bardy. Ol kagyz bölejikleriniň hemmesini hem adamlar Mülliniň elinden alypdylar. Dogrusy çagalykda alan aýylganç şikesi zerarly akyl-huşy hem biraz üýtgän görgüliniň bu ýerde hiç-hili günäsi-de ýokdy. Onda-da näme adam adam bolýar-da. Mülli golagy görenlerinde oba adamlarynyň ini tikenekläp gidýärdi. Elbetde obanyň jarçysy hökmünde uly ile hyzmat edýän, ýüregi ýaňy ýagty ýalançynyň reňbe-reň öwşün atyşyny saýgarmaga başlan bäbejigiň gözleri dek päkize, ýarym däli görgüli obanyň toýuny-şatlygyny hem adamlara buşlap ýördi. Ýöne her öýüň diýen ýaly mähribanyny sogrup alyp giden nägehan uruş oba adamlaryny halys dagdy edipdi. Şonuň üçinem adamlar Müllini görenlerinde ýetip gelýän şum habaryň hut özüni gören ýaly düýrügip, näme edýändiklerine özleri-de düşünmän, ýetişibildiklerinden “howul bela, howul bela, başymyzdan sowul bela” diýip samraşdyryp, Gaýtarmyş Atanyň ýoluna bolanja azyk-owkatlaryndan hudaýýoly aýdyp başlaýardylar.

Ýöne bu gün obanyň bulam-bujar syrgynlarynyň arasyndan, gyşyň gazap gelip, ot-iýmden horugandygy arryklygyndan bildirip duran eşeginiň bykynyna aýaklary bilen aýagaldygyna hürsekläp, şallaklap gelýän Mülliniň gelşi has hem gorkunçdy. Ertebirigün haşara gitmelidigi sebäpli sapy döwülen pilini saplap oturan, ýaşy altmyşy alyberen Batyr aga Mülliniň gelşini synlady-synlady-da, ahbetin ýüregi etmän, tersine dönäýdi. Iki uly ogluny nägehanyň holtumyna ugradan pahyryň halys ýüreginiň sary gidipdi. Ol Mülliniň nirä, näme üçin beýdip, “etek alty ýeň ýedi” bolup gelýändigini bilmese-de, ýeke pursat gözlerini ýumdy. “Berýänem Sen, alýanam Sen, Rehimdar Sen, Ýalkaýjy Sen, Yaradayjy Sen, Beýtme Hak-Hudaýym, iň bolmanda ikisi birden bolmasa bolýar, Haktagalam!” diýip sarnaşdyrdy-da, takdyryna ten berdi. Soňam dünýäden bizar bolup, şum habary kişilerçe garşy almak üçin gözlerini açdy. Onýança-da Mülli golak tozan turzup Batyr aganyň köneje kepbesiniň deňesinden geçip ötägitdi. Gojanyň aýaklarynyň ysgyny gaçdy. Ol içinden “Bize däl eken” diýip, uludan demini aldy. Soňam hol beýlesinde köne ýüň torbany silkip duran wagty Mülliniň gelşi gözüne kaklyşyp, saň-gaty bolup galan kempirine kalbynda gopan harasady syzdyrmazlyk üçin elindäki sapyny haýdap ýonup ugrady. Birdenem sakga durdy-da, gahar bilen elindäki pilini ýere taşlady.

-Kibbi namaz, häý mysalaň gursun, diýmäýin diýsem! Bolup gelşi dagy näteňet!- diýip käýindi-de, öýüne girip gitdi.

Mülli bolsa şol çapyp barşyna jomurlaryň syrgynyna ýetmän, gyzyllaryň syrgynyna tarap sowuldy. Soňra obanyň ortasyny kesip geçýän ýabyň boýuny yzarlap, garagollar bilen çonaklaryň uly syrgynlarynyň deňesinden badyny saklaman ötdi-de, ýüzbaşylaryň syrgynyna tarap eşeginiň başyny burdy. Kepbäniň öňündäki gumaşakda oýnap oturan üç-dört ýaşlaryndaky gyzjagaz bilen bir-iki ýaşlaryndaky tokarja oglanjyga bermek üçin iki sanyjak gurdy alyp çykan Annabagt eje öz gädiginde eşegini togtadan Müllüni görüp,

heýýaty başyndan uçdy. Elindäki gurtlary almak üçin özüne garşy eljagazlaryny uzadýan agtyjaklaryny hem undup, Annabagt eje:

-Waý, Tañrym!-diýdi-de lampa aşak çökdi.

-Haý ýeteweri bahymrak, Annabagt gelneje!-diýip Mülli eşeginden düşmän hemişeki edähedine eýerip tenteksi haýkyryp ugrady:-Akmyrat dagy häzir otly bilen Büzmeýiniñ demir ýol menzilçesinden geçýärler. Olary Daşkentden Günbatara, urşa alyp barýarlar. Hally Mansur başlyga ýañy harbylar jañ edip aýdypdyrlar. Haý ýeteweri Annabagt eje, otly eýýäm Aşgabatdan ugrajak bolup durmuş, ýene-de ýarym sagatdan ol Büzmeýinden geçer.

Müllini gören badyna ýalñyz dikraryny aýatda görmek umydy bilen hoşlaşan Annabagt eje onuñ aýdýanlaryndan diñe bir zada, Mülliniñ ogly Akmyrat barada şum habary getirmändigine düşündi. Göz açyp-ýumasy salymda ölüp-direlen garabagyr görgüli, “tüf-tüf” edip, ýakasyna tüýkürdi-de, näme edýändigine özi hem düşünmän:

-Häý tentek işigaýdan, adamlaryñ öñ jany saçyñ tarynda asyl-asyl dur, assa-ýuwaş geliberseñ bolmadymy?-diýip kejir eşeginiñ başyny tersine öwürmäge çytraşýan Müllüniñ ýüzüni aldy. Kalby arassalykda tomus gününiñ tämizligi gözüñi deşip gelýän asmany bilen bäşleşende hem üstün çykjak Mülli Annabagt ejäniñ gaharly sözlerini ýüzüne almady.

-Aý Annabagt gelnejem-ä, muny nädäýýäñ-aýt! Hally Mansur başlyg-a ýörite: “Obadan diñe Akmyrat şol otluda barýar, Annabagt gelnejä bejit ýetir” diýip meni iberdi, senem walla, buşlugym-a derek, maña käýinýärsiñ-aýt, gaýta!

Mülliniñ sada sözleri Annabagt ejäni bada-bat akylyna aýlap, gaharyna suw sepdi. Haçan-da onuñ aýdan habary añyna ýetende bolsa Annabagt eje aljyrap başlady.

-Waý janlarym, Akmyrat jan “Büzmeýinden geçýär” diýdiñmi? Wah başyña-gözüñe döneýin, Mülli jan! Wah, sende näme ýazyk bar diýsene, başlyk eliñe hat tutduryp: “äkit” diýse getirersiñ-dä! Sen mendenem, adamlardanam gaty görme Mülli janym, biz häli öte gorkaýýarys-da!

Annabagt eje aljyrañňylykdan ýaña agzyna gelen zady sarnaşdyryp durşuna näme edýändigine akyl ýetirmän, ýumlugyp Mülliniñ ýanyna bardy-da:

-Ine, me, şulary al oglum, söýünjiñe!-diýip elindäki gurtlary Mülliniñ eline tutdurdy:- Oglum, öýleden soñ bir Büzmeýine baryp geleli, onsoñ ýene-de gel, Baýramgül gelnejeñ söýünjiñi ýetirer! Biz bir Büzmeýine baryp geleli häli.

Annabagt eje kellesindäki börügini eli bilen saklady-da, gartaşan göwresine gelişmeýän çalasynlyk bilen goñşularyna ýelk ýasady.

-Aýuw, Baýramgül, guzym, nirede sen?! Ýör-hä Büzmeýine, Akmyrat jan Büzmeýinden otly bilen geçjekmiş!-diýip haýdaşlap barşyna gygyrýan Annabagt eje göýä syrgynlarynyñ aýagujundaky goñşularyna tara dokaşmaga giden gelni özüni eşidäýjek ýaly öwran-öwran gaýtalaýardy. Annabagt ejäniñ begenjinden ýaña añkasynyñ aşandygyna şoh bolan Mülli bolsa göwnaçyk çaganyñ ýylgyryşy bilen elindäki iki sanyjak gurt bölejigine seretdi-de, loh-loh güldi.

-Aý, Annabagt gelnejem-ä, bulary agtyklaryña ber ahbeti, olar üçin alyp çykdyñ-a, olaryñ nesibesini men alyp bilmerin-ä!

Mülli şeýle diýdi-de toýun kepbäniň öňünde özlerini undan enesiniň bolşuna geň galyp hem-de bir eli gorkunç Mülliden heder edip, garaja gözjagazlaryny tegeläp oturan gyzjagaz bilen oglanjyga dikanlady. Hälden habary aýdan dessine yzyna dolanmak niýeti bilen gelýän Mülli pikirini üýtgetdi. Ol eşeginden syrylyp düşdi-de, çagalara tarap ýöneldi. Gyzjagaz onuň şikesli elinden çekinip, oglanjyga tarap gysmyljyrady-da, ony gujaklady. Müllini ilkinji gezek görmese-de ondan ýadyrgaýandygy hem üýşenýändigi mese-mälim bildirýän oglanjyk özüne ýakyn gelen Müllä tarap seretmäge gorkup, maňlaýjygyny tüňňertdi-de ýere seretdi. Birdenem uýasynyň aglamaga taýýarlanyp dodajyklaryny kemşerdýändigini gördi-de, onuň özüni gujaklaýan eljagazlaryny itiberip, ýerinden turdy. Mülli bilen uýasynyň arasynda örboýjugyna galyp dik durdy-da, oňa tarap ýumrujagyny salgady:

-Geýme bäýik, git diýýäm saňa, Ejegüý senden goýkýam, git diýýäm, ýogsam uýýan, häziý!-diýip heniz “r, l” harplaryny diýip bilmeýän dogumlyja oglanjyk, öz gorkusyny undup, uýasyny gorap, Müllä haýbat atdy. Oglanjygyň bolşuna hem onuň bazzyk-buzzuk sözlerine Mülliniň köhi geldi.

-Haýtjan-a, gör-ä munuň eden bolşuny! “Uraryn” diýýärmiň, ýerden ýeke garyş saýlanan welin, gör munuň edermenjedigini! Garakel batyryň tohumydygyna seredeňinde düşünäýmeli.

Ol oglanjyga elindäki gurtlary uzatdy:

-Al köşek!

Oglanjyk Mülliniň elinden birbada gurtlary almady. Emma ol ikilenç hödürländen soň gurt bölejiklerini garbap aldy-da, birini gysymjygyna gysdy. Beýlekisini bolsa ýaşly gözlerini püre-pür edip, çyny bilen möňňürmezlige çytraşýan uýasyna uzatdy. Ol gurdy wagty bilen almanda bolsa, uýasyny tirsegi bilen hürsekläp goýberdi:

-Al diýýäm saňa! Agýaýma özüňem, agýasaň uýaýyn!

Oglanjygyň dogumy ýaşy kyrka golaýlan bolsa-da ýarym däliligi sebäpli oglantak Mülliniň göwnünden turdy.

-Haý-haý saňa, ballym, garry ataň Garakel bol-a!-diýip Mülli keýpiçag güldi-de, oglanjygyň gür garaja galpagyny sypalaşdyryp, bulam-bujar edip goýberdi. Soňam ylgap baryp, “loňk” edip, eşeginiň üstüne böküp münen boldy. Oglanjyk bilen gyzjagaz onuň hereketlerine gorkularyny ýatdan çykaryp, “jykyr-jykyr” gülüşdiler. Olary güldürip bilendigine monça bolan Mülli yzyna gaňryldy-da, ýüzbaşylaryň syrgynynyň günbatar çetinden gelni Baýramgül bilen haýdaşlap öýüne tarap gaýdan Annabagt ejäni görüp, olar sesi ýeterden daşda bolsalar hem:

-Aý Annabagt gelnejem-how, agtyklaryňa eýelik edeweri-how! Men gitdimle-how! Hally Mansur başlyk: “bejit yzyňa aýlan” diýdile-how! Akmyrady görseň salam aýtgynla-haw! “Mülli hem: “Aman-esen geleweri” diýdi” diýiňler-how!-diýip gygyrdy-da, tozan turzup gelen ýoly bilen yzyna gaýtdy.

Annabagt eje gelni bilen aňyrdan haýdaşlap gelşine:

-Men häzir bolanja zatlardan ol-bi salyşdyryp düwünçek taýynlaýyn, Akmyrat jana berip goýbereris.-diýdi-de öýüne girip gitdi. Baýramgül hem onuň yzyna eýermekçi boldy welin, Annabagt eje içerden gygyrdy:

-Baýramgül, guzym, çagalaryň üsti-başyna seredişdir, derrew! Olary hem alyp gideli, kakalary bilen didarlaşsynlar!

Baýramgül gelin gaýnynyň bir aýdanyny ikilenç gaýtalatdyrmady. Ol haýdan-haý gyzjagazynyň eşiklerini düzedişdirdi. Oglanjygyň hem geýimlerine seretdi. Olaryň ikisi hem galyň geýindirilgidi. Onýança Annabagt eje içine kak-sök, gurt salyngy çaklaňça düwünçegini elinde saklap içerden çykdy. Gaýnynyň hor göwresine, bükülen biline seredip, Baýramgül oýurgandy. Ol aladaly äheňde:

-Enesi bu ikisini nädip alyp gitsekkäk, aýagymyza eýgermezler ahyry! Menem…-diýdi-de Baýramgül gelin köpmanyly dymyp gäberen göwresine ümleýän terzde gabagyny aşak sallady. Annabagt eje ikirjiňlenip durmady.

-Ejegül jan-a özi ýörär, Gurtmyrat jany bolsa gerşime hopba ederin.

-Eýgermersiň, enesi! Gurtmyrat jan tüweleme indi ep-eslije bar ahyry!-diýip Baýramgül daşyndan garşylyk görkezmäge çalyşsa-da çagalaryň kakalaryny görmäge gidenini kem görmedi.

-Eýgererin, guzym! Munuň kakasyny gyzyllar bilen aklaryň gowgasynyň jümmüşinden arkamda alyp çykyp, ulaltmagyň hötdesinden geldim, muny hem eýgererin!

Olar üç tirkeşik bolup ýola düşdüler. Birsellem ýöränlerinden soňra Annabagt eje ýadap, “has-haslap” başlady. Emma şonda-da gelni: “Enesi bolmasa arasynda ýere düşürip ýöredäýeli, biraz dynjyňy alarsyň ýa-da getir men götereýin” diýip hernäçe haýyş etse-de per bermedi. Küren obadan saýlananlaryndan soň enesiniň “has-haslap” dem almasyna Gurtmyratjyk hem üns berip ugrady. Gurtmyratjygyň gep haltasynyň agzy çözüldi.

-Ene sen näme üçin beýdýäýsiň-ä?

-Ýadadym, oglum, şonuň üçin daljygýaryn.

-Ene, sen näme üçin ýadadyň?

-Seni göterip barýaryn, oglum, şonuň üçin hem ýadaýaryn-da!

Ogly bilen gaýnynyň arasyndaky gürrüňe Baýramgül hem goşulman bilmedi. Ol enesiniň gerşinde parahat oturmaga karary ýetmän, at çapýan ýaly loňkuldap ugran bezzadyň söbügine assaja kakyp goýberdi:

-Aý oglan, akyllyja bol! Ýene-de tükezzibanyňa tutup ugradyňmy? Loňkuldamaňy bes et, soragyň gutarmaz seniň, ýaşy uzamyş!

Oglanjyk ejesine tarap howatyrly garady-da:

-Tükeýýibany tutamok men-ä, enemiň aýkasynda otuýýan, ýöne!-diýdi.

Gaýyn-gelin bezzadyň gürrüňine ädim urup baryşlaryny bozman gülüşdiler.

-Aý guzym, garry gaýnyň Garakele beýle dözümli daraberme häli, edil ýöne Garakeliň ýüzi oturdylan ýaly ahyry bu, häsiýeti hem şonuňky ýaly, sähel gaňryşyna gaýtsaň “ber közi, gysymlaýyn” diýip dur! Näme etse tarhandyr munym!-diýip, Annabagt eje agtygynyň arkasyny aldy. Onýança ejesi bilen enesiniň aýagyna eýgermek üçin ylgaşlap barýan gyzjagaz ýadap, yňňyl-çyňňylyny köpeldip ugrady. Enesiniň arkasynda aýagy ýere degmän barýan oglanjyk hekemsiräp özünden uly bolsa-da uýasyna käýýemäge çalyşdy.

-A gyz, näme yňňyýdaýaň?

Ýadaw gyzjagazyň gahary geldi. Hemişe näme diýse diňleýän jigisine gaýtargy berdi:

-Ýadadym, saňa näme?

Oglanjyk uýasynyň sözüne oýurgandy.

-Men-ä ýadamok, Ejegüý!

Gaýyn bilen gelin bezzadyň bu gürrüňine ýene-de gülüşdiler. Annabagt eje arkasyndaky agtygynyň agramyna hyk-çoklap:

-Aý balym-a, dagam eneň hopba edip barsa ýadamarsyň-da, saňa derek eneň ýadaýar ahyry!-diýdi. Soňam gyz agtygyna dözmän:

-Bolmasa guzym, ikisini gezekleşdirip, indi Ejegül jany gerşime alaýaýyn!-diýip pahyr, garabagyrlygyny etdi. Baýramgül gelin ör-gökden geldi:

-Goýaweri enesi, Ejegül jan seniň biliňi ýazdyrar ahyry! Özi ýörär-le, indi az galdy ahbetin.

Olar şeýdip esli ýörediler. Demir ýol menzilçesiniň jaýlary hem baglary görnende bolsa olar demir ýoluň ýakasyna çykyp dem-dynç almak üçin azsalym sägindiler. Şol pille-de Baýramgül yzlaryndan bir aýal maşgalanyň haýdap gelýändigini gördi. Emma Baýramgül näçe siňe seretse-de ol zenany tanap bilmedi. Diňe birhaýukdan soň ol zenan golaýlanda Baýramgül onuň Miwegüldügini tanady. Ony tananyndan soň Baýramgül: “Häý bedibagt, bu nirä barýarka?” diýip içinden haýpygelilijilik bilen oýlandy-da, gaýnyna Miwegülüň yzlaryndan ýetip gelýändigini aýtdy.

-Hany?-diýip agtyklary bilen gümra bolup oturan Annabagt eje oba tarap öwrüldi. Miwegüli görübem nebsiagryjylyk bilen başyny ýaýkady:

-Be şu sowukda bu görgüli nirä ugradyka?

Baýramgül egnini gysdy. Onýança Miwegül olaryň yzyndan ýetdi.

-Salamälik, Annabagt gelneje!-diýip ol salamlaşdy.

-Äliksalam, Miwe jan!-diýip Annabagt eje synçy gözlerini ýaşy ýaňy ýigrimiden geçen sarymeňiz gelniň solgun keşbine dikanlady. Görmegeý gelniň gözleriniň bir nokatda durman, azaşan uçgunjyk ýaly pelesaň kakýandygyny görüp, ýüregi gyýyldy. “Görgülijik, gaýyny Ogulsenem arada bir: “Indi biraz daş-töweregini saýgarýar, gijelerine hem ýüregine ýel düşüp, birden öýden çykyp gidibermesini hem kesdi. Aram-aram ymyzganýar hem” diýipdi welin, şu mahal gözleriniň alakjap durşy-ha huşy ýerindäki adama meňzemeýär! Haý nätsin-dä görgüli, berk bolup çydar ýalymy bu ýalançynyň külpetlerine, bular dagy heniz beýnisi bekemedik maşgalalar. Ýoldaşy Enwer jan meniň Akmyradymdan bolsa iki-üç ýaş kiçidir. Öýerenlerine heniz ýyl ýarym hem bolmady. Uruş başlamazynyň ýedi-sekiz aý öň ýanynda Enwer jany harby gulluga çagyrdylar, “uruş başlandy” diýenlerine iki aý geçip-geçmänke ogul bäbejigi boldy, şonuň iki hepde soňundanam gapylaryndan üçburçja kagyzjygy gysymyna gysyp Mülli bardy. Owf, Hudaý saklasyn! Çydar dagy eder ýaly däl! Özem ýalançyda bela gelse ýeke gelmeýär ekeni, Enwer janyň patasynda aglap-aglabam, suw ýaly çagany ünsden düşürdilermi ýa-da dünýä inende gowşajyk doguldumy nämemi, ojagazlaryny hem gara ýere duwlamaly boldular. Indem şondan bäri görgüli üýtgäp ýör. Şol ýöne: “Ine Enwer jandan hat geldi” diýip bolar-bolgusyz kagyz böleklerini goltugyna gysyp, görene görkezip ýör. Hudaý jan bu jahanyň görüner-görünmez belalaryndan Özüň goraweri,

Özüň biz bendeleriňi penaňa alaweri, Özüň biz bendeleriňe rehim edeweri, Hak Biribar!”

Ýeke pursatda kellesinde şu pikirleri aýlan Annabagt eje hemişeki süýji dilliligi bilen:

-Miwe jan, guzym bu näme ýeke özüň bärligine gaýdyberipsiň-le?-diýdi. Ukusyzlykdan ýaňa gözleriniň aşagy gögerip, birmahal şeýlebir owadan bolan gözleriniň içindäki damarjyklar çylgym-çylgym dym-gyzyl bolup görünýän Miwegül ýüň oýlukçasynyň aşagyndan bir topbak bolar-bolgusyz kagyzlary çykaryp, Annabagt ejä görkezdi.

-Annabagt gelneje, Enwer jandan ýene-de hat geldi, özem ol hatynda şu gün Büzmeýiniň demir ýol menzilçesinden otly bilen geçýändigini ýazypdyr. Şony bir göräýeýin diýip gaýtdym.

Annabagt eje Miwegülden heder edip özüne gysmyljyraýan agtyklaryny gujagyna gysdy. Ol Miwegülüň aýdýan sözlerine geň galdy.

-Wiý, guzym, Büzmeýinden otluda biziňkileriň geçjekdigini saňa Enwer jandan başga kim aýtdy?

-Ýaňy Mülli golaga duşdum, şoňa Enwer jandan hat gelendigini aýtdym welin, ol maňa Enwer janyň hatynda ýazan zatlaryny habar berdi, ol aýtmyşlaýyn şol otluda Enwer jan bilen Akmyrat hem barmyş, Annabagt gelneje.

Akly üýtgän ýaş gelne dözmedik Annabagt eje oňa näme diýjegini bilmedi.

-Hä bolýar, guzym, biz hem demir ýol menzilçesine barýarys. Bilelikde gidäýeris.-diýip oňaýdy. Olar sussypes halda ýola düşdüler. Olar demiýol menzilçesine çenli galan ýoly has çalt geçdiler. Sebäbi Miwegül Baýramgül bilen Annabagt ejäniň garşylyk görkezmeklerine garamazdan Gurtmyratjygy eline alyp göterip gaýtdy. Miwegülden howy basylan Ejegüljik bilen Gurtmyratjyk hem tä demir ýol menzilçesine barýançalar jyňklaryny çykarmadylar.

Olar demir ýol menzilçesine baryp garaşmaga başladylar. Emma üsti esgerli otly geler ýerde gelmedi. Dürli harby ýüklerden mas ýüklenen otlular hatar-hatar bolup şol geçip durdular. Birdenem Baýramgül Aşgabat tarapdan öňi baýdakly, depesinden çykýan tüsseden ýaňa ala-burugsy bolup gelýän otlynyň yzky wagonlarynyň açyk gapylaryndan boýunlaryny uzadyşýan adamlary saýgardy. Onuň ýüregi jigläp gitdi.

-Enesi, gelýärler!-diýdi-de ol bir eli bilen Ejegülüň, beýleki eli bilen Gurtmyradyň eljagazlaryndan mäkäm tutup, göýä şol uzakdan bat bilen myçyp barýan otluda wagonlary gabsan guruma-tüssä garamazdan öz mähribanynyň keşbini saýgaryp biläýjek ýaly doňňara-daşa öwrüldi. Annabagt eje bilen Miwegül hem otlynyň demir ýol menzilçesine gelerine garaşyp, doňup galdylar. Emma otly aňyrdan gelşine demirýol menzilçesinde säginmän, şol bady bilen geçip ugrady. Birbada bu oslagsyz ýagdaýa otla irikgä bolup garaşyp duranlar aljyradylar, birdenem ilki bilen Annabagt eje:

-Akmyrat jan, balam!-diýip yzy üzülmän göwnübir ýaly öz deňelerinden geçip gidip duran wagonlaryň zynjyrynyň gohuny basjak bolýan ýaly sesinde baryny edip gygyrdy-da, iki ýana ylgaşlap başlady.

-Enwer jan, Enwer jan!-diýip gygyrýan Miwegül hem Annabagt ejäniň hereketine eýerdi. Baýramgül bolsa perzentleriniň ellerini berk gysymlap durşuna wagonlaryň açyk

gapylaryna çiňerilip-çiňerilip seredýärdi. Onuň bolşy misli wagonda duran esgerlere: “Beýtmäň doganlar, ýeke pursatlyk märibanymyzy görkezäýiň-dä!” diýýäne çalym edýärdi. Birdenem geçip barýan wagonlaryň birinde ýoldaşlaryna garanyňda has ýüregi ýukarak biriniň demir ýoluň ugrunda janserek bolşup kebelekleýän naçarlara nebsi agyrdymy nämemi, otlunyň ses-üýn alyşmaga mümkinçilik bermeýän galmagalyny basyp, ýogyn ses depelerinde ýaňlandy.

-Ene, gynanma, sizem uýalarym gynanmaň! Arkadagyňyz dolanar! Hökman dolanar! Hökma-a-a-n-n!!!

Bu göwünlik beriji owaz sähel salym olaryň depesinde ýaňlandy-da, göýä batly barýan otlynyň ýelgininiň girdabyna düşen ýaly, az salymdan soň sozan guýruk bolup, gözýetime siňip giden otlynyň yzy bilen howada eräp ýitip gitdi…

Naçarlaryň mähribanlary bilen didarlaşyşlary hem şol boldy, hoşlaşyşlary hem. Akmyrat bolsa dolanyp gelmedi. Türkmen topragynyň mynasyp ogullarynyň müňlerçesi hem Akmyrat ýaly Ata Watany gara zulumdan gorap baş goýdular. Gidenleriň yzynda bolsa halk galdy. Halk şol dolanyp gelmedikleriň we dolanyp gelenleriň öçmejek-ýitmejek edermenlikleri hakynda mukaddes hakydany nesillerden-nesillere geçirmek üçin aýap saklaýar. Çünki ol hakyda atalardan ogullara, enelerden gyzlara miras geçmek bilen sözüň hakyky manysynda halky halk edýän mukaddeslikleriň undulmazlygyny üpjün edýär.

“Watan” gazetiniň 2008-nji ýylyň 22-nji iýulyndaky sany

## Bagşy

… Otuzyň pellehanasyndan geçip kyrkyň ỳoluny ỳarpylaberen bagşy ỳigit daşyna gyrmyzy begresden gap geỳdirilen dutaryny aldy-da, daş çykdy. “Bagşy, gün-ä ỳaşdy welin, çaỳ-suwdan keỳpiňi köklän bolsaň ol otaga geçip birsellem saz-söhbet ediläỳse neneň görỳärsiň?!” diỳen toỳuň eỳesi – saçlaryna elli ỳaşyň gyrawy düşen, dolmuş adam, onuň öňüne düşüp barşyna ỳol görkezdi. Gelin ediňỳän hojalyga goňşulykda ỳerleşen jaỳdan daşaryk çykan dessine bagşy jaỳyň günortasynda, ỳandaklarynyň başyny assa agşam şemalyna yrgyldadyp, ỳaỳylyp ỳatan giň meỳdanyň aňyrsyndan gelỳän şagalaň-şowhunyň gohuny eşidip üşerildi. “Goňşy obada-da toỳ bar öỳdỳän” diỳip ol sähel salym säginip oỳlandy-da, öňünden barỳan öỳ eỳesiniň yzyna eỳerdi. Şemalyň assa akymlary göỳä bagşynyň çakyny tassyklamaga howlugỳan dek, häzirki zaman saz enjamlarynyň dürli-dümen dürüşde owazyny hem dilini aỳnadyp, aỳdyma zowladỳan aỳdymçynyň sesini obanyň çetindäki boşluk meỳdanyň üstünden ỳandaklaryň başyna süỳkäp-süỳkäp alyp geldiler. Bagşy şemalyň akymy bilen tazygyp gelen goha üns bermän, toỳ eỳesiniň görkezen jaỳyna işigine bardy. Bosagadan ätmekçi bolany hem şoldy welin, içerden ỳüzi düwürtiklerden doly bir ỳigdekçe ỳüzüni sortduryp, daşaryk çykdy. Onuň burnuna salyp pyşyrdan: “Äỳ, dutar bolsa, goňşy obadaky toỳa gitjek ahyry!” diỳen hüňürdüsini bagşydan özge hiç kim eşitmedi. Ỳüzüne urlan ỳaly bolan bagşy sesini çykarman gödek jahyla ỳol berdi. Ol deňesinden ötenden soň “salawmaleỳkim” bilen içerik girdi.

Otag dardy. Güỳz gijesiniň çigregininiň düşendigi sebäpli otagyň iki sany penjiresi hem ỳapylgydy. Içerde oturanlar kileň ỳaşy ortadan agan adamlardy. “Meger, toỳ eỳesiniň dost-ỳar-tanyşlary bolsa gerek” diỳip, bagşy ỳigit olaryň ỳaşyndan çen tutup pikir öwürdi. Soňra ol özi üçin törde ỳazylan körpeçäniň üstüne geçip, aỳbogdaşyny gurup oturdy. Dutarynyň daşyndan gyrmyzy begresi sypyrdy. Tarlaryna kakyşdyran bolup, gulaklaryny towlap, goşa taryny düzüp ugrady. Hemişe şeỳdip, saz çalmaga, aỳdym aỳtmaga taỳỳarlanyp başlanda onuň göwrümi giňäp gidỳärdi. Damarlarynda gany at çapyp, tizräk öz sungaty, öz ussatlygy bilen töweregindäki adamlary özüne imrindirip başlasy gelỳärdi. Emma bu gün welin, ol özüniň on ỳaşly çagalygyndan bäri aỳrylmaz hemrasy bolan dutaryny näçe sypaň-sermeň etse-de, kalbyny dolduran lapykeçlik göwnünden çykyp gidibermeỳärdi.

Eỳỳäm bakyỳete göç eỳlänine on ỳyly boluberen ejesi pahyryň gijelerine gözüniň köküni gyryp tiken tahỳalaryny, keşdelerini, dokan taralaryny satyp, Ahal iliniň iň ökde ussasyna ỳasadyp beren dutary hem bu gün onuň üçin keseki ỳalydy. Onuň tarlarynda, sapynda ỳalňyz dikrarynyň ile meşhur bagşy bolup ỳetişmegini arzuw edip, arzuw edip, ahbetinem yhlasynyň gowşandygyna guwanyp, rahatlyk bilen gözlerini ỳuman mähriban käbesiniň elleriniň yssysyny, mährini duỳmaỳardy. Dogrusy ỳaňky gögeläniň çylkasyz sözleri hem “durnanyň üstüne urna” bolupdy welin, bagşynyň lapykeçliginiň sebäbi diňe ol sözler däldi. Soňky döwür birhili onuň göwnüne bolmasa dutaryň möwriti geçip barỳan ỳalydy. Birmahallar ummasyz mähelläni ỳüpsüz özüne baglap, söweşlerden söweşlere geçip, egri gylyjyny ỳassanyp ỳatỳan, ỳürekleri daşa dönüp giden gerçekleri bir pursatda hem agladyp, hem güldürip bilỳän goşa taryň gadyry gaçana dönüp barỳardy. Elbetde adam diỳen aỳdym-sazsyz-a oňup bilmeỳär welin, ỳöne soňky ösdürimler iki sany gyl ỳaly taryň heňine gulak gerenlerinden bir düwmäni basanyňda ỳetmiş iki dürli saz guralynyň heňleri bilen jogap berỳän enjamlaryň owazyny, tebigy şirin owazy bilen aỳdymy kalbyndan sogduryp çykarỳan bagşynyň sesine imrigenlerinden bolsa kompỳuterde müň dürli heňjagazlar, ỳaňjagazlar bilen bezelen häzirki zaman aỳdymçysynyň aỳdymyny diňlänlerini kem görmeỳän ỳalydy.

Dutaryny düzüp boldum eden bagşy aỳdym-saza başlamazyndan öň otagyň içine birlaỳ göz aỳlady. Onuň göwnüne bolmasa öỳde oturanlaryň aỳdym-saz bilen weji ỳok ỳalydy. Bu ỳagdaỳ bagşynyň hasam keỳpini bozdy. Onuň aỳdym-a asla aỳdasy gelmedi. Ỳöne her niçik-de bolsa özüne ỳalbaryp-ỳakaryp, uly yhlas bilen alyp gaỳdan toỳ eỳesiniň göwni üçin diỳip, dutaryny eline aldy-da, saza başlady. Ilki bilen “Söỳli halanym” sazyny çalyp ugrady. Ỳöne öz saz çalşyndan onuň göwni suw içmedi. Dogrusy kakuwyny hem bozmaỳardy, heňleriň yzygiderliligini-de bulaşdyrmaỳardy. Emma… Ỳüregi bilen çalmaỳandygy zerarly goşa taryň heňi diňleỳänleri tisgindirmegiň, gobsundyryp özüne tarap dartmagyň deregine öli çykỳardy. Özüniň tow berlen gurjak ỳaly dutaryny “tyrňyldadan” bolup oturşy birden bagşynyň janyna batdy.

“Päheỳ-de welinim, şu mahal halypam ỳa-da ejem görgüli meniň şu saz çalşymy eşidäỳen bolsalar mazarlarynda dik oturardylar…” Özüne gahary gelen bagşy bir “turup gaỳdybereỳin hem” diỳdi. Emma beỳle hereket etmegi özüne uslyp bilmän, ỳene-de özüne zor salyp, çalyp oturan sazyny dowam etdirdi. Şol pille-de olaryň otagynyň işigi “jygyldap” açyldy-da, içerik reňki saỳgarmaz derejä çenli sary gidip, göwşüllän

köýnekli, ýüzüniň hamy gasyn-gasyn bolup giden bir garry zenan girdi. Giren ýerinde işikden bir gyra çekildi-de, köne gyňajyndan ýaşmagyny düzedişdirip, ýeke dyz oturdy. Öýdäkiler: “Gel pylan eje-de, geç pylan eje” boluşdylar. Özüne zor salyp, ýapyrylyp saz çalmaga çytraşýan bagşy ýigit ol garry zenanyň adyny eşidip ýetişmedi. Diňe sazyny tamamlandan soňra başyny göterip, çaý owurtlamak üçin käsesine elini uzatdy welin, işigiň agzynda çugutdyryp, muňalyp oturan görgüli gözüne ildi. Onuň ini dyglap gitdi. Ol görgüliniň bir gysym bolup, ýygrylyp, gabaklaryny hem aşak sallap oturyşy kakasynyň ýedisi güni enesi pahyryň gugaryp boşap galan öýleriniň eýwanynyň diwaryna arkasyny berip, hamsygyp oturyşyna çalym edýärdi. Çagalygynyň hasratly ýatlamalary oslagsyz hakydasyna gelende bagşy ýigdiň bogazy dolup gitdi. Ol assyrynlyk bilen aşak eglip ýakynynda oturan toý eýesinden: “Bu daýza kim?!” diýip soramak isledi. Şol pille-de işikde oturan görgüli gözlerini göterip, oňa tarap garady welin, olaryň nazarlary sataşdy. Görgüliniň çuňalyp-çuňalyp guýa dönen gözlerindäki tükeniksiz gussa bagşynyň ýüregini gyýýym-gyýýym etdi. Özüne garşy ýeke pursatlyk garandan soňra gabaklar bilen örtülen gözler göýä: “Çalsana guzym, garry göwnüň gemre baglan gussasyny egseli-le!” diýip pyşyrdaýan ýalydy.

Bir pursatda bagşy garry görgüliniň gözlerindäki haýýyşdan özge ähli zady unutdy. Lapykeçligem, öz-özünden göwni geçmesi hem…barysy ýeliň demine düşen tozgalar dek onuň köňlünden zym-zyýat boldy. Ol dutaryny hyruç bilen eline aldy-da, saza başlady. “Gökdepe mukamynyň” ilkinji zaryn heňleri ýaňlanyp başlan badyna içerde oturanlar özara hümürdilerini goýup, üşerilişdiler. Gözlerini ýumup, dutarynyň üstüne ýapyrylan bagşy ýigit bolsa çalyp oturan sazyndan özge ähli zady unutdy. Ol hatda özüni hem ýadyndan çykardy. Özüniň adamdygyny, kimdir biriniň toýunda dutar çalyp oturandygyny, bedeniniň hem ähli adamlaryňky ýaly etden, süňkden, damardan we gandan ybaratdygyny… Bar zat bagşynyň ýadyndan çykdy. Öz dutarynyň goşa tarynyň arasyndan syzylyp çykyp hemmeleri jadylaýan heňlere öwrülen ýigit örküni ýerden üzdi-de asmana galdy. Şol ýerdenem şirin saz bolup ýaňlanyp ugrady. Onuň yrňyldap duran ymgyr heň ummanyna dönen kalbynda bolsa diňe: “Ene jan, seniň üçin! Saňa bagyşlaýaryn, ene jan!” diýen ýekeje jümle gaýtalanýardy.

Otagdakylar tutuş gulaga öwrülip bagşyny diňläp başladylar. Bagşy bolsa gözlerini açman, özüne maý bermän mukamyň yzyna mukamy düzüp barýardy. “Goňurbaş mukamy”, “Aýralyk mukamy”, “Söýgi mukamy”, “Burny aşak”, “Hajygulak”, “Atçapar”… Türkmeniň şirinden-şirin owazlary yzly-yzyna ýaňlanýardy. Mukamlaryň heňleri otagdakylaryň depesinde aýlanýardy-pyrlanýardy, otagyň dar diwarlarynyň çygryna sygman diwarlara urulýardylar. Ähbetinem özlerini gyzgyn çäganiň suwy siňdirişi deýin teşnelik bilen gapyp duran adamlaryň kalbyna aralaşyp, olaryň ýüreklerine çökýärdi.

Soňabaka içerdäkiler: “içeri gyzgyn” diýip penjireleri hem, işigi hem açdylar. Şondan soň toý aladasy, toý şowhuny bilen daşarda gezişip ýören ähli adamlar, aýal-oglan-uşaklara çenli aladalaryndan-güýmenjelerinden ellibizar geçip, keçelerini süýreşip bagşynyň saz çalýan jaýynyň öňüne üýşüp ugradylar. Bir çäýnek çaý içesi salymyň içinde jaýyň öňi uly mähelleden ýaňa hyryn-dykyn boldy. Şol pursadam kalby aşa joşan bagşy öz kalbynyň owazlaryna tap getirip bilmän, kakuwyny üýtgetdi-de, “Ak ýüzli

maralym-a” zowladyp ugrady. Iň belent perdeden tutulyp aỳdylỳan aỳdymyň sesi göỳä owazy müň esse güỳlendirỳän enjamdan çykỳan ỳaly, al-asmana göterildi-de, giden boşluk meỳdanyň depesinden ỳaňlanyp, goňşy obadan eşidilỳän şagalaň-şowhunyň gohuny hem basyp, allaowarralara tarap uzalyp-uzalyp gitdi. Daşarda oturan gartaşanrak adamlaryň biri buỳsanjyna bäs getirip bilmän:

-Haỳ, jan diỳdim-ä saňa, jan-jan diỳdim-ä, bagşy jan! Jan diỳdim-ä, sesiňe! Aperin saňa-how, inim! Gaỳtar, ỳene-de şol perdeden! Aỳlandyr, ỳene-de bir ỳola, aỳlandyr, şol ỳerden!-diỳip gygyryp goỳberdi. Içerde dünỳäni undup aỳdyma zowladỳan bagşy ỳigit göỳä onuň sesini eşiden ỳaly, aỳdymyň ỳaňky sözlerini öňki belent perdesinde gaỳtalap-gaỳtalap, çekdirip goỳberdi welin, diňläp oturanlaryň ählisi ỳerli-ỳerden gygyryşyp başladylar:

-Haỳ-haỳ saňa, bagşy jan!

-Elleriňe güller bitsin, bagşym! Hudaỳym, çagajyklaryňa guwan!

-Aldyň-la-how, inim, aldyň-la!

-Aỳlandyr, bagşy jan, aỳlandyr şu mahal, mazaly gyzdy indi!

“ Bu hem ene jan, seniň üçin! Ine muny-da saňa bagyşlaỳaryn, ene jan!” diỳen ỳekeje jümläni içinden sansyz sapar gaỳtalap oturan bagşy bolsa daş-töweregindäki şowhuna baş galdyrman burçak-burçak derläp, saz çalỳardy. Arasynda-da gözlerini açman, demini dürsemän aỳdyma başlaỳardy. Onuň daşyna üỳşen mähelle bolsa iỳmegi-içmegi, ukuny-beỳlekini undup, goşa taryň jadysyna ỳüpsüz kökerilip otyrdy. Şeỳdibem bagşy daňyň düỳbi çyzylỳança aỳdym aỳdyp, saz çaldy. Ol entegem özüni bilmän dowam etjekdi. Ỳöne synçy toỳ eỳesi onuň halys surnugandygyny aňyp:

-Adamlar, indi besdir! Bagşyny halys ỳadatdyk. Ol hem adam, oňa hem düşüneliň!-diỳip, ony bes etmäge mejbur edäỳdi. Bagşy gözlerini açyp, ilki bilen işige garşy seretdi. Garry görgüli ol ỳerde ỳokdy. Bagşy dodaklaryny müňküldedip, toỳ eỳesinden şol garry ene barada sorajak boldy. Emma näme üçindir, dilini dişläp dymdy. Onỳança ol ỳerinden turmakçy boldy welin, gurşan aỳaklaryny aỳbogdaşyny gurup oturyşyndan açyp bilmedi. Toỳ eỳesi bada-bat onuň ỳagdaỳyna düşündi:

-Hany oglanlar, geliň derrew bagşa kömek edeliň, aỳaklaryny owkalaň-da ỳerinden turmaga kömek ediň!-diỳip, beỳle ỳanynda duran degenek jahyllary çagyrdy. Özi bolsa egnindäki täzeje possunyny sypyrdy-da bagşynyň egnine atdy:

-Deriň gaỳtmasyn, inim! Al, nesip etsin! Bu häki bir toỳ paỳy! Häzir serpaỳyňy indi ỳetireris! Elleriňe güller bitsin, hezil berdiň, ỳüz elli ỳaşa, inim!...

“Watan” gazetiniň 2008-nji ýylyň 10-njy oktýabryndaky sany

## Gündelik

Uruş gidýän ýurtlaryň biri...

...Haraba bolup ýatan, ýykyk-ýumruk jaýlar. Diwarlarynyň galyndylary hüýt gara bolup somalyşyp durlar. Nirä seretseň ýatan  gara-köýük bolup ỳatan kerpiç bölekleri. Owum-döwüm bolan daş üýşmekleriň biriniň üstünde-de, soňky üç sahypasyndan galany ýanan depder ýatyr. Şemal ony şapyrdadyp eýläk-beýläk agdarỳar. Ỳagyş-

ýagmyra ezilendigi zerarly depderiň sahypalarynyň ýüzündäki ýazgylary zordan aýyl-saýyl edip bolýar. “Şu gün 199..-nj ..ýylyň mart aỳynyň 28-i, günortadan soň” diýip, üç sahypanyň ilkinjisinde çaganyň entek ýazuwa gaty bir endik etmedik eli bilen bulaşyg hatda ýazylypdyr.

“...Ýaňy ejem geldi. Bu günem ýene-de ýartyja gara çörekden başga hiç zat tapmandyr... Aý, tapan hem bolsa puly ýeten däldir. Zatlar gaty gymmat. Onsoňam indi iỳmit gözlemek üçin köçä arkaýyn çykar ýaly hem däl. Ýygy-ýygydan şäherimizi bombalaýarlar we top okuna tutýarlar. Gün-günden top okundan we bombalardan gizlenilýän gaçybatalga kän gatnamaly bolýar. Her gezek top oky golaýraga düşeninde, jaýymyz süňňi bilen elenip gidýär...

Barha ysgyndan düşýäris... Ejeme dözemok. Ýöne nädeýin? Özüm bolsa ýaňy dokuz ýaşymda.. Ine, şu wagt ejem janyň ýanyna baryp, boýnundan gujaklap: ”Eje, mähribanym, eziz-eziz ejem jan, sen gynanma, bu getiren çöregiň tygşytly tutsak, üç güne dagy ýeter. Onsoň bolsa kakam dolanar, hemme zadymyz hem köpeler” diýip, ejemi köşeşdiresim gelýär. Emma ejem ýene-de aglar öýdüp gorkýaryn. Wah, kakam şu wagt öýde bolan bolsady, ejemi hem köşeşdirerdi, hemme zadymyzam bol bolardy... Ýöne, arman, kakam uruşda-da...

Ýogsa-da şu kakam ýaly uly adamlar näme üçin uruşýarkalar? Biz-ä, ine, sögüşip jedelleşip uruşýarys.. Ulular bolsa ýöne gyrlyşyp ýörler. Men bilỳärin! Olar çilim çekýärler, şonuň üçinem uruşýarlar. Sebäbi çilim çekseň, gaharjaň bolýarsyň, gaharjaň bolsaň, urşup ugraýarsyň..

Bir gezek kakam aşhananyň penjiresiniň öňünde çilim çekip otyrdy. Şonda ejem kakamyň ýeňsesinden baryp, boýnundan gujaklapdy-da, eňegini onuň kellesinde goýup:

-Çilim çekseň üsgülewigiň tutýar, onsoňam erbet gaharjaňlygyň artýar. Sähel zada jynyň atlanyp başlaỳar. Çekmesene!–diýdi. Kakam şonda ýylgyryp, bärsine öwrüldi-de, çilimini öçürip, ejemi özüne çekdi.

Men aşhananyň gapysyndan jyklap, olaryň ähli hereketlerini synlaýardym. Ejem şol wagt şeýle bir owadandy, şeýle bir owadandy.. Ejem gülende, kakam ikimiziň daş-töweregimiz alaýaz bolup, otagyň howasy täzelenene dönýärdi. Kakam bolsa elmydam oýun edip, ejemiň dyzyna ýetip duran gün çyksa ýaldyraýan şar gara saçlarynyň özüni tora düşürendigini aýdýardy. Men henizem kakamyň şol sözlerine düşünmeỳärin. Heýem ejemiň saçlaryndan tor bolarmy?...

Şonda meniň ähli zady synlap durandygymy görüp, ejem hasam gyzarypdy. Men edil şol wagt daşarda goňşymyzyň özüm ýaly ogly bilen urşup, üst-başymy gum edip öýe gelipdim. Özümem ejemiň geýimimi zaýalanym üçin özüme käýemeginden çekinýärdim, şonuň üçin hem hiç zat gürlemän, ýüzümi sallap durdum. Emma ejem maňa käýýemedi. Gaýta bolup durşuma seredip, loh-loh gülýän kakama goşulyp, enaýy ýylgyrdy-da:

-Haý, bezzat, ýene-de ojakdan çykan gara jynjagaza dönüpsiň-ä. Saňa çäre boljak däl-ow! –diýip, ýüzümi öňlügi bilen süpüripdi.

Kakam bolsa gülüp:

-Hany bezzat, aỳt bakaly sen näçe ỳaşadyň?-diỳip, her gezek berỳän soragyny beripdi. Men ol wagt mekdebe gitmeýänligim zerarly san bilmeýärdim. Şonuň üçinem,

ejemiň öwredişi ýaly, ilk-ä iki gezek on barmagymy, soňam bir gezek bäş barmagymy görkezdim. Meniň bolşuma olar hezil edip gülüşipdiler, men bolsa üstümden gülünýändigine öýkeläpdim. Şondan bir aý geçenden soň bolsa, kakam ikimiz maňa gyz jigi getirmek üçin, ejemi bäbekhana iberipdik...

Eýýäm gyz jigim dört ýaşady. Hanha, şu wagtam yňňyl-çyňňyl edip ejeme azar berip otarandyr.

Kakamdan welin hiç hat gelmeýär-dä...

Öňräk bir gün ejem öz otagynda bir haty okap oturan ekeni. Men girdim welin, näme üçindir, derrew ony gizledi, emma men barybir görmäge ýetişdim we ol hatyň kakamdan däldigini tanadym. Sebäbi men kakamyň hat ýazyşyny bilýärdim.

-Eje, näme üçin haty okamaýarsyň? Ýa kakama bir zat boldumy?-diýip, men soranymy duýman galdym.

Şeýle diýen badyma ejem ýaňagyma şarpyldadyp goýberdi-de:

-Beýle pikirlenmäge het etme. Ol diridir. Diri!-diýip, gözümiň alnynda elindäki haty jyrym-jyrym etdi. Soňam iki eli bilen ýüzüni ýapyp, tutuş süňňi bilen titräp aglap başlady...Men ejeme näme bolýandygyna hiç düşünip bilmedim..Ertesi gün bolsa men ejemiň ...düýnjügem şeýlebir owadan, şeýlebir owadan ejemiň, kakamyň garryja daýzasyna meňzäp galandygyny gördüm.

Ulular çilim çekmeseler, gör nähili oňat boljak! Onda olar uruşmazdylar, ejem hem garryja daýza daýzasyna meňzemezdi, çöregem, beýleki iýmitlerem bol bolardy, menem sowuk öýde şeýdip hat ýazyp oturmazdym-da, daşarda özüm ýaly oglanlar bilen hezil edip oýnardym ýa-da mekdebe giderdim. Emma bu wagt oglanlaryň köpüsi ýok, olar bosgun bolup gitdiler. Mekdebimize-de top oky degendir ýa-da bomba düşendir...Bu gaty erbet zat.

Dogrusy, mekdebiň bolmanlyg-a hiç. Meniň kän bir oňa gidesim gelibem baranok.

“... Şu gün 199..-nj..ýylyň mart aỳynyň 29-y. Irden.

Daşarda ýagyş ýagýar. Iri-iri damjalar penjirämize şybyrdap degýärler. Men öň ýagşy gowy görýärdim, aşagynda heziller edip ylgardym. Häzir bolsa ony halamok, sebäbi peç ýanmaỳandygy sebäpli sowuk damjalar öýümizi hasam sowadýarlar.

Men mekdebe gatnaýarkam, bir synpdaşym bardy. Onuň atasy her günde birnäçe gezek ak keçe ýazynyp, şonuň üstünde durşuna günorta-günbataratarap ýüzüni öwürỳärdi-de, bir zatlar pyşyrdap, birnäçe gezek dyza çöküp, aýak üstüne galýardy. Şol hem agtygyna özüniň edýän işini düşündiripdir, ol bolsa soň bize atasyndan eşiden zatlaryny aýdyp beripdi.

Ýokarymyzda biz ýaly oglanjyklary we gyz jigim ýaly gyzjagazlary aýratyn gowy görýän “Alla jan” atly rehimdar daỳy barmyş, ol biziň ählimiziň her bir edýän zadymyzy görýärmiş, diýýän zadymyzy hem eşidýärmiş, bir zat dileseňem berýärmiş. Özi hem şeýle bir rehimdarmyş,  şeýle bir rehimdarmyş, hemme zadam şol edýärmiş, ýagşy hem ýagdyrýarmyş, gijäni düşürip, asmana ýyldyzlary hem sepýärmiş, jigileri hem şol berýärmiş, kesellileri sagaldýanam, Güni dogdurýanam şolmuş. Özem hiç kimiň gözüne görünmän, asmanda otursa-da,  biz hakda bar zady bilýärmiş, bize kömek edýärmiş.

Ol oglanyň aýdanyny eşidip, “Alla jan” atly rehimdar daỳydan  herimiz bir zat diläpdik. Kim oýnawaç, kim pul, kim ulalyp, mugallymyň özüniňem gulagyndan çekip

görmegi..., emma hiç haýsymyzyň dilegimiz kabul bolmandy. Onsoň ol oglana hemmämiz: “aldawçy” diýipdik we onuň bilen gepleşmegimizi goýupdyk.

Ýöne men häzir şol Alla jan atly rehimdar daỳynyň asmanda oturandygyna hem onuň ähli dilegleri eşidip, dilän zadyňy berýändigine çyndan ynanýaryn. Şonuň üçinem: Asmanda oturan, çagalary gowy görýän, Alla jan atly rehimdar daỳy jan, senden bary-ýogy üç zat dilejek. Şol zatlary kyn görmän, maňa bersene!

Goý, gyz jigim sagalsyn, men oňa agaçdan oýnawaç gämijik, matadan gurjak ýasap berdim. Çaltrak sagalyp, oýnasa bolýar.

Onsoňam, goý, kakam öýümize dolansyn we uruş ýatyp, ýagyş öňküsi ýaly mylaýym bolsun! Ulular hem çilim çekip, gaharjaň bolmasynlar.

Ýene-de ejem, goý, garryja daýza meňzemesin, saçlaryna-da ak reňk çalmasyn!

Eger şu üç dilegimi bitirseň, men hiç haçan çilim çekip, gaharjaň bolmajagyma we uruş turuzmajagyma söz berýärin.

All jan, gaỳrat et-de şujagaz haỳyşlarymy çaltrak bitirsene! Sebäbi indi meniň hiç çydara ýagdaýym galmady-da.. Edil ýöne aglaýasym gelýär-dä...Emma sen aglasalar halaýan dälsiň. Şonuň üçinem tä kakam gelýänçe, men aglamaryn. Kakam geleninden soň bolsa, men onuň boýnundan gujaklap, azajyk aglanymda-da, seniň maňa gaharyň gelmez-ä, hä, şeýle dälmi? Gaharyň gelmez-le...

“ Şu gün 199...-njy ýylyň mart aỳynyň otuzy. Ir ertir. Ýaňy oýanan badyma ejemiň otagyna baryp gaýtdym. Düýn agşam ejem ýatman, jigimiň başujyny saklap oturypdy. Jigim düýn gije hasam gaty gyzdyryp, tä uklaýançam men onuň samraýandygyny eşidip ýatypdym. Men bolsa Alla janyň ertir ir bilen jigimi sagaltjakdygyna ynanandygym zerarly arkaýyn uklapdym...

Näme üçindir boýdan-başa gara geýimli, başy gara ýaglykly, doňan ýaly bolup, sekiniň üstünde oturan ejem maňa öňküsindenem beter şol garryja daýzamyza meňzäp barýan ýaly göründi. Men gapynyň agzynda durdym. Hiç zat görmeýäne çalym edýän gözlerini nirädir bir ýere dikip oturan ejem jan ýazdan soň gelen yssy tomsuň ilkinji howruna solup barýan güljagaz ýaly, gözümiň alnynda birhili ýuwaşlyk bilen garry daýza öwrülip, barha we barha salgyma çalym edip barýardy.

Men ejemiň ýanyna bardym-da, sessiz-üýnsüz gapdaljygynda oturdym. Otagda gyz jigimi görmänimden soň:

-Eje, hany jigim?–diýip soradym. Ejem ukudan açylan ýaly tisginip gitdi-de, maňa birhili seretdi, soňam özüne zor salyp:

-Jigiňmi? Jigiňi...äkitdiler...Uzaga...-diýip pyşyrdady. Men begenip ýylgyrdym-da, ejemiň eline ýapyşdym.

-Rehimdar daỳy jan meniň jigijigimi sagaltmaga äkidipdir-dä onda?

Dilegimiň kabul bolandygyna iki bolup bilmän ýylgyrjaklap durşuma, men ejeme Alla jan atly ýokarymyzdaky rehimdar daỳy hakda bar bilýänjämi aýtdym. Ejem meni diňledi-diňledi-de, birdenem meni gujagyny gysyp, gulagyma pyşyrdady:

-Sen Allanyň bendesi, oglum. Wah, mön gözlim...Ýöne ynan, oguljygym, ynan! Seniň gyz jigiňi “Alla jan”alyp gitdi. Ynan, balam, ynan.

Şeýle diýip, ejem ýerinden turdy-da, başyndaky gara ýaglygyny sypyryp, gözlerini süpürdi, ýogsa ejem şol wagt aglamaýardy hem, ýöne ejemiň bar saçy çuw akdy. Men saklanyp bilmedim:

-Eje, näme üçin sen garryja daýzamyza meňzejek bolýarsyň, onsoňam näme üçin saçyňy ak reňke boýaýarsyň? Saňa gelişmeýär-ä. Öň owadandyň. Indi kakam gelse, seni tanamaz. Öňki ýaly bolsana, eje!

Ejem maňa ilki jogap bermedi. Diňe birsalymdan soň owfuldap demini aldy-da, meniň saçlarymy sypalap, pyşyrdady:

-Ine, sen öýlenersiň, çagalaryň bolar, onsoň kakaň hem geler, menem öňkim ýaly bolaryn... Hökman şeýle bolar, oglum!

Men ejemiň bu diýenlerine düşünmedim. Ýöne bir zady açyk bilýärin: Uruş gutarar. Sebäbi urşup ýören uly adamlar uruşmakdan we çilim çekip, gaharjaň bolmakdan ýadarlar-da, uruşmaklaryny goýarlar. Sebäbi hemme kişi näme etse-de, näme başlasa-da, ahyr soňy şol zatdan ýadaýar. Onsoňam kakam dolanar. Sebäbi muny maňa ejem aýtdy. Ỳagşyň ỳene-de öňküsi ýaly mylaýym boljakdygyna bolsa özüm ynanýaryn. Muny maňa hiç kim aỳtmady, ỳöne munuň şeýle bolmagyny meniň özüm Alla jan atly rehimdar daỳy jandan diläp aldym..."

“Edebiýat we sungat” gazetiniň 2008-nji ýylyň
30-njy maýyndaky sany

## Hasrat

### -I-

Bu gün bazar güni bolanlygy zerarly Didar turanyndan oňly iýip-içmän Ylýaslara ylgady. Barsa ol hem bärligine gaýtjak bolup duran ekeni. Didar aňyrdan gelşine:

-Ylýas, öýjük ýasanmaga gidelimi?!- diýip oňa gygyrdy.

-Ỳör!-diýip Ylýas oňa jogap gaýtardy. Olar iki bolup Ylýaslaryň melleleriniň aýagujuna ýöneldiler. Barybam buýr-bulaşyk bolup ösüp oturan üzümleriň arasynda, öňräki göz astyna alyp goýanja ýaşyryn ýerlerinde öýjük gurnup başladylar. Tapan-tupan tagtamydyr-şifer böleklerini daşaşdyryp, bir tarapy hajathana degip duran sümelge ýasandylar. Şeýdip ýörüşlerine olaryň ikisi-de öz ussaçylyk oýunlaryna mazaly gyzygdylar.

Birdenem derwezeleriniň agzynda togtan goňur ulagdan düşen ýaş ýigit Didaryň gözüne ildi. Onuň ünsi bölündi. Ol ýigdiň öýlerine girip barýanyny görende bolsa Didar üçin oýnuň gyzygy gaçdy. Ol Ylýasyň: “Nirä-how? Gelsen-aý!” diýip haýyş etmesini piňine-de alman öýlerine garşy ỳumlukdy. Işiklerine ýetip, ýaňybir gapynyň tutawajyna elini ýetirenem şoldy welin, gapy açyldy-da ýaňky ýigit yzyna Didaryň ýarym-ýaş bolup aglaýan ejesini tirkäp daşaryk çykdy. Didar howpurgap gitdi. “Näme bolduka? Näme üçin ejesi aglaýarka? Bu ýigit neneňsi erbet habar getirdikä?” Didaryň aňynda şu soraglaryň bary bir demde peýda bolup, onuň beýnisini deşere getirdiler. Ol ejesiniň yzyndan ýöräp barşyna näme bolandygyny soramakçy bolup, birnäçe gezek dodagyny

müňküldedip-müňküldedip bardy. Emma tebigy ýygralygy zerarly çekinip, sorap bilmedi.

Onýança ejesi bilen ýigit ikisi ulaga mündüler-de, gitdiler. Didar bolsa köçede, üýşmek çaglyň üstünde oturdy-da, garaşmaga başlady. Onuň ýürejigi takatsyz howsala bilen gürsüldäp, döşüni ýaraýjak bolýardy. Aňynda bolsa: “Näme bolduka? Näme bolduka?…” diýen ýekeje sorag iki-baka at salýardy.

Şeýdip ol ep-esli oturdy. Emma ejesi dagy gelmediler. Ahyry oturyp-oturyp ýadan Didaryň sabry suwa gaçyp, ol ýerinden turdy-da Ylýaslara niýetlendi. Şol wagtam çatrykdan ýaňky goňur ulag göründi. Ulaga gözi düşen badyna Didar begenip gitdi. “Hiç zat bolmandyr eken ahyry. Ejem dagy geldiler-ä!”

Emma bir zatdan müýnürgeýän ýaly, aňyrdan ýuwaşja gelen ulag, derwezeleriniň öňünde saklanan dessine Didaryň ýüregi bir erbetligi syzan dek, howsala bilen endiräp gitdi. Onýança ýigit ulagdan gyssanmaçlyk bilen çykdy-da, Didaryň ejesine gapyny açyp berdi.

Didar ejesiniň bolşuny halamady. Ýüz-ä ak ýuwha ýalydy. Özem agyr hassalykdan ýaňy aýňalan näsag dek, birhili lagşap duran göwresine zordan erk edýärdi. Gözlerem hiç zat görmeýän körmüş gözler deýin, doňup durdular. Ulagdan çykanda bolsa aýaküstünde durup bilmän, tasdanam ýykylýardy. Hernä elini daldaladyp ulagyň gapysyndan ýapyşmaga ýetişäýdi. Onýança öýlerinden ylgap çykan Akgül gelşine ejesiniň goltugyna girdi.

Şol pursadam Didaryň ömür ýadyndan çykmajak bir aýylganç zady boldy. Gyzyna gözi düşen badyna ejesi birden ganyňy doňdurýan çirkin ses bilen:

-Wa-a-aý ogul!-diýip haýkyrdy-da, çalam-çaş bolup ýykylyberdi. Özüni ýitiren Akgül ejelerini zordan saklady. Akgülüň ýüzem, ýigdiň ýüzem üç ýuwlan ak esgä döndi. Didaryň bolsa depe saçy üýşüp gitdi. Ol gorkujygyndan ýaňa nädip aşak çökendiginem duýmady.

Onýança bir ýerlerden ylgaşyp gelen goňşy aýallar:

-Wa-a-aý! Balam-e-eý! Men nädeýin-e-eý!-diýip gygyryp, aglap başlan Didaryň ejesiniň goltugyna girdiler. Soňra bolsa bolup geçýän pajyganyň anygyna ýetip olar hem agyny alyp göterdiler:

-Waý oguljyg-eý! Agamyrat jan-eý!

Gorkudan ýaňa Didaryň gözleri ulalyp-ulalyp şakäse ýaly boldy. Howa ýetmeýän dek agzyny öweldip oturşyna ol näme bolýandygyna düşünmeýärdi.

“Näme boldy? Näme boldy, aýdyň ahyry oňa! Ejesi, Ylýasyň ejesi, Döwranyň ejesi, Azadyň ejesi, size näme bolýar? Näme aglaşýarsyňyz, aýdyň ahyry!”

Bu gopýan ahyrzamana seredip oturşyna Didar birdenkä näme üçindir hamsygyp goýberdi. Soňam özüniň nä sebäbe görä aglaýandygyna-da düşunmän, ýüzüni tirsekleriniň üstünde goýdy-da, horkuldap-horkuldap aglap ugrady. Şeýle halda ol howlularyndaky mähelläniň barha köpelýändigini duýman, şol içigip-içigip aglady oturdy. Ahyry ol goňşy aýallaryň biriniň gözüne ilip, oňa:

-Ýör Didar jan, bize gidäýeli! – diýdi-de öýlerine alyp gitdi.

-II-

… Goňşularyna girende Didar Kanunyň hem, gyz doganlarynyň hem şol öýde ýüzlerini sallaşyp oturandyklaryny gördi. Hatda  Kanun dagy näme, ýöne wagt bezzatlygyndan ỳaňa dabanynyň astyndan ot sowurýandyr welin, şol hem şu mahal goňşularyň oýna gümra çagalaryna goşulman, mön gözjagazlaryny tegeläp, ýygnanypjyk bir gysym bolup otyrdy.

"Näme bolduka?" diýip oýlanýan Didar bu sowalyň çözgüdini hiç tapyp bilmeýärdi. Onuň bar pikiri-zikiri, hyýaly öz öýlerinde nämeleriň gopýandygyny bilmekdedi. Emma jigisiniň tegelenen gözüne gözi düşende onuň ünsi üýtgedi.

Kanunjyga  nebsi agyryp gitdi. Dözmedi. Ýakynyna baryp oňa nähilidir bir mähirli hem mylaýym zat diýesi, ony oýna imrikdiresi geldi. Göwnüne bolmasa Kanun çagalara goşulyşyp oýnaberse öz göwnündenem aladaly gorky sumat bolaýjak ýaly boldy. Emma näme üçindir ol Kanuna ýüzlenmek üçin dil ýaranda, onuň sözleri gaharly hem buýruk beriji äheňde ỳaňlandy.

- Näme beýden bolup otyrsyň? Bar-da, oýna-da…

Gözüni tegeläp oturan Kanun oňa "diýýärmisiňem" diýmedi. Muňa Didaryň girre gahary geldi:

- Näme-how diňläňok?-diýip ol Kanunyň ýanyna topulyp bardy-da, ýeňsesine kakyp goýberdi. Kanunyň gözlerinden çogup çykmaga bahana tapman dyňzap duran gözýaşlara şu ýeterlik boldy:

-Wä! Waý ejele-e-eý

Ýüzüni sallap, bir burçda ýere giräýjek bolup, çugutdyryp oturan Jahan Kanunyň gykylygyna zöwwe galdy-da, Didara owsun atdy:

-Häý samsyk haýran, şunuň ýaly wagt munuň edip ýören zadyny…

Uýasyndan almytyny aljakdygyny gözi ýeten Didar pikirlenip durmady-da daşaryk ökjäni göterdi. Daşaryk çykybam derrew derwezäniň agzyna ýetip, yzyna garandy. Uýasynyň yzyndan gelmeýändigine göz ýetirenden soňra bolsa bada-bat köçä çykybermäge  çekinip, derwezäniň yşyndan yşyklady. Köçe, olaryň howlulary adamlardan ýaňa hümerdi. Olaryň arasynda Didaryň tanaỳanlaram bardy, tanamaỳanlaram… Barysy hem telpekli ỳa-da papaklydylar.. Ýüzlerem salykdy. Özlerem biriniň eşidip, käýýäýmeginden wehim edýän ýaly, nämedir bir zat hakda pyşyrdaşyp gepleşýärdiler.

Didar olaryň näme üçin ýygnanandyklaryna düşünmedi. Kellesine näçe zor salsa-da sebäbini tapyp bilmedi. Birdenem ol kakasyny gördi. Ol bir ýerde durman iki-ỳaňa zowzuldaýardy. Öňünden gabat gelen adama ellerini salgaşdyryp, bir zatlary görkezişdirýärdi. Buýruk berýärdi. Düşündirýärdi. Onuň buýruk berýänleri hem ony ünsli diňleýärdiler. Özem hemmeleriň gözi Didaryň kakasyna seredýärkäler haýpygelijilikden  dolýardy.

Kakasy bolsa öz eýmenýän bir zadyny görmekden çekinýän ýaly, hiç kimiň ýüzünde nazaryny ägindirmeýärdi. Onuň birhili bulançak  bolan gözleri kimdir birinden haraý isleýän ýaly, özlerine howandar agtarýan ýaly bir nokatda durman çar tarapa şol alakjap durdylar. Edil şol gezekki, Kanunyň özüni kowalaýan oglanlardan gaçyp, Didaryň ýanyna dalda isläp gelendäkisi ýaly…

Didar bu pikirinden gorkup gitdi. Onuň üçin kakasy äpet bir, hiç kimiň ýeňip bilmejek pälwanydy. Ol onuň üçin hudaý ýalydy. Bu wagt bolsa kakasynyň elewräp ýörşi, Kanunyň gaty aljyranda bolşundan enaýy däldi.

Kim kakasyny beýle aljyradyp, beýle gorkuzdyka? Asla kimiň, haýsy zadyň kakasyny şeýle gorkuzmaga gorkunçlygy ỳetdikä?!…Ol nähilem bolsa gaty eýmenç jandar bolmaly. Sebäbi hemmeleri hemme zatdan goramagy başarýan kakasyny şu derejä elten bolsa ol mahluk juda aýylgançdyr…

Bu pikirlerden soň-a Didar hasam gorkdy. Eger ol jandar kakasyny şeýle derejede elheder aldyran bolsa Didary dagy näder?…

Kakasyny gaty gorkuzan mahluk üstüne sürnüp gelýän ýaly, Didar yza-yza tesdide, birdenem gorkujygyna öýe tarap ýazzyny berdi. Emma öýe kürsäp urmady. Öýde uýasynyň bardygy ýadyna düşende, kürtdürip durdy-da, haýatyň ýykyk ýerine ylgady. Ondan aşybam Ylýaslara bardy. Barsa Ylýas hem derwezeleriniň deşiginden jyklap duran ekeni.

Ol Didaryň gelendigini gördi-de, morta:

-Eý Didar, bilýäňmi, doganyň Agamyrady otly kakypdyr. Häzir gömmäge äkidýärler.-diýip goýberdi.

Bu habara Didar birhili bolup gitdi. Ol muny nähili kabul etjegini bilmedi. Çaga-da bolsa ol munuň ýaly zatlara gynanmalydygyny bilýärdi. Şonuň üçinem ol Ylýas özi hakda erbet pikir etmesin diýip, ýüzüni sallan boldy. Emma şol bir wagtda-da, ol öz göwnünde peýda bolan birhili şatlyga meňzeş ýeňilligi duýdy. Munuň sebäbem dogabitdi gyzma hem yzgytsyz bolansoň Agamyrat Kanun ikisine hiç gün bermeýärdi. Gören ýerinde käýýäp, gulaklaryndan towlar ýörerdi. Onsoň onuň bar ýerinde olaryň ikisem islese-islemese burunlary deşilen ýaly, oturmaly bolýardylar… "çekiji goý, çüýi goý, mellege girmäň, ýaňy depdim, garaža girmäň, kümä girip, agaç almaň, malýataga baryp, mallary ürküzmäň, çäge oýnamaň, köçede entemäň, özüňizi ýigrendirip goňşularda gohlap ýörmäň, gapa zat üýşürip, howlyny hapalamaň…" Garaz Agamyratdan ýaňa köplenç olaryň gulak çekgeleri lowlar durardy. Onuň okuwdan boş, dynç güni dagy, olaryň dat gününedi…

…Ine indi bolsa ol ýok. Olara indi hiç kim azar bermez…

Didar bar zada düşündi. Kakasynyň bolşuna-da, ejesiniň näme üçin aglaýandygyna-da, adamlaryň näme üçin ýygnanandyklaryna-da düşündi. Emma ol özüne şunça zor salyp gynanjak bolsa-da gynanyp bilmedi. Oňa derek gaýta birhili erkinligiň ýeňilligi has güýçlendi. Didar öz duýgusyndan utanyp başlady. Onuň özi özüne ýigrenji bir doňýürek ýaly, bolup göründi.

Dogrudanam ol doňýürekmikä?… Ýok, ýok beýle däldir ahyry. Ol kakasyna, ejesine gynanýar ahyry. Onda näme üçin Agamyrada gynanmaýar-da, gaýta begenýär?…

Didaryň kiçijik dünýäsi agdar-düňder boldy. Öz ýüreginde peýda bolan bulam-bujarlykdan ýaňa, ol ýüzüni sallady-da, sussypes halda Kanun dagynyň ýanlaryna dolandy. Gözünden ot syçradýan uýasyna-da, ýanyna baranda gaýra-gaýra süýşýän boýnyburyk Kanuna-da ähmiýet bermän, ol girişine bir çüňke geçdi-de, aşak oturdy. Kellesini dyzlarynyň üstünde goýubam, aýaklaryny gujaklady. Çaý içim salym geçip-

geçmänkä-de onuň horja eginleri sandyrap, ynjyly sojamasy eşidilip başlady.

Didar agalýardy. Özem onuň bu agysy hälki ýaly, beýlekileriň aglamagyndan emele gelen agy däl-de, ýiti agyry sebäpli, özüniň hiç kime gynanyp bilmeýän doňýürekligine gynanýandygy üçin, öz-özünden dörän agydy…

## -III-

Gijaralar Didar dagyny öýlerine goýberdiler. Kanun-a barşyna ejesiniň ýanyna ylgady. Didaryň welin, öýlerine giresi gelmedi. Sebäbi öýden entek hem agydyr-gözýaşyň aňryňy bäriňe getirýän ysy gelýärdi.

Ol güýmenere zat tapmaýan ýaly, howlularynda eýläk-beýläk ýöräp ugrady. Adamlar dagapdyrlar. Diňe gelnejeleri, goňşulary hem-de Oraz kakasy bilen Aman kakasy bar. Hanha aýaguçda iň uly agasy Hanmämmet otyr… gapylaryna çäge ýazypdyrlar. Näme üçinkä?… Ejesi öýde öýdýän? A kakasy? Hany kakam?!

Didar howsala düşüp, bir pursatda daş-töweregi gözleri bilen gyzyl-dörjük edip çykdy. Birdenem kakasyny gördi. Ol uly garaly agajynyň aşagynda, çyg gum üýşmeginiň üstünde otyrdy. Didaryň ilki pikiri: “Endamyndan yzgar geçse, kakam üşär ahyry” boldy. Emma kakasynyň egnindäki galyň içmegi görüp, ol köşeşdi.

“Ýanyna baraýyn-la” diýen niýet bilenem, şol ugra ýöneldi. Kakasy aýagyny aýagynyň üstünde goýup, göni öňüne seredip, hiç-hili gymyldy-hereketsiz otyrdy. Onuň bolup oturşyny birhili gören Didar golaýlady-da:

-Kaka! – diýip çalaja seslendi.

Kakasy mizemedi hem. Didar ýene-de bir-iki gezek dillendi. Emma kakasy ker ýalydy. “Be, kakama näme bolýarka?” diýip oýlanan Didar oňa has golaý bardy-da: “kaka” diýjek boldy. Ýöne welin, kakasynyň kiçelip-kiçelip, bir çyzyjak bolan, dur-dury gözlerine seredende, diýmekçi bolýan sözi bogazyna tegek boldy.

Kakasy aglamaýardy. Onuň dodaklary hem jebis gysylgydy. Ýöne onuň niresindendir bir ýerinden birhili boguk, şol boguklyklygy bilenem ýüregiňi paralap gelýän iňňildi eşidilýärdi.

-Ymm-m-m-m-m…

Asla bu iňňildi kakasynyň: “niresindendir bir ýerinden” däl-de, onuň tutuş durkundan, doňup galan, durulygy bilen gözüňi deşip gelýän gözlerinden, ellerinden, çilşirilgi aýaklaryndan, reňki solup ugran goňur içmeginden, galyň ökjeli gyşky köwşünden, kellesindäki köne telpeginden…hemme zadyndan çykýardy. Bütin dünýä-de elenip, onuň sessiz-gözýaşsyz iňňildisine goşulýan ýaly, dartylyp, zarňyldap durdy.

Didarjygyň kalby lerzana geldi. Ol kakasynyň bu bolup oturşyna çydamady. “Näme üçin, näme üçin kakam beýdip otyr? Haýsy nejis meniň kakamy beýdýär?…” Birdenem Didar aýdyň gördi. Ol kakasyny nämäniň gynaýandygyny edil kakasynyň aňyrsyndaky garaly agajyny görşi ýaly, anyk gördi.

Bir, igli, gözleri edil kakasynyňky dek kiçijik hem dury, ýüz-keşbi saýgartmaýan jandar kakasyny ýeňsesinden gelip, berk gujaklap-gysyp durdy. Ol eýmenjem, betnyşanam däldi. Ýöne onuň damar-damar bolup duran, berdaşly gollarynda welin aýylganç kuwwatyň bardygy göz-görtele bildirýärdi. Didar düşündi. Şu jandaryň şeýle

äpet hem gaýratly kakasyny kiçijik we gorkajyk Kanunjyk ýaly, müzzerdip goýan, özüniň hälki gorkan şol eýmenç mahlugydygyna düşündi.

Ol özüniň atagzy ýaly, gollaryny barha berk gysyp, kakasyny mynjyradyp barýardy. Kakasam şoňa çydaman, durky bilen iňleýärdi. Didar ol jandary kowup aýyrmak üçin kakasyna garşy topuljak boldy. Emma ol ýaňybir ümzügini öňe atdy welin, bir ýerden peýda bolan gelnejesi ony saklady-da, öýe tarap çekip ugrady:

-Ýör hany, ýör. Kakaňa azar berme, Didar jan!

Didaryň bu manadüşmez gelnejesine şol mahluk hakda, onuň kakasyny gysaja gysyp, öldürip barýandygy hakda aýdasy, düşündiresi geldi. “Maňa päsgel berme, gelneje! Men ol nejisi kakamyň arkasyndan kowaýyn, soňam gelmez ýaly, edeýin!” diýesi geldi. Emma näme üçindir ol hiç zadam diýip bilmedi-de, diňe ýuwdunyp-ýuwdunyp oňaýdy. Gelnejesi öýe salyp barýarka-da ol kakasyna tarap ýene-de bir gezek delmuryp garady.

Onuň şol öňki oturşydy. Ýöne bu gezek näçe synlasa-da ýaňky jandary görmedi. Şonuň üçinem “gidendir” diýen çaklama bilen özüni köşeşdirip, içerik girip gitdi.

Şol gün gije bolsa ol wagty bilen uklap bilmedi. Haçan-da ýaňybir ymyzganyp ugranda bolsa birden kükreginde peýda bolan juda ötýän sanjydan ýaňa demigip, gözlerini ýalpa açdy. Içeri tüm-garaňkydy. Onuň töwereginde-de kimlerdiginem saýgaryp bolmaýan birtopar adamlar başly-barat uklaşyp ýatyrdylar.

Didar gyssandy. Näbelli bir zat ony erbet gysyp, mynjyradyp, janyny alyp gelýärdi. Ol ejesini ýa-da başga birini kömege çagyrjak boldy. Emma dili diýen etmedi. Ol zat bolsa Didarda kasty bar ýaly, barha beter gysýardy. Ol gysdygyça-da Didaryň göwnünden bir owadan, ýeňil we erteki ýaly arassa hem jadyly zat syzylyp çykyp ugrady. Onuň sykylyp çykýan her damjasy hem Didar üçin gaty agyrlydy. Didar ol owadan hem ýeňil zady özünden goýbermejek bolup, içine salyp iňleýärdi. Ýorganyň aşagynda bildirer-bildirmez titreýärdi. Emma ony gysaja alan güýç titremesine-beýlekisine garaman, rehimsiz yzygyderlilik bilen Didardan şol owadan ertekini sykyp çykarmagyny dowam etdirýärdi.

Ahyrynam Didar özüni horlaýan şol gara güýç bilen söweşe-söweşe uklap galdy. Ol hatda ol zadyň haçan özüni erkine goýup gidendigini-de duýmady. Ertesi gün irden oýananda bolsa ol ähli zadyň öňküsinden üýtgändigini açyk duýdy. Elbetde ol öňküsi ýaly oglanjykdy. Bulutlaram, baglaram, asmanam, töweregini gurşaýan adamlaram, öňküleri ýalydy. Ýöne jümle-jahanda öňki deýin sadaja, owadan ertekiniň agaýanalygy ýokdy. Oňa derek täze, has çylşyrymly ertekiniň düşünmek üçin entek ýene-de köp kösenmeli boljak düşnüksizligi gelipdi. “Hasrat” diýip atlandyrylýan güýçli jandar Didardan owadan erteki ýaly, çagalygyny gysyp çykarypdy. Çagalyk gutarypdy…

## Bir söýgüniň pursatlary

### Birinji pursat “Gazap”

…Ỳaňy garaňky gatlyşyp, ỳyldyzlar gyrpyldaşyp ugrapdy.

Oba mekdebiniň gür baglyga beslenen howlusynda uçurymlaryň gutardyş toỳunyň şagalaň-şowhuny dik göge galỳardy. Mekdebiň howlusy dürli reňkli çyralaryň ỳagtysyndan ỳaňa "gündizlik gaỳra dursun" diỳdirỳärdi. Bezenip-beslenen ỳaşajyk gyzlar, gögele jahyllar toỳ-tomaşanyň serhoş ediji täsirine has hem güỳç berỳän aỳdym-saza goşulyp raks oỳnaỳardylar.

Olar bigamdylar. Çünki olar ỳaşdylar. Damarlarynda gyzgyn ganlary at çapỳardy. Uç-gyraksyz, bimöçber duỳgulara eỳlenen pikirleri bolsa serlerini sämedỳärdi. Olaryň öňlerinde özüniň ähli mümkinçiliklerini, ỳöremeli ỳollaryny, eỳe bolunmaly bagtlryny sereşläp Durmuş ỳaỳylyp ỳatyrdy. Heniz ajyny-süỳjüni duỳup görmedik, şatylara döz gelmek synagyny çekmedik çagasöw göwünleriň hemmesi üçinem ol durmuş diňe bagtdan hem ajaỳyplyklardan doly ỳaly bolup görünỳärdi. Bu duỳgy, bu ynam bolsa olaryň kalbyna hasam ganat bekledỳärdi. Göwünlerini heỳjana getirỳän ỳagty duỳgulary zerarly-da ỳaşlar biri-birine şowhun berip, gyzygyp, raks oỳnaỳardylar, çapak çalỳardylar, gülüşỳärdiler.

Emma bir çete çekilip, doňňara-daş bolup duran Didar welin, göỳä bu şady-horramlyga dahylly däl ỳalydy. Onuň raksçylar bilen-de, bagşy-sazandalar bilen-de, oỳun-gülki bilen-de weji ỳokdy. Onuň bar küỳi-köçesi özünden on-on bäş ädim daşlykda joralary bilen raks edỳänleri synlap duran Maỳsadady.

Ol tutuş düỳrmegi bilen göze öwrülip bägül gunçasyna çalymdaş gyzyň her bir hereketini sypdyrman synlaỳardy. Pisse dodaklarynyň enaỳy gülümsireỳşini, alma gözlerini süzende galam gaşlarynyň birgeňsi bolup terpenişini, maňlaỳyna düşen zülpüni ỳürek gopduryjy näziklik bilen yzyna gaỳtaryşyny, raksçylaryň gülkünç hereketine seredip, gyz gülkisi bilen tenine siňdirip, uỳaljaň gülende göwüsleriniň täsin titreỳşini gözleri bilen gapyp alyp, kalbynyň iň ỳaşyryn, iň arzyly gymmmatlyklar saklanylỳan jümmüşinde ỳetmiş ỳedi gulpuň astynda gizläp goỳỳardy.

Maỳsa ỳene-de bir gezek ỳylgyranda Didar onuň ỳaňaklarynda emele gelen çukanajyklara gözi düşüp ysytma tutỳan dek gagşap gitdi. Ony şeỳlebir ümmülmez takatsyzlyk gaplap aldy. Edil ỳöne çydar dagy eder ỳaly bolmady.

"Alla jan, Alla ja-a-a-n!"

Didar on iki süňňi bilen sandyrady.

"Näme üçin beỳle bolỳarka, Taňrym?! Sen-ä ony görseň edil ỳöne bir ölüp bilmeỳärsiň. Onuň bolsa azaryna-da däl… Ỳa duỳmaỳarmyka, ỳa syzmaỳarmyka? Biler, aňarça-da bolandyr. Men bir ỳyl bäri yzynda ser-sepil bolup ỳörün ahyry. Ỳa bilmedik bolỳarmyka? Ỳa-da belki bilesi hem gelỳän däldir?!"

Bu pikiri eden dessine Didary şagga der basdy. Onuň üçin şundan aỳylganç zat ỳokdy. Şonuň üçinem olbahymrak bu gorkunç çaklamany kalbyndan kowmaga çalyşdy.

" Ỳok-la! Beỳle däldir-le! Näme üçin bilmedik bolsun? Asla nireden bilsin? Näme bir ỳyllap yzyna düşenimde oňa ỳeke gezek bir lak atdymmy?! Ỳaşytdaş bolsa-da, beỳleki synpda okasa-da, ỳeke gezek bir öz ỳagdaỳymy düşündirip oň hat ỳazdymmy?! Ỳöne öz-özümçe jöwlan urup, daşynda peỳker deỳin perwana boldum ỳördüm. Onsoň ol näme düỳşürgäp bilsinmi? Ỳa ol Agaỳunus perimi dyrnagyna garanda dünỳäni göräỳer ỳaly? Ỳok şu gün hökman gürleşmeli. Öň-ä näme-de bolsa günde mekdepde görüp ỳüregimi sowadỳardym. Indi bolsa mekdebi hem tamamlaỳarys. Ony günde iň bolmanda

bir gezejik bir görmesem nädip oňaryn ahyry?! Tukatlykdan ỳaňa ỳüregim çat açmazmy? Häzir. Hökman gepleşmeli. Şu gezek gepleşmesem hiç haçan hem gepleşip bilmerin.”

Şol pille edil “Hudaỳ berse guluna getirip goỳar ỳoluna” diỳlişi dek Maỳsa jorasy bilen töweregindäki gyzlardan saỳlandy-da mekdebiň derwezesine tarap ỳöneldi. “Suw içmäge barỳarlar öỳdỳän” diỳip Didar çen etdi. “Şundan amatly pursat bolmaz, ỳet yzlaryndan, şu pursaty sypdyrsaň seniňem erkek bolmadygyň.”

Öz-özüne gyjalat berse-de Didar ỳöwselläp näme etjegini bilmän sermisal halda galdy. Birdenem näme bolsa şol bolsuna salyp, gyzlaryň yzyndan ugrady. Ol şeỳlebir erbet tolgunyp başlady. Ỳüregi gürsüldäp döşüni ỳaraỳjak bolỳardy. Içindenem ỳetişibildiginden hem Hudaỳa ỳalbarỳardy, hem Maỳsa diỳjek sözlerini has owadan, has täsirli diỳmek üçin pikirlerini çugdamlamaga çytraşỳardy.

“Alla jan, Hudaỳ jan, özüň gaỳrat berewer, jan Allam, senden medet! Şu sapar bir masgara etmäweri!... “Maỳsa” diỳerin, “Men seni dünỳäde ähli zatdan beter gowy görỳärin” diỳerin… Alla jan, özüň kömek et, özüň gaỳrat ber, Päk Perwerdigär! Ỳok, beỳle diỳmäỳin, iň gowusy: “ Men seni söỳỳän, söỳỳän! diỳeỳin. Hak Hudaỳym, diỳjegimi dilime salgy ber, ỳardam et, Taňrym!... Ỳok beỳle diỳsem-ä juda suwjuk bolỳar. Gowusy: “Sensiz ölüp barỳanymy aňmaỳarsyňmy?!” diỳeỳin… Äỳ ỳok bü-ỳä hemmesindenem beter nakys eşidiler…”

Didar aljyrady. Kelebiniň ujuny ỳitirdi. Ol: “ Yzyma dolanaỳsammykam?” diỳip oỳlanmaga başlady. Şol wagtam ol mekdebiň baş binasynyň künji bilen saga sowuldy welin, garaňky öwrümde Maỳsa bilen jorasyna pete-pet geldi. Bada-bat onuň huşy başyndan uçdy. Dili äňine ỳelmeşip, lam-jim boldy. Beỳnisi boşap, gurruk guỳa döndi. Ỳekeje sözem, ỳekeje pikirem galmady. Ol elini-aỳagyny ỳitirip gyzlaryň göni-gabat garşysynda söm-saỳak boldy duruberdi.

Oslagsyzlykdan ỳaňa gyzlar gorkan hem bolsalar syr bermediler. Onuň ses-sedasyz dikilgazyk bolup durmagyny bolsa süwümsiz degişme hasaplap, eşidiler-eşidilmez hüňürdeşdiler-de, deňesinden sowlup ötüberjek boldular. Emma gyzlaryň gitjek bolỳandyklaryny gören Didara dil bitdi. Ol bolanja gaỳratyny jemläp, özüne zor salyp bogazyndan gyryljak ses çykardy:

-Maỳsa, aỳak çeksene! Gürleşeli-le!

Ỳagta tarap ỳöräp ugran Maỳsa heniz dil ỳarmaga ỳetişmänkä jorasy jedirdedi:

-Maỳsanyň seniň bilen gürrüňi galanok.

Didaryň ỳüzüne urlan ỳaly boldy. Ol tasdanam hyrra yzyna öwrülip gidỳärdi. Emma özüne erk edip saklandy hem ỳene-de howlukmaç gep gatdy:

-Maỳsa, men seniň bilen gürleşeli diỳỳärin!

Maỳsanyň jogaby onuň ỳüzüni demir darak bilen darady.

-Garaňky burçda gyzlary peỳläp, kilçerip ỳörme-de işiň bilen bolsana!

Didar doňup galdy. Ol nädip gyzlaryň gidenini hem duỳmady. Asla ol daş-töweregindäki ähli zady saỳgarmagyny goỳdy. Gözleri görmeỳärdi. Gulaklary eşitmeỳärdi. Göwresi hem dik durmy, otyrmy, ỳatyrmy ỳa-da howada gaỳyp barỳarmy—asla aňşyrmaỳardy. Aňynda bolsa Maỳsanyň soňky jümlesi ỳüzlerçe-müňlerçe gezek nagara kakyp, ỳaňlanyp, gaỳtalanỳardy.

“Işiň bilen bolsana! Işiň bilen bolsana! Işiň bilen bolsana!...”

Jümle gaỳtalandygyça-da onuň beỳnisi ỳel berilỳän dek çişỳärdi. Jümle gaỳtalanỳardy. Beỳni bolsa çişip barỳardy, çişip barỳardy… Birdenem Didaryň beỳnisi partlana döndi. Onuň damarlary baran ỳerini ỳakyp gelỳän, lasyrdap duran gaỳnag gandan doldy.

“Alla jan, men bigünäni nätdiler ahyry!” diỳip oỳlanan Didar gözlerini ỳumanda gözlerinden nem syzmady. Diňe depesinden şaglap aỳaklaryna inen gyzgynlyk zarbygyp, ỳaňadan yzyna uranda göz owalary çygjardy.

“Alla jan, men onuň üçin ölmäge taỳyndym ahyry! Ol bolsa maňa “işiň bilen bolsana” diỳdi. “Owarra bolsana!” diỳdigi ahyry” Kemsidilmekdan ỳaňa ot bolup ỳanỳan Didar hyrra aỳlandy-da ümdüzine tutdurdy.

Ylgaşlap barşyna göwnüne bolmasa hemme zat, asman, ỳyldyzlar, jaỳlar, tutlar, köçe—barça zat: “Serediň oňa! Görüň ony nätdiler! Ha-ha-ha… Nädip oňat edip kemsitdiler, görüňsene ony!!” diỳip üstünden gülüp, yzyndan gykuw berỳän ỳalydy. Ol bu seslerden, kemsinçden, ỳakyp barỳan özünden gaçmak üçin barha beter haỳdaỳardy. Onuň hyrçyny dişläp: “ Unutmanmy?! Unudaryn. Asla şu günden beỳläk ỳeke saparam ỳatlamaryn.” diỳỳän pyşyrdysy bolsa aỳaklarynyň astyndan assalyk bilen göterilỳän kirşene gatyşyp-garyşỳardy. Şeỳdip gidip barşyna-da ol mekdepden barha uzaklaşyp, ahbetinem garaňkylyga siňip ỳitip gitdi…

## Ikinji pursat-“Ynam”

…Mermer şäher baỳramçylyk lybasyna beslenipdi. Bezemen geỳnüwli mähelleden ỳaňa şäher merkezinde daş atsaň ỳere düşjek däldi. Baỳramçylyk märekesiniň içinde öž ỳoldaşlary bilen Didar hem bardy. Olaryň harby gullukdan gelenlerine heniz bir aỳ hem dolmandy. Bu baỳramçylyk bolsa olaryň gullukdan gelenleri bäri garşy alỳan ilkinji baỳramçylyklarydy. Şoňa görä-de olar ỳörite göwün açmak üçin we ulus-iliň toỳ-baỳramyna tomaşa etmek üçin şähere gelipdiler.

Öz maỳdallaryna gezmeläp ỳörüşlerine Didar gullukdan öňki işlän ỳerinde işe başlandygyny hemdemlerine gürrüň berip barỳardy. Daş-töwereklerini synlamak bilen başagaỳ ỳoldaşlary bolsa ony göwni üçin ünsli diňleỳänden bolỳardylar. Didar muny aňşyrman ỳetişibildiginden içini döküỳärdi:

--Şeỳlebir mähnet enjamlar bar. Agzyňyzy açarsyňyz. Olaryň her birine onlarça adam hyzmat edỳär. Ỳüz müňlerçe adamlar bolsa şol enjamlaryň öndürỳän elektrik togundan mugt peỳdalanỳarlar…-diỳip Didar biparhlyk bilen çepine garady. Seredeni hem şoldy welin, ỳüregi jigläp gitdi. “Şolmuka?” diỳen pikir ỳyldyrym çaltlygynda onuň kalbyndan parran geçdi. Ol gürrüňini tapba kesdi. Ỳüzüniň terzi üỳtgedi. Ỳüregi gürsüldäp tiz-tizden urup başlady. Ol ỳagdaỳyny ỳoldaşlaryna bildirmezlik üçin assa-ỳuwaş ökje ogurlap ugrady. Hernä töwereklerindäki gyzyl-çyzyla gümra ỳaş ỳigitler Didara üns bermediler.

“Maỳsamyka? Maỳsamyka?” diỳip garda-gaỳda galan dek galdyraỳan Didar kalbyna siňen eziz jemaly görendirin öỳden tarapyny ỳeke pursatda gözleri bilen gyzyl-dörjük edip çykdy. Emma tapmady. “Ỳa ỳalňyşaỳdymmykam?!” diỳip böwrüne diň

salanyndan soňra ol az-kem ynjalyp ugrady. “Hawa-la, ỳalňyşandyryn.” Ol şeỳle oỳlandy-da, janyny barlap görmekden ötri şol tarapa ỳene-de bir gezek gözüni aỳlady. Bada-badam sodaja şemala gyrmyzy köỳnegini ykjadyp barỳan iki gyz onuň nazaryna ildi.

“Maỳsa! Jorasy bilen.”

Olary tanan Didar nädip gyzlaryň yzyndan ỳönelenini hem duỳman galdy. Ỳöräp barşyna-da ol geçen dört ỳylyň ỳüz müň sany duỳgusynyň, ỳüz müň sany pikiriniň ỳüz müň sany ỳatlamasynyň ỳüz müň sany gussasynyň öz kalbyny gara tüweleỳiň demine düşen ỳaprajyga dönderip barỳandygyny duỳdy. Öz bolşundan onuň özi gorkdy. Özüne zor salyp köşeşmäge, yzyna dolanmaga dyrjaşdy. “Nirä barỳarsyň? Dur ahyry! Geçen gezek söỳgüňi ret edende nä güne düşüpdiň?! Hasratdan ỳaňa tas däliräpdiň ahyry. Ỳadyňa sal, ỳadyňa sal, şol hasraty ỳeňip geçip, ỳaşamagy dowam etmegiň neneňsi kyn düşenini, ỳadyňa sal! Ỳene-de şeỳle güne duçar edilmegiňi isleỳärsiňmi? Oňa-ha bildirip durmaz. Öňki gezekkisi ỳaly, ỳene-de biperwaỳ zalymlyk bilen: “ Owarra bolsana!” diỳer goỳberer. Ondan soň sen nädip ỳaşarsyň ahyry, nädip?!” diỳip Didar özüni gorkuzmaga çalyşỳardy. Emma kalby ony diňlemegem islemeỳärdi. Aňy onuň delillerini kabul etmeỳärdi. Aỳaklary bolsa göwnübir ỳaly gyzlaryň yzyndan haỳdap barỳardy.

Sebäbi onuň köňlüniň töründe gumrykeşp Maỳsanyň mähirli gözleri göỳä äpet goşa ỳyldyz deỳin hemişe lowurdap, ỳanyp durdylar. Ol gözleriň şöhlesi geçen dört ỳylyň dowamynda ỳeke pursadam öçmändi, kütelmändi, könelmändi. Gaỳta gün-günden şuglalanyp, onuň kalbyny yssy mährine çoỳupdy. Onuň bedenini bolsa gyşyň aňzaklarynda ỳyladypdy, tomsuň jöwzasynda salkynladypdy. Argynlygyny unutdyrypdy. Ukusyzlygyny gandyrypdy. Ine bu wagt bolsa şol şamçyraglaryň nury onuň agyryly tejribesiniň dogry pikirleriniň sesini sem etdirỳärdi. Erkine garşy gyzlaryň yzyndan ỳöremäge mejbur edỳärdi.

Şeỳdip öz-özi bilen başagaỳ bolup barşyna Didar nädip gyzlaryň deňesine ỳetenini hem duỳmady. Ol beỳdip aỳak goşup ỳöräp barmagy-da, sesini çykarman ozup, geçip gidibermegi-de uslyp bilmän, gyzlara salam berdi:

--Salam, gyzlar! Gowymysyňyz? Baỳramyňyz bilen!

Hälden bäri onuň öz yzlaryna düşüp gelỳändigini görendikleri üçin gyzlar tolgunmadylaram, tisginmedilerem. Maỳsa sesini çykarman baş atdy. Jorasy bolsa göwünli-göwünsiz:

--Salam! Seniňem baỳramyň bilen. --diỳdi. Maỳsanyň bolşy Didaryň bagryna ot bolup ỳapyşdy. “Salamymy hem almady. Gepläsi gelmedik bolỳar. Özüni nämedirin, kimdirin öỳdỳärkä?!”

Didaryň ỳeňsesi gyzyp gitdi. Emma ol dessine özüne basalyk berdi. “Ỳuwaş! Ỳuwaş, näme boldy şu wagt? Bu Maỳsa ahyry! Maỳsa! Meniň elỳetmezim, genji-hazynam, iki dünỳäm, goşa ỳyldyzym! Meniň Maỳsam ahyry!”

Didar kelam agyz gepläsi gelmese-de özüne zor salyp dil ỳardy:

--Gezelenje çykdyňyzmy? Belki men size ỳoldaş bolaryn?! Aỳdym-sazly dabaralaryň naỳbaşysyn-a petek almagyň hötdesinden gelerdim?!

Bu sözleri diỳen badyna Didar öz gürrüňinden özi utanyp gitdi. Gaharlanyp dilini dişledi. “Eỳ Hudaỳ, meniň akmakdygymy! Nämä gerek, şeỳdip güwlempaç, nakys geplemek?! Başga gep gytmy diỳsene?”

Birbada gyzlaryň hiç birinden jogap bolmady. Emma bäş-üç ädim ädenlerinden soň Maỳsanyň jorasy ỳene-de jandurmazaklygyny edip dillendi:

--Didar, bize dabarada gerek däl, ỳoldaşam. Biz gaỳdyp barỳarys.

Didaryň ỳüzüne urlan ỳaly boldy. Ol niredendir bir ỳerden aňyna gaçan “söỳülseň söỳ, söỳülmeseň süỳkenme” diỳen jümläni içinden ajy pikirlendi-de, aỳak çekdi. Özüne zor salyp, ajymtyk ỳylgyrdy:

--Hä bolỳar-la, beỳle bolsa!-diỳdi-de, sägindi. Yene-de birtopar gazaply, kemsidiji, ajy sözler biri-birinden öňürti diỳilmek üçin, gyzlaryň üstüne, ỳagty jahana awy bolup, zäher-zakgun bolup pürkülmek üçin dyzaşyp bogazyna dykyldylar. Emma kalbynyň jümmüşinden iňläp çykan nähilidir birhili juda gamgyn ses assajadan: “Gerek däl! Diỳme!” diỳip pyşyrdady. Bu pyşyrda onuň jigeri gyỳym-gyỳym boldy. Didar özüne rek edip, edil mergimuş içỳän dek zäher-zakgun sözleriň baryny ỳuwutdy-da, yzyna gaỳtdy.

Gadam urdygyça-da öňem-ä öň welin, indi mundane beỳläk-hä asyl hem Maỳsasyz ỳaşap bilmejekdigine ynamy artdy.

“Her zat ederin. Ejemiň-kakamyň aỳagyna  ỳykylaryn olar hem baryp onuň ejesi-kakasyna ỳalbararlar. Näme şert goỳsalar boỳun bolaryn, ỳöne ahbetin Maỳsa meniňki bolar. Söỳmese-de, ỳigrense-de Maỳsa meniňki bolar. Sebäbi maňa indi şonsuz geljek hem ỳok, durmuşam, ỳasaỳşam ỳok. Men onsuz hiç zat . Ỳöne bir gezip ỳören boş göwre. Şonuň üçinem ol meni söỳse-de, ỳigrense-de, näme etse-de men oňa hökman ỳetäỳmeli!” diỳip Didar gözi öňüni görmän haỳdap barşyna oỳlanỳardy…

## Üçünji pursat-“Tümlük”

…Şol pursatda saỳ-sebäp bilen sataşan, hiç zatdan habary ỳok tanyş oglany göwnibirlik bilen: “ Hol ilerki Baỳlynyň gyzy Maỳsa-da durmuşa çykỳar, indiki hepde toỳy.”  diỳende kimdir birmähnet, doňỳürek, göze görünmeỳän, tüm-garaňky biri Didaryň kalbyna aralaşdy. Özüniň äpet ỳekedabany bilenem Didaryň kalbyna nur çaỳyp, şöhle saçỳan Maỳsanyň gözlerine çalymdas goşa ỳyldyzy bir uranda çym-pytrak etdi. Şondan soň Didaryň ütin dünỳäsini tümlük gaplap aldy. Goỳy, şepbeşik, batga batan ỳaly, ỳuwdup barỳan tümlük…

Soňra tanşy Didara ỳene-de nämedir bir zatlary gürrüň berdi. Didar hem on yep-esli wagt diňledi. Emma onuň aỳdỳan zatlaryna dynnym ỳalyjagam düşünmedi. Ỳöne güň ỳaly bolup “hä-hawa” diỳdi durdy. Ahbetinem tanşy bilen hoşlaşdy-da, gaỳtdy.

Onuň ỳöräp gelşi jany teninden çykana meňzeỳärdi. Islemezlik bilen kämahal bir ädip mytdyldap barỳardy. Ol gurruk guỳy dek boşap galan göwnüni çar ỳanyndaky gijeden müň esse beter garaňkylygyň gaplap alandygyny syzỳardy. Özem ol garaňkylyk ony barha beter dolduryp, barha beter goỳalỳardy.

“Indi ỳaşamagyň geregi hem ỳok.” diỳip kalbyndaky tümlügiň içinde ỳaňlanyp gitdi.

--Manysy hem ỳok!-diỳip Didar dodaklaryna siňdirip pyşyrdady.

“Näme üçin? Näme üçin? Näme üçin  beỳle boldy? Ol düşünmedimi? Ỳa-da men düşündirip bilmedimmi?” diỳip aňynda bir uçgunjyk pikir ỳylpyldap gitdi. Emma lapykeç garaňkylyk ony bada-bat bogdy. “Näme üçin bolanda näme? Indi munuň ähmiỳeti barmy? Maỳsa özgäniňki… Şunuň bilenem bary gutardy… Ỳat, tur, çabalan, oỳlan, kelle döw, gynan, başyňy ỳere ur, topragy bagyrtla, agla, doňňara-daş bolup çyda… Indi hiç haỳsynyň ähmiỳeti hem ỳok, peỳdasy hem… Barybir Maỳsa özgäniňki, bar zat hem gutardy. Bu elhençlikden gitjek ỳeriň hem ỳok, etjek alajyň hem…”

Didar uludan demini aldy. Ol şeỳlebir ỳadawdy. Şeỳlebir irgindi welin, hiç zadyçeni-çaky däldi. Hatda hasrat çekmäge-de mejaly ỳokdy.  Aslyỳetinde bu ỳerde göräỳmäge bolan zat hem ỳok ỳaly… Zorluk bilen özüňi söỳdürip bolmaỳar, ỳalbaryp-öželenib-ä asyl hem… Onda men näme üçin beỳle hala düşdüm?! Men onuň bilen halaşmadym, söỳüşmedim, wada berişmedim, hiç-hili garaçomak aramyza düsmedi. Onuň özi öz islegi bilen durmuşa çykỳar. Onsoň men näme üçin bu taỳda?! Men onuň nämesi? Ol meniň nämäm?”

--Hiç zadyň!-diỳip Didaryň kalbyndaky tümlük onuň pikirine jogap hökmünde güňleç seslendi.

“Hiç zadym bolsa näme üçin men beỳdip ỳörün?! Asla şunça ỳyllap men her günümde, her pursatymda hiç zadyň pikirini edip, hiç zadyň arzuwyny edip, hiç zadyň ugrunda ỳanyp-köỳüp gezdimmi?!... Bu näme üçin beỳle bolỳar ahyry? Özem neçüỳn ala-böle meniň bilen şeỳle boldy?”

--Bu zat her kimde birhili bolỳar. Her kimde-de özboluşly, özge hiç kimsäniňkä meňzemeỳän üỳtgeşik bolỳar.-diỳip Didaryň kalbyndaky garaňkylyk gozgalaň tapdy:--Birinde ol ỳyldyrym ỳaly ỳalpyldayar-da, dessine-de yzsyz-tozsuz öçüp gidỳär. Birinde ot ỳaly gyssanman tutaşỳar, uzagyndan ỳanara zat galmandan soň ol hem sönüp gidỳär. Birinde ol Aỳ ỳaly ỳuwaşjadan, aỳlar boỳy, ỳyllar boỳy dogỳar hem-de hiç wagt öçmän dünỳäsini ỳagtyldyp durỳar. Onsoňam Aỳ doganynda hernäçe ỳagty bolsa-da barybir ỳyldyzlar görünỳär ahyry. Eger Aỳyň öňüni bulut tutaỳsa-da ỳyldyzlar şöhlesi bilen dünỳäňi ỳagtyldyp, Mahy-tabanyň gaỳtadan röwşen enwerini saçjakdygy hakynda umyt döredỳärler. Dördünjilerinde bolsa bu zat edil tomsuň howurly Güni ỳaly assajadan-assajadan dogỳar. Bir doganyndan soňam ol öz jöwzasy bilen ähli zady ỳakyp-ỳandyrỳar. Diňe ỳap-ỳagty Gün galỳar. Eger şol Gün ỳaşaỳsa… Onda kalbyňa gorkunç garaňkylyk aralaşỳar. Men gelỳärin!”

--Hawa, sen gelỳärsiň!-diỳip Didar tassyklady:--Sendenem sypma ỳok. Seni diňe ỳaşamaly…

Didar sägindi. Guran dodaklaryny ỳalap, gyryljak pyşyrdady:--… Ỳa-da ölmeli…

Mytdyldap barşyna Didar näme üçindir ỳyldyzlardan doly gije asmanyna seretdi. Ỳyldyzlar şeỳelbir köpdüler. Şol birwagtda-da olar bir-birinden aňỳetmez daşlykda ỳerleşỳärdi. Didar niredendir bir ỳerden serine ỳelmeşip galan goşa setiri pyşyrdady:

--Köp bolsa-da asmanyň röwşen ỳyldyzy,

Olaryň her haỳsy ỳalňyzyň-ỳalňyzy… Edil meniň ỳaly…-diỳip Didar üstüni yetirdi.

“Hatda derdiňi paỳlaşara-da adam ỳok.”

Didar tukat oỳlandy. “Dostlaryň-a näme, ünsli dinlärler. Duỳgudaşlyk bildirerler. Içlerindenem: “Bäh Didaryň bolup ỳörşüni! Gyz gyt däl ahyry.” diỳerler. Eneň-ataň, doganlaryň her bir zadyňa düỳrmekleri bilen, çyn ỳürekden topularlar welin, olara-da bu zatlary aỳtmak uslyp däl… Eỳ Taňrym, men neneňsi ỳalňyz galdym! Nähili ỳalňyz! Şeỳlebir ỳekesireỳän welin, edil ỳöne çydar ỳaly däl. Taňrym, meni näme üçin beỳle hala düşürdiň ahyry?! Men senden kän zady dilemeỳärdim ahbetin, maňa diňe şol bolsa bolỳardy. Sen bolsa Päk Perwerdigär aldyň-da Günümi söndürip meni zulmat tümlügine oklap goỳberdiň!”

Birdenkä Didaryň bogazy “lyk” doldy. Misli hälden bäri köňlüni gysyp duran tümlük penjesini ỳazan ỳaly, ol birhili sersip, gowşap gitdi. Gözlerinden ajy damjalar paỳrap dökülip ugranyndan soň bolsa ol öňüni görmän ỳoluň gyrasyna çykdy. Tuduň garaňkysyna duwlanyp, hapa diỳmän, zat diỳmän ỳere çökdi. Dyzyny gujaklap, dulugyny dyzynyň üstünde goỳdy. Sesini-üỳnüni çykarman, hiç zat pikirlenmän şol gözüni balkyldatdy oturdy. Ajy damjalar bolsa kämahal bir gözleriniň çetinden syrygyp şol ỳere gaçdy durdylar, şol gaçdy durdylar… Onuň bu bolup oturyşy ömrüniň on ỳylyny bezän jadyly ertekisi bilen hoşlaşdygydy…

## Nurynyň söýgüsi

…Maýyplar üçin niýetlenen tigirçekli oturgyçda oturan Nury kä gury çöpe meňzeýän, ysmaz aýaklaryna, kä birki ädim beýle ýanynda oýnap ýören çagalara birhili kütek hem biperwaý seredýärdi. On bäş ýaşynyň içinde oturgyjyndan ýeke saparam ýöremek üçin düşüp görmedik Nury oýnap-gülüp ýören çagalara gözi ilse näme üçindir janagyryly, görip gahar bilen gaharlanyp başlaýardy. Olar atanlykda gülşäýseler dagy öz üstünden gülýändirler öýdüp, sessiz-üýnsüz howlularyna girýärdi-de, ýakyp gelýän gazabyna çydaman, öňünden näme çyksa kül-uşak edip ugraýardy. Gözleri dagysy hem gapylyp, dälilik hetdine ýetýärdi.

Onuň öz atlandyryşy ýaly, şol: “guduzlyk pursatlary” hemişe üç dürli tamamlanýardy. Ýa çarp ura-ura daljygyp, özi togtaýar. Ýa ejesi aglamjyrap gelýär-de, ony saklaýar, ýa-da iň erbedi; kakasy ýetişip, birki şarpyk urýar-da, tä köşeşýänçä gysyp durýar. Soňky usulyň “iň erbedi” bolmagynyň sebäbi hem, kakasy şeýdeninden soň Nuryda has beter öçli, ýöne diňe içiňe salynýan, ses-selemsiz gahar oýanýar. Hamana, iň ýakyn adamlarynyň biri bolan—kakasy hoşamaýlap köşeşdirmekden-ä geçen, gaýta maýyp halyna ony ýençýär hem, diýýän ýaly… Emma wagt geçýär, hiç kim üns bermese ol öz-özünden rahatlanýar-da, kakasyna dörän ýigrenç kalbyndan zym-zyýat bolýar. Şonda-da öňki “iň erbediniň” deregine täze, has erbet “iň erbedi” gelýär.

Onuň gözleriniň öňünde ejesiniň bolşy dikelýär. Onsoň başlaýar: “ Näme üçin beýtdimkäm? Näme üçin ejemi aglatdymkam, näme üçin erkimi elimden gidirip, jynlana döndümkäm?!…” Şeýlebir nejis bu pikirler, şeýlebir nejis bu duýgular… Edil ýöne başyňy gemrip gutaryp barýarlar. Wah, ýöne ol “näme üçinleriň” näme üçin bolýandygy süýde sereden ýaly düşnükli-le! Aslyýetinde hudaý ony döredende ýalňyş döredipdir. Göwnün-ä doýmaz-dolmaz täzelige bolan höwes, ymtylyş beripdir, täzelige ýetmek üçin hökmany bolan aýaklarynam alypdyr. Onuň Bokurdagy, Owadandepäni, Gökderäni,

Çoganlyny, bolmanda hol Abadanyň ýollary bilen gidip-gidip, Arçabili, Jülgäni göresi gelýärdi. Onuň ýene-de bütin dünýäni gezip-gezip, ähli daglary, çölleri, ýollary sökesi gelýärdi. Emma ol ejesi haçandan bäri käkelese-de kakasynyň näme üçindir henizem täzeläp bermeýän maýryk oturgyjyna daňlyp oturmalydy.

Bu nähili adalatsyzlyk bolýar ahyry! Herki zadyň, hatda sütemiň hem çägi bar ahyry. Heý, entek günä edip görmedik adamynam şeýle güne duçar edäýmek bolarmy diýsene?! Eger ol şojagaz bagta-da mynasyp däl ýaly bolup görünýän bolsa, onda Hudaýtagala iň bolmanda bäş-alty günlüjek oňa sagdyn aýaklary berip görsün. Onsoň tomaşa ederler, onuň öz aýaklaryny neneňsi ajaýyp edip ulanyp bilýändigine! Onuň ýöreýşine, gezişine ähli asmanlar haýrany-serasyma boluplar, agyzlaryny açarlar ahbetin!…

Öň Nury oýnap ýören çagalary görse onuň aňynda ine şeýle topalaň turýardy. Ýöne bu diňe öň. Hatda ertir hem bolmagy ahmal. Emma häzir welin beýle däldi. Onuň gözlerindäki kütek biperwaýlygyň aňyrsynda zordanjyk basylyp ýatyrylýan, pynhan tolgunmaly hem ummasyz howsalaly şatlyk duýgusy bardy. Onuň sebäbem… Şu gabat-garşylaryndaky goňşularyna bir myhman gyz gelýär. Her gezegem Nury ony göreninde özünde oýanýan düşnüksiz süýji lezzeti kütek biparhlyk bilen zordanjyk gizleýär. Çünki ol gyzyň gözlerine birsalym seredip durýarsyň welin, göwnüňe bolmasa birden olara tutuş mawulyk özüniň ähli çuňňurlygy bilen ýygnanýan dek bolýar. Soň ýene-de biraz seredýärsiň welin, ol gözler seniň özüňem özlerine ýygnamak üçin sorup barýana dönýär. Gyzyň gaharlananyna-beýlekisine garaman, utanmasaň, ýene-de olara dikilip dursaň Alla bilsin, ol gözleriň soň nämeleri özlerine dartjakdygyny… Onsoňam gyzyň ýylgyryşy owadan! Ýaňagyndaky çukanajyklary hem owadan. Gaharlansa-da ol owadan! Suw çekse-de owadan, köçäni süpürse-de owadan, näme etse-de, neneňsi işlese-de ol owadan, owadan…

Ine, şu mahalam ol gap-gaç ýuwan bolýar. Bir zatlara güýmenen bolup, garaz bir bahanajyk bilen girip çykýar welin, Nury onuň her bir hereketini açgözlülik bilen, iýäýjek- iýäýjek bolup synlaýar. Gyzyň bolsa azaryna-da däl.

“Bu gyz özüniň şeýlebir, şeýlebir bir zatdygyny bilýärmikä beri? A gyz, sen tutuşlygyňa juda gozgaýan, ajaýyp zatdygyňy bilýärmiň? Eger bilmeýän bolsaň, onda bilip goý! Muny saňa men aýdýaryn. Men bolsa nämäniň nähilidigine garaz düşünýärin. Näme seretmeýärsiň, a gyz? Ýa saňa “ şeýlebir, şeýlebir bir zatdygyňy” bilmek gyzyksyzmy?!” Nury bu sözleri içinden onlarça gezek gaýtalaýardy. Gaýtalaýarka-da olary diýmek örän aňsat ýaly bolup durdy. Olaryň eşidilişi hem örän-örän ynandyryjy we ýürekden bolan soň ýüzüň gyzarmajak ýalydy. Emma aýtmak üçin sözleri nedenem bokurdagyna getirýärdi welin, olary diýmeg-ä bolmajak zada, özlerem lenji çykan, ýuwan bir nakyslyga öwrülýärdiler. “ Eý Taňrym, neçün beýlekä? Sen-ä ony dünýäniň ýeke-täk begenji hasaplap ýörsüň. Hatda göwnüňdäkini aýtmaga-da bognuň ysmaýar. Ol bolsa hanha, iň bärkisi saňa seredenok hem! Ýa maýyplygy üçin şeýdýärmikä? Eger şeýle bolsa, onda diňe öläýmek galýar…”

Nury bu pikiri eden badyna, öz-özüne göwni ýetmän, ýaňsyly ýylgyrdy. Sebäbi ol bu pikiri mana düşeli bäri edip gelýärdi. Ýöne entege bu güne çenli ony durmuşa geçirmäge gaýraty çatmandy. Hernä beýle “gaýratlylyk” nesip hem etmäwersin. Sebäbi

öz-ä näme, öler gider. Yzynda bolsa kakasy, ejesi, jigileri, agalary… esasanam ejesi galar… Ejesi… Hudaý saklasyn ony, beýle nejislikden! Onsoňam "ölmek" diýen ekeje sözi diňe diýmek aňsat. Ony hakykatda amal edäýmek welin, baý-baý-ow, kyndyr-ow, kyndyr! Onuň üçin ýa dünýäň petige diremeli, ýa-da özüň hiç zat hakda çyny bilen oýlanyp görmedik samsyk bolmaly…

Ýogsa-da şu gyza özüniň hem beýlekiler bilen des-deň adamdygyny görkezmek üçin aýaga galaýsa nähili bolarka?… Bu pikirine Nury hazyna tapan dek begendi. Emma dessine-de meňzine bulut çökdi. " Aýaga galsa… Hymh! Nädip galjak?! Ony öň ençeme lukmanlaram, ejesi-kakasam, tebiplerdir-mollalar hem aýaga galdyrjak bolup synanyşyp görüpdiler ahyry. Onsoň olaryň barysynyň başarmadyk zadyny Nurynyň birje özi, diňe şu gyzyň nazaryny ýekeje pursat özünde ägindirmek üçin başaraýarmyka?!"

Nurynyň lapy keç boldy. Ýüzi sallandy. Ol öz-özünden bir nalajedeýin lellimjige öwrülip barýan dek boldy. Birdenem… Biri peltesine ot degren deýin, onuň ýüreginde ägirt uly gazap aýgyt bilen lowlap galdy. " Näme başarman? Haçana çenli beýdip gezmeli? Otdan pes, suwdan sus… Näme diýilse-de, näme edilse-de sessiz-sedasyz razy bolup, gowy bolsun, erbet bolsun, nejis bolsun… ähli zat bilen ylalaşyp, oňşup… Gün bolarmy, ondanam? Ýok! Ýok! Ýok! Iň bolmanda ömrüňde bir gezek bir garaňky öýüň töründe, daşyna bolgusyzja çybynlary üýşürýän şemjagaz däl-de, tämiz sährada, adam baryny töweregine toplap, şatyrdap- şatyrdap ýanýan, äpet alaw bolup görmeli! Hökman turaýmaly! Men hökman ýerimden galmaly!"

Ol oturgyjynyň iki gyrasyny şeýlebir berk gysymlady welin, onuň barmaklary agyryp gitdi. Ol dyzady. Emma aýaklary diýen etmediler. Olar asyl gymyldamadylar hem. Muňa jany ýanan Nury dodaklaryny dişläp, ýene-de dyzady. Emma gury çöpe çalym edýän aýaklar gozganmadylar. Ejizlikden, gahar-gazapdan ýaňa ýetginjegiň gözüne ýaş aýlanyp gitdi. Ol dişi batyp çapylan dodaklarynyň awusyny duýman ýene-de bir gezek, bolanja güýç-kuwwatyny jemläp, dyzady. Ine şol pille-de öň depesinden basyp pesde duran asman ýuwaşlyk bilen ýokaryk galyp ugrady. Galdy-galdy-da, ahbetinem bir derejede saklandy. Gögüne garan Nury diňe şondan soň özüniň aýaga galandygyny aňşyrdy. Ol dünýäsygmaz şatlykdan ýaňa tüweleýiň demine düşene dönüp, hopukdy.

Asyl gör, näme üçin ol aýaga galyp bilmän ýören ekeni! Asyl tutuş asman egnine münüp, ony ýokaryk galdyrman duran eken-ä! Eý Asman, sen näçe agyr bolsaň-da men seni ýokaryk göterip, mäkäm aýaga galdym! Sen şu pursat nähili ýeňil bolduň ahyry! Indem gaýrat et, agralmaweri! Sebäbi edil bäşje garyş ýokaryk galsaň ýagty jahan juda ajaýyp görünýär ekeni…

Tutuş dünýasi bilen ýylgyrýan Nury setiline suw alyp duran gyza seretdi. "Gör ahyry, a gyz! Nury bu mahal neneňsi görmegeý! Ol seniň üçin tutuş asmany göterip berdi. Bir seretsene, muňa! Gör, bu dünýä neneňsi giň hem owadan boldy!…"

Şol pursat gyz bärsine bakdy welin, kürsüsinden ýapyşyp, guran çöp mysaly aýaklaryny sandyradyp duran Nurynyň betgelşik göwresi onuň gülküsini tutdurdy. Gyz pyňkyrdy. Bada-bat Nurynyň göterip duran asmany şeýlebir agraldy welin, ony götermäge ragbaty galmadyk Nury jalkyldap, oturgyjyň üstüne gaýtdy. Ýaňyja hemişe göterip ýören ýüki gerşinden aýrylan oturgyç bolsa şol ýüküň ýene-de özüne

ýüklenendiginden zeýrenýän deyin, närazy jygyldady.

Nury bolsa eýdip-beýdip ykjam oturdy-da, oturgyjyny tigirläp, howlularyna girip gitdi. Soňam yzyndan ýagy kowalaýan ýaly, howlukmaçlyk bilen mellegiň aýagujundaky hajathananyň ýeňse tarapyna geçdi. Bu onuň hemmelerden gizlenýan ýeridi. Çydamaz ýaly kyn düşende ol şu ýere gelýärdi. Häzirem gizlenerine mähetdel, gözlerinden ajy gözýaşlar paýrap dyzyna döküldiler. Ol özüniň aglaýandygyna namys edýärdi. Gaharyny getirip, gözýaşlaryny kepetmäge çytraşýardy. Emma paşmady. Gözýaşlar gaýta barha beter çogup çykyp, onuň: “ Menem adam ahyry! Adam ahyry, menem!” diýýän pyşyrdysyny ýuwup-ýuwup aýyrjak bolýan ýalydylar…

## Duýdansyz duşuşyk

…Oslagsyz ýagdaýda nazary nazara sataşanda ýüregi jigläp gitdi. “Şolmuka?! Dälmikä?!” diýen galagoply pikir onuň süňňüni goram-gowşak etdi. Ol özüniň näme edýändigine-de düşünmän öň ýanyndaky hatara sowlan orta ýaşdan agan zenanyň yzyndan öwrülmäge howlukdy. Öz edýän hereketiniň juda uslypsyzdygyna düşünse-de, dem salymda tutuş durkuny gaplan howsalaly hem yzaly duýgusyna erk edip bilmän, indi otuz ýyldyr kalbynda saklap ýören goşa ýyldyzyň şöhlesine çalym edýän garaýyşly zenanyň yzyndan dähedem-dessemläp ugrady. Gerek-ýarak zatlaryny saýlap-seçmek bilen meşgul bolup hol allaowarra giden ogludyr-gelni bada-bat ýadyndan çykdy.

“Örän çalymdaş welin şol bolaýmasa. Ýöne eger şol bolsa onda näme üçin mende iň bärkisi gözleri hem äginmedikä?! Ýa meni ýyllar tanalmaz ýaly özgerdäýdimikä?!”

Içini hümledip barşyna ol göýä ýyllaryň özüni özgerdenini-özgertmänini elleri bilen syzyp barlap görmekçi bolýan ýaly, ir agaran saçlaryny sypady. Birdenem ol özüniň yşk heseri başyna urup, akyl-paýhasy unudan gögele oglanjyga dönüp, özge bir nätanyş zenanyň yzyna düşüp barýandygy hakynda oýlandy. Onuň ýyllaryň ýellerine gaýzygyp, ýygyrt atan ýüzi utançdan ýaňa gyzardy. Hernä özi dogabitdi garaýagyz bolandygy zerarly onuň ogurlykda tutulan ýaly bolşy bazar daryşganlygy sebäpli çar ýanyndan itinişip geçýänlere bildirmedi. Ol özüniň aýyp hereketini gizlemek maksady bilen aýak çekdi-de, satyjylaryň öňündäki harytlaryň eline ilenini alyp, bahaladan boldy. Ýaşlygynda kalbyny ýakyp-ýandyran duýgunyň otuz ýyl bäri sönüp ýören, ýöne henizem sönüp bilmeýän oduny köredip goýberen garaýyşly zenandan pikirini sowmak islegi bilen, özüniň näme diýýändigini doly aňşyrman, satyjy bilen harydyň bahasy babatda çekeleşen boldy.

Birdenem günüň nury, aýyň şöhlesi, ýyldyzlaryň şuglasy bolup göwnünde galan gözleri ýene-de otuz ýyllap, belki-de galan ömrüne hiç haçan görüp bilmejekdigi hakynda ajy hem ýürekgysdyryjy pikir niredendir bir ýerden onuň aňyna damdy. Damdy-da aňyň irigöz eleginden geçip, duýga öwrüldi. Ondanam zarbygyp göni ýürege urdy. Bada-badam soňky bir-iki ýyl bäri gursagyny mesgen edinen kütek agyry ynjyly gozganjyrady-da, sanjyp-sanjyp gitdi.

Ol özüniň näme edýändigine-de düşünmän, elindäki harydy taşlady-da:

-Agam, gyssanma oňşarys…-diýip janygyp ugran satyjy ýigdi diňlemän, özünden ep-esli daşlaşan zenanyň yzyndan haýdap ugrady.

Her gezek kimdir biri bilen çaknyşanda, kimdir biriniň aýagyny basanda adamlar:

-Öňüňe seretsene-how, ýaşuly!

-Wäk, aýagymy mynjyratdyňyz-la, seresap bolaýyň ahyry, göçüňiz geçip barýan däldir-le…

-Seresap gardaş, döwýärsiň…-diýşip hüňürdeşýärdiler. Ol bolsa adamlaryň hüňürdileridir-närazylyklaryna näme diýýändigine özi hem düşünmän:

-Bagyşlaň! Bagyşlaň!-diýip, kalbyny gozgalaňa salan garaýyşly zenanyň tanyş suduryny gözünden ýitirmejek bolup, aldyrany bar ýaly haýdap barýardy.

Şol gidip barşyna-da ýetişibildiginden onuň yzyndan ýeten ýagdaýynda oňa näme diýjekdigini ölçerip-dökýärdi. Tutuş durky-düýrmegi bilenem ysytma tutýan ýaly titräp, şol zenanyň öz çaklaýany bolmagyny hem bolmazlygyny bir wagtyň özünde dileýärdi.

“Ýeri ine yzyndan ýetdiňem-dä! Bar şol hem eken-dä! Oňa näme diýjek?! Ikiňiziň araňyzda otuz ýyl mundan ozal nämeler aýdylman galdy?!” diýip ol satyjylaryň indiki hataryndan öwrülende oýlandy. “Menmi?! Men neme diýerin…Neme…Neme diýerin…”

Şol pursatda-da ol tanyş görnen zenanyň yzyndan ýetäýende-de, ol özüniň çaklaýany bolup çykaýanda-da, özünde oňa aýdara-diýere hiç zadyň ýokdugyny, ähli zadyň ilk-ä otuz ýyl mundan ozal ol özüne: “meni özgä berýärler…bagyşla…men enem-atamyň göwnüni ýykyp biljek däl…” diýende ikiçäklikde aýdylandygyny, galanja zatlaryň bolsa soňky geçen otuz ýylyň dowamynda her gezek kalbyny gam-gussa basanda ýekelikde, gaýybana diýlendigini, indi bolsa ýagtylyksyz boşap galan köňlünde paşmadyk bagtyň sodaja yzasyndan özge hiç zadyň, hatda hasratyň hem ýokdugyny duýdy.

Ol ýuwaşlyk bilen ökje ogurlap yza galyp ugrady. Hakykatdan hem ol babatda onda hiç zat ýok. Galmady. Gutarypdyr.

Ol özünden barha daşlaşyp barýan kimdigi-de näbelli bolan zenanyň yzyndan nähilidir birhili ynjyly tukatlyk bilen garady-da, sähel pursadyň içinde başyndan geçiren galagoply duýgularyna haýrany-serasyma bolup, çagalarynyň gözlegine, öz durmuşyna tarap ýöneldi…

## Hoşlaşyk

…Toýa çenli bary-ýogy iki gün galypdy. Emma Güljemalyň elbukjasyny çatyşmaga-tikişmäge üýşen joralary bu gün hem ýarygijeden geçirip işi bes etseler-de ähli işlerini tamamlap ýetişmändiler. Gyzlar öýüň içki otagyna geçen dessine ýadaw bolandyklary zerarly düşeklerini ýazynan batlaryna uklap galdylar. Joralarynyňky ýaly başyny ýassyga goýanyndan uklap bilmese-de assa-ýuwaşdan Güljemal hem meýmiräp ugrady. Ýöne ýaňybir ymyzgananda gapdalyndaky eltelefonynyň sazy onuň ýarym ukuly melullygyny dyr-pytrak etdi. Argynlykdan ýaňa kiriş ýaly dartylyp duran beýnisi ýaňybir gowşap ugran gyzyň bimahal çak bimaza edilendigine ýeňsedamary gatady.

-Allo, kim gyz bu, ýarygijeden soň?!-diýip ol gahar bilen düwmesini basdy-da eltelefonyna gürledi. Emma eltelefonda oňa hiç kim jogap bermedi. Diňe kimdir biriniň agyr dem almasy eşidildi. Muňa gyzyň bolmajysy boldy:

-Oýnap galyň oýnap galmyşlar! Näme gijäniň içinde adamlara azar bermekden başga oýun tapmadyňyzmy?-diýip ol eltelefona gaharly gepledi-de, özüni biynjalyk edeniň telefon belgisini görmek üçin eltelefonynyň garaňkylykda ýagtylyp duran aýnasyna seretdi. Ol ýerde rus dilinde “telefon belgisi näbelli” diýen ýazgynyň bardygyny gören gyz jabjynmak üçin eltelefonyny gulagyna ýetirende aragatnaşygyň kesilendigine düşündi.

-Häý süwümsiz haýranlar! Adam ýaly ýatyp dynjyňyzy alman, şeýdiň-de adamlaryň rahatlygyny bozuň ýörüň, alkyş alarsyňyz!-diýip Güljemal göýä jaň gelenine şol günäkär ýaly eltelefonyny gapdalyna oklady-da, ýüzüni ýassyga berdi. Gözlerini mäkäm ýumup, uçan ukusyny gaýtadan tutmak üçin özüne zor salyp başlady. Emma wagty bilen süňňi gowşamady.

Şol pille-de ýene-de misli “durnanyň üstüne urna” etjek bolýan ýaly otagyň ümsümligini eltelefonyň gijelikde juda ýakymsyz eşidilýän sazy bozdy. Güljemalyň gany depesine urdy.

-Allo!-diýip eltelfonyny aldy-da, ol bada-badam azmly-azmly gepläp başlady:-Sen bar-a edep-terbiýäniň nämedigini bilmeýän akmak haýran, kimem bolsaň, meni diňle! Näme ýöne beýdip otyrsyň! Oýun bolarmy şondanam bir! Onsoňam ilki ody özüňe basyp gör, onsoň ötmese kesekä bas, häzir öz uýaňa ýarygijeden soň şeýdip bigäne biri jaň edip, telefonyny oýnap otursa halarsyňmy?! Eşidýärsiňmi, sen, näme geplemeýärsiň?!

Bu gezegem eltelefonynda hiç kim geplemedi-de, aňyrda kimdir biriniň agyr-agyr dem alýandygy eşidildi. Özüne jogap berilmeýändigine gahary ýetjek derejesine ýeten Güljemal gazap bilen eltelefonynyň düwmesine basdy-da, aragatnaşygy kesip goýberdi.

-Hany indem jaň edip gör, ertire çykan badyma seniň telefon belgiňi anyklamagyň ugruna çykaryn!-diýip jany ýanan gyz özüni bimaza edýäne gaýybana haýbat atdy-da, eltelefonyny eliniň tersi bilen özünden ep-esli daşlyga oklady. Emma eltelefony oklanan ýerine düşüp-düşmänkä ýene-de onuň ýiti, şaňňy sazy Güljemalyň gulagyny deşere getirdi.

Ol hum ýaly çişip, hasyrdap turdy-da, garbap eltelefonyny eline aldy:

-Sen kimem bolsaň, näme başga işiňi gutardyňmy, bisyrat haýran? Näme gerek diýýän saňa?!...-diýip gyz eltelefonyny agzyna tutup gygyryp ugrady. Birdenem niredendir bir ýerden aňynda dörän çaklama onuň gözüniň öňünde ýyldyrym çakan ýaly etdi. Öz çaklamasyndan ýaňa gyzyň on iki süňňi söküm-söküm söküldi. Ýaňkyja gahar-gazaby, ýadawlygy… bar zat huşundan uçdy. Ol özüni düşeginiň üstüne lampa goýberdi-de, jaň edýän bilen gepleşmäge gorkýan dek, eltelefony emaý bilen gulagyna tutdy. Geplände aljyran gyzyň sesi juda pessaý çykdy:

-Ýa bu…Berdi…senmi?!

Telefonda hiç kim jogap bermedi. Diňe şol ýaňky agyr dem alma eşidildi. Bu ýagdaý gyzy öz çaklamasynyň dogrudygyna has hem ynandyrdy. Ol çekinip-sakynyp sözüni dowam etdi:

-…Berdi!... Näme geplemeýärsiň?... Bu… sen ahyry, men bilýärin… Näme geplemeýärsiň ahyry… Aýt ahbetin…

Güljemala ýene-de hiç kim jogap bermedi. Birdenem aragatnaşyk kesildi. Doňňaradaşa öwrülen gyz hiç zat görmeýän gözleri bilen eltelefonyna dikildi. Az salymdan gyzyň owadan ala gözleriniň owasyny püre-pür eden ajy gözýaşyň birje damjasy eltelefonyň aýnasyna damdy. Şol pursat birhili ukudan açylan ýaly bolan gyz ary köýen dek eltelefony öçürip goýberdi-de, ony bir gyra zyňdy. Soňra tersine düňderilip ýüzüni ýassyga berdi. Sähel salymdan hem onuň agyly horkuldysy eşidilip başlady.

Kalby hasratdan doly gyz birsellem şeýle halda, ýüzüni ýassyga berip, sessiz-sessiz aglady. Emma bu agy onuň içini gowzatmady. Gaýta derdine dert goşdy. Birdenem ol aldyrany bar ýaly, laňňa galdy-da:

-Birden ýene-de jaň edäýmesin!-diýip pyşyrdap, hasyr-husur eltelefonyny eline aldy. Ony işletdi. Aýnasy ýagtylan badyna-da, göýä dessine jaň geläýjek ýaly oňa tiňkesini dikdi. Şeýle halda irikgä bolup esli oturdy. Emma jaň gelmedi. Ahbetin Güljemal göwnüni bire baglap, hakydasynyň iň ýaşyryn künjünde saklaýan telefon belgisini aýlady-da, eltelefonyny gulagyna tutdy. Jaň gitdi. Ýöne eltelefony üç gezek duguldady-da, gulaga ýakymly zenan sesi bilen:

-Abonentiň telefony öçürilendir ýa-da ol hyzmat ediş çäginden daşdadyr-diýip jogap berdi. Lapykeç bolan gyz:

-Alla jan, men indi onuň bilen nädip gepleşsemkäm?!-diýip pikirini nädip daşyna çykaranyny özem duýman galdy. Ol dagy näme etjegini bilmän ýene-de umytsyzlyk bilen eltelefonyna dikildi. Göz açyp-ýumasy salymdanam özüniň pyşyrdaýandygyny-da duýmaýan Güljemalyň:

-Jaň edäý-dä! Jaň edäý ahyry! Jaň edäýsene!-diýýän pessaý pyşyrdysy pisse dodaklaryň arasynda syzylyp çykyp, otagyň garaňkylygyna ýaýrap ugrady.

Şol pille-de göýä gyzyň nalyşyna delalat islän dek, eltelefonynyň sazy ýaňlanyp gitdi. Garaşyp duran hem bolsa duýdansyzlykdan ýaňa Güljemal allaniçigsi bolup, tisgindi. Onýança:

-Öçürsene gyz, şol haýranyňy, halys bizar etdi-le!-diýip joralarynyň biri ukuly yňranjyrady. Ogurlykda tutulan ýaly ýüzi gyzaran Güljemal, geplän badyna beýlesine dönüp uka giden jorasyny köşeşdirmäge howlukdy:

-Häzir, häzir, men daşaryk çykaýaryn.

Ol eltelefonynyň düwmesini basdy-da:

-Allo, Berdi, telefony öçürme, men häzir daşaryk çykaýyn, seniň bilen arkaýyn gepleşeýin, şol ýerde! Ýöne telefony öçürme, gaýrat et, Berdi! Beýtme!-diýip pyşyrdap barşyna pişik basyşyny edip, daşaryk çykdy.

-Allo, Berdi, meni eşidýärsiňmi? Näme geplemeýärsiň?! Seniň jaň edýändigiňi bilýärin ahyry, Berdi! Saňa näme bolýar, geplesene, Berdi jan!-diýip jaýlarynyň iň garaňky hem çola çüňküne aýlanan gyz eltelefonyna janygýardy. Emma eltelefony göwnübir ýaly, gyzyň gulagyna diňe kimdir biriniň agyr-agyr dem almasyny getirýärdi. Jaň edýäniň dymmagy öňem haly harap gyzy otdan alyp suwa zyňýardy. Ol jaň edýäniň düşnüksiz hereketine näme alaç tapjakdygyny bilmän, tamdyryň gapdalyndaky ýüzüni gyraw basan sekiniň üstüne çökdi-de, eltelefonyny gulagyna tutup durşuna hamsykdy:

-Meni… beýtme,… Berdi! Hemmesi ýadymda… On ýyl mundan ozal, mekdepde okap ýörkäk: “ölmesem seniňki, ölsem ýeriňki” diýenimem, “sensiz ýaşaýşymy göz

öňüne-de getirip bilmeýärin” diýenimem ýadymda… Ýöne… meniň ýagdaýyma-da düşün ahyry, Berdi jan… Lukmanlar saňa: “indi ýatan ýeri bolaýmasa, ýerinden dikelip, ýörärinden ýöremezi ýakyn” diýenlerinden soňam, “çykmadyk janda umyt bar” diýlenine uýup, gelen sawçylara ýok diýdirip, bäş ýyl garaşdym… Seniň bolsa şol bir ýatyşyň… Ne bäri bakýarsyň, ne…

Gyzyň agyly pyşyrdysyna eltelefonyndan diňe käte bir kimdir biriniň agyr-agyr dem almasy bilen garyşyp gelýän dym-dyrslyk jogap berýärdi. Gyz bolsa misli jaň edýän ýanynda durup, her bir sözüne üns berip diňleýän ýaly, gözýaşlaryna garyp pyşyrdamasyny dowam etdirýärdi:

-…Düşün Berdi, meniňem il deňinde öýli-işikli, çagaly-çugaly bolasym gelýär… Maňa-da düşün ahyry, mähribanym! Duzlap-dograma ahyry meni, bagrymy paralama ahyry meniň! Öňem ýanyp-ýanyp, köýüp bilmän ýörün! Senden özge bilen ýaşaşmaly boljakdygym, geljekde çagalarymyň kakasynyň sen däl-de başga biriniň boljakdygy hakynda pikir zerarly günde müň ölüp-direlýärin… Ýöne nädeýin! Ýagty jahanda ýeke özüm ýaşamok, enem-atam, doganlarym hem bar! Olaram günüme goýmaýarlar… Özümi-de gün-günden ýalňyzlyk basmarlaýar… Nädeýin men, janyňa-gözüňe-başyňa döneýin, aýt ahyry, nädeýin! Öleýinmi, ýiteýinmi?!... Otuz ýaşa golaýladym, Berdi jan!... Çaga küýseýärin, maşgala küýseýärin, joralarymdan, il-günden kemsinýärin, Berdi jan…Waý meniň gara bagtym, waý saňa! Sen bir diriligime ýakma-da, gepläý ahyry, Berdi!

Tolgunjyndan ýaňa jaň edýäniň bir mahal aragatnaşygy kesendigini-de duýman gepläp oturan Güljemal birden eltelefonyny elinden gaçyrdy-da, iki eli bilen ýüzüni ýapdy. Bady-baran aglap başlady:

-Wah bolman geçen bolman geçmiş ulag heläkçiligi, sen bizi nä güne saldyň?! Ýeri sen şol gün ulagyňy assarak-seresabrak süren bolsaň, asla şol gün öýüňden çykmadyk bolsaň, biz şu günlere düşermidik?! Waý biziň küle çöken ykbalymyz, waý saňa!..

Güljemal köşeşip bilmän aglap, entegem köp oturjakdy. Emma ýene-de eltelefonyň sazynyň eşidilmegi onuň agyly jibrinmesiniň arasyny kesdi. Bu gezek eltelefonyň sazy misli Güljemalyň hünibiryan gözýaşlaryna sebäp bolandygyna ökünýän ýaly, pessaýdan müýnli çykdy. Köşeşip bilmän sojap oturşyna Güljemal eglip eltelefonyny ýerden göterdi. Düwmesini basyp gulagyna tutdy. Ol heniz gepläp ýetişmänkä-de aňyrdan kimdir biriniň gussaly rahatlykdan doly sesi eşidildi:

-Bagtly bol! Alnyň-bagtyň açyk bolsun!..

...Duk-duk-duk…

„Garagum“ žurnalynyň 2012-nji ýylyň VI sany

## Kiçijik ykbal

...Gaty erbet boldy. Bütin ömrüne ol–Rahman nämedir bir zat üçin ýaşaýandyryn, öz ömründe nähilidir bir esasy many bardyr, öz ýaşaýşy bilen kimidir birini bagtly edýändirin, kimedir birine peýda getirýändirin, öz ömründe bir uly maksat bardyr öýdüp ýaşap ýördi. Çuňňurdan oýlanyp görse welin, onuň ýaşaýşynda ol zatlaryň hiç biri-de ýok ekeni. Diňe kiçilik, diňe boşluk...

Asyl Kerim şahyryň sözleri gör, kime degişli ekeni. Gör, ol iki setir nireleri tozadýan ekeni:

“Sorasaňyz aýdaýyn - Kyýamat nedir?

Erkekler ownasa kyýamat şodur...”

Hakykatdanam kyýamat. Erkek uşasa, erkegiň ykbaly uşajyk bolsa, öz-özüniň uşaklygyna düşünen güni şol erkegiň başynda ahyrzaman gopýan ekeni... Men özümi bagtly hasap edýärdim, “ägirt men” diýip pikir edýärdim... Emma welin, men kiçijek ýaşaýan ekenim. Men, öz ömründe hiç zada ýetip bilmedik kinniwanja erkek–Rahman. Hany meniň ömrümde bar diýip ýören ägirtligim?! Ol ýok. Hiç wagt bolmandyr hem... Eý Allam, gözlerim açylmadyk bolsa gör, bu aldaw ýene-de näçe wagt dowam ederdi! Emma, ine, gözüm açyldy hem diýeli-dä, ýeri indi men öz ömrümiň kiçijikligini bilýärinem-dä, ony ulaltmak üçin men näme edip bilerin?! Hiç zat. Hiç zat!

Eýýäm ýaşlygym geçdi, bilimden kuwwatym gidip barýar. Indi düzedeýin, ulaldaýyn diýenimde-de men öz kiçijek ömrüme hiç-hili täsir edip bilmerin... Men elli ýaşadym, ýöne meniň ýeten zadym näme?! Bary-ýogy şu kiçilikmi?! Meniň bar derejäm ýönekeý daýhan, meniň üç oglum bilen bäş sany gyzym bar. Ogullarymyň birini öýerdim. Gyzlarymyň ikisini çykardym. Eýýäm gyzlarymdan üç sany agtygym bar. Men eýýäm baba boldum. Bahym Hudaý ýol berse, ata-da bolaryn. Aýalym bilen sene-meneli günlerimiz bolan hem bolsa, garaz köplere görä oňşukly hem agzybir ýaşadyk. Bütin ömrüme-de maşgalama mätäçlik çekdirmejek bolup, depämden gum sowrup geçdim. Işledim. Gije-gündiz elimden pili düşürmän, meýdandan çykman, ýabany ýatyplar, alyn derimi döküpler zähmet çekdim. Garaz maşgalamy ýag iýip ýalaňaç ýatybermeli etmesem-de, gerek-ýaraklaryna zar etmän, zerurlyklaryny üpjün etdim. Ýaslara gatnaşyp, toýlarda hyzmat edip, il biridigim üçin, Hudaýa şükür oba arasynda-da sylanylýan. Käte maslahatam soralýar. Ýöne, meniň abraýym iliňkiden üýtgeşik däl. Menem il bilen deň sylaýarlar. Toýa barsam hemmeler bilen deň garşy alyp, töre geçirýärler. Hödür-kerem edýärler. Ýasa barsam hemmeler bilen deň hatarda: “aýady özüň okaý” diýip, sypaýyçylyk edýärler, tanyşlar hem salamlaryny gysganmaýarlar, dogry arasynda ýüzüni sowup geçýänler hem tapylýar. Ýogsa meniň nämäme duşmançylyk göz bilen garar ýalydygyna-da düşünemok. Meniň nämäme duşmançylyk etjek diýsene?!

Alla-ha şükür, dostlarym bar, ile meňzeş öý-öwzarym bar, Alla jana şükür, çagalarymy-da ile meňzeş edip ýetişdirdim, ýöne näme üçin? Näme üçin bu zatlar gerek?! Näme üçin öň maňa şatlyk getirýän bu zatlar, indi maňa öz-özüňi aldamak bolup görünýär? Näme üçin men öz ömrümiň ownukdygyna öň, bir wagtlar dünýäni düldüredip ýören ýaş wagtlarym düşünmän, indi çöken iner ýaly, lagar düşen wagtym düşünýän? Näme üçin?

Men diňe bir, ömri ownuk erkek hem däl-de, jenaýatçam. Men jenaýatçy! Öz terbiýäm bilen men çagalarymdan hem özüme meňzeşleri ýetişdiripdirin. Men olara-da özümiňki ýaly uşajyk ömür taýynlapdyryn. Sekiz sany ýaş ynsana öz ägirtliklerini açyp görkezip, olara ýaýramaga, giňelmäge ýol arçaman, men olaryň ululyklaryny özlerine-de duýdurman ýok edipdirin. Kim bilýär, eger-de men olara dogry terbiýe beren bolsam, olaryň biri şahyr, biri alym, biri gahryman bolardy, indi bolsa olar diňe meniň özüm

ýaly... Bu günä, gaty agyr günä...

Rahman hiç köşeşip bilmeýärdi, ol özünden bu garaňky pikirlerini kowjak bolup, şunça jan edýärdi, emma olar aýrylmakdan-a geçen, gaýta barha beter möwç alýardylar. Ol öz ömründe many gözleýärdi, ony tapmagyň deregine bolsa pikirlendigiçe onuň ýaşaýşy barha beter garalyp, kiçelip, biderek-bigerek bir zada öwrülip barýardy.

“Ikiýüzlülik! Bütin ömrüm ikiýüzlülik. Bu ikiýüzlülik nireden başladyka?.. Nireden?... Bildim. Şol uzakda galan ýaşlygymdan. Diňe şondan... Asla... asla mende ýaşlyk bir boldumyka? Manysyz-işsiz, wakyrdaşyp-enteşip geçirilen günler, özüňe-de, hiç kime-de peýdasyz ýaşalan ýyllar... Men öz ýaşlygymda nämäni gördüm, nämäni bildim, nämäni ondan aldym, ondan söýere, “galdy” diýip gynanara nämäm galdy? Hiç zat... Ýok, ýok, gynanmaga zat bar, kän. Bimany, haýyp geçen ömür, ine gynanara zat!

Men öz ömrümde çynym bilen aglabam, gülübem gördüm... Eý Allam, belki şol zatlaram ýasama bolup, men hasratymda-da, begenjimde-de bary-ýogy öz öňümde özümi ynandyrjak bolup, adamlaryň öňünde bolsa adamlary ynandyrjak bolup, dürli ýerlerde, ömrümiň akymyna, ýerine-ýagdaýyna görä kinofilimlerdäki ýaly, haýsydyr bir şekilleri, tragediýalary we komediýalary oýnap geçendirin?! Belki meniň söýgüni gördüm diýip ýörenim hem diňe ýasama öýkünjeňlikdir we jynsy höwesden gelip çykan bir zatdyr?!...

Eý Allam, uzak wagtlap tüm-garaňky, penjiresiz-gapysyz otagda otursaň, birdenem gözüňi deşip gelýän günüň şöhleleriniň astyna çyksaň, nähili erbet bolýar ekeni... Eger-de şol oturylyşyga barmadyk bolsam entegem öz süýji aldawymda gezer ýörerdim...

Öňňin işden geleninde aýaly oňa çakylyk hatyny berdi. Haty okap görüp ol şeýlebir begendi. Rahmany mekdepde bile okan, dosty Azat öýüne çagyrýardy we synpdaşlarynyň ählisiniň ýygnanjakdyklaryny habar berýärdi.

Çakylykda bellenilen gün Rahman ýola düşdi. Azat paýtagtyň merkezinde ýaşaýardy. Ol öýleneninden soň, instituty gutaryp obadan göçüp gidipdi. Soňam käte bir bolaýmasa oba kän gara bermeýärdi. Ýöne habar edilse welin, işi başyndan agdykdygyna garamazdan obanyň toý-ýasyny sypdyrman, hökman gelip gidýärdi. Obada onuň abraýy gaty uludy. Ençeme döwlet sylaglarynyň eýesi, ýurduň çäklerinden has uzaklarda-da tanalýan edebiýatçy alym, professor Azat Medetowiç Maksadowy obada uludan-kiçä tanamaýan ýokdy. Rahmanam öz çagalyk we ýetginjeklik dostunyň şeýle uly, abraýly adam bolup ýetişendigine tüýs ýürekden guwanýardy. Onuň her bir üstünliginden soň özüniň şeýle adam bilen dost bolandygyna, entegem dostdugyna öz ýanyndan juda buýsanýardy. Dagy buýsanmaz ýalymy eýsem? Şeýle adam seniň bilen dost bolmaga seni mynasyp gören bolsa, diýmek senem ýönekeý adam dälsiň, azajyk bolsa-da garaz beýlekilerden üýtgeşiksiň...

Baranynda ony Azadyň özi garşy aldy, ýetişibildiginden hal-ýagdaýyny sorap, kaşaň jaýa saldy. Eýýäm otagda synpdaşlarynyň hemmesi bardy, diňe Merdan neresse bilen Ýusup neressäniň ýeri boş durdy. Ol pahyrlaram näme, ajallary ýetendir-dä...

Rahman synpdaşlary bilen birlaý görşüp çykdy. Soňam boşrak ýere geçip oturdy. Onuň oturan ýeri-de synpdaşy, edil Azat ýaly obadan göçüp giden Baýlynyň gapdaly boldy. O-how, ol nähili üýtgäpdir-ä! Hany ol birwagtky, hortap, ýygra Baýly, hany ol, toýlarda-da, üýşmeleňlerde-de diňe diňlemegi başaryp, aragy görse-de ýüzüni turşudýan,

çekinjeň Baýly? Ol ýok. Onuň ýerine bolsa ine, şu Baýly otyr. Her aýda diýen ýaly üýtgäp duran nysagyň soňky sesi bolan, ýaşyna gelişmeýän köýnek-balakda, içilen arakdan ýaňa eýýäm ýüzi gyzaran we ýaňrap, ýanyndakylara dil ýarmaga gezek bermeýän Baýly otyr...

Ol Rahman gapdalynda ýerleşen badyna gürrüňdeşleri bilen jedelini üzül-kesil kesdi-de, birnäçe ýyl bäri görüşmedik synpdaşyna tarap öwrüldi:

-O-how Rahman jan! Bolanok dost, bolanok, gijä galýarsyň! Jerime, ýok, ýok, boýun gaçyrjagam bolma, jerime, jerime! – diýip Baýly olar biri-biri bilen aýrylyşmadyk ýaly, hiç-hili ýadyrgaman, aňsatlyk bilen Rahmanyň egnine kakyp, onuň öňündäki aýna bulgura arak guýdy. Özüni azajyk oňaýsyz duýýan Rahman Baýla arak içmeýändigini aýtdy. Baýly oňa şunuň ýaly ýagdaýlarad aýdylýan umumy sözleri aýtdy. Emma Rahmana öte bir igenip durman, ony hem özara söhbete goşup ugrady. Gelenine ýarym sagat geçip-geçmänkä Rahman hem meýlisiň şowhunyna gatyşyp-garyşyp gitdi.

Ýassyga ýaplanyp ýatyşlaryna Baýly bilen Rahman gürrüňe gyzdylar. Kelle çakyşdyryp öten günleriň geçendigi, dolanmajagy üçin ajaýyp bolup görünýän wakalaryny, ýaşlyklaryny, neresseleri ýatladylar, dirileri seljerdiler, biri-biriniň hal-ýagdaýyny soraşdylar.

-Ýeri Rahman, nähili, öz-özüňden, ýeten derejäňden, durmuşyňdan, geçen günleriňden razymy? – diýip, Baýly duzlanan hyýary nahar iýilýän çarşajyk bilen agzyna salyp durşuna, tirsegine daýanyp, dikeldi.

- Aý hawa synpdaş. Hudaýa şükür, kem günüm ýok. Il deňinde ýaşadym... ýaşaýaryn hem... Hudaý ýol berse, ýaşaryn hem. – diýip Rahman gök çaý süzüp, Baýla jogap gaýtardy.

- Be, beýle özüňden, ýaşaýşyňdan göwnihoş bolar ýaly, sen nä derejä, haýsy beýiklige ýetdiň, Rahman?!

- Hymh, beýiklik diýip bizde beýiklik näme işlesin, Baýlym, şol bir pildir-dä... Ýöne şu soňky döwür garrap barýarysmy nämemi o ýerim agyrỳar, bu ýerim agyrỳar gürrüňim-ä köpelýär.

- Ýok sen maňa düşünmediň, Rahman! Men saglyk hakda geplämok... Äý, ýogsa-da, düşünmäniň hem gowy. Sen meniň pikirlerimi bilmeýäniň üçinem bagtyýar adam, Rahman...

- O näme diýdigiň-ä, synpdaş? Sen nähili, beýle üýtgeşik pikirleri edýärsiň?

- Menmi? Meniň içim ýanyp gelýär, öz geçiren günlerime, häzirem geçirip ýören günlerime içim ýanyp, tütäp gelýär... hasam... hasam ine şulary görüp – diýdi-de, Baýly otagyň içinde ala-goh bolşup oturan synpdaşlaryna tarap baş atdy. Rahman Baýla düşünmedi, düşünendirin öýden pikirini bolsa hatda pikirlenmäge-de utandy. Şonuň üçinem dymyp oňaýdy.

- Ine seret, Mäti! Bilýäňmi mekdep döwrümiz ol nähilidi? – diýip Baýly öz başyna samyrdaýan ýaly, dowam etdi: - Ýuwaşjady, gowşajykdy. Mugallymlar hem oňa tertipliligi üçin oňat baha goýýardylar. Emma häzir welin ol başlyk. Seret oturşyna...

Rahman jedelli gürrüňe başagaý bolup oturan, iňňeden çykma penjekli epeý pyýada–Mätä gözüni aýlanyny duýman galdy. Şol bada-da bu hereketini hiç kim görmedigem bolsa, ýüzi gyzaryp gitdi.

- Ýa bolmasa, hanha Çary, seret, ýatyşyny görýäňmi, öz öýi däldir öýdenok, sebäbi öwrenişen, Azadyň dosty, özüni onuň öýünde hojaýyn saýýar. Gör, ap-arkaýyn ýatyşyny! Ikimiz welin beýle ýatyp biläýmeris, şonuň üçinem bu ýerde biz ýadyrgaýas, öz tabagymyzda däldigimizi duýýarys... On bir ýyllap bile okap, bir obada doglan hem bolsak-da, bu eginlerindäki geýimlerine sygman oturanlar: "ýagdaýyň neneň, kömek gerekmi?" diýäýmezler, ýaltanarlar, eger diýäýselerem ýanyňa gelip içgin soraşmazlar-da, otagyň ol çüňkünde oturan ýerlerinden gygyrarlar. Emma her näme-de bolsa olar öz durmuşlaryndan nämedir bir zat ýasap bilen, öz arzuwlarynyň belli bir bölegine ýeten, nirä barsalar uly, aýratyn adam hökmünde, beýlekilerden üýtgeşik garşylanýan adamlar. Olar çyn we hakyky ýaşaýarlar. A men näme? Galp, ýasama we boş hem manysyz! Mende ine, näme bar?! Çagalarymmy?! Ýeri bolanda näme?! Hanha bazarda söwda edip, alyp-satyp, ýa çem gelen işe ýapyşyşyp, ýaşap ýörler. Olar edil nokatma-nokat meniň geçen ömrümi gaýtalaýarlar... A meniň özüm näme? Söwda-satyk bilen güzeranyny dolap ýören, hiç ýerde işlemeýän, manysyz elli ýyly ýeňsesine atan, indem aşaklygyna togalanyp ugran adam. Dogry jaýym, iliňkä meňzeş, täze-de däl, köne-de däl ulagym bar, çagalarym, aýalym hem garaz sylaýarlar, obadaky enem-atam hem keselbendräk bolsalar-da, garaz gezib-ä ýörler, gün-güzeranym hem garaz oňuşmazça däl, toý-ýas bolsa garaz il-günem ýatlaýar. Hemme zat garaz, garaz, garaz... Hiç-hili doly, anyk we uly zat ýok. Söýgüni, gaýgyny, begenji, hasraty... dünýäniň ähli zadyny duýup gördüm diýip öňler hasap edýärdim. Emma men hiç zady-da çyndan görmändirin ekenim. Diňe öz öňümde ikiýüzlülik edip: "görýän-duýýan" diýip özümi ynandyryp ýörüpdirin...

Aýalymy söýýändirin öýdýärdim. Söýgi bolarmy? Söýgi näme işlesin? Kakam bilen ejem gullukdan gelen uçurlarym bir gyzyň suratyny görkezdiler, görmegeýje bolansoň, razylaşdym. Ýarym ýyl geçmänkä-de daşary ýurduň şkafyny satyn alan ýaly edip dulumda gögertdiler. Görülmedik şkafam näme, diňe az wagtlyk, irýänçäň höwesiňi gyjyklap, özüne höwes-gyzyk döredýär, il deňinde şony satyn alyp bilendigiňe özüňden monça boldurýar, soňra bolsa... Soňramy?! Soňra şeýlebir irginlik başlaýar, hasam şol şkaf seniň özüňe jaý, öz ýurduňky däl-de, başga bir näbelli, düşnüksiz ýurduň önümi bolup çyksa... Ýene-de toý üçin eden bergileriňi üzjek bolup kösenmegiň hem üstesine... Bizar bolupdyryn, şeýlebir bizar!... Päheý indi öýüme barsam içim tütäp gelýär...

Ýaşlykda bolsa nähili arzuwlarym bardy! Şeýlebir beýik, ýagty, çala ugrunda ylgasaň öz-özlerinden amala aşyberjek ýaly bolup görnen arzuwlar, iş ýüzüne geçirmesi, ýetilmesi şeýle aňsat bolan beýik-beýik maksatlar.... Hany olar? Hany, indi nirede şol aýdyň maksatlar, belent hyýallar?! Olar ýok. Olary hakykylyk we ýaltalyk ýok etdi. Ýogsa ol döwürler men diňe özüm bagta ýetmek hakynda oýlanmaýardym-da, adamlaryň ählisine ýeterlik bagty tapyp berip, şolaryň bagtynyň üsti bilen özümi-de bagtly etmek isleýärdim... Ine-de meni şol ýagty arzuwlarymyň ýetiren derejesi!... Seret, şol döwürler hiç-hili maksatlary bolmadyklar nähili ýaşaýarlar! Ýok meniň bu aýdýanlarym göriplikden däl, ýok, asla! Bu diňe özüniň neneňsi durmuşynyň bardygyny duýup ýöreniň janagyryly içi ýanmasy... Seret, ol öz-özünden göwnühoş Azada dagy, ençeme sylaglaryň, hormatly atlaryň eýesi, professor...

Rahman tasdanam Azadyň ýüzüne seredýärdi, zordan saklandy. Ol başyny aşak saldy. Sebäbi gorkdy. Azadyň ýüzüne seredäýse, onda birmahallar arzuw eden ýaşaýşyny görerin öýdüp, şony görübem iýýän duzuna hyýanat edip oturan Baýla öwrülerin öýdüp gorkdy. Ol sesini çykarman ýerinden turdy-da, penjegini hem geýmän, öýden çykyp ugrady.

Şol wagtam Azadyň sesi geldi:

- Rahman nirä?!

Rahman yzyna öwrülip, jogap gaýtardy:

- Häzir gelýän, birsalym daşarda gezmelejek.

Soňra ol daşaryk çykdy-da, eglenmän, ýoldan geçip barýan kireýçi ulaglaryň birini saklap, öýlerine gaýtdy. Ine şondan bäri hem onuň köşeşip bilmän oturşydy...

... Oturyp, turup, ýatyp, ahyry janyna jaý tapyp bilmedik Rahman öýden çykdy-da, ok ýaly göni joýalar çekilip, ekişe taýýarlanyp goýlan mellegine ýöneldi.

Baharyň birinji aýy bolandygy zerarly howa çigreklije-de bolsa, jana şypalydy. Assaja öwüsýän, sowujak şemal Rahmanyň arkasyndan çalaja itýärdi. Ýekeje-de bulutsyz, tämiz asmanyň gündogar çüňkündäki gyzylymtyl zolak bolsa barha ulalyp barýardy. Guşlaryň sesi eýýäm daş-töweregi galmagaldan dolduryppdy, emma goňşularyndan welin, entek daş-içde görünýäni ýokdy.

Rahman mellegiň ortarasyna bardy-da, hajathana barýan ýodajykda çökdi. Şol wagtam çep goňşularyndan radionyň sesi gelip ugrady. Bu Rahmanyň Begli goňşusynyň on dört-on bäş ýaşly ogly Aýazyň ukudan oýanandygyny aýdýardy. Bu ýetginjegiň edäheti şeýledi. Ir tursun, giç tursun, ol hökman radiony hem, telewizory hem açýardy. Rahmanyň myrryhy atlandy. Ol içinden: “häý eşek ataly, tapypsyň pişäňi” diýip käýindi. Ol käbir ýuwan aýdymçy sumaklaryň “tutdum-aý-ýetlerini” halamaýardy. Wah, Mylly agany diýsene, Sahy Jepbary diýsene, wah, Nury neressäniň sazlaryny, Atageldi Garýagdynyň aýdymlaryny diýsene...

Hasam keýpi bozulan Rahman ellerini seçelenip duran topraga, çuň sokdy: “Ýyly girip ugrapdyr. Indi ertir dagy ekäýsegem bolar”. Rahman gysymlap toprakdan aldy-da, ýokary göterip, aýasyny açdy. Zire-zire toprak seçelenip aşak döküldi. Rahman ýene-de bir gysym alyp öňki hereketini gaýtalady. “Nähili düşnüksiz hem belent. Ine seredip otursaň jansyz, hiç zatsyz, öli gum, hakykatdan welin, bu toprak – diriligiň hut özi! Sebäbi ol özüne ýanaşan ähli zada dirilik berýär, ezizleýär, ösdürýar. Şu gysymymdaky topragyň özi hem ägirt uly ýaşaýyş ahyryn! Ägirt uly... kiçilik... kiçijek ykbal...

Birdenkä Rahmanyň göwrümi giňäp gitdi. Uzyn gije ony gynan garaňky oýlary aýasyndaky gumdan elheder alan ýaly, dyr-pytrak bolup gitdiler. Şujagaz bir gysym toprak, onuň diňe daýhan ellerine bildirýän ýylylygy Rahmany täze bir ajaýyp hem düşnükli, ýöne düşündirip bolmaýan duýgudan doldurdy: “Kiçilik bolarmy? Heý bu toprak barka, şonuň göwsünde ýaşap, şonuň göwsünde ýaşajaklary kemala getirip, olara özüňi, özüňe ähli zady beren topragy miras galdyrýarkaň, ownuklyk ýanyňa gelermi? Men elmydam şu mähribanymyň ägirt janynyň bardygyny duýup geldim ahyry... Ol garaňky oýlar bolsa meniň özümiňki däl-de, öz basgylap ýören topragynda diňe jansyzlygy görýän Baýlynyňky...”

Birdenem Rahman radionyň sesine diňşirgendi. Ýaňky aýdymyň sesi galyp,

radiodan biriniň agras ses bilen goşgy okaýany gelýärdi:

...Säher turup syl ýüzüňe çagaňy,
Päkligiňde bolup bilseň şonça bol.
Sen sanama gara saçyň agyny,
Sen sag-aman öreniňe monça bol.

Biz hemmämiz şatlyk üçin doguldyk,
Şonuň üçinem geçdik ine şunça ýol.
Şat günleriň köp bolmanna gynanma,
Şat günleriň bolanna monça bol...

...Rahman doňup galdy. Bu sözler, bu goşgy onuň kalbynyň çuňlugyny şeýlebir yzarlap başladylar welin, ol bu goşgynyň her setirini içinden onlarça gezek gaýtalap-gaýtalap doýup bilmedi. Bu goşgy, ol – Rahman hakdady. Hatda Rahman hakda däl-de, onuň kalbydy. Hut özüdi. Bary-ýogy dört-bäş sözden ybarat setirlere sygdyrylan tutuş ömrüdi. Ol goşgynyň setirlerini radiodaky erkek kişi okap bolan badyna gapyp alyp, aňynda sansyz gezek gaýtalaýardy. Özi hem ilkinji gezek gelniniň ýanyna girýän boý ýigit ýaly tolgunýardy.

...Säher turup syl ýüzüňe dünýäňi,
Giňligiňde bolup bilseň şonça bol.
Bu dünýäde mahsus ähli zatlaryň,
Senden sowlup geçmeýänne monça bol...

Rahmanyň demi tutuldy. “Bu dünýäde mahsus ähli zatlaryň, senden sowlup geçmeýänne monça bol... bu dünýäde mahsus ähli...”

Şol wagtam radionyň sesi jygyrdady-da, ýene-de “tutdum-aý-ýet...” başlady. Rahmanyň ýüregi üzülene döndi. Ol uly bir zadyndan jyda düşen ýaly, goşgynyň täsirinden çykyp bilmän köp oturdy. Entegem oturjakdy welin, birden derwezäniň agzynda eşidilen “düýdüldi” ony özüne getirdi. Ol parahat keşbi bilen ýerinden turdy-da, derwezä tarap ýöneldi. Heniz derwezä ýetmänkä-de, köne derweze jygyldap açyldy. Bir elinde Rahmanyň galdyryp gaýdan penjegini saklap duran Azat, şol hemişeki göwnüňi açýan çaga ýylgyryşy bilen ýylgyrjaklap howla girdi:

- Päheý dostum, şol öňküligiň – how, säher bilen mellegiňe göz aýlaýarsyň-ow?! Aý ýok, sen üýtgemersiň! Ýöne indiki gezek welin, şeýdip aýtman-diýmän çykyp gidäýseň, gaty görerin. Ulalsaňam oňalman geçjek sen, öňem şeýlediň, kakynyň tutsa gidiberỳärdiň. Şu senden şunça öýkelejek bolýaryn hem welin, hiç bolmaýar-da...

Sesini çykarman Azady diňleýän Rahman ýürekdeşiniň öňünde şol öňküleri ýaly müýnli, ýöne süýji ýylgyrýardy.

## Adam we öý

…“Ýekelik Hudaýa ýagşy” diýýär türkmenler. Bu dünýäde Hudaý bolubam ýuwdarha ýalňyzlygyň ýalmawuz deminden sypyp bilseň zor boldugyň. Ynsan diýlen jandar-a asylam höwür gerek, hemdem gerek. Şonsuz bolmaýar. Eger-de janly-jemendeden hemsöhbet tutunyp bolmasa, onda kähalatda onuň ornuny jansyz zatlaram

eýeläýýär. Tebigat boşlugy halamaýar, dessine dolduryp ugraýar. Ýekelik basmarlaýan adam üçin bolsa, janly bolsun, jansyz bolsun kän bir tapawudy hem ýok, esasy zat, köpçüligiň arasyndaky ýalňyzlykdan püre-pür durmuşyňda özüňden başga-da biri bolsa bolýar. Wagtal-wagtal, haýsydyr bir zatlar öte ýüregiňe düşüberende iç döküşmäge, derdinişmäge, hümürdeşmäge…

Bu adamyňkam şeýle boldy. Ilk-ä ene-ata duşmady. Günleri bir bolsa dawalary iki. Aýrylyşdylar-da, möý pytran ýaly hersi bir tarapa dagap gitdiler. Soň çagalar öýünde-de syrdaş gabat gelmedi. Çakdan aşa ýuwaşlygyny halamadylarmy nämemi… Harby gullukda-da özi ýalylara gatyşyp-garyşyp gidibermedi. Özbaşyna gezdi ýördi. Degmedige degmedi, degen bilenem näme, ile görä boluberdi.

Ýöne dogrusy, harby gullukdan gelenden soň özüne hossar çykan döwleti dost tutunaýjagam boldy. Sebäbi ol özüniň “degişli edaralar” diýlip atlandyrylýan, hemmeje zady görýän, bilýän, duýýan, hemmelere kömek etmäge, ýardam bermäge mydam taýýar gollary bilen özüni indi hiç kime gerekmez duýup, sermisal halda duran ony, ýerden garbap aldy-da, durmuşyň gysganman-gabanman üstüne tozadan tozanyny kakyşdyryp, ýokary okuw jaýyna ýerleşdirip, ugrukdyryp goýberdi. Emma, her pursatda her kesiň aýratynlykda hem-de hemmeleriň bütewilikde aladasyny edip ýören döwlet atly mähnet zadyň ýekeje özüni üznüksiz hülli-hülli edip ýörüp bilmejekdigine ol tizden-tiz akyl ýetirdi.

Soňra talyplygam durmuşynyň beýleki tapgyrlary deýin ýekeligiň tukat ümürine bürenip geçip gitdi. Ol işe durdy. Işde-de “sen dur men öleýin” diýip üstüni atalap duran tapylmady. Şol barmaşa-da oňa ilkinjileriň hatarynda täze gurlan ak mermerden zynatly don geýdirilen täze jaýdan täp-täzeje öý berdiler. Çagalar öýünden, harby bölümiň ýatakhanasyndan, ilki talyplygyň bäş ýylynda, soň işinde iki-üç ýyllap ýaşan umumy ýaşaýyş jaýyndan soňra özbaşyna berlen gül pürkülen ýaly öý onuň gözüne behişdiň merkezi etrapçalarynyň birinde ýerleşdirilen, göwher gümmezli, zümerret bilen zerlenip, merjen bilen mermerlenen, ýakut bilen ýagtyldylyp, şamçyrag bilen şöhlelendirilen köşk bolup göründi.

Ine şonda-da ol özüne hakyky dost tapyndy. Köpden bäri küýselip ýörülen, ähli zada düşünýän, şahyr aýtmyşlaýyn: “hiç-haçan kemçiligiň bilen dogramaýan, elmydama düşünýän dogry, gahary gelse darap goýberýän dözümli” dost… Özi ýaly ynsanlardan ýürekdeş tapyp bilmedik adam öz öýüni ýürekdeş tutundy.

Özem ol ýöne-möne “dostam” däl-de dostlaryň dosty, dostlaryň şasy, dostlugyň düýbüni deşen bolup çykdy. Her bir sözüne geplemänkä düşündi. Soňabaka oňa asla geplemegem gerek bolmady. Oýlandygy bes. Öý misli, ylmyň ruhyýeti öwreniş ugrundan küt-küt kitaplar ýazyp, möhletinden öň ilki kandidatlyk, soňra doktorlyk dissertasiýasyny goran alym ýaly, onuň pikirini oýlanan badyna okamagyň we sessiz-üýnsüz, pikir bilen jogap bermegiň hötdesinden geldi. Diňe bu hem däl, onuň öý-dostunyň artykmaç taraplary başga-da köpdi. Adam-dostuňky ýaly oňa jaň edip: “barýandyryn” diýip mälim etmeli däldi. Ha oslagsyz bolsun, ha habardar, tapawudy ýok, öý-dosty ony hemişe gujak açyp garşylaýardy.

Bu günem şeýle boldy. Ol işden gelşine gapa açary degren dessine, açary işigiň gulpuna salşyndan, towlaýşyndan öý onuň dolanyp gelendigini duýdy. Gapyny açan

badyna-da mähir bilen daşyny gurşap aldy. Bir kemi elleri ýok, ýogsa ony günde gujaklap bagryna basmaga-da ýaltanjak däl. Ýöne elsizem bolsa öýüň oňa hyzmat edişi, güler ýüz berşi elli dostlaryňkydan elli esse beter.

Gurlanyna, ýaşap başlanyna heniz bir ýylam bolmandygy sebäpli, gündeki edişi ýaly öý ýaşkiçilik edip, ilki salam berdi:

-Salawmaleýkim, nähili sag-aman geldiňmi? Işde täzelik barmy?-diýişdirdi-de dostunyň “waleýkimine” üns bermän, öý bada-bat diwarlaryny birazrak gysyp, ilgeziklik bilen geýim asylýan, köwüş goýulýan tekjeleri onuň ýakynragyna süýşürdi. Ol penjegini, köwşüni çykaryp, ýumşak hala aýak basdam welin, beýleki diwara ýelmenen adamboýy aýnany oňa tarap çalaja öwürdi.

-Erbed-ä däl, ýöne näme, ýüzüň-gözüň az-kem ýadaw görünýär-le? Ýa bu gün köpräk işlemeli boldumy?-diýen çuň hem çyn aladadan doly sowallar onuň aňynda peýda boldy. Ol öý-dostunyň göwnüni görmekden ötri onuň öte synçylygyna haýran galan kişi boldy-da, onuň özüniň her bir zatjagazynyň aladasyny edýändigine begenýändigini bildirmek üçin:

-Äý hawa-la, bu gün köpräk işlemeli boldy. Aý näme, işem-iş-dä kä gün köpräk işleýärsiň, kä gün azrak. Hany garbanmaga nämämiz barka, dost?!-diýdi.

-Ýahdanda öten agşamky kelemli çorbadan galany bilen irden ertirlikde iýmän goýan birje etli gutabyň-a bolmaly.

-Ýene-de kelemli çorbamy-aý?!-diýip ol göýä, kelemli çorbany düýnjügiň özünde özi däl-de, öý taýynlan ýaly ýüzüni kürşertdi. Soňam elini silkip goýberdi:

-Äý bolýa-da, kelemli çorba bolsa kelemli çorba bolsun, ýör hany garbak-gurbak edineli-diýip ol giň aşhana tarap ýöneldi. Öý-dostam onuň yzyna düşdi. Ol baryp ýahdany açdam welin, öý:

-Üçünji tekjesindedir-diýip ilgeziklik bilen habar berdi.

-Bilýän şo ýerdedigini, düýn özüm goýdum ahyry-diýip ol pikirine hüňürdili nägilelik äheňini çaýyp oýlandy: -Özüni oňarmaýan çagajyk däl ahbetin, menem! Ýa düýnki edenini-goýanyny bilmeýän garrymy men?-diýip ol ýahdanda kelemli çorbadan başga zadyň ýokdugyna öý günäkär ýaly oňa igençli sowal berdi.

-Bolýar-how, bolýar, diýmedigimiz şol soňkuny! Ynha saňa ýahdan, honha-da kelemli çorbaň, agtar-da, tap-da, kelläňe geý isleseň, noş bolsun saňa!-diýip öý öýkeli hüňürdedi-de, aşhananyň hol çetine çekildi. Özüniň gaty görendigini göz-görtele görkezmek üçin, penjireden köçeleriň yşyklary bilen birgeňsi raks oýnaýan daşarynyň alagaraňkylygyny, her haýsy bir ýaňa ibirt-de-zibirt ulaglary, pyýada ötegçileri synlap ugrady. Dostunyň häsiýetine belet bolansoň ol oňa üns bermediksiräp, kelemli çorbany aldy-da gyzdyryndy, saçak ýazdy, naharyny öňüne alyp, iýip başlady. Onuň öz öýkesine ähmiýet bermeýändigine hasam öýkeläp, içini it ýyrtyp başlan öý bolsa saklanyp bilmän hüňürdäp ugrady:

-Ine-dä adam diýlen mahlugyň bolşy! Hamana her gün işe gidende: “bu gün gaýdyşynyň bazara-da sowlup ojuk-bujuk algynyň, ýahdanda towguň-a däl, düýeguşuň ýumurtgasyny togar-togar togalap oýnaýyn diýseňem ýer boljak” diýip ýatladylmaýan ýaly, hamana günde bazara barmagy undup, öýe iki elimi burnuma sokup men gelýän ýaly, hamana bu zatlar maňa gerek ýaly… Dogry-da walla, sen-ä muň üstünde kökenek,

kükregiňden ýüregiňi sogrup eline berýärsiň, büýem ötüki häki edip goýberýär ony. Aýagynyň astyna taşlaýar. “Men nä iňňä bäbekmi” diýen bolýar-a, ýene-de. Şondanam beter özem. Biş-düş ugrundan bir başarýany kelemli çorba. Henizem men bar. “Kämahal del-düle-de dişiň degsin” diýip käte bir gutap beýleki satyn aldyrýan. Men dagy bolmasam kelemli çorbadan özge tagam-tagsyra gözi düşmän, ýüzüne-de kelemiň reňňi çykyp gitjek, garamaňlaý bedibagtyň!...

Nahar iýip oturşyna aňyrsyna il gonup ugranyndan soň onuň birneme şähdi açyldy. Öý-dostunyň kineli hüňürdilerine köhi geldi. Gülküsi tutdy. Ýöne gülse dostunyň öte göwnüne aljakdygyny bilýändigi zerarly, gülmän zordan saklandy. Muňa-da düwündi. Üsgürinjiräp başlady.

-Hä gülkiň tutýarmy? Gülüber, gülüber bakaly, kimiň soňky bolup gülýändigini göreris entek!-diýip hüňürdäp duran öý onuň düwünmekden ýaňa çym-gyzyl bolandygyny görüp, ýene-de jandurmazaklygyny etdi:-Noş, noş, noş diýýän saňa! Ýa suw içäý bolmasa!

Ol üsgürinjiräp oturşyna “ýok” diýen manyda elini daldalatdy. Az salymdan demini dürsedi-de, ýene-de çemçesini eline aldy. Birdenem ýahdandaky gutap güpbe ýadyna düşdi. Ol oturan ýerinden süýşdi-de, ýahdany açdy.

-Gyraky tekjede, çüýşe goýulýan ýerde, pakede dolangyd…-diýip saklanyp bilmän endigine eýerip salgy berip ugran öýüň birden ondan öýkeländigini huşuna geldi-de, sözüni kesdi. Olar assyrynlyk biri-birine seredişdiler. Birdenem ikisi-de ala-wakyrdy bolup gülşüp başladylar. Birsellem gülüp-gülüp keýpden çykanlaryndan soň ol, geçmejegini bilse-de dostuny saçak başyna çagyrdy. Öý bolsa: “meniň iýip-içmeýändigimi ünji edip, işdäsi tutulaýmasyn” diýen pikir bilen, sypaýyçylyk etdi. “Men dok, sen iýiber noş bolsun, maňa seretme” diýen boldy.

Ol gutaba agyz urdam welin, ýüzi kürşerip gitdi.

-Turşapdyr gerek!-diýip dosty oňa tiňkesini dikdi.

-Hawa turşapdyr, bilýän bolsaň näme, hälden bäri aýtmadyň?!-diýip ol gaharlanjak boldy.

-Näme aýdyp?! Öz aklyň nirede?!-diýip öý äwmän-alňasaman jogap gaýtardy:-Näme, dagy üstünden iki gün geçen gutaby turşatman, ony muzeýiň eksponatydyr öýdýäňmi? Men-ä asyl, sen ony bu gün-erte, hol myhman otagyndaky tekjelerde duran bezeg golçajyklarynyň, şekiljikleriň ýanynda zynat üçin goýjak bolup, aýap ýörmükäň diýipdirin-diýip ýaňsa aldy. Soňam harazmanyňky bolanyna bäş-alty ýyl geçen, öwrendikli eşek ýaly, her gün agşam öýe ýygnanylanda iň bolmanda bir gezek, dynç günleri bolsa pesinden on gezek dagy gozgalýan gürrüňiň daşyndan aýlanyp başlady:

-Näçe käkeleýän men saňa, türkmen aga aýtmyşlaýyn, bir gyllyja kelläni tap-da, getir şu ýere. Onsoň beýdip özüňi diňe kelemli çorba-da tutup ýörmersiň, gutabyňam turşamaz, menem beýdip çaň-tozanym diňe hepdäniň ýekşenbe güni, günortandan soň çalak-çulak süpürilmelimikä öýdüp ýörmerin…

-Näme, men dagy elim degmese näme edeýin?! Onsoň ýekşenbe güni syr-süpür etmeli bolýar-da. Ol günortadan soň diýýäniň bolsa… Hepdede iň bolmanda birje gün bir ukyňy almak bolar-a-how!-diýip ol hüňürdedi.

Onuň bu gürrüňine öýüň oňaýsyz ýerine köz basylana döndi. Jyzzyk bolaýdy edil:

-A-how, adam! Janyňa-gözüňe-başyňa döneýin, seniň! Aklyňa aklym sadaga, seniň bilen ýekşenbäniň syr-süpüri barada gürrüň edýän barmy, şu mahal?! Näme manadüşmez mön çagasyran bolýarsyň? Meniň nämä ýanyp-bişip durandygyma düşünip aňyrsyna geçip dursuň ahyryn! Seret, şu giden uly jaýda biz ýaly barmy, eýsem? Seret ine, şu, biziň gatymyzdaky 10-njy öýe! Ýoldaşyny igelände, dili edil ýüzi gaýtmadyk täzeje törpi deýin degen ýerini awy-zerzaw edip barýar diýäýmeseň, gül ýaly maşgala girip çykýar. Kä gün lifti ýuwanlarynda dagy, iki elem ondan-mundan hyryn-dykyn doly sebetli basgançakdan biziň gata gargynjyrap gelşem bir zad-a degýär. Şeýlebir sözler tapýar, şeýlebir sözler! Olaram gelşirip-gelşirip, hünji düzen ýaly biri-birine sepläp-sepläp, yzba-yz suňşuryp, suňşuryp goýberýär welin, edil ýöne hoşuňa gelsin. Özüňe degişli bolmasa dagy diňläp, hezil edip ýatmaly. Öýleriniň içem doly çaga. Gije-gündiz ýöne jagyl-jugul bolup dur. Hezillik! Biziň welin törümizem bosagamyz ýaly, haçan görseň gum-gukluk. Hernä şükür, sen bar, sen dagy bolmasaň ýekelikden ýaňa içiň gysybam öljek… Aýdypdyrlar-a öňküler: “Çagaly öý bazar, çagasyz öý…”… Umuman bilýänsiň özüň, adyny tutup durmaýyn-la şol eýesiziň! Dilime-de alasym gelenok, birhili!

Öý sözüne dyngy berdi-de uludan demini aldy. Näme üçindir birden ýuwaşady. Soňam pessaý ses bilen üstüni ýetirdi:

- Bu aşaky gatdaky goňşularam şeýle. Dogrusy heniz olaryň-a jagyl-juguly ýok welin, olam näme, uzakda däl, ýetip gelýändigi gelni synlanyňda bildirip dur, hä diýmän ýeter, nesip bolsa…Ýöne häzirem olar biziňki ýaly dym-dyrslyk bilen ömürlik ekläp-saklamak hakynda şertnama baglaşmandyrlar. Arada bir gün üçeklerinden jyklap gördüm. Ikijigi ýanaşypjyk oturypjyk, haýsydyr bir konserte tomaşa edýärler… Tüweleme, allanämelik… Biz bolsa iki erkek, dört diwar, astymyzam beton, üstümizem… Edil Krit adasynyň labirintinde azaşan kölegeler ýaly aýlanjyrap ýörüs… Äý bolýar-la, özüň gowy bilýänsiň-le! Meniň-ä saňa diýip-diýip dilim syryldy-diýdi-de tersine döndi.

-Men näme, garşy bolýarynmy-aý?!-diýip ol ýüzüni sallap oturşyna dostuna jogap berdi:-Ol arada Gulýanam-a özüň…

-Goý, goý şony!-diýip ot basylana dönen öý onuň al-petinden aldy:-Arwah diý, jyn diý, şony bir agzama, keremli Hakyň hakyna agzamaweri-how, sadagaň bolaýyn agzamaweri! Goýaweri gardaş, goýaweri, agzama adyny, “gurt agzasaň gurt geler” diýipdirler, birden gulagy beýlekisi şaňlap, gelibermesin häli! Gaýtmyşym diý, hälem giç dälkä, diýmedigim diý!

Dostunyň bolşuna onuň gülküsi tutdy. Dili gijäp durandygy sebäpli oňa gyjalat bermän saklanyp bilmedi:

-Ne beýle ot alyberdiň-le, ýaňyjadam-a özüň meniň bilen bu ugurdan wagyz-nesihat işlerini güýçlendirilen depginlerde geçip durduň-la! Bi nä Gulýanyň adyny agzadym welin, meniň sallahlygymyň öňüni alyş işlerini durmuşa geçirmek meýilnamalaryňy demir gapyrjaga gizläberdiň-le?! Hut göz açyp-ýumasy salym mundan ozalam-a gapdal goňşynyň igesine gözüň gidip durdy!

-Goýaweri, goýaweri, agzama adyny, albassynyň!-diýip öý aşhananyň diwarlary, penjiresi, üçegi-asty bilen düýrügip, ýygryldy:-Ilkiagşam albassyny agzasaň, geler.

Toba, toba, şonuň özüniň gelmeg-ä däl, adyny agzamaly bolsa-da, öňki gürrüňleri diýmedigimiz saňa, müjerret ötseňem razy!

Ol dostunyň birden jowranyberşine pyňkyrdy:

-A-how, dost, beýdip, bir bendäniň gül ýaly maşgalasyny albassa, arwah-jyna deňäp durmasana! Gül ýaly gyz ahyry! Özüň aýtdyň ahbetin: "görmegeýini tap, owadanyny tap, beýleki öýler her gezek özlerinden girip-çykýanlar bilen deňeşdirenlerinde, bahyllykdan ýaňa içjagazlary dagy edil ýöne peşe gaýtarmak üçin ders ýakylandaky dek tükeniksiz tütäp-burugsap durar ýaly edeli-le, ýogsa hol birinji gatdaky aýdymçy gyzyň öýi her sapar gabat gelşilende dodagyny çöwren bolýar" diýip. Menem işdeş gyzlarymyň arasyndan iň owadany diýip saýlap-seçip, bäriklikgän myhmançylyga çagyrdym. Ýarym sagadam-a çydap bilmediň, "ugrat bejit, ugradywer basymrag"-y diwananyň sanawajyna dönderip, gaýtalaberdiň-le yzyny üzmän, derrew-derrewden…

-Haý ýigid-ä aýtdy-ow, ýagşam bir gep tapdy-ow ýigid-ä, pah-pah oňadam bir iş bitirdi-ow, gowam bir "iň owadany" eken. Saçy dagys-a oglanmy gyzmy biler ýaly däl, çalnan reňklerinden ýaňa ýüz-keşbi-de "Adobe Photoshop" programmasynda emelsiziň ýasan suratyna çalym edýär. Kaddy-kamaty diýseň, bir sykym, özüňe zor salyp, gözleriňi dagam gaýym ýumup, onuň üstündenem ok geçirmeýän kewlardan gara mata bilen daňyp, bagryňa basaýan ýagdaýyňda-da gujagyňa syryk girdimikä diýdirjek, näçe gyssaňam gysymyňa zat iljek gümanasy ýok. Maşgala diýeniň bir, ötüki häki bolsa… Adamçylyk, durmuşdyr, birden penjek-beýlekiden galan-gaçan ilik-beýleki gözläp şifonýere girmeli dagy bolsa, gapysyndan diňe gapdallykgan sygsyn-la, yzyna-da birküç sany bolup ýüp-beýleki bilen dartyp çykarmaly bolsun-la, gysymlan ýeriňem çogup çykyp dursun-la! Ötüki häki, öýde sowadyjyny öteräk işletseň şonuň şemalyna-da otagyň içinde gaýmalaklap ýörjek bolsa, her sapar tutup-gapyp ýere düşürmeli bolsa gelşiksiz bolar ahyry… Iň erbedem, gepine-sözüne düşer ýaly däl, ol saçy kesilmedik saçy kesilmän galanyň! Ýadyma düşende inim tikeneklâberýär edil!

Öý göýä, hakykatdanam galpyldaýandygyny subut etmek isleýän dek penjiräniň aýnalary bilen çalaja titrän boldy-da, zeýrenjini dowam etdi:

-Hamana diýip-diýip diýmezini çykaryp, aýdyp-aýdyp, aýtmazyny çykaryp, türkmen aganyň ýüz müňlerçe söz baýlygynyň soňuna sogan ekip tükeden ýaly, gire-girmäşe "ow, gud, niçego sebe, erbet ne žiwýom ýaly-la görýän welin, gud, wery-wery gud" diýiberdi welin, men-ä asyl ýöne, şol işigiň agzynda sizi garşylap duran ýerimden: "bu bendäň çagasy başyny başlanyndan gepini-sözüni Anna ejäniň bulamagyna dönderdi welin, bäbeklikde sallançakdan beýlekiden gaçyraýdylarmyka, bi görgüsi ýamany ýa" diýşime lampa aşak çökäýendirin. Soňam-how ol, entek geleni ýaňy, gireni ýaňy, ertekidäki baýyň baýry aýaly dek maňa-da eýe çykyp barýar. Dilini ýuwdana dönen seni öz öýüne myhmançylyga çagyryp, indem öýi bilen tanyşdyrýan ýaly, yzyna tirkäp, aýlanyp ýörşüne, käte bir "well, well" diýen bolýar. Arasynda-da göýä özi eýesi dek: "Wot etot şkaf gerek däl, wybros, niçego, niçego, aladalanma, my seniň willaňa täze dizaýn dadim" diýen bolýar. Meniň-ä ýöne, onuň bihaýalygyndan ýaňa demim tutulaýandyr, ýene-de sen: "gepleme, gaýrat et, zat diýme, ilk-ä öýe çagyryp, soňam ýüzüni alyp goýberseň uslyp däl" diýip pyşyrdap, özüňi öldüräýjek bolup duraňsoň, o

modanyň iň soňky goh-galmagalyny çem gelen ýerinden asyşdyran dürli-dümen dürüşdä kelam agyz söz aýtmadym. Ýogsa ýarym agyz, çärýek agyz diýere-aýdara zadam ýok däl ýalydy welin…

Ol güldi:

-Goýsana-aýt dost, indi ýow gaýtarylandan soň batyrsyran bolmasana. Gulýany gören badyňa lam-jim bolmadyňmy nä?! Bir dodagyňy müňküldedip: “ugradyweri-how muny, çaltrak bu bela-beteri dep edeweri!” diýen jümläni eşidiler-eşidilmez gaýtalamaga het etdiň, başga zad-a gaýratyň çatmady. Iň alysky otaga girip, busurylyp oturyberdiň ahyry. Bilemok, günäňi götermäýin welin, şo mahal aýdyp bilen hudaýýolyň-a aýdansyň, özi?!

Penjiräniň aýnasynyň ýüzünde der damjalary göründi. Bu öýüň utanjyndan gyzardygydy. Dostunyň ýagdaýyna düşüş adam oňa dözmedi. Gülümsiremesini goýdy-da, töwirini galdyrdy. Soňra saçagy ýygnap başlady.

-Hany, bu ýaňka-ýaňkamyzdan netije ýok. Beýdip oturanymyz bilen Gulýa Güljahana öwrülenok, olam bizi sorap-idäp gelenok. Ondan gowusy gideli-de birsalym telewizor göreli.

-Dogry-da walla, gorkduň diýjek bolýarsyň! Gözüň öwrenişmedik bolsa, ilkinji gezek görýän bolsaň sen-ä gorkmaga beýlede dursun, ürküp-tazygyp öýdenem çykyp giderdiň, häli!-diýip öý, dostunyň öňüne düşüp barşyna hüňürdedi:-Onsoňam-how är gorkanda özgäniň gorkuşynyň çeni-çaky hem bolýan däldir. Edil ýöne gorkmagyňam gözüni çykaraýýandyr, ol!

-Bolýar-how, bolýar, menem gorkýan şondan, ýöne günde işde görüp ýörenim üçin gorkmadyk bolan bolýaryn.

-Şeýdip boýun al ahyry, ýogsa “gorkýaň” diýdiň, “batyrsyraýaň” diýdiň…

Soňra dostlar iki bolup telewizor gördüler. Sagadyň dili biri-birine şah direşip itinişýän birýaşar öküzçeler ýaly on birlik san bilen darkaş gurup ugranyndan soň ol telewizory öçürdi-de, düşegine geçdi. Ýaňy telewizoryň öňünde irkilip barsa-da, bir zatlar okamasa ukusynyň tutmajagyny bilýärdi. Şonuň üçinem ol başujundaky gülçyrany ýakdy-da, ýerinden turup, kitap tekjesiniň ýanyna bardy.

-Haýsyny okaly?-diýip dostuna geňeşdi.

-Hol geçen hepde satyn alan kitabyň bar-a, nämedir onuň ady?

-“Ömür kerwenimi”?

-Hawa, hawa, hut şol. Şonda “Ýetimleriň baýramy” diýip bir, neme bar, şony okaýaly.

-A-how dost, ony geçen hepdede iki okamadykmy, nä?

-Ýene-de okaly, näme gowy zady kän okanyň bilen erbede öwrülýärmi, eýsem? Sözleri üýtgeşik onuň, şeýlebir datly welin, okadygyňça okasyň, has dogrusy iýdigiňçe iýesiň gelýär.

-Onyň-a dogry-la, gowy zady kän okadygyňça ol hasam gowlanýan ýaly birhili. Şony okaýaly.

Ol gaýtadan ýerine geçdi-de, kitabyň gatyny açdy. Daşyndan okap ugrady.

-Içiňden okaber, barybir men seni eşidýärin ahbetin!-diýip öý, gerşini bikesi sypaýan pişik ýaly myrlady.

Ol içinden okap ugrady. Birhaýukdan soň kitapda ýazylan süýji sözlere, inçe duýgulara meýmirän dostlaryň ikisini-de uky bürüp ugrady. Olar ymykly uklap barýarkalar öý, dostuna darlyk etmesin diýýän dek, diwaryny onuň düşeginden biraz daşraga çekdi-de, pessaý pyşyrdady:

-Dost diýýän-ä, ýaňy bir sözüňde “Güljemal” diýdiň welin, kim ol, ýa ýöne diliň ugruna diýip goýberäýdiňmi?

-Haý zaluwat, gyz-pyz diýseň seniňem gulagyňa kemje-kerdem ýaramaýar-ow! Ýok, bar. Olam işdeşim-diýip ol oýaly-ukuly hümürdedi.

-Owadanmy?

-Juda!

-Nähili owadan?

-Gözleri mylaýym, ýüzüne seredýäň welin, göwnüňe bolmasa gözleriňe mähir-muhabbetiň hut özi dikanlap garaýan ýaly, edil ýöne bagryňy eredip barýar.

-Hä, bagryňy diýsene!-diýip öý diwarlaryny dostuna ýakynrak süýşürdi-de, göýä kimdir biriniň özüni eşitmeginden çekinýän dek, onuň gulagyna egildi:-Onda ertir-de birigün-de alyp gel, tanşaly, ýogsa bu ýerde hemişe ýeke ikimizden başga kişi bolmasa, ötüki häki ýaly bolup dur, göwnüme bolmasa. Bolýarmy?

-Bolýar welin, hany ýataly-la!-diýip ol beýlesine döndi. Öýem sesini çykarman diwaryny öňki ýerine süýşürdi-de, penjire gözlerini tuty gabaklary bilen örtdi. Dostlaryň ikisi-de ýagşy niýetleri bilen bilelikde uklap galdylar…

…Olaryň her güni hem şunuň ýaly geçýärdi. Göwnüňe bolmasa-da olar üçin biri-birlerinden özge ynsdan-jynsdan hiç kes derkar däl ýalydy. Ýöne käte-käteler welin, birden-birden olaryň göwnüne bolmasa, öý aýtmyşlaýyn: “ötüki häki ýaly” bolup başlaýar. Bu-da elbetde öz-özünden düşnükli zat. Çünki: “ýekelik Hudaýa ýagşy” diýýär türkmenler...

## Gaýrat

…Sergiler öýüniň günbatar diwary tutuş aýnadan bolandygy sebäpli, sergä çykarylan suratlar hem, olary üns bilen synlap, aýlanjyrap ýören birlän-ikilän tomaşaçylar hem pyýada ýodasy bilen geçip barýan ötegçiler üçin eliň aýasynda ýalydy. Şeýle sergiler üçin ýörite niýetlenen giň däliziň diwarlarynda dürli reňkli, dürli äheňdäki, pynhan-u-aç-açan manyly suratlaryň otuza golaýy bardy…

…Güneşe baý “dört pasylyň ýurdunyň” özüneçekiji täsinlige beslenen manzaralary[1]…

…Gyratyň üstünde ellerini giň açyp, çapuwyň ýelginine ezýaka köýnegini galgadyp barşyna, süňňüni doldurýan bagtyna bäs gelip bilmän, aýdyma gygyrýan jahyl…

…Ýyllaryň-ýelleriň gazabyndan gemrik-gemrik bolan daşlaryny sereşläp, asmana sütün bolmaga dalaş edýän dek, howalanyp duran garry gaýanyň çür başynda, şahalary harasat-tupanlara omrulan bolsa-da, teşnelikden ýaňa gabygy darka-darka ýarylyp, ýapraklary dökülip dursa-da, barybir gowgaly dünýäniň ähli apatlarynyň öňünde ýan bermän, ösüp oturan ýalňyz agaç…

[1]Manzara-peýzaž.

…Näz bilen jilwe taşlap, uz ýöräp seýkin basyp barşyna, elinden gaçyran almasyny almakçy bolup aşak eglende, kimdir biriniň özüni görmeginden çekinýän ýaly, gabak astyndan assyrynlyk bilen gyýa-gyýa garaýan gözel…

…Almasyny gaçyran gyza juda çalym edýän gelniň daşynda ylgaşýan garagol ekizjeler, olaryň depesine gümmez bolýan mawulykda, ýürek gopduryjy aýralygyň, baky hoşlaşygyň tükeniksiz aýdymyna çalym edip, boýnuny burup, tenha özi gözýetim sary uçup barýan ýalňyz durna…

…Depelerinden guýýan sowuk hem mährewsiz ýagyşdan kert gaýanyň astynda gizlenip, ezilen eşiklerini guratmak üçin öl-myžžyk çöp-çalamy otlap bilmän köseňýän, ýüzi-gözi eňşäp duran, yzgytsyz agasyna, soňkuja otlyçöpüni otlap, köräp duran ysgynsyzja bolsa-da, ýiti yşyjagy bilen gözüňi deşip gelýän otjagazy goşawujynda, çapgyn ýelden penalap uzadýan, keşbi mähirden doly inisi, olaryň ýeňsesinden gyňyr bulutlary nurly şöhleleriniň öňünden syryp, arşyň meňzini açyp gelýän günüň ýagtysy…

…Gorkudan hem howsaladan püre-pür bolan gözleri şakäse ýaly tegelenip duran ýigdekçäni çekip çykarmaga güýji ýetmese-de, iň bolmanda ony düýbi görünmeýän, tüm-garaňky gorpa gaçyrmazlyga çalşyp, ony saklap bilmedik ýagdaýynda bolsa onuň bilen bilelikde ölmäge taýyn bolup, ähli je güýç-gaýratyny jemläp dyzaýan, keşbi meňzemese-de, gözleri ýigdekçäniňkä juda çalymdaş oglanjyk…

Suratlaryň her biriniň ýanynda ep-esli durup, olary ünsli synlaýan tomaşaçylaryň hiç haýsy sergiler öýüniň işiginden giren görmegeý gyza üns bermedi. Ol bolsa her pursady hasaply habarçylara mahsus gyssanmaçlyk bilen egninden asylgy haly sebetjiginden çaklaňja fotoapparaty çykardy-da, sergä çykarylan suratlary, tomaşaçylary surata düşürip ugrady. Birsellem başga hiç zada baş galdyrman surata düşürenden soňra ol fotoapparatyny ýygnap, sebetjiginden kinniwanja ses ýazýan enjamyny aldy. Gezek-gezegine tomaşaçylaryň her haýsynyň ýanyna ýakynlap, däliziň içindäki dym-dyrslygy bozmakdan çekinýän dek, olar bilen pessaý pyşyrdaşmaga başlady. Birhaýukdan soň bolsa olaryň arasyndan saýlandy-da, giň däliziň günorta künjünde, ak saçly, gartaşan adam bilen gepleşip, maýyplaryň tigirçekli oturgyjynda oturan, otuz ýaşlaryndaky ýigdiň ýanyna golaýlady.

Olaryň söhbetdeşliginiň arasyny bozýandygyna gypynç etmän:

-Salam! Bagyşlaň, siz suratkeş Döwranmyrat Gandymowmy? Bu siziň eserleriňiziň sergisi dälmi?-diýip, maýyp ýigde dogumly ýüzlendi.

Ýigdiň söhbetdeşi gürrüňiň arasynyň bozulandygyna närazy şekilde gaşlaryny gerdi. Ýigit bolsa gyzyň dogumly gep urşuna geňirgenip:

-Hawa, men!-diýip gysgajyk jogap gaýtardy-da, ýene-de söhbetdeşi bilen arasy kesilen gürrüňine dolanmakçy boldy. Emma dogumly gyz olaryň närazylygyna üns bermedi:

-Siziň gürrüňiziň arasyny bölýändigim üçin ýene-de bir gezek bagyşlaň welin, men habarçy. Şu wagt sergiler öýüne siziň eserleriňiz barada giňişleýin maglumat taýýarlamak barada tabşyryk bilen gyssanmaç ugratdylar. Maglumaty neşirimiziň ertirki sanyna ýetişdirmeli, şonuň üçin siz özüňiziň gymmatly wagtyňyzyň birazajygyny maňa sarp edäýiň-dä!-diýip habarçy gyz ilki maýyp ýigde ýüzlendi. Soňam:

-Sizem maňa gaharlanmaýyň-da! Biz derrew tamamlarys. Men ýogsa ýetişmerin. Häzir iş ýerime baryp men Döwranmyradyň aýtjak zatlaryny kagyza-da ýazmaly ahyry. Onsoň olary taraşlap, redaktora-da okatmaga ýetişmeli-diýip boýnuny burdy.

Gyzyň ýarym oýun ýarym çyn, haýyş ediji äheňde aýdan sözlerine söhbetdeşleriň ikisi-de myssa ýylgyryşdylar. Suratkeş ýigdiň söhbetdeşi mylaýymlyk bilen:

-Gyzym, Döwran janyň wagtynyň “birazajygyny” dileýän bolsaň biziň garşylygymyz bolmaz. Bu ýerde päsgel bererler öýtseňiz, ine, şol gapy, dynç alyş otagynyňkydyr. Söhbetdeşligiňizi şol ýerde geçirseňiz hem bolar-diýdi-de, tomaşaçylara tarap ýöneldi.

Onuň yzyndan:

-Sag boluň!-diýip galan habarçy gyz Döwrana geňirgenmek bilen garady: -Döwran, bu kimdi?

-Şu sergiler öýüniň direktory.

-Wiý, men ýüzügarany!-diýip habarçy gyz birenaýy bolup, ýaňaklaryny gülgüne öwüsdirip gyzardy:-“Bu gyzyň utançsyz bihaýadygyny” diýendir şu wagt!

-Kim? Muhammet agamy? Ýok-la, ol hiç wagt hiç kimden gaty görmeýär ahyry!-diýip Döwran ýylgyrdy-da, oturgyjyny dynç alyş otagyna tarap öwürdi:-Ýörüň, şol otaga geçäýeliň, gyzlar bize bir käse çaý hem getirip bererler. Näme soragyňyz bolsa çaý başynda beriberersiňiz-dä.

Olar tirkeşip otaga girdiler. Ornaşyp-ornaşmankalar işik açyldy-da, ýaşajyk gyzyň ýüzi göründi.

-Döwran aga, meni Muhammet aga ugratdy. Size näme alaýyn? Kofemi ýa-da çaý?

-“Maňa bir boş çüýşejik getiriň, şol seniň janyňy saklar örän jaý”-diýip Döwran Gurbannazar şahyryň sözleri bilen degişdi-de, habarçy gyza soragly garady:-Neme, bagyşlaň, siziň adyňyzy hem soramandyryn, siz çaý içýärsiňizmi ýa-da kofe?

-Jennet. Maňa kyn görmeseňiz çaý getiräýiň.

-Onda bir çäýnek çaý alaýyň.

-Bolýar häzir getirerin.

Gyz işigi ýapdy.

-Ýeri, soraberiň, men jogap bermäge taýyn-diýip Döwran oturgyjyny biraz öňe sürdi-de, Jennediň gabat-garşysyna geçdi. Jennet ses ýazýan enjamyny işledip, ony öňünde goýdy. Soňra ykjamlandy-da, Döwranyň ýüzüne seretdi:

-Döwran, her bir suratkeşiň, umuman islendik sungat adamsynyň diňe onuň özüne mahsus işleýiş, beýan ediş usuly bolşy ýaly, meniň hem öz işleýiş usulym bar. Men söhbetdeşlik geçirenimde sorag berip adamlary çekeläp durmagy kän bir halamaýaryn. Siz gowusy özüňiz, öz işiňiz, eserleriňiz barada göwnüňiziň islän zadyny aýdyň. Onsoň men, eger gerek bolsa size goşmaça soraglary beräýerin.

Döwran oýurgandy. Ýeňsesini gaşady.

-Bä-ä, Jennet, siz-ä meni kyn ýagdaýa goýaýdyňyz. Men nämeden başlap, nämeler hakynda gürrüň bersemkäm?

-Kyn zady ýok ahyry, Döwran. Çagalygyňyz barada, sungata gelşiňiz barada, eserleriňiz üçin şekilleri nireden alýandygyňyz hakynda gürrüň beräýiň ýa-da bolmasa, göni öz durmuşyňyz hakda gürrüňe başlamagy kyn görseňiz öz eserleriňizden has gowy

görýänleriňiziň döreýşi, olaryň aňladýan manysy barada aýdaýyň. Siz gürrüňiň başy-aýagy bolmaz diýip alada etmäň, men soň kagyza geçirenimde tertibe salaryn.

Döwran ýene-de pikire batdy. Az salym dymyp durdy-da:

-Jennet, siz gowusy haýsy surat gyzyklandyrýan bolsa, şol barada soraň. Men-ä ilkinji gezek habarçy bilen söhbetdeş bolýandygym üçin kelebimiň ujuny ýitirendirin-diýdi.

-Ýeri bolýar, ine dälizde siziň dürli temalardan döreden eserleriňiziň otuza golaýy sergä çykarylypdyr. Ýöne şolaryň içinde alty sany eseriň daşynyň tomaşaçysy has köp ýaly. Ýöne elbetde bu meniň şahsy pikirim.

Döwranyň ýüzünde gyzyklanma göründi.

-Haýsy suratlar?

-Ellerini giň açyp, at çapyp barýan ýigdekçe…-diýip Jennet sanap ugrady.

-“Bagt”-diýip Döwran pessaý hümürdäp eseriň adyny aýtdy.

-Uçut gaýanyň depesindäki ýalňyz agaç…

-“Ýanbermezlik”

-Almasyny gaçyran gyz…

-“Söýgi”

-Gelin, garagol ekizjeler we ýalňyz durna…

-“Aýralyk”

-Çabgadan gizlenip, ot ýakynmaga çytraşýan doganlar…

-“Mähir”

-Ýigdekçäni gorpa gaçyrmajak bolup dyzaýan oglanjyk…

-“Gaýrat”

-Ine şu eserleriňiz barada gürrüň beräýseňiz, Döwran!-diýip Jennet sözüne dyngy berdi.

-Özümiň iň gowy görýän suratlarymy sanadyňyz, Jennet!-diýdi-de Döwran uludan demini aldy:-Men size şolaryň döreýşi barada aýdyp bereýin, onda…

*****

…Köpi gören ýaşuly adamlar köplenç biriniň başyndan inen betbagtçylyk barada eşidenlerinde “beterinden saklasyn” diýgiç bolýarlar. Beterinden saklasyn! Gör, bu sözüň aňyrsynda nähili ymgyr hem çuň many ýatyr! Türkmen aga bu dilegine özüniň takdyra ten berýän tükeniksiz şükranalygyny hem, galagoply zamanalaryň harasadyndan alyp çykan durmuşy paýhasyny hem siňdiripdir. Şol bir wagtda-da başyna külpet inen bendä: “gazap atyna atlanma, küpür gepleme, Alladan dilgir bolma, ýeriň ýüzünde bir ýerde, betbagtlyklaryň aýylganjy bar bolsa, ondan aňyrda ondan has beter ýowuz keçligiň bardygyny unutma, Ýaradanyň özi seni şondan gorapdyr!” diýip teselli berýän ýaly…

Emma haçan-da şol keçlikleriň keçligi, betbagtçylyklaryň betbagtçylygy seniň üstüňe labyryny atanda ol ýerde ýagşy dilegiňem, umydyňam, durmuşy paýhasyňam, “beterinden saklasyn” diýen mynajatyňam peýdasy ýok. Umytsyzlyk, doýgunlyk, nalajylyk seniň üstüňe topulýar-da, edil bogazyna ýedi gat dowzah sygýan Kabus ýaly

kalbyňy, özüňi, tutuş dünýäňi ýuwdup, tüm-garaňky holtumyna dykyp taşlaýar. Onsoň şol tükeniksiz tümlügiň içinde, Kuhy-Kap dagynyň zulmata beslenen jülgelerine sürgün edilen benijanlar kimin iki-ýana pelesaň kakyp ýörsüň. Özem şeýle betbagtlygyň haçan başyňdan injegini, nireden saňa zowal ýetjegini birjik-de şübhe etmeýärsiň.

Özüňi bileliň bäri daş-töweregiňi gabsaýan dünýäniň ähli reňkleriniň, şekilleriniň tagamyny, ysyny, lezzetini duýup, olaryň her bir hereketiniň, her bir ygşyldysynyň iň ajaýyp pursatlaryny doňduryp, kalbyňda alyp galmaga endik edendigiňe, keremli Perwerdigäriň saňa şeýlekin nepis-näzik zehini bagyş kylanyna, şol zehiniňi-ukybyňy ösdürmäge, ony özüň üçin, il-gün, adamlar üçin peýdalanmaga mümkinçilik berendigine begenip ýaşap ýörsüň. Günde okuwyňa gidip, kärine ezber halypalaryňdan sapak alyp, zehiniňi has hem sünnäleýärsiň. Sapaklardan boş wagtyň bolsa surat tagtaňy, reňkleriňi, çotgalaryňy, kagyz-galamyňy gujaklap, baýyrlara gidip, agşam şapagynyň şekilini çekýärsiň, gündiziň güneşini çekýärsiň, daglaryň keşbini, gülleriň yşgyny, düzleriň şemalyny, çölüň sähralaryny çekýärsiň. Şolaryň ählisini çekip bilýändigiňe guwanybam çekmeýän zadyň ýok.

Gurbannazar şahyryň şygryndaky gün çekse-de, gül çekse-de adama meňzeş bolýan oglanjygyňky ýaly, seniňem suratlaryň entek biri-birine juda kybapdaş, näme çekseň-de entek jansyz. Emma bu ýagdaýa sen gynanyp hem durmaýarsyň. Halypalaryň aýdyşlary dek, işläberseň uzagyndan olara assa-ýuwaşdan jan girip ugrajakdygyna janyň-teniň bilen ynanýarsyň. Sebäbi sen özüňde çekýän suratlaryňa jan girizip biljek zehiniň bardygyny ömrüň her pursadynda duýýarsyň.

Her demiňi alanyňda-da şol zehiniň tizräk taplanyp, kämillige ýetmegini, soňam çekýän şekilleriňe jan girizmegini küýsäp ýaşaýarsyň. Her bir edýän hereketiň, her bir görýän zadyň hem saňa öz zehiniňi kämilleşdirmek üçin serişde bolup hyzmat edýär. Sen asla sungatyňdan, zehiniňden özge hiç zadyň pikirini edip bilmeýärsiň. Türkmen sährasynyň säherleriniň tämizligini dem alyp, dem alyp zehiniňe siňdirmek üçin guşlar bilen deň oýanyp, çöle garşy ylgap gidýärsiň. Zehiniňi buýsançly duýgulara eýlemek üçin, eliň sypyndygy daýhan birleşigiň athanasyna gidip, saýlama tohum bedewleriň üstünde çapýarsyň. Çapuw ýelgininiň badyna kükregiňi tutup barşyňa, goltugyňy gyjyklaýan bedew üstüniň şemaly kalbyňy şatlykdan dolduranda, begenjiňe bäs gelip bilmän, giden ýorunjalyk meýdany ýaňlandyryp aýdyma zowladýarsyň. Asyrlaryň danalygyna dahylly bolmak üçin müňlerçe ýyllaryň dowamynda dünýäniň ähli gowusyna-erbedine şaýat bolup, öz dana dym-dyrslygy bilen barça zadyň bahasyny ölçerip ýatan daglara barýarsyň. Geljekki çekjek şekilleriňe ýagyşlaryň-garlaryň ysyny siňdirmek üçin çabganyň astynda ylgaýarsyň, syrgynlaryň garşysyna sürünýärsiň. Özüňem şeýlebir bagtly, şeýlebir bagtly… Sebäbi seniň ukybyň bar, zehiniň bar, söýýän hünäriňi özleşdirmek bilen meşgullanýarsyň, tejribe ýüki ýetik halypalaryň bar…

Emma birden…Bu zatlaryň barynyň üstüne ýekeje gün, ýekeje pursat atanak çekýär. Dogrusy, atanagam çekmeýär-de mynjyradýar. Edil, şol gün, kakaň köneje “Ural” kysymly motosikletinde dükandan gelýärkäň, öňüňe çolaşan çagajygy çakmajak bolup, ulagyňy tutluga sowanyňda, dim-dik göterilip agdarylanda gap biliňden gaýdyp, oňurgaňy mynjyradan motosiklet ýaly, seniň ähli arzuwlaryňy, ykbalyňy, geljegiňi, bagtyňy, zehiniňi mynjyradýar…

Soň bolsa ine, şol ýaňky aýdýan, betbagtçylyklaryň iň aýylganjy başlanýar. Seniň bolsa oňa garşy göreşmäge hiç zadyň ýok, hatda şol türkmençilikde aýdylýan: “beterinden saklasyn” diýen dilegi diýmek üçin diliňem hereket etmeýär. Eliň-aýagyň, diliň, kelläň…tutuş göwräň jansyz jeset ýaly hiç-hili gymyldy-hereketsiz, şalkyldap ýatyr…Jansyz jeset ýaly…

Jansyz jeset bolanyňam gowy ondan! Sebäbi jeset hiç zady duýmaýar, görmeýär, ol oýlanmaýar. Sen bolsa ähli zady görýärsiň, duýýarsyň, oýlanýarsyň, gynanýarsyň, begenýärsiň, diňe hiç-hili hereket edip bilmeýärsiň, hatda gepläbem bileňok…Şeýlebir aýylganç bu! Şeýlebir elhenç welin, çydar dagy eder ýaly däl, hatda ulililiň bilen ses edip aglabam bilmeýärsiň…diňe biygtyýar gözýaşlar ejeň, doganlaryň, daş-töweregiňdäkileriň bagryny dilim-dilim dilimläp, gözüňden şol akyp durlar, şol akyp durlar… bir gün däl, iki gün däl, tükeniksiz şol akyp durlar…

Beýle kämil jezany, şeýle doly hem gutarnykly bendiligi hiç bir doňýürek jellat oýlap tapyp bilmez!... Orta asyrlarda, aýaklaryna “ölýänçä ömürlik” diýen ýazgyly gandal urlup, zyndana taşlanan bendilerem iň bolmanda dört diwaryň içinde bolsa-da hereket edip bilipdirler. Özleri ýaly garamaňlaýlar bilen gepleşmäge mümkinçilikleri bolupdyr. Emma seniň ýagdaýyň welin, şol bendileriň hem iň işigaýdanynyň ykbalyny bagt hökmünde arzuw etmäge mejbur edýär. Sebäbi sen tutuş göwrümi bir goşawuçdan uly bolmadyk kelleçanagyň bendisi. Seniň kalbyň öz mejalsyz teniň ýesiri…Urunmaga eliň-aýagyň ýok, gygyrmaga-da diliň…Gije-gündiz şol bir goşawuç göwrümli süňkden gapyrjagyň içinde…Ol zyndandaky bendileriňki ýaly ahyry bir gün erkinlige çykaryn diýen umydyň hem ýok…Bir gün däl, bir hepde, bir aý, bir ýyl däl, süýnmek sakgyç ýaly süýnüp, geçmän geçýän tükeniksiz günler, üznüksiz hepdeler, sansyz aýlar, şol bir goşawuç göwrümli süňkden gapyrjagyň içinde… Hatda öleýin diýeniň bilen ölübem bilmeýärsiň. Diňe şol daş-töweregiňi görüp, synlap, oýlanyp, duýup, her pursatda ölüp bilmän ölüp ýatyrsyň. Biygtyýar gözýaşlar bolsa gözleriň çetinden şol dökülip dur, şol dökülip dur…

…Gijemi-gündizmi, belli bir wagty ýok, arasynda-da, edil goýy, şepbeşik läbige gaçan ýaly, alasarmyk uka gidýärsiň. Ymyzgandygyňam tämiz asmanyň astynda, gözýetimden gözýetime garşy uzalyp gidýän, aňyrsy-bärsine göz ýetmeýän ýorunjalyk meýdanda, gyr bedewiň üstünde ellerini giň açyp barýan ýigit düýşüňe girýär. Onuň ezýaka köýnegi çapuw ýelginine baýdak bolup pasyrdaýar, bagtyna bäs gelip bilmeýän jahyl bolsa bagt hakda, şatlyk hakda, ýaşlyk hakda, gözellik hakda, sungat hakda, zehin hakda, saglyk hakda aýdyma gygyrýar…Birdenem depäňden buz ýaly sowuk suw guýlana dönüp, oýanýarsyň. Onsoň ýene-de goşawuç göwrümli süňkden gapyrjagyň içine gabalan bendiwan ruh hakynda pikirler aňyňa gelýär, ýene-de gözleriň çetinden ajy damjalar dökülip başlaýar…Her günem şeýle… Bu jezalalaryň jelladyndan sypma-da ýok, halas bolma-da ýok…

Şeýle ýagdaýda, tükeniksiz ezýetiň tümlüginde ýyl ýaryma golaý wagt geçdi. Men sagalmakdan geçen, gaýta gün-günden haýallaýardym. Halym teňdi. Ejem bilen doganlarym günde-günaşa eýläk-beýläk öwrüp, meni ýuwup-ardyp, arkamy, endamymy derman-däri bilen süpürip dursalar-da, soňabaka arkamda suwjaryp duran ýaralar emele gelip ugrady. Meniň özüm bolsa sagalmak hakynda jinnek ýaly pikirem etmeýärdim,

umydym hem ýokdy. Kim bilýär belki şeýle halda, galynyp bilmän, uzaga çekmän amanadymy tabşyrmagym hem ahmaldy.

Ýöne günlerde bir gün, meniň hal-ýagdaýymy soramaga çeperçilik mekdebindäki mugallymym Amannazar aga geldi. Ejem bilen hümürdeşip, arasynda-da özüne mahsus wäşilik bilen: “Senem şägirt han, rus ertekisindäki pälwan, Muromly Ilýa ýaly otuz ýyllap peçden düşmän ýatyp-ýatyp, güýç baryny toplap, birdenem pälwan bolup dikeläýjek bolýarsyňmy?“ diýen äheňde degşip, esli oturdy. Alçaklyga salyp, meniň gözlerimiň çetinden üznüksiz syrygyp duran biygtyýar gözýaşlara, gözlerimde doňup galan sessiz nalyşa, ejemiň özüne diýilýänleri diňlemän diýen ýaly, ýöne gepiň gerdişine görä “hä-hawa” beren bolup, muňalyp oturmasyna şunça üns bermediksirese-de, hoşlaşyp turjak bolanda Amannazar aga saklanyp bilmedi.

-Alla kuwwat bersin, gaýrat ediň gelin! Dert beren Alla dermanyny hem berýändir! Bu zatlar juda adam saýlaýan zatlardyr. Irginsizlik bilen, giňgöwrümlilik bilen, takdyra ten bermeklik bilen almasaň, eýgertmez. Gazapdyr-lapykeçlige erkiňi aldyrtdygyň, edil gassabyň pyçaga gelen goýny güýlüşi ýaly güýlüp taşlar-diýip ejeme göwünlik berip barşyna, gapa ýetdi-de, togtady. Bosagadan ätlemän, yzyna, meniň ýatan sekimiň ýanyna dolandy.

-Owf!-edip uludan bir demini aldy. Men ýaşuly mugallymyň häsiýetine beletdim. Zanny-ýasawy ýumşak bolandygy zerarly kimdir birine gaty-gaýrym söz diýmegi juda ýokuş görýärdi. Ýumşagrak-berkräk aýdylanyny piňine almaýan, berebekgeýe çyny bilen käýemekçi bolanda ol juda kyn işe başlamakçy bolýan ýaly, şeýle edip, uludan bir demini alýardy. Bu onuň: “Han ogul, meniň-ä senden halys göwnüm geçdi. Sen-ä köşek, walla ynanaý welin, eneň ýagşy, atań ýagş-a gulak gabartmaýan, gepe düşmez tüntaw ekeniň! Indi öte ýumuş görsem-de, saňa çynymy edip bir-iki agyz aýdyp goýbermesem boljak däl, walla ynanaý şuňa!” diýdigidi. Çyny bilen gatyrgananda-da Amannazar aga käýinjini şol sözler bilen başlaýardy. Şol gezegem Amannazar aga özüne mahsus mylaýymlyk bilen maňa käýinip hem göwünlik berip ugrady:

-Sen-how, köşek, beýdip, özüňem, daş-töweregiňem wagtyndan öň gömüp ýatma-da, biraz göwrümi giňräk boljak bolarlar, ýogsa, walla ynanaý şuňa, bu bolup ýatyşyň-a, ötüki häki bolup dur, göwnüme bolmasa! Edil ejesiniň emmesinden ýaňy aýrylan iňňä bäbek ýaly-la seniň bolan bolşuň, walla ynanaý şuňa! Biziň-ä asyl, halys senden göwnümiz geçip barýar, diýmäýin diýsem! Mert bol! Merdi-merdana bol! Tenini kyrk ýyllap gurt gemrip ýatan Eýýup pygamber ruhdan düşmändir, sen hem şeýle bol! Ruhdan düşme! Sende Hudaý beren, hakdan içen zehin bar, ony saňa Haktagalanyň özi külli ynsanyýete gaýym hyzmat etsin diýip bagyş eden bolmaly! A sen bolsa başyňa düşen ilkinji musallatdan ejizläp, sagalmakdan-a geçen, gaýta hak beren zehiniňi hem köýdürip, çar ýanyňy öl-myžžyklykdan dolduryp, ýatyp ýatyrsyň, walla ynanaý şuňa! Senden öňem sungat adamlarynyň başyndan edil seniňki ýaly külpet inipdir. Şolardan görelde al, olar onuň öňünde ýan bermän, dertlerini sungat bilen ýeňipdirler. Ostrowskiý, Belýaýew…Ötüki Sebastýan Bahyň dagy gulagy ker bolsa-da döreden sazlary dagy nähili?! Kerlig-ä beýle-de dursun, iki däl dört gulakly bolanyňda-da, başaryp bilseň döret hany, şeýle sazlary, walla ynanaý şuňa! Miltem edip bilmersiň! Olar han ogul, nädip öz betbagtlyklaryny ýepbeklemegiň hötdesinden gelipdirler?!

Sebäbi köşek, olaryň kalbynda şeýlekin bir üýtgeşik jady – sungat ýaşapdyr. Aby-Köwser ýaly bir zat ahyry, ol sadagasy boldugym! Suwuny içdigiňçe gowzamakdan geçen, gaýta barha köpelip, tagamy süýjäp, durlanyp, tämizlenip-päklenip gidip barýar ol, walla ynanaý şuňa! Sende-de köşek… seniň ýüregiňde-de şeýlekin ajaýyp sungat ýaşaýar. Beýle bagt hemmelere ýetdirip hem durmaýar. Bu bolup ýatyşyňy tüketmeseň welin, bi şalpy-şarañ öl-myžžyklyk bilen kalbyňdaky sungat çeşmesini gurydarsyň. Bir guranyndan soňam onuň gözbaşyny pil bilen-ä däl, ekskawatyr bilen arçasaňam dodak öllärlik nem syzmaz!

Şonda Amannazar aga şeýle edip maňa esli käýindi-de, birsalym dymdy. Diýen zatlaryna müýnürgeýän ýaly başyny aşak salyp durdy. Soňam:

-Ýeri bolýar-la, köşek, Türkmen aga: “baldyry syzlamaýanyň ýanynda baldyrym syzlaýar diýme” diýýärem welin, biziňkem häki bir ötüki-dä! Mugallymçylyk halys ganymyza ornapdyr-da! Kimi görsek öwüt bermäge, akyl bermäge tüýs ýöne endik edäýpdiris, walla ynanaý şuňa! Ýogsa şeýle ýagdaý öz başymyzdan inse nähili boljagymyz näbellidir welin,…Ýeri bolýar, köşek, takal okap halys ýüregiňe düşäýdim öýdýän, men gideýin, sag-aman gutul!-diýdi-de çykyp gitdi.

Gitse-de gitdi welin, ýaşuly mugallymyň ömri uzak bolsun, öz ýumşak käýinji, ýarym gyjytly sözleri bilen birhili meniň ejizlikden, nalajedeýinlikden, lapykeçlikden doly köňlüme sübse çalnan ýaly etdi. Halypamyň sözleri maňa köp zatlary ýatlatdy. Okan kitaplarymdaky hiç bir zadyň öňünde ýan bermän, öz ejizliklerini, öz dertlerini ýeňýän gahrymanlary birme-bir göz öňüme getirip ugradym. Geljegim, geljekde çekjek suratlarym, olaryň öňkülerimden has üýtgeşik boljakdyklary hakdaky oýlar bolsa meniň aňymda üznüksiz gaýtalanyp duran, goşawuç göwrümli süňkden gapyrjagyň içine ebedilik gabalan bendiwan ruh hakynda pikirleri dyr-pytrak edip taşladylar. Şol pursatda-da niredendir bir ýerden Gurbannazar şahyryň “kynçylyk ýok, ejizlik bar dünýäde” diýen sözleri hakydama geldi. Men edil gark bolup barýanyň sypala ýapyşyşy bu sözlere ýapyşdym. Mejalsyz ýatan ellerim bilen däl-de, dişlerim bilen, tutuş durky-düýrmegim bilen ýapyşdym. Amannazar aganyň derdimi sungat bilen ýeňmek hakynda aýdan sözlerini bolsa Gurbannazar şahyryň şol jadyly jümlesi bilen gatyp-garyşdyryp, aňymda müňlerçe gezek gaýtaladym.

Şol gün agşam men öňküm ýaly alasarmyk uka gidenimde-de, düýşümde at çapýan ýigdi däl-de, edil öz gözlerim bilen huşdaky ýaly aýdyň hem anyk ýagdaýda, uçut gaýanyň üstünde ýalňyz ösüp duran agajy gördüm. Suwsuzlykdan ýaňa onuň gabygy darka-darka ýarylypdy, selçeň ýapraklary bolsa meniň umytsyz gözýaşlarym ýaly bolup, käte bir gaýyp ýere gaçýardylar. Harasat-gaýlar onuň şahalaryny omur-jomur edipdiler. Boýy hem düzlükde ösýän agaçlara garanyňda juda pesdi. Emma şonda-da onuň sütünininiň aşaklary ýogyndy. Damar-damar kökleri bilen garry gaýanyň polat kerki ötmeýän daşlaryny pytradyp, gaý-tupanlara döz gelip, tenha özi ösüp oturan agajyň şekilinde nähilidir birhili, hiç zatdan gaýtmajak, yza tesmejek, namartlamajak-naçarlamajak, epilmejek-döwülmejek ýanbermezlik bardy. Asla, ýyllaryň dowamynda gowgaly jahanyň ähli apatlaryna garşy göreşe-göreşe ol agaç, ýanbermezligiň hut özüne öwrülip giden ýalydy. Ol göýä, bulam-bujar şahalaryny belentligiň çar tarapdan öwüsýän ýellerine galgadyp, hiç kimden haraý islemän, delalat dilemän, kömek-goldaw

hantama bolman, buýsançly ösüp oturşy bilen: “Näçe sürünseňiz sürnüberiň, sizden gaýdan namart bolsun!” diýip, jümle-jahanyň ähli bela-beterlerine hemle urýana çalym edýärdi…

Ertesi gün oýananymda men nähilidir bir üýtgeşik ruhubelentlikden dolup oýandym. Goşawuç göwrümli süňkden gapyrjagyň bendisi hakynda pikirler hem aňyma gelmedi, gözlerimiň çetinden biygtyýar damjalar hem dökülmedi. Olaryň deregine “kynçylyk ýok, ejizlik bar dünýäde” diýen jümle bilen, halypamyň derdimi sungat bilen ýeňmek baradaky pikiri göwnümde aýdym-saz bolup ýaňlanyp durdy. Özümi bolsa şol pursat men, edil üstüne ýeller, gaýa, teşnelik, gaý-tupanlar sürünse-de, hiç bir zadyň öňünde ýan bermeýän, ýalňyz agaç ýaly ýanbermez duýýardym. Bu duýgy hem meniň göwnüçökgünlikden ýaňa aglap-aglap ysgyndan düşen köňlümi heýjana getirýärdi.

Şol gün mende ýaşaýşa bolan höwes oýandy. Ýaşasym, sagalasym gelip başlady. Iň esasysy hem, mende kalbymda dörän şol ýalňyz agajyň şekilini çekip, adamlara hakyky ýanbermezligiň nämedigini görkezmegiň başga hiç zat bilen gandyryp bolmajak, çensiz-çaksyz teşneligi döredi. Men sagalmalydym. Hökman sagalmalydym. Şol ýalňyz agajy – hakyky ýanbermezligiň keşbini adamlara görkezmegiň hatyrasyna sagalmalydym. Çünki Hak Perwerdigäriň döreden ýagty jahanynda kynçylyk ýokdy, ejizlik bardy, derdimi hem sungat bilen ýeňmelidim.

Şol günden başlabam meniň pikirlerimiň akymy düýpgöter üýtgedi. Men aňymda özüm üçin ýörite gün tertibini düzdüm. Şol tertibe laýyklykda, men günüň belli-belli wagtlarynda ukym tutmasa-da özümi uklamaga mejbur edýärdim. Belli bir wagtda oýanýardym we esli wagtlap özümiň giň sährada ylgaýanymy, maşk edýänimi, dişiňi döwüp gelýän buz ýaly çeşme suwuna ýuwunýanymy, at çapýanymy göz öňüme getirip ýatýardym. Soňra özüme zor salyp, iň bolmanda ellerimiň ýekeje barmagyny gymyldatmaga dyrjaşýardym. Mejalsyz şalkyldap ýatan ellerimiň bardygyny duýmasam-da, olar meniň özümiňki däl ýaly, meniň ähli erkimi, ruhy dyrjaşmalarymy piňine alman, gymyldy-hereketsiz ýatsalar-da men barybir olary gymyldatmaga çytraşyp ýatýardym. Halys ýadanymdan soň bolsa, hyýalymda surat tagtamy, reňklerimi, çotgalarymy göz öňüme getirýärdim-de, şol ýalňyz agajyň ýa-da at çapyp barýan ýigdekçäniň suratyny çekip başlaýardym.

Men ol suratlary hyýalymda birnäçe günläp çekýärdim, barça ukybymy çugdamlap, ol suratlaryň her bir çyzygyny sünnäläp taraşlaýardym, her bir reňkini saýlap-seçýärdim. Haçan-da çekip bolanymdan soň bolsa ol suratlaryň hyýaly kagyzyny ýyrtýardym-da, ýene-de täzeden, has kämilleşdirip çekip ugraýardym.

Her gün hyýalymda surat çekip ýadanymdan soň men erkimi bir ýere jemläp ýene-de, iň bolmanda birje barmagymy, ýekeje sapar gymyldatmaga dyrjaşýardym. Ejemiň, doganlarymyň kiçijek çemçe bilen agzyma guýýan suwujak naharlaryny hem men öňküm ýaly islemezlik bilen ýuwutman, işdämen iýmäge çalyşýardym. Kä günler bolsa gözlerimi gyrpyldadyp, gözlerim bilen jamdyr-çemçä ümläp, özüme ýene-de nahar bermeklerini hem haýyş edýärdim.

Günler bolsa geçip durdylar. Düýşümde şol ýalňyz agajy görenimden soň takmynan ýarym ýyl geçiberende, günlerde bir gün ejem maňa suw içirip durka men düwündim,

şol wagtam nähili bolandygyny özüm duýmaga-da ýetişmänkäm, çep elimiň süýem barmagy biygtyýar gymyldap gitdi…

…Şondan kän soň, ellerime arkaýyn erk edip, özbaşyma oturyp başlanymdan soň bolsa men ilki bilen garry gaýanyň çür depesinde ýalňyz özi ösüp oturan agajyň suratyny çekdim. Ýanbermezligiň suratyny…

*****

Şeýle diýdi-de Döwran uludan demini alyp, sözüne dyngy berdi. Emaý bilen käsesini alyp, owurtlady:

-Içiňsene, Jennet, çaýyňyz buz bolandyr ahyry!

Döwranyň gürrüňiniň täsirinden çykyp bilmän doňňara-daşa öwrülip galan Jennet allaniçigsi bolup, tisginip gitdi-de:

-Häh! Hä, hawa, men häzir!-diýip çaýly käsesine ýapyşdy. Emma ony agzyna ýetirse-de owurtlaman yzyna goýdy:

-Döwran, ilki…umuman sagalanyňyzdan soň ilki bilen at çapyp barýan ýigdekçäni, “Bagty” çekmediňizmi?

-Ýok, “Bagty” men ýaňy-ýakynda, hemme suratlarymyň soňundan çekdim…

Jennet näme diýjegini bilmän dymdy. Olaryň arasyna oňaýsyz dymyşlyk aralaşdy. Birdenem hälden bäri dilini gijedip duran sorag Jennediň ýadyna düşdi:

-Döwran, siz meni bagyşlaň, umuman bu soragyň biziň söhbetdeşligimize dahyly hem ýok diýseň boljak welin, siz aýtsaňyzlaň, ýalňyz agajy, “Ýanbermezligi” hyýalyňyzda näçe wagtlap çekdiňiz?!

-Bäş ýyllap.

-Bäş ýyllap!!!

Jennet nädip içini çekenini özem duýman galdy. Onuň gözüniň öňünde otagyň bir künjünde gözlerini üçege dikip, gymyldy-hereketsiz ýatan ýigit janlandy. Şol pillede Döwranyň: “…Urunmaga eliň-aýagyň ýok, gygyrmaga-da diliň…Gije-gündiz şol bir goşawuç göwrümli süňkden gapyrjagyň içinde…Bir gün däl, bir hepde, bir aý, bir ýyl däl, süýnmek sakgyç ýaly süýnüp, geçmän geçýän tükeniksiz günler, üznüksiz hepdeler, sansyz aýlar, şol bir goşawuç göwrümli süňkden gapyrjagyň içinde…” diýen sözleri gulagynda ýaňlanyp giden ýaly boldy. Jennet depesinden gaýnag suw guýlan ýaly tisginip gitdi. Ol: “Daş edewersin-eý! Alla jan görkezmäwersin!” diýip içinden pyşyrdanyny duýman galdy.

Jennet göwnüne aralaşan galagoplugy gizlemek üçin aşak bakanda ses ýazýan enjamynyň hälden bäri işläp durandygyna gözi düşdi:

-Wiý, huşum gursun, muny öçürmändirin ekenim ahyry! Hälden boş işläp durupdyr.

Jennet enjamy öçürmekçi bolup eline aldy. Emma:

-Duruň, Jennet öçürmäň, men dowam edibereýin. Tizräk söhbetdeşligimizi tamamlamasak, dälizde sergä gelenleriň hem meni gözlemegi mümkin-diýip Döwran ony saklady.

-Bolýar, onda başlaberiň!-diýip Jennet ses ýazýan enjamyny öňki ýerinde goýdy.

Käsesindäki çaýy sarkyran Döwran bolsa ýene-de çaý guýundy-da, öňki hörpünde gyssanman söze başlady.

*****

…Söýgüniň hakyky keşbiniň nähilidigini bilýärsiňizmi?!

Kimi çyn ýürekden söýen bolsaň, şonuň gözüňe mahymyň şuglasy, ýyldyzlaryň nury, kuýaşyň enweri çaýylan ýaly bolup görünýän gül jemaly hem söýgüniň hakyky keşbidir. Ýöne ýagty barlykda yşgyň şol päkize didaryny görmek kimlere nesip edýär, kimlere bolsa nesip etmeýär. Onsoň nesibesi çekip, ony gözi bilen görenler-ä bagtly bolýar, görmediklerem betbagt… Men şeýle düşünýän! Hatda ýar söýgüsine mynasyp bolmadyk ýa-da ýara gowuşmak bagty miýesser etmedik armanlylaram çyn ýürekden söýen bolsalar bagtlydyr. Hiç haçan söýmedikler bolsa, özlerini betbagt duýmaýan bolsalar-da, barybir betbagtdyr… Men-ä şeýle düşünýärin!

Söýgüniň keşbini görmek meniňem nesibämde bar ekeni. Ýol-ulag hadysasyna uçranymdan soň üç ýyl dagy geçdi. Men assa-ýuwaşdan bäri bakyp ugradym. Doly erk edip bilmesem-de, sag elimi gowuşgynsyz gymyldatmagyň hötdesinden gelýärdim. Uzak otursam ysgynsyzlyk aralaşyp, kellämöz agramyna bir ýanlygyna agsa-da, men eýýäm boýnumy az-owlak saklap bilýärdim. Ýöne agzymy açyp, dodaklarymy gymyldatsam-da heniz dilime erk edip, sözleri doly, düşnükli aýtmagyň hötdesinden gelmän, “bä-bä-bä” diýip oňaýýardym. Meniň bäri bakýandygyma ejem, doganlarym guş bolup uçaýjak bolýardylar. Öýmüzdäkileriň ählisiniň hem her gün meni gören batlaryna ilkinji gürrüňleri: “Bu gün-ä düýnküňdenem ýagşy!” diýen sözler bolýardy.

Howa maýylganlyk boldugy agam meni göterip, daşardaky sekiniň üstüne çykarýardy. Ejem görgüli aşagyma ýumşakdan-ýumşak düşekleri gat-gat edip ýazýardy, töweregime ýassyk baryny üýşürip, arkama direşdirip, meni köçä tarap bakdyryp oturdýardy. Köçeden geçýänler maňa görnüp durar ýaly, olara seredip öz keselimden ünsüm bozular ýaly, howlumyzyň derwezesini haňladyp açyp goýýardy. Görgüli daşymda hozanak bolup ýörşüne meniň ysgynsyz bedenimi ýassyk diräp dikeldäýjek bolýardy.

Men oturan ýerimden köçeden geçýän ulaglary, pyýadalary, ala-wagyrdy bolup oýnaýan goňşularymyzyň çagalaryny, daş-töweregimde jürküldeşip uçýan guşlary, mör-möjekleri synlaýardym. Käte-käte bolsa gözlerimi dik gögüme göterýärdim-de, olar sorkuldap agyryp, öňi gamaşyp ugraýança kir-kimirsiz tämizligi bilen gözüňi deşip gelýän mawy asmany synlap ýatýardym. Men olaryň ählisinden öz keselime garşy göreşmek üçin, ony ýeňmek üçin sabyr-kanagat bilen güýç-kuwwat alýan ýalydym. Edil jöwzaly tomusda, epgekli çölde azaşyp, salgymdan-salgyma kowalaşyp, teşneligiň güzabyny çeke-çeke aňkasy aşan, ahbetinem öldüm-öldüm-de durnanyň gözi dek dury suwly çeşmäniň üstünden baryp, onuň buz ýaly suwuna eňegini basyşyna ondan aýrylyp bilmeýän bende kimin, menem ýagty jahanyň adaty täsinliklerinden aýrylyp bilmeýärdim. Olary ýöne bir synlamaýardym-da, içýärdim, hakyýt, ganyp bilmän, doýup bilmän içýärdim. Ysgynsyz bedenimiň ýadaýandygyny duýsam-da “öýe salyň” diýip

yşarat etmän, gün ýaşýança oturýardym. Diňe iňrik garalanda ejem: “indi besdir oglum, ertir ýene-de çykararys” diýip agamy çagyryp, meni öýe saldyrýardy.

Bir günem men hemişekim ýaly köçä seredip otyrdym welin, gabat-garşymyzdaky goňşymyzyň derwezesi açyldy-da, köçä goňşymyzyň gyzy Güljan bilen ýene-de bir nätanyş gyz çykdy. Güljanyň elinde üsti dym-gyzyl almalardan doly mejime bardy. Olar tutluk ýabyň gyrasyndaky suw kranyny açdylar-da, almalaryny ýuwmaga durdylar. Gyzlaryň aňyrsyna bakyp işlerine gümra bolup durandyklary sebäpli men birbada myhman gyzyň ýüz-keşbini saýgaryp bilmedim. Emma haçan-da olar almalaryny ýuwup bolup ýerlerinden turanlarynda, Güljanyň mejimesindäki almalaryň biri “patylap” ýere gaçdy. Gyzlar gülüşdiler. Myhman gyz bir eli bilen öňüne düşen ýeke örüm, bilek ýaly ýogyn, gara saçyny tutdy-da, eglip, beýleki elini guma bulaşan almany götermek üçin uzatdy. Şonda-da meniň ýiti nazarymy özünde duýdumy nämemi, maňa tarap gabak astyndan gyýa-gyýa garady… Eý Hudaýym! Ol kämilligi diýsene! Alma gözli, gür gara gaşly, inçemik, bugdaýreňk ýüzli, birhili göwnüňe bolmasa gözleriniň çetjagazlary alçak garagolluk bilen mydama gülümsiremäge endik eden dek, sünnälenip çitilen nepis nagyş ýaly göreniň nazaryny özünde ýüpsüz örkleýän didar…

…Ruhyýeti öwreniji alymlar bir adamyň başga bir adama baha kesmegi, oňa syny oturmagy ýa-da ony halamazlygy üçin, adatça bary-ýogy dört sekunt dowam edýän ýekeje garaýyş ýeterlik diýýärler. Bu hakykatdanam şeýle bolmaly. Sebäbi şol nätanyş myhman gyza gözüm düşende meniň birhili ýüregim jigläp gitdi-de, niredendir bir ýerden göwnümde: “Şol! Bu şol!” diýen ýekeje jümle döredi. Kim “şol”, näme “şol”? Men öň ony haçan gördüm, nirede gördüm, asla gördümmi bir? Eger görmedik bolsam, näme üçin kalbymda oňa “bu şol” diýýärin… Mende bu soraglaryň hiç birine-de jogap ýokdy. Men diňe şol gyzyň “şoldugyny” bilýärdim…

Gyzlar ýere gaçan almany gaýtadan ýuwdular-da, derwezeden girip gitdiler. Men bolsa olaryň yzyndan garap oturyşyma ylla bir keser ötmeýän daş bölegi deýin doňup galdym.

Şol wagtam goňşularyň derwezesi täzeden açyldy-da, Güljan bilen boýdaşy bize tarap gaýtdylar. Olaryň her haýsynyň elinde-de iki-üç sany ullakan gyzyl alma bardy. Men aljyradym. Özümi ýitirip, näme etjegimi bilmän zoraýakdan kellämi, elimi gymyldadyşdyrdym. Eger çynym, şol pille süňňüm sagat bolan bolsady, aljyraňňylykdan ýaňa yzyma dönüp, ökjäni göterýärdim. Gyzlar bolsa meniň aljyranymy duýman, ap-arkaýyn ýöräp, maňa tarap golaýlap gelýärdiler.

Birdenem özümiň maýypdygym ýadyma düşdi. Ýüzüm boz-ýaz boldy. Şol pursat men gyzlaryň gözi bilen kesesinden synlan ýaly, özümiň boýnumy gyşardyp, mejalsyz göwrämi şalkyldadyp ýatyşymy göz öňüme getirdim. Utandym. Juda utandym. Ýer ýarylmady, men girmedim. Gyzlaryň gözüniň öňünden sumat bolmagyň dagy alajyny tapman, gözlerimi ýumaýdym. Onýança olar ýakynyma geldiler:

-Döwran jan, doganjygym, ýadaýypsyň öýdýän?-diýip Güljanyň ýumşajyk, mähirli owazy gulagyma gelende men nädip gözümi açanymy duýman galdym. Gyzlar meniň ýatan sekimiň ýanynda durdylar. Bolup ýatyşyma utanjymdan ýaňa ýüzüm lap-lap gyzsa-da men täzeden gözümi ýumup bilmedim. Myhman gyzyň alma gözleriniň

gülümsiräp duran çetjagazlaryndan gözüňi aýrar ýaly däldi. Pilmahmyt bolsaňam eýgertjek däldi.

-Ýaňy alma ýuwýanymyza seredip duranyňy gördük-de, birden ymsynaýmasyn diýip, joram Sülgün bilen saňa dadyrmaga alma getirdik-diýip Güljan almalaryny meniň ýanymda goýdy. Boýdaşy-da şeýle etdi. Onsoň Güljan ejeme gygyrdy:

-Gelneje, biz ine, Döwran jana alma getirdik, soň gyrgyçdan geçirip beräýersiňiz-dä!

-Hä bolýar, gyzym, taňryýalkasyn, Alladan gaýtsyn, häzir hamyr ýugrup bolup, onsoň gyryp beräýerin-diýip öýden ejemiň sesi eşidildi.

-Bolýar, Döwran jan, doganjygym, sag-aman gutul, tüweleme, gün-günden bäri bakýanyň bildirýär, bu gün-ä asyl ýüzüň-gözüň düýnküňdenem has durlanypdyr-diýdi-de Güljan yzyna öwrüldi. Boýdaşy hem:

-Hawa Döwran, sag-aman gutulyň! Dermany Alladan gelsin!-diýip Güljanyň yzyna düşdi.

Olaryň yzyndan aňalyp galdym. Kalbym bolsa şol pursat şeýlebir heýjana gelýärdi, şeýlebir heýjana gelýärdi, söz bilen aýdyp-diýer ýaly däldi. Biri-birine süýkenýän höwür gumrylaryň mähirli “gogurdysyna” çalym edýän, Sülgüniň mylaýym owazy meniň köňlümde aýdym bolup, saz bolup, şirin-şirin heňleriň owazy bolup ýaňlanýardy, pyrlanýardy. “Döwran” diýip adymy tutdy, “Döwran” diýip adymy tutdy…diýen pikir aňymda sansyz gezek gaýtalanyp, aklymy haýran eden näzeniniň gumry owazyndan ýaňa göwnüm elenip durdy.

Şol günden başlabam öň hyýalymda çekýän iki sany suratymyň, “Bagt” bilen “Ýanbermezligiň” üstüne ýene-de bir surat, gaçyran almasyny göterýärkä gaňrylyp, gyýa-gyýa garaýan gyz – “Söýgi” goşuldy. Meniň sagalmaklyga, çaltrak aýaga galmaklyga ymtylyşym hem şol günden başlap iki esse, bäş esse, on esse, ýüz esse artdy. Sebäbi meniň çaltrak aýaga galyp, söýgüniň suratyny – Sülgüniň suratyny çekip, sagat adam hökmünde Sülgüniň ýanyna baryp, oňa öz çeken eserimi görkezesim, oňa özüm barada, durmuşym barada, eserlerim barada, olaryň birmahalky ýaly jansyz şekil däl-de, indi direlendikleri, özbaşdak ýaşaýandyklary hakynda gürrüň beresim gelýärdi. Onuň mähir-muhabbetiniň, gumry owazynyň, mydama alçak garagolluk bilen gülümsiräp duran gözüniň çetjagazlarynyň diňe maňa nesip etmegini gazanmak isleýärdim. Bu islegim hem meniň üçin islegleriň islegine, küýsegleriň küýsegine öwrülipdi…

*****

…Döwran gürrüňiniň arasyny şarpa kesdi-de, agyr-agyr dem alyp, dymdy. Jennet onuň gepiniň arasyny üzül-kesil bölüp dymmagyndan özüçe many alyp, onuň aşa tolgunandygyny çaklady. Ol Döwrana rahatlanmaga maý bermek üçin ses ýazýan enjamyny öçürdi-de, birsellem sesini çykarman oturdy. Çaýyndan owurtlan boldy. Emma Döwran esli wagtlap sesini çykarman, öz oýlaryna berlip oturandan soňra Jennediň dymyp oturmaga takaty ýetmän, oňa sorag bilen ýüz tutdy:

-Soň näme boldy, Döwran?!

Çuň oýa batan Döwran Jennediň sowalyna ukudan açylan ýaly tisginip gitdi:

-Häh, näme diýdiňiz? “Soň näme boldy” diýdiňizmi? Soň Jennet, men şol wakanyň üstünden ýene-de bir ýyly geçirip, syrkawlygymyň dördünji ýylyny ýarpylaberemde, hyýalymda dördünji suraty – “Aýralygy” çekip başladym. Ol wagt men eýýäm çalak-çulak gepläp, deramatsyz ellerim bilen bolgusyzja şekilleri çyrşaşdyran hem bolýardym. Toýuň… Sülgüniň toýunyň yz ýanlary…

Döwran ýene-de dymdy. Oňaýsyz ýagdaýa düşen Jennet näme diýjegini bilmedi. Dynç alyş otagynyň depesinden daş ýaly agyr dymyşlyk asyldy.

Birhaýukdan soň sabyrsyzlyk bilen yzly-yzyna sagadyna garanjaklaýan Jennet ýene-de Döwranyň agyr oýlanmalarynyň arasyny bölmäge het etdi:

-Döwran, bu gelin, ekizjeler, asmanda uçup barýan ýalňyz durna çekilen suratyňyzy näme üçin “Aýralyk” diýip atlandyrdyňyz? Suratdaky şekilleriň syry nämede? Şeýle seretseň şekiller eseriň ady bilen baglanyşmaýan ýaly welin…

-Baglanyşýar Jennet, baglanyşýar!-diýende Döwranyň sesi gyryljak çykdy:-Gelin bilen daşynda aýlanýan ekizjeler, gijeler düýşde, gündizler huşda görlen, ýöne wysal bolmadyk arzuw, köýen yhlas, gözýetim sary uçup barýan durna bolsa şol ajaýyp, bägül erteki bilen ebedi hoşlaşygyň nyşany…

Döwran ýene-de dymdy. Birdenem elini silkip goýberdi:

-Ýeri bolýar-la!.. Her niçigem bolsa, söýen söýülmese-de söýmedikden bagtly!-diýip hümürdedi. Soňra çaýynyň ýarysy içilen käsesine elini uzatdy:

-Bu zatlaryň Jennet, siziň taýýarlajak maglumatyňyz üçin derkary hem ýok-la! Özümiň ýöne ençeme ýyllap özümden hem hyýalymda çekýän suratlarymdan özge derdineşere dertdeşim, iç döküşere syrdaşym bolmandygy zerarly, birhili kim bilen sataşsam, kelläm gyzýar-da, göwnümdäkini aýdyp başlanymy duýman galaýýaryn… Men gowusy, size bäşinji suratymy hyýalymda çekip başlaýşym barada gürrüň bereýin. Işlediň, ses ýazýan enjamyňyzy…

*****

…“Adam başy daşdan gaty” diýýärler welin, her niçigem bolsa, ynsanyň başy-da, ýüregi-de daşdan däl. Adam pahyr gowgaly dünýäniň irginsizlik bilen üstüne sürnüp duran kynçylyklarynyň, ýaramaz duýgularynyň, erbet pikirleriniň öňünde ejizlemejek bolup şunça jepa çekse-de, günlerde bir gün erkini elinden aldyryp ýamanlygyň öňünde ýan berenini özi-de duýman galýar. Agam bilenem şeýle boldy.

…Kakam pahyr ýarawsyzlyk zerarly ir aradan çykypdy. Ejem görgüli biz birtopar çül-çaga bolsak-da, iki uly gyz doganym bilen agam ikimizi zada zar etmän, il deňinde ekläp-saklap, terbiýeläp ýetişdiripdi. Uýalarymy durmuşa çykaryp, agamy öýli-işikli edipdi. Meniňem okuwymy tamamlaryma garaşyp ýördi. Men öýlenenenimden soň agam göçmelidi. Ol meniň tersime juda hojalykçy we durmuşy adam. Meniň ýaly hyýaly älemlerde gaýyp ýörmeýär. Öňünde anyk, ýetmesi mümkin bolan maksat goýýar. Şol maksadyna ýetmeklige-de üntüşigini berip ymtylýar.

Men onuň uly arzuwynyň özbaşyna jaýly-howluly, oňat ulagly bolmakdygyny, öýüniň içini gowy-gowy, zynatly goş-golamlardan doldurmakdygyny bilýärdim. Sebäbi käte-käte onuň bilen hojalygymyz barada maslahat edenimizde, ol özüniň gurýan jaýy,

geljekde howlusynda ýerleşdirjek hojalyk jaýlary, mal ýatagy, ussahana ýaly enjamlaşdyrjak ulaghanasy, hammamy, bassyrmasy, içini limon agajyndan doldurjak aýna eýwany barada süýjüdip-süýkdirip, sagada çekdirip gürrüň berýärdi. Gürrüň bereni bilenem oňman, gurmak isleýän jaýlarynyň her haýsynyň çyzgysyny ýerde çekip görkezýärdi. Olaryň içinde oturtjak enjamlaryny, aljak goşlaryny ýeke-ýekeden süýndürip suratlandyrýardy.

Eýýäm onuň mellegindäki jaýynyň boýy hem ýetirilgidi. Ýöne meniň başymdan inen betbagtlyk onuňam özbaşyna ýerli-ýurtly bolmak arzuwynyň köküne palta urdy. Ysmaz inisi bilen ýaşy durugşan ejesini “nädip başyňyzy çarasyňyz, şeýdip çaraň” diýip, ýeke taşlap, başyny alyp göçüp gidibermäge onuň ynsaby çatmady. Üstesine-de maňa sarp edilýän çykdajylar onuň gazanjynyň agramly bölegini alýandygy sebäpli ol jaýynyň gurluşygyny düýpgöter başyndan aýlap urmaly boldy.

Ýöne ilkibada ol syr bermedi. Çydady. Çydaýandygyny bildirmän çydady. Emma herki zadyň çägi-serhedi bolşy ýaly, çydamagyň hem çeni bar. Agam hem assa-ýuwaşdan menden, meniň keselimden ýadap başlady. Irdi. Doýdy. Özi dil ýarmasa-da, gelnejemiň gyýgy ajap ugrady. Men-ä men! Dilsiz-agyzsyz bir tokga et! Hemişe gymyldy-hereketsiz ýatyrylan ýerimde ýatyryn. Öýde bolýan zatlaryň köpüsini görmeýärinem, bilmeýärinem. Ol zatlaryň ählisi meniň çalaja bäri bakmagyma-da dabany ýere degmän begenýän ejem görgüliniň gerdenine düşdi. Ilki tasanjyramalar, siltenjiremeler, ýaşmak astyndan hüňürdiler… Soňra ýaşmagam syryldy…

Bir günem agam ýük ulagyny alyp geldi-de goşlaryny ýükläp, çagalaryny hem alyp, ötägitdi. Göçdi. Ejem meniň ýanymda sesini çykarmady. Emma garaört bolan ýüzünden onuň agamdan juda gaty görendigini aňýardym. Käbäm bir-iki günläp sesini çykarmady. Ýöne maňa ideg etmegiň oňa juda kyn düşýändigine düşünmek üçin kimdir biriniň aýtmagy derkar däldi. Özüni eýgermeýän hassa idi-yssywat etmegiň bir adamyň eýgerjek işi däldigine akyl ýetirmek üçin bir gyly deň iki ýarýan paýhasam gerek däl. Ol köre hasa. Gündelik edilmeli emler wagtynda ediläýmeli, täreti hem astynda, üstesine-de ýekelli halyna öýüň syr-süpüri, biş-düşi… Iň bärkisi günde birnäçe sapar arassa howadan dem aldyrmak üçin meni göterip daşaryk çykaryp, öýe salmagyň özem bir adama dert… Öň-ä bu iş tutuşlygyna agamyň boýnunady. Indi welin, her gezek ejem goňşulara aýlanyp, degenegräk jahyllara ýalbar-ýakar edip ýörmeli. Ýalbar-ýakar üçinem bir ýagşy, iki ýagşy… Her kimiňem işi-derdi ýetik, “haçan, goňşularyň maýybyny gujagyňa alyp daşary çykaryp bermeli bolarka” diýip, hiç kimiň seniň ýanyňy alyp durmaga wagty hem ýok, islegi-de…

Ýygnap-ýygşyranjasy sabap ugranyndan soň-a ejem işiňem ugruna çykmaly boldy. Mekdebe süpüriji bolup işe girdi. Onsoň-a onuň derdi goşalandy. Meni öýde ýeke goýmazlyk üçin günde birini tapmak iş boldy. Hernä, garyndaşlar bar, il-gün bar, ejem görgülä ýerli-ýerden goldaw berdiler. Kä uýalarym gezekleşip ýanymda boldular, kä garyndaşlar, käte goňşular… Serişde-de näme, ölmeli diýlen zat ýok, bokurdagy deşen Allatagala ryzk hem berýär. Sakgaldan alyp murta ýelmäp, murtdan alyp sakgala ýelmäp, garaz, agam göçüp gidenden soňra bir çaýkanan güzeranymyz ýykma-ýykylma ýola düşdi-de, endiganlyk bilen tigirlenip ugrady… Ýöne agam welin, edil äht eden

ýaly, meniň bilen, ejem bilen gan dawasy ara düşüp aýrylyşan dek, soň görünmedi. Elbetde bolýan däldir-dä…

Men şonda düşündim, ýeke sapar ýaramazlyga ýeňsäňi görkezeniňden soň ikilenç onuň garşysyna çykmagyň öte müşgildigine… Ýarag-esbabyňy juda ykjam tutup, täzeden atlanaýsaňam ol eýesiz eýgerdäýmezem özi…

Ýarym ýyldan gowrak wagt geçdi. Men öz betbagtlygymyň bäşinji ýylyna aýak basdym. Meniň ellerime, bilime günsaýyn güýç gelýärdi. Birmahal gymyldamany kyn görüp, özgeler bilen düşünişmek wezipesini tutuşlygyna gözlerimiň üstüne taşlan ýalta dilim hem indi meniň aýtmak isleýän gep-sözlerimi kynlyk bilen bolsa-da düşnüklije edip diýmegiň hötdesinden gelýärdi.

Adaty günleriň biridi. Giç öýlänler, ejem ikimiz daşarda sekiniň üstünde çaý içip otyrdyk. Ejem görgüli yhlasynyň ýerine düşýändigine begenjinden iki bolup bilmeýärdi. Şonuň üçinem ol bu wagt meniň geljegim hakda süýjüden-süýji gürrüňleri tapýardy. Öz gürrüňlerine hasam göwni açylyp, keýpiçaglyk bilen çaý süzýärdi. Şol pille-de gädigimizde täzeje daşary ýurt ulagy gelip saklandy-da, ondan agam düşdi. Ol birhili bize seretmäge çekinýän dek, ýüzüni sapajak-supajak edip ýakynymyza geldi. Men begenjime owsunyp gitdim. Emma ejemiň ýüzüne garan badyma ýüzüm boz-ýaz boldy. Käbämiň mydama mähir şuglasy bilen lowurdap duran mähriban keşbi bu wagt daşdan çapylana çalym edýärdi. Misli bu her bir deňesinden öten üçin mylaýym söz tapmagy özüne borç bilýän ejemiň ýüzi däl ýalydy.

-Salawmaleýkim-diýende ejemiň ýüzüne seredip bilmeýän agamyň sesi gowuşgynsyz çykdy.

-Hä, aleýiksalam-diýdi-de ejem öz ogly bilen däl-de, nätanyş biri bilen salam-helik alşan ýaly, çaýyna gümra boluberdi.

Agam muňa hasam aljyrady. Dagy näme diýjegini bilmän ýüzüni çym-gyzyl edip, hümürdedi:

-Ulag edindim, eje! Adyma geçirjek bolýaryn welin, öýden pasportymy tapmadyk. Bärde galmadymyka?

Ejem şol bir oturşyny üýtgetmedi. Iň bärkisi kiçi dilden bärde-de “gutly bolsun” diýmedi. Diňe:

-Bolsa bardyr! Gir-de gözläber!-diýip oňaýdy.

Özüme iň ýakyn ezizlerimiň bolup durşuna men juda gyýyldym. Ýüzüme seredip bilmeýän agam özüme “barmysyňam” diýmese-de, oňa nämedir bir zatlar diýip, ara düşen oňaýsyz dymyşlygy bozasym geldi. Emma bokurdagym doldy-da, hiç zat gepläp bilmän ýere bakaýdym. Agamam sähel salym özüni nirä ýok etjegini bilmeýän dek, ýüzüni sallap durdy-durdy-da, birdenem:

-Bolýar-la, öýdedir-le, birden tapmasam soň geläýerin-dä!-diýip yzyna öwrüldi. Baryp, ulagyna mündi. Ulagyny otlady. Şol pursadam ejem saklanyp bilmedi. Kalbynyň jümmüşinde kine örtgüsi bilen basyryp duran mähir şuglasy ejemiň keşbindäki daş nikaby çym-pytrak etdi-de, lowurdap ýüzüne çaýyldy.

-A-ýuw, oglum…-diýip ejem köçä tarap galkyjaklanda agamyň ulagy yzyndan depilen ýaly, bat bilen tozan turzup ugrady. Onuň yzyndan garap, ýerinden gobsunyşyna

doňup galan ejem, diýjek bolan sözlerini pyşyrdap goýberdi:-…bi agtyjaklarym nähili…ady dakylanjamyz gowjam…

Ulagyň turzan tozanynyň howada eräp ýitip gidişine garap durşuna-da ejem gyňajynyň çowuny gözleriniň çetine ýetirdi-de, hamsygyp goýberdi:

-Dogman geçen dogman geçmiş… Beýle-de bir doňbagyrlyk bolar oguşýan. Iň bärkisi kesäňden bir: “jigim ýagdaýlaryň neneň?” diýip bilmedi…

Men ejeme näme diýip näme aýtjagymy bilmedim. Dymdym oňaýdym. Şol gün agşam bolsa daň atýança çyranyň ýagtysyna, oturan ýerimden galam bilen “Mähir” diýen suratymy çekdim… Sowuk hem mährewsiz jala guýup dur. Çabga ezilen iki dogan kert gaýany penalapdyr. Doganlaryň ulusy ezilen eşiklerini guratmak üçin ot ýakjak bolýar. Emma öl-myžžyk bolan otluçöp ýanmaýar. Muňa onuň gahary gelýär. Yzgytsyz ýüzi eňşäp dur. Doganlaryň kiçisi soňkuja otlyçöpüni otlap, köräp duran ysgynsyzja bolsa-da, ýiti yşyjagy bilen gözüňi deşip gelýän otjagazy goşawujynda, çapgyn ýelden penalap, agasyna uzadýar. Onuň keşbi mähirden doly. Olaryň ýeňsesindenem günüň ýagtysy gyňyr bulutlary nurly şöhleleriniň öňünden syryp, arşyň meňzini açyp gelýär…

*****

-Ine şeýdibem, meniň “Mähirim” taýyn boldy-diýip Döwran dymdy-da, bogazy gurandygy üçin çaýyndan owurtlady.

Jennet ses ýazýan enjamyny öçürdi. Käsesini eline aldy. Emma owurtlaman yzyna goýdy. Onuň bolşy Döwrana nähilidir bir sowal beresi gelip, dili gijäp durana, ýöne şol soragy bermäge çekinýäne meňzeýärdi. Döwran muny duýdy.

-Jennet, siziň menden bir zady sorasaňyz gelýän ýaly-la. Çekinmän soraberiň.

-Äý, ýok-la, Döwran, sorag bolup soragam däl-le, asla bu meniň işim hem däl, ýazjak maglumatymyza dahyly-da ýok… Ýöne agaňyz… Siz elbetde meniň şahsy durmuşyňyz barada soraýanymy bagyşlaň…-diýip Jennet sakynyp jogap gaýtardy.

-Hä, siz: “agaňyz soň näme işledi” diýjek bolýarsyňyzmy? Agammy? Agam häzir maşgalasy bilen bizde ýaşap ýör. Ejemem agtyjaklarynyň arasynda äbe-de-jüýje. Gelnejemem daşymyzda hozanak…Bi neme…-diýip Döwran sözüne dyngy berdi-de ýene-de çaýyndan owurtlady:-Bäh, sowap gidipdir-ow! Neme onsoň… suratyň garalamasyny çekdim-de, ertesini gün öýlänler, goňşymyzyň oglundan agama gowşur diýip ugratdym. Agşamara-da bar goşlaryny süýräp, çagalaryny, gelnejemi yzyna düşürip agam geldi… Özem bolup gelişlerem bir gülkünç…-diýip Döwran myssa ýylgyrdy:-…misli ýagydan sypan bosgunlar ýaly, göýä yzlaryndan allajy kowalap, söbüklerini sydyrdyp gelýän dek, öýe, biziň ýanymyza özlerini atsalaram, belent diwarly, synmaz galada gizlenjekler ýaly, elem-tas bolşup…

Döwran ýene-de ýylgyrdy. Az-kem dymanyndan soň bolsa üstüne goşdy:

-Äý hawa-da, ýagy kemi ýok. Ýamanlykdan ýeňlip, onuň guluna öwrüleniňden soň ondan şeýdip etek alty ýeň ýedi bolup, gaçyp sypsaňam hudaýýoly berersiň-le! Äý bolýar-la!-diýip Döwran elini silkdi:-Bu siz näme çaý içmeýärsiňiz-le, Jennet? Ýa sowan bolsa gaýtadan demläp ber diýip haýyş edäýeliň?

-Ýok, ýok Döwran! Meniň wagtym çäkli. Şonuň üçin siz ýadamadyk bolsaňyz, gaýrat edip altynjy suratyňyzyň döreýşi barada-da gürrüň beräýseňiz…

-Äý hawa-da, menem gepi uzaldyp, siziň esli wagtyňyzy alaýdym. Häzir derrew aýdar beräýerin. Ýöne siz Jennet…-diýip Döwran az-owlak sägindi-de degişmä ýazdyryp goýberdi-…“bu adam nähil-ä, ilkinji duşan adamsyna içini döküp otyr” diýip geň galmaweriň! Ýaňam aýdyşym ýaly, men-ä bir birnäçe ýyllap ýekelik basmarlan, dymyp gezmäge mejbur bolan adam, indem gürläp-gürläp, şol dymanlarymyň öwezini dolaýjak bolýaryn…

Jennet ýylgyrdy:

-Ýok-la, Döwran, men-ä gaýta begenýän, sebäbi siziň ýaly söhbetdeş habarçy üçin tapylgysyz hazyna. Sowal bermegem gerek däl, käbiri dagy bilen gürrüňdeş bolýarsyň welin, her sözi agzyndan atagzy bilen çekip almaly.

-Bolýar Jennet, geňlemeýän bolsaňyz bolar. Onda işlediň ol zadyňyzy, söhbedimiziň soňuna nokat goýalyň.

*****

Taryhy uzak däl onuň. Juda gysgajyk. Bilseňiz, adam owalybeletde ýaradylanda ýalňyzlygyň barlyşyksyz duşmany hökmünde ýaradylypdyr. Güni gowy bolsun, erbet bolsun, çydamaza dönsün, tapawudy ýok, oňa elmydama höwür gerek. Erbet gününde dagy höwür adam üçin, edil howa ýaly, iýmit ýaly derwaýys zerurlyga öwrülýär. Meniň bilenem şeýle boldy. Ejem meniň höwrüme öwrüldi. Elbetde ene her bir ynsanyň ilkinji hem esasy höwri. Bu tebigatyň kanuny. Ýöne meniň üçin welin, bu kanun kanunlaryň kanuny, kanunlaryň şasydy. Sebäbi ysmaz ýatan ýyllarymyň her pursadynda men öz ýüregimiň ýanynda ejemiň durky-düýrmegi bilen gulaga öwrülip, onuň her bir yrgyldysyna diň salyp durandygyny duýup ýaşadym. Şol hem maňa betbagtlyk duýgusyny ýeňmäge, kalbymda sungatyň ajaýyp jadysyny dikeldip, maýyplyga, ejizlige, nalajedeýinlige garşy göreşmäge güýç-kuwwat berdi, gaýrat berdi.

Belki hemme kişi üçinem şeýledir. Meniň-ä göwnüme bolmasa ejem bu dünýä ebedilik gelen ýalydy. Ol kesellemelem däldi, uklamalam, ýadamalam… Hemişe meniň we beýleki çagalarynyň aladasynda, gyzyletenelerine howp abanan ene guş dek jöwlan urup ýörmeli ýalydy… Emma görüp otursam ejem hem adam ekeni… Bir gün ol ýykyldy. Hakyýt, sözüň hakyky manysynda, irden meniň ýanymda gelnejem, agtyklary bilen saçak başynda oturan ýerinden, birdenkä ýüzi üç ýuwlan ak esgä döndi-de, bir gapdallygyna agyberdi.

Turdy bir başagaýlyk, gopdy bir howsala. Gelnejem aljyrap iki-ýana elewräp başlady. Goňşular çagyryldy. Kim habar etdi, bilmedim, bir ýerden ýüzüniň ganyny gaçyryp agam geldi. Ol ulagyndan düşüp-düşmänkä-de, derwezämiziň öňünde böwri “Tiz kömek” ýazgyly ulag gögerdi. Şol başagaýlygyň arasynda-da men diňe bir, ak halatly lukmanyň: “Infarkt… tiz göteriň…” diýen sözlerini üzlem-saplamrak eşidip galdym. Onýança-da, agam käbämiň ýelege dönen horja göwresini gujagyna gysdy-da, ylgady “Tiz kömek” ulagyna garşy…

Onuň bolup barşyny görübem meniň birhili ýüregim ýerinden gopan ýaly boldy. Gözümiň öňi garaňkyrady-da, başym hyrra aýlanyp ugrady. Gözümi ýumdumam welin, gözlerimiň öňünde düýbi görünmeýän, tükeniksiz gorp peýda boldy. Men hopugyp, gözümi açmakçy boldy. Emma gözüm açylmady. Garagym gapylana döndi. Gözlerimiň öňündenem şol düýpsüzliginden ýaňa demiň tutulýan gorp aýrylmady. Men aljyradym. Gorkdum. Gelnejemden, kiçijik jigilerimden haraý isläp, olary çagyrmaga çytraşdym. Özüme zor salyp gözlerimi açmaga dyrjaşdym. Ýöne paşmady. Gabaklarym aňymyň diýenimi etmeýärdi, dilimem gymyldamaýardy. Men gyssandym, janyma dowul düşdi. Dagy başga zady başarmasam, ellerimi daldaladyp bir töweregimdäkileriň ünsüni çekeýin diýen niýet bilen, bolanja güýç-kuwwatymy bir ýere jemläp dyzadym. Emma hiç-hili gymyldy-hereket bolmady.

Birdenem özümiň ysgynsyz ellerim bilen şol gorpuň gyrajygyndan asyl-asyl bolup durandygymy duýdum. Meniň bolanja erkim hem dyr-pytrak boldy. On iki süňňümi gorky, howsala, ejizlik gaplap aldy. Men dyzaýardym. Şol gorpuň gyrasyna ysgynsyz göwrämi oklajak bolup dyzaýardym. Emma ellerimde gujur bolsa-da ýüregimde gaýrat ýokdy. Gorpuň gyrasyndaky gyýçak daşlardan ýapyşýan barmaklarym hem assa-ýuwaşdan gowşap, tyrpyp barýardy. Men birden düşündim. Eger-de şu wagt, şu pursat barmaklarym sypyp, şu tükeniksiz gorpa gapgarylaýsam soň özüme ondan çykmagyň ýokdugyna, meniň şeýle azaplar bilen ýagtylyga, goşawuç göwrümli süňkden gapyrjagyň içinden erkinlige çykan kalbymyň tümlügiň holtumyna düşjekdigine, gaýdybam onuň girisinden sypyp bilmejekdigine düşündim. Bu düşünmegimden ýaňa-da meni has hem howsala gaplap aldy. Men ýene-de gorpdan çykmak üçin dyzap ugradym. Emma gaýratym çatmady, gaýratym ýokdy… Men dagy nätjegimi bilmän, iň bolmanda şol gorpa gaçmazlyk üçin bolanja gujurymy jemledim-de gan-gabarçak bolan barmaklarym bilen gyýçak daşlardan berk ýapyşyp, tükeniksiz tümlügiň üstünde asyl-asyl bolup, sallanyp galyberdim…

*****

Döwran aşa tolgundymy nämemi, sandyraýan eli bilen käsesini aldy-da, sowan çaýy başyna çekdi. Soňra çäýnekden çaý guýunyp ony-da içdi. Uludan demini aldy.

-Şeýlebir kyn muny ýatlamak!-diýdi-de, bogazyny arçabam gürrüňini dowam etdirdi.

*****

…Näçe wagt şeýle halda, asyl-asyl bolup durandygymy bilmeýärin, gün geçdimi, hepde geçdimi, aý geçdimi, hasaby ýitdi. Soň, hassahanada özüme gelenimde, başujumy alyp oturan uly uýam on iki günläp huşsuz ýatanymy, diňe demim gelip-gidendigini, hassahana eltilen gününiň ertesi bäri bakyp ugran ejem görgülä-de hiç zat aýtmandyklaryny aýtdy. Şol wagt welin men hiç zady bilmeýärdim. Aňymda bolsa birje pikirden özge hiç-hili duýgy-da ýokdy, pikirem. Diňe bir zat, her zat etmeli welin, gorpa gaçmaly däl, gaçdygym gutardygy, gaçmaly däl, gaçmaly däl diýen ýekeje pikir, ýekeje

duýgy, meniň ýadamakdan, ysgynsyzlykdan ýaňa gurap giden barmaklarymy ýazylmazlyga, soňkuja güýç bilen gyýçak daşlara ýapyşmaga mejbur edýärdi.

Men bilemok, belki akyl-huşy ýerinde ynsanlaryň hasaby dogrudyr, uly uýamyň aýdyşy ýaly, men şol gorpuň gyrasyndan ganymy sarkdyryp, bary-ýogy on-on iki gün sallanyp durandyryn. Ýöne meniň üçin-ä häzirem şol wagt tükeniksiz asyrlardanam uzak bolup görünýär.

Günlerde bir gün men ýarym bihuş halda asyl-asyl bolup, hallan atyp durkam, kimdir biriniň gury agaja dönen ellerimden tutýandygyny duýdum. Gözlerimi açsam keşbi bolmasa-da gözleri meniňkä meňzäp duran, alty-ýedi ýaşlaryndaky oglanjyk meniň gollarymdan berk tutupdyr-da, meni gorpdan çykarmak üçin bolanja güýç-gaýratyny jemläp dyzaýar. Özi-de gara der bolup dyzap durşuna nämedir bir zatlary eşidiler-eşidilmez pyşyrdaýar.

Ojagazyň bolşuna meniň kalbymy lapykeçlik gaplap aldy.

-Ýeri indi şujagaz göwräň bilen sen meni çekip çykaryp bilerin öýdýäňmi?-diýip men teşnelikden ýaňa ýaryk-ýaryk bolan dodaklarymy zordan gymyldadyp, pyşyrdadym. Şol pursat ol oglanjyk göýä meniň sözlerime jogap berýän ýaly dodajyklaryny gymyldatdy. Men onuň näme diýýändigini eşitmek üçin üşerildim. Ol öz aýdanlaryny meniň eşitmändigime göz ýetiren ýaly ýene-de gaýtalady:

-Eger güýjüm ýetmese, onda bile gideris. Sensiz maňa-da ömür ýok, dogan!

Ojagazyň göwrejigine hem ýaşyna gelişmeýän bu sözleri misli bir dirilik suwy deýin meniň damarlarymdaky ganyma gatyldy-da, tutuş durkumy söküm-söküm yzarlap gitdi. Onuň garaja gözjagazlaryna garadymam welin, meniň kalbyma gaýrat indi, gollaryma kuwwat indi. Olar şeýlebir ümmülmez aýgyt, tükeniksiz gaýrat bilen şöhlelenip lowurdap durdylar welin, göwnüňe bolmasa ojagaz garaja garamyklar bir gögeleje oglanjygyň gözleri däl-de, ýüz-ýüzden ýüz gezek ýüz müňlere garşy durmaga-da myzaýyk etmeýän gahrymanyň otlukly göreçleri ýalydy.

-Hany bol dogan, beýtmäli, çykaly mundan!-diýip oglanjyk ýene-de pyşyrdady-da meni çekip ugrady. Menem dyzap başladym. Şeýdibem dyzap-dyzap biz iki bolup meniň ysgynsyz bedenimi gorpuň gyrasyna okladyk. Okladyk-da, arkan düşüp ýatdyk. Men heniz demimi dürsäp-dürsemänkäm hem oglanjyk ýerinden turdy-da nirädir bir ýere ýöneldi.

-A-how, jigim, sen nirä? Asla seniň adyň näme?-diýip men barha daşlaşyp barýan oglanjygyň yzyndan gygyrdym. Ol yzyna garaman gidip barşyna jogap gaýtardy:

-Gaýrat.

Men:

-Gaýrat! Dur entek, Gaýra-a-at!-diýip onuň yzyndan gygyrdym-da, öz gykylygyma gözümi açdym welin, ýiti ýagtylyk gözümi gapdy. Şol wagtam bir gara sudur aýagujumdan böküp galdy-da, meni garsa gujaklap, uly uýamyň sesi bilen hamsygyp goýberdi:

-Doganjygym! Özüňe geldiňmi, jan jigim?! Seni gaýtaryp beren Päk Perwerdigäre şükür!...

*****

Döwran sözüne dyngy berdi. Birsellem ýatlamalaryndan saplanyp bilmeýän dek dymyp oturdy-da, birdenem başyny silkip, ýylgyrdy:

-Ine, şeýdibem men, hassahanada ýatyrkam altynjy suratymy hyýalymda çekip başladym. “Gaýraty”. Hassahanadan çykanymdan soň bary-ýogy bir-iki aý geçip-geçmänkä-de suratlarymyň ählisini kagyza geçirip ugradym. Ine-de onuň netijesi!-diýip Döwran ýüzüne gelşik berýän ýagty ýylgyryş bilen ýylgyrdy-da, misli tutuş sergiler öýüni gujagyna gysmak isleýän ýaly, ellerini giň açdy.

Enjamyny öçüren Jennedem Döwranyň gürrüňleriniň täsirinden çykyp bilmän azsalym sesini çykarman oturdy. Soňam:

-Döwran, sag boluň, juda täsirli gürrüň boldy. Siziň bu aýdanlaryňyz asyl bir maglumatyň ýa-da makalanyň özeni däl-de, giden bir çeper eseriň hamyrmaýasy bolmaga-da mynasyp. Ynsanyň sungatyň kömegi bilen öz keselini, ýalňyzlygyny, betbagtlygyny, ýamanlygy hem ejizligi ýeňşi hakda rowaýat… Ýöne çeper eser ýazmak üçinem ukyp gerek, zehin gerek… Taňryýalkasyn, Döwran! Men taýýarlajak maglumatymda siziň aýdanlaryňyzy örän ýerlikli ulanjakdygyma söz berýärin-diýdi-de ýerinden turdy. Zatlaryny ýygnaşdyryp işige öwrüldi.

-Gaýta özüňize sag boluň, menem özüňiz ýaly gözel gyz hem tejribeli habarçy bilen söhbetdeş bolup, biraz göwnümiň posuny açdym-diýip Döwran edähetine eýerip degişdi-de, gyzy ugratmak üçin onuň yzyna düşdi.

Olar sergiler öýüniň dälizine çykyp, hoşlaşdylar. Redaktoryň aýdan wagtyna çenli az galandygy ýadyna düşen Jennet ymaratyň çykalgasyna tarap haýdap barşyna näme üçindir yzyna garady welin, uzyn däliziň ol çetinde, tigirçekli kürsüsiniň gyrasyna ellerini goýup Döwranyň henizem yzyndan seredip oturandygyny gördi. Jennet sägindi. Maýyp ýigde tarap siňe-siňe seretdi. Birdenem oslagsyzlykdan ýaňa tisginip gitdi. Göwnüne bolmasa, däliziň ol çetinden özüne tarap gyratyň üstünde ellerini giň açyp, çapuwyň ýelginine ezýaka köýnegini galgadyp barşyna, süňňüni doldurýan bagtyna bäs gelip bilmän, aýdyma gygyrýan jahyl okdurylyp gelýän ýaly boldy. Jennet gözlerine ynanman, gözlerini gyrpdy. Bedew bilen çapyksuwar gaýyp boldy-da, ýene-de Döwran göründi. Ol mähirli ýylgyryp, Jennede elini galdyrdy. Gyzyň kalbyny nähilidir birhili üýtgeşik ýeňillik gaplap aldy. Näme üçindir aňynda Döwranyň sözleri mylaýym pyşyrdy bilen gaýtalanyp, gaýtalanyp gitdi.

“…Söýgüniň hakyky keşbiniň nähilidigini bilýärsiňizmi?!

Kimi çyn ýürekden söýen bolsaň, şonuň gözüňe mahymyň şuglasy, ýyldyzlaryň nury, kuýaşyň enweri çaýylan ýaly bolup görünýän gül jemaly hem söýgüniň hakyky keşbidir.”

“Hakykatdanam ol ýanbermezligiň, gaýratyň hut özi ýaly” diýip Jennet oýlandy. Bada-badam öz pikirine süýji ýylgyryp, Döwrana elini galgatdy-da, ýoluna rowana boldy.

## Derweze

(hekaýa)

…Tyrk, tyrk, tyrk…

Onuň duran ýeri derwezäniň öňüdi. Kimdir biri-de iç ýüzünden derwezäni assaja kakýardy. Ol geň galdy. Derweze diýleni daş ýüzünden kakylmaly dälmi, nä?! Ony asyl, iç ýüzündenem kakmak boljak oguşýan…

…Tyrk, tyrk, tyrk…

Bu täsin tyrkyldy ýüregedüşgünç üznüksizlik bilen şol gaýtalanyp durdy. Ol näme etjegini bilmän töweregine garanjaklady. Emma bu tyrkyldynyň sebäbini sorap-idäp, anygyna ýetäýer ýaly çar ýanynda yns-jyns ýokdy. Birsalym näme etjegini bilmän sermisal halda durandan soňra, tükeniksiz tyrkyldy ony halys irizdi. Ol näme bolsa şol bolsuna salyp, derwezäni açmak üçin oňa tarap öwrüldi. Emma onuň daş ýüzünde hiç hili tutawaç-beýleki ýokdy. Özi-de beýle derwezeleri indi bu zamanda ýasamaýardylar. Ýasaýan bolaýanlarynda-da derweze bu jelegaýyň ussasynyň işi däl bolara çemeli. Munuň ýaly derwezeler birmahallar, ol ýetginjek döwri, il-gün ýaňybir uruşdan soňky tozgunçylykdan saplanyp, endamyna ýagjagaz toplap, iýmitdenem başga zatlaryň pikirini etmäge-de maý tapyp ugranda, özüne göwni ýetýän barjamlylaryň arasynda ýörgünli bolupdy. Berk agaçdan, ýüzüne nagyş bary oýulan, reňksiz suwuklykdanam mazaly doýrulan, agyr, mäkäm derwezedi.

"Içine açylýan bolaýmasyn" diýen pikir bilen ol, egnini diredi-de, derwezäni itip ugrady. Emma her näçe dyzasa-da derweze mizemedi hem. Muňa onuň ikinji zannyna öwrülen ganygyzmalygy gozgady.

-Ýeri-how, mundanam bir oýun bolarmy, öýüköwen wadyr-wudur diýmäýin diýsem?! Hany, açmyýaňyzmy muny? Ýa açmyjak bolsaňyzam däninim, takyr-tukuryňyzy bes ediň-dä, diýmäýin diýsem, öýüköwen!-diýip Kakajan aga endigine eýerip, "öýüköýen" diýende "ý" harpyny "w" harpy bilen çalşyryp, käýindi.

Onuň "wadyr-wudur" diýdigi, iň aňrybaşy sögündigidi. Birmahallar, heniz degenek jahyl döwürleri, çölde çolukçylyga ýaňy başlanda, tümüň doňup galan deňiz gomlaryna çalym edýän depeleriniň arasynda nämedir bir zatlar agtaryp ýören, iki sany özge milletli geologyň sözüniň azaşyp, ene dillerinde sögüşişleriniň haýrany-serasyma tomaşaçysy bolmak nesibesinde bar eken. Şonda-da ol, jetleşýänleriň, arasyna maý salman, öz gulagyna üznüksiz bir düşnüksiz wadyr-wudur bolup eşidilýän, gunt ýaly, gunt ýaly agyr gepleri yzba-yz suňşuryşlaryna agzyny öweldip durşuna: "baý-bu-u-uw, asyl agzyň bilen beýtseň eýdibem bolýan eken-u-uw" diýip, juda geň galypdy.

Şondan bäri-de ol, öte gaharlanyberse, çagalykdan gulagynda galan, eýýäm 60-70 ýyl bäri, sebäp bolsa-bolmasa, her jümlesiniň yzyna çatyp, gaýtalap ýören "öýüköwen" diýen sözüniň yzyna "wadyr-wudury-da" tirkäp goýberýärdi. Şeýtse gojanyň göwnüne bolmasa, dem salymda göwün deňzini elesledip ugraýan gahar gaýy köşeşýän ýaly bolýardy. Häzirem şeýle boldy. Ol hemişekisi dek, gysym ýarty därä ot düşen dek, bir "gümp" etdi-de, dessine-de söndi. Onuň pikir akymy ýene-de asudalyk hanasyna düşdi.

"Eger-de bi öýüköwen däninim, diňe içinden açylýan bolýan bolsa, özümiz ýalakylaryň heläk bolup ýörübermezligi üçin, munuňam ýüzünden, bi öýüköwen Gotur permäniň ogly Lallygyň, öz gädigindäki hususy dükanyndan asan: "Hiç kime kazyryna zat beremmok. Hiç kimden ýüz göremmok. Nesge nöw!" diýen ýazgysy ýaly bir zat asmaly ekenler-dä, öýüköwen diýmäýin diýsem!" diýip oýlandy. Dessine-de onuň pikiri başga ugra gönükdi. "Ýogsa-da ol orta mekdebiň bassyr on ýylynda birlik bilen ikiligiň

arasynda hallan atyp geçen peläket öýüköweniň, “kazyr” diýeni-hä, meniň çak urşuma görä, “karz” bolýar, “nesge” diýeni-de “nesýe”, ýöne bu “nöw” diýeni nämäni aňladýarka?”

Birdenem ikinji synpa ýaňy geçen körpeje çowlugynyň bir-iki günlükde, ilkinji gezek şol ýazgyny okap gaharlananda, bu sowalyna beren jogaby güpbe ýadyna düşdi. “Hä, dogry-dogry, ýeserjäm aýtmyşlaýyn, “nöw” diýmek, iňlisçe “ýok” diýmek bolmaly. Ol eneden dogma doňuz bolup doglan dürtme däl-de guýma doňuz öýüköwen wadyr-wudur diýmäýin diýsem, “nesýe ýok” diýen bolup ýazyp, ýene-de bir gezek özüniň doňuzlygyny görkezjek bolýandyr. Haý günüňize ýanaýyn! Gel-gel indi, Gotur permäniň nesli ile-güne karz bermeýänden bolup, çişip ýarylybilmän, özüni sereşlän bolup ýörse! Ýeri, senden nesýe haryt diläp, omadakgetdan aşyp ýatan barmy diýsene, bi ýanda!

Onuň pikiri ýene-de başga ugra bökdi. “Haý, ýogsa-da şu ýeserjämem ýeser-ow ýeser! Meniň çak urşuma görä, tüýs men-how şol!” diýip Kakajan aga çowluklarynyň arasynda iň ezizleýäni barada süýji oýlandy. Hö gün näme diýen bolýar-a, ol, bezzatlyk görse gözjagazlary jüýjebirýän ýeserjäm, bütüki neme diýen bolýar, “Ata, bi sen mydama “wadyr-wudur” diýip käýinýäň welin, o diýdigiň näme diýdigiň bolýar?” diýip soran bolýar. Päheý-de welinim, diýmäýin diýsem, ýeri indi şol zatlary bilmek, saňa galypdyrmy diýsene, ötüki häki! Kän bir edýän zadym däldir welin, garagollugyň ýelkeni ýaly şemal tursa ýelpenip duran gulajygynyň uçjagazyndan çalaragyň yz ýanyndaky gatyrajyk bilen çekiberip goýberdim. Yzyndanam käýindim: “Heý, garry atañdanam şonuň ýaly aýyp zatlaryň many-mañzyny sorarlarmy?” diýip. Soň-a dogrusy, gynandymam-la, birtüýsli! Ýeri, mön çagada nä günä bar diýsene! Dagam öz iki sözüň biri şo zat bolsa “o näme” diýip sorar-da.

Aý-how, ýöne dogrusy, bi zamanyň bezzatlaryna dözümliň bäri ýanynda darap goýbermek, beýlebir zelelem ýetirmese gerek diýip çak edýämikäm diýýän, men-ä asyl! Ýogsa olar öte köpbilmiş, indi. Şü telewiziri dagam, men şu ýaşyma ýetip, öňjüginde dikilgazyk ýatyp, çorba baryny sowatsam-da, heniz-henizlerem düzüwli söndürip-otlap bilemok welin, bular o zadyny, nämedir-ä ol öýüköweniň ady… hä pultuny! Pultuny ellerine alşan bolup, gomalyp, ony ýatan ýerlerinden küştdepdi oýnadyp otyrlar-aýt, hakyýt! Ö gün dagy, ö gün, maňa näme diýen bolýar-a, ol ýeserjäm! Ata-how, diýýä, sen diýýä, şü mydama öýüköýen diýeňde “ý” diýmän “w” diýip ýörsüň, mollymymyz: “dogry geplemeseňiz ulalanyňyzdan soň sakaw bolarsyňyz” diýdi diýýä! Baý, bulary, gör-ä indi! Bi ylmyň ösäýşini diýä, sen! Dyrnak ýaly çagalardan köpbilmiş ýasap bilýän bolsa, diýmek, meniň çak urşuma görä, aňyrsynda bir zatlar, bir zatlar bar bolmaly. Haý, ýöne bilmedim-ow, men-ä bilmedim! Segsen ýyla ýakyn wagtlab-a meň gepleýşim tüzükdi welin, indi näbileli, elbetde ylym ösüberse, öňki gepleriň bary tüzükligini ýitirip çöwre bolaýýan bolaýmagam gaty ähtimal, häki. Ýa menem, “çagaň gepi hakyň sesi” diýäkgetden, bi “öýüköwen” diýmämi bes edäge-de, “öýüköýen” diýmäge girişibersemmikäm?!

Pikirleri bir-biriniň yzyna sepleşip, onuň oýlaryny ilkibaşky gözbaşyndan allaowarralara alyp baryşlaryna, Kakajan aga özüniň derwezäniň öňünde durandygyny-

da unudyp, iňkise gitdi. Birsellem oýurganyp durandan soňam, çokgaja köse sakgalyny silkip, başyny göterdi. Bu onuň özüçe gutarnykly çözgüt çykardygydy.

Aý ýok, eýtmäýin! Beýtsem, il-gün näme diýer?! Käbir, öýüköwen wadyr-wudur diýmäýin diýsem, gybat tapsa aş gerekmez bilimsekler: "daşa degse çalgy uçýandyr, Kakow tüzük hem ahbetin, mydam tüzükligiňi edip ýörmän ile görä bolubermelidigine düşünipdir öýdýän, honha, gepini-sözüni üýtgedip ýör!" diýşen bolarlar. Gowusy, men ýaşymyň soňunda, mundan öňňe dogram boljak bolmaýyn, dürsem-de, öňküje tüzükligime galybereýin-le.

Birdenem ýüregedüşgünç tyrkyldynyň hälden bäri arasy üzülmän gaýtalanyp durandygy Kakajan aganyň aňyna ýetdi. Özüniň derwezäniň öňünde durandygy güpbe ýadyna düşdi. Muňa birhili onuň lapykeç boldy.

- Bäh, köneleriň: "adam gojaldygyça akly çaşýar" diýeni çyn boldy-ow. Bi öýüköwen diýmäýin diýsem, bizlere segsen ýyllap ykjam hyzmat eden akyl indi pensiýä çykmaly wagtynyň golaýlandygyny ýaňzydýarmy nämemi, bi ýöne meýdan towşany ýaly gara görse tisginip-towsup, çar ýana alakjap duran ýaly-la, häki!-diýip Kakajan aladaly hümürdedi. Bada-badam öz hümürdisine özi oýandy. Misli hälden bäri onuň ukusyndan oýanaryny peýläp ýatan ýaly, soňky üç-dört ýylda ýelmeşek sakyrtga dönüp, kükreginde mesgen tutan ýakymsyz üsgülewügi hem gozgady. Goja esli wagtlap üsgürinjiräp otyrdy. Şol oturşyna-da özüniň üsgülewügine gapdalyndaky otaglarda ýatan çagalarynyň, gelinleriniň hiç biriniň işiginden garap halyndan habar almaýandyklaryna bogazyny gijedýän gyryljak öýke döredi.

"Hä, pirimiziň: "ogul-gyzyň ýatça bolmaz" diýýäni şü bolaýmasa, häki!" diýip Kakajan aga garry adamlara mahsus ynjyklyk bilen pikir öwürdi. "Seretselerem, janserek bolsalar-da, näme etselerem, barybir ol pahyryň ýeri dag opurylan ýaly oýulyp dur, barybir özi däl-dä" diýip goja bäş-alty ýyl mundan ozal aýatdan giden başdaşy pahyry ýadyna saldy. "Özi bolan bolsa eýýäm häli, üsgürip başlamanka: "atasy, üsgürjek bolýamykaň diýip çak edýän, çaý içäý bolmasa" diýip özüňi oýaryp, gapdalyňda eline gyzgynjak çaýly çäýnegi alyp, desbi-dähil bolup durardy. Pahyr, öte ötedi! Özümi bilelim bäri mydama çölde gezip ýörşüme ýekeligi-ýalňyzlygy ymykly hemsaýa edinen bolsam-da, sessiz ýaşaýşy ýaly ogluna-gyzyna azar bolman sessiz-üýnsüz ötägitdi welin, birhili ýalňyzlyk basmarlaberdi, öýüköwen diýmäýin diýsem, häki!".

Goja başdaşy pahyr hakydasyna gelende bozuljak boldy. Muňa-da onuň girre gahary geldi. "Häý öýüköwen wadyr-wudur diýmäýin diýsem, gör-ä muny, gerekmejek ýerde ötüşen yzaňy ýatladyp ejizletjek bolup dur, bi" diýip ol içinden öz hakydasyna käýindi. Şol pille-de otagyň işigi açyldy-da, körpe agtygynyň gelni ýaşynyp içeri girdi. Ol otag alagaraňky bolsa-da çyrany ýakmady. Gözüni ýerden götermän, eda bilen garry gaýnynyň düşeginden aýlanyp geçdi-de, elindäki çäýnegi pejiň gapdalynda goýdy. Käseleriň birine çaý guýup agdardy. Soňra sesini çykarman çykyp gitdi-de, göz açyp-ýumasy salymdanam yzyna dolandy. Elindäki mylaýym suwly kürüşgäni çäýnegiň gapdalynda goýdy. "Ýene-de gerek-ýarak zadyňyz barmy, garry atasy?!" diýýän terzde sähel salym işigiň agzynda ýaşmagyny dişläp, sägindi.

Gelniň edep-ekramy, özi baradaky aladasy garrynyň kalbyna melhem bolup damdy. Özüniň çagalary, gelinleri barada ýaňky eden pikirlerine uýaldy. Müýnürgeýändigini

bildirmejek bolup, elini gapdalyna uzatdy-da, ýyly suwly kürüşgäni aldy. Owurtlady. Suw bilen bilelikde onuň bogazynda dörän gyryljak öýkesi-de, müýni-de aňyrlygyna gitdi.

-Hä, guzym, senem bimaza edäýdimmi? Beýdip gara gijäň içinde çaý demläp-beýleki edip, azar edinibem ýörmeli däl ekeniň-dä! Özüm turup alnardym-da, guzym! Ötägit guzym, birahat bolman ýatyber. Ylaýym owalybilen-ä seniň, galyberse-de hemmäňiziňem ömrüňiz uzak ukyňyz rahat bolsun-da, guzym!

Garry gaýnynyň sözlerine gelniň monça bolany ýüzünden bildirdi. Ýaşmagyň ýokarsynda goşa ýyldyz deýin lowurdap duran alma gözler gojanyň sözlerinden soň mähir-mylakat bilen uçganaklap gitdiler. Gelin ýene-de azajyk durdy-da, baş atyp çykyp gitdi.

Ýeke galandan soňra, üsgülewük zerarly ünsi sowlan goja ýene-de ýaňky gören düýşüne dolandy. “Beh, bi derweze nämäni aňladýarka? Ýa “sagat pylança nol-nolda gaýraky obanyň gapysynda garantga bolmaly” diýen pöwüsgäniň geläýdigimikä, şü? Häk, şü hakyýt şeýle bolaýmasa! Şü, iç ýüzünden tyrkyldadan bolup oturyşlary hem maňzyma batmady-la asyl, häki!”

Ömürboýy yns bolsun, jyns bolsun tapawudy ýok, hiç zatdan eýmenip gören jemende däldir welin, bu pikiri eden dessine Kakajan aganyň ini tikenekläp gitdi. “Toba, toba, daş edewersin! Entek bir soraga-idege çagyrmawersinler, häki! Elbetde bu üsgülewük bilen kynam bolýar, garrylygam basmarlaýar welin, onda-da, her näme-de bolsa, Hak Perwerdigäriň ýaradan bu giden zatlaryny ýene-de iň bolmanda bir azyndan bäş-alty ýyljyk dagy artygrak görseň kem ýaramaýjak ýaly, meniň çak urşuma görä!”.

Şu pikiri eden dessine-de gojanyň ýüzi gyzaryp gitdi.

Päheý-de welinim, diýmäýin diýsem, öýüköwen! Ýeri-how tüzük köse, sen nire, beýdip baýtallap oturmak nire?! Urşuň yz ýanynda adam ýetmän, ýumruk ýaly gögele halyňa kitapdan-sowatdan ellibizar geçip, çyn ejeň jana, ylaýym iman baýlygy oňa ebedilik nesip etsin, öz çagalary bilen seniň jigileriňi eklemäge tekge bolsun diýip, çöl-beýewanda, gaçgak-tezgekden, möjek-ýyrtyjydan eýmenmän, tenha özüň agyr süriniň yzynda gezmäge çekinmediň. Ýaňy nowbahara ýüzüň düşende, açlykdan ýaňa aňkasy aşyp, sürä daran gaplaňa garşy jonnuk pyçakly ýekme-ýeke çykyp ýeňeniňde keçä goýýan ýumşak zadyň sandyramady. Aklyň goýalyşyp, eňegiňe köse sakgalyň çykyp ugranda, hol gurakçylyk ýyly, goýna gelegurt çozanda, Garagözüň bilen bilelikde ynsan tohumyndan täk özüň, agylyň ýeňse ýüzündäki ýapyda, bolanja iki okyňy-da gümpüldedeniňden soň, köne ýekenili tommaýly taýak edinip, üstüňe sürnüp gelýän, gözleri dowzah odunyň uçguny dek ýanyp duran allajylara garşy ölümiňi boýnuňa alyp örboýuňa galanyňda, jalbaryňa öl degmedi. Galhoz döwrüniň azmly-azmly baýarlaryna sürä el urdurman, olaryň: “basdyrarys, tutdurarys-gapdyrarys” diýýän hemle-haýbatynyň öňünde injigiň sandyraman, halkyň halalja malyny ençe gezek başbitin alyp çykanyňda adam oglundan gorkmalydygy ýadyňa düşmedi!

Indi gel-gel göze görünmeýän aksaçyň öňünde uçguryňy eliňe alyp, ýumşagyňy gatadyp, titräp otyrmyň?! Haý, tüzük köse, tüzük köse! Sen-ä asyl, öýüköwen diýmäýin diýsem, ýaşyň soňunda tamany tala daňdyň-ow! Umydy händekden towusdyrdyň-ow! Karargähi dagytdyrdyň-ow! Ondan-mundan gulagyma ýetýän: “tüzük kösäni

üýşendirjek ot-ýalyn entege-bu güne çen, ynsan dogup-döräli, adam aýagy sekjek ýerinde ýakylan däldir” diýen gepi hem il-gün däl-de, seniň ýöwsel zanny-ýaşawyňa anyk göz ýetirmän ýören käbir agzyboşlar döreden bolaýmasa, meniň çak urşuma görä! Ol, saçyňa çal sepip ugranda, mal bakyp ýören zawyňda tötänden sataşan ýaragy-esbaby üpjün yşpyýony arkasyndan bildirmän baryp, çopan taýagyň bilen ýeňsesine gonduryp alanyňda, hököwmediň beren mydaly hem saňa ýalňyşyp berlen bolmaly, häki sorap-idäp görseň! Heý, ol mydal diýlen zat ýogsa, seniň ýaly çarşemmesini-de, penşemmesini-de, galan şemmesine-de galdyrman gerşine oklan garry zaňňar halyna, ikuçsyz ýetip gelýän öýüköwen aksaçyň öňünde ýaýaplap duran züwwetdine berlermi diýsene, asyl, öýüköwen diýmäýin diýsem!

Birdenem Kakajan aganyň depesinden gaýnag suw guýlan ýaly boldy.

“Bi, ýogsa-da bi öýüköweniň derwezesi eýläk – gaýraky oba geçilýän ötük bolsa, näme üçin meniň öňümde ne içlikgän, ne daşlykgan açylmyýaka?”

Gojanyň göwnüne ýakymsyz, ýelmeşek howsala aralaşdy.

“Ýa şü geçen möwritde eýläk goýberilmez derejede çökder bir zady özüm bilip-bilmän ýüzugruna ediberip goýberäýdimmikäm?”

Garry iňkise gitdi.

“Häk, hakykatdanam bi şeýledir, ýogsa içinden ýa daşyndan maňa açardylar, ol öýüköwen diýmäýin diýsemi! Beh, men günäkär günägaby bendesi, beýdip eýlelikgän goýberilibermez ýaly näme gabahatlyk edäýdimmikäm-aýt?!”

Ol çagalygyndan başlap şu gününe çenli ähli başyndan geçen zatlary, eden ýagşy-ýaman-u işlerini birme-bir göz öňüne getirip ugrady. Elbetde adam diýlen jandaryň ählisine mahsus bolşy ýaly, onuňam ýagşysy-da boldy, girrikligini edip ýamany-da bolsa bolandyr belki. Ýöne şunça ýylyň dowamynda ilden çykgynç bir zad-a etmedi. Dogry, hemişe ýekegepliligini, hakykatçyllygyny edip, dogan, dost-ýar diýmän, garyndaş-obadaş, işdeş-kärdeş diýmän, kemçiligi bolanyň hatasyny maňlaýyna patyladyp gezdi. Ony-da özgäniň ýeňsesinden gep-gybat etmän, ýüzüne diýdi. Hiç kesden “ýüz görüp gapyrga syrmady”. Şonuň üçinem synçylygy edähet edinen il-gün “Kakajan” adynyň yzyna “düzüw” lakamyny ýelmedi. Emma bu zatlaryň hiç birisi-de ony derwezeden özi aýtmyşlaýyn “eýläk” goýbermez ýaly çökder etmiş däl…

Birdenem… Kakajan aganyň ýüregi jigläp gitdi. Gözüniň öňünde alysdaky, bäş-on öýli gum obasy ýerleşen çaklaňja oýuň salgyma çalymdaş sudury galgap gitdi. Oýuň çetinde ýalňyz özi, eýesiniň eden günäleriniň astynda maýrylyp barýan ýaly ýegşerip oturan horaşaja oraça…Serpigini açyp içine gireniňde-de, buz ýaly sowuk törde, sönen ojagyň başynda, egnindäki göwşüllän köýnegi, hor eginlerinden asylyp, bulam-bujar bolup, göwresi bir sykym, ýalňyz, keselbent garry otyr…

Gojanyň çagalykdan öýkeli ýüregi gursagyny ýiti sanjydan doldurdy. Ökünçmi, ahmyrmy, gynançmy… nähilidir birhili ajy hem gussaly duýgularyň dürüşdesinden gatylyp-garylyp emele gelen düşnüksiz alas-gopaslyk garrynyň kükreginde ynjyly gyzgynlygy emele getirdi.

“Oňa eje diýmäge-de diliň ysmaýar, birhili! Dünýä inderen şol bolsa-da, uruş döwri kakamyzyň patasy alnandan soňra, iň kiçimiziň daşyna ýassyk aýlap, kimdir bir bigänäniň yzyna düşüp, taşlap gidenden soň, “eje” diýseň agzyň gyşaraýjak ýaly bolup

dur, asyl! Hasam edil özi ýaly ýeke galan halyna, kakamyň uruşda diri ýitig bolan inisiniň gelni – çyn ejem jan pahyryň, ylaýym jenneti ruhy aby-zemzemiň çeşminde müdimi agaýana ýaýnap gezsin, ezizimiň, öz çagalary bilen meniň jigilerimi bilelikde, jemi alty baş çagany, her haýsyna günde bir käse bulamak berip, özem bizden soň käseleri ýalap doýup, ulaldany ýadyňa düşende, asyl-asyl diliň barmaýar…”.

Çagalygy ýadyna düşende Kakajan aganyň kalbynda üstünden segsen ýyl-a beýle-de dursun, ömürlere garyşyp asyr ýarym geçse-de könelmejek kinesi gozgandy. Ýöne derweze ýadyna düşende goja bu kinesini haýdan-haý köňlünden kowmaga dyrjaşdy. Şol bir wagtda-da dünýä inderen ejesini özüniň idemändigini aklamak üçin delil agtardy. Emma tapmady. Onuň göwnünde pyşyrdy bolup eşidilip başlan “Geçirimlilik hany?” diýen sowala jogap berere ýagdaýy ýokdy.

Kakajan aga gyssandy:

-Men onuň yzyndan bardym ahyry!-diýip daşyndan hümürdäp öz ynsabynyň öňünde özüni aklamaga çalyşdy.

“Bardyň-da gaýtdyň. Hemmeler tarapyndan zyňlandygyny, töwereginde idi-yssywat etmäge adam-gara ýokdugyny görübem öýüňe alyp gaýtmadyň. Gaýta ynjaldyň. “Şeýtdiň dälmi, şeýle-de bolarsyň” diýip horaşaja oraçasyndan çykyp barşyňa janagyryly oýlandyň” diýip gojanyň kalbyndaky pyşyrdy oňa gaçara-sypara maý bermedi.

Kakajan aganyň öz-özüne gahary geldi. “Howwa, onsoň! Howwa, şeýle oýlandym! Howwa, indi! Howwa, indi meni nätjek? Dogram-dogram edip iýjekmi? Hany aýt bakaly, meniň ýerime bolan bolsaň, sen tüzük köse, özüň näme ederdiň?” diýip goja ýüz görmezek ynsabynyň üstüne herrelip oýlandy. Kalbyndaky pyşyrdy onuň gazabyny piňine-de almady.

“Hakykatdan-da Allatagalanyň bendesi boljak bolsaň, ony öýüňe alyp gaýtmalydyň”.

“Il-gün näme diýerdi, çyn ejem jan muňa nähili garardy?!”

“Düşünerdiler”.

Kakajan aganyň lapykeç boldy. Ol düýşünde gören derwezesiniň öz öňünde hakykatdan hem dünýä inderen ejesiniň günäsini bagyşlamandygy, onuň bilen razylaşmandygy üçin açylmaýandygyna ynandy. Ol keýpsiz halda, “hyk-çoklap” ýerinden turdy-da:

-Açylmasa tersinde açylsyn! Size derkar bolmasa, biz-ä asylam geregi ýok şonuň! Äkitmeseňiz gezibereris, häki, öýüköwen wadyr-wudur diýmäýin diýsem!-diýip burnuna salyp hüňürdedi-de, donuny ýelbegeý atynyp daş çykdy. Arassa howa onuň serini durlady. Ol birsellem howluda gezmeländen soňra üşäp ugrady. Emma goja öýe girmedi, donuny geýdi-de, gezmelemegini dowam etdi. Ýene-de biraz aýlanandan soňra, köçä çykmak üçin derwezäniň öňüne bardy. Derwezäni açmak barada oýlanan dessine-de, ýaňky düýşi ýadyna düşdi. Ýene-de kalbynda ýaňky pyşyrdy emele geldi.

“Ine şonuň üçinem derweze seniň öňüňde açylmaýar! Ynsan bagyşlamagy başarýandygy üçin ynsandyr! Ynsan bagyşlaýany bilen ynsandyr. Ony galan ähli mahlukyýetden tapawutlandyrýan zat hem şoldur. Bu dünýäde-de, o dünýäde-de

bagyşlaýanyň öz terezisi bardyr, bagyşlanýanyňam özüniňki. Bagyşlamaýanyň bolsa terezisi ýokdur. Bu onuň terezä mündürere-de zadynyň ýokdugy sebäplidir".

Kakajan aga birsalym böwrüne diň salyp durdy-durdy-da, ahbetinem öz-özüne: "ýeri, indi boljak iş bolup, ol görgüsi ýaman gara ýere duwlanandan soň ökünениňden, gynananyňdan ne peýda, barybir indi yrzalaşara, bagyşlaşara adam ýok" diýýän ýaly, umytsyz halda donunyň syýyny silkip, yzyna gaýtdy. Mellegiň aýagujuna ýöräp barýarka-da, ýene-de gözüniň öňünde sowuk öýüň töründe çugutdyryp oturan ýalňyz göwre janlandy. Gojanyň bokurdagy doldy. "Äý hawa-da, "bu dünýe hasaplaşyk dünýesi" diýip ýöne ýere aýtmandyrlar. Daş gulakdan eşidişime görä, görgüsi ýamanyň soňky baranyndan önelgesem bolmandyr-da, ýogsa beýle har ýagdaýa düşmese düşmezdem welin, diýmäýin diýsem… Öte müýnürgedi hem, görgüsi ýaman, diýmäýin diýsem! Hor ýagdaýdadygyny, il-günüň artan-süýşeniniň hasabyna mydar edýändigini eşidip, "onuň bilen deň bolmaýyn" diýen pikirde, bir baggoýny soýup, pudarlap-duzlap, halta salyp, eşegiň syrtyna bökderdim-de gaýdyberdim ýanyna…

Dogrusy elliligi büs-bütewiligine ýaňy bir ýeňsä oklap, ilkinji agtyklara gözüm düşüp ýören wagtlarydy şo mahallar… Onda-da adam pahyr näçe ýaşasa-da, zyňlyp gidilse-de, elbetde özüni dünýä indereniň keşbini bir görmegi küýseýändir-dä… elbetde… Onsoňam öz jigilerim dogrusy, ony bilmeseler bilýänem däldirler, häzirki güne çenem, ýatan ýeri ýagty bolsun, hem Hak söýen, hem Haky söýen bendäni – çyn ejemiz pahyry, dünýä inderen enemizdir öýdüp ýören bolmaklary-da ahmal, häki! Men öýüköwen welin, diýmäýin diýsem, ol wagt olara görä biraz aga-gara düşünýärdim-dä, çyn ejem görgüliniň, iki dünýäsi-de abat bolsun ezizimiň, gelnejemdigini azda-kän-de bilýärdim-dä o mahallar, men öýüköwen diýmäýin diýsem… Anyk huşumd-a däl welin, azyndan üç-dört gün-ä tüketmän agladymmykam diýýän, ol görgüsi ýaman aýtman-diýmän, hiç kese bildirmän, biriniň yzyna düşüp, bizleri taşlap gidende… Ýöne meni diňdirip bilmän, bizi-de, öz çagalaryny-da daşyna üýşürip çyn ejem janyň, ylahym o dünýe bu dünýe üstüne ýagýan alkyş çeşmesi gurymasyn, mähribanymyň, özüm bilen bile aglaýany-ha owalda-ahyrda hakydamdan gitmez… Ýöne şonda-da saç-sakgalym agarsa-da gursagyma diýenimi etdirip bilmän, hiç kime duýdurman, hatda zady gizleýän däldirin welin, şo mahallar mazalyja garraberen çyn ejem jana-da sepimi bildirmän, gaýtdym-da şonda, şony görmäge…"

Kakajan aga mellegiň aýagujunda mal ýatagyň öňünde durdy-da, üsgürinjiredi. Gojany tanan goýunlar güsürre galdylar-da, ol özlerine iým bermekçi bolýandyr öýdüp, nowanyň öňüne üýşdiler. Emma Kakajan aga olara üns bermän ýene-de ýaňky oýlanmalarynyň yzyny dowam etdirdi.

"Bärden salam berip girdim. Äleýiksalam aldy. Birdenem dodaklaryny-da, körmüş gözlerini-de jebis ýumdy-da, başatgyjy bilen ýüzüni ýapyp, geplemän tersine dönäýdi… Elbetde dessine tanandyr-da, görgüsi ýaman! Ýüzüme seredere-de ýagdaý ýokdur-da, elbetde… Ýogsa gyjyt bolsun, gyjalat bolsun diýib-ä barmandym men, öýüköwen diýmäýin diýsem, o mahal… Şondan soň kelam agyz gepleşmedik. Dymdyk oturdyk, biz öýüköwenler diýmäýin diýsem… Ýeri, şo mahal, iň bolmanda kiçi dilden bärde-de bolsa: "yrza bol, biz-ä yrzadyrys" diýäýseň, germesatan edip ata süýredýärlermi diýsene seni, diýmäýin diýsem… Emma agaç ýuwdan ýaly dymdym oturdym, diýmäýin

diýsem… Dogrusy oturybam wejim bolmady… Işigiň agzynda birsellem keçäni dyrmaladym-dyrmaladym-da soňam: “Bolýar onda, sag oturyň!” diýip ýeňsämi tüňňerdip, çykdym-da gaýtdym… Hol garagörnüm saýlanyp, yzyma bir garanymda-da işiginiň agzynda yzymdan seredip durandygyny gördüm… Şonda-da şeýle bolmagyny göwnüm isledimi ýa hakykatdan hem şeýtdimi, bilemok, birhili yzymdan delminip, ellerini uzadyp galan ýaly boldy… Tasdanam, birmahal gaýyp bolan şol öňki oglanjyga öwrülip, bagyryp yzyma ylgamak üçin eşekden özümi dikligine oklaýardym… Hernä, Hudaý diýen ýerim bar ekeni, hakydam masgara bolmaga maý bermedi. Jylawymdan çekip, südenekledip öňüne salyp alyp gaýtdy men, öýüköweni diýmäýin diýsem, häki!... Didarlaşyşym hem şol boldy, görşüşümem… Daban astynyň tozy ýüzüm üste togaby – çyn ejem janyň ýylyny geçirip, aşyny-suwuny berenimden soňam, ol görgüsi ýamanyň kazasy doldy habary geldi. Tenha özüm baryp, aýak üstünden aýat-töwir edip gaýtdym. Özümiňkilerden hiç haýsyny hem alyp gitmedim… Belki çökder günä bolsa bolandyram welin, halys göwnüm: “çyn ejem janyň ruhy ynjamasyn” diýip aýak depdi durdy-da…”.

Gojanyň ýene-de üsgülewügi tutup başlady. Ol üsgürip durşuna ýeňsesinden körpe agtyk gelniniň körpeje çowlugynyň elinden tutup gelenini hem duýman galdy. Ukuly gözlerini owkalaşdyryp duran tokarja oglanjyk ejesiniň gulagyna pyşyrdan sözlerini gaýtalady:

-Ata-how, ejem: “näme bolýar, belki lukman çagyrmalydyr” diýip soraýar.

Goja özüne zor salyp üsgülewüginiň arasyny kesdi-de, gelni bilen çowlugyna garşy öwrüldi:

-Häk guzym, bu ýeserjämi-de turzaýdyňmy? Beýtmeli däl ahyry muny, sered-ä bu ukudan açylybilmän dur! Ýatybermeli ahyry, häki, beýdip ýörmän, balalarym!

Ukudan açylan oglanjyk elini ejesiniň elinden sypdyrdy-da, atasyna gysmyljyrady:

-Şeý diýsene-how ata, menem ejeme: “ýatyber, häzir atama ukusyny özüm gözleşeýin” diýsem, “ýeke özüň garaňkyda gorkaýma, ýoldaş bolaýyn” diýen bolup, özi ýanym bilen gaýtdy-da!-diýip ol agzyny dolduryp apaň-apaň gepledi.

Kakajan aga bezzadyň uly gepine tüňçe gaýnaýan ýaly ýykyr-ýykyr güldi. Gülkiniň arasynda-da:

-A-how, tüzük köse, bu “uky gözleşmek” gepini nireden tapyp ýörsüň?-diýip gözüniň ýaşyny süpürip durşuna çowlugyna sowal berdi.

-Aý, kakamdar-aý! Arada: “garry atam näme üçin gijelerine ýatman, mellekde aýlanjyrap ýör-äý?” diýip sorasam: “öňräk ukusyny kisesinden gaçyryp ýitiripdir, şony gözleýär” diýen bolýar, şondan diýdim-dä…

Goja gülümsiredi-de agtyk gelnine bakyp:

-Häýt, şü kakam hem käte-käte bizlere-de degsinen bolup, az-maz gatyrak gidäýýän ýalymy, guzym?! Şuňa-da arasynda bir haý-küş diýäýmesek bolmaýjak ýaly, meniň çak urşuma görä!-diýip çowlugy bilen bir hörpden gopmak üçin, kakasynyň ady dakylan körpe agtygyna mähirli käýinjirän boldy. Mal ýatagyň öňünde ýanyp duran çyranyň ýagtysyna gelniň gözleriniň gülümjireýändigi göründi. Garry atasynyň gürrüňine bezzadyň guşy uçdy:

-Şeýtsene-how, ata! Ýogsa bar-a ho gün maňa näme diýen bolýar-a, ol! Ýene-de diýen bolýar, “ejeň bilen şäherdäki dükana gidip, saňa güýmener ýaly bir oglan jigi

satyn alyp gelmesek boljak däl, ýogsa seniň ýaltalygyň çykypdyr, atama baýrynyp hiç iş etmeýärsiň öýde” diýen bolýar. Ýogsa öňem-ä öňki getirileniň aglamagyndan ýaňy dynyp, gijelerine arkaýyn ýatyp başladyk welin…

Garagoluň gürrüňine ejesiniň maňlaýy gülgüne öwsüp gitdi. Ol ýaşmagyny dişledi-de, bezzadyň ýeňinden çekiberip goýberdi. Garrynyň bolsa bezzadyň gürrüňi içine düşdi. Ol heziller edip gülüp durşuna, özüne gysmyljyraýan çowlugyny goraglady:

-Haý-haý guzym, bu tüzük kösä, gaty degsiniberme, häki! Özi etjek bolup etmeýär-ä bi, munuň ganynda bar ahbeti, ýüregindäkini ynsdan-jynsdan çekinmän eňterip goýberibermek. Şoň üçinem bizleriň kowmuna “tüzük” diýýär-dä, il-gün…Haý, ýeserjäm senem-ä, men ýaly bolup, ýerinden gelme-how, diýmäýin diýsem, häki! “Öňem-ä ýaňy dyndyk diýýämiň goh-galmagaldan”! Hy-hy-hy…

Kakajan aga birsellem bezzat çowlugydyr gelni bilen “şyg-şyglap” gülüp keýpden çykandan soňra:

-Hany ýörüň, öýe baralyň, belki ýatsak ýataýarysam indi!-diýip olaryň öňüne düşüp ugrady. Öýe ýakynlanda gapy açyldy-da, körpe agtygy çykdy.

-Ata, bu günem ukyň tutmaýarmy? Ýa lukman çagyraýaýynmy?-diýip ol oýaly-ukuly halda birahatlyk bilen sorady.

-Ýok-la kakam, meniňem näme şol bir bolşumdyr-da!-diýip goja, agtygynyň ýanyndan ötüberjek boldy welin, birdenkä kellesine täze bir pikir geldi. Ol çowlugy bilen gelnini deňesinden ötürdi-de, aýak çekdi:

- Kakam, şü ertir öz kakaňa-da, atalaryňa-da, beýlekilere-de aýt, irgözinden jemlensinler. Ýatakdaky baggoýunlardanam birküç sanysyny güýlüň-de ulaga oklaň, sadaka sowara derkar gaýry gerek-ýaragyňyzy hem üpjünläň. Ertir şü, guma gidip ol gö…

Goja tasdanam “görgüsi ýamanyň” diýjek bolanda, diýmän, dilini dişläp saklandy-da, sözüni düzedip dowam etdirdi:

- …ol bendäniň ruhuna degsin edip gaýdalyň!

Içindenem Kakajan aga üstüne goşdy: “Dirikä ötüp-geçmesegem öleninden soň bir gursakda daş saklaşyp ýörmäli”. Emma şunça mysapyr oýlanmaga çytraşsa-da, “gan bilen giren jan bilen çykar” diýenleri, aňynyň iň alysdaky künjünde ýene-de bir gedem pikir tekepbir garadangaýtmazlyk bilen keýerilip bir çar-töweregine garanjaklady: “Häki onda! Derwezäniň açylmagy üçinem däl, bi! Owalybeletde tüzük köse zatdan tisginip-tesen jandar-a däldir, barlanyp görlüberse, häki! Indem görübereris, häki, öýüköwen diýmäýin diýsem! Açyls-a açylar, açylmasa-da özünden görsün! Tüzük kösäniň heniz bärde-de azak-tenek işi-aladasy ýok däl ýaly, meniň çak urşuma görä!”.